TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

ÝAZYJY OGLY ALY

# SELJUK TÜRKMENLERINIŇ TARYHY

## II

يازجي اوغلي علي

# سلجوق نامه

**Çapa taýýarlan
Rahmanberdi Godarow**

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK950+957.54**
**Ýa11**

**Ýa11 Ýazyjy ogly A.**
Seljuk türkmenleriniň taryhy,. II j., A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 — 520 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**W.M. Hramow, A.R. Bekiýew, A.A. Aşyrow**

**REDAKTOR**
**R. Geldiýew,** *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*Türkmen halkynyň medeniýeti, ylmy, taryhy, edebiýaty we dili sözüň doly manysynda Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda öwrenilip başlandy. Bu kitap hem Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa ýörite sowgat berlen golýazma esasynda çapa taýýarlandy. Germaniýanyň patyşalyk kitaphanasynda (Berlin) saklanýan bu nusga XV asyr türkmen taryhçysy Ýazyjy ogly Alynyň öz eli bilen ýazan golýazmasy hasaplanýar. Ol diňe bir musulman gündogarynyň taryhyny däl, eýsem dünýä taryhyny öwrenmeklikde hem iň bir ygtybarly çeşmeleriň biridir. Şu mahala çenli ylmy jemgyýetçilige elýeterli bolmadyk we dolulygyna hiç ýerde neşir edilmedik bu eserde Oguz handan başlap Rum Seljuk soltanlaryna çenli döwrüň taryhy we syýasy wakalary yzygiderli beýan edilýär.*

*Eser osman-türkmen soltany Myrat II soltanlyk eden döwründe (1421-1451), has takygy 1423-1436-nji ýyllar aralygynda ýazylyp, munda oguz türkmenleriniň gelip çykyşy, däp-dessurlary, medeniýeti dogrusynda gyzykly we ähtibarly maglumatlar berilýär.*

**TMMMM №002**
**TDKP №47** **2004** **KBK63.3(3)**

© Ýazyjy ogly A., 2004 ý.
© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
© Godarow R., Çapa taýýarlama, 2004 ý.

*Garaşsyz we Baky Bitarap Türkmenistanyň
Ilkinji we Ömürlik Prezidenti
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň
howandarlygynda neşir edilýär.*

***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa sowgat berlen golýazma esasynda taýýarlanyldy.***

# ÝURTLARYŇ KAZYLAR KAZYSY MÜJIRILMILE WEDDIN[1] TAHYR IBN OMAR EL-HOREZMINIŇ SOLTAN JELALEDDINIŇ HUZURYNDAN SOLTAN ALAEDDINIŇ HYZMATYNA GELMEGINIŇ BEÝANY

Bagtly we şehit Soltan Jelaleddin ibn Soltan Alaeddin Muhammet ibn Tekeş (Allatagala ýatan ýerlerini ýagty etsin!) Hind sebitinde mongol goşunyndan ýeňlip, öz janyna tatar goşunynyň ot saçyjy tygy sanjylar gorkusyndan gaçyp, Sind suwundan pena isledi. Şeýdip bela gamzasyndan we heläkçilik howpundan halas boldy.

Wepa Melik[2] ilki başlarda ol sebitleriň garyp ýaşlaryndandy. Ýöne sahawat we batyrlyk bilen özüni ol tarapyň han-begleriniň derejesine ýetirdi. Ýerine ýetiren mynasyp hyzmatlary, minnetdarlyga laýyk dürli tagallalary bilen hukugyny berkidipdi. Şol sebäpli Wepa Melik lakamyna eýe bolupdy. Ol diýaryň hökümeti hem oňa tabşyrylypdy.

Soltan şol ýeňlişde dargan we ahyry Soltan Jelaleddine goşulan pytraňňy goşunlar bilen Allatagalanyň ýardamy bilen ýagşy güzeran hasyl bolandan soň, her diýarda tutda-bas, urgun

---

[1] «Müjirilmille Weddin» ady Tahyr ibn Omar el-Horezminiň soň dakylan lakamydyr. Onuň manysy «Milletiň we diniň penakäri» diýmekdir. Käte bu lakamy dolulygyna, käte bolsa gysgaldyp «Müjirilmille» ýa-da «Müjireddin» görnüşinde ýazýarlar.

[2] Awtor Wepa Melik hakda şu azajyk getirilen maglumatdan başga hiç hili maglumat bermändir. Ähtimal awtor ol barada giňişleýin maglumat bermek isläp, soňra hem unudandyr.

we çapgyn edenden soňra Maraga şäherine ýetdi. Wezirleri, ululary, döwlet emeldary bilen maslahat etdi we özleriniň oňaýly ýagdaýlara we maksatlaryna ýetmegi babatda pikir alyşdy. Olar ýagdaýlary gowulandyrmak we umytlary hasyl etmek babatda: «Rum ýurtlarynyň eýesi, seljuklylardan bolan uly patyşa, adyl we hakykat eýesi, mülki abadan, hazynasy bol, ýagşy ahlak bilen sypatlanan Soltan Alaeddin Keýkubat bilen birleşik we dostluk ýoluny açmaly. Dostluk kadalaryny mäkämlemek, doganlyk esasyny berkleşdirmek üçin ýakynlyk we golaýlyk ýörelgesini etmeli» diýen belent pikire geldiler we muny bolsa, Müjreddin Tahyr ibn Omar Horezminiň bitirjekdigini aýtdylar.

Kazylar kazysy, uly ymam, wezirleriň weziri Tahyr ibn Omar Horezmi Horezmde uly ymamdy we älemde meşhurdy we şöhratlydy. Ylmy kelam we şerigat ylmynda tanymaldy. Beýleki ylymlarda ykrar edilip, dürli garaýyşlarda taýsyzdy. Ony bu möhüm işi ýerine ýetirmek üçin bir hat bilen iberdiler. Haty Şehabeddin er Renderi däl-de Möwlana Şehabeddin Kusewi ýazdy. Ol hatyň mazmuny şeýle:

«Ynam sapasynyň we niýet berkliginiň ýakymly bahar şemalyny köňül gözgüsine ýetirýän we birleşigiň adalat kadalaryny we esaslaryny berkidýän saglyk salamlar we doga dilegler, hamdy-senalar we taryply gürrüňler her lahza – her pursat, döwrüň Jemşidi, zamananyň Zülkarneýini, dünýäniň we diniň belent mertebelisi, yslamyň we musulmanlaryň arkadaýanjy, belent mertebelileriň pelegi, beýikleriň güneşi, Allatagalanyň älemlerdäki saýasy, Seljuk neberesiniň buýsanjy, patyşalaryň we soltanlaryň şasy, möminleriň emiriniň (berkligi dowamly bolsun) we mülk hemaýatçysynyň (hemaýaty dowamly bolsun) delili belent Soltanyň beýik mejlisine tarap ýüzlenilýär.



**Soltan Jelaleddin**
*B.Owganowyň çeken suraty*

Döwletiň ýardamyna we döwrüň hemaýatyna bagly bolan birleşik we [bilelikde] söweşmek bagtyny ýygnamak we duşuşyk keramatyna ýetişmek arzuwyny galam hernäçe ýiti we rowan bolsa-da, ýazgynyň üsti bilen ony beýan etmek mümkin däl.

Ýazyp soňlap bolmajak tükeniksiz zady, tükenýän zat bilen ýazmak mümkin däldir. Biziň hatymyz hem gutarmaýan tükeniksiz zady ýazyp gutara bilmez. Eger mundan öň aýra düşülen we daşlaşylan heňňamlarda dostlaryň ýüreklerine teselli hat ýazyşmaklygyň we nama iberişmekligiň ýoly döwrüň özgermegi we durmuşyň agdar-düňder bolmagy bilen baglanan hem bolsa, bize şu günden beýläk özümize bagly bolmadyk aýralyk we bigänelik perdesini göterip, dostluk we birlik gapysyny açmakda tagalla etmegimiz gerek. Men Sizi we özümi erkin hasaplaýaryn. Azat adamlaryň iki taraplaýyn dostlugyny ýola goýup bilseň, ony aýap saklawer! Çünki azat, erkin häsiýetli adamlar juda azdyr. Biz ikimiz, iki tarapdan-da, Hudaýa şükür, bir dine, bir maksada gulluk edýäris, ýagny ikimiz hem din ýolunda söweşmek ýoluny ýöredýäris. Seniň bilen dini hem milleti bir adam dostluga laýykdyr.

Günbatar patyşalarynyň arasynda kapyrlar bilen serhedi saklamakda we kapyrlardyr bozuklary ýok etmekde Siz göreşseňiz, gündogar diýarda men özümiň ot pürküji zäherli gylyjym bilen gündogar taraplardaky kapyrlary gyrgyna berýärin we dargadýaryn. Eger şeýle bolýan bolsa, şeýle meňzeşliklerden soňra biz ikimiz biri-birimiz bilen dostluk ýoluny açmasak we birleşmesek, şeýle-de peýdalary çekmekde we zyýanlary dep etmekde ortak – şärikdeş bolmasak we goşulyşmasak, onda biz haýsy ýerden dostluk, medet we penagäh gözlemeli. Bu hat Maraga – häzirki wagtda baýdagymyzyň merkezi bolan şäherinden iberilendir (Alla ony

abat saklasyn!). Hat jumadyl ahyr (dört tirkeşigiň dördünjisi) aýynda ýazylýar.

Hudaýa şükür ol jenabyň (Rum soltanynyň) hümmetiniň bereketi we döwletiniň güýç bermegi bilen döwletiň ahwallary we ýurduň amallary ýüz müň tarypa we şükür etmäne esas bolýandyr. Hökmürowanlyk serişdeleri we äleme gözegçilik etmek esbaplary jemlenendir. Halaýyk üýşüp, beýik melikler we uly hanlar tabyn bolup, mirasdüşer ýurdy gysymyndadyr we ähli zatlar hasyl bolandyr. Leşger kömekleri-de yzy üzülmezdir we gelip durandyr.

Mübärek çadyrymyz bu ýurtlardan aýrylan wagtynda Hind diýaryndan köp ýurtlar açylyp, biziň naýyplarymyzyň we kätiplerimiziň hasabyna geçdi. Ol tarapdan parahatçylyk hasyl bolansoň, häzirki halda hümmet we eradamyz diniň duşmanlaryndan ar alyp, yslam halkynyň ýüreklerini sowatmaga karar tapdy. Elbetde, ol jenabyň biziň ýurdumyzyň ahwalynyň terlenmegine, naýyplardyr raýatymyzyň ynamyna we berkemegine örän begenjekdigi we şat boljakdygy anykdyr we şek-şübhe ýokdur. Şonuň ýaly-da, ol jenaba hem ýüz görkezen her bir bagtyýarlykda biz özümizi onda paýly we şärikli (hakly) bilýäris. Bu halda biz beýik baştutan, alym, janypkeş, mülküň nyzamy (sütüni) milletiň, hak ýoluň we diniň penakäri yslamyň we musulmanlaryň abraýlysy, zamananyň akyldary, döwürleriň parasatlysy, Horezmiň we Horasanyň guwanjy, naýyplaryň şasy, ülkeleriň (ýurduň) kazylar kazysy şalaryň we soltanlaryň atasy Möwlana Tahyry (Allatagala onuň mümkinçiligini dowamly etsin we goldawyny gorap saklasyn!) Siz, hezretiň tarapyna iberýäris we gepleşik etmegi oňa tabşyrýarys. Ol beýikleriň äht-peýmanlaryna sebäpkärdir (araçydyr) we buýsançlylar toparynyň saýlantgysydyr we hezretiň köneki ulularyndandyr. Uly işlerde belli bolandyr we hemmeler tarapyndan ykrar edilendir. Ol bigäneligi birlige

öwrer. Bigänelik posuny syryp (aýryp), köňül aýnasyny ýalpyldadar. Şeýlelikde, şu günden beýläk iki tarapdan hem ilçiler, bezirgenler we ýolçular gel-git edip başlarlar. Ol jenabyň hem onuň sözüni razylyk gulagy bilen eşidip, onuň ähli sargydyny we habaryny biziň ilçimiz (sözümiz) diýip bilmegi hem-de haýyşlary arz etmek we ýönekeýlikleri aýyrmak bilen biziň dostlugymyzyň hilini we mukdaryny sap niýet we yhlaslylyk bilen ýüze çykarmagy gerekdir.

Älemleriň eýesi Allatagala öwgi bolsun!

[Şeýle diýmek] birle, [sözüni] tamam edip, [namany] soltana iberdi.

Kaýsaryýa ülkesinde Soltanyň dergähine ýetişdi. Soltan onuň mübärek gadamynyň hormatynda sahawatlylaryň häsiýetinde ýüze çykýan, sahawatlylyk babatda laýyk bolan we beýik patyşalaryň adaty bolan sypatda tagallalar etdi. Çagyryş (duşuşyk) gününde, salam wagtynda asmanyň penasynyň köşgüne ýeteninde, uly sarpa we çäksiz hormat edip, hormatly el öpüş ýerine baryp, salam berdi. Soltan ony garşylap gujaklaşdy. Ilçilik sözüni ýerine ýetirdi. Soltanyň köşgünden otagyna dolandy. Soltanyň buýrugyna görä bol nygmatlar, tükeniksiz iýmitler, at, gatyr, gul, lybaslar, iki müň fulury hammam tölegi, gündelik harajatlardan başga hem her gün belli edilen mukdardaky tölegler iberdiler. Gezelenç günlerinde Soltan bilen jylaw deňläp ýörärdi. Soltan onuň kynçylyk çeken ýagdaýlary, mongollaryň basyp alyşlary we jeňleri, Soltan Jelaleddiniň olar bilen söweşip, birküç ýerde ýeňlip gaçyşy barada jikme-jik sorardy.

Kazy Müjireddin birnäçe wagt soltan hyzmatynda ýaşady. Mähirlikler we mähribanlyklar görmek bilen ýatlyk we kesekilik perdesini aradan göterdi. Ahyrynda şeýle karara gelindi, ýagny, Soltan Jelaleddiniň päk bikelerinden Şiraz patyşasy Atabeg Abubekir ibn Sagdyň süýtdeş uýasyndan

bolan (doglan) bir şazadany (melikäni) melik Gyýaseddin Keýhysrowa adagladylar. Ýakynlyk we gudaçylyk kadalarynyň berkidilmegi bilen olaryň bir-birlerini goldamaklary ösüş tapdy. Aýrylyşmak we gitmek wagty gelip ýeteninde hazynadan oňa on müň soltany altyn we otuz müň akja we on sany gypjakly we rumly gul, hyzmatkär, on igdiş at, bäş ýükçi gatyr, ýigrimi sany ýokary, orta we pesräk görnüşli halatlardan sowgat edip, kazy Müjireddiniň otagyna gönderdi we hormatlap, sarpalap hoşlaşdy. Onuň hatynyň jogaby galama geldi. Bu tugraly nama Esedabadynyň düzenidir. Ol hatyň beýany bydyr:

Çünki Alla Beýik we Belent ululygyň derejesini we gymmatbaha hünjüleriniň düzümini, geň hem enaýy gylyk-häsiýetleriň birleşmesini soltanlaryň ulusy, mejlisiň beýik patyşasy, adam oglunyň şähriýary, ikinji Isgender, älemiň sahypkyrany, yslam we musulmanlaryň daýanjy, dünýäde adalaty direlden, deliller bilen Hakyň nazar salany, patyşalaryň patyşasy, soltanlaryň soltany Jelaleddiniň (Alla onuň beýikligini mydamalyk etsin we iki dünýäde-de ony ýalkasyn!) hormat derejesinde we onuň bereketli hamyrmaýasynda goýup, ornaşdyrdy. Hudaýa şükür, onuň hemmelik merhemeti we onuň uly keremi, dogrudan-da ýüze çykyp, hakykatda jilwe berdi. Elbetde, Allatagalanyň tutuş älemi bir adamda jemlemekligi geň däldir. Elbetde, Siziň islegiňiz, mähir talap etmegiň ýoluny açmak, jahandarlygyň sermaýasy we maksada ýetmegiň düýbüdir. Ýürekdeşlik we dostluk we her hili mähir we söýgi görkezmek ol jenaba laýykdyr we şonuň ygtyýary bilendir. Şu kada görä, ol hatyna girişdi. Elbetde, buýsanjyň we guwanjyň özeni bolan siziň ýaly uly adamyň uly ýüzlenmesi gelip ýetende, el-aýakda gizlenen we synada ornaşan joşgun we hyjuw ýitileşdi. Tutaşan ataşynyň alawy Ülkere baryp ýetdi. Alla bilýändir, ýeňiji baýdaklar melgun kapyrlardan ar alyp,

din ähliniň kalplaryna şypa bermäge gidenden bäri, indi uly hümmetler we myrada ýetmek medetleri bilen uly patyşanyň mejlisiniň eradasy ýüze çykdy diýip, eşidileni bäri her zaman ýakynlaşmak arzuwy bizde güýçlenip, oňa tarap hereket etmek üçin hat ýazyşmak islegi artdy. Emma siziň hyzmatyňyzdan gizlin däldir, ýagny biz dört tarap bilen jeň edip uruşýarys. Birinjiden, Alyjenabyň öz hatynda birleşik hem ugurdaşlyk görkezmegi haýyş etmegi, soramagy ýeterlikdir we ikinji budur, ýagny, Allatagala artykmaçlyklary we keramatlary ol jenaba beripdir. Bu dostlugyň içgin duýgularyny ilki bilen ol jenaba bagyşlapdyr. Ýazgydyň tersine gadam basmak mümkin däldir. Indi dostluk açmaga rugsat berlenden soň, mundan beýläk iki taraplaýyn hat alyşmagyň we ýazyşmagyň yzy üzülmez.

Siziň hormat bilen bize ýollan ynsanyňyz, älemiň uly weziri Müjireddin, jahanyň buýsanjy Möwlana Tahyr (Alla ony berkleşdirsin!) bize gelip ýetişdi we onuň getiren hatyny okap, ondan hemmelik rehimdarlygy we dürs ynanjy gördük. Ol hormat bile birnäçe günlük bizde galdy we patyşalalara laýyk belent beýany bilen köňülleri awlady. Janlar onuň patyşalyk jomartlyklary bilen arkalandy we lezzetlendi. Siziň hatyňyzyň we ondan aýdan sargytlaryňyzyň ýerine ýetirilmegi üçin Salaheddin hyzmata taýýarlandy.

Berk towakga edýäris, ýagny ol aly hezretiň hyzmatyna baryp el öpmek hormatyna mynasyp bolandan soň, ol bu sözleriň üstüne her ne diýse we görkezse ynam etsin. Her ne diýse biziň sözümiz hasaplasyn. Bu päk dostlugyň hyzmatdaşlyk ýodasy hem-de dowamlyk we birleşik ýoly yzygiderli bolar ýaly, goýulan göwündeşlik kadasyny yzygiderli söhbetdeşlik we yşaratlarymyza eýermeklik bilen berkitsinler.



**Oguzlar**
*Ý.Baýramowyň çeken suraty*

Kazy Müjireddin Siwasa ýetende, onuň mübärek barlygyna bir helākleýji kesel ýolukdy. Ol jebir içinde pany dünýä bilen hoşlaşyp, ýüzüni toprak nikaby bilen gizledi we Haktagalanyň rehmetine gowuşdy.

Salaheddin Soltan Alaeddiniň Soltan Jelaleddin üçin iberen sowgatlaryny we serpaýlaryny özi bilen alyp, Ahlat ülkesine ugrady. Ol Soltan Jelaleddiniň Ahlaty gabap duran wagtynda onuň ýanyna baryp ýetdi.

## SOLTAN JELALEDDINIŇ ILÇILERINIŇ IKINJI GEZEK SOLTAN ALAEDDINIŇ HUZURYNA GELMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Jelaleddin Salaheddiniň hatynyň jogabyna laýyklykda, atasy soltan Muhammediň ýakyn adamlaryndan bolan legençisi Melik Jemaleddin Ferruhyny hem-de Jemaleddin Sawçyny we Nejmeddin Abu Bekr Jamyny mynasyp sowgatlar bilen Horezm beglerinden hem iki uly begi goşup, Rumyň ilçiligine belledi. Rum Soltanynyň derejelerini beýgeltmek, mertebesini götergilemek babatda olara şirin sözli wesýetler öwretdi. Soltanyň hökümi esasynda lowurdawuk (ýiti) ýyldyrym kibi, ýola düşüp, Ruma ugradylar.

Çün erişdiler tä hetd-u merzi[1] Rum,
Dahy görmemişlerdi onuň misli bum[2].

[1] Hetd-u merz – serhet we araçäk.
[2] Bum – ülke, ýurt.



**Türkmenler**
*B. Hojammaýew çeken suraty*

Ki ne ogry, ne zulum-u ne jeň-u şur[1],
Ne küşten[2], ne bürden[3], ne kenden[4], ne zur.

Şahyň adly bidary[5] le kamu,
Uýmuşlar[6] idi tamam ol-u bu.

Diýdiler Şahynşah üçin: «Aperin,
Ki muňa ýaraşar zaman-u zemin.

Iki aýlyk ýolda-ýu dahy dur[7],
Ragaýanyň[8] işi ola bifutur.

Bu nowg[9] ile olar jahandar bes,
Kişi kanda gördi munuň misli kes?!»

Soltan hezreti Alaýyýada (Alanyýada) gyşlagdady. Ýolbeletler olary bürgüdiň bu howply ýerden uçup geçmegi düýşünde-de görmedik, şeýle-de howurly ýeliň [hem] ösüp bilmejek uçut gaýaly daglaryň geçelgeleri bilen ugratdylar. Şeýle-de bolsa mümkin bolan her hili ýol bilen sähra çykardylar.

---

[1] Şur – gowga, galmagal.
[2] Küşten – öldürmek.
[3] Bürden – äkitmek, talamak, ogurlamak.
[4] Kenden – çozmak, köwmek, ýykmak.
[5] Adly bidar – oýa, ýatmaýan adalaty.
[6] Uýmuş – ýatypdyr, uklapdyr.
[7] Dahy dur – uzak.
[8] Ragaýa – raýatlar, halaýyklar.
[9] Nowg – görnüş, usul.

### Beýt

Bular gördüler bir feza[1] müşkboý,
Ki jala le terdi güli surh roý[2].

Zemin jümle manendi dibaýy Çyn[3],
Heman[4] ol ýere dahy diýrler zemin.

Akardy suwlar jöwde[5] misli gülap,
Agaclar wesmele[6] uzynmyş hyzap[7].

Diger tarapy göründi bir uly dag,
Ne dag, olmady hiç erem şeýle bag.

Myhman kabul edýänler olaryň gelýändiginiň habaryny Soltanyň hyzmatyna arz etdiler. Soltanyň buýrugyna görä atly beglerden birnäçesi bezelen eýerli we uýanly saýlama atlar bilen garşyladylar. Hemde göwnüňi açyjy, gaýgyňy ýok ediji, rahatlygyňy artdyrýan bir ýerde gondurdylar. Beýik höküm esasynda olara hezzet-hormat etmekde yhlas etdiler. Bäş günüň ýol ýadawlygyny aýyrmak üçin saz we şerap bilen olara hyzmat etdiler. Altynjy gün mawy çadyrdan Gün atly şa dogup, güneşiň altyn topy pelegiň mawy «meýdançasynda» «Gün, Aý we ýyldyzlar onuň emrine bent edilendir», çowgany bilen aýlanyp ugrunda, Soltan olaryň getirilmegi üçin, saýlama

---

[1] Feza – giňişlik, boşluk, sähra.
[2] Surh roý – gyzyl ýüzli.
[3] Manendi dibaýy Çyn – Çyn dony ýalydy.
[4] Heman – şol, ol.
[5] Jöw (juý) – akar, ýap, aryk.
[6] Wesmele – wesme bilen, wesme-göze çalynýan sürme.
[7] Hyzap – saçy ýa-da ýüzi we bedeni reňkleýji jisimler. Meselem: wesme, hyna, gülgüne we ş.m.

bedewleri taýýar etmegi buýurdy. Köşgüň danalarynyň parasatlysy, akyllylaryň bilimdary bolan Emir Kemaleddin Kamýary we Zahyreddin Terjimany ýol kynçylyklaryndan, ýolda myhman kabul edýänleriň kemçiliklerinden soramak, olary soltanyň huzuryna getirmek we olaryň göwünlerini awlamak hem-de hormatlamak üçin garşylamaga ugrady.

Patyşanyň huzuryna ýetenlerinde belent derejeleri, düzgünleri we tertibi gördüler. Tekepbirligiň we göwni ýetijiligiň bardygyna garamazdan olar şa dabarasyna haýran galdylar. Derrew baş egip, ýüzlerini ýere urdular. Soltan olaryň hormatyna uly sarpa goýup, çalarak turup oturdy we Zahyreddine aýtdy:

– Olaryň ýol kynçylyklary we azaplary barada sora.

Olar täzeden ýer öpdüler we getiren hatlaryny berdiler. Ýörite tabşyrylan hatlary we dil bilen buýrulan habary berdiler. Ondan soň otaglaryna gitdiler. Bir hepdeläp olara hezzet-hormat etdiler. Sekizinji gün soltanyň buýrugyna görä şalara laýyk bir bezm gurap, olary çagyrdylar.

Zer-u sim[1] hem göwheri şaýgan[2],
Diýeýdiň pakyr oldady[3] bahr-u kän[4].

Abyr[5] ile olmuş howa tiregun[6],
Meýi argun nalaýy arganun[7].

---

[1] Sim – kümüş.
[2] Şaýgan – mynasyp, laýyk.
[3] Oldady – bolupdyr.
[4] Bahr-u kän – deňiz we kän.
[5] Abyr – hoşboý ysly gara reňkli jisim.
[6] Turegun – gara reňkli, gara görnüşli.
[7] Arganun – saz guraly.

Dolupdy howlysy eýwany şah,
Wazyg-u[1], şerif-u[2], emir-u, sypah.

Doly sebze[3]-ýu täze gülden miýan[4],
Zemindi, manendeýi[5] asman.

Şeraby murawwak[6] teseýýerdedi[7],
Dili yşk werzan[8] tahaýýurdady[9].

Begaýat[10] olup mest Horezmiýan,
Sürüldi gam-u gussa har ez miýan[11].

Säher lowurdap gijäniň gara ýüzi gülüp, daň atan wagtynda soltan ýene ilçileri häzir etdirdi we göwher seçýän dilleri bilen olaryň jogabyny beýan etdi.

## SOLTANYŇ SOLTAN JELALEDDINIŇ ILÇILERINE JOGAP BERMEGINIŇ BEÝANY

Soltan ilçiler bilen salamlaşyk gününde oturmak üçin, jahan ülkeleriniň belli hünärmentleri tarapyndan tertip edilen zerrin we göwher bilen bezelen tagtynyň üstünde Jemşidiň

---

[1] Wazyg – pes gatlak, pes derejeli.
[2] Şerif – hormatly, belent mertebeli.
[3] Sebze – gök otlar, çemen.
[4] Miýan- arasy, içi, ortasy.
[5] Manende – misli, ýaly.
[6] Murawwak – arassalanan, sap edilen.
[7] Teseýýir – akma, hereket etme.
[8] Yşk werzan – yşga düşenler, aşyklar.
[9] Tahaýýurda – haýran galma, geň galma.
[10] Begaýat – örän, diýseň.
[11] Har ez miýan – aradan harlyk göterildi.

ruhy we güneşiň jany oňa görübilmezçilikden gozgalaňa we tolgunma düşjek bir dabara we belentlik bilen oturdy. Keýkubat täjini başyna goýup, Efreýdun (Peridun) kemerini biline baglady. Terjimeçisiz, jan bagyşlaýan söz, jahany ýagtyldýan göwher, ýalpyldyly dür beýany bilen köşgüň iň ulularyna, öňünde oturan beýiklere, ýiti dil buludy bilen dürler saçmaga başlady. Beýikligi beýgelmiş älemleriň eýesiniň öwgüsinden we iň ýokary salawatlar, kämil salamlar aýdylmyş resullaryň gül-gunçasy Muhammede salawatlar aýdandan soň ilçilere buýurdy:

– Allatagala döwletini ebedi etmiş soltany älem we adyl gazy hyzmatyna bu söýgüli we yhlasly dostundan köp salamlary aýdarsyňyz. Soltana şeýle ykrar we mälim ediň, biziň soňsuz islegimiz we çäksiz umydymyz, pikirimiziň özeni we halys oý-pikirimiz şeýledir, ýagny soltanyň öz aryny alyp, Abhaz garşydaşlary syndyrylandan we ol gümralaryň temmileri berleninden soň, din gylyjy ýene gynyna girip, Tiflis ülkesi basyp alnandan soň, birküç gün gezelenç we dynç almak üçin Rum ýurtlarynyň bossanlygyna gelip, bäri gadam ursunlar. Ezelde takdyr bolan ruhlary tanyşdyrmak hökmi bilen şahslara ysnyşmak we birleşmek hasyl bolup, aýralyk duşuşyga öwrülsin. Şonuň üçin, jahany tutan uýanyny, eger bu söýgüň we yhlasyň tymsaly ol jenabyň beýik mertebesinden kem hem bolsa, hyzmatlaryndan käbirlerini görerimiz ýaly bu tarapa öwürsin. Bize mälim bolşuna görä, Soltan adam şeýtanlary bolan duşmanlaryň azaşdyrmalary, haýbatlary, ýoldan çykarmalary bilen musulmanlaryň gaçybatalgasy, mesgeni, terkidünýäleriň we takwalaryň önüp-ösen ýeri, ymamlaryň we karylaryň watany we yslamyň gupbasy bolan Ahlaty gabapdyr. Allanyň razylygyndan daşda bolan Ahlat [baradaky] nädogry pikirleri amala girizip, ony herekete getiripdir. Bu iş beýik soltanyň berk pikirinden, öwgüli ahlagyndan, batyrgaý we

dogry ýolundan daşda görner. «Ýagşylyga buýur we ýamanlykdan gaýtar»[1] hökmi esasynda hereket ediň. Laýygy şudur, ýagny ýöriş jylawyny ol şäherden döndersinler we şäheri gabawdan boşatsynlar. «Eý pygamber, kapyrlara we mynapyklara garşy jyhat ediň (göreşiň) we olara berk daraň»[2] diýen permana laýyklykda, başga bir ýurda, kapyrlaryň ýurduna ýüzüňi öwürsin. Aňyňy belli-külli din we döwlet duşmanlaryny dep etmekden boşatsyn. Möhüm işleriň çäresini soň, alňasaman ýerine ýetirmek gerek. Diniň we mülküň beýik gapysy hem-de möhüm sütüni bolan şu maslahaty hem nesihat görnüşinde aýdýaryn. Tatar goşuny bilen oňuşsyn we ylalaşmak gerek. Eger mümkin bolsa her hili ýol bilen öz tarapynyň bähbidi üçin ýaraşmaklygyň çäresini görsün. Geçen asyrlaryň akyldarlary we öten zamanlaryň hekimleri şeýle diýipdirler: «Täze döwlete ýeten hem-de ähli giriş-çykyşda Allatagalanyň güýç-kuwwatyna töwekgellik edip ýapyşýan, jenaýatkärleri, zynaçylary, erbetleri, ogrulary diri goýmaýan we gorkmaýan bir taýpa bilen garşylaşmak we duşmançylyk edip söweşmek akylly-pikirli adamlardan geň we daşdyr».

Biziň aňymyzdaky we kalbymyzdaky oýumyza we pikirimize görä şeýle maslahat görülýär. Sen, Ilhanyň hyzmatyna ilçiler iberip, yslam ähliniň hatyrasy üçin we şehit ataňyz Soltan Muhammediň olara duşmançylyk etmekde sabyrsyzlyk edenliginiň ötünji üçin olardan ötünç soraň. [Onuň (ataň) eden işleriniň bahanasyny] wezirleriniň oýlanmazlygynyň we iş başarmaýanlygynyň netijesine syrykdyryň. Mylaýym söz we sowgat-salam bilen olaryň pitnesini saklamaklyk umydy bar. Bolmasa, olaryň pitnesiniň közüniň şöhlesi, älem etraplaryny öz jan alyjy ýalyny bilen ýakyp, kül eder. Eger-de bir höküm, bir perman perişdeler

[1] Gurhanyň 31-nji süresiniň 17-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 9-njy süresiniň 73-nji aýaty.

äleminiň eýwanyndan – asmandan gelen bolsa, hiç bir galkan we gorag bilen ony dep edip we saklap bolmaz. Şeýdip, duşman pitnesini saklap bilsek onda biziň eýligimiziň-ýagşylygymyzyň yzlary raýatyň hal-ýagdaýyny oňatlaşdyrmakda edýän ýagşy pikirlerimiz we öwgüli tagallalarymyz arkaly tä älem harap bolýança we Adam nesli tamamlanýança baky we ebedi galar. Siziň hyzmatyňyza mälim bolsun, şübhesiz we gepsiz-gürrüňsiz, ýakyn wagtda biziň ilçilerimiz hem iman ähliniň abadanlygy (rahatlygy) üçin Ilhanyň hyzmatyna ýüzlenerler. Soltana uly maslahat bolan şu ylalaşyk babatda şärikdeş we paýdaş bolýanlygy üçin bu hekaýaty geňeş salyş ýoly bilen onuň mübärek gulaklaryna ýetirmeklik wajyp boldy. Emma:

Meniň bu ylalaşykly sözümden,[1]
Adamlar gowşak eken diýip güman etmesinler.

Älem halkyna bellidir hem-de şeýle göz öňüne getirýändirler. Haktagala biz guluna mülk we döwlet, däp-dessurlary, ýörelgeleri bilýän begler we akyldarlar, ylym eýeleri, wezirler, altyn-kümüş baýlyklar, mal we doly hazynalar, ýarag we köp harby serişdeler doly we abadan iller we ýurtlar, baý we bagtyýar raýatlar, hyzmatkärler we gullar bagyş edip, ähli ýurtlar, ýerler we diýarlar hem biziň kuwwatly bargähimiziň hökmüne tabyn we kaýsarlaryňky[2] deýin dergähimiziň emrine boýun bolup, ýurt tutan goşunlar, Gün kibi kesgir gylyçlar, türki we arap atlar, güýçli iki örküç düýeler we altyn-kümüş gap-gaçlar, sansyz nygmatlar we gaýry ýurtlarda tanalmasy kyn we azaply bolan her hili zatlary gaýgyrman beripdir. Bularyň barynyň üstüne bize ýigitlik we

[1] Bu beýt parsçadan sözme-söz terjime edildi.
[2] Kaýsarlar - Rum patyşalary.

juwanlyk hökmi ýörgünlilik we hökmürowanlyk hem beripdir. Eger her bir kişä işi danalaryň zynaty bolan mylaýymlyk bilen öňe sürmek aňsat usulda başardýan bolsa, onda onuň duşman bilen, ol hernäçe ejiz bolsa-da, gyňyrlyk ýoly bilen sözleşmegi we ýaraşyk maslahatyňda ony görmezlige salmagy akylda we şerigatda söýülýän zat däldir.

Eger, soltan üç işi özüniň ýaşaýşynyň baş maýasy etse [gowy bolar]. Birinji şudur: Ermenileriň ganyny dökmekden we ol ýurdy gabap, harap etmekden el çeksin! Goşuny ol ýerden äkidip, Arran tarapyna barsyn! Mongol ordasyna ilçiler iberip, ýaraşyk etsin. Şeýle-de, asla agzalalyk we terslik ýörelgesine we hiç hili ýagdaýda yslam ýurtlaryna uruş, gan dökmek we ters pikir bilen gatyşmarys» diýip ähdi-peýman etsin. Öz eden ähdi-peýmanyňa ters hereket etmesin. Sebäbi mürewwetli we jomart adamlaryň ýanynda äht-peýmanyňy bozmak uly ar we aýpdyr, ondan saklansyn! Şonda, indiden beýläk jahanda ýagy bolup gezmekden we ýagyçylyk çöregini iýmekden  gutulyp diklener. Mydama seljuk soltanlarynyň ululary bolan biziň agalarymyz Soltan Mälik şanyň we Soltan Mugyzeddin Sanjaryň söýgi we merhemet nazarlaryna ilen we oňa mynasyp bolan öz ata-babalarynyň ýörelgesini we ýoluny özüniň mirasdüşer ýurtlarynyň etraplarynda hökmürowanlyk bilen ýöreder we Allanyň buýruklaryna görä meşgullanar. Men köňlüňize gelen her bir zady, göwherleri sansyz altyn-kümüş we goşun hem bermegi gaýgyrmaryn.

Eger arabozar adamlaryň sözi bilen bu maslahatlardan ýüz dönderse, onda bize musulmanlyk ýolundan we soltanlyk ýörelgesinden ýöräp, yzzat bargähiniň we ululyk çadyrynyň patyşasy, ýeke-täk ybadatgähimiz Allanyň emri boýunça: «Eger musulmanlardan iki taýpa uruşsalar, derhal olary ýaraşdyryň! Eger olaryň biri beýleki topara nähak hüjüm etse, onuň bilen tä biziň emrimize boýun bolynça urşuň! Eger boýun

bolsa, adalat bilen olaryň ikisini ýaraşdyryň! Adyl boluň, adalatly boluň!»[1] diýen aýatyny okamak lazym we wajyp bolar.

Mümkin bolan her bir zat bilen öz ýurdumyza we halkymyza peýda getirip, olara geljek azary dep etjek zady ederis. Eger, bu arada bize Alla görkezmäwersin bir şikes ýetse, onda Allatagalanyň buýrugyndan we amanadynyň hötdesinden geldigimiz bolar we ýurda hemaýat hem-de Allatagalanyň permanynyň berkemeginde gaýrat edip güýjümiziň ýetdiginden elde baryny edenlerden bolarys. Eger gaýyp perdesinden ýeňiş ýüzüni görkezse we biziň isleg-myradymyz miýesser bolsa, ol biziň baş maksadymyzdyr.

Elbetde, urşy öň başlan zalymdyr we başyny bagyşlana, dogry ýola düşenlere we iman getirip, özüni saklanlara salam bolsun!

Bargähde we köşkde oturan adamlaryň hemmesi soltanyň artykmaç dilewarlygyna, onuň manyly hem süýji dil bilen aýdan sözüne haýran galdylar. Ilçiler hoşlaşyp, öz menzil-mekanlaryna gitdiler.

Soltan öz ýanyna Şemseddin Altyn beg Çaşnygiri çagyrdy we buýruk berdi:

– Horezmşanyň jogabyny bermek üçin sapar şaýyňy bir dessur we tertip bilen tut welin, ony gören beýikler gözleri gamaşyp haýran galsynlar. Zer başlykdan (börükden) başlap, hiç bir zat ahmal bolup, ýatdan çykmasyn!

Şemseddin Altyn:

– Eşitdim we boýun boldum – diýdi.

Soltan ýene:

– Hazynadan we atýatakdan baýlyklar, zatlar we başga-da her näme gerek bolsa, bererler – diýip buýurdy. Ýene ol:

[1] Gurhanyň 49-njy süresiniň 9-njy aýaty.

– Sypahylardan, batyrlardan we beýik adamlardan, eginlek we çiginlek, boýly-syratly we ýagşy suratly, gaýrat we batyrlyk eýesi bolan, ýagşy ýarag we esbap bilen Rum ýurdunda ady belli bolan gerçeklerden müň atly onuň bilen gitsin-diýdi.

Ähli goşun, ýarag, zatlar taýýar edildi, adamlar, baýlyklar, atlar we gatyrlar bilen ýola düşdüler, aýşy-eşret we bagtyýar ýoldaşlyk bilen ýoly geçdiler. Haçanda, ýurt daşlygy didar ýakynlygyna öwrülende:

– Ilçiler Rum tarapyndan tertipli goşun we täze leşger bilen gelip ýetişdiler – diýip, Soltan Jelaleddine habar etdiler. Jelaleddin derhal olara:

– Horezmiň uly begleri ýagşy at we saýlanan goşun bilen myhmanlary garşy alsynlar. Olary sylaglap, hormatlap we yzzatlap ýagşy ýerde we oňat jaýda ýerleşdirsinler – diýip, buýurdy.

Begler beýik bargähiň hökümi boýunça Şemseddin begi garşy aldylar we hezzet-hormat edip hiç bir kem zadyny ahmal goýmadylar.

Biraz wagt geçenden soň üsti doly esbaply, egin-eşikli, goş-golamly ýylkylar, iki ýüz baş esrik düýä ýüklenen doly hazyna, aşhana, şeraphana, dürli çadyrlardyr, ýüz gatyra ýüklenen dinarlar, fulupylar, pullar, gymmatbaha halatlar, altyn-kümüş serişdeler, altyn saply hindi gylyçlar, dürdir-merjenler bilen bezelen guşaklar bilen düýelerdir we gatyr kerwenleri gelip ýetişdi. Horezmliler bulary görüp, geň we haýran galdylar we soltan Alaeddine dogalar etdiler.

Patyşa şeýle patyşa sataşdy,[1]
Ol bendelerini şeýle terbiýeläpdi.

[1] Bu beýt parsçadan sözme-söz terjime edildi.

Şemseddin beg Ahlada ýetmezinden öňünçä, nygrys keseline (bogunagyry derdine) uçradym diýip, ýalandan hassalyk görkezýär. Ol soltan Jelaleddiniň hyzmatyna baranda başyny ýere goýmakdan gutulmak üçin ýalandan aýagyna ýalandan däri-derman etdirip bir hepdeläp oturýar. Tebiplere bolsa: «Ýalandan em eden kişi boluň» diýip, üm bilen tabşyrdy.

Ertesi soltan Jelaleddin Horezmileriň goşunynyň uly beglerini ýygnap öz dergähini ýagşy tertibe salýar, oňa zynat berýär.

Jahan hojasy Fahreddin Aly Şerebil Mülk Horezmi we serkerdelerini köşkde diňe bir wezirlik edip, wezirlik möhrüni urýan bolsa-da, Soltan Jelaleddiniň döwletiniň we ýurdunyň ähli işi onuň elindedi. Salamlaşyk we kabul edişlik gününde ol eline degenek[1] alyp, hajyplaryň we gapyçy başlarynyň ornunda oturardy. Ilçileriň sorag-jogabyna şol jogapkärdi. Ol ýene-de gapyçynyň ýerinde durdy.

Emir Şemseddin Altyn begi uly yzzat we hormat bilen bargähe çagyrdylar. Ony kejebäniň içinde oturdyp, göterip geldiler. Ol salama girende, [ýalandan aýagym agyrýar diýip] ýer öpmeýänligi üçin ötünç sorady. Soltan kabul etdi. Ol patyşanyň elini ogşady we oňa soltanyň hatyny berdi, dilden aýdan sargydyny ýetirdi we getiren sowgat-serpaýlaryny görkezdi. Kabul edişlik ýerine düşdi. Ilçilere sansyz sagbol aýdyp, getiren sowgat-salamlaryny öwdüler. Her ýerden, çar tarapdan Soltan Alaeddiniň tükeniksiz sahawatyna we belent hümmetine aýdylýan öwgüler zamanyň we zeminiň gulagyna baryp ýetýärdi.

Şemseddin öz ilçiligini ýerine ýetireninden soň, mylaýym söz bilen ötünç sorap, öz çadyryna ýüzlendi. Ol şahana saçak

[1] Degenek - söweş ýaragy, serdesse.

ýazyp, Horezm beglerini çagyrdyp, uly mejlis gurdy. Gullardan, bir gün ýüzli gypjak gulamy hataryň ortasynda eline altyn jam alyp, şerap aýlady. Ortada süýjüden, nygmatdan we şerapdan mejlise gelenleriň hemmesine artygy bilen ýeter ýaly şeýle bir mukdarda taýýarlapdyrlar welin, Horezm begleri ortada tertipli goýulan baýlyklara we nygmatlara geň galyp, haýranlar boldular. Şu tertip-düzgün bilen olar bir aýlap her gün mejlis gurap, top oýnap, meýdan we seýrandan soň saz eşidip, şerap içmek bilen meşgul boldular. Bu wakalaryň arasynda bir gün Soltan Jelaleddin öz beglerini we ýazyjylaryny çagyryp aýtdy:

– Biz bir gün hem Rum ilçisine mähribanlyk görkezmedik we onuň bilen doly bulgur we dostluk jamyny içişmedik. Isleg şudur biz hem bir mejlis we içişlik edeliň! Meý içip, naý sesi bilen köňlümizi näsaz, döwrüň jepakär pikirlerinden olar bilen oturyşmak we göwün açyşmak arkaly saplalyň.

Jelaleddiniň bu teklibine ýaranlarynyň hemmesi bilelikde:

– Soltanym, bu söwdada bize peýdadan zyýan köp bolsa gerek. Olaryň mejlis esbaby şeýlebir köpdür welin, uzak zamanlarda şeýle altyn we kümüş serişdeler hiç bir patyşa jemlemändir we etjegem däldirler. Olardan eger pul ýerine altyn döküljek bolsa-da hoş lezzet we şahana tagamlary, lagl kimin gyzyl şeraplary we gamy ýok edýän owazlary hemişe taýýardyr. Olaryň edeniniň ýüzden birine-de biziň elimiz ýetmez. Bu çäreden öz namysymyzy zaýaladygymyz bolar we bu bir Ummana hünji we Kermana zire-çäge äkiden ýaly bolar.

Çün olmaýa iş wafky[1] aýynle[2],
Ýeg oldur ki ol raýdan dönüle.

---

[1] Wafk – habarly bolma, bilme, başyň çykma.
[2] Aýyn – düzgün, däp, ýörelge.

Emir Şemseddin Altyn begiň ol ýerde (Ahlatda) galmagy uzaga çekdi we Soltan Alaeddin garaşmakdan ynjady. Ol Kemaleddin Kamýary ýagdaýlary bilmek üçin onuň yzyndan ýollady we ýagdaýy bilip, derrew yzyna öwrülmegi oňa berk tabşyrdy.

Emir Kemaleddin soltanyň buýrugy bilen Soltan Jelaleddiniň hyzmatyna gelip ýetişdi we her bapdan soň aýtdy we jogap eşitdi. Emma hiç bir sözden onuň aň we paýhas ys alyjysyna ýaraşygyň hoşboý ysy gelip ýetmedi. Onsoň rugsat diledi. Soltan olary häzir edip, batyl-bihuda sözler sözläp aýtdy:

– Ahlat şäheri häzir gaty boguldy. Ýakyn wagtda biziň güýçli esgerlerimiziň ony basyp alyp, ýagdaýymyz oňatlaşjagy anykdyr. Biziň munça wagtlap eden jeň we uruşlarymyzyň netijesi zaýa bolup ýele sowrulmasyn. Eger soltanyň bu şepagatyny ret edenimiz üçin onuň mübärek kalbyna gazap gubary siňse, ötünçler bilen geljekde aýrylar we daşlaşar, mübärek hatyry mümkin bolan her zat bilen awlanar diýip umyt edýän. Siziň sarpaňyzdan yrzasy babatda mümkinçilik bolsa pikir ederis diýip, umyt edýäris. Siz saglyk bilen yzyňyza öwrüliň! Meniň yhlasly hyzmatlarymy-salamlarymy soltanyňyza gowşuryň. Biziň ilçilerimiz hem siziň yzyňyzdan bararlar. Ähtnamalary we ilçilikleriň jogaplaryny giňişleýin beýan ederler.

Şemseddin Altyn we Kemaleddin hoşlaşyp, Rum tarapyna ýüzlendiler. Horezmlileriň ordasyndan çykanlaryndan soň, ýük we agyr zatlaryny taşlap gyssanmaçlyk bilen özleri soltan Alaeddiniň gaşyna rowana boldular. Olar Arzurum ýurduna ýetişenlerinde, Melik Rukneddin Jahanşa olaryň gadamyna tagzym edip, hormata ýetişdi.

Olar Melik Rukneddine:

– Dost suratly duşmanlaryň we adam suratly döwleriň azdyrmagy we ýoldan sowmagy bilen hiç wagt äht we peýman ýolundan çykmagyn we soltanatlyk döwletiniň tersdeşlerine ugurdaşlyk görkezäýmegin! Geljekde bilmezlikden, nebis hyjuwy bilen zamananyň zäherli şerabyny içip, dirilik menzillerinden ölüm menziline düşäýmegin – diýip, tabşyrdylar.

Melik Rukneddin olara jogap berip:

– Hiç wagt we hiç haçan menden we meniň öwladymdan onuň kibi erbetçilik çykmaz! – diýdi. Soňra olara ýagşy hezzet-hormat etdi we ýagşy sözler bilen mähirli hoşlaşdy.

Rum ilçileri Arzynjana baranlarynda, Melik Rukneddin haý diýmän, Ahlada garşy ýola rowana bolup, ol ýere ýetdi we Soltan Jelaleddine goşuldy. Ony Ruma, Soltan Alaeddiniň ýurduna çozmaga öjükdirdi. Özüniň bozuk pikirlerini we hyrydarsyz matalaryny olaryň zehin bazarynda rowaçlandyrýardy.

Emir Şemseddin Altyn beg we Kemaleddin Kamýar öz soltanlarynyň hyzmatyna gelip ýetişdiler. Ýagdaýlary açyk aýdyp, kämil we doly arz etdiler. Arzurum ülkesiniň Jelaleddine goşulanyny (degişli bolanyny) horezmlileriň Ermeni diýaryndaky musulmanlara edýän zulumlaryny bir-bir beýan etdiler. Soltany olar bilen garşylaşmaga we söweşmäge öjükdirdiler. Onda soltan:

«Patyşalyk kapyrlyk bilen galar, emma zulum-sütem bilen galmaz»[1] – diýdi.

Soltan Alaeddin Kemaleddin Kamýary Şam diýaryna Melik Kämili Melik Adylyň beýleki oglanlaryny goşun üçin çagyrmaga iberdi. Soňra Soltan:

---

[1] Bu jümle arapça berlipdir. «El Melükü Ýabka magal küfri we lä Ýabka magaz-zulmy».

– Öňürti ätiýaç üçin Rum goşunyndan on müň atly, Mubaryzeddin Çawly beg, Esededdin Yýas, Mubaryzeddin Isa Jandar we Nureddin Kemahy dagylar Arzynjan tarapyna barsynlar. Olar galan goşunlar gelip ýetişýänçä, ol derbentleri (dag geçelgelerini) beklesinler – diýip buýurdy.

Kemaleddin Kamýar soltanyň buýrugy bilen Melik Kämiliň we Melik Eşrebiň ýanyna gelip ýetişdi. Olar ilki başda bahanalar gözläp, jana şypa bolaýjak jogaplar bermeýärdiler. Ahyrynda Kemaleddiniň juda gahary gelip, käýinç bilen şeýle diýdi:

– Egerde siz, soltana medet etmekde kömegiňizi we ýardamyňyzy gaýgyrsaňyz Hudaý saklasyn, bir bolmasy iş bolup, soltanyň beýik haremini nämähremiň elinde görseňiz, ol wagt size ökünç we namys peýda etmez.

Bu sözler Melik Kämile we Melik Eşrebe we olaryň beýleki gardaşlaryna güýçli täsir etdi. Derrew ähli gardaşlar ylalaşyp jemlenişdiler. Olar soltana kömege barmaga we horezmliler bilen duşmançylyga girişmäge billerini mäkäm bagladylar. Goşunlaryny etraplardan çagyryp, üýşürip jemlediler. Melik Kämil goşunlaryň bir bölegini alyp, Harran we Rehbe tarapyna gitdi. Şol ýere baranlarynda onuň yzyndan Müsürden çaparlar gelip ýetişdiler we olar:

– Pereň agyr hem köp sanly goşun bilen ýöriş etdi. Olardan ýüz atlydan köprägi deňiz kenaryndan yslam diýaryna tarap ýüzlendiler – diýip, habar berdiler. Melik Kämil ol ýagdaýy eşidensoň, tizlik bilen ol ýagdaýyň çäresini tapmak üçin yzyna döndi. Ol ötünç sorap, soltana bir hat ýazyp gönderdi.

Haktagala oňa bu söweşde medet we ýardam berdi. Ol baryp pereňlileri basyp, gyrdy. Ol guma bulaşan betbegtlary namut edip, biçäre goýup, dowzaha gönderdi, iman ýüzüni we Allanyň gullarynyň keşbini Güneş ýaly parlatdy. Özüniň gaýraty bilen möminleriň köňlüni şat etdi.

Melik Kämil Melik Eşrebi, Melik Gazyny, Melik Jawady, Melik Mugyseddini we Melik Ezizi soltanyň hyzmatyna gönderdi.

Melik Eşrep Harrandan geçenden soň, özüniň gelýändigini mälim etmek we garşylamak üçin soltan hezretine çaparlar ýollady.

Soltan çaltlyk we gyssanmaçlyk bilen Kaýsaryýadan Siwasa ugrady. Haçanda, Melik Eşrebe soltan hezretleriniň ýeňiş bezegli baýdaklarynyň hereketini, aýdanlarynda, ol derrew Rakga galasyndan çykyp, sagadatly we bagtly soltana sataşmagy arzuwlap, gardaşlary we birnäçe serkerdeleri bilen ýola düşdi. Haýal etmän, öz şahsy goşunlary bilen Fyratdan geçdiler. Höwes we hyjuw bilen zaman patyşasynyň hyzmatyna rowana boldular.

«Melik Eşrep Fyratdan geçdi» diýip, soltanyň gulagyna ýetirenlerinde, Soltan: «Her menzilde bir myhmançylyk we mejlisler ýaýsynlar» – diýip buýurdy. Her gün her myhmançylykda yzygider näzi-nygmatlar gelip ýetişip durdy.

«Melik Eşrep ertir Soltan hezretleri bilen duşuşjak» diýip, arz edenlerinde, Soltan öz uly begleriniň bir bölegine Melik Eşrebi garşylamagy buýurdy. Olar garşyladylar.

## SOLTANYŇ MELIK EŞREBI GARŞY ALMAGYNYŇ BEÝANY

Soltanyň buýrugy boýunça Melik Eşrebiň gelip düşen menziline bir uly bargäh eltip, suwuň kenarynda, çemenzarlygyň içinde gurdular. Onuň daşynda (gapdalynda) hammam, hazyna, perraçhana, aşhana, şeraphana we altyn-kümüş gap-çanak bilen şeýle bir taýsyz edip, galan esbap-şaýlary we gerek-ýarak zatlary-da şoňa mynasyp edip

patyşalara laýyklykda besläp taýýarladylar. Soltan mübäreklik we bagtyýarlyk bilen olary garşylamaga ugrady.

**Beýt**

Sypah talap-talap oldy saff-u[1] aýan,
Diýediň ki derýaýy Çyndy rowan.

Soltanyň mübärek saýawany görnenden, Melik Eşrep atyndan düşüp, patyşa tarap pyýadalap ugrady. Olar golaýlaşanlarynda Soltan Melik Eşrebi pyýada görüp, özi hem atdan düşdi. Melik Eşrep soltany göreninde, başyny ýere goýdy we birküç ýerde ýer öpdi. Ondan soň olar guça-guça gujaklaşyp görüşdiler. Soň ýene atlaryna mündüler. At üstünde hal-ahwal soraşdylar. Patyşa beýik soltanlaryň gylyk-häsiýetine laýyklykda mähir bilen Melik Eşrebiň ýagdaýlaryny soraşdy we diýdi:

– Melik zähmet çekip geldi. Bu saparda onuň mübärek durky köp zähmet çekdi we gaty ýadady. Onuň eden hereketi we tutan ýolunyň bereketi, derejesiniň we mertebesiniň ösüp abraýynyň köpelmegine we ýurdyň duşmanlarynyň ýok bolmagyna mundan beýläk rahatlyk we parahatlyk bilen hökümet tagtynda mydamalyk we dowamly oturmagyna sebäp bolar diýip, umyt edýärin.

Melik Eşrep ýene atyndan inip, ýer öpdi. Soltanyň begleridir döwlet paýalary hem oňa goşulşyp atdan düşdüler. Soltanyň buýrugy boýunça bir boz daýaw gatyry gerdenbent we patyşalyk uýany bilen Melik Eşrebiň gaşyna getirdiler. Melik Eşrep mündi. Begler hem ulular öz atlaryna mündüler. Eşrep bilen Soltanyň özara gepleşýärdiler. Olaryň aralaryndaky

---

[1] Saf – sap, hatar.

mährem sözlerini Emir Kemaleddin terjime edýärdi. Melik Eşrep:

– Men hormat bilen şahy jahanyň döwletiniň penasyna geldim. Mundan beýläk Güne başybelentlik Müşteri ýyldyzyna bolsa näz-kereşme ederin – diýip aýtdy:

Saňa eý saýaýy Kerdigäri jahan,
Degil hiç puşyda[1] jümleýi nahan[2].

Pelek faýzy[3] üçin senden alar berat[4],
Zaman sende bulyr[5] nowaýy haýat[6].

Kywwaň[7] ile mur[8] eýliýe bile marlyk[9],
Ryzaň olsa gül hem kyla harlyk[10].

Pelek daýyr[11] oldukça paýende[12] ol,
Güneş saýyr[13] oldukça tabende[14] ol.

Olar çemenlige ýakyn gelenlerinde, Soltanyň buýrugy bilen döwlet ululary we soltanat sütünleri, Melik Eşrebi soltan

---

[1] Puşyda - örtükli, ýapyk.
[2] Nahan – gizlin, syr.
[3] Faýz – bereket, joşgun.
[4] Berat – hak, hukuk.
[5] Bulur – tapar.
[6] Nowaýy haýat – dirilik owazyny.
[7] Kuwwaň – kuwwatyň, güýjüň.
[8] Mur – garynja.
[9] Mar – ýylan.
[10] Har – tiken.
[11] Daýyr – aýlanýan, öwrülýän.
[12] Paýende – berk, hemişelik.
[13] Saýyr – hereket etme, aýlanma.
[14] Tabende – şöhle saçýan, lowurdaýan.

gullukçylarynyň onuň üçin ňörite guran çadyryna eltdiler we hormat bilen oturtdylar.

Melik Eşrep çadyra girende soltanyň çäksiz mähribanlygyna gaty geň galdy. Ondan soň şeýle köp näzi-nygmatlar getirildi welin, ony görüp açlygyň gözi doýup, teşnäň kalby ganýardy. Saçak ýygnalyp aýrylandan soňra, hoşboý we buz ýaly şerbetler içildi. Melik Eşrep turup, özüniň ýatak jaýyna gireninde, soltanyň gönderen patyşalyk ýorgan-düşeklerini, ýassyklaryny altyn-kümüş kündükdir legençelerini, owadan, gymmat bahaly daşlar oturdylan mejmelerini, ýol hammamyny, içinde ysly otlar tütedilýän mejmelerini, aý ýüzli, müşk ysly gullaryny gördi. Ýürekden we jany-dilden şahy jahana dogalar etdi.

Ýol ýadawlygyndan argyn bolansoň, ol hammama girdi. Görse bu ýerdäki hammamyň esbap-şaýlary hem sap altyndandy. Hammama düşüp çykansoň, bir zaman dynç aldy. Dynç alanyndan soň daşary salamlaşmaga çykdy. Melikleri we gardaşlaryny çagyrdy. Olaryň hemmesi häzir bolup geldiler. Soltanyň ýörite şerapdarlary bargähe girip, sap arassa we hoş ysly şeraplar getirdiler.

**Beýt**

Düýrüldi kamu mutryby[1] bezmi şah,
Ki ederdi tarap[2] ruhlaryle[3] mah.

Muluky araple delirany rezm[4],
Garyşdy kamu misli döwletle bezm.

---

[1] Mutryp – bagşy-sazanda.
[2] Tarap – şatlyk, şagalaň, begenç, guwanç.
[3] Ruh – ýüz, keşp.
[4] Demirany rezm – söweş batyrlary.

Pelek kibi ol dilguşa[1] bargäh -
Içinde rowandy kadah[2] misli mah[3].

Hoş owaz saz ile suzy[4] buhur[5],
Behişt etmişdi ol ýeri, doly hüýr.

Howa owazy sakydan edip huruş[6],
Gopar idi esrik erenlerde joş.

Biri bada-ýu, biri owazy saz,
Üçünjisi lutfy şahy dilnowaz[7].

Halys arassa şerap mejlis ähliniň başyna täsirini ýetirip ugrady. Ruhy ýeňilleriň başy ukudan agraldy. Olar ýuwaş-ýuwaşdan dagaşyp, öz çadyrlaryna gitdiler.

Ertesi gudrat nakgaşlary hikmet galamy bilen güneşiň zerlenen şeklini mawy reňk asmanyň sahypasynyň ýüzünde nagş edip bezänlerinde, Melik Eşrep we beýleki melikler, sag we sol gol begleri hyzmat ýolunyň ýörelgesini öňe tutup, salamlaşmak üçin soltanyň salamlyk gapysyna geldiler. Sap-sap bolup, at üstünde durdular. Soltan köşkden at münüp çykdy. Melik Eşrebiň gardaşlary Soltany görüp, atlaryndan düşüp, pyýadalap Soltana tarap birnäçe ädim ýörediler. Soltanyň buýrugyna görä ýene atlaryna mündüler. Soltan bularyň hal-ahwallaryny, ýol ýagdaýlaryny mähirlilik bilen

[1] Dilguşa – göwün göterýän.
[2] Kadah – bulgur, jam.
[3] Mah – aý.
[4] Suz – ýanma, köýme.
[5] Buhur – hoşboý ysly ösümlikleriň tütedilmegi, tüsse.
[6] Hurum – 1) gykylyk, gowga; 2) joşgun.
[7] Dilnowaz – göwnüňi göterýän, göwnüňi awlaýan.

ýene-de soraşdyrdy. Soltan çäksiz mähribanlyklar bilen olaryň göwünlerini awlady. Melik Eşrep atdan düşüp, Soltana dogasena edip, «dynç aldyk we rahat bolduk» diýip, şükür wezipesini ýerine ýetirdi.

Soltanyň buýrugyna görä dag sypatly, ýyldyrym haýbatly, zerli uýan we gerdenbentli bir gowy aty Meligiň gaşyna getirdiler. Melik ata mündi.

### Beýt

Diýdi: «Ger kylarsa şahy kamran,
Negahy[1] sagadat suýy asman.

Nuhusaty[2] hep sagdy ekber[3] ola,
Zaman lutfy ile münewwer[4] olar.

«Maňa ber sapak nygmaty şähriýar,
Diýdi ki: «Etmez» oldy dil şükri kär».

Ata[5] kim kylar hysrowy kämiýap,
Ne bulut kylar ony, ne aftap.

Meni nygmatle ol gadar toýlady,
Ki satyp alynmyş guly eýledi».

---

[1] Negah – seretme, bakma, aladasyny etme.

[2] Nuhusat – ters täleýler, mübärek bolmadyk. Iki sany ýyldyz betbagtlyk getirýär, ters täleý hasap edilýär. Kiçi ters täleý diýlip Myrryh (Mars), uly ters täleý diýlip Zuhal (Saturn) göz öňünde tutulýar.

[3] Sagdy ekber – belent täleý, mübäreklik, bagtyýarlyk Müşteri (Ýupiter) uly belent täleý, Zöhre (Wenera) bolsa kiçi belent täleý diýlip beýan edilýär.

[4] Münewwer – nurly, ýagty.

[5] Ata – sowgat, serpaý, bagyş etme.

Soltan oňa mähribanlyklar we mähirlikler görkezmekde tagalla baryny edýärdi. Biraz çemenzarlykda seýran edenlerinden soň, Soltan çadyryna ugrady. Melik Eşrep we öňden gidip, bir belli ýerde Soltanyň öz çadyryna gelerine garaşyp durdular, Soltan çadyryna ýakyn baryp, zerli tüýdükler çalynandan soň Melik Eşrep bilen gardaşlary Soltana tagzym edip, eglip, yzyna döndüler we çadyrlaryna gitdiler.

### Beýt

Berip şa dessura dessury şat,
Ererdi saha[1] ile gephora dat.

Ondan soň Soltan Melik Eşrebe, gardaşlaryna, Şam beglerine we ulularyna köp nygmatlar we dürli zatlar berdi. Halatlar we sowgatlar baryp ýetende, Soltanyň buýrugyna görä, şalara laýyk bezm gurnadylar. Sazçylar saza başladylar. Ondan soňra dergäh ulularyndan birküç sany begi Melik Eşrebi we degişli adamlaryny çagyrmaga ugratdy. Şamlylar we begler şähriýaryň huzuryna geldiler. Soltan Melik Eşrebi öz ýanyna çagyrdy. Lowurdaýan gün kibi sap badalar, kümüşsöw baldyrly rumy we gypjak sakylarynyň elinde aýlanyp we öwrülip başlady.

### Beýt

Gije badadan oldady bamdat[2],
Köňül nalaýy çeňden deň[3]-u şat.

---

[1] saha – sahawat, jomartlyk.
[2] Bamdat – säher, daňdan.
[3] Deň – 1) ýaňlanyp durma, günläp durma; 2) huşsuz, akmak, aňsyz.

Demagy[1] pür etmişdi buýy buhur[2],
Diýdiň ki indi idi jennet-u hüýr.

Kylyp mejlisi bossan buý-u reň,
Hususan ki owazaýy ud[3]-u çeň.

Süýjiden erişmendi başlara joş,
Sukaty[4] simin saklar[5] pür huruş.

Meýi jamy soltany-ýu şat käm,
Ne Jem goýdy hatyrda ne lagly jam.

Şerabyň güýji Soltanyň durkuna täsir edende, ýatyş otagyna ugrady. Wezirine:

– Melik Eşrep öz otagyna gidende, bezm serişdelerinden azdan-köpden mejlisde näme bar bolsa goşup, patyşa laýyk agyr halat, zer bilen bezelen uýanly we gerdenbentli ýel ýaly at yzyndan gönder. Ähli gardaşlaryna we belli beglerine hem beýany durmuş sahypasynda ebedi we baky galar ýaly yhsan ediň – diýip buýurdy. Hökümi ýerine ýetirmegi tabşyryp, eminlerine we ynamdarlaryna yşarat etdi.

Bargähiň altyn-kümüş bezm esbaplaryny şalara laýyk sowgatlar bilen Melik Eşrebe eltdiler. Garyndaşlarynyň we begleriniň hem her birine mertebesine laýyklykda sowgat etdiler.

Ertesi mawy bossanlykda arguwan[1] gunçasy açylmaga başlady. Soltan şähere ýöriş etdi. Şäher derwezesine ýakyn

---

[1] Demag – 1) beýni, aň, huş; 2) burun.
[2] Buýy buhur – hoşboý ys, tütedilen hoşboý ys.
[3] Ud – saz guraly.
[4] Sukat – sakylar.
[5] Simin sak – kümüşsow baldyr.

ýetenlerinde, Melik Eşrep atdan düşüp, Soltanyň atynyň ýapynjasyny göterdi. Ähli Şam melikleri atdan düşdüler. Meýdana barynça soltanyň atynyň öňünde pyýada ýörediler. Soltan çowgan oýnamaga ugrap, at üstünde jöwlan urardy. Ýaranlar bölünişdiler. Top urmaga başladylar. Soltanyň elinden çowgany gaçan pursatlarynda Melik Eşrep atdan düşüp, çowgany alardy. Soňra Tozuny mübärek sakgalyna sylyp we öpüp Soltanyň eline berýärdi. Soltanyň atynyň ýanynda ýene bir at ýöredýärdiler. Melik ýer öpüp, oňa münerdi. Ol gün ygtyýarsyz iki-üç gezek çowgan şähriýaryň elinden gaçdy. Soltan oýun we çowgan meýdanyndan gaýdyp, köşge ugrady. Hammamdan soňra salamlyk sypasyna çykdy.

**Beýt**

Çekildi ýemek,[2] misli rowzyl jenan[3],
Ki täze kylar idi ryzwan,[4] rowan[5].

Guruldy ýene täze bezmi gözin[6],
Ki Firdöws[7] olardy hesetden[8] hezin[9].

---

[1] Arguwan -Ýapraklary tegelek we gülleri gyzyl bolýan gyrymsy agaç bolup, ilki baharda ýapraklamanka gülleýär.

[2] Ýemek – iýmit, iýilýän we içilýän zatlar.

[3] Rowzul jenan – jennetleriň baglary.

[4] Ryzwan – 1) bag-bakja; 2) jennet, jennet bagy.

[5] Rowan – 1) akýan, ýörgünli; 2) ruh.

[6] Gözin (güzin) – saýlantgy, saýlama.

[7] Firdöws – jennet, Firdöws jenneti.

[8] Heset (hasat) – göriplik, bahyllyk.

[9] Hezin – gaýgyly, gussaly.

Murassag[1] kamu alaty[2] şahwar,
Lääli[3] ile pür gymmaty namdar[4].

Hoş elhan[5] dessany seraýany[6] bezm,
Ederler fereh[7] ruhy erkany[8] bezm.

Soltan her pursat Melik Eşrebe bir täze mähir-muhabbet we sahylyk ederdi. Gadyr-gymmatyny, hormat-sylagyny artdyrýardy.

### Beýt

Olup halky meýdan geranser[9] tamam,
Hem etdiler äheň[10] suýy haýýam[11].

Pes ol deşti minada[12] juý[13] bar,
Kenarynda oýady sygar-u kibär[14].

---

[1] Murassag – göwher bilen bezelen, bezemen, gymmatbaha.
[2] Alat – serişde, gural, gap-gaç.
[3] Lääli - luwluw, merjen, dür.
[4] Namdar – atly, belli, meşhur.
[5] Hoş elhan – hoş owaz, hoş äheň.
[6] Dessany seraýan – dessan düzüjiler.
[7] Fereh – şat, şadyýan, göwni giň.
[8] Erkan – sütünler, daýançlar.
[9] Geranser – kellesi agralan, kelleler doňan.
[10] Äheň – niýet, maksat.
[11] Haýýam – çadyr.
[12] Mina – mawy, al-ýaşyl.
[13] Juý (jöw) – akar, ýap, aryk.
[14] Sygar-u kibär – kiçiler we ulular, juwanlar we garrylar.

## SOLTANYŇ, MELIK EŞREBIŇ WE BEÝLEKI MELIKLERIŇ ÝEŇIJI ESGERLERI BILEN SIWAS ÜLKESINDEN SOLTAN JELALEDDINIŇ SÖWEŞINE ÝASYÇEMEN TARAPYNA ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ BEÝANY

Ertesi säher bolup, gündogar gözýetiminden şapak dogup, planetalaryň-saýýaralaryň şasy jahany tutmak niýeti bilen lowurdawuk gylyjyny gynyndan çykaranda patyşa köşgünde tebilleriň we surnaýlaryň owazy peýda boldy. Goşun deňiz kibi tolkunyp, bagtly hem mübärek pal we ýeňişli gün bilen dünýäni ýagtyldýan saýawan horramlandy. Esgerler her taýpadan bolup, türk, deýlem, pereň, gürji, üçoklar, rumy, rus, arap, kürt, ähli sag we sol gol begleri bölek-bölek, topar-topar demir deňiz kibi möwç urýardylar. Örän köplüginden we zyýadalygyndan ýaňa Arzynjanyň Akşäher obasyna bir hepdede ýetdiler. Soltan Jelaleddine:

– Soltan, Melik Eşrep, beýleki melikler we begler sansyz tanymal goşunlar bilen Akşäher obasyna gondy – diýip habar berdiler. Soltan Jelaleddin Arzurumyny çagyryp, bu habary oňa aýtdy. Arzurumy jogap berdi:

– Maslahat we pikir şudur: Soltan ol topar Ýasyçemene gelip, ot we suwly ýerlerde gonmazlaryndan öň şol ýere uýanyny öwürsin. Ol mekana barmak miýesser bolsa, ýeňiş we üstünlik şähriýaryňky bolar.

Soltan Jelaleddin ol gije Arzurumynyň owsuny we hilesi bilen ertire çenli ýöredi. Daň atýança Ýasyçemeniň dagyna ýetdiler. Oty we suwy öz ellerine aldylar we ornaşdylar.

## SOLTAN ALAEDDINIŇ AŇTAWÇYLARYNYŇ HOREZM LEŞGERINDEN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Soltanyň öň Arzynjanyň derbentlerini goramaga iberen goşunlary Şam melikleri bilen Soltanyň ýeňiji baýdagynyň gadamyndan habar eşidenlerinde, söweş gözläp, jeň isläp, Soltan hezretleriniň hyzmatyna gitdiler.

Mubaryzeddin Çawly beg we galan begler agzybirlik bilen ylalaşyp, müň atlyny dag başyna garawullyga ugratdylar. Gije düşüp, aňtawçylar goşundan daşlaşdy. Daňa çenli dag üstünde ýörediler. Ertesi nurly Gün gündogar Kap dagynyň çür depesinden dogdy.

### Beýt

Bular gördüler çöwre almyş sypah,
Kamu özlerin bagly her ýana rah.

Ki leşgerden olmyşdy pür[1] kuh-u deşt[2],
Eşit kim niçe olasar sergüzeşt[3].

Sypahdary Horezmle set hezar[4],
Kamu şiri merdan heňňamy kar.

Gynyndan çekip tygy hindini dest,
Kamu düşdüler jeňe çün pili mest.

[1] Pür – doly.
[2] Kuh-u deşt – dag we düz.
[3] Sergüzeşt – ýazgyt, täleý, başdan geçirme.
[4] Set hezar – ýüz müň.

Çep-u rast şemşir-u tiri hedeň[1],
Ki dişin dökerdi tüfünden[2] peleň.

Medet olmaz idi aduwa bagyt[3],
Sypahdary şahdan medet napedit[4].

Aduwdan weli çoh çeri[5] küştedi[6],
Ki ol küşteden hezaran[7] püştedi[8].

Günüň owwalyndan kylyndy jidäl[9],
Erişenjiýe haýa dek makamy zowal[10].

Şahynşah gürbüzlerinden[11] hezar,
Ara ugrady set hezaran suwar[12].

Çün oldy tehi[13] tirkeş,[14] atyldy tir,
Ne kylsyn gyr[15]-u nagraýy bem-u zir[16].

---

[1] Hedeň (hadaň) – peýkam, ok.
[2] Tüf – tüýkürme, tüflemek.
[3] Bagyt – 1) daş, uzak; 2) bigana.
[4] Napedit – gözden ýitme, görünmezlik, ýok bolma.
[5] Çeri – goşun, esger.
[6] Küşte – öli, ölen.
[7] Hezaran – müňlerçe.
[8] Püşte – depe, beýik, üýşmek.
[9] Jidäl – jedel, söweş, uruş.
[10] Zowal – batma, ýok bolma.
[11] Gürbiz – batyr, pälwan.
[12] Suwar – atly, atly esger.
[13] Tehi (tühi) – boş, gutarma.
[14] Tirkeş (ti:rkeş) – okdan, ok gap, sagdak.
[15] Gyr – gykylyk, gowga.
[16] Bem-u zir – belent we pes, assa we ýuwaş.

Siper[1] para-para zereh[2] çäk-çäk,
Agyzlar doly tozlardandy häk.

Zyban tab[3]-u tüfdendi[4] şikafta[5],
Ýürek kineden ot kimin tafta[6].

Niçeler ki atdan fetada[7] oldular,
Goýup atlaryn pyýada oldular.

Çok öldürdiler kyldylar çok ýesir,
Şahyň beglerinden kylyp dar-u gir[8].

Çün ererdiler nezdi[9] Horezmşah,
Bulary görüp tünd[10] kyldy negah[11].

Diýdi ki: «Idiler besteýi palheň[12],
Kamu tussagy tä serenjamy[13] jeň.

Ki tä galebi[14] kargär[15] kim ola,
Kime bere tä fath-u nusrat[1] Huda.

---

[1] Sipehr – galkan.
[2] Zereh – jöwşen, sowut.
[3] Tab – yssy, gyzgyn, howur.
[4] Tüf – 1) tüýkürme, tüflemek; 2) yssy, tüp yssy.
[5] Şikafta – açylan, jaýrylan, ýarylan.
[6] Tafta – ýanan, köýen, bişen.
[7] Fetada (uftada) – ýykylma, agdarylma.
[8] Dar-u gir – tutda bas, tutmak, uruş etmek, söweşmek.
[9] Nezd – ýany, gapdaly, ýakyny.
[10] Tünd – 1) hyýrsyz, gazaply, ýiti; 2) kesgir, ýiti, ötgür.
[11] Negah (nigah) – seretme, bakma, aladasyny etme.
[12] Palheň – owsar, ýüp.
[13] Serenjam – ahyr, soň, soňy.
[14] Galeb – üstün, üstün çykma, ýeňiş gazanma.
[15] Kargär – işçi, iş ediji.

Dili Arzurumy kawy şatdy,
Demagy[2] wehametle[3] pür batdy.

Ony pikir kylmady kim ahyry,
Olysar durar herze[4]-ýu serseri[5].

Erişdi rowan pişi Horezmşah,
Aýtdy ki: «Eý hysrowy täj-u gah[6].

Bu gün uşbu merdany duşman şekar,
Deňedikmi niçe etdiler jeň-u kär.

Bular çün tutuldylar oldy ol şikest[7],
Heman saňadyr Rum juýy neşest[8]«.

Jogap eýle berdi oňa Horezmşah,
Ki: «Gorkutdy meni kawy[9] bu sypah.

Nebert[10] uşbu ise kim öldi bu gün,
Dili seňňi harada[11] goýdy düwün.

---

[1] Fath-u nusrat – ýeňiş we üstünlik, ýeňiş we ýardam.
[2] Demag – 1) beýni, aň; 2) burun.
[3] Wehamet – kynçylyk, agyr, yzgytsyzlyk, soňy erbetlik.
[4] Herze – 1) bihuda söz, ýaňrama, peýdasyz zat.
[5] Serseri – bihuda, oýlanyşyksyz edilen iş, aňsyzlyk.
[6] Gah – 1) käte, kä wagt; 2) tagt.
[7] Şikest – ýeňilme, synma.
[8] Neşest – oturma, oturmak.
[9] Kawy – kuwwatly, güýçli.
[10] Nebert – söweş, uruş.
[11] Seňňi hara – gara daş, granit.

Gör ol legeri bikerandan[1] hezar,
Ne gorryşle[2] kyldylar kärzar[3].

Ki hanjarle niçe suwarany jeň,
Edip katl pür kyldylar göri teň.

Degülmiş saňa ylmy käri sypah,
Maňa bary ýok takat-u taby şah».

Ýene söýledi mälikii Arzurum,
Ki: «Bulardy anjak delirany[4] Rum.

Galanlary bimab-u bipaýadyr,
Şujagatda[5] hep kemterin maýadyr.

Biler şa kim niçe çok ise sypah,
Garawul gözinin[6] salar raha şah.

Bu arada çohdur çün ab-u giýah[7],
Sen asuda ol-u bul gije synah.

Çün oldy saňa ýurt bu tündi kuh,
Gelimez bu araýe duşman guruh[8].

---

[1] Bikeran – kenarsyz, hetsiz, çäksiz, sansyz.
[2] Gorryş – arlama, gygyrma.
[3] Kärzar – uruş, söweş.
[4] Deliran – batyrlar, pälwanlar.
[5] Şujagat – batyrlyk, gahrymanlyk.
[6] Gözin (güzin) – saýlama, saýlanan
[7] Giýah – ot, ösümlik.
[8] Guruh – topar.

Sypahgeran bolmyýarlar çün ap,
Ataşdan[1] kylarlar jigerler kebap.

Heman kim büküldi dönderdi puşt[2],
Ýetirelim ardynja gürzi dürüşt[3]«.

Rowan Arzynjandan niçe namdar,
Sürüp erdiler tä deri şähriýar.

Diýdiler: ki «Bizden müň atly sypah,
Garawullyga kyldylar azmy rah.

Weli alymadyk bulardan habar,
Ne hal oldugyn bilmedik haýru-şer.

Heman kim erişdi bulara aduw,
Aralykda görünmez oldy kamu.

Bulardan şular kim bilerlerdi rah,
Gije tün gatyp erdiler tä sypah.

Ne ýeňile oldugyn ol kärzar
Diýdiler, eşitdi şahy kamkär.

Rowan Eşrebe kişi gönderdi şah,
Ki tä eşide kärzary sypah.

---

[1] Ataş – teşnelik, suwsuzlyk.
[2] Puşt – arka, ýeňse.
[3] Gürzi dürüşt – gazaply gürzi.

Çün erişdi nezdiki[1] şahy jahan,
Melik Eşrep ol serefrazy[2] zaman.

Çeri halyn eşitdi çün şahdan,
Medet iltimas[3] etdi Allahdan.

Hem ol demde gösterdi ol päkizat,
Şaha Kap-u Elbruz misli sebat[4].

Diýdi şaha Eşrep ki: «Eý şähriýar,
Ki sensiň jahandary gerdun şikar.

Zaman bestesi[5] hökm-u permanyňyň,
Zemin hassasy taby çowganyňyň.

Melul olma kyl dil öýün ustuwar[6],
Myradyňjadyr noh sipehri medar[7].

Ki daýym bu resme olar käri jeň,
Ki şeker olur soňra tagamy şereň[8].

Söweşiň ki öňi tebahy[9] durar,
Anyň ahyry ferri şahy durar.

---

[1] Nezdik – ýany, golaýy, ýakyny.
[2] Serefraz – başy belent, belent başly.
[3] Iltimas – haýyş, dileg.
[4] Sebat – berklik, mükümlik. Ustuwar – mäkäm, berk.
[5] Beste – daňlan, baglanan.
[6] Ustuwar – mäkäm, berk.
[7] Noh sipehri mydar – aýlanýan dokuz pelek.
[8] Şereň – zäher, ajy.
[9] Tebah – zaýa, erbet, zada ýaramaýan, harap.

Umyt oldurar täki Dadary[1] päk,
Kyla duşmany mähreken tire häk.

Bere ferri jahan bagşa janaferin,
Ki ala aduwdan bu işlerde kin[2]«.

Bu sözlerle şah üzre dürler nisar,
Kylyp habgähe erdi ol namdar.

## SOLTANYŇ ÝEŇIJI BAÝDAGYNYŇ HEREKETINIŇ WE HOREZMŞANYŇ AŇTAWÇYLARYNYŇ ÝEŇLIŞINIŇ BEÝANY

Sähergäh çün gunçaýy asman,
Güli surh[3] gösterdi handan leban[4].

Huruş etdi kusy[5] deri[6] bargäh,
Ki ol howldan[7] titredi mehr-u mah[8].

Çerini çep-u rast sap kyldylar,
Göz okuna zyddy[9] hedef[10] kyldylar.

---

[1] Dadar – Taňry, Allatagala.
[2] Kin – kine, ar-alma.
[3] Surh – gyzyl, gyrmyzy.
[4] Handan leban – dodaklary gülýän, lebleri ýylgyrýan.
[5] Kus – tebil, deprek.
[6] Der – gapy, derweze, işik.
[7] Howl – gorky, haýbat.
[8] Mehr-u mah – gün we aý.
[9] Zyddy – tersi, garşysy, garşy.
[10] Hedef – maksat, nyşana.

Arable öňje ýöridi üçi sypah,
Kylyp hezret haky puşt-u penah[1].

Gopup halky horezmlerden şukuh[2],
Rowan etdiler leşgeri misli kuh.

Erip[3] gördüler bir uly murgzar[4],
Rowan arada nilgun[5] juýbar.

Diýdiler zehi ýeri asaýyşyň[6],
Degil gerçe şurbile[7] araýşyň.

Kenarynda hem daglardyr belent,
Bunuň kibi ýerler olar erjument[8].

Gerek olmak asuda bu arada,
Eseri nola[9] kim biler istärde.

Dahy ol söz olmamyş eken tamam,
Güni bularyň oldy misli şam.

Üzerlerine ýagdy derýaýy tyg,
Ki ýagdyrmyýa ýagmyr ol resme myg[10].

---

[1] Puşt-u penah – arkadaýanç we penakär.
[2] Şukuh – haýbat, şan-şöhrat.
[3] Erip – gelip, ýetip, baryp.
[4] Murgzar – çemenlik.
[5] Nilgun – mawy, al-ýaşyl.
[6] Asaýyş –dynç alma, rahatlyk alma.
[7] Şurb – içme, şerap içme.
[8] Erjument – hormatly, sylagly, gadyrly.
[9] Nola (ne ola) – näme bolar, neneňsi bolar.
[10] Myg – ümür.

Degildi golaý döniban gaçmaga,
Ne hut jeň edip ganlaryn saçmaga.

Tutup bir-birin misli şir-u peleň,
Jahan ähli Horezme oldy idi teň.

Şonuň kibi gürd[1] oldy gerduna[2] ýar,
Ki göz kylamaz oldy görmekde kar[3].

Yşyk şeýle gözlerden olmuşdy dur[4],
Meger barky tygydy[5] anlara nur.

Sipehdary turkandyr şedidi saht[6],
Ne yssy çün olmaz idi ýar bagt.

Sypah berg manendni[7] rihte,
Legetdendi[8] ejsam[9]-u ser bihte[10].

Zebun döndi gösterdi naçar puşt[11],
Haçan bad kine turar häki muşt.

---

[1] Gürd – pälwan, batyr.
[2] Gerdun – pelek, asman.
[3] Kar – kär, iş, amal.
[4] Dur – daş, uzak.
[5] Barky tygy – gylyjyň ýalpyldysy.
[6] Şedidi saht – berk mäkäm, gaty berk.
[7] Berg manendi – ýaprak paly.
[8] Leged – depgi, deprek.
[9] Ejsam – jisimler.
[10] Bihte – elekden geçirilme, seçilme.
[11] Puşt – arka, ýeňse.

Serefraz-u piruzy duşman şikar,
Olup galdy şah halkyna ol murgzar.

Habarçy erip diýdi: «Eý patyşa,
Ki gadry rafygyňle[1] derpesti mah.

Garawullyk üçin ki birundyk[2],
Gazapdan kamu dide pur hunduk.

Düşüp ýola duşman talap ýeksere[3],
Ererdik niçe dag-u niçe dere.

Heman dem aduwdan göründi sypah,
Ki gerdi sipehden[4] görünmezdi rah.

Bulara göründidi çün murgzar,
Rowan sürdiler tä lebi juýbar[5].

Heman ki onlary gördug-u depdik at,
Göge erdi owazaýy jata-jat.

Onuň kibi jeň etdiň iki guruh,
Ki ol rezmden[6] şir gala sutuh[7].

---

[1] Gadry rafyg – belent dereje, beýik mertebe.
[2] Birun – daşary, daşa gitme, daş çykma.
[3] Ýeksere – gös-göni, dogry.
[4] Gerdi sipeh – goşunyň çaň-tozy.
[5] Juýbar – akar, aryk, ýap.
[6] Rezm – söweş, uruş, jeň.
[7] Sutuh – ejiz, hassa, sustupes.

Muzaffar[1] olup döwlet-u ferri[2] şah,
Garyldy-ýu gyryldy duşman sypah.

Egerçe aduwa[3] ýok idi şumar[4],
Weli olmady birisi paýdar[5].

Çün aldyk bulardan ab-u giýah[6],
Gelerse rowadyr jahandar şah.

Ki mundan ýegiräk bolunmaz makam[7],
Ki olmuşdurar reşki[8] darys-salam.

Habar çünki erişdi tä semgi[9] şah,
Huruş etdi naýy deri bargäh.

Ýöridi çeri misli derýaýy Çyn,
Ki örtildi ähenle[10] ruýy zemin[11].

Çekildi şah öňüne esb[12]-u ýesir,
Dahy jöwşen-u dyrg[13]-u şemşir-u tir.

---

[1] Muzaffar – üstün, ýenişli.
[2] Fer – şöhle, bagt.
[3] Aduw – duşman, ýagy.
[4] Şumar – san, san-sajak, hasap.
[5] Paýdar – berk, mäkäm, gaýym.
[6] Giýah – ot.
[7] Makam – orun, ýer, dereje, mertebe.
[8] Reşk – göriplik, gözüň gitmesi, bahyllyk, içigaralyk.
[9] Semg – gulak.
[10] Ähen – demir.
[11] Ruýy zemin – ýer ýüzi.
[12] Esb – at.
[13] Dyrg – sowut, jöwşen.

Şahynşa bulary öwüp rowan,
Diýdi: «Eý şah perestan[1]-u röwşen rowan.

Ruhy mehri tabende eder jeňiňiz,
Lebi mülki pür handa[2] aheňiňiz.

Tutuldy seraperdeýi[3] şähriýar,
Ki buldy onuňle şeref[4] murgzar[5].

Çün olmazdy görmek aduwy gezaf[6],
Garawul jahany kylardy towap[7],

Çün eşitdi ol haly Horezmşa,
Ki gyryldy ol beripdigi sypah.

Diýdi: Arzurumyýa kim uşbu kär,
Degül hiç sen eýledigiň şumar.

Bize erdiler niçe rumy-ýu kürt,
Kamu gördi bizden kawy dest bürt[8].

Bu gün bir kişi kylmarys pedit[9],
Ki bu bagly işlere ola kilim.

---

[1] Şahperestan – şaparazlar, şaha daýanýanlar.
[2] Handa – gülki, ýylgyrma.
[3] Seraperde – çadyr.
[4] Şeref – hormat, abraý, mertebe, dereje.
[5] Murgzar – çemenlik, çemenzarlyk.
[6] Gezaf – bihuda, biderek.
[7] Towap – aýlanma, dolanma.
[8] Dest bürd – 1) batyrlyk, gaýduwsyzlyk; 2) çapawullyk.
[9] Pedit – görünme, ýüze çykma, göze ilme, peýda bolma.

Garawullyga beripdim bährinam[1],
Bahadyrlaryny çerimiň tamam.

Ki hem bileler niçe derkary şah,
Bulara goýmyýalar ab-u giýah.

Erip birniçe kişiler jeňjuý,
Bulara kamu oldular tünd hüý[2].

Biziň leşgere sorma kim noldy hal,
Kim uş bize müstewli oldy melal.

Çün oldy biziň leşgerimiz şikest,
Aduw her tarapdan sunan bize dest.

Tutup bulary çogun öldürdiler,
Jahan halkyny bize güldürdiler.

Alyndy elimizden ab-u giýah,
Şahynşah gurardy ol ýere bargäh.

Oýunlarydyr bularyň rumh[3]-u gürz,
Eger okda hem göstererlerse burz[4].

Reha[5] bolmyýa hiç çeşmi ukap[6],
Ola hasta peýkanlaryndan şehap[7].

---

[1] Bährinam – at-abraý üçin.
[2] Tünd hüý – gödek häsiýet, gyňyr gylyk.
[3] Rumh – naýza.
[4] Burz – 1) belentlik, beýiklik; 2) kaddy-kamat, boý.
[5] Reha – azat, halas, boş.
[6] Ukap – bürgüt.
[7] Şehap – süýnen ýyldyz.

Bulara ki olar eslehile[1] işi,
Bir okyle tenha ne kylsyn kişi.

Seniň sözüňle oldy maňa bu kär,
Meniň pikirimle degüldi şumar.

Meni çünki gark etdi derýaýy neň[2],
Gerekdir şena[3] maňa misli näheň[4].

Bu ýaňada şadan sypahy delir[5],
Garawullyga çykdylar misli şir.

Ýörirlerdi ýaýylyp ol bişede[6],
Hak adydy zikr-u endişede.

Çü piruz,[7] taht üzre hurşydy[8] şat –
Olup zerden orandy täji Kubat.

Perakende[9] olup leşgeri hindbar[10],
Kamu oldy merdan Rumy suwar[11].

---

[1] Eslehe – ýaraglar, ýarag.
[2] Neň – ar, namys.
[3] Şena – ýüzmek, ýüzüş.
[4] Näheň – läheň.
[5] Sypahy delir – batyr goşun.
[6] Bişe – jeňňel, tokaý.
[7] Piruz – ýeňiş, üstünlik.
[8] Hurşyt – gün, güneş.
[9] Perakende – pytraňňy, dargan.
[10] Hindbar – hindi ýaly.
[11] Suwar – atly, atly esger.

Biri-birini gördüler çün çeri,
Uly saýdy kenduzyny her diri.

Heman görmeden kendu saýdyn[1] ukap[2],
Tüfile dili kebk[3] doldy idi tap[4].

Sykyşdylar-u teň[5] oldy feza[6],
Rahy ryjgaty[7] baglamyşdy kaza[8].

Ol arada ok atmak oldy muhal[9],
Ki zyra[10] keman idi beste[11] mejal.

Amudy miýan beste berkardy[12],
Heman gürz juýaýy peýkardy[13].

Ele el ol urşanda peýwestedi[14],
Rahy tyg-u kupal[15] hem bestedi[16].

---

[1] Saýd – aw, şikar.
[2] Ukap – bürgüt.
[3] Kebk – käkilik.
[4] Tap – gorky, gaýgy-gussa.
[5] Teň – gorky, gysby, haly harap, melul.
[6] Feza – giňişlik, boşluk, asman boşlugy.
[7] Rahy ryjgat – dolanyş ýoly, gaýdyş ýoly.
[8] Kaza – takdyr, ýagmyr.
[9] Muhal – mümkin däl.
[10] Zyra (zira) – çünki.
[11] Beste – ýapyk, bagly.
[12] Amudy miýan beste berkardy – Bile baglanan gürzi işdedi (ulanylýardy).
[13] Juýaýy peýkardy – urşy, söweşi gözleýärdi.
[14] Peýweste – 1) bagly, daňylgy, goşulgy; 2) hemişelik, baky.
[15] Kupal – gürzi, serdesse, çokmak.
[16] Bestedi – ýapykdy, baglydy.

Onuň kibi gyryldy türki sypah,
Ki gan içre kylardy atlar şenah[1].

Niçeler tutuldylar olup ýesir,
Niçeler idi zahmy şemşir-u tir.

Niçeler başyna gopup rastahyz[2],
Kylarlardy dersu hyýaly göriz[3].

Çün enjama erişdi duşman işi,
Şahynşaha gönderdiler bir kişi.

Diýdiler ki: «Eý saýaýy Kerdigär,
Ýüzüňden durar ferri Hak äşgär.

Çün eliňdedir meýl-u käriň seniň,
Hak oldy negahdar-u ýaryň seniň.

Hemişe şahy sahyby dad ol,
Sypahyň kibi horram-u şad ol.

Talaýe[4] çeriden ki çykmyşdy şeb[5],
Kamu çeşm baz[6] idi-ýu beste leb[7].

---

[1] Şenah – ýüzme.
[2] Rastahyz – kyýamat güni, diriliş güni.
[3] Göriz (güriz) – gaçma.
[4] Talaýa – aňtawçy.
[5] Şeb – agşam, gije.
[6] Baz – açyk.
[7] Beste leb – dodagy ýumuk, agzy ýapyk.

Giderdik kamu katg[1] edip kuhsar[2],
Ki tä kyla idik aduwdan[3] şikar.

Aýan etdi çün mehr ferhunda çehr[4],
Aduw işine güldi mehr-u sipehr.

Erişdi bize bir çeri nägehan[5],
Sana sen ki hep leşger oldy jahan.

Kamu tygdar[6] idi, polat puş[7],
Kamusynda joş, kamu pür huruş.

Biz owwal kylyp hemle bulara saht[8],
Sylah[9] oldy rizan[10] çu bergi daraht[11].

Çün erdug-u hasm[12] ile garyşdyk,
Kyýas ile tä nije baryşdyk.

Ne astyna bakdyk ne hut üstüne,
Döküldük biri-birimiz üstüne.

---

[1] Katg edip – kesip, söküp, ýol aşyp.
[2] Kuhsar – daglyk.
[3] Aduw – duşman, ýagy.
[4] Ferhunda çehr – şadyýan ýüzli, mübärek keşpli.
[5] Nägehan – birden, garaşylmadyk ýagdaýda, tötänden.
[6] Tygdar – gylyçly, ýaragly.
[7] Polat puş – polat geýnen.
[8] Sagt – agyr, gaty.
[9] Sylah – ýarag.
[10] Rizan – döküldi, seçildi.
[11] Bergi daraht – agaç ýapragy.
[12] Hasm – duşman. ýagy.

Ki gürz bile hanjardan artygy kär,
Kylmazdy, duşmandan aldyk damar[1],

Aduw tutamaz oldy tir-u keman,
Ýakyn ärlik olarda reýb[2]-u güman.

Ki oldy kiminde bendi kement,
Döküldi ýere eý niçe erjüment[3].

Olup hasta-ýu beste[4] hem bu guruh[5],
Görizan[6] dewan[7] gitdiler suýy kuh[8].

Kany ýer bu ýer misli horramy behişt,
Ki olmaga agdaýy jaýy neşest[9].

Heman kim bu nusratdan[10] ägähdi,
Şahynşa rowan geşteýi[11] rahdy[12].

Ony herki leşgerden eşitdidi,
Özün ar-u gaýratdan unutdydy.

---

[1] Damar almak – janyny almak, öldürmek.
[2] Reýb – 1) şek, şübhe; 2) töhmet.
[3] Erjüment – hormatly, sylagly, derejeli.
[4] Hasta-ýu beste – ýadaw we daňylan.
[5] Guruh – topar.
[6] Görizan (gurizan) – gaçmak.
[7] Dewan – ylgap, ylgaý-ylgaý.
[8] Suýy kuh – daga tarap.
[9] Neşest – oturma, oturmak.
[10] Nusrat – ýeňiş, ýardam.
[11] Rowan geşte – rowana bolmak, ýola düşmek.
[12] Rah – ýol, ugur, ýörelge.

Sypahdary piruz[1] erişdi heman,
Ýer öpüp diýdi: «Eý şahy kamran.

Şunuň kibi kär idi bu kärzar[2],
Kim oldy bed endişiňiň käri zar.

Şaha arz kyldy salah-u ýesir[3],
Şah açyldy manendi[4] bedri münir[5].

Hem oldy heman a:zymy[6] bargäh,
Ýöridiler öňje serany sypah[7].

Pyýada jahandy[8] jahanda rowan,
Güneş kibi ortada şahy jahan.

Pes atyndan indi hadywy keram[9],
Jahan aňa munkad[10]-u enjüm[11] gulam.

Çün erdi ol çeri pişi[12] Horezmşah,
Olup işleri jümle piç-u tebah[13].

---

[1] Sypahdary piruz – ýeňişli goşun, ýeňiş goşuny.
[2] Kärzar – uruş, söweş.
[3] Salah-u ýesir – ýaragdyr ýesirler.
[4] Manendi – ýaly, misli.
[5] Bedri münir – nurly aý.
[6] Azym – ýüzlenme, ugrama, niýet etme.
[7] Serany sypah – goşunyň serkerdeleri.
[8] Jahan (jähan) – towusma, bökme.
[9] Hadywy keram – beýikleriň şasy, belentleriň eýesi.
[10] Munkat – tabyn, boýun.
[11] Enjum – ýyldyz.
[12] Piş – ýany, gapdaly, golaýy.
[13] Piç-u tebah – bulam-bujar we erbet, buýr-bulaşyk we harap.

Aýtdy: «Ki eý sahyby Arzurum,
Kamu raýyň hasyly käri şum,

Ýeg idi maňa beklemek jaýymy,
Weli çün ynandym saňa raýymy.

Meni kyldyň uş garky derýaýy Çyn,
Ki žerfinden[1] onuň çykandyr emin.

Gelip şahdan bir bölek[2] namdar,
Biziňle kawy kyldylar kärzar.

Bir ot idi batynda wasyly kin[3],
Çün oldy jahan suz[4] ruýy zemin.

Kaza erse şahsyň nedir çäresi,
Ryzasyzlyk ol demde ýüz garasy.

Weli duruşyp jeň etmek gerek,
Be ýa hut goýup ary, gitmek gerek.

Diýdi Arzurumy aňa bir güftu raz[5],
Ki sensiň kylan käri tul-u deraz[6].

Kylyp hiç bu niçe ýimek ýagny ne?
Bu tussaglary beslemek ýagny ne?

---

[1] Žerf - 1) çuň, çuňluk; 2) uzak, daş.
[2] Bölek – topar, topar goşun.
[3] Kin – kine, duşmançylykda.
[4] Suz – ýanma, köýme.
[5] Güfti raz – syrly söz.
[6] Tul-u deraz – uzak we uzyn.

Rygaýat[1] kylyban ýerin bularyň,
Iki-iki kyl her birin bularyň!

Bularyň işi çün ola bir ýaňa,
Ola kim bu azmyş işimiz öňe.

Bu haly gören dahy jeň etmiýä,
Bize ýer ýüzün teň-teň etmiýä».

Gazapnak[2] ken ol sözi kyldy güwş,
Ýedi ýüz äri kyldy bihuşy huş.

Gapysy öňi oldy pür tyg-u hun,
Zebun küş[3] olan daýym olar zebun.

Deri şahdan hem büzürgänden[4],
Ki bar niçelerden rahy rastyn[5].

Sena sowtuny[6] ergürip tä sema[7],
Kylarlardy eller göterip doga.

Şebi gadyrdy[8]-ýu şahy kamran,
Buýurdy, ne ýer diýse perman rowan.

---

[1] Rygaýat – gözegçilik etme, hormatlama, gadyr goýma.
[2] Gazapnäk – gazaply, gaharly.
[3] Zebun küş – haly haraby öldüren, ejize zalym, ejize ganym.
[4] Büzürgän – ulular, beýikler.
[5] Rahy rastyn – göni ýol, dogry ýol.
[6] Sowt – ses, seda, owaz.
[7] Sema – asman, pelek.
[8] Şebi gadyr – gadyr gije.

Ki fath[1] etdiler sijn[2]-u zyndanadyr,
Bagyşlandy saýyllara lut-u zer.

Kamu şeb[3] namaz-u nyýaz-u doga,
Okyýyp kylardy Haka daýyma,

Se ruza[4] ulaşdyrdy roza hadyw[5],
Çeriler içi doldy baňg-u garyw[6].

Şahynşa dindar-u hoş raýdy,
Kamu gijede tagaty araýdy.

## HOREZMŞANYŇ AŇTAWÇYLARYNYŇ ÜÇÜNJI GEZEK SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ ÝEŇIJI GOŞUNLARYNYŇ AŇTAWÇYLARY BILEN SÖWEŞMEGINIŇ WE GAÇMAGYNYŇ BEÝANY

Sabah oldy çün çarhy zerrin kulah[7],
Çykyp öpdi arzy[8] deri[9] patyşah.

Olup horram-u ahz edip[10] käm-u näz,
Feraz[11] oldy raýaty[1] nusrat nowaz[2].

---

[1] Fath – ýeňiş, basyp alma.
[2] Siji – zyndan, tussaghana.
[3] Şeb – agşam, gije.
[4] Se ruz – üç gün.
[5] Hadyw – 1) hojaýyn, patyşa; 2) Hudaý, Taňry.
[6] Bang-u garyf – gykylyk we gowga, gykylyk we galmagal.
[7] Kulah – telpek, başgap.
[8] Arz – ýer, toprak.
[9] Der – gapy, işik, dergäh.
[10] Ahz edip – alyp, gurşap alyp.
[11] Feraz – belent, beşik, ýokary.

Ýene döwlet atyna soltan suwar[3],
Olup, oldy dergähden äşgär[4].

Diýdiň ki gerdundan[5] erdiň huruş[6],
Ki ýaryýa geldi nujum-u[7] suruş[8].

Ýene baz[9] çetr üstüne ýaýdy bal[10],
Peýi[11] saýd[12] täýidi[13] fethi jelal[14].

Rowan oldy leşger kylyp jeňe saz,
Heman sanjak kamrany serefraz.

Perakende[15] ol duşmany bişukuh[16],
Kemini juý[17] ederlerdi seýran kuh[18].

---

[1] Raýat – baýdak, sanjak.
[2] Nusrat nowaz – ýeňşi ezizleýän.
[3] Suwar – münme, atlanma.
[4] Äşgär – görüpdi, peýda boldy.
[5] Gerdun – pelek, asman.
[6] Hurum – gykylyk, gowga.
[7] Nujum – ýyldyzlar.
[8] Suruş – perişde, melek.
[9] Baz – algyr, laçyn.
[10] Bal – ganat.
[11] Peý – yzy, yzyndan.
[12] Saýd – aw.
[13] Täýid – tassyklama, berkitme.
[14] Fethi (fathy) jelal – beýik ýeňiş, uly ýeňiş.
[15] Perakende – pytrama, dargama, perişan bolan.
[16] Bişukuh – dabarasyz, pes, gowşak.
[17] Kemini juý – ýabyň, akaryň arkasy, yzy, etegi.
[18] Kuh – dag.

Şahynşa geýmişdi sazy nebert[1],
Güneş kibidir tärimi[2] Lajwert[3].

Ýörirdi dilşad-y[4] pür handa lep[5],
Kylar kibi zahyr mahy tire şep[6].

Kylyp arzuwy lebi çeşmesar[7],
Suwsuzlykdan oldy çeri bikarar.

Biri ap noş[8]-u biri berf juý[9],
Diýediň ki soltany hurşyt ruý[10].

Meger aby-haýwandan[11] içmişdi jam,
Ki suwdan diline getirmezdi nam.

Şunuň kibi germ[12] oldy aftap[13],
Ki dolmuşdy sügük dili[14] suz-u tap[15].

---

[1] Sazy nebert – söweş ýaragy, uruş esbaby.
[2] Tärim – öý, jaý.
[3] Lajwert – lajurt, mawy jisim.
[4] Dilşat – ýüregi şatlandyryjy, kalby guwandyryjy.
[5] Pür handa – gülküden doly, ýylgyryşdan doly.
[6] Kylar kibi zahyr mahy tiri şep – garaňky gijede aýyň lowurdap görnüşi ýaly bolýar.
[7] Çeşmesar – çeşme, çemenlik.
[8] Ap noş – suw içmek, suw noş etmek.
[9] Berf juý – gar gözleme, gar aýyrma.
[10] Hurşyt ruý (roý) – gün ýüzli.
[11] Aby haýwan (aby-haýat) – dirilik suwy.
[12] Germ – yssy, gyzgyn, howur.
[13] Aftap – gün, güneş, kuýaş.
[14] Sügük dili – naýzanyň ujy.
[15] Suz-u tap – ýakma we bişirme, köýdürme we howur.

Ýörir idi raýýan[1]-u ferhunda[2] şah,
Nujum[3] içre manendi[4] rahşanda mah[5].

Kylyp azm balaýy[6] kuhy[7] belent,
Ki efläke[8] andan ererdi kement.

Serkuha[9] erdi[10]-ýu kyldy dereň[11],
Ki tä niçedir[12] göz ile harb[13]-u jeň.

Aşagasy sährady misli dere,
Dolydy çeriýi aduw ýeksere[14].

Depindi ekabyr[15] niçe pähliwan,
Çekip, kim gylyç kimi gürzi geran[16].

---

[1] Raýan – täze, ter, suwdan ganan.
[2] Ferhunda – mübärek, bagtyýar.
[3] Nujum – ýyldyzlar.
[4] Manende – ýaly, misli.
[5] Rahşanda mah – lowurdaýan aý.
[6] Bala – ýokary, üsti, belent, beýik.
[7] Kuh – dag.
[8] Efläk – pelekler, asmanlar.
[9] Serkuş – dagyň üsti, dagyň başy.
[10] Erdi – ýetdi, bardy.
[11] Dereň – saklanma, durma, eglenme.
[12] Ki tä niçedir – çaklady, ölçäp gördi, manysynda getirilen.
[13] Harp – urum, söweş, jeň.
[14] Dolydy çeriýi aduw ýeksere – duşmanyň goşuny tutuş-başdan aýagyna çenli doludy.
[15] Ekabyr – ulular, beýikler.
[16] Gürzi geran – agyr gürzi.

Dowan erdiler[1] tä büni[2] kuhsara[3],
Erişdi aduwdan dahy müň suwar[4].

Erip biri-birile alyşdylar,
Kawy[5] jeň edip, ýagşy çalyşdylar.

Gazap ataşy olup efruhta[6],
Heman kyldy duşman öýün suhta[7].

Gatyldy-ýu garyldy iki çeri[8],
Ki biri-birinden çykara deri.

Tarakgaýy gürz[9]-u şaka-şaky tyg,
Ok oldugy manendi[10] barany[11] myg[12].

Gopardy jahan içre bir welwele[13],
Ki doldy jahan saýha[14]-u zelzele[15].

---

[1] Dowan erdiler – ylgap ýetdiler, çapyp bardylar.
[2] Bün – düýp, esas, kök.
[3] Kuhsar – daglyk, dag.
[4] Suwar – atly.
[5] Kowy – güýçli, kuwwatly.
[6] Efruhta – ýanma, lowurdama, ot alma.
[7] Suhta – ýakma, bişirme, köýdürme.
[8] Çeri – goşun, esger.
[9] Tarakgaýy gürz – gürziniň tark edip owaz çykarmasy, gürzi.
[10] Manendi – ýaly, misli.
[11] Baran (ba:ra:n) – ýagyş, ýagmyr.
[12] Myg – ümür, duman, bulut.
[13] Welwele – gulgula, gopgun, ýaň, owaz.
[14] Saýha (syýha) – gykylyk, perýat, nagra.
[15] Zelzele – zenzele, titreme, sandyrama, gagşama.

Ki hurşydy taban[1], röwşen, rowan,
Sugut etdi[2] tä gupbaýy asman.

Tutulmyşdy soltana çetri syýah[3],
Çeriýe kylar idi daýym negah[4].

Dere jümle pür jöwşen-u tyg idi,
Diýediň husamy ýalaň[5] myg[6] idi.

Diýer idi ki: «Eý Daweri rahnema[7],
Bu bagly işi bentden kyl reha[8].

Ger ol durmuş ise çerisile jüst[9],
Maňadyr sypah ygtykady[10] dürüst.

Heman tutdular bargähi şahy,
Ki sawyda[11] ederdi aruzy mahy[12].

Arasynda iki leşgeriň ýeri hiç,
Bilinmezdi olamakdan piçe-piç[13].

---

[1] Hurşydy taban – lowurdaýan gün, nur saçýan güneş.

[2] Sugut etdi – galdy, göterildi, çykdy.

[3] Çetri syýah – gara çadyr.

[4] Negah (nigah) – seretme, bakma, nazar salma, gözegçilik etme.

[5] Husamy ýalaň – ýalaw gylyç, kesgir gylyç.

[6] Myg – ümür , duman, bulut.

[7] Daweri rahnema – ýol görkeziji emin, dogry ýola ugrukdyryjy Hudaý.

[8] Reha – halas etme, boşama, azat bolma, çözülme.

[9] Jüst – gözlegde, barlagda, seredýän, nazar salýan.

[10] Ygtykat – ynam, ynanç.

[11] Sawyda – 1) sürtülen, sürtülme, igeleme, çalma, taplama; 2) kül-owram bolan arassa zer.

[12] Aruzy mahy – Aýyň ölçegini, aýyň gözelligini, aýyň ýüzüni.

[13] Piçe-piç – 1) burum-burum, egrem-egrem, towlam-towlam; 2) garym-gatym, bulam-bujar.

Erişmiş döwriýe[1] sypahy jahan,
Galany meger gökde idi nahan[2].

Olup gije tä subh ziri zerih[3],
Olar idi gaşlar gazapdan gereh[4].

Talaýa[5] durardy miýany sypah,
Ýöridi şahynşa suýy[6] habgäh[7].

Girip hylwata gusul kyldy dürüst,
Degüldi[8] ygtykadynda bir zerre sust.

Dili pür sapa synaýy pür nyýaz,
Zyban kyldy[9] efläkden[10] ýaňa[11] baz[12].

Dahanyndady[13] möhri roza[14] henuz,
Erişdirmişdi şebi te be ruz[15].

---

[1] Erişmiş döwriýe – tegelenip gelipdir, üýşüp-toplanyp gelipdir.
[2] Nahan – gizlin, pynhan.
[3] Ziri zereh – sowudyň astynda, jöwşeniň içinde.
[4] Gereh – düwün, çigiş, çigin.
[5] Talaýa – aňtawçy goşun, öňdäki hatar, barlagçy bölüm.
[6] Suý – tarap, ugur.
[7] Habgäh – ýatyş ýeri, ýatyş çadyry, ýatyş otagy.
[8] Degüldi – ýokdy, däldi.
[9] Zyban kyldy – dil açdy. Bu ýerde doga-dileg etdi manysynda.
[10] Efläk – pelekler, asmanlar.
[11] Ýaňa – tarapa.
[12] Boz – ýene, ýene-de.
[13] Dahan – agyz .
[14] Möhri roza - (gäçme manyda) agzy bekli.
[15] Tä be ruz – gündize çenli, daňa çenli.

Diýr idi kim: «Eý Kerdigäri jahan,
Saňa ýaraşar patyşalyk heman.

Sen arasta[1] etdiň tene jany päk,
We ger neý[2] ne kylardy bu müşti häk[3].

Miýan beste[4] eflak peýmanyňa,
Zehi[5] dil ki dogrul peýmanyňa.

Sen eý, Päk-u Ýary deh[6]-u Rahnema[7],
Penahym sen, etgil dogamy rowa.

Biler sen ki men gaýrydan ýaryýy[8] –
Talap kylmadym, terk edip baryýy.

Maňa senden erdi negin[9]-u kulah[10],
Meniň ýok idi genj-u tyg-u sypah.

Bu rezme[11] ki erişmişem serefraz[12],
Seniň lutfuňa[13] kylmyşdylar nyýaz[14].

---

[1] Arasta (Araste) – bezeg, bezeme, düzeme, zynatlama.
[2] We ger neý – eger beýle bolmadyk bolsa.
[3] Müşti häk – bir gysym toprak.
[4] Miýan beste – bilini baglady, bili baglanan.
[5] Zehi – berekella.
[6] Ýary deh – ýardam beriji, goldaw beriji.
[7] Rahnema – ýolbelet, dogry ýola ugrukdyryjy.
[8] Ýary – ýardam, kömek, medet.
[9] Negin – ýüzük, ýüzügiň gaşy. Bu ýerde patyşalyk möhüri göz öňünde tutulýar.
[10] Kulah – telpek, başgap. Bu ýerde täç göz öňünde tutulýar.
[11] Rezm – söweş, uruş.
[12] Serefraz – başy dik, başy belent.
[13] Lutf – mähremlik, mähribanlyk.
[14] Nyýaz – 1) ýalbarma, dileg, ötünç, umyt; 2) mätäçlik.

Meniň jürm[1]-u taksyryma[2] galmagyl,
Maňa berdigiň bagşaşy[3] almagyl.

Umydym degildir bu genj-u sypah,
Hemin maňa Sen-Sen jahanda penah».

Diýdi-ýu ýüzün topraga sürdi şah,
Erirdi[4] üstüne subhy döwleti iläh.

Okydy dil aýynasyndan bakyp,
Ki: «Nasra min Allahi fathun karyb»[5].

Heman sejdeden şaha göterdi baş,
Zemin-u zaman diýdi: «Şah şat baş»[6].

---

[1] Jürm – günä, ýazyk.
[2] Taksyr – 1) kemçilik, ýetmezçilik; 2) günä, ýazyk.
[3] Bagşaş – sowgat, serpaý, bagyş edilen zat, sylag.
[4] Erirdi – ýetirdi, gowşurdy.
[5] Nasra min Allahi fathun karyb – Allanyň ýardamyndan ýeňiş ýakynlaşdy, golaý geldi.
[6] Şat baş – şat bol, şadyýan bol, begen, guwan.

## REMEZAN (ORAZA) AÝYNYŇ ÝIGRIMI SEKIZINDE IKI GOŞUNYŇ BIRI-BIRI BILEN GARŞY DURUP, SOLTAN JELALEDDINIŇ GAÇYP, ARZURUMYNYŇ WE ONUŇ DOGANYNYŇ DÖWLETIŇ ULY ADAMLARY BILEN ÝESIR DÜŞMEGINIŇ BEÝANY

Ferehle[1] lebi subh[2] pür handady[3],
Ruhy mehri ferhunda rahşandady[4].

Şahynşa zereh[5] geýdi manendi kuh[6],
Ki ol kuhdande jahan pür şukuh.

Seraser[7] sypah garky ähen[8] olup,
Kamu kuh[9] pür hud[10]-u we jöwşen olup.

Ýarardy pelek güwşüni[11] zähmi kus[12],
Donanmyşdy[13] leşger, misli arus[14].

---

[1] Fereh – şadyýanlyk, göwni açyklyk, şatlyk, guwanç.
[2] Lebi subh – daňyň öň ýanynda, säheriň öň ýanynda, daňa ýakyn.
[3] Handa – gülki, ýylgyryş.
[4] Ruhy mehri ferhunda rahşandady – mübärek şadyýan günüň ýüzi lowurdawukdy, ýaldyrawukdy.
[5] Zereh – sowut, jöwşen.
[6] Manendi kuh – dag ýaly.
[7] Seraser – başdan-aýak, tutuş.
[8] Garky ahen – demire çümüp, demire gömlüp.
[9] Kuh – dag.
[10] Hud (hut) – tuwulga, demir telpek.
[11] Güwş – gulak.
[12] Zähmi kus – tebiliň zarby, deprek urgusy.
[13] Donanmyşdy – don geýipdi, bezenipdi, zynatlanypdy.
[14] Arus – gelin.

Löwaýy zafar[1], olup efraşta[2],
Seraperdeden[3] perde berdaşta[4].

Zemin pür çeri-ýu pür suruş[5] –
Olup, gopdy dergähi şahdan huruş[6].

Rowany çetrden[7] gaşary çykdy şah,
Furuzende[8] gün kibi çetri syýah[9].

Sement[10] üzre şah oldy çapyksuwar,
Ki Rahş idi Rüstemden ol ýadygär.

Melik Eşrep ol serweri päliwan,
Didi şaha ki: «Eý patyşahy jahan!

Jahan ziri hökmüňdedir[11] serbesar[12],
Ki emriňden etmez pelekler güder[13].

---

[1] Lowaýy zafar – ýeňiş baýdagy, üstünlik tugy.
[2] Efraşta – pasyrdama, açylma.
[3] Seraperde – çadyr.
[4] Berdaşta – göterilme, galdyryşma.
[5] Suruş – perişde, melek.
[6] Huruş – gykylyk, gowga, galmagal.
[7] Rowany çetr – ýörişe çagyryş.
[8] Furuzende – lowurdaýan, şöhle saçýan, ýanýan.
[9] Çetri syýah – gara çadyr.
[10] Sement – dor at, gara çadyr.
[11] Ziri hökmüňdedir – hökümiň astyndadyr.
[12] Serbeser – başdan-aýak, tutuş.
[13] Güder (güzer) – geçme, ötme, çykma.

Egre esbi[1] goýuban ester[2] suwar[3] –
Ola siz, dahy ýeýik[4] düşer haly kär.

Dili hasm göz kibi pür hun[5] olar,
Bahadyrlygy[6] halkyň efzun olar.

Eger bent baglansady paýyna,
Sowap oluşaýdy gylyň raýyna[7]«.

Çekildi şah öňüne ester heman,
Suwar oldy oňa şahy kamran.

Çün ol haly gördi jemigi sypah[8],
Erişdirdi her biri maha[9] kulah[10].

Huruş etdi leşger kamu misli şir,
Olup kine-kin[11] jümle jüst-u delir[12].

Huraman idi leşgeri namdar,
Ki lerzandy wehmiden kuhsar[13].

---

[1] Esp – at.
[2] Ester - (astar) gatyr.
[3] Suwar – münme, çapma.
[4] Ýeýik (ýeg) – gowy, oňat.
[5] Pür hun – gandan doly.
[6] Bahadyrlyk – batyrlyk, edermenlik.
[7] Raý – pikir, garaýyş, hakyky.
[8] Jemigi sypah – ähli goşun, tutuş ýygyn.
[9] Mah – aý.
[10] Külah – telpek, başgap.
[11] Kin – kine, duşmançylyk.
[12] Jüst (çüst)-u delir – çalasyn we batyr, gaýduwsyz we edermen.
[13] Kuhsar – daglyk, dag.

Aralykda kim begdi tazyýan[1] –
Olup, juýy[2] manendi[3] bahra[4] rowan[5].

Ýöridi aduw üzre kalby sypah[6],
Demirdendi, kerdary[7] kuhy syýah[8].

Çep-u rast leşgeri akyşdy-rowan,
Galyp möwkub[9]-u sanjagy şa heman.

Kawy[10] çykdy gerçe duşman guruh[11],
Ne yssy[12] çün olmaýa hakdan şukuh[13].

Eger bermeýä fath-u nusrat Iläh,
Ne kylsyn ok-u tyg-u genç-u sypah.

Erip meýmene[14] üstüne meýsere[15],
Sypah oldy mahluty hem[16] ýeksere[17].

---

[1] Tazyýan – ylgama, çozma, çapawullama.
[2] Juý (jöw) – akar, ýap, salma.
[3] Manend – ýaly, misli.
[4] Bahr – deňiz, umman.
[5] Rowan – 1) akýan, hereket edýän; 2) ýöreýän.
[6] Kalby sypah – goşunyň merkezi, goşunyň esasy bölegi.
[7] Kerdary – eden işi, etmişi.
[8] Kuhy syýah – gara dag.
[9] Möwkip – şanyň ýanynda gezýän adamlar we esgerler. Şanyň çadyrynyň töwereginde gezýän han-begler we janpenalar.
[10] Kawy – güýçli, kuwwatly.
[11] Guruh – topar, ýygyndy.
[12] Yssy – peýda , nep, haýyr.
[13] Şukuh – 1) dabara, ululyk, beýiklik; 2) haýbat, mahabat; 3) güýç-kuwwat, başarnyk.
[14] Meýmene – sag ganat, sag tarap.
[15] Meýsere – çep ganat, çep tarap.
[16] Mahluty hem – biri-biri bilen garym-gatym, bulam-bujar.
[17] Ýeksere – tutuş, başdan-aýak.

Çün ol werzişi[1] gördi Horezmşah,
Rowan çykdy dag üzre manendi mah[2].

Bakyp gördi kim, leşgeri şähriýar,
Kamu näwük endaz[3]-hanjar güzar[4].

Kamu garky polat hem sim-u zer,
Jahan leşger olmuş kamu serbeser[5].

Diýdi ki: «Bir bahrdy[6] kyldy juş[7],
We ýa bulara olmuş mugawun[8] suruş[9].

Ýanyp ýüregi, kyldy bir ahy sert[10],
Ki zahm ermeden[11] oldy pür zahm-u dert[12].

Inip dagdan, eşki rizandy[13],
Hazan kibi safra[14]-ýu lerzandy.

---

[1] Werziş – maşk, türgenlik.
[2] Manendi mah – aý ýaly.
[3] Näwük endaz – ok atyjy, peýkam atyjy.
[4] Hanjar güzar – hanjar urujy, hanjar geçiriji.
[5] Serbeser – başdan-aýak, tutuş.
[6] Bahr – deňiz, umman.
[7] Juş – joş, joşgun, gaýnama, tolkun urma.
[8] Mugawun – ýardamçy, kömekçi.
[9] Suruş – perişde, melek.
[10] Ahy sert – sowuk ah çekme (göwni buza dönme).
[11] Zahm (zähm) ermeden – ýara düşmeden, zarba degmezden.
[12] Pür zahm-u dert – dertden we ýaradan doly.
[13] Eşki rizan – göz ýaş döküän, aglaýan, gözüniň ýaşy akýan.
[14] Safra – sary, sap-sary.

Hadyw[1] oldy çün nazyry[2] meýmene,
Görer, leşger olmuş kamu ýek tene[3].

Buýurdy ki birküç gözin[4] pähliwan,
Rowan depdiler misli şiri žiýan[5].

Çeri erip meýsere dögdüler[6],
Degip, meýsere sapyny sökdüler.

Howa ataşyn[7] oldy ýer ahenin[8],
Munuň kibi rezm[9] asman-u zemin –

Dahy görmemişdi meger şah Myrat,
Ki gyrdy, aňyrsy berip dine dat.

Şahynşa deprendi döwlet kibi,
Humaýsaýa oldy sagadat kibi.

Deňiz misli gaýnady möwji sypah,
Sana sen ki ýörirdi kuhy syýah.

Meliki az-u kämýary gözin[10],
Iki şiri jeňňi-ýu juýaýy kin[11].

---

[1] Hadyw – 1) hojaýyn, eýe; 2) Hudaý, Taňry.
[2] Nazyr – serediji, bakyjy, gözegçi.
[3] Ýek tene – göwre, bir jan-u bir ten.
[4] Gözin – saýlantgy, saýlanan.
[5] Şiri žiýan – ýyrtyjy şir.
[6] Meýsere dögdüler – çep ganaty syndyrdylar, döwdüler.
[7] Ataşyn – ot ýaly.
[8] Ahenin – demirden.
[9] Rezm – söweş, uruş, jeň.
[10] Kämýary gözin – saýlantgy, hökmürowan, saýlantgy şa.
[11] Juýaýy kin – duşmançylyk gözleýän, uruş-jeň araýan.

Biri depdi-ýu gözledi meýsere[1],
Ki tygyle pür kyldy gandan dere.

Biri meýmene[2] gözleýip diýdi hem -
Erişdirdi agdaýa[3] tygy sütem[4].

Onuň kibi sydk ile[5] duruşdylar,
Ki tä kalby agdaýa[6] erişdiler.

Çün ol halaty gördi Horezmşah,
Ýöridi alamdan ýaňa[7] kylyp, «ah».

Kamu perçem[8]-u baýragy[9] aldylar,
Gaçyp özlerin bişeýe[10] saldylar.

Şunuň kibi pynhan olup[11] tutdy rah[12],
Ki pynhan ola gurra[13] wagtynda mah[14].

---

[1] Meýsere – çep ganat.
[2] Meýmene – sag ganat.
[3] Agda – duşmanlar, ganymlar.
[4] Tygy sütem – sütem gylyjy.
[5] Sydk ile – yhlas bilen, dogrulyk, çynlakaýlyk bilen.
[6] Kalby agda – duşmanlaryň merkezi.
[7] Alamdan ýaňa – baýdaga tarap, sanjaga garşy.
[8] Perçem (parçam) – baýdak, tug.
[9] Baýrak – baýdak, sanjak.
[10] Bişe – jeňňel, tokaý.
[11] Pynhan olup – gizlenip, bukulyp.
[12] Tutdy rah – ýola düşdi, ýola girdi.
[13] Gurra – täze aýyň dogan wagty, her aýyň başy.
[14] Mah – aý.

Kylarlardy garat[1] sypahy arap,
Weli Rum halkydy merdum talap[2].

Giderlerdi aheste[3] olup hasm ju[4],
Ki tä olalar hasmle rube ru[5].

Heman gördüler sahyby[6] Arzurum,
Giderdi olup bagty aklyle şum.

Giderdi ululary ýanynja hem,
Geramy[7] byradar bile hemşikem[8].

Tutup kyldylar ony sowgaty şah,
Çün erişdi, gördi deri bargäh.

Ýere, şah öňünde goýdy ýüzün,
Hakyr[9]-u zelil[10] eňildip[11] kendüzin[12].

Hadywyň[13] aýagyna düşdi hyjyl[14],
Kalby hassa, gorky ile jan-u dil.

---

[1] Garat – talaň, çapawullama, oljalama, garakçylyk etme.
[2] Merdum talap – kişi gözleýän, oljalama.
[3] Aheste – assa-ýuwaş, ýuwaşjadan.
[4] Olup hasm ju – duşmany gözläp, ýagyny yzlap.
[5] Rube ru – ýüzbe-ýüz, garşyma-garşy.
[6] Sahyp – eýe, hojaýyn, hökümdar.
[7] Geramy – gadyrly, hormatly.
[8] Hemşikem – bir garyndan bolan, süýtdeş dogan.
[9] Hakyr – pes, har, mertebesiz.
[10] Zelil – har, kemsidilen, pes.
[11] Eňildip – egip, eňlip.
[12] Kendüzin – özüni.
[13] Hadyw – 1) hojaýyn, eýe; 2) patyşa, hökümdar; 3) Hudaý, Taňry.
[14] Hyjyl – utançly, uýatly.

Pes[1], emr oldy serwerlere[2] şahdan,
Ki kinini[3] şir ala rubahdan[4].

Ki bir şahsa olary tabşyrlar,
Ki saklaýa ol şahs, tä soralar.

Sähergäh emir idi pür berg-u saz[5],
Olup leşger-u genç ile serefraz[6].

Any asyrda[7] besteýi kärzar[8] –
Jahan, kyldy-ýu goýmady genj-u bar[9].

Şah oldy heman azymy[10] bargäh,
Öňünje ýaýan[11] Eşrebi nik hah[12].

Salyp çignine gaşyýa[13] oldy rowan,
Ki lutfundan onuň jenandy[14] jahan.

---

[1] Pes – onsoň, ondan soň, soňra.
[2] Serwerler – serkerdeler, serdarlar.
[3] Kin – 1) duşmançylyk, ýagylyk; 2) ar-namys, aryňy alma.
[4] Rubah – tilki.
[5] Berg-u saz – doly ýaragly-şaýly, ýaragy-şaýy üpjün.
[6] Serefraz – başy dik, başy belent, howalasy ýokary.
[7] Asyr – agşam, gije.
[8] Besteýi kärzar – söweşde daňylan, söweşde baglanan.
[9] Genj-u bar – hazyna we baýlyk.
[10] Azy:m – ýüzlenme, ugrama, niýet etme.
[11] Ýaýan – pyýada.
[12] Eşrefi nik hah – ýagşylyk isleýän mertebeliler, ýagşy niýetli ulular.
[13] Gaşyýa – jul, atyň ýapynjasy, atyň eýer esbaby.
[14] Jenan – jennetler, behiştler.

Ony çok nowazyş[1] kylyp patyşah,
Diýdi: «Eý serefraz manendi mah.

Iki gözümiň nury durar ýüzüň,
Dil-u janymyň ferri[2] durar sözüň».

Ýer öpdi Melik Eşreb-u döndi şat,
Erişdi makamyna[3] ol hoş nehat[4].

Şahynşa oturdy tagta heman,
Erişip seri täji tä asman.

Buýurdy ki: «Eý serwerany sypah[5],
Ajap haldy haly Horezmşah.

Sanaýdyk ki bir syhyr perdazdy[6],
We ýa gul[7] misli hiýel bazdy[8].

Ki bir jilwe kyldy[9]-ýu oldy nahan[10],
Ýakyn [11]maňa bu iş görüner güman.

---

[1] Nowazyş – ezizleme, mähribanlyk etme, mähremlik etme.
[2] Fer – şöhle, nur, ýalkym.
[3] Makam – orun. Ýer, dereje, mertebe.
[4] Hoş nehat – hoş häsiýetli, ýagşy gylykly.
[5] Serwerany sypah – goşun serkerdeleri.
[6] Syhyr perdaz – jadygöý, jadylaýjy, jady gurujy.
[7] Gul – arwah, jyn, şeýtan, albasdy.
[8] Hiýel baz – hilegär, mekir.
[9] Jilwe kyldy – göründi, pynhan boldy, bukuldy.
[10] Oldy nahan – gizlendi, pynhan boldy, bukuldy.
[11] Ýakyn anyk, äşgär, aýan.

Fereh[1] bolnup unudyldy tereh[2],
Kamu çaldylar nobatul fereh[3].

Şahynşa bir niçe rekagat namaz –
Kylyp, şükürle Haka kyldy nyýaz.

Diýer idi kim: «Eý Daweri rastyn[4],
We eý Kärperdazy[5] dünýä-ýu din.

Maňa berdiň any ki mämuldy[6],
Sowalym meger sende makbuldy[7].

Oňa waý ki olmaýa zatyň mugyn[8],
Eýa patyşahy sema[9]-ýu zemin.

Maňa Sen zyban ber ki diýem sena,
Seni zikr edip[10], şükür kylam Saňa,

Erişdir guluňdan hezaran[11] salam,
Ilähi beruhy şefygy enam[12].

---

[1] Fereh – şatlyk, şadyýanlyk, giňlik.
[2] Tereh – gaýgy-gussa, gam, agy.
[3] Nobatul fereh – şatlyk nobaty, şatlyk nagarasy, tebili.
[4] Daweri rastyn – hakykatçyl Emin, dogruçyl Kazy, Alla.
[5] Kärperaz – işi alyp baryjy, başlyk, häkim: Hudaý.
[6] Mämul – arzuwy edilen, küýsenilýän, islenilýän.
[7] Makbul – kabul edilen, kabul edilýän.
[8] Mugyn – ýardamçy, kömekçi, medet berýän.
[9] Sema – asman, pelek.
[10] Zikr etmek – ýatlamak, doga-dileg bilen ýatlamak.
[11] Hezaran – müňlerçe.
[12] Berugy şefygy enam – adamlaryň şepagatçysynyň (pygamberiň) ruhunyň hatyrasyna.

Hem ahzab[1]-u eshab[2]-u eşýagyna[3],
Hem agkab-[4]u ehfädi[5] etbagyna[6].

## SOLTANYŇ ÝEŇIJI BAÝDAGYNYŇ ARZURUM TARAPA HEREKET ETMEGINIŇ WE ONUŇ SOLTAN TARAPYNDAN BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY

Ertesi ýyldyzlaryň şahynşasy we nurly saýýaralaryň soltany maşryk tarapyndan ýokary göterilip, jahany aýlanýan we älemi gezýän «wagt» atly [atyna] münüp, asman menzillerini söküp başlady. Soltan we Melik Eşrep garyndaşlary bilen Arzurum ülkesine tarap ýüzlendiler. Ýolda Soltanyň gulagyna:

– Düýn böwsüji goşunyň atlarynyň aýak tozundan howanyň garaňkyramagyndan peýdalanyp, horezminleriň gaçan goşunlaryndan bir bölek goşun bu beýik deräniň agzynda duş gelip, olaryň ählisi jan gorkusyndan atlary we goş-golamlary bilen ol derä döküldiler. Olaryň çykara ýollary bolmansoň, ol derä girip, ol ýerde dolup galdylar – diýip habar berdiler. Soltan ýeňiji esgerlerden bir bölek goşuna ol ýere baryp, ýagdaýlary barlap, gerekli ätiýaçlyklary ýerine ýetirmegi buýurdy. Olar ol ýere baryp görseler, ählisiniň ruhy galybyndan çykyp, ahyrete ulaşypdyr. Käbiriniň atlary we dowarlary[7] hem heläk bolupdyr. Olaryň bar bolan ýaraglaryny,

---

[1] Ahzab – toparlar, ýaranlar.
[2] Eshap – egindeşler, ýaranlar.
[3] Eşýag – ýaranlar, yzyna eýerýänler.
[4] Agkap – yzynda galanlar, perzentler, nebereler.
[5] Ehfat – agtyk, çowluk , nebere.
[6] Etbag – yzyna eýerýänler, tabynlar, boýun sunanlar.
[7] Dowar. Şu eserde «dowar» sözi goýun-geçi manysynda däl-de, ulag we ýük maly hökmünde ulanylýar.

gurallaryny we donlaryny alyp, jüpbehana getirdiler. Olaryň atlaryny we donlaryny özleri aldylar. Soltan Melik Eşrep bilen bagtyýar bolup we jylaw deňläp, dik depedäki güneş kibi, şatlyk bilen menziline ýetdiler. Ertesi diniň we döwletiň ýüzlerini güldürýän şadyýan baýramçylyk jahany bezeýjiniň ýüzünden nikabyny göterdi. Aý, soltan tugrasynyň[1] ýaýjygy kibi, asmanyň bir burçundan peýda boldy. Daň säherinde Şam ululary we begleri eýýam şasynyň bargähiniň hyzmatyna geldiler. Pespällik ýüzüni uly tagtyň öňünde ýere goýdular. Soltan tagtyndan düşüp, olary garşylady. Tagtyň ýanynda häzir edilip goýlan kürsiniň üstünde oturdy. Beýleki begler we melikler hem öňki adatlary boýunça ýerli-ýerinde oturdylar. Şerbetler içilenden soň, baýram üçin bezelen saýlama atlara mündi we melikler bilen meýdana bardy. Meýdançadaky alplar, batyrlar, pälwanlar, tanymallar, söweş hünärmentleri batyrlykdyr gaýduwsyzlyklaryny görkezýän kement oklamak, naýza oýnamak, gabak atmak, at oýunlaryny ýerine ýetirmek ýaly dürli ussatlyk hünärlerini we sungatlaryny ýerine ýetiripdiler. Ondan soňra Soltan, Melik Eşrep we Şamyň beýleki begleri namaz okalýan ýere bardylar. Däp bolan adata görä, ýeke-täk Sygynylýana, hakyky Patyşa, ýok bolmaýan Soltana, beýikligiň Eýesine ybadat düzgünlerini ýerine ýetirdiler. Sadakalar ýagyş damjalary kibi saýyllaryň üstüne ýagyp başlady. Ondan soňra soltanyň saçagynyň başyna üýşdüler. Tagamlar iýlip, hoşboý ysly şerbetler içilenden soň, melikleriň we serdarlaryň her haýsy öz çadyrlaryna bardylar. Öz nökerlerine, hyzmatkärlerine hersiniň öz derejelerine laýyklykda halat we serpaýlar berdiler. Ikindi wagtynda soltan on sany şalyk halady, zer bilen bezelen owsarly we gerdentbentli on sany gymmatbahaly saýlama aty Melik Eşrebe

[1] Tugra - türkmen sözi bolup, häzirki möhüri aňladýar. Soltanlar tugrany permanlarynyň ýüzüne urupdyrlar.

we gardaşlaryna ugratdy. Olary nowruz kibi bezelen, älemi ýagtyldýan bezmine çagyrdy. Ol şeýle bir bezm bolup, onuň beýanyny geçen asyrlardan galan süňkleriň we galyndylaryň üstünde gürrüň etseler, olar derrew direlerdi. Jesetleriň direlýändigine ynanmaýanlar bozuk ygtykadyndan dänip «çüýrän süňkleri direldýän Hudaý ähli aýp-nogsanlykdan päkdir»[1] aýaty okardylar. Kümüş endam sakylar küýzedir käseler bilen lezzetli, sap we köne şeraplary şatlyk bezminde we eşret mejlisinde aýladylar. Aýdym diňlemek zowkundan ol şalyk bezmi içre danalar hoşwagt boldular. Söhbetdeşler agyr, doly käseleri biri-biriniň saglygyna içip, ýarygijä çenli şerap noş etmäge, çeň, barbut we rubap owazyny diňlemäge meşgul boldular. Arap melikleri turup, çadyrlaryna ugranda soltan hem dynç alýan jaýyna we bagtyýar düşegine baryp, rahatlandy.

**Beýt**

Ufukdan[2] ýene subh[3] gösterdi rah,
Deri[4] şahda sap-sap oldy sypah.

Rowan oldy gün kibi çetri syýah[5],
Düşüp gitdi sähra-ýu daga sypah.

Arzuruma ýetenlerinde, şäher içindäki begler derwezeleri berkidip, goranmaga we gaýtawul bermäge bilini berk

---

[1] Gurhanyň 36-njy süresiniň 78-nji aýaty. Bu aýaty az-kem üýtgedipdir. Ol şeýle bolmaly: Ol bize: «Çüýräp giden süňkleri kim direldip biler?» diýip, mysal getirdi-de, özüniň (bir damja suwdan) ýaradylandygyny unudaýdy».

[2] Ufuk – gözýetim; älem, jahan.

[3] Subh – daň, säher.

[4] Der – gapy, işik.

[5] Çetri syýah – gara çadyr.

guşadylar. Soltan Meligiň[1] sözüne ynam edip boljak ynamdar adamlaryndan bir ynamly kişini şähere ibermegi, Meligiň dilinden olary soltanyň tabynlygyna we etagatyna çagyryp, wadalar we haýbat bilen, wagyz etmegi we howuny basmagy buýurdy. Soltanyň hökümi esasynda, Melik özüniň ýakynlaryndan birini soltan begleriniň biri bilen şonuň ýanynda şäheriň ulularyny Soltanyň tabynlygyna çagyrmak üçin şähere gönderdi. Olar ol babatda yhlas edip şäherdäkileri ýaraşyk ýoluna getirmek üçin kä gaty, kä ýumşak sözler sözlediler. Boýun egdirijiniň ähli buýruklary kabul edilip, boýun bolup: «melige, gardaşlaryna, beglerine we tabynlarynyň tenlerine we janlaryna zyýan ýetirmesinler, geçmiş günäleri ötsünler, günämizi ýüzümize basmasynlar, Soltanyň kömekçileriniň we kätipleriniň elleri ählimiziň esbaplarymyza we mallarymyza uzamasyn» diýip şert goýdular. Soltan olaryň islegi bilen ylalaşyp, hat bilen kasam etdi. Howpsuzlyk we ähti-peýman baradaky namany ýazdylar we olara gönderdiler. Okanlaryndan soň Hümämeddin Jandar we şäheriň galan begleri soltanyň hyzmatyna geldiler. Soltan hezretine boýun we tabynlyklaryny bildirip, elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Soltanyň sanjagyny şähere eltdiler we küňräň üstünde dikdiler. Ertesi gündogar şemi zulmat çadyryny jahan bezeýji nury bilen nurlandyranda, soltan älemi eýeleýji altynsöw atyna, on dördi gijäniň nurly aýy kibi atlandy we bulutdan çykan aý kibi köşk gapysyndan daşary çykdy. Müňlerçe zynat we dabara bilen Melik Eşrep we gardaşlary ykbal we döwlet kibi beýik jylawynyň hyzmatynda pyýada ýörediler. Soltan eýwana girende, Melik Eşrep we gardaşlary sypanyň öňünde sap çekip, garşysynda gol gowşuryp durdular. Soltan biraz wagt sypanyň gyrasynda oturdy. Iki tarapyň begleri, sag we sol ululary

[1] Bu ýerde ýokarda ýesir edilip tutulan Arzurumyň meligi Melik Rukneddin göz öňünde tutulýar.

ellerini hyzmat guşagyna urup durdular. Ondan soňra soltan turup, Melik Eşrebiň elinden tutup, hylwat otagyna girdi. Begleri, melikleri we sazandalary häzir etdiler. Ol gün aýşy-eşret we bagtyýarlyk lezzetine meşgul boldular. Meýiň humary ruhlaryny joşduryp, söhbetdeşleriň aňlaryna täsir etdi. Soltanyň ýüzünde şatlyk we şadyýanlyk alamatlary peýda boldy. Melik Eşrep Arzurumyň patyşasy Melik Rukneddiniň günäsiniň ötülmegi üçin ör turdy. Beýleki gardaşlary hem oňa eýerip, bile turdular. Soltan olaryň dilegini kabul edip, amanlyk berýän ýüzügini berdi. Ertesi başdan-aýagyna çenli agyr halat, köp altyn, pul, bir saýlama çapuw bedewi Melik Eşrebe gönderdi. Melik Eşrep ony Melik Rukneddine berdi we ol Melik Eşrep bilen gelip, soltanyň elini öpdi. Soltan nesihat ýüzünden oňa mähribanlyklar etdi. Aksaraý ülkesini oňa, Eýýuphysary bolsa gardaşyna mülk edip bagyşlady. Soň olary hormat bilen Aksaraýa we Eýýuphysara ugratdy.

Soltan ýeňiji esgerlerden bir bölek goşuny Ahlata we ol töweregiň habarlaryny bilmäge ugratdy. Soltan Jelaleddiniň kömekçileri bu wakany eşidip, şäheri boşadyp, gaçypdylar. Olar Ermeni welaýatyny taşlap, Arrana ugrapdylar.

Soltan tutuş bir aýlap Melik Eşrep, beýleki begler we melikler bilen aýşy-eşrete, top oýnuna we awa meşgul boldular. Ondan soňra Melik Eşrebe ýüzlenip:

– Melik, saňa Ermeni welaýatyna barmak gerek, ol diýarda peýda bolan weýrançylygy we haraplyklary parasat we gaýduwsyzlyk bilen düzetmek we bejermek gerek – diýdi. Soňra Soltan Eýwany welaýatyny Gürjüstan welaýatyndan birküç sany gala bilen bilelikde Melik Eşrebe mülk edip bagyşlady. Melik Eşrep soltanyň elini öpdi we ondan bu baradaky we Ermeni welaýaty baradaky permany sorady. Soltan Melik Eşrebiň örän pespälligine, parasadyna guwanyp

we minnetdar bolup, yhsanlar bilen haýyşyna görä perman hatyny ýazyp berdi.

Emir Şemseddin Altyn beg Çaşnygiri bäş müň hanjardar atly bilen Meligiň hyzmatynda-huzurynda, Ahlat tarapa garaşylmadyk wakalar üçin iberipdi.

Melik Eşrebe aşakdaky görnüşde serpaý berdi.

### Beýt

Du set[1] halat-u esbi zerrin legam[2],
Hem aý ýüzlülerden keniz-u gulam.

Ýüz at-u, ýüz ester[3] kamu namdar,
Dahy ýüz nefer[4] berde simin yzar[5].

Düýe müň, dahy ýükleri sazy jeň[6],
Ki bar sazdan onda her dürli ýeň.

Ki her jynsdan rumy diba[7] hezar[8],
Kim eder ony, ki üşledi[9] şähriýar.

Du set[10] surra[11], pür kiseýi Keýkubat,
Kim eýlär bu bedeli[1] meger şa Myrat.

---

[1] Du set – iki ýüz.
[2] Esbi zerrin legam – altyn uýanly at.
[3] Ester (astar) – gatyr.
[4] Nefer – 1) adam; 2) sany.
[5] Sumin yzar – kümüş ýüzli.
[6] Sazy jeň – söweş esbaplary, uruş gurallary.
[7] Diba – don, çäkmen.
[8] Hezar – müň.
[9] Üşledi – üleşdirdi, böldi, paýlady.
[10] Du set – iki ýüz.
[11] Surra – altyn-kümüş salynýan gapjyk.

Dahy tuşa[2] üçin on anbar pür,
Kamu nowgy[3] habbatdan[4] misli dür.

Melik Eşrep üçin şahy namdar,
Beripdi bihet kylyp ygtyzar[5].

Bu gez başly-başyna her serwere[6],
Her iş görmüş ynsan-u nam awere[7].

Berip harjy-ýu halaty şahwar[8],
Gany[9] oldy her merdumy namdar[10].

Dahy Rumy diba-ýu tyg-u negin,
Latyf[11] atlar bile zerrine zin[12].

Dahy uddaýy[13] bezmle sazy jeň[14],
Buýurdy kamu nökere reň-reň.

---

[1] Bedel (bezl) – sowgat, peşgeş, bagyş etmek.
[2] Tuşa – iýmit, azyk.
[3] Nowg – dürli, görnüş.
[4] Habbat – däneler, däneli azyklar.
[5] Ygtyzar – ötünç dileme.
[6] Serwer – serkerde, serdar, baştutan.
[7] Nam awer – atly, abraýly, at gazanan.
[8] Şahwar – şahana, şalara laýyk.
[9] Gany – baý, gurply.
[10] Merdumy namdar – atly-abraýly kişiler.
[11] Latyf – nepis, näzik, gözel.
[12] Zerrine zin – altyn eýer.
[13] Udda – serişde, esbap.
[14] Sazy jeň – uruş guraly, söweş serişdesi.

Seri kiseýi hysrowy etdi zir[1],
Sypah-u sipehdar[2]y hep[3] kyldy sir[4].

Ertesi Melik Eşrep we gardaşlary soltanyň bargähine geldiler. Sansyz engamlary üçin elini öpmek hormatyna mynasyp boldy. Soltan olardan ötünç diledi we şalara laýyk wadalar we gymmatbahaly zatlar berdi. Soň saýawany we sanjagy bilen atlanyp, ugratmak üçin olar bilen bilelikde esli ýol geçdi. Ondan soňra Melik Eşrep we gardaşlary atdan düşdüler we soltanyň üzeňňisini öpüp, köňül myrady bilen soltana hamdy-sena aýdyp, emir Şemseddin Altyn beg bilen ýola düşdüler. Soltan olardan aýrylanyndan soňra, bir hepde ol ýerlerdäki galalaryň häkimleriniň we emeldarlarynyň gelip, ýagdaýlaryny, möhüm işlerini, öz maksatlaryny arz etmekleri üçin saklandy. Emeldarlar gelip möhüm işlerini arz etdiler. Ammarlaryny, jüpbehanadyr gala esbaplarynyň ätiýajyny görüp, egsigini we geregini bitirdiler. Ol ýurtlaryň wezipelerini mynasyp kişilere tabşyrdy. Dergähiniň ähli ygtybarly adamlaryna, beglerine, harby adamlaryna, hyzmatkärlerine dürli engamlar we gözel zatlar bagyşlady. Emläk, başga ýurtlardan mülkler, at don berip, barly, horram we baý etdi. Soň buýurdy:

– «Allatagala öz mülküni islän adamsyna bagyş edýär»[5] diýen aýata laýyklykda, [Allatagalanyň özüniň gaýyp] hazynasyndan bize akdyran bu baýlyk-serpaýlarynyň şükranasy üçin daş-töwerekdäki meliklere we patyşalara

[1] Seri kiseýi hysrowy etdi zir – şalyk gapjygynyň agzyny aşak tutdy (içindäki gyzyllary dökdi).

[2] Sipehdar – goşunbaşy.

[3] Hep – hemmesi, ählisi.

[4] Sir – dok.

[5] Gurhanyň 2-nji süresiniň 247-nji aýaty.

aýratyn, ýurduň ülkelerine bolsa umumylykda ýeňişnamalar ibersinler. Olary döwlet serişdeleriniň [artandygyndan], bagtyň ýardam edendiginden, mertebedir derejämiziň göterilendiginden, patyşalyk esbaplarynyň düzgün-nyzam tapandygyndan, Ilähi bereketleriň we bagyşlamalaryň köplüginden habarly etsinler. Alysdaky we ýakyndaky bu söýünji bilen şatlandyrsynlar we begendirsinler.

Sahyp Şemseddin Muhammet Yspyhany şol döwürde ýurduň hazynaçysy we tugraçysydy, ýagny çykdajy depderleri ýöredýänleriň başy we möhür (tugra) goýujysydy. Ol Erbiliň hökümdary Muzaffareddin Ala bir hat ýazdy we: «Ony patyşa okap görsün, düzetmeli ýeri bar bolsa düzedip, owadan hat bilen kagyza geçirtsin» diýip, ol hatyň garalamasyny patyşa iberdi. Ol hat şeýledir:

«Hakykatdan hem biz (Lowhul-mahfuzda) zikr edenden soň, Zeburda «Elbetde, ýerde Meniň salyh bendelerim mirasdar bolarlar» diýip ýazyp goýandyrys»[1]. «Bize beren wadasyna rast bolan Allaga hamdy-sena bolsun!»[2]. Beýik şa, belendiň beýigi, alym, adyl, ýardamçy, ýeňişe eýe bolujy, söweşiji, serhet goragçysy, dine we döwlete ýeňiş alyp beriji, yslamyň we musulmanlaryň sütüni, kapyrlary we müşrükleri ýok ediji, gozgalaňçylary we topalaňçylary dargadyjy, din ýolunda söweşijilere kömek ediji, Allany bir bilýänleriň goşunyna ýardam ediji, halypalygyň ýaragy, ýolbaşçylygyň naýbaşysy, patyşalaryň we soltanlaryň güneşi bolan [Soltanyň] beýik Samy mejlisi gowy habarlardan lezzet almakda hem-de şatlykly we buýsançly hoş habarlary eşitmekde ýyllar boýy galsyn. Şatlyk ilçisi siziň hormatlyňyza tarap hatar-hatar we hökmürowanlyk akymy seniň giň dergähiňe yzy üzülmez köp dogaýy-salam ýetirýändirler. Şu habar siziň şowkly

[1] Gurhanyň 21-nji süresiniň 105-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 39-njy süresiniň 74-nji aýaty.

huzuryňyza ýetirilýär: Horezmliden üstün çykyp, näbelli Arzurumy we onuň dogany ýesir alnyp, hanlardyr patyşalar we pälwanlardyr emirler iki sany öldürilen we ýesir düşen toparlara bölünip, galan goşuny dowzaha we oda ugradansoň, ýeňişe eýe bolujy goşundan (Alla olara ýeňiş nesip etsin!) bir topary şol «Olar edil şirden gaçan gorkak eşekler kimin»[1] bolan gaçaklaryň yzyndan «Gaçalga nirede?»[2] diýen habar bilen iberdik. Olar Ahlatyň derwezesine çenli şol toparyň läşini wagşy guşlar we haýwanlar üçin ýere serdiler we ýeri olaryň ganlary bilen lälezarlyk düşegine öwürdiler. Ol ýardamsyz söweş meýdanynyň şirleriniň söweşinden tilki hilesi bilen gaçdy we özüniň nädogry pikiri bilen müňlerçe bigünä adamyň öldürilmegine sebäp boldy.

«[Bu aýatlar] kapyr kimselere diňe zyýany artdyrar»[3]. Biziň beýik goşunymyz (Alla olary [kyýamatda] beýikler bilen bile turuzsyn!) başgün Arzurum diýen ýeri öz merkezleri edip, ýeňişe eýe bolujy leşgerimiz tegelek çyzgy ýaly bolup, ony gabadylar. Şäherdäkiler we olaryň goşunlary topalaň edip, öz sanlaryna we ýarag esbaplaryna buýsandylar. Olar ellerine ok-ýaýlaryny alyp, galalarynyň berkligi we söweşijileriniň köplügi bilen biziň haýbatymyzy dep ederler öýdüp güman etdiler. Göz açyp-ýumarça wagtyň içinde batyr-edermenler peýkam atmak bilen şäher bilen günüň arasynda bürgüdiň ýeleginden perde ýasadylar. Şol diwanalaryň göwrelerini we ol pes adamlaryň bedenlerini gala diwarynyň küňrelerinden heýkel ýaly edip asdylar. Haçanda, pelek mähri (güneşi) günbatar sährasyna tarap jylawyny çekip, «Hatda [Kuýaş] perdäniň arkasyna geçipdir»[4] diýen ýere gaçmaga ýüz uransoň, şam (agşamy)

---

[1] Gurhanyň 74-nji süresiniň 50-51-nji aýaty.

[2] Gurhanyň 75-nji süresiniň 10-njy aýaty.

[3] Gurhanyň 17-nji süresiniň 82-nji aýaty.

[4] Gurhanyň 38-nji süresiniň 32-nji aýaty.

goşuny ýas tutmaklyk üçin Kehkeşanyň (Armaýanyň ýolunyň) düşeginde oturyp, ýedigenler ýaly küňreleriniň töwereginde Süreýýa (Ülker) ýyldyzy ýaly ellerini biri-birine bagladylar we şäheriň ýas tutujylary «el-aman» diýip perýat edip, biri-birlerine çatylyşdylar. Eger biziň patyşalyk merhemetimiz olary hemaýat egnine we enaýat kölegesine almadyk bolsa, onda «Eýsem säher ýakyn dälmi?!»[1] diýen söz «Ol jaýlary astyn-üstün edip goýbererdik»[2] diýen söz bilen bilelikde olar «Ony tozan [ýaly] seçip goýandyrys»[3] diýen tozan bilen hemra bolardy. Perwerdigäriň merhemetleri asmany hoşbagtlylygy Süleýmanyň mugjyzasy görnüşinde «Olary maňa gaýtaraweri!»[4] görnüşde ýetipdi we dagyň depesine ýetýän baýdakdaky aý nyşanynyň şöhlesi şäheriň galasyny basyp aldy. Arzurum «Ýer Perwerdigäriň nury bilen nurlandy»[5] bezegi bilen bezendi we hoşgüni irden «Bu meniň öňki gören düýşümiň ýorgudydyr. Perwerdigärim ony rast kyldy»[6] diýen mazmuny we «Gapylary açyldy»[7] diýen buşlugy gelip ýetdi.

Musulmanlaryň ýüreginiň dänesi we ynsanlaryň gözleriniň garasy bolan ýeňiş nyşanly sezewar saýawan (Alla ony ýeňişe eýe etsin!) mähremlik we yhsan saýasyny şähere ýazdy we Arzurum otuz bäş sany gala bilen bilelikde diwanyň hasabyna geçdi. "Ermeni şasy Melik Eşrep Muzaffareddöwle Weddin we Melik Muzaffar Şyhabeddin Gazy özüniň ýyldyz ýaly on iki ogly bilen beýik kürsi bilen (Alla ony azamat we haýbat bilen ulaltsyn!) şähere ýüzlendiler we «Enşaalla,

---

[1] Gurhanyň 11-nji süresiniň 81-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 11-nji süresiniň 82-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 25-nji süresiniň 23-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 38-nji süresiniň 33-nji aýaty.
[5] Gurhanyň 39-njy süresiniň 69-njy aýaty.
[6] Gurhanyň 12-nji süresiniň 101-nji aýaty.
[7] Gurhanyň 39-njy süresiniň 73-nji aýaty.

Müsüre dynç-aman giriň»[1] diýip jar çekdiler. Emirlik döwletiniň janköýerleri göz-göreçleri we huş-gulaklary bilen keramatlary gördüler we eşitdiler. Horezmliniň jadysyna gulak salan we başgalaryň aldawlary bilen bize ters we garşy çykan nadan betbagt Arzurumy puşmanlyk topragynda bulaşdy, başga bozuklaryň boýnuna günäni oklap, ýesirlik tussagyna we zelillik kemendine duçar boldy. Bu mübärek ýörişde beýik patyşanyň Samy mejlisiniň hümmetiniň bereketi bilen musulmanlyga çagyrylan we ugrukdyrylan, emma öz pällerine görä, älem-jahanyň düzgün-tertibini bozmakda dalaş eden bozgaklaryň we mynapyklaryň (ikiýüzlileriň) köklerini gyrmaga we olardan ýetjek zyýanlary ýok etmäge Allatagalanyň kömeginden giňden umyt edilýär. Samy mejlisiniň erkinlikde bolsun, kynçylykda bolsun hemişe bu işlere gatnaşyp, paýly bolany üçin ony bu gowy nygmatdan ägä etmegi özümize wajyp hasapladyk. Bu mejlisiň şu buşlugy eşidip, uly paýa we güýçli şatlyga eýe bolar we özüniň teklipleri bilen möhüm işlere ugrukdyrma (itergi) berer diýen tama bar. Onuň tabşyryklary ýerine ýetiriler, enşaallatagala».

Haçanda, [bu haty] Soltan hezretleriniň huzuryna eltenlerinde, Soltan haty okady. Özleriniň ömürlerini bu sungatyň inçe syrlaryny we hakykatlaryny seljermäge sarp eden galam ýaranlary we kelam eýeleri garşylyk görkezip, düzediş girizmegi teklip etdiler. Garşylyk görkezilen zatlaryň biri şeýledi: Ajam we Gündogar ýurtlarynyň köpüsi, käbir arap diýarlary Soltan Muhammet Tekeşiň ogly Jelaleddin Horezmşanyň hökümi astyndady. Ýedi ýüz müň hunhor tatar goşuny onuň ardyna düşüpdi we onuň kastyndadylar. Ol niçe ýerlerde tatar goşuny bilen söweş we jeň edip, tatar saplaryny döne-döne ýyrtypdy. Bärini aňry, aňyrsyny bäri gatypdy.

[1] Gurhanyň 12-nji süresiniň 99-njy aýaty.

Rüstemiň adyny durmuş sahypasyndan öçüripdi. Halypalyk diwanyndan «şähriýary jahandar» diýip lakam tapypdy.

Onsoň olar:

– Seljuk neslinden patyşalyk baglarynda onuň kibi bir serwi ösmedik, Arzurumyň meligi bolan Rukneddin Jahanşa hem-de Şam melikleri öz yklymlaryndan jemlenişip, biziň ýardamymyza geldiler we munça mal we hazyna harç boldy. Onsoň şeýdip Allatagalanyň ýardamy bilen olara jogap berip bildik. Şonuň üçin olara goldawsyz galanlar we nam-nyşansyz diýmek maslahat däldir – diýdiler.

Onsoň arabozujy gybatçylaryň gybaty sebäpli patyşanyň dergähinden kowlan Mahmyt weziriň ogly söz patyşalarynyň ýüregi Nyzameddin Ahmet Aryz Arzynjany bu ýeňiş üçin bir garalama ýazyp, älemiň başlangyjyndan Adam oglunyň ýok bolmagyna çenli «galam we gylyç eýesi» lakamy ondan gaýra laýyk bolmajak Kemaleddin Kamýaryň hyzmatyna eltdi. Okap, Soltan huzuryna arz etdi. Soltan begendi (oňlady) we tugralyk derejesini Sahyp Diwan Şemseddinden alyp oňa berdi. Ol ýeňiş hatynyň garalamasy bolmady. Şonuň üçin ýeňiş hatlary ýazylyp, etraplara we sebitlere ugradyldy. Soltan ol taraplaryň möhüm işlerinden dynanyndan soň, Kaýsaryýä ýüzlenip, asudalyk we parahatçylyk ýoluny bütin älemdäkilere açdy we ýörişi karar etdi. Ol Kaýsaryýä baryp ýetende, ol ýerde bir hepdäni adalatlyklar etmäge meşgul bolup, ezilenleriň dadyny alyp berdi. Obalarda, awda we dynç alynýan ýerlerde seýran edip gününi geçirdi.

## ALAÝÝÝANYŇ HÄKIMINIŇ DÖNÜKLIK ETMEGINIŇ WE OL BABATDA TEMMI ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu wagtda birden Alaýýýanyň häkiminiň kömekçilerinden we eminlerinden soltana:

«Eger älem soltany tiz gelip ýetişmese, Alaýýýanyň hökümdarlyk uýany soltan döwletiniň gullarynyň ellerinden gider. Nälet siňmiş, teni duzlanmyş şäher häkimi gadyr bilmezlik edip, amanata hyýanat edip, şäheri amanata hyýanat edip, goramak ýolundan ýüz dönderdi. Ol tekepbirlik we ulumsylyk bilen dolup-daşyp, aňy zaýalanypdyr. Ol kiprliler bilen gatnaşyk edip, Soltanyň ähdi-peýmanyndan ýüz döndermek isledi» – diýlen hat gelip ýetişdi. Soltan bu sözleri eşidende haýran bolup, pikire batdy. Aýtdy:

– Bu köne çarhyň gerdişinde munuň kibi bir iş hiç kime nyşan beren däldir. Munuň kibi wakany hiç kim eşiden däldir. Bir pes garyby göterip, onuň kibi mertebä ýetirdim. Ol hem ahyrynda biwepalyk pikirini edýär. Onuň hiç bagyşlanmasy bolmaz.

Derrew ýaranlaryndan we ýakynlaryndan birküç ynamdar kişi bilen ýel ýaly gidýän, Şemama atly gatyra mündi. Üç günden soňra Alaýýýa ýetdi. Bu işi bilmediksirän bolup, gizlinlik bilen: «Bu bahyllaryň we duşmanlaryň mekirligi we hilesi bolaýmasyn. Şäher häkimi soltanyň syýasatynyň badasyny datsa, patyşanyň gazaby onuň dirilik riştesin üzer. Ol wagt puşman peýda etmez» diýip, bu işi anyklamaga meşgul boldy. Şäher häkiminiň haýyndygy we biwepadygy anyk mälim bolandan soň, ýene: «Begler, soltanyň kömekçileri we kätipleri bu meseläni adamlaryň öňünde derňäp anyklasynlar» diýip buýurdy. Onuň işinden habarly galanyň goragçylary, ynamdar we takwa kişileri häkimiň eden işlerini we sözlerini ýüzüne aýtdylar. Olar sözüni deliller, şaýatlar we subutnamalar

bilen berkitdiler. Begler we ulular şäher häkiminiň jenaýatyny we hyýanatyny takyklamak bilen: «Galanyň ygtybarly adamlarynyň sözleri hakykatdyr, çyndyr» diýip, Soltana arz etdiler. Derrew jellatlara buýurdy welin, ony tutup aýagyndan süýräp, alyp gitdiler. Para-para edip, her agzasyny galanyň bir diňinden asyp goýdular. Bu hadysada onuň bilen pikirdeş we syrdaş bolan adamlar-da jeza almakda hem oňa şärik boldular.

Kenarýaka melikleri bu ýagdaýy eşitdiler. Bu syýasatyň betbagtçylygy we bu temminiň hekaýaty olara ýeteninde, olar her tarapdan paç we hyraç täçdir tagtyň eýesi bolan Soltanyň dergähine gönderdiler. Soltan iki aý ol ýerde aýşy-eşrete we bagtyýarlyga meşgul boldy.

### Beýt

Jahan şeýle kim doludy harb-u rezm[1],
Bu gez berdi aýş ähline dady bezm.

Onuň kibi gösterdi ýüz horramy,
Ki olardy mest, içmeden adamy.

Iýmişli daragt eýledi dilefruz[2],
Ki şeb olmuşdy onda manendi ruz[3].

Suwy idi kamu misli röwşen gülap,
Sana sen, içindedi hally[4] müşki-nap.

---

[1] Harb-u rezm – uruş we söweş.
[2] Dilefruz – ýüregi joşdurmak.
[3] Manendi ruz – gündizlik ýaly.
[4] Hall – goşmak, garmak.

Açylmyş ferawan[1] gül reň-reň,
Zülal akdyraýdy her hara seň[2].

Zemindi hür nerkesi arguwan,
Sanadyň pelekdi doly ahtaran[3].

Şah asuda oldy onda ol nowbahar.
Gähi jam gäh top-u gähi şikar.

Soltan ol ýerden gaýdyp, Antalyýa geldi. Kyrk gün onda şadyman we horram bolup, saz, bilbil we guşlaryň owazyny diňlemek bilen ol wakalary unutdy. Ondan soňra Kubadabat atly ymaratyna, bag we bossanyna tarap ugrady.

Behişt meýdançasyna düşledi,[4]
Behişt bagy onuň ýaly bag bolmandy.

Etraplaryň we sebitleriň begleri çar tarapdan soltan hezretiniň gapysyna ugradylar. Olar sansyz sowgatdyr serpaýlar getirdiler. Soltan gije-gündiz bezm we eşret edip, yhsan etmäge we bendeleriniň göwnüni awlamaga meşgul bolardy. Onuň buýrugyna görä, goşunlar tutuş bir ýyllap asudalykda watanlarynda we mesgenlerinde rahatlyk bilen gün geçirdiler. Halypadan, Melik Kämilden, Melik Eşrepden we beýleki etraplaryň meliklerinden Soltanyň dergähine ilçiler gelerdiler. Hormat we sylaglanyp mähribanlyklar görüp, hatyralanyp, öz maksatlaryna ýetmek bilen yzlaryna dolanardylar.

---

[1] Ferawan – köp, bol.
[2] Hara seň – gaty gara daş, granit.
[3] Ahtaran – ýyldyzlar.
[4] Bu beýt parsçadan sözme-söz terjime edildi.

## MONGOL GOŞUNYNYŇ ÖŇ HATARYNYŇ SIWAS ÜLKESINE ÇOZUŞ ETMEGINIŇ BEÝANY

629-njy ýylda ýolbaşçysy Jürmagun noýan bolan bir bölek tatar goşuny Siwas ülkesindäki Ahmetrahat kerwensaraýyna çenli çozup gelip, ony taladylar. Köp halaýyk we dowar ýesir etdiler, öldürdiler, gul etdiler we taladylar. Bu habar soltanyň gulagyna ýetende, howsala düşdi, tolgundy. Onsoň derrew Kemaleddin Kamýara buýurdy:

– Gapydaky taýýar duran goşuny, gullary, hyzmatymyzdakylary ýarag we esbaplary bilen alyp, ýöriş et. Bu ody öçürmäge, bu wakany dep etmäge, akyl we parasada laýyklykda hereket et.

Emir Kemaleddin ýola rowana boldy. Ol Siwasa ýetende mongol goşunynyň garawullarynyň öň hatardaky bölüminiň yzyna dolanandygyny bildi. Goşunlar olaryň yzyndan ätiýaçlylyk bilen gözleg, aňtaw edip, gorky we gizlinlik bilenArzuruma çenli bardylar. Mubaryzeddin Çawly beg ol ýeriň häkimi we goşunbaşysydy. Onuň bilen bu işler barada maslahat etdi. Ol aýtdy:

– Mongol goşuny yzyna dolandy. Olaryň yzyndan barmak maslahat däldir. Gorky gubaryny zyýada etmeklik hem akyldan we huşdan daş görner.

Soň birküç gün ol ýerde boldy. Etraplara we welaýatlara ýagdaýlary bilmek üçin çaparlar we jansyzlar ugratdy. Olar: «Mongol goşuny azmyş. Ätiýaçlyk üçin talan we ýesir alan ähli zatlaryny öňünden iberipdirler. Özleri tizlik bilen öz ýerlerine dolandylar» diýip, habar ýetirdiler. Bu habar geleninden üç gün soňra galalaryň häkimlerinden we şäher häkimlerinden çaparlar gelip:

– Mongol goşuny Ýunus derbendinden geçip, Mugana gelip ýetdiler – diýip, habar getirdiler.

Kemaleddiniň ol ýerde saklanan wagtynda ýurduň ähli goşunlary oňa birleşdiler. Arzurumda köp agyr goşun we sansyz topar ýygnandy. Begler ýene-de jemlenişip, maslahat etmäge oturdylar. Olar: «Mongol goşuny saklanmady. Öňki gezek ilkinji tanyşlykda goşunyň azlygy sebäpli hereket etmedik. Häzir köp goşun toplandy. Häzir pikir eden zadyňy aňsatlyk bilen ýerine ýetirmäge mümkinçilik bardyr. Bir iş etmezden, bir gullugy ýerine ýetirmezden yza dolanmaklygyň hajaty ýokdur. Eşidişimize görä, mongollaryň Ruma ýöriş etmegi seçip almagynyň sebäbi, Abhaz melikesi Rasudany aldawa salmak we azaşdyrmakdyr. Bu bahana bize ýeterlikdir» diýen netijä geldiler.

## SOLTANYŇ ESGERLERINIŇ GÜRJI DIÝARYNA GIRMEGINIŇ WE ONUŇ GALALARYNYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Emir Kemaleddine we Emir Mubaryzeddin Çawly bege bu pikir kabul ederlikli we bu garaýyş laýyk hem-de mynasyp göründi. Galany alyş we gabaw gurallaryny: manjanyk, arrada, ýakyjy, deşiji, gazyjy, we kement oklaýjy gurallary, ähli jüpbehana esbaplaryny we serişdelerini tertibe saldylar. Ýurduň ähli ýerinden gelen pyýada goşuny az görüp, ýene-de bäş müň pyýada goşuny hakyna tutdular. Köp we sansyz goşun bolup, Gürjüstan welaýatyna ugradylar. Bir hepdäniň içinde ol diýary şähriýaryň esgeriniň ot ýagdyryjy almaz tygy bilen tary-mar etdiler. Dabarasy dag aşan, beýikligi asman bilen barabar, binalarynyň düýbi ýer astyndaky balyga berkleşen otuz sany atly we meşhur galany gan saçyjy gylyjynyň zarby bilen aldylar. Agyr gürzi we ýiti gylyç bilen ol gürjüleriň

başyna kyýamat gününi gopdurdylar. Dagy we düzi gürji jesetleri bilen doldurdylar. Ol ýyl Abhazda we Gürjüstanda Soltanyň goşunlarynyň eline düşen oljanyň hetdi-hasaby ýokdy. Ol ýerden goşuny Hah tarap çekdiler. Ol günäkärler üýşen galasyna manjanyk daşlary atyldy. Dördünji gün Hakyň ýardam bermegi bilen we Soltanyň döwletinden ol galanyň içindäki melgunlaryň ýüreklerine bir howsala düşdi welin, gorkularyndan agaç ýapragy kibi titrediler. Jahan pälwanyndan aman dilediler. Jahan pälwany olara aman berdi. Olary ogul-gyzlary bilen şäherden çykardylar. Soltanyň ýeňşi bezeýän baýdagyny galanyň üstüne çykardylar. Bu möhüm iş tamamlanandan soň, Nahaha tarap gitdiler. Giň jahan galadakylaryň gözüne top daşynyň, haýbatyndan ýaňa garynjanyň we ýylanyň gözünden dar göründi. Dört gije-gündizläp goşun çekirtge we ary kibi bihaýa kapyrlary top, arrada we manjanyk okuna tutdular.

Bäşinji gün ýyldyzlar şasy özüniň älemi tutýan nuruny ýakyndakylaryň we alysdakylaryň üstüne ýaýanda, kalby juwan, dili senaly bir tersa ruhany begler begi Kemaleddin Kamýaryň hyzmatyna geldi.

Diýdi kim: «Umydy zaman sen bu gün,
Kamu arzuwyýa nyşan sen bu gün.

Bu bir galadyr sahyby[1] zor-u tap[2],
Ki üstünden onuň uçaýmaz ukap[3].

Bize pes, nedendir ukap ony sor,
Ki dilde fereh[1] galmady-ýu elde zor.

---

[1] Sahyp – eýe, hojaýyn.
[2] Zor-u tap – güýç-kuwwat.
[3] Ukap – bürgüt.

Muňa erdi ahyr, kamu bilemiz,
Ki baglaýmyz hyzmata bilimiz.

Dil jümleýi pabendi[2] peýmanyňa,
Bizi hem mürit eýle permanyňa».

Emir Kemaleddin Kamýar rahybyň[3] nalasyny görüp, «Bize umyt we gorky bilen doga-dileg etdiler. Olar bize tagzym, etagat edýänlerdir»[4] diýen aýaty okap, göz öňüne getirip, «Siziň ýanyňyza gelen kowumy sahawatlyk bilen hormatlaň» diýen pähimi esasynda oňa hormat-sylag etdi. Onuň ahy-nala bilen aglamagyna merhemet we şepagat edip, gala ähline aman berdi. Goşunlaryna buýurdy:

– Kine gylyjyny gynyna salyň. Ol ýeriň goşunyna we ilatyna ezýet ýetirmäň. Oljadan elleriňize näme düşen bolsa, şonuň bilen kanagat ediň.

Rahyp gala baryp, begler megleriň mähribanlygy we şepagatlylygy barada sözledi. Ählisi gelip, tabyn bolup, mübärek hyzmatyna meýilli boldular. Ählisi kämil duýgular we hasyl bolan maksatlar bilen daş çykyp, onuň elini öpdüler. Soltanyň bagtyýar baýdagyny mübärek täleýi bilen gala eltdiler we şadymanlyk buşlugyny çaldylar.

---

[1] Fereh – şatlyk, guwanç.
[2] Pabent – aýagy bagly, aýagy bentli, gandally.
[3] Rahyp - ruhany, monah, pop.
[4] Gurhanyň 21-nji süresiniň 90-njy aýaty.

## ABHAZ MELIKESI RASUDANYŇ BEGLER BEGI KEMALEDDINE HAÝÝŞ ETMEGINIŇ WE SOLTANYŇ HUZURYNDAN ÝARAŞYK WE GARYNDAŞLYK ISLEMEGINIŇ BEÝANY

Beýiklik lybasy bilen ol ýurduň gözellik ýoluna çelgi bolan, şan-şöhrat bilen gözellik baş atgysy älem şalarynyň we patyşalarynyň kasabussabaky[1] bolan, baýlyk, goşun we döwletiň abadançylygy bilen musulmanlaryň we musulman däl jahan şalarynyň we şäher soltanlarynyň arasynda artykmaçlyk edýän we buýsanýan Abhaz melikesi Rasudana Soltan goşunlarynyň haýbatyndan, Rum ýurdunyň esgerleriniň atlarynyň toýnagyndan, galalaryna we ýerlerine ýeten betbagtçylygy eşidende örän gorkup, howsala düşdi, bikarar boldy. Ol aramdyr kararyny, sabyrdyr çydamyny ýitirdi. Bu barada olar maslahat etdiler. Olar döwlet we zarba eýeleri bilen mähribanlyk, mylaýymlyk we ýumşaklyk bilen sözleşmek gerek diýen pikire geldiler. Bu pikire laýyklykda, Emir Kemaleddine tarap ilçilik we hat gatnaw ýoluny açdylar. Mongol goşunynyň Rum ýurduna çozmaklarynyň öz beglerinden görülýändigi üçin ötünç sorady. Ol öz ilçisi bilen begler beginiň hyzmatyna Gürjüstan matalaryndan ýükler we köp esbaplar, baýlyklar iberdi we aýtdy:

Meni sanmasyn şa, ki men bendiýem,
Men ol şahy afaka[2] bir bendeýem.

Weli hiç men kylmamyşam [bir] günä,
Ki meni harap ededi patyşa.

---

[1] At çapyşygynda pellehanada goýulýan gamyş bolup, çapyksuwarlaryň haýsy biri ilki baryp, ony eline alsa, ýaryşyň ýeňijisi hasap edipdirler.

[2] Şahy afak – älem şasy, jahan patyşasy.

Oda ýandy adyl, aldy dady[1] bat,
Ki bidat eder bize şa Keýkubat.

Eger bu garaýyş Soltan huzurynda aýan edilse, onuň gaýgyrmaýan kereminden we tükeniksiz yhsanyndan sözümiz kabul ediler diýip umyt edýäris. Begler beginiň mähribanlygyndan şuny towakga edýäris, ýagny, galan welaýatlarymy urgun we çapgyn, talaň we ýesir etmekden saklanyp, ylalaşyk isleýändigimizi Soltan hezretine arz etsin. Onsoň eger enaýat alamatlaryny aýdyň görse, ony garyndaşlyk we gudaçylyk üsti bilen berkitsin. Göwnüm seljuk neslinden we Dawut tohumyndan bolan päk we päkize perzendimi yslam meligi Soltan Gyýaseddin Keýhysrow bilen jübütlendirmek isleýär.

Begler begi Kemaleddin parasatlylyk we danalyk bilen melikäniň haýyşyny kabul etdi. Gürjüstan etraplarynda we sebitlerinde garynja we çekirtge kibi ýaýrap, çapawullyga, talaňçylyga meşgul bolup ýören goşunlaryny ýanyna ýygnady. Ol kyrk şäheri, Hah we Nahah ýaly iki abadan welaýaty basyp alandygyny, ýesir, baýlyk we dowarlar olja alyp, goşunlaryň gerek bolşy ýaly baýlaşandygyny, melikäniň ýaraşyk we garyndaşlyk isleýändigini ýazyp, Soltana habar berdi. Soltan goşuny mongol goşunynyň yzyndan gideli bäri bezm we eşrete üns bermän, mydama habara intizardy. Ilçi gelip, ahwallary dil bilen beýan edeninden soň, Soltan haty okap, begenip we şatlanyp, şatlyk alamaty ýüzünde peýda boldy. Derrew buýrugyna görä, buşluk sazyny çaldylar. Ýeňiş hatlary ýazylyp, ýurt etraplaryna ugradyldy. Döwlet beglerini we eşret ülpetlerini çagyryp, jennet gülzarlygy kibi bir bezm gurnadylar.

[1] Dat – adalat, adyllyk.

Beglere nepis halatlar we sowgatlar berdiler. Rumuň uly-kiçisinden hiç birini serpaýdan mahrum goýmadylar. Çaparyň etegini, goýny-goltugyny dür käni kibi jöwherler we altyn bilen doldurdylar. Soltan eden tagallalaryna minnetdarlyk hökmünde we ýagşy hyzmatlary üçin begler begi Kemaleddine aýratyn, goşun begleriniň her birine umumylykda mübärek goluny goýmak bilen jogap hatyny ýazdylar. Hatda şeýle diýilýärdi: «Goşunlara öz watanlaryna dolanmaga görkezme beriň. Melikäniň ýaraşygyny we gudaçylygyny kabul edýäris. Şundan şeýläk goşuny Abhaz welaýatyna hüjüm etmekden saklaň. Begler möhüm işleri we zerur zatlary düzedenlerinden soňra, Soltan dergähine gelsinler».

Kemaleddin goşun beglerini ýanyna çagyrdy we Soltanyň hökümini olara eşitdirip, göç etmegi buýurdy. Arzynjan sebitine ýetende, goşunlaryna [watanlaryna dolanmaga] görkezme berdi, özi, begler we serkerdeler bilen Soltanyň huzuryna ýetişdi.

Zafarýab-u duşman küş-u kin güzar[1],
Erişdi suýy[2] hezreti şähriýar.

Soltan onuň hakynda dürli nygmatlardan we sahylyklardan hiç bir zady egsik etmedi. Onuň mertebesini we derejesini pelege ýetirdi. Onuň belentligi adyny Utaryt (Merkuriý) galamy bilen aýyň keşbinde (ýüzünde) nagyşlady we bezedi.

Buýurdy ki bir halaty-namdar,
Bile tyg hem merkebi rahwar[3].

---

[1] Ýeňşi gazanyp, duşman öldürin, ar alyp.
[2] Suý – tarap, ugur.
[3] Merkebi rahwar – çapgyr at.

[Oňa halat, gylyç we çapgyr (ýüwrük) at] bagyşlady. Serkerdeleriň, goşunbaşylaryň ählisiniň göwnüni halatlar we sahawatlar bilen göterdi.

Daglaryň gülleri we zer bezegleri ak çadyra öwrülmäge başlap, gyş we doňaklyk goşuny hüjüm edip ugrandygy sebäpli Soltan Kubadabada ugrady. Birnäçe wagt akarlaryň boýunda, sähralyklaryň kenarynda aýşy-eşrete we jam badasyna meşgul boldy. Ondan soňra Antalyýa suwuna tarap ugrady. Soň açyk göwün, şatlyk, şadyýanlyk we horramlyk bilen Alaýyýa gitdi.

Zemistandy misli horramy bahar,
Miýany[1] gül-u nerkes-u juýbar[2].

Surur[3] şe seýr etdi misli aftap[4],
Hamal burjuna[5] erişip saldy tap[6].

Jahandary piruz fer[7] misli mehr[8],
Jahana sagadatle arz etdi çehr[9].

Onuň kibi ol sahyly[10] dilefruz[11],
Şaha gösterer idi ruzy-ruz[12].

---

[1] Miýan – arasy, ortasy, içi.
[2] Juýbar – akar, aryk.
[3] Surur – şatlyk, begenç.
[4] Aftap – gün, kuýaş.
[5] Hamal burjy – Hamal ýyldyzlar toplumy.
[6] Tap – howur, gyzgynlyk, yssy.
[7] Piruz fer – ýeňiş şuglaly, ýeňiş şöhleli.
[8] Mehr – gün, güneş.
[9] Çehr – ýüz, keşp.
[10] Sahyl – kenar, kenarýaka.
[11] Dilefruz – ýüregi joşduryjy, kalby nurlandyryjy.
[12] Ruzy-ruz – günbe-gün, her gün.

Ki şah daýym onuňle dilşatdy,
Gamy topragy hemrahy batdy.

Çykyp ýene Kaýsaryýa ýöridi,
Ki serçeşmeýi döwlet ol şäher idi.

## SOLTANYŇ GOŞUNLARYNYŇ ERMENI TARAPYNA ÝÖRIŞINIŇ, AHLAT ÜLKESINIŇ WE BEÝLEKI ŞÄHERLERINIŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ WE ONUŇ ÝURDUŇ BEÝLEKI ERMENI ÜLKELERINIŇ HATARYNA GOŞULMAGYNYŇ BEÝANY

Soltanyň mübärek gulagyna:

– Hemişe alymlaryň we akyldarlaryň jemlenýän, terkidünýäleriň we takwalaryň düşleýän ýeri bolan Ermeni ýurdy howply ýere öwrüldi. Melik Eşrep eşretleri söýýänligi sebäpli, ol ýerde oturman, Dymyşkda ornaşdy. Gat-gat köşkler içinde aýşy-eşrete meşgul bolup, Ermeni diýarynyň goragyny we hemaýatyny unutdy. Mongol leşgerleri her pursat ol ýerleri talap we çapawullap, ýabany we ýyrtyjy haýwanlaryň gaçybatalgasyna, bürgütleriň we syrtlanlaryň höwürtgesine öwürdiler. Ol diýarda adamzatdan bir kişinem goýmadylar. Raýatyň galanjasyna hem baryp, hoşamaýlyklar we goldaw edilmese, watanlaryny terk edip dargarlar. Şeýle-de, eşidilişine görä, horezmlileriň käbir goşun bölümleri ol sebitlerde awara bolup gezýärmişler we ol taraplardan täjirleriň ýoluny belli-külli kesipmişler – diýip, habar berdiler. Soltan älem halkyna bolan kämil merhemetinden we gaýgyrmaýan sahawatyndan ýaňa Kemaleddin Kamýara buýurdy:

– Ähli ýeňiji goşuny ol sebite ugradyp, ilata gözegçilik edip, olarda şadyýanlyk, hoşluk we parasatlylyk alamatlaryny oýandyryň. Ermeni diýaryny Ahlat we Bitllisden tä Tiflis sebitine çenli alyp, ýurdumyzyň beýleki ülkeleriniň hataryna goşuň. Ol taraplaryň işlerini oňatlyk bilen düzüp, gurnap, ýola salyň. Galalary we şäherleri geregi kibi dikeltmekde we bejermekde, ammarlaryny doldurmakda, jüpbehanalary we ýaraglaryny görüp, egsiklerini doldurmakda kemini goýmaň, ätiýaçlygyny üpjün edip, ynamdar we asylly kişilere tabşyryň.

Emir Kemaleddin jahany tabyn edijiniň hökümi esasynda ähli esgerler bilen ýöriş etdi. Kaýsaryýa, Siwas, Arzynjan we Arzurum sebitlerinden geçip, Ahlat ülkesine ýetdi. Ol ýerleri belli-külli boş we goragsyz ýagdaýda gördi. Ahlatda galan birki sany ygtybarly adamlar, hiç bir gep-gürrüňsiz, gykylyksyz begler begi Kemaleddin Kamýary we şähriýaryň esgerlerini garşyladylar, olaryň gelmeklerine begendiler. Derrew bagt we ykbal täleýi bilen Soltanyň sanjagy ýeňiji esgerler bilen şähere girdi. Kemaleddin şäheriň han-beglerini, ulularyny nepis halatlar, peşgeşler, engamlar we sylaglar bagyşlamak bilen şatlandyrdy. Ählisine Soltanyň tarapdarlygyna we döwletine ant içirtdiler. Anna güni (annagün) şahynşahyň mübärek lakamlaryny münber üstünde aýtmak bilen, hutba görk we zynat berdiler. Ondan soňra begler beginiň buýrugyna görä, şäherden göç edip, bir kölüň kenarynda düşlediler. Ondan soňra goşun bölümlerini begler bilen çar tarapa – Bitlis, Wan, Wustan, Hatwaljuz we galan ýerlere we galalara gönderdi. Az wagtyň içinde Soltan döwletiniň lowurdysy bilen kynçylyksyz we azapsyz Ermeni ýurdunyň beýleki ýerleri hem Soltanyň döwleti şygary we çagyryşy bilen bezeldi. Şäherdir gala häkimleri we etrap ýolbaşçylary süýji umyt we ynjalan göwün bilen Soltanyň beýik dergähiniň hyzmatyna ýüzlendiler. Mähribanlyklar,

engamlar, maksatlaryna we isleglerine ýetmek bilen yzyna dolandylar. Kemaleddin Ermeni diýarynyň eýelenişi, ol welaýatyň haraplygynyň ýagdaýlary, şäher häkimleriniň, kütwallaryň we emeldarlaryň gelip, hoşamaýlyklara we halat-serpaýlara eýe bolandyklary, horezmlileriň ol sebitlerde ejiz we sergezdan bolandyklary hakynda Soltana habar berdi. Sahylaryň kalby, yklymlaryň şasy bolan Soltan goşun ýagdaýlarynyň habaryna örän intizardygy sebäpli bu habary eşidip, örän şatlanyp, göwnihoş boldy, Ermeni ýurdunyň basylyp alynmagyna diýseň begendi. Ýurt etraplaryna buşluk hatlaryny ugratdy. Emir Kemaleddin Kamýara we beýleki beglere göwnüni awlamak bilen mübärek serdarlygy we tiz hereketi üçin minnetdarlyk permanyny ugratdy.

Ondan soňra Sahyp Zyýaeddin Gara Arslana, Sagdeddin Mustewfi Erdebile we Kazy Şerefeddin ogly Täjeddin Perwana:

– Baryp Ermeni welaýatlarynyň hasabyny ýazyň. Ol ýurduň ätiýaçlygyny ýerinde barlap, belläp, alynmaly pajy we hyrajy belli ediň. Ýoklaryň, ölenleriň we goşundan galanlaryň mülklerini, emläklerini, wakflaryny, girdejilerini ýazyp, depderler düzediň we ýagdaýlary Soltan huzurynda habar beriň – diýip buýurdy we ýene bir permany olar bilen begler begi Kemaleddin Kamýara gönderip:

– Sahyp, Mustewfi we Perwana ol ýere ýetenlerinde Kemaleddin Kamýar galalaryň bejergisini we ätiýaçlylygyny tamamlap, Arzuruma ýöriş etsin. Ol ýerde näme emr edilse, ol esasda amal eder ýaly, meniň bir hökümime garaşsyn – diýdi.

Sahyp, Perwana we Mustewfi baryp ýetenlerinde, Kemaleddin Kamýara galalaryň harap bolan diwarlaryny dikeltmek üçin hek gerek bolupdy. Hek daşyny Hatwaljuz sebitlerinden tapdy. Ol ýere bardylar we beglere: «Her biriňiz birküç sany uly küre guruň» – diýip buýurdy. Birküç günüň

içinde müň kürede hek taýýarlap başladylar. Düýeler, gatyrlar we ýükçi ulaglar bilen galalara eltip tabşyrardylar we gowşurandyklarynyň güwänamasyny alardylar. Ol möhüm işlerden dynyp, Arzuruma gelende eýýäm Soltandan: «Goşunlara watanlaryna ugramaga tabşyryk ber. Özüň köşge gel» – diýip perman gelipdi. Kemaleddin leşgere rugsat berip, özi Soltan hezretiniň gullugyna dolandy. Elini öpmek hormatyna mynasyp bolandan soň, ähli habarlary jikme-jikligi bilen gürrüň berdi. Onuň mertebesi beýgelip, belent derejelere ýetdi. Uly şanyň çäksiz nygmatlaryndan we çensiz kereminden şeýle bir yhsana miýesser boldy welin, älemiň döreýiş başlangyjyndan dünýäniň soňuna we ýok bolmagyna çenli hiç bir patyşa hiç bir guly hakynda munuň ýaly zady buýurmandy (bagyşlamandy). Soltan goşunyň begleriniň we serdarlarynyň ählisine hem şol usulda enaýat we merhemet etdi.

## SAHYP ZYÝAEDDINIŇ, TÄJEDDIN PERWANANYŇ WE SAGDEDDIN MUSTEWFINIŇ ERMENI WELAÝATYNA TARAP UGRAMAGYNYŇ BEÝANY

Sahyp Zyýaeddin, Sagdeddin Mustewfi we Täjeddin Perwana kätipler, diwan emeldarlary we müň atly esger bilen Ahlat şäherine baryp, tertip we dabara bilen bir diwan gurdular. Ähli ýok bolanlaryň emlägini, hasyllaryny, wakflaryny ýazdylar. Ekinçileri, her ýere pytrap giden raýaty ýerli-ýerine getirdiler. Her birine baýlyk, tohum, goşa öküz, sagmak üçin sygyrlar berdiler. Öňki äht edilen borçlaryň köpüsini geçdiler we peseltdiler hem-de olary ekerançylyga meşgul etdiler. Soň galalaryň şäher häkimlerini we kütwallaryny çagyrdylar we ählisiniň ýaraglaryny, ýyllyk hasylynyň hasabyndan girdeji-çykdajylary ýazyp berkitdiler. Ýagşy işler we çäreler bilen ol etrabyň möhüm işlerini tamamladylar. Bu habaryň çawy

Azerbaýjana, Gürjüstana we Arran welaýatyna ýaýrady. Her kim umyt we ynam bilen ol ýere ugradylar. Ol ýerde ýaşaýyş az wagtyň içinde owalkysy ýaly şineledi. Raýat Soltanyň kömekçileriniň düşän adalatlylyk we merhemet düşeginde rahat tapdylar. Ol ýurduň begligini we goşunbaşlygyny batyr, gahryman, yssyny-sowugy gören, söweşde taplanan, akyl we tejribeli kişi bolan Senaneddin Gyýmaz bege tabşyrdylar. Ol «Gaýyr han Tadwan welaýatynda bir bölek horezmli goşunlar bilen düşläpdir. Welaýat olaryň ezýet we jebrinden emin we aman bolman, täjirleriň we bezirgenleriň ýoly baglanypdyr» diýip eşidýär. Soltan oňa:

– Olary Soltan dergähiniň gullugyna we tabynlygyna çagyr. Gowy wadalar bilen göwünlerini awlap, Soltan hezretiniň beýleki tarapdarlarynyň we gullarynyň toparyna goş. Olaryň gowga gubaryny ol welaýatyň raýatlarynyň üstünden mähribanlyk we merhemet suwy bilen ýuwup aýryň – diýip, perman bilen oňa rugsat beripdi.

Bir gün Sahyp Zyýaeddin we beýleki döwlet we diwan emeldarlary dabara we şan-şöhrat bilen seýrana atlanypdylar. Senaneddin Gyýmaz bir guly we bir jylawdary bilen çykyp, ýola düşdi. Tadwana ýakyn baranda horezmlileriň biri bilen sataşdy we aýtdy:

– Hana «Gyýmaz sizi diýseň görmek isleýär. Ýaragsyz huzuryňa geldi. Eger rugsat bolsa, bellenen ýere baryp, mübäreklensin» diýip habar beriň.

Ol kişi Gaýyr hana bu ahwaly aýtdy. Gaýyr han geň galdy we Emir Senaneddin Gyýmaz bilen tanyşlygy bar bolan gullugyndakylardan birini ol kişiniň dogry ýa ýalan sözleýändigini anyklamak üçin iberdi. Golaýlaşyp, Emir Senaneddini görende, at başyny döndürip, atyny segredip, ýene-de Gaýyr hanyň ýanyna bardy we aýtdy:

– Hiç bir şek-şübhesiz Gyýmaz begdir.

Gaýyr han ony bir hajyby bilen garşylady. Duşuşyp, gujaklaşanlaryndan soňra biri-birlerine köp mylaýymlylyklar etdiler. Durmuş gerdişinden we döwrüň galagoplugyndan söz açdylar.

Ondan soňra Senaneddin rugsat sorap, Gaýyr hanyň aýallarynyň ulusynyň ýanyna salama bardy. Her biriniň durmuş kynçylyklary barada hal-ahwal soraşyp, teselli berdi. Ondan soň ýene Gaýyr hanyň ýanyna geldi we sözlerini dowam etdiler. Söz arasynda Gaýyr hana sap yhlasynyň mälim bolmagy üçin ýazylyp-ýaýramak (arkaýynlaşmak) nukdaýnazaryndan saçak we tagam isledi. Bir saçak ýazyp, ýahna we unaş[1] getirdiler. Tagam iýlenden we saçak ýygnandan soňra, Senaneddin gylyjyny çykaryp, el urup, kasam edip:

– Soltan döwletiniň begleriniň ulusy-kiçisinden hiç biriniň hatyrynda-köňlünde Gaýyr hana we beýleki Horezm beglerine hiç hili ýowuz niýetlileri ýokdur. Beýle zat olaryň pikirinde ýokdy, indi hem bolmaz. Olar siziň sergezdançylykda we binowalykda ilsiz-günsüz, ýersiz-ýurtsuz ýörmekden dynyp, asudalykda we erkanalykda mekan tutaryňyz ýaly, bir ýerde we ýurtda ornaşaryňyz ýaly, ähli gujurlaryny sarp edýändirler. Çünki soltan sahyp diwana[2] we kömekçilerine sizi: «Soltan döwletiniň begleriniň we tarapdarlarynyň arasyna getiriň» diýip buýruk beripdi. Emma Gaýyr han we ähli Horezm begleri jan-u dilden «Gizlinlikde we açaçanlykda soltana tabyn bolup, onuň begleri we gullary bilen deň derejede bolarys we dostuna-dost, duşmanlaryna duşman bolarys» diýip, ant içseler, has mynasyp we laýyk bolar – diýdi.

---

[1] Asyl nusgada «Bugra hany» diýlip berlen. Rowaýata görä, unaşy ilkinji bolup, Türküstanyň şasy Bugra han oýlap tapyp bişiripdir. Şonuň üçin öňler unaşa «Bugra hany» diýipdirler.

[2] Sahyp diwan - döwletiň hazynasyna we maliýe işlerine serediji. Ýurduň girdejilerini hasaba alýan, goşunyň çykdajysyna seredýän.

Gaýyr han, Bereket han, Sary han, Güýçli han we Horezmiň beýleki begleri we ygtybarly adamlary orta çykdylar we ýokarky aýdylan görnüşde ant içdiler. Soňra tagam we şerap getirildi. Birküç bulgur göterilenden soň Senaneddin:

– Baraýyn, Sahyba we beýleki döwlet emeldarlaryna bu wakany aýan edeýin. Emma siziň ertir daň wagtynda atlanyp barmagyňyz gerekdir. Şäher baglarynyň gyrasynda bir hoş ýerde düşläň. Döwlet emeldarlary we begleri sizi şol ýerde garşylarlar. Möhüm işler ol ýerde karar ediler we berkidiler – diýip, ötünç diläp, gitmäge rugsat sorady.

Emir Senaneddin Gyýmaz şähere gelende ikindi bolupdy. Sahyp we beýleki diwan emeldarlary garaşyp durdular. Senaneddinden:

– Nirä bardyň we näme gördüň? – diýip soradylar. Ýüze çykan wakalary, diýenlerini we eşidenlerini Sahyp huzurynda aýdyp berdi. Ählisi agzybirlik bilen onuň kämil parasadyna, aňyna we batyrgaýlygyna sena aýtdylar. Soňra Sahybyň buýrugyna görä sygyrlar we goýunlar soýdular. Uly gonaklyk – myhman kabul edişlik gurnadylar. Ertesi güneşiň altyn çadyry gündogar tarapdan peýda bolup, Gaýyr han we beýleki Horezm begleri we ululary şäher etegine ýetenlerinde, olary Täjeddin Perwana, Senaneddin Gyýmaz we beýleki begler we ulular garşyladylar. Olar salamlaşyp, hal-ahwal soraşanlaryndan soňra, bir bagyň içinde düşlediler. Taýýar edilen tagamlary çekdiler. Tagam iýlenden we iki taraplaýyn gepleşik geçirilenden soňra, Täjeddin Perwana sözlerini berkitmek üçin täzeden kasam etmeklerini haýyş etdi. Gaýyr han we galan begler ýene ant içdiler. Şeýlelikde, Perwananyň we galan begleriň we ululary göwünleri ynjaldy we ynam hasyl boldy. Perwana agşamara şähere bardy. Düzeden we ugrukdyran ähli möhüm işlerini Sahyba aýtdy. Sahyp şatlandy onuň buýrugyna

görä düýnküden iki ýarym esse mukdarynda tagam bişirdiler we häzir etdiler.

Ertesi daň bilen Perwana we Senaneddin şäherden çykyp, Gaýyr hanyň ýanyna bardylar. Bir zamandan soňra Sahyp köp nökeri, gullary, ýolbaşçylary bilen çykdylar. Bu barada Gaýyr hana habar edenlerinde, ol atlanyp, Sahyby garşylady. Ýetip, gujaklaşyp görüşdiler. Sahyp Gaýyr hana köp göwünlikler berip, teselli berdi we aýtdy:

– Şundan şeýläk, jahan penakäri bolýan şaha penalandyňyz. Şonuň üçin durmuş öwrümlerinden amanda bolup, maksat we matlablaryňyza ýetmek bilen goldaw we ýardam tapyp, horramlyk we bagtyýarlyk bilen ömür sürersiňiz diýip umyt edýärin.

Gaýyr han ol sözlerden şadyman boldy. Ikisi söhbetleşip, jylaw deňläp bardylar. Ýene-de şol bagda düşlediler. Şalara laýyk saçak we Süleýmanyňky deýin supra getirdiler. Horezmlileriň ähli uly-kiçisini we beýik-pesini häzir edip, saçak ýazyp, dürli tagamlary çekdiler. Lukmalar we tagamlar iýdiler, käsedir bulgurlar göterdiler. Soňra Sahyp Gaýyr han bilen ähdi-peýman etdi, ony berk ynam we mäkäm kasamlar bilen berkitdi. Ähli Arzurum welaýatyny oňa we serdarlaryna paýlap berdi. Soňra bolsa:

Häzir şu mukdar bilen oňşuk kylyň. Soltanyň hyzmatyna baranymda ýene-de siziň ýagdaýlaryňyzy göz astyna alyp, bu babatda ýagşy niýetler bilen hereket ederin – diýip ötünç sorady. Ählisi ol umytlara minnetdar boldular.

Ähtnama ýazylyp, horezmlileriň möhüm işleri tamamlanandan soň, Sahyp şähere dolandy. Horezm beglериniň her biriniň adyny Soltanyň möhüri bilen galama getirdiler, ýazdylar. Ertesi permanlaryň ýany bilen «Kime maslahat görseň, beriber» diýip üç ýüz sany ýokary, orta we pes halatlary ugratdylar. Ertesi horezmliler ähli tabynlary, mal-

gara, öýleri, ogullary we gyzlary bilen Arzuruma tarap göçdüler. Wessalam.

## MONGOL GOŞUNLARYNYŇ HOREZMLILERIŇ ÜSTÜNE TALAŇÇYLYKLY ÇOZUŞ ETMEGINIŇ WE OLARYŇ TOPARLARYNYŇ YZYNDAN ÝETIP PYTRATMAGYNYŇ BEÝANY

Horezmliler Ahlat ülkesinden göç edip, Arzurum tarapa rowana bolup, Togtap diýen ýere ýetdiler. Jennediň bagy kimin owadan, behişdiň seýilgähi kibi göwnüňi açýan bir çemenlige ýetdiler. Ol ýeriň howasy, oty we suwy olara hoş gelip, ählisi agzybirlik bilen düşlediler. Atlarynyň eýerlerini aýryp, ota goýberdiler. Hilegär durmuşyň duzagyndan gapyl bolup, ýaraglaryny billerinden çözüp, atlary çemenlige goýberip, başlaryny rahatlyk ýassygyna goýdular. Dynç almak bilen hoş pikirdediler. Birden bir dereden mongol goşunlary olaryň üstüne döküldiler we sansyz halaýygy gylyç bilen orup, bürgütdir syrtlana şam etdiler. Ömür kime möhlet berip, kazasy dolmadyk bolsa, aman galdy. Käbiri atly, kimsi pyýada, her biri bir derä gaçyp, awara boldular. Käbirleri bolsa tatar elinde ýesir boldular. Horezmlileriň işini tamam etdiler. Onsoň ikindinden soňra gün batan wagty olar elleri ganly gylyçly Ahlat derwezesine ýetdiler. Şäheriň içindäki harbylaryň we ýolbaşçylaryň ählisi ätiýaçlyk bilen şäheriň goragyna meşgul bolup, söweşe taýýarlandylar. Gara atlylar jahan diýaryndan ýokluk mekanyna ýönelip, daňdanyň şemleri zulmat perdesini gözleriň öňünden göterende, mongol goşuny göçüp giden ekenler. Olar: «Gitmändirler diýsinler» diýip, her biri oturan orunlarynda otlar ýakyp, hile edipdirler.

Sahyp ýagdaýlary anyklamak üçin birküç atlyny barlagçy edip, şäherden çykaryp goýberdi. Atlylar çykyp, dereleri we buky ýerleri gözlediler. Mongollardan hiç bir adam tapmadylar. Birden bir garry aýal diwaryň jaýrygyndan daşary çykdy. Ol atlylar onuň ýanyna bardylar. Ony Sahybyň hyzmatyna getirdiler. Sahyp onuň ýagdaýyny sorady. Ol Gaýyr hanyň gaýyn enesi eken. Ol aýtdy:

– Biz Togtap sährasynda hilegär pelegiň mekirliginden gapyl bolup ýatyrdyk. Dowarlary ota goýberipdik. Är-u aýal gaflat ukusynda rahat ýatyrdyk. Adamyň ahwalynyň ýagşy bolmagyna sebäp bolýan ýaraglarymyzy ýanymyzdan aýrypdyk. Birden alty günde Mugandan ol ýere at çapdyryp gelen mongol goşunyndan ýedi ýüz sany jöwşen geýen är biziň üstümize döküldi. Kim oýa bolup, aty eline düşen bolsa daga we derä gaçyp gutuldy. Meni tutdular we bu ýere çenli getirdiler. Emma haçanda, gudrat eşikçileri gara reňkli çargadyny garry we porsy jahanyň başyna örtenlerinde, men gijäniň gara çadyryny öz janyma we päkligime (namysyma) pena edindim. Bagyň haýatynyň ýarygyna girip, şu wagta çenli gizlendim. Horezmlileriň ahwallarynyň nähili bolanyny bilmedim.

Sahyp aýtdy:

– Dört müň horezmli ärdi. Ýüz tataryň garşysyna ejiz bolupdylar. Örän gaýratsyzlyk we ardyr.

Garry jogap berdi:

– Eger bir mongolyň bir börügini müňlerçe horezmliniň aralaryna oklasalar, ählisi dargap gaçarlar. Haktagala mongol gorkusyny horezmlileriň köňlüne şeýle bir derejede oklapdyr welin, ony beýan etmek mümkin däl.

Sahyba ol garsagyň sözi erbet täsir etdi. Täjeddin Perwana, Sagdeddin Mustewfi we diwanyň beýleki han-begleri bilen şeýle pikire we garaýşa geldiler: Ahlat şäheriniň galan

möhüm işlerini tiz tamamlap, tizlik bilen göç etmeli. Namys gidip, arman hasyl bolmazyndan öň, bu ülkeden Arzurum tarapa gitmeli. Eger mongol goşuny at segredip gelip, şäheri gabasa, tä Soltandan bize goşun kömegi ýetişýänçä biziň işimiz agyr bolup, barlygymyzdan nyşan galmaz.

Ähli ýaranlara bu pikir dogry göründi. Ýurt sebitleriniň işlerini çalt tutup bitirdiler. Dört günlük azyk göterip, Arzurum tarapa ugradylar. Salamatlyk bilen maksatlaryna ýetdiler. Ondan soňra çar tarapdan çaparlar gelip:

– Horezmlileriň goşunynyň her biri bir tarapa düşüpdirler. Bir bölegi Arzurum daglaryna düşüp, bir topary Arzynjanda jemlenipdir – diýip, habar getirdiler.

Sahyp olary çagyrmaga çaparlar gönderdi. Ählisi jemlenişip hyzmata geldiler. Bolan ýagdaýlary beýan edip:

– Biz gapyl ýatyp, uklapdyk. Dowarlarymyzy ota goýberipdik. Birden takdyry asmandan ol nägehan bela biziň başymyza musallat boldy. Mal we esbabymyz talanyp, aýaldyr oglanlarymyz tatara ýesir boldy. Başymyzy müň hile bilen zordan gutardyk.

Sahyp yhlas bilen olaryň göwnüni awlap aýtdy:

– Başyňyz salamatdyr. Şükür eýläň! Hudaýyň hikmeti we Soltan döwletiniň kuwwaty bilen bu hadysa ahyrky betbagtçylyk we soňky bela we heläkçilik bolar. Mundan soň biçärelik we betbagtlyk siziň durmuşyňyzyň golaýyna barmaz – diýip, umyt edýän.

Her birine mümkinçiligine görä at, don we harçlyk berdi hem-de Kaýsaryýa tarapa ugratdy. Biçäreler çagalaryndan, aýallaryndan umyt üzüp, Kaýsaryýa bardylar.

Sahyp soltan huzuryna ýetende, ýagdaýlary dolulygyna jikme-jiklik bilen beýan etdi. Horezmlileriň ahwalyny hem beýan etdi. Soltan onuň mynasyp hyzmatlaryna köp berekellalar aýtdy. Sowgat-serpaý, sylag we peşgeş berdi. Ol

söweşlerde bile bolan ähli ygtybarly adamlary hem gaýgyrman, şalara laýyk yhsanlar bermek bilen hoşnut etdi. Ondan soňra Arzynjany Gaýyr hana, Amasyýany Bereket hana, Laryndany Güýçli hana we Nigidäni Gaplaň Toga mülk edip berdi. Ýene-de horezmlilerde Soltanyň enaýatynyň, mähremliliginiň we merhemetiniň üsti bilen ýaşaýyş esbaplary, mal we dowar hasyl boldy. Tatarlaryň elinden gutulan çagalary we aýallary gelip, ýene-de özlerine ulaşdylar, gowuşdylar. Ähilsi asudalaşyp, hoşwagt boldular. Ählisi gylyç baljagy we sanjak monjugy[1] kibi, atlas, eksun[2] we zerlenen kemhalar içinde lowurdadylar we bezeldiler. Soltanyň hyzmatynda hormat, sahawat we dereje bilen sylaglandylar we bagtyýarlyga eýe boldular. Gije-gündiz gülgün meýi şatlyk bilen içerdiler. Zerban kemhalar, rumy atlaslar, gymmatbaha lybaslar geýerdiler. Aýş we eşret bilen arkalaryny kuwwat we beýiklik tagtyna berip, rahat bolupdylar. Wessalam.

## MELIK KÄMILIŇ RUM MÜLKÜNE TAMA ETMEGINIŇ WE ONUŇ OL BABATDAKY ERBET PIKIRINIŇ BEÝANY

Hijri senesiniň 630-njy ýylynda Melik Kämilde ters pikir we erbet garaýyş peýda boldy. Müsür mülküne we Ýemen ýurduna höküm edýänine kanagat etmän, uruş ýoly bilen Rum ýurtlaryny almak isledi. Pyrgawunlaryň we kaýsarlaryň tekepbirliginden we ulumsylygyndan garyp ulanaýsaň, ýurtlaryň esasyny we takwalaryň durkuny erbetlige öwrüp biljek dostluk we adalatlyk binasyny sarsdyryp, ýok etjek bir

---

[1] Sanjak monjugy – baýdagyň ýüzüne çekilýän aýdyr ýyldyzlar we şoňa meňzeş şekiller.

[2] Eksun - gymmat bahaly, gara reňkli donuň bir görnüşi.

magjum[1] ýasamak isledi. Soň Pyrgawun deýin: «Üýşürdi we jar etdi»[2] aýatyny okap: «Gardaşlarym Rum ýurduna sil kibi hüjüm esinler. Soltana habar ýetýänçä, Rum özüm ýurduna at segredip, Soltan köşgünde oturaýyn hem-de baýlyga mal we esbaba eýe bolaýyn» diýip, buýruk berdi.

Derrew bu pikiri Soltan bargähine habar berdiler. Soltan Kämiliň ters pikirini eşidende onuň bihuda pikirine geň galdy. Ýylgyryp aýtdy:

– «Müsür patyşalygy we bu aşagyndan akyp duran derýalar meniň (mülküm) dälmi?»[3] diýýän ulumsylygy öz ornuny bilmezligine sebäp boldy. Garyndaşlyk we dostluk kyblasyndan ýüz öwürdi. Anyk şirin janyndan doýandyr. Çünki, din we diýanaty belli-külli goýmuşdyr. Gürrüň bardyr; ýylanyň ömri ahyr bolsa, nadanlykdan uly ýollaryň üstüne gelip ýatar ýa-da garynjanyň ömür wagty tamam bolsa, akmaklykdan howada uçmaga başlar. Ikisiniňem tizden heläk boljagy anykdyr. Züljelaldan şeýle etjekdigine umydym bar. Çünki, Kämil özüniň bihasyl pikirinden bu ýurda kast etdi. Şeýtanyň azdyrmagy bilen bu nebere bilen söweş etmegi niýet etdi. Tiz wagtda ýeňilip, Kahyra gider. Ol günäniň jezasyndan Müsüre çenli gaçyp, ters ýazgytly matamy bilen kaftanyny Nil suwuna batyrar.

Derrew Emir Kemaleddine buýurdy:

– Çaltlyk we gyssanmaçlyk bilen saklanmazdan we eglenmezden gapyda häzir bolan goşun bilen Akjaderbent tarapyna ugra. Onuň ätiýaçlyk işlerini ýerine ýetir. Merdana durup, özüňde adat bolan berkligiňden we parasatlylygyňdan

---

[1] Magjum (mäjum) - birnäçe otlardan gyrylyp, hamyr edilip, ýapmak üçin ulanylýan derman, garyndy.

[2] Gurhanyň 79-njy süresiniň 23-nji aýaty.

[3] Gurhanyň 43-nji süresiniň 51-nji aýaty.

hiç bir zady kem goýma. Bagtyýar saýawanymyz hem goşun ýaragyn tutup, yzyňdan hereket eder.

Kemaleddin Kamýar hem begler, serkerdeler we häzir bolan esgerler bilen göç edip, tiz gitdi. Derbende ýetdi. Agaçlar kesdirip, derbendi berkitdirdi. Söweşiji esgerler goýup, gaçybatalgalary we howply ýerlerini söweş esgerleri bilen berkitdi.

Üç günden soňra Soltan hem köp esgerler bilen, sag we sol gol begleri, Rum we Horezm begleri, Uç, Gürji, Pereň we Rus goşunlary bilen köp jüpbehana serişdeleri, mal we esbap bilen gelip ýetdi. Her gün Hebeş, Çyn we Hotan leşgeri gorkusyndan gaçanlarynda rumlylar we horezmliler derbentlerden daşary çykyp, Şam esgerleri bilen jeň we söweş ederdiler, köp halaýygy ýaralap, goldawsyz goýup öldürerdiler. Hudaýyň nury we Soltanyň döwleti bilen Şam goşunyndan hiç-hili zyýan olara ýetmezdi. Her pursat Hudaýyň enaýatyndan we bereketinden Soltanyň dilinde «Hakykatdan-da biziň goşunymyz ýeňijidir»[1] aýaty ýaňlanýardy.

Bir gün agşam wagtynda Soltan aýtdy:

– Ertir, enşaalla, doly yhlas we tagalla bilen Şam goşunyny gyrmaga başlamak gerek. Bu duşmançylygy gylyjyň çözgüdi bilen çözmek gerek.

Sähergäh çün burjy nili hysar[2],
Sipehdar afaky[3] kyldy suwar[4].

---

[1] Gurhanyň 37-nji süresiniň 172-173-nji aýatlary. Bu ýerde az-kem ýalňyşlyga ýol berlipdir. Ol şeýle bolmaly: «Olar hakykatdan hem ýeňijidirler we biziň goşunymyz hakykatdan hem üstün çykyjydyr».

[2] Burjy nili kysar – galanyň mawy küňresi, diňi.

[3] Sipehdar afaky – gözýetimiň serkerdebaşysy.

[4] Kyldy suwar – atlandy, atyna mündi.

Huruş[1] etdi dergähden owazy naý,
Sanaýdyň ki efläk[2] degşirdi jaý.

Heman geýdi Soltan salahy nebert[3],
Zemin nilgundy[4] howa lajwert[5].

Sahyly hiýunany gerdun talal[6],
Kylarlardy ker gökde güwşi Zuhal[7].

Berer idi çün baýraga[8] bat[9] tap[10],
Sana sen ýirilerdi dyrgy sahap[11].

Zafar kusy[12] güwşüne mujde pesan[13],
Olup zamun[14] syrry syna[15] senan[16].

Şahynşahy agzam[17]-uly Keýkubat,
Suwar oldy[18] at üstüne misli bat.

---

[1] Huruş – gykylyk, gowga, nala.
[2] Efläk – pelekler.
[3] Salahy nebert – söweş geýimi, jeň esbaby.
[4] Nilgun – mawy, gök.
[5] Lajwert – lajurt, mawy.
[6] Sahyly hiýunany gerdun talal – Pelegi weýran-harap ediji äpet atlaryň sesi.
[7] Güwşi Zuhal – Zuhalyň (Saturn) gulagy.
[8] Baňrak – baýdak, tug, sanjak.
[9] Bat – ýel, şemal.
[10] Tap – burum, tow, egrem, pasyrdama.
[11] Dyrgy sahap – buludyň sowudy, jöwşeni.
[12] Zafar kusy – ýeňiş tebili.
[13] Müjde resan – söýünji getiriji, buşluk ýetiriji.
[14] Zamun – kepil, kepil geçme.
[15] Syrry syna – ýürek syryna, kalbyna.
[16] Senan – naýza.
[17] Agzam – uly, beýik, belent.
[18] Suwar oldy – atlandy, atyna mündi.

Güneş kibi azm eýledi suýy kuh[1],
Ki göre nedir haly Şamy guruh[2].

Nazar kyldy Soltan suýy[3] her tarap,
Güneş misli taban burjy şerep.

Dowan erdi[4] Soltana bir namydar,
Ýer öpüp[5] diýdi: «Eý jahan şähriýar,

Ýele bardy duşmanlaryň misli häk[6],
Ol ägäh, ýagny tewellet agdäk[7].

Melik Kämil etbagy[8] ile tamam,
Tutup gitdiler subhda[9] rahy Şam[10].

Çeri[11] kylmadan[12] bir-birile söweş,
Gaçyp oldy duşmanlaryň kelferaş[13].

Dolanyş we öwrüliş wagtynda Melik Kämil we gardaşlary agzybirlik bilen diýdiler:

---

[1] Suýy kuh – daga tarap.
[2] Şamy guruh – Şamly topar, Şamyň goşuny.
[3] Suý – tarap, ugur.
[4] Dowan erdi – ylgap geldi, çapyp geldi.
[5] Ýele bardy – ýele gitdi, ýele sowruldy.
[6] Häk – toprak, gum, tozan.
[7] Tewellet agdäk – duşmanlaryň ýüz öwrüp gaçdy.
[8] Etbag – tabynlary, yzyna eýerýänleri.
[9] Subh – irden, daňdan.
[10] Rahy Şam – Şam ýoluny.
[11] Çeri – goşun, esger.
[12] Kylmadan – kylmazdan, etmezden, girişmezden.
[13] Kelferaş – aýak asty.

– Dowzahderäniň we Pagynyň ýolundan gideliň.

Soltan ýeňiji esgerleriň bir bölegini ol iki derbendiň goragy üçin goýberdi. Olar baryp doly ätiýaçlyk bilen ol hyzmaty ýerine ýetirmäge girişdiler. Türk we täjik goşunlary baryp, ol derbentleri berkidip, şeýle bir gözegçilik etdiler we goradylar welin, guşa uçmaga mejal bolmady we ýylana girmäge mümkinçilik bolmady (deşik tapylmady). Melik Kämil gardaşlary bilen ol ýere ýetişende derbentleriň şeýle gowy berkidilendigini, köp ýerlerde ýaragly türkleriň durandygyny görüp, çäresiz we bialaç yzyna dönüp, Hysn Mansur (Mansur gala) ýolundan Şama ugradylar. Ol ýere ýetip, gala ot berdiler we ony harap etdiler. Kahyra[1] (ýeňiji) döwletiniň gorky zarbasyndan gorkusyna Kahyra ýöneldiler. Ar-namysa galyp, Müsüre ýetdiler. Wessalam.

## ŞAM MELIKLERINIŇ WE ŞEMSEDDIN SOWABYŇ SOLTANYŇ ESGERLERI BILEN SÖWEŞMEGINIŇ WE ŞAMLYLARYŇ ÝEŇILMEGINIŇ WE HARTPERT GALASYNY BERKITMEGINIŇ BEÝANY

Melik Kämil Rum ýurdundan netijesiz yza döndi. Onsoň oňa dost bolan, onuň döwletiniň tarapdarlarynyň hatarynda ýörişe çykan, Hartpertiň meligi howsala düşüp we aljyrap, Melik Kämiliň ýanyna bardy we aýtdy:

– Men siziň bilen dost bolanym sebäpli Soltany özüme duşman etdim. Emläkdir hanymanym harap we ýok boldy. Sahawatlyk ýüzünden meniň mülkümi goramak size wajypdyr we zerurdyr.

---

[1] Kahyra – bu ýerde söz oýnadylýar. Bu sözüň iki manysy bar: 1) Kair ülkesi; 2) gazap ediji, ýeňiji, gahar-gazaba duçar ediji.

Melik Kämil onuň sözüni kabul etdi. Hama we Hymsmeligini we batyrlygyna we gaýduwsyzlygyna ynamy bolan özüniň serkerdesi we ynamdar kişisi, Emir Şemseddin Sowaby bäş müň batyr atly bilen Hartpertiň mülküni we meligini goramaga ugratdy.

Melik Kämil dolanandan soň, Soltan Malatyýa bardy. Derbentleriň goragyna bellän esgerlerini çagyrdy. Soltanyň naýyplaryna eden buýrugyna görä, Fyrat suwunyň üstünden Hartpert tarapa goşun geçer ýaly köpri gurdular. Şeýlelikde, ähli goşun ol tarapa geçdiler. Hartpert obasyna ýetdiler. Şam melikleriniň goşuny we Hartpert meligi depäniň düýbünde düşläpdiler. Söweşe we jeňe taýýarlanypdylar. Mubaryzeddin Çawly beg, Soltanyň ýakyn guly Togrul Has, Serkeçi Ogly, Emir Şemseddin Altyn beg, Bähremşa Jandar, Bedreddin Ýakut [we beýleki] ähli han begler we ygtybarly adamlar saplar düzetdiler. Sag ganaty, çep ganaty, goşunyň merkezini, öňdäki we yzdaky toparlary taýynladylar. Şam goşunynyň garşysyna bardylar. Gün dogandan günortana çenli saplar düzdüler. Iki tarapdan Emir Kemaleddine garaşýandyklary sebäpli hiç bir hereket we gymyldy bolmady.

Emir Kemaleddiniň gulagyna Şam melikleri Buhaýra ýolundan garşy çykmaga niýet edipdirler diýen habar ýetdi. Onsoň ätiýaçlyk üçin ol ýola goşun çekdi. Olardan ol ýere hiç kimiň gelmändigini görensoň, Hartpert tarapa ugrady. Emir Mubaryzeddin Çawly we Şemseddin Altyn beg saklanyp, söweş etmek üçin galan goşunyň gelip ýetişmegine garaşýardylar. Bu babatda Kemaleddin Kamýara: «Çaltlyk bilen gelip ýetişiň» diýip, bir çapar gönderdi. Olar haýal-ýagallyk etdiler. Çaparlar kömek etmekde olaryň haýal-ýagallyk edilýändigini görende [biraz öňe gidip ýene-de] tiz yzlaryna döndüler we [kömege gelmeli] goşuna: «Şam

goşunlary gaçdylar. Olaryň garşysyndaky goşuna köp olja düşdi» diýip, gürrüň ýaýratdylar.

Olja tamasy bilen bäş müň töweregi atly Kemaleddinden bölünip, Çawly we Altyn begiň ýanyna gelip ýetdiler. Goşunlar sap çekip durdular. Olar esgerleriň kömege ýetişenini görüp, mertlik bilen jeňe ugradylar. Ilki bilen Rum goşuny şamlylara hüjüm etdiler. Şamlylar rumlylary yzyna serpikdirdiler. Ýagdaýlary beýle görnüşde görende, Täjeddin Perwana Nigidäniň goşuny bilen olaryň üstüne depdi we şamlylary gaçmaga mejbur etdi. Sol goldan Sagdeddin Köpek, sag goldan Serkeçi Ogly duşmanyň üstüne depip, hüjüm etdiler. Şamlylary doly yzyna gaçyrdylar. Öýle wagtyndan tä ikindi geçýänçä berk duruşdylar. Şamlylardan köp kişi atdan agdaryldy. Rum leşgerinden bir Zemburekçi Pereňden[1] özge kimse ölmedi. Şamlylardan ýedi ýüz kişini tussag etdiler. Şamlylar bu uly ýitgini görenlerinde, yzlaryna dolanyp, Hartpertiň belent depesiniň ortasynda düşlediler. Rum goşunlary dönüp, çadyrlaryna geldiler. Özleriniň düşlegleri bilen şamlylaryň arasynda daň atýança aňtawçylar goýdular. Ertesi Emir Kemaleddin ol duran ýerinden göç etmegi buýurdy. Dabara we gabara bilen ýola rowana boldular. Şam melikleri depeleriň üstünden baýdak we sanjaklary gördüler. Seretseler howanyň ýüzünde, sansyz esgerleriň atynyň aýagynyň tozy bulut kibi gögüň ýüzüni büräpdir. Ýeňiji esgerleriň haýbat we zarby şamlylaryň ýüregine erbet täsir etdi. Olar belli-külli, jan gorkusyndan böküp turup, Hartpert galasyna sygyndylar (gabaldylar). Ganlary başlaryna syçrap, dodaklary tebil gyrasy kibi gorkudan gurap, özlerini Hartpert galasyna okladylar. Atlaryn, gatyrlaryn, donlaryn, goş-golamyn, parçalaryny hennekde goýup, gaçyp baryşlaryna käbirleriniň özi çyksa,

[1] Bu ýerde diňe meşhur adamlar we serkerdeler göz öňünde tutulýar.

käbirlerini kement bilen çekip çykardylar. Rum goşuny argynlyk bilen şähere girdiler we ellerini talaňçylyga we urguna uzatdylar.

Şamlylaryň hendekdäki ähli esbap-serişdelerini, parçalaryny, at we gatyrlaryny çykardylar, taladylar.

Soltan Malatyýada ýeňiş we üstünlik buşlukçysynyň gelerine garaşýardy. Buşluk habaryny eşidende, hoş habar nagaralaryny, surnaýdyr depreklerini çalmaklygy buýurdy. Şatlyk bulgurlaryny aýladylar. Ertesi bagtyýar saýawany we hökmürowan çadyry bilen Hartpert tarapa hereket etdi. Ýetip, döwlet jaýynda düşledi. Beglerden sorady:

– Şam meliklerinden we beglerinden kimler galada gabawda galdylar?

Arz etdiler:

– Hymswe Hama meligi we Melik Kämiliň begler begi Şemseddin Sowap.

Soltanyň buýrugyna görä, begleriň her biri aýratyn bir manjanyk gurnadylar. Ertesi ýigrimi dört sany uly manjanyk galanyň eteginde gurlup, işe başlady. Yzygiderli daşlaryň atylmagyndan gala halkynyň umyt meýdanyny dar we teň etdiler. Hartpert meligi pikirsiz we çäresiz bolup, iş ahyryna nazar etmezdi. Galada azyk azdy. Ýaşaýyş serişdesiniň azlygyndan, gallanyň ýoklugyndan gala halaýygy biçäre bolup, howsala düşdüler. Gury üzümi (kişmişi) köp iýmeginden olarda gijilewük keseli peýda bolup, köpüsi keselllediler.

Ahwallardan geňiniň we hekaýatlardan taňynyň birem şudur. Şeýle aýdýarlar:

– Hartpert meliginiň aşhanasynda gowurmak üçin bir guzyny asypdylar. Begler begi Şemseddin Sowaby nahara çagyrypdylar. Birden saçak emiri gelip, arz edipdir:

– Ojagyň üstüne manjanyk daşy düşdi. Guzyny ýere sokdy, ondan hiç bir nyşan galmady.

Hama meligi akylly kişidi. Eýýam gerdişlerinden tejribeler toplapdy. Ol aýtdy:

– Döwlet eýelerine çaknyşyk we böwet bolmak ýoly bilen garşy durmak akylly we parasatly adamlaryň oňlamaýan zadydyr. Şeýle pikir edýän, ýagny biziň birimiz Soltanyň hyzmatyna baryp, ejiz elini Soltanyň sahawatly etegine urmaly. Batyrgaýlygyna ökünç diläp, ýazygynyň ötülmegini sorap, janymyzyň aman bolmagy her kimiň salamatlyk bilen öz diýaryna ýola düşmegi, gam heläkçiliginden we gussa gamzasyndan halas bolmagy üçin ýalkamagyny soramaly.

Ählisi bu pikire begendiler, bu babatda ygtyýarlyk jylawyny onuň parasat eline berdiler. Begler begi Şemseddin Sowap Hama we Hymsmelikleri agzybirlik bilen galadan düşüp, Soltanyň huzuryna geldiler we ýalbaryş ýerini öpdüler. Soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp bolmak bilen, baky bagtyýarlyk hormatyna mynasyp boldular. Soltan hyzmatyndan ýagşy garşylanyşa we ýagşy nazara eýe bolup, sansyz patyşa laýyk mähribanlyklara duçar boldy we günäleri ötüldi. Emma: «Şam melikleri, begleri galadan az-u köp hiç zat çykarmaly däl. At, gatyr, söweş we uruş serişdeleri, parçalar, altyn we kümüş ýerine başlarynyň salamatlygyny ganymat bilsinler. «Kim öz başyny gutarsa, utuş gazanyp, ony özüne uly nygmat bilsin» diýen şert bilen günälerini geçdiler. Hama meligi bu hormaty özlerine uly sowgat bildi. Soltandan bu babatda kasam hem-de amanlyk hatyny talap etdi. Soltan olaryň haýyş edişleri ýaly ant içip, amanlyk hatyny berdi. Hama meligine köp hormat-sylag bagyş edip, at we şalara laýyk halatlar, altyn pul we engam berdi.

Soňra ähtnama bilen ony şähere ugratdy, emma manjanyk daşy şähriýaryň berk ykbaly kibi işdedi. Gala halky bir pursat aram we karar tapmazdy.

Gündogar ýurtlarynyň soltanynyň baýdagynyň şuglalary mawy reňkli asmanyň diňleriniň üstünde pasyrdamaga başlanda, galadakylar «El aman» diýip, perýat etdiler we Soltanyň mübärek sanjagyny galanyň üstüne çykarmaklaryny haýyş etdiler. Soltanyň ulularyndan we ýakyn kişilerinden bolan Has Togrul, Soltanyň buýrugyna görä, soltan baýdagyny mahabat we dabara bilen galanyň üstüne çykardy. Sanjagy galanyň derwezesiniň diwarynyň üstüne dikdiler. Içerden we daşardan hoş habar owazy planetalaryň-saýýaralaryň gulagyna ýetdi. Şam melikleri we begleri galadan daşary çykdylar. Soltanyň myhman kabul edýänçileriniň bellän ýerine gondular. Soltan olaryň her birine mertebesine we derejesine laýyklykda halat goýberdi. Ikindi wagtynda jahany joşduryjy bezme gelsinler diýip tabşyrdy. Nahara we halada üns bermedik we maýyl bolmadyk Şemseddin Sowapdan başga ähli Şam melikleri soltan halatlaryny geýip, tagalla we söhbete meşgul boldular. Soltan Sowabyň ol hereketine gaharlandy we aýtdy:

– Kaftanymyzy geýdi, iýmitimizi iýmedi?!

Kemaleddin jogap berdi:

– Ol iki eli bilen iýipdir we eýýäm doýupdyr.

Soltan ol henegi eşidip ýylgyrdy. Ertesi Soltanyň buýrugyna görä, ähli goşunyň we ordanyň içinde «Her kim şamlylara at we dowar satsa, jezasy depelenmek we dar agajyndan asylmakdyr» diýip, jar çekdiler. Şeýlelikde, Şam meliklerine edilen ýeňillik olaryň haklaryna laýyk bolmady. Onuň ählisi Sowabyň ýalňyş pikirinden boldy.

Ertesi hemmesine gaýtmaga rugsat berlip, dolanyp, öz welaýatlaryna ugradylar. Sowap semiz we ýagly kişidi, pyýada ýöremäge takaty ýokdy. Gullary gürji galkanynyň üstünde göterip, tä Şam sebitlerine çenli äkitdiler.

Olara rugsat berlen güni Soltan özüniň kömekçilerini we eminlerini galada bolan esbaplary we zatlary ýazyp bellemek

üçin gala iberdi. Şäher häkimini we goşunbaşysyny bellediler. Bu möhüm işlerden dynandan soň, ýöriş we dolanyş uýanyny Malatyýa tarapa öwürmegi karar etdi. Goşunlara [watanlaryna dolanmaga] permanlar berdi. Özi şatlyga ýar, bagta hemdem bolup, Kaýsaryýa geldi. Ol ýerde şerap emiri Fahreddin Aýaza we Kemaleddin Kamýara Melike Adyldan bolan şazadalaryň [eden günälerini] päklemegiň ýarag-esbaplaryny şaýlamagy, ol ýerde soltanlaryň namyslaryna muwapyk we laýyk bolan bir dabaraly we mahabatly [meýlis] etmeklerini buýurdy. Özi Antalyýa we Alaýyýa gyşlaklaryna ýöriş etdi. Ol Erem kibi ýerde we diýarda eziz ömrüni şadyýanlykda we asudalykda sarp edip, horramlyga we bagtyýarlyga meşgul boldy.

## HARRAN, ROHA[1] WE RAKKA GALALARYNYŇ WE ONUŇ TÖWEREKLERINIŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ HEM-DE ONUŇ BIRLEŞDIRILMEGINIŇ BEÝANY

Ýyldyzlar şasynyň atlylary Ilähiň emri bilen Mahy burjundan balyk ýyldyzlar toplumyndan azm edip, Hamal çemenzarlygyna ugranda we öz amalynyň sungatyndan dagyň üstüni we etrapdyr-eteklerini zynatlap we hülleler geýdirip, agaçlaryň tor penjelerinden bilbiller we guşlar saz seslerini aşyklaryň gulagyna ýetirenlerinde, Soltan ýakyn egindeşlerinden we ulularyndan bir jemagat bilen şadymanlyk atyna münüp Konýa we Aksaraý tarapa güzer etdi. Ondan esgerleriň ýygnanýan ýeri bolan Kaýsaryýa hereket etdi. Goşunlaryň ýygnanmagy üçin ýurduň etraplaryna hatlar iberdi. Örän tiz wagtda harby esgerler we gahryman goragçylar sag we sol gol begleri, esgerleri sansyz nökerler we ýaranlary bilen

[1] Bu şäher gadymy we ösen şäher bolup, Beýnunnähreýiniň demirgazygynda ýerleşýär. Häzirki wagtda oňa Urfa diýýärler. Ýunanlar ony Edes atlandyrypdyrlar.

Kaýsaryýada Meşhet sährasynda häzir boldular. Soltan Kemaleddin Kamýara we beýleki döwlet emeldarlaryna:

– Harrany, Rohany, Rakkany we onuň töwereklerini basyp almak üçin ýöriş ediň. Ähli hümmetleriňizi we başarnyklaryňyzy ol taýpany ýok etmäge ýygnaň. Adyl we Kämiliň diýar we köşklerini harap we weýran ediň – diýip buýurdy.

Kemaleddin köne we täze esgerlerden, mülk berlen we hakyna tutma goşunlardan elli müň atly bilen ýalpyldaýan ýyldyrym we süýnýän ýyldyz kibi ýola rowana boldy. Ol sebitlere ýetende manjanyklar gurup, gaýgyrman we aýaman, gije we gündiz daş atmaga meşgul boldular. Ol manjanyklaryň başy buluda barabarlyk edip, berkligi Kap dagynyň beýanyna göwnüýetmezçilik ederdi. Hendeginiň içindäki suwlarynyň möwçleri mawy deňziň janyny lerzana getirýärdi. Diňleriniň berkligi Isgender diwarynyň hekaýatyna garalyk salardy. Emma daşlaryň yzygiderli hemlelerinden we zarbalaryndan Harran galasynyň ilatyna zenzele we howp peýda bolýardy. Emma raýat hak nygmaty üçin iki aýlap sabyr edip, gabaw jebirlerine çydamlylyk görkezdiler. Emma sabyr zäheriniň ajylygy olaryň jan mazasyny belli-külli nähoşluga salanda we goşundaky gürji, pereň, rus, ermeni, tartus esgerleri uzyn ömürlerine päklik örtüginiň-çadrasynyň ujuna şöhlesini salmadyk musulmanlaryň päkize aýallaryna metjitlerde, medreselerde, jamyglarda biedeplikler, bidüzgünlikler, pyssy-pyjurlyklar edip, ol ýerde şerap içmeklige meşgul bolanlarynda, bu pitnäniň odunyň öçmegi üçin we janlaryndan gorkup, perýat edip başladylar. Onsoň ynanýan ygtybarly adamlaryndan birküç kişini begler begi Kemaleddiniň ýanyna ugratdylar. Emir Kemaleddin olaryň perýatlaryny kabul edip, «çagalaryndan, aýallaryndan gaýry hiç bir zady daşary çykarmaly däl» diýip şert goýdy. Bu şerte jan gorkusyndan

razy boldular. Goş-golamyny, parçalaryny, azyklaryny we ýaraglaryn goýup, galadan aşak düşdüler. Soltanyň sanjagyny gala eltdiler. Ondan soňra begler ýekelikde ýokaryk çykdylar. Waspyny beýan edip bolmaýan sansyz hazynalary, baýlyklary, çäksiz jöwherleri we lululary, çensiz derhemleri we dinarlary, jüpbehana doly uruş gurallaryny dürli-dürli dür we göwher bilen bezelen jüpbeleri, jöwşenleri, altyn, kümüş berkidilen polat eşikleri, dymyşk ýaýlary, göwher bilen bezelen pereň we gürji galkanlary, gözler taýyny görmedik Çäçde ýasalan kemanlary depderlere ýazyp aldylar, sandyklara salyp möhürlediler. Soltan hezretine ýeňiş ýagdaýlaryny «başyndan aýagyna çenli» giňişleýin we jikme-jik galama getirip, bir çapar bilen gönderip, habar etdiler. Soltan bu ýeňiş habaryny eşidende öňki adaty boýunça ýurt etraplaryna buşluk hatlaryny ibermegi buýurdy. Çapary dürli-dürli şalara laýyk sahawat bilen sylaglady. Begler begi we beýleki goşun serkerdelerine hatyň jogaby hökmünde eden öwgüli işleri we tagallalary, ýurdy giňeltmekde görkezen taryply yhlaslary üçin minnetdarlyk hatyny ýollady.

Ol hatda:

– Hazynalary, jöwherleri altyn-kümüş esbaplary, jüpbehana serişdelerinden hem nepis we ajaýyp zatlary hazyna iberiň. Gala hökman gerek bolan zatlary ol ýerde goýup, galanyň ätiýaçlyk bejergisini, serişdelerini, ammarlaryny doly tertipläp, bir ynamly häkim goýup, o babatda yhlasyňyzy gaýgyrman tagalla ediň. Ol möhüm işleri tamamlanyňyzdan soňra, asman derejeli köşge ugraň – diýip, höküm etdi.

Begler begi Kemaleddin Soltanyň hökmi esasynda ähli işleri gurnap we düzüp, tizden soltanyň huzuryna ýetişdi. Ähli wakalary dilden gürrüň berdi. Soltan begler begine we beýleki serdarlara hormat we sylag nazaryny saldy. Olary joşup duran soňsuz yhsany bilen bereketlendirdi.

Her gün adalatlylyk, sowgat bermek, mähribanlyk etmek, mülklere we raýatlara gözegçilik etmek bilen durmuş geçirýärdi. Birden Malatyýanyň çapary dergähe gelip:

– Melik Kämil hezreti soltanyň ýeňiji baýdagy yzyna dolanandan soňra, Harrana gaýdyp geldi. Galany gabap ony ýene öz golastyna aldy. Soltanyň şäher häkimini, goşunbaşysyny we kömekçisini tutup, düýe bilen Müsüre gönderip, tussag etdi – diýip, habar getirdiler.

Soltan eýýam tejribelerinden we durmuş öwrümlerinden habardar bolup, bu habardan tolgunmasa-da, ynsap ýazgysyndan «Bu gün size, ertir bize, bu gün betbagtçylykda, ertir şatlykda»[1] hikmetini aýtdy. Soň:

– Harrany yzyna gaýdyp almak üçin köp tagallalar etmek möhüm däl. Çünki ýeňiji esgerler ol atlylaryň aňlaryny gurşap alandyrlar. Her haçan ony basyp almaga ugrasak, kynçylyksyz, ezýetsiz we muşakgatsyz golastymyza geler. Emma häzir uly topar bilen ýeňiji esgerler Amydy gabamaga baryp, ony ýurdumyzyň hataryna goşsak dogry bolar – diýdi.

Begler begi Kemaleddin jogap berdi:

– Höküm patyşanyňkydyr. Soltanyň ykbaly bilen eger ýeňiji esgerler pelekleriň galasyna kast etseler naýza zarby we ýiti tygy bilen zemin gorpuna oklar. Emma Amyt kibi şäheri oýun tutmak bolmaz. Diwary gara dagdyr. Älemde berkligi bilen meşhurdyr. Diňleri asman bilen garşydaş, diwarlary Keýwan ýyldyzyna barabarlyk edýär. Ony gabaw bilen almak hiç bir patyşanyň göwnüne gelmändi. Emma şeýle pikir edýän, ony üç ýylda almak bolar. Birinji ýyl goşunlara tabşyryk berip, onuň ekerançylygyny ýakmaly. At, gatyr we dürli dowarlaryny talamak we çapawullamak gerek. Daýhanlaryny we ekerançylaryny ýesir edip, sürüp Kahta we Kerger

[1] «Susagyň sapy bize-de ýeter» diýen nakylyň manysyna laýyk gelýär.

welaýatlaryna göçürmek gerek. Bir ýyl müddetinde hem gabap, etraplardan we töwereklerden galla we kömek gelmegine päsgel bermeli. Üçünji ýyl ellerini «aman» etegine urup, şäheri bermekleri mümkindir.

Emma namys ody soltanyň kalbynda şeýle bir ýanyp, her suw bilen öçürip bolmaz derejede bolsa-da, bu pikiri oňlady. Begler begi ol gabawy bu aýdyşy ýaly ýerine ýetirende, soltan saklamagy buýurdy. Emma her wagt kakdyrma we kinaýa bilen Amyt baradaky habary gürrüň ederdi. Her kime ol babatda ýüzlenerdi. Wessalam.

## TÄJEDDIN PERWANANYŇ AMYDY GABAMAGA GIDIŞINIŇ WE SOLTAN HYZMATYNDA ONY BASYP ALMAKLYGA BOÝUN BOLMAGYNYŇ WE OŇA UGRAMAGYNYŇ BEÝANY

Täjeddin Perwana öz bazarynyň rowaçlanmagy üçin we begler begi Kemaleddin Kamýaryň älemdäkileriň gözi gidýän matasynyň we dabarasynyň peselmegi üçin bir gün bulgur içişlik wagtynda soltany şatlykly we keýpihon ýagdaýda görüp, soltanyň huzuryna gelip, eden dyzyna çöküp, aýtdy:

– Eger patyşa bu kemine guluna rugsat berse ýeňiji esgerler bilen Amyda baryp, alty aý müddetinde, Allanyň enaýaty we patyşanyň döwleti bilen belki ondanam tizräk onuň galalaryny, etraplaryny we ýerlerini basyp alaýyn.

Soltan oňa boýnuna alan işi bilen bilelikde sylag hem buýurdy. Goşun begligini oňa tabşyrdy. Soltan bargähiniň tarapdarlarynyň we jan pidalarynyň hataryna gelen dürli ymmatlardan bolan goşunlary hazyna, jüpbehana, ýarag we uruş serişdeleri bilen bezäp we laýyklap ýollady. Ol ýere ýetenlerinde birnäçe wagt ony gabamak bilen gün geçirdiler.

Emma hiç täsiri ýokdy. Gabawdakylaryň ýagdaýynda bir üýtgeşikligem peýda bolmady. Gaýyr han we beýleki Horezm begleri öňki soltanlary merhum soltan Jelaleddin wakasy sebäpli, ol ýurtlara çozuş we çapawullyk saldylar, çünki Melik Gazy, Bedreddin Lulu we Mardin meligi Melik Mansur soltan Jelaleddine gerek bolan medeti we ýardamy etmediler. Şol sebäpli-de Soltan Jelaleddin bela we ýokluk duzagyna giriftar bolup, heläk bolupdy.

Olar tutuş ol welaýatlary Sanjar derwezesine çenli çapdylar, gyrdylar, ýesir edip ýykdylar we ýakdylar. Şul gadar mal, esbap, gymmatbaha daşlar, kenizler, at, gatyr we dowar getirdiler welin, dag we sähra doldy. Ýagdaýy Soltanyň dergähine habar etdiler. Soltan Amydyň basylyp alynmagy üçin berk aýak diräpdi. Elbetde, onuň alynmasynyň hyýaly mübärek kalbyndan çykmazdy. Ol ýene-de Sahyp Şemseddin Muhammet Yspyhana dürli taýpalardan: türklerden, kürtlerden, pereňlerden we almanlardan düzülen bir goşuny berip, ony sansyz pul we hazyna we jüpbehana bilen ugratdy. Şeýlelikde, demirçä manjanyk daşy görnüşinde demirden togalak, iki batman, üç batman, bäş-u on batman daşlary tertip etmegi buýurdy. Olary düýelere ýükläp, jübbehana bilen Amyda gönderdiler. Amydyň basylyp alnyşy oňa-da borç edilensoň, haýran we serasime bolup galdy. Soltanyň gazabyndan gorkuda we perişan haldady.

Gyş gelip ýetdi. Soltan hezretine ýagdaýy «Amydyň işi tamamlanjakdy, emma birden sowuk goşuny hüjüm etdi. Ol sebäpden goşunlaryň hereketinde gowşaklyk peýda boldy» diýip, habar berdiler. Soltan ol hatlary okamakdan örän gazaba münüp, üýtgedi. Emma [tabynlaryna] gözegçilik borjy üçin, goşuna dolanmaga we dargamaga rugsat berdi.Soň aýtdy:

– Geljek ýyl, enşaalla, nesip bolsa, ol gabawy gös-göni özüm ýerine ýetirerin. Onsoň wajyp we gerek bolan ol möhüm iş tamamlanar.

Begler we serdarlar sandyrap, gorkup we titräp, Soltan huzuryna geldiler. Soltanyň ol babatda olara käýinmedi, günälerini geçdi. Aýşy-eşret, bagtyýarlyk, lezzet, aw awlamak, saz nagmalaryny diňlemek, çemenliklerde, daglarda, bulaklaryň kenarlarynda kümüş baldyrly semiz endamly sakylar bilen joşup, gark bolup, günlerini geçirýärdiler.

## OKTAÝ (UGEDEÝ) HANYŇ ORDASYNYŇ ILÇILERINIŇ ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ ÝANYNA GELMEGINIŇ BEÝANY

Gazwin ülkesiniň serkerdelerinden bolan emir Şemseddin Omar Gazwini şeýle hekaýat etdi:

Ykbal öwrümlerinden we eýýam hadysalaryndan bir waka sebäpli, Watany terk edip, täjirlik ýoluny tutdum. Ýaşaýyş hasylym üçin ony özüme pişe edindim. Arzurum şäherine ýetenimde, Arzurumy dürli-dürli nygmatlardan doly, bezelen we mynasyp bir şäher görnüşde gördüm. Onsoň «elbetde munda ýaşamak gerek. Jennetul-Mägwanyň gözi gidýän bu ýerde mesgen gözlemek gerekdir» diýip, göwnüme geldi. Derrew ýoldaşlarymdan aýrylyp, şäherde öýler aldym. Sapar aýakgabyny çykaryp, bir müddet, göwnaçyşlykdan doly ol ýerde watan tutup galdym we ýaşaýyş kesbini edip, durmuş geçirdim. Köp mal we parça gazandym. Bagtymyň tagnasy her pursat herekete getiriş barmagyny ýöriş böwrüme dürterdi. Meni Türküstan saparyna gitmäge hyjuwlandyrýardy. Köp jöwherler hasyl etdim. Elwan reňkde görünýän göwherli gymmatbaha bir täji nepis dürler we merjenler bilen bezetdim,

näçe wagtlap ony amala aşyrmakda ömrümi sarp etdim. Köňül gözüne laýyk, nazaryma göwnejaý gelende özüme aýtdym:

– Munuň kibi göwherler bilen bezelen nepis hem göwherlenen zatlar beýik patyşa Oktaý hanyň hazynasyna laýykdyr. Ýöne onuň üçin uzak aralyklary sökmek gerek. Emma gidilse ähli matlaplaryň, islegleriň, üstünligiň we ýeňişiň miýesser boljakdygy anykdyr – diýip, sapar ýaragyny tutup, onuň dergähine ugradym. Köp wagt geçmänkä kynçylyksyz we azarsyz onuň huzuryna gowuşdym. Örän peýdaly söwda (alyş-çalyş) etdim. Alyş-çalyş edip, parçalar görkezýän wagtymda, patyşa hem hazynada häzirdi. Ol maňa:

– Nireden gelýärsiň? – diýdi.

Aýtdym:

– Rum ýurdundan.

Sorady:

– Ol soltanlyk ülkäniň buýruk beriş jylawy Soltan Alaeddin Keýkubadyň parasatly elindemi?!

Aýtdym:

– Hawa.

Sorady:

– Onuň mülkdarlyk we şähriýarlyk ýoly nähilidir?

Men aýtdym:

– Şeýledir, ýagny jahan patyşasynyň göwnüne ýarar görnüşdedir. Yslam toparynda onuň kibi bir adyl patyşa jahana gelen däldir. Etegi päk, jübüsi halal, dindar, adyl, akyly kämil, mülki abadan, baýlygy köp, raýaty şatdyr. Zalymlaryň, bozuklaryň we ýol kesýänleriň ellerini gahar we syýasat kemendi bilen baglandyr. Adyllyk we adalatlylyk edýän wagtynda güýçliniň we ejiziniň, beýigiň we pesiň arasynda parh goýmaz. Güneş kibi ähli ýerlere ýeter. Ýagmyr kibi dag we düze ýagar. Döwlet tutujy we duşman awlaýjy, gapyl däl, oýa we huşýar patyşadyr – diýdim.

Ol aýtdy:

– Munuň ýaly dürli sypatlar we häsiýetler bilen bezelen, patyşany biziň enaýat we mährem ýardamymyzdan mahrum goýmaklarymyz we biziň patyşalygymyz bilen il bolup, onuň mülki we raýaty abadan we asuda galar ýaly, ony ägä etmeýänligimiz haýpdyr. Goý ol biziň döwletimiziň döwründe biziň şalara laýyk hezzet-hormatymyzdan we serpaýlarymyzdan şatlansyn. Eger seni oňa ilçilige göndersek gidermisiň?

Aýtdym:

– Men bir täjir kişi. Ilçilik ugrundan habarym we bilimim ýok. Eger gulluk inçeliklerini bilmezlikden bir gyljagaz gyşarsam, käýinje duçar bolaryn öýdüp gorkýaryn.

Aýtdy:

– Biziň nazarymyz saňa düşdi. Munuň kibi işe seni ygtyýar etdik. Haktagala seniň diliňe, älemdäkileriň kabul etjek, jahandakylaryň göwnüne ýarajak sözlerini salar.

Ilhan hezretinden mähribanlyklar tapamsoň şatlyk telpegini asmana zyňdym. Jan-u köňül bilen ilçilige yhlas edip, ol habary ýerine ýetirmekligi borç edindim.

Tudun we Ermitaý atly iki mongol nökeri hem-de altyndan-kümüşden iki paýza[1] soltana berlen ýarlyk bilen ilçilige ugradym. Ýarlygyň mazmuny şudur.

[1] Paýza - mongol sözi bolup, kümüşden ýa-da tylladan, käte bolsa tagtadan ýasalan zikge ýa-da nyşandyr. Onuň ýüzünde patyşanyň ady ýa-da başga bir alamat nagyş edilip, ol mongol patyşalary tarapyndan höweslendirilende ýa-da bir wezipä bellänlerinde, derejesi ýokarlandyrylanda emirlere, häkimlere, goşun serkerdelerine beriplipdir.

## SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ ÝANYNA IBERILEN ÝARLYGYŇ BEÝANY

Adalatly patyşa soltan Alaeddin Keýkubat mülkdarlykda we raýatparazlykda pişe edinen, ýörelgesiniň, gelýänleriň we gidýänleriň senden asudadygynyň we hoşnutdygynyň owazasynyň bize gelip ýetýändigini bilsin. Biziň ol zatlara pisindimiz oturdy we size suýurgal-sylag bermegi buýurdyk. Seniň öz mülküňde mydamalyk göwnühoş we asuda bolup galmagyňy isledik. Çünki Hudaýtagala bizi beýgeltdi we ezizledi. Ýeriň ýüzüni biziň uruglarymyza bagyşlady. Sen ýagşy ýörelge bilen barýarsyň. Biziň öz ýagdaýymyzy mälim edip, sizi illige we tabynlyga çagyrmagymyz wajyp boldy. Biz öz ahwallarymyzy beýan edenimizden soň biziň bilen il bolmadyk we boýun towlaýan kişileriň welaýatlarynyň üstüne biziň leşgerlerimiz baryp, olary öldürseler, aýallaryny we çagalaryny ýesir etseler, mal we esbaplaryny talap, olara zyýan ýetirseler bizden görmesinler. 633-nji senede, bijin ýylynda ýazyldy.

Seperordu mekanyndan ugradym. Köp ülkeleriň ýollaryny sökenimden soň, Rum ýurduna ýetdim. Kaýsaryýä gelenimde Soltan gyşlakda Alaýyýadady (Alanyýadady). Ýagdaýlary öňünden Mubaryzeddin Çawly beg Soltana arz edipdi. Soltan Kaýsaryýada möhüm işleriň we umumy abadançylygyň çäresini görmek üçin goýup giden beglerine eden buýrugyna görä olar bize we nökerlere hezzet-hormat etmekde örän yhlas görkezdiler. Her gün seýrandan soňra diwan başlanmazyndan öň bizi görmäge gelerdiler. Köp hoşamaýlyklar edip göwnümizi awlardylar. Dürli-dümen tagamlardyr naharlaryň yzy üzülmeýärdi.

Ilki bahar bolup bilbiller güller üstünde nagma kakanlarynda we benewşe daglar ýüzünde açylanynda Soltan

Alaýyýadan Kaýsaryýa geldi. Bizi ol ýerde häzir etdiler. Ýokary hilli hormatlar görkezdiler. Ilhanyň ýarlygyny berenimizde, ony öpüp, aýak üstüne turdy. Özi okady. Tagtyndan düşüp, hylwat tamyna gireninde nökerlerden aýrylykda ýalňyz meni öz ýanyna çagyrdy. Soltanyň mübärek dilinden meniň gulagyma gelen ilkinji söz şu boldy:

– Hudaýa şükür! Haktagalanyň ýeriň ýüzünde patyşalyk üçin saýlan kişisinden biziň ýanymyza gelen ilçi musulmandyr. Haktagalanyň ezizlän kişisi bizi ezizledi we öwdi.

Soňra aýtdy:

– Näme sorasam dindarlyk, musulmanlyk ýüzünden ikiýüzlilik etmän, gizlemän aýtmagyň gerek.

Aýtdym:

– Näme bilsem gürrüňsiz yslam soltanynyň hyzmatyna aýan ederin.

Soltan aýtdy:

– Il bolsak ýurdumyza tama ederlermi?

Aýtdym:

– Alla saklasyn. Olar ýalylar bilen şu görnüşde il bolmak gerek. Ýagny bir ilçi Ilhan hyzmatyna baryp, altyn-kümüş, parça we atlardan biraz zat eltip, içiňiz-daşyňyz bilen olara tarapdar bolmaly.

Soltan bu söze «Aperin!» diýdi we il bolmagy kabul etdi. Wezirlere:

– Sowgat we serpaýlar, rumy parçalar tertip ediň – diýip buýurdy.

Birden, Soltan 634-nji hijri ýylynyň şowwal (baýram) aýynyň üçünji gününde Haktagalanyň rehmetine gowuşdy. Ogly Gyýaseddin Keýhysrow soltanlyk tagtyna geçdi. Beglerinden käbirini meniň ýanyma, käbirini bolsa nökerleriň ýanyna gönderdi we maňa [habar berip] aýtdy:

– Atam saňa gardaş diýip ýüzlenerdi. Men saňa ata diýerin. Men hem onuň pikiri esasynda Ilhan hyzmatyna illik we gulluk ýoluny kabul ederin.

Soltan Alaeddiniň taýýar etdiren sowgatlaryny we serpaýlaryny Fahreddin atly ilçi bilen iberdi. Horasan welaýatyna ýetilende mülhitler[1] (dinsizler) bu habary eşidip, köp goşun bilen dagdan inip, ýolumyzy kesdiler. Bizi tutup, galalaryna eltdiler. Üç aý on gün ol galada tussag galdyk. Biziň habarymyz Ilhan hyzmatyna ýetişende Jurmagun noýana bizi olaryň elinden halas etmek barada perman gönderdi we ol bizi halas etdi. Ilhan hyzmatyna baranymyzda Soltanyň bizi serpaýlap, hoş görendigini, iberen peşgeşlerini we soltanyň wepat bolanyny arz etdik. Üç gezek «Aý kaýran, kaýran, kaýran»[2] diýip, gözlerinden ýaşlar dökdi. Soltan Gyýaseddiniň il bolanlygyny oňlady. Ýene-de biraz mongol bilen Ruma baryp, salgyt gözegçisi bolmaklygyma höküm edildi. Baýçuý noýan Ruma baryp, Köse dagda Soltan Gyýaseddiniň goşunyna duşup, betbagtçylyk ýetiripdir. Ýagdaýlar beýan edilen sözlerden özgeripdi.

«Allatagala öz halan zadyny edýär we islän zadyny höküm edýär. Allatagala öz bendesine zulum etmeýär».

## MERHUM SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Allatagala aýdýar: «Bu durmuşy dünýä diňe (bir demlik) oýun-gülki, zer-zynat, özara magtanyş we mal-dünýä hem-de perzent köpeltmekdir. (Ol) göýä ýagyş ýaly bolup, onuň (ýardamynda gögeren) ot-çöp kapyrlary geň galdyryp (akyllaryny bent edip goýar). Soňra ol gurar, ony saralan

[1] Mülhitler – ysmaýyllylar.

[2] Bu söz mongol sözi bolup, «arman, haýp» manylaryny berýär.

ýagdaýda görersiňiz. Soňra ol gury çöp bolup galar. Ahyretde bolsa (dünýä aldanandyklary üçin) gaty azap we (imanlylar) üçin Alla tarapyndan geçirim we razylyk bardyr. Durmuşy dünýä bolsa, diňe aldawçy matadyr.»[1]

Pygamber sallallahy alaýhy wesellem aýtdy: «Dünýäden heder ediň – ol Harut we Marutdan hem jadygöýdir.

**Beýt**

Eýa ki arzuwa açyban du çeşm[2],
Gähi şat olar seň gähi doly haşm[3].

Biler sen ki bu gümmezi tiz gert[4],
Niçe dilleri kyldy pür dag-u dert.

Eger şähriýar ola wer[5] merdi hurt[6],
Ajal gösterer akbet dest bürt[7].

Görer sen ki uşbu saraýy sepenç[8],
Kişiýe berer genç ýerine renç.

Jahan serbeser[9] bir içim aby sert[10],
Görer sen ki degmez, nedir munça dert.

---

[1] Gurhanyň 57-nji süresiniň 20-nji aýaty.
[2] Du çeşm – iki göz, göreç.
[3] Haşm – gahar, gazap.
[4] Tiz gert – çalt aýlanýan.
[5] Wer –we eger, eger.
[6] Merdi hurt – kiçijik adam, ýönekeý kişi.
[7] Dest bürt – 1) çapawullyk, talaň; 2) oýun, mekirlik.
[8] Saraýy sepenç – amanat öý, bäş günlük dünýä.
[9] Serbeser – tutuş, başdan-aýak.
[10] Aby sert – sowuk suw.

Kimsinäýe baky degil ruzy bagt,
Ne genj-u ne deýhimi[1] şahy ne tagt,

Erişmişdi elliýe saly Kubat,
Ony kylmady akybet merg[2] şat.

Pes ondan dagy galdy haly[3] jahan,
Kamu rahat-u renji oldy nahan[4].

Soltan Alaeddin Keýkubadyň beýiklik we belentlik güneşi jahandarlykda we hökmürowanlykda ortalyk çäginden geçip, kämillik derejesine ýetensoň älem talaňçylary (boýun egmezlikleri), Horezm, Şam we Gypjak jebirçileri gullugyna boýun sunup, hyzmata bil baglansoňlar we beýik dergähine we belent bargähine tabyn bolansoňlar pereň ýurtlarynyň sebitlerinden we günbatar diýarlardan pelek şekilli köşgüne ykbal we bagt kibi akyp, mal we baýlyklar getirerdiler. Möminleriň emiri Mustansar Billa bilen ýurtda umumy mülk mirasdarlygyny şärikli hököm etmek bilen başlady. Beýik Soltan, Beýik paýlaýjy we Allanyň älemdäki saýasy ady bilen ýüzlenildi. Köp yslam ýurtlarynda hutbalardyr zikgeler onuň mübärek lakamlarynyň nury bilen bezelipdi we derejelenipdi. Kuwwatly haýbatynyň, hüjüminiň we syýasatynyň gorkusy döwrüň soltanlarynyň we diýarlaryň melikleriniň köňlünde ornaşypdy we mekan tutupdy. Melik Kämil tarapyndan gazap gubary mübärek köňlüniň sahypasyna gonanlygy sebäpli ýurduň ähli esgerlerini ýeňiş öýi Kaýsaryýada Şam welaýatyna

[1] Deýhim – täç, jyga.
[2] Merg – ölüm.
[3] Haly – boş, puç.
[4] Nahan – gizlin, örtükli.

kast etmek üçin jem etdi. Ýagdaýlaryň ätiýaçlylyk we gözegçilik jähti üçin Siwasy özüniň ýakynlaryndan bolup, Hak rehmetine gowşan Şerap Salar[1] Aýazyň dolandyrylyşyndan alyp, Gaýyr hana tabşyrdy. Arzynjan patyşalygyny ýene Melik Gyýaseddine tabşyrdy. Şemseddin Altyn Begi onuň atabegligine we begler begligine beripdi. Mirasdarlygy we Rum soltanlygyny Melik Yzzeddin Gylyç Arslan ogluna berdi. Ähli beglere bu söze tabyn bolmagy talap etdi. Ählisi islegi bilen we närazy bolsalar-da, tabynlygyna we tarapdarlygyna iman getirdiler. Birnäçe wagt ulynyň-kiçiniň niýetleri şol talaba görä berkleşdi, iş şu esasda köňüllerde karar tutdy.

Soltan Şam ýurdunyň kastyna ýaraglanmaklaryny we taýýarlanmaklaryny buýurdy. 634-nji hijri ýylynyň şowwal (baýram) aýynyň aýy gündogar gözýetiminiň burçundan görnende, Meşhet sährasynda we giň ýaýlasynda türk, rumy, horezmi, üç ok, gürji, pereň, rus, gypjak we kürt goşunlary şeýle bir mukdarda jemlenipdir welin, sanyny bilmegiň mümkinçiligi ýokdy. Ählisi ýarag-esbaplaryny düzetmek bilen gylyç baljagy we sanjak aýjagazy kibi altyn we polada gark bolup, aýtgähde häzir boldular. Soltan Hezreti huzurynda her kim bir hünärini görkezerdi. Meýdany hylwat edenlerinden soň uly beglerden we ygtybarly adamlardan başgasyny meýdandan çykardylar. Soltan hökmürowanlyk we şadymanlyk atynyň üstüne göwher bilen bezelen şalara laýyk eýer, gerdenbent we uýan goýmak bilen münüpdi. Kyýany täjini başyna geýip, Keýkowus kemerini guşanyp, göwher we dür bilen bezelen eşikleri geýipdi. Eline naýza alyp, meýdana girdi. Emir Jelaleddin Garataýy naýza bilen atdan ýykmak üçin özüni öňüne oklady. Jelaleddin çokmak bilen gaýtawul bererdi. Birküç gezek bu görnüşde oýnadylar. Ondan soňra hiç bir

---

[1] Şerap Salar – meýlislerbaşy, Soltan hyzmatyndaky meýlis gurnaýjylaryň ýolbaşçysy.

patyşada onuň kibi çadyr bolmadyk üç başly çadyryna ugrady. Baýram namazyndan soňra saçak häzir etdiler. Elwan tagamlar, gowrulan etdir zagfyran däneleri, gaz we towuk etleri, tamdyr lawaşlary, tagamly we hoşboý ysly şerbetler dökülip, iýlip-içildi. Etraplardan gelen ilçiler, seýitler, ulular, alymlar, bilimdarlar tagam iýip dargadylar. Şowwal (baýram) aýynyň üçünji güni Soltan «Kaýsaryýada duran ähli etrabyň ilçileri patyşanyň bezm we söhbetine häzir bolsunlar» diýip buýurdy.

Ilhanyň ilçisi, Şam, Pars, Kerman, Ýemen, Taýyf, Rus, Bulgar, Rum we Pereň ilçileri, begler we ulular Soltanyň jahany joşduryjy bezmine jennetdäki üýşmeleň kibi häzir boldular. Nahar iýlenden soňra zergärçilik nepisliginden mejlisdäkileriň gözlerini gamaşdyran bezm serişdelerini we eşret esbaplaryny Ülker kibi taýýar etdiler. Owazynyň lezzetinden her dem ruhuňa joş berýän hoş owaz aýdymçylaryň, heňlerinden, çeň, naý, barbut sazlarynyň owazlaryndan zerreler howada tans oýnardy. Hoş owaz gazallaryndan ýaňa gazaly-keýigi Hyjaz ýoluna tutdurýan gül ýüzli, aý şekilli aýdyjylar we gazalhonlar Soltan hyzmatynda sap gurap, mertebelerine laýyklykda oturdylar. Gül ýüzli we badam gözli, läle ýaňak şerapdarlar altyn we kümüş tabaklar bilen dürli-dürli nogullary her kişiniň öňünde goýup bezediler. Altyn köwüşli, kümüş baldyrly sakylar gülgün şeraplary şa bezmi içinde aýlardylar. Gezekli-gezegine dostluk badalary göterildi. Ýaryşlar guraldy, gazallar okaldy. Söhbetdeşleriň başlary jahany joşduryjy bezmden sämemäge başlady. Birden Çaşnygir Nasyreddin bir towuk kebabyny gyzgyny bilen dograp, Soltanyň öňünde äberdi. Soltan ondan birküç lukma iýdi. Bir zamandan soňra älemdäkileriň nygmatynyň hasylynyň sebäbi bolan Soltanyň sahawatly durkunda bir özgerişlik peýda boldy. Mejlisdäkiler perişan bolup, dargap başladylar. Soltanyň närahatlygy bardygyça artdy. Atlanyp köşgüne bardy. Birküç

gezek gusdy. Derdi-azary zyýada boldy. Jelaleddin Garataýa aýtdy:

– Meniň işim ahyra ýetdi. Saglygymyň umydy paýawlady. Beýikligi beýgelmiş Ýaradyjynyň maňa tabşyran amanady bolan raýatlarynyň we ýurduň ýagşy işleri baradaky maslahatlarymyň ýerine ýetirileri ýaly Kemaleddin Kamýary çagyrmak gerek.

Jelaleddin ony çagyrmaga gullaryny iberdi. Ol Soltanyň ýanyna geleninde ýassy wagtydy. Soltanyň dili tutulypdy. Neneňsi yşarat we üm etsede Emir Kemaleddin oňa düşünmeýärdi. Gijäniň ýary geçende Keýkubady köşgünden Firdöwsiň şatlyk köşgüne göç etdi. Pany dünýäden Mägwa jennetine düşdi. Iki günden soňra päk jismini, mübärek durkuny jynaza goýup, düýä ýükläp, paýtagt Konýa eltdiler we ata-babalarynyň ýanynda depn eltdiler. Ol aýralyk bilen röwşen ýürekler kebap, bulutly gözler pür ap boldy. Yslamyň arkadagy ýumrulyp, din we döwletiň halkasy üzüldi. Durmuşyň geň hadysalaryndan, gije-gündiziň seýrek wakalaryndan biri şudy. Melik Kämiliň we Melik Eşrebiň başlarynda mydama Rum ýurduny eýelemegiň söwdasy gizlengi durdy. Bu günlerde olar hem ahyrete göç edipdiler. Rum we Şam ýurdunyň ahwaly pitneler, topalaňlar we mähnetler bilen dolupdy. Ol zamandan merhum, ýalkanan we şehit Baýezit Hudawentgär[1] zamanyna çenli garyplaryň gonalgasy, biçäreleriň gaçybatalgasy, bilimdarlaryň mesgeni, hünärmentleriň önüp-ösen ýeri we jahan sergezdanlarynyň penasy bolan Rum ýurdunda hiç bir kişiniň we döwür ýaşaýjylarynyň diline bir tagamly şerbet dammady. Onuň tersine çekilen zähmet we muşakgatda niçe jigerler gana doldy.

---

[1] Hudawentgär (Hudawentgär) – 1) patyşa, soltan; 2) Taňry; Bu ýerde lakam görnüşinde berilýär.

## Beýt

Wepat edeliden uly Keýkubat,
Kimsine ferehligi[1] kylmady ýat.

Kamu işler oldy bürük-bedteri[2],
Rygaýany[3] bozdy fiten[4] leşgeri.

Köňül hoşlygynyň wujudy[5] adem[6] —
Olup, galmady kimse sahyp gadam[7].

Kamu rownaky[8] mülki eýletdi bat[9].
Aduw[10] köňli ol haldan oldy şat.

Keram[11]-u tarazy[12] muluky[13] Hyjaz,
Bu matam odyledi hem jan güdaz[14],

Kam-u sözleri bu idi sal-u mah[15],
Daryg[1]-a pyrak[2]-a-ýu derd-a-ýu ah.

---

[1] Fereh – şatlyk, şagalaň, göwnüň giňemegi.
[2] Bedter – has erbet, ýaman.
[3] Rygaýa – raýatlar.
[4] Fiten – pitneler, topalaňlar.
[5] Wujut – barlyk, özen, durk.
[6] Adem – ýok bolma, ölme.
[7] Sahyp gadam – gadam eýesi, mertebeli kişi.
[8] Rownak – 1) nur, lowurdama, ýalpyldama, ýyldyrama; 2) rowaç, gülläp ösme.
[9] Eýletdi bat – el äkitdi.
[10] Aduw – duşman, ýagy.
[11] Keram – ulular, beýikler.
[12] Taraz – 1) bezeg, zynat; 2) zynatçy.
[13] Muluk – şalar, soltanlar.
[14] Güdaz – ereme, suw bolup akma, köýme.
[15] Sal-u mah –ýyl we aý.

Perişan olup asman-u zemin,
Gamyndan hazyn idi Ruhul Emin[3].

Ýurtlarda, meňzeşi we orun tutary bolmadyk taýsyz Soltana Allatagala rehmet etsin!

## 634[4]-NJI ÝYLYŇ ŞOWWAL (BAÝRAM) AÝYNYŇ BÄŞINE SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROW IBN KEÝKUBADYŇ PATYŞALYK TAGTYNA ORNAŞMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Alaeddin Keýkubat pany jahandan bakylyk mülküne göç edip, ruh çadyryny Allatagalanyň rehmeti meýdançasynda gurdy we bakylyk hüýr-perilerine gowşup, rahat tapdy.

Soltan Gyýaseddine atasynyň halyny aýdanlarynda, derrew beglere we serkerdelere adamlar iberip, öz dostlugyna we tarapdarlygyna çagyrdy. Ony gowy wadalar we geljekde hasyl boljak arzuwlar bilen berkledi. Şemseddin Altyn Beg, Täjeddin Perwana, Jemaleddin Ferruh, Sagdeddin Köpek we Gürji ogly Zahyreddöwle ýeňillik bilen ylalaşyp, çaltlyk bilen kabul etdiler. Ertesi planetalaryň-saýýaralaryň şasy ýeke özi asman meýdanynyň giňişligine gelip, älemi tutujy şöhlesi bilen jahan garaňkylygyny ýagtylandyranda, Emir Kemaleddin Kamýar, Husameddin Kymry, Husameddin Gaýyr han we beýleki begler Soltanyň ýagdaýy barada meýdanda we

---

[1] Daryg-a– wah, arman.
[2] Pyrak – aýralyk, jydalyk.
[3] Ruhul Emin – Jebraýyl perişde.
[4] Milady ýyl hasaby boýunça1236-1237-nji ýyllar.

seýranda sözleşýärdiler. Soltan Gyýaseddiniň çagyryş şerbetini noş eden, onuň tabynlyk, wepa we tarapdarlyk hüllesi bilen bezelen begler Soltany tizräk şähere eltip, soltanlyk tagtyna geçirmeli, eger soňra garşylyk we jedeller peýda bolsa, mümkin bolan usulda ol garşylygyň çäresini etmeli diýen pikire geldiler. Soň Soltan Gyýaseddini atlandyryp, Kubadiýeden alyp gaýtdylar. Segredip, şähere – soltan köşgüne bardylar. Bir pursat Soltan Gyýaseddiniň tarapdarlary we tabynlary köpelýänçä sypanyň gyrasynda oturdylar. Her tarapdan dostlar we tarapdarlar ýygnanyp geldiler. Tabynlar we pikirdeşler topary köpeldi. Ählisi onuň patyşalygynyň emrlerine boýun boljakdyklary barada ant içdiler. Emir Şemseddin Altyn Beg Atabeg we Jemaleddin Ferruh Lala Soltanyň sag we sol goluny tutdular. Eltip soltanlyk tagtyna geçirdiler. Oguz resmine görä üç gezek göterdiler. Ellerini öpüp, seçgi seçdiler. Ählisi patyşalygyna «Mübärek bolsun! Gutly bolsun» aýtdylar. Hyzmatynda gol gowşuryp, sap ýasap, garşysynda durdular. Derrew Soltanyň buýrugyna görä zyndanlary açyp, içindäkileri azat etdiler. Şäher gapylaryny ýapyp, mäkäm bagladylar. Diňe meýdan gapysyny açyp goýdular. Husameddin Kymry «Begler bagtyýar soltan Alaeddin bilen edilen ähdi-peýmana garşy çykyp, Soltan Gyýaseddini Soltan tagtyna geçirdiler» diýip eşidende, içinde gahar-gazap ody tutaşdy. Kemaleddin Kamýara we Husameddin Gaýyr hana aýtdy:

– Melik Yzzeddin Kubadiýededir. Biz ony merhum beýik soltan bilen eden ähdimize görä, soltan tagtyna geçireliň. Her kim biziň ylalaşygymyzy diňlese we tabynlyk meýdançasyna gelseler has gowy, bolmasa taplanan tygyň zarby bilen heläk edeliň. Ähli goşun biziň bilendir, mirasdar elimizdedir. Bu ary özümize rowa görmäliň. Eger Gyýaseddine ylalaşyk eden

begler bize garşylyk görkezseler, gabaw we gazap bilen olaryň maksat we myradyny ýok edeliň.

Husameddin Gaýyr han Kymry bilen bu wakada pikirdeş boldy. Kemaleddin Kamýar köp pikirlenip iş edýärdi. Haýal-ýagallyk we äwmezlik etdi. Birden şäherden Kemaleddine «Iş siziň göz öňüňize getirýän çeniňizden geçendir. Her kim tizräk gelse we tabyn bolsa, tarapdarlygyny görkezse, öz halynyň binýadyny äht we kasam bilen mäkämlär. Salamatlyk bilen başyny gutarar. Kim pitneçiler ýörelgesinde hereket etse we garşylyk görkezse, erte-birigün puşmanynyň ýarasyna hyjalatdan we garamatdan özge melhem tapmaz» diýip, habar geldi.

Emir Kemaleddin hiç hili ol söze üns bermän, ikindi wagtyna çenli Meşhet we meýdan etrapynda aýlanyp ýöredi. Işiň bolmaly çäginden çykandygyny görende, gijikdirmekden we gyssanmakdan peýda bolmajakdygyny bilip, «Alla öz mülküni islänine eçiler»[1] hökümine tabyn boldy. Ol üç beg: Husameddin Gaýyr han, Husameddin Kymry we Kemaleddin Kamýar şähere bardylar. Soltanyň soltanlygyna «Gutly bolsun!» diýip, elini öpmek bilen hormatlandylar. Täjeddin Perwana Kemaleddine ant içirtmäge öňe çykanda, ony eli bilen itip, Gurhany çekip elinden aldy. Tagt öňüne baryp, ulularyň huzurynda çeper we şirin söz bilen kasam etdi welin, diwanda bar bolan ähli danalar we bilimdarlar onuň şirin we çeper sözüne haýran galdylar. Husameddin Gaýyr han we Husameddin Kymry, melikler we hanlar şu röwüşde ant içdiler. Patyşalyk Soltan Gyýaseddinde karar tapdy. Patyşalyk şükranasyna «Perwerdigärim, meni Seniň maňa we ata-eneme ynam eden nygmatyňa şükür etmäge we Seni razy etjek ýagşy amallar etmäge sebäpkär etgin»[2] aýatyny okamaga meşgul

---

[1] Gurhanyň 2-nji süresiniň 247-nji aýaty.

[2] Gurhanyň 27-nji süresiniň 19-njy aýaty.

boldy. Soň onuň buýrugyna görä, ähli ýurtda zyndandakylary halas etmek üçin köşk kätipleri höküm ýazdylar. «El mülkülilläh» (mülk Allatagalanyňkydyr) ýazylgy möhür bilen möhürlendi we çaparlaryň eline berip, çaltlyk bilen ugratdylar.

Ertesi ýas resmi üçin ak atlas geýip, haremhanadan daşary çykdy. Salamlyk synasyna gelip, tagta çykdy. Begler we hyzmatkärler lybaslarynyň üstüne örtünjeler, palaslar çekip, üç gün ýas we matam edip, her ýerde ýas tutdular. Dördünji gün Soltan begleriň, ululary we hyzmatkärleriniň lybaslaryny özgertdi. Ählisine soltanlyk lybashanasyndan mertebesine we derejesine laýyklykda halat geýdirdiler. Döwlet jaýynda şalara laýyk bezm gurup, ahy-nalany naý we çeň owazyna öwürdiler. Soltan Alaeddiniň güýç we haýbatynyň beýany köňüllerden şeýle bir ýok boldy welin, göýä diýersiň Soltanyň adalaty we merhemeti olaryň köňlünde hiç orun tutmadyk ýalydy. Onuň köňül halynyň ygtybarly ýörelgesi diňe şu sözleri jemagatyň gulagyna ýetirerdi.

**Beýt**

Bilýäň, pelekden näme ýol azygyny düwdüm, hiç,
Hem-de gerdenini eýýamdan elimde näme bar, hiç.

Şatlyk şemidirin, emma otursam men, hiç,
Men Jemşidiň jamydyryn, emma döwülsem, hiç.

Beýik we päk Haktagala zemin-u zamanaň soltany, älemdäkileriň eýesi, Osman neberesiniň pägi we saýlantgysy bolan Soltanymyz Myrat han ibn Muhammet ibn Baýezit hany hemişelik saýry ymmatlar üstünde kyýamata çenli ebedi we dowamly etsin. Ähli maksatlaryny we myratlaryny miýesser etsin. «Hakykatdan-da ol eşidýär we jogap berýär».

## HUSAMEDDINIŇ GAÝYR HANY TUTMAGYNYŇ WE HOREZM LEŞGERINIŇ RUMDAN GAÇMAKLARYNYŇ BEÝANY

Sagdeddin Köpek hapysalyk palçygyna bulaşan, erbet häsiýetli, betpäl gylykly adam bolup, galagoply aňynda ornaşan pislik söwdasynyň netijesinde şeýtan onuň durkuna eýe bolup, ýüregine siňipdi. Horezm begleriniň ulusy bolan Gaýyr han babatda hem töhmet we hile bilen arz etdi:

– Ol şahy älem gullugyndan ýüz öwürýär. Eger bu ýurtdan aýry ýere barsa, bu ýurduň ýagdaýlaryndan we goşunlarynyň mukdaryndan habardar bolandygy üçin duşmanlary bu döwlet kasdyna öjükdirer we azdyrar. Ýurtda we ülkede topalaň peýda bolar. Gowusy ony tutup, galan horezmliler hem gorky bilen gulluga bil baglap, bu hezretden bölünmeklik niýetini etmezleri ýaly, Gaýyr hany tussag etmeli.

Soltan ýigitlikde we oglanlykda bolýan gedemliginden ýaňa aşa nadanlykdan we tejribesizliginden onuň hile we mekrine aldandy. Gaýyr hany tutmaga görkezme berip, adam iberdi. Ol gelende ony köşgüň metjidinde tutdular. Agşam demirläp, Zemendu galasyna eltdiler. Birnäçe wagt onda tussaglyk ejirin we bendelik azabyn çekdi. Ahyrynda köne keseli gozgap, onuň bilen Haktagala rehmetine gowuşdy.

Ol gün galan begler we horezm goşunlary bu wakany eşidip, ähli̇si gaçmaga ýüz tutdular. Şol sebäpli-de bütin ýurtda sarsgyn we galagopluk peýda boldy. Welaýatlarda çapawulçylyk we talaň etdiler. Bu ýagdaýy Soltan hezretine arz etdiler. Soltan Kemaleddin Kamýara baryp, horezmlileri döndürmegi tabşyrdy. Ol häzir bolan goşunlary bilen rowan boldy. Ol öz häsiýetine laýyk haýallyk we äwmezlik bilen Malatyýa ülkesine ýetdi. Malatyýanyň goşunbaşysy bolan

Seýfeddöwle Ärtoguş begi Hartperte çenli olaryň yzyndan gönderdi. Horezmliler Arapgir ýolundan gidip, Fyratdan geçipdiler. Seýfeddöwle Hartperte ýetende, Hartpert goşunbaşysy Seýfeddin Baýram bilen horezmlileriň öňüni aldylar. Olar Soltanyň goşunynyň gelendigini bilenlerinden soň, Seýfeddöwle we Seýfeddin Baýram begiň ýanyna bir çapar gönderip: «Biz awaralykdan we biçärelikden gutulyp, bu döwletiň goýras saýasynda asudalyga, rahata, bagta we döwlete ýetdik. Öňki Soltan biziň başymyzy belent edip, göwünlikler bererdi. Ol Alla rehmetine gowuşandan soň, begimiz, ulymyz we serkerdämiz Gaýyr hany günäsiz, ýazyksyz tussag etdiler. Biz hem janymyzdan gorkymyza ol neberäni terk etdik we ryzk üçin jahanda awara bolduk. Maslahat şeýle, akyl-parasat ýüzünden yzyna dolansynlar we ýatan pitnäni oýarmasynlar. Şonda biz hem howsaladan, duz-çörek hakyny ýerine salmakdan boýun towlamarys, gaçmak we söweş ýoluny tutmarys. Namys aýnasy synandan soň, arman we haýp diýmegiň peýdasy bolmaýar» diýip, habar berdiler.

Olar parahatlyk we ylalaşyk nesihatyna gulak asmadylar. Uruş üçin olaryň barabaryna bardylar. Horezmliler ýagdaýy beýle görenlerinde, söweşe taýýar boldular we bialaç öz janlary üçin geregi kibi uruşdylar. Seýfeddin Baýram kibi käbir batyrlar alplar bilen ol söweşde berk duruşyp, olary siňeklere iýmit, bürgütdir gargalara lukma etdiler. Seýfeddöwläni birküç sany ady belli begler bilen tussag etdiler. Ol jeňdir söweşde horezmlileriň eline köp esbap, at we parça olja düşdi. Olar saklanmazdan, ýola düşüp, Fyratyň Diýarbekr tarapyndan Şam diýaryna ýöriş etdiler. Baryp güýç we basyp almak bilen Harran Roha, Rakka we galan ýerleri we galalary tutdular. Il, ýer we ýurt edinip, hökmürowanlyk bilen hökümet ederdiler.

Kemaleddine goşunyň ýeňlip, Seýfeddin Baýram begiň öleninden, Seýfeddöwle we beýleki begleriň tussag

bolanlygyndan habar berenlerinde, gaharlanyp, gozgalaňa düşdi. Diýseň melul bolup, pikire batyp, yzlaryndan gitjeginide ýa-da dolanjagyny-da bilmedi.

Şeýle aladaly ýagdaýda begleri çadyryna çagyrdy we olar bilen maslahat etdi. Olar aýtdylar:

– Bejit, salamatlyk bilen yza dolanmak gerek. Munuň çäresi üçin bir höküm berer ýaly, bu hakykat ýagdaýy Soltan hezretine duýdurmak gerek.

Bu karar esasynda ýene Kaýsaryýa geldiler, bolan işleri habar berdiler. Ol wakada Köpegiň ömür binasyna jaýryk düşdi. Bilniksizlik bilen ol jaýryk gün-günden zyýada bolýardy. Ahyry iş şeýle bir derejä ýetdi, ony soň jikme-jik ýazarys.

Soltan bir müddet Kaýsaryýada karar tutdy. Ondan soň öten soltanyň adatyna görä, güýz paslynda birküç sany egindeş we saýlama gullary we bezegli çadyry bilen Antalyýa gyşlagyna ugrady. Köpegi hem öz hyzmatynda alyp gitdi. Soň buýurdy:

– Iki aýdan soňra Naýyp Kemaleddin, Atabeg Şemseddin we begler begi Husameddin ýeňiji saýawanyň hyzmatyna bile gelsinler.

Möhlet geçip, ähli möhüm işler gutarandan soňra, Soltanyň hyzmatyna ugradylar. Olar mydama Soltanyň mylaýym we enaýat nazaryna eýe bolýardylar. Hylwat mejlislerinde, dostlukly eşretlerinde hormat we sylaga eýe bolardylar.

## KÖPEGIŇ RUM ÝURTLARYNYŇ ULULARYNY ÝOK EDIP BAŞLAMAGYNYŇ BEÝANY

Şemseddin Altyn beg atabeg wezipesindekä «Bu iti soltan huzuryndan daşlaşdyrmak gerek. Bolmasa ahyry her kime, şeýle bir rehimsizlik bilen zarba urar welin, hiç melhem peýda

etmez» diýende, ony Emir Kemaleddin ol niýetinden saklardy. Gepçiler onuň sözüni Köpege ýetirerdiler. Köpek begleriň ýok wagtynda pursat tapyp, atabegi Soltana ýamanlardy. Ahyry onuň hyýalynda-da bolmadyk we durky ondan päk bolan bir uly günä we bir uly ýazyk boýnuna ýüklemek bilen oňa töhmet atdy. Täjeddin Perwanany hem bu babatda özüne mährem we hemdem tutundy. Bir gün döwlet emeldarlary we ýurt ululary Soltan diwanynda bezenip otyrdylar. Şemseddin Altyn beg diwan permanlarynyň ýüzüne nyşan goýup[1] otyrdy. Täjeddin Perwana bilen Köpek Soltanyň hyzmatyndan çykyp, diwana geldiler. Biraz oturdylar. Köpek Soltanyň ýüzügini barmagyna dakyp turdy we Şemseddiniň ak sakgalyndan ýapyşyp, ulularyň hataryndan aşaga düşürdi. Soňra ony Jandar Taýakça tabşyrdy welin, ol hem şäherden daşary çykaryp, şehitlik derejesine ýetirdi. Döwlet ulularynyň we emeldarlarynyň hiç biriniň «Näme we näme üçin» diýip soramaga gaýraty çatmady. Diwandan çykyp, öýlerine dolananlarynda Sahyp Şemseddin Kemaleddin Kamýara aýtdy:

– Bu Köpek ýowuz iş tutdy. Eger tizden-tiz dep edilmese, erbet bolar we ýaramaz işleri beýlekilere-de endik bolar. Indi agzybirlik bilen Soltan hyzmatyna baryp, Soltany bu syýasatdan saklaly.

Kemaleddin bahana edip, Sahybyň halas bolmak babatdaky sözüne söz goşmady.

Ol günden soň Köpegiň işleriniň erbetligi we gabahaty rowaç boldy. Onuň üstünligini we eýemsiremegini dep ederden begleriň eli we dili baglanypdy. Ol Şemseddin Altyn begiň işini birýüzli edeninden soň Täjeddin Perwanany ýok etmek bilen meşgullanyp başlady. Ol Täjeddiniň başyna ýetmek maksady bilen Soltanyň ýanynda käte gizlin, käte aç-açan

[1] Nyşan goýup – möhür goýmak, gol çekmek we ş.m.

gelşiksiz tagallalar edýärdi. Emir Täjeddin muny eşidip tagapyl ederdi we bilmediksirän bolardy. Onuň mekirligi hetden aşanda bolsa, Täjeddin Perwana özüni bir çete çekip, rugsat sorap, öz mülki Enguryýa tarapa rowana boldy. Ol ýerde ýaşap, yhsan we engam bereketini ula-kiçä ýetirerdi.

## MELIKE ADYLANYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE OGLANLARY YZZEDDIN GYLYÇ ARSLANYŇ WE RUKNEDDINIŇ BURGULU GALASYNDA TUSSAG EDILMEGINIŇ BEÝANY

Nowbahar soltany hökmürowanlyk baýdagyny göterende, gül-reýhanlaryň esgerleri reňkli çadyryny müşk ysly sähranyň üstünde gurdular. Ýakymly şemal dürden doly agaçlaryň nafeýi tataryny[1] eline aldy. Bady-saba sahy adamlaryň atlary we merhemetleri kibi älem ýüzünde öwsüp we ylgap başlady. Gumrular zikir edip, bilbiller saýramaga başlady. Onsoň Soltan gyşlakdan paýtagtyna ýöriş edip, saýawany, baýdagy, hyzmatkär nökerleri bilen Konýa bardy. Lezzetlerden, dynç alyşlardan, hatynlar bilen gatnaşyklaryndan soňra Kaýsaryýa ülkesine bardy. Köpege:

– Gardaşlar[2] bilen eneleri melike Adylanyň arasyna aýralyk sal – diýip, ol emr etdi. Köpek Soltanyň hökümi esasynda Melikäni penakär Enguryýa gönderdi. Onda ony birnäçe wagtdan soň ýaý kirşi bilen bogdular. Merhum durkunda bar bolan päkliginden, päkizeliginden we namyslylygyndan ýaňa jellatlar girmezden öň, aman diläp,

[1] Nafe tatar – göbek, keýigiň göbeginden alynýan müşk. Nafeýi tatar – tatarlaryň öndürýän müşki örän meşhur bolupdyr. Onsoň hoşboý ysy köplenç tatar müşküne deňäpdirler.

[2] Bu ýerde Melike Adylanyň iki sany ogly göz öňünde tutulýar, ýagny «iki gardaşy – Melikäniň iki ogluny – eneleri Melike Adyladan aýra salyň» diýilýär.

päklenip, ömri bilen hoşlaşyp, iki rekagat namaz okady. Soňra ýüzüni göge tutup aýtdy:

– Eý Hudaý! Men bir görgüli, zelil, mazlum gyrnagyňdyryn. Meniň bilen gullarymyň arasyndaky zulmaty aç, janymy, ruhumy we ganymy kabul et. Çagalarymy saňa tabşyrdym, şolara goragçy we penakär bol! Zalymlara özüň näme rowa görseň, şony et. Meniň günälerimi geç, rehim et we tobamy kabul et – sen tobalary kabul ediji we rehimdarsyň!

Şol demde ol ýerde häzir bolan hyzmatkärler we agtalar bu dogany ýazdylar we ýat tutdular. Ondan soňra ýüzüni iki-üç sany örtgi bilen ýapyp, baglady-da, Kybla bakyp oturyp, hyzmatkärler bilen razylaşyp hoşlaşdy. Keleme aýtmaga, «Subhan Allah» diýip tesbi sanamaga we Gurhan okamaga meşgul boldy. Şol wagt jellatlar gelip girdiler we ýaý kirşi bilen onuň kibi päk zenany ahyrýete ugratdylar. Onuň oglanlaryny bolsa Burgulu galasyna eltip goýdular. Ol galada olary tä Soltan Gyýaseddiniň bir aýalyndan Soltan Yzzeddin Keýkowus, bir rumy kenizinden Soltan Rukneddin Gylyç Arslan, gürji melikesinden bolsa, Soltan Alaeddin Keýkubat dünýä inýänçä tussag hökmünde sakladylar.

Soltan Melik Yzzeddin Keýkowusyň atabegligini Mubaryzeddin Armaganşaha tabşyrdy. Oňa «Gardaşlary heläk et» diýip buýurdy. Mubaryzeddin Armaganşa haýyrly we musulman kişidi. Olary öldürmekden saklandy. Käbirleri: «Olaryň deregine iki guly depeläp, soltana nyşan eýledi» diýýärler. Käbirleri bolsa: «Heläk etdi» diýýärler. Şeýlelikde, olaryň Mubaryzeddin Armaganşanyň elinden heläk bolanlygy ýa-da bolmanlygy takyk bolmady.

# KÖPEGIŇ TÄJEDDIN PERWANANY ÖLDÜRMEGINIŇ BEÝANY

Köpek melikleri Burgulu galasyna elteninden soňra, olary zyýansyzlandyrmagyň aladasyny etdi. Yzyna dolanan wagtynda onuň ýoly Akşäheriň üstünden düşdi. Bethüý gepçiler we döw sypatly gybatçylar onuň gulagyna:

– Täjeddin Perwana gelen wagtynda Soltanyň sazçy kenizini, Hartpert[1] meliginden alnan gyrnaklaryny çagyrtdy. Söwdalaşman[2] olar bilen gatnaşyk etdi – diýen habary ýetirdiler. Köpek bu sözi eşidenden, derrew ol ýeriň ymamlaryndan we kazylaryndan:

– Zyna eden kişä, aýratynam özüni nygmatlandyran neberä ikilik eden zynakeşe şerigat näme buýurýar? – diýip, pitwa talap etdi.

– Zynakeşiň jezasy we temmisi saňsar daşy bilen daşlanmakdyr – diýip ählisi pitwa berdiler. Köpek ol pitwalary ýeke galan wagtlarynda Soltan hezretlerine habar berdi we aýtdy:

– Eger soltany älem bu batyrgaýlyga geçirimlilik etse we göz ýumsa, ähli golastyndakylar, bihaýalyk ederler. Hojaýynlara we nygmat berýän maşgalasyna elini uzadarlar, biedeplik ederler. Onuň betnamlygy we masgaraçylygy patyşadan gaýra ýüklenmez.

Soltan mes we serhoş bolan soň Täjeddin Perwanany öldürmek meselesinde ukuda ýaly hereket etdi. Ol öz ýüzügini: «Her ne jezasy bolsa, şerigat hökümi bilen ýerine ýetir!» diýip, Köpege berdi. Şeýle-de, Enguryýa baryp, şerigat hökümlerini ýerine ýetireninden soňra, Täjeddin Perwananyň

[1] Hartpert (Hartpurt) – häzirki wagtda «Harput» atlandyrylýar.

[2] Bu ýerde zyna edenligi göz öňünde tutulýan bolsa gerek.

baýlyklarynyň we esbaplarynyň hasabyny almagy, ýazgyly hökümi bilen oňa tabşyrdy.

Köpek, ýyldyrym kibi, üç günüň içinde Enguryýa ýetdi. Derrew baryp, Soltan köşgüne gondy. Täjeddin Perwanany, şäheriň ymamlaryny we ulularyny çagyrdy.

Ol şaýatlaryň öňünde Soltanyň hökümini mälim etdi. Täjeddin Perwana özüniň Soltanyň gahar halkasyna ilişendigini gördi. Köpek derrew ony mal esbaplaryndan we adamlaryndan aýryp, bendi etdi. Birküç gün onuň mal-esbabyny jemlemek bilen meşgul boldy. Ol möhümlikleri birýüzli edeninden soňra, Täjeddin Perwanany Enguryýanyň[1] meýdanyna eltdi. Hatam ýaly dabara we şan-şöhrat bilen bezelen, Merkuriýde (Utarytda) göribilmezçilik döredýän hat we çeper söz bilen zynatlanan, fykh ylmyndan we arap dilinden ortatap diýäýmeseň, ähli ylymlardan gowy baş çykarýan, hudaýhon we imanly bendelere dözmeýän, päk synasy gül ýapragy bilen oralan munuň kibi näzenin kişini göbegine çenli topraga gömdüler. Köpek köpçülige buýranyndan soňra, daş atmak bilen onuň şirin janyny Firdöws jennetine gowşurdylar. Ondan soň ähli baýlyklaryny, gülbentlerini, pullaryny hazyna eltip berdiler. Köpek üç adamyň ganyny dökdi. Hiç kim oňa garşy çykyp, närazylyk görkezip bilmedi. Onsoň onuň bihaýalygy we batyrgaýlygy öňküdenem artyp, şeýle bir derejä ýetdi welin, begleriň we ulularyň, köňülleri islese-islemese, onuň tarapyna geçmeli boldular. Ulular we serkerdeler ondan gorkusyna doýup, uklap bilmezdiler.

Köpek işiniň beýiklikde ýazgyt we takdyr derejesine ýetenini, hile we pitne nahallarynyň kökleriniň we damarlarynyň ýer astyna çenli ulaşanyny görenden soň, söz arasynda:

---

[1] Enguryýa – häzirki wagtda Ankara şäheri. Oňa ýunança «Ankyra» diýlipdir.

– Enem Şahnäz hatyn, Konýanyň ygtybarly adamlarynyň we hojalarynyň gyzlaryndandy. Soltan Alaeddiniň atasy Soltan Gyýaseddin Keýhysrow onuň lowurdaýan buýra-buýra saçlaryna aşykdy, serwi boýuna we gülgün ýüzüne haýrandy. Ony ogrynça Soltanyň köşgüne elterdiler. Ezizlemek we hormatlamak bilen ýene yzyna getirerdiler. Bu waka daýzamdan gaýry hiç kime mälim däldi. Enemi atamyň öýüne gelin edip eltenlerinde ol Soltandan iki aýlyk hamyla ekeni. Özüni hile bilen gyz görkezipdi. Daýzam örän mekirdi. Ol: «Gelin gelen gijesi hamyla boldy» diýip atamy ynandyrypdyr. Ýedi aý geçibem men dogulypdyryn – diýip, göçme manyly we aňlatmaly hekaýat edýärdi. Bu ýalan gürrüň bilen köňüllerde: «Köpek Seljuk neslindendir» diýen pikir ýer etdi. Soltany aldaw we jady bilen şeýle bir aldady welin, ol gara saýawanyň reňkini mawa öwürdi. Şeýle etmek bilen halypa hezretine «Rum soltany Apbas nesliniň şygaryndan ar edip, özüniň saýawanyny olaryň ýagşylygy astyndan dönderdi» diýip habar barmagyny, şeýdibem mundan soňky özüniň etjek bolýan hilelerine, islegine, maksadyna we betniýetlerine, pitnedir mekirliginiň gabat gelmegini we şu ýapyşyp boljak bahana bilen özüniň ak bolmagyny, gargyş siňen, ýigrenilen, jezalanan we näletlenen bolmazlygyny niýet edinýärdi.

## SYMSAT GALASYNYŇ KÖPEK TARAPYNDAN BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Köpek ýurt basyp, şäher almak we zor salyp, göz görkezmek ýoly bilen şamlylaryň köňlüne hem gorky salmak we hiç kimiň hiç ýerde we hiç diýarda onuň haýbat we apat şerabynyň käsesinden binesip galmazlygyny isleýärdi. Şonuň üçin ol şol döwürlerde dag aşýan dabarasyndan, zarbyndan,

bagtyň, döwletiň we ykbalyň ýarlygyndan ýaňa pursat saýyn Myrryhy (Mars) käýindirýän we jan alyjy naýzasynyň zarbyndan sandaly (demiri) naladýan Rum ýurdunyň goşunlaryny Şam diýaryna çekdi we Symsaty galasyny gabady. Bir salym onuň gabawy bilen meşgul boldy. Ol galanyň melikleri bolan ermeni begleriniň onuň garşysyna gitmäge takatlary we gaýtawul bermäge güýçleri, gabawda durmaga kuwwatlary ýokdy. Şonuň üçin olar manjanyk daşynyň zarbyndan ejiz gelip, aman dilediler. Olar:

– Şähriýaryň döwleti bilen söweşmäge we uruşmaga hiç kimde mejal-gaýrat bolmaz. Birküç gündäki görkezen garşylygymyz biziň şum bagtymyzdandyr we bidöwletligimiz sebäplidir. Eger begler begi biziň janymyza aman berse, gadymdan bäri biziň atalarymyz hökmünde, bu galada duran, älem yklymlaryndan, Pereňden, Rumdan, Ermeniden, Gürjüden hristianlar zyýaratyna gelýän, tabynlarymyzyň, tarapdarlarymyzyň, çagalarymyzyň, neberelerimizden köpelmegine nepi degýän uly haçymyzy bizden aýyrmasa, goşunlarynyň ellerini biziň aýaldyr-çagalarymyzyň etekdir ýakalaryna ýetirtmese, bu galany tabşyralyň we meýlimiz her bir ýere göçüp gideliň – diýip, Köpege habar berdiler.

Köpek olaryň haýyşyny kabul etdi. Goşuny gabawdan saklady. Ähtnama ýazdy we: «Asla olaryň zyýanyna çapmarys we päsgelçilik döretmeris» diýip, ähdi-peýman etdi. Olaryň ilçilerini öz ilçileri bilen gala iberdi. Çaparlaryndan we ilçilerinden ýeterlik jogap eşidenlerinden soň, galany boşadyp, goş-golamlaryny we esbaplaryny aşaga düşürdiler. Soltan sanjagyny ýokary çykardylar. 635-nji ýylyň zülkagda (boş) aýynyň ahyrynda anna güni (annagün) galanyň çür depesinde soltan tugy parlady. Uly kelisäni metjit edip, soltanyň adyna hutba okatdylar. Az wagtyň içinde Symsatdan başga-da birküç

gala basylyp alyndy. Köpegiň dabarasy we haýbaty şu zatlar arkaly has-da zyýada boldy.

Soltan hezretiniň ulularyna we döwlet emeldarlaryna eden ähli içigaralykly hapysalygyna we erbet işlerine garamazdan, ol raýata seretmekde we adyllygy ýaýmakda jahanyň ýeke-tägidi we zamananyň danasydy. Adyllyk edýän wagtynda we adalatlylyk görkezýän pursadynda ýat bilen tanyş, baý bilen derwüş arasynda parh goýmazdy. Ezilenlere kömek we ýardam bermekde, zalymlaryň öňüni almakda we ýok etmekde geçirimlilik we haýal-ýagallyk etmezdi. Eli sahawatlylykda möwç urýan deňiz we çagba guýýan bulut ýalydy. Emma halkyň ýüzüne seredende Zahhak häsiýetlidi, peleň tebigatlydy. Egindeşleriniň we kowum-garyndaşlarynyň arasynda ýüzi gülerdi we tilkilenerdi. Onuň haýbatynyň kämil kemanyndan atylan syýasatynyň haýbatly oky her kimiň süňkünden ötüp, ýiligine çenli batypdy. Eger bir kişi ony aňaýsa, gorkudan endamyna sandyrama aralaşardy. Onuň ajap hekaýatlaryndan we geň-taň syýasatlaryndan birisi şudur.

Bir gezek saparda wagtynda goşun esgerleriniň ýükçi düýeleriniň biri [haýsydyr] bir raýatyň ekin meýdanyna giripdir. Ekinini iýip, basgylapdyr. Ekin eýesi perýat edip, onuň çadyryna gelipdir. Wakany mälim edipdir. Ol: «Derrew düýäniň eýesini tapyň we getiriň» diýip, buýruk berýär. Düýäni idip, ähli goşunyň arasyna aýlap, gygyryp çyksalar-da, hiç kimiň «ol düýe meniňki» diýmäge bogny ysmandyr. Düýäniň eýesi tapylmanyndan soň, onuň buýrugyna görä, ol düýäni şol ekin meýdanynyň gyrasynda bar bolan bir derekden asyp goýdular.

Eger ýol üstünde ýa-da ýoldan çetde kilim, haly, torba, geýim-gejim we beýleki ýatan we gaçyp galan zatlary görseler, hiç kimiň ony almaga we äkitmäge ýüregi etmändir. Diňe

galan-gaçan zatlary ýygnamak üçin bellenilen çugdawul[1] bölümine habar ederdiler. Olar baryp ony alyp, Soltanyň däliziniň gapysyna elterdiler. Eger don we beýleki dürli hilli geýilýän zatlar bolsa, çadyrlaryň tanaplaryndan asyp goýardylar, eýeleri gelip olary alardy. Eger bilek[2], gylyç, çakmak we her dürli uruş-ýarag gurallary, at, gatyr we beýleki haýwanlar bolsa, olary saklaýan we seredýän goşunlar bardy. Ol goşunlary zatlaryň ýanynda goýup gygyrdardylar. Eýeleri eşidip gelerdi. Şaýat getirerdi. Doly anyklanandan we subut edilenden soňra, olar öz zadyny alardylar. Onuň döwründe ejiz raýatlar asudalyk we rahatlyk bilen gün-güzeran geçirerdiler. Emeldarlaryň we mülkdarlaryň raýatdan bolmalysyndan we düzgün edileninden zyýada bir towuk ýüki hem artyk almaga bogunlary ysmazdy.

## KÖPEGIŇ HUSAMEDDIN KYMRYNY WE KEMALEDDIN KAMÝARY TUSSAG ETMEGINIŇ BEÝANY

Symsat galasynyň ýeňşinden dolanyp gelenden soň, Köpek Husameddin Kymryny bir günä iş bilen aýplady. Zynjyrlap Malatyýada Soltan köşgünde tussag etdi. Mal-mülküni hasaba alyp, hökümdaryň haýryna geçirdi. Husameddine günde ýarym batman[3] et, iki batman çörek, hajatlary üçin üç akja-pul kesgitlendi.

---

[1] Çugdawul – galan-gaçan zatlary ýygnamak (çugdumlamak) bilen meşgul bolýan aýratyn goşun topary.

[2] Bilek - pilçe. Ujy ýasy kiçijik pilçä meňzedilen ýa-da iki şahly ýasalan ok.

[3] Batman - Daşoguz batmany 20 kg, Töwriz batmany 3 kg. Ýöne bu ýerde şu zatlar maşgalasyna we hyzmatkärlerine hem degişli bolmaly.

Paýtagt Konýa ýetenlerinde Emir Kemaleddin Kamýary eltip, Konýa sebitindäki Käwile galasynda şehitlik bagtyna miýesser etdiler. Ol dünýä ulularynyň, ygtybarlylarynyň biridi, döwrüň emirleriniň serdarydy. Allatagala oňa güýç-kuwwat we takyk ylym bagyşlapdy. Ýüz batman ýaýyny we ullakan gürzüsini hiç kim göterip we gozgap bilmezdi. Ylymlaryň inçeliklerini, barça zadyň hakykatyny ýunan hekimleriniň ylym ýoly bilen doly gurşap alypdy. Fykhda älemiň ýokary derejeli ymamlarynyň nury, iman eýeleriniň piri bolan Nyzameddin Hasyrynyň müritlerindendi. Pelsepeçileriň hikmetlerini öwrenmekde Şehabeddin Hekim Şähriwerdiniň şägirtlerindendi. Haty owadan, saýhally we ýaraşyklydy. Çeper we şirin sözleri kämildi. Zalymlaryň dawasyny çözmekde we gutarnykly karara gelmekde Süleýman ýaly, Ilähi tälim-düşünjäni goldanardy. Söweş gününde Myrryh kibi ýiti naýzasy bilen bethüýleriň damaryndan gan akdyrardy. Agyr üzeňňisi we jylawy döwlet duşmanlaryny ýok etmekde ýeňil gopýardy. Hikmetli, nepis şygyrlary Şehabeddin Maktula barabarlyk we bäsdeşlik ederdi. Ikisi biri-biri bilen şygyr aýdyşardylar we bäsleşerdiler.

### Beýt [1]

***Şehabeddin Maktul:***

Eý dost! Görmediňmi gözi we kalby ýakan hem-de soň gizlenen ataşy?

Uçuryp zowk älemine ýanyp daglar, gaçar, ýiter eger bolsa äşgär yşky.

[1] Bu beýtler arap dilinden türkmen diline sözme-söz terjime edildi.

*Kemaleddin Kamýar:*

Eý dost! Çakan we gaýyp bolan ýyldyrymny görmediňmi, çakýandyr olar,

Erär, ýagdyrar, ýakar gözden ýiter, görnüp nur saçar-da boşanyp geçip gider.

Allatagala onuň mübärek durkuny şunuň ýaly ýagşy sypatlar we öwgüli häsiýetler bilen gurşap alypdy we doldurypdy.

Allatagala ol erbet işiň jezasyny we ol ýaman ýoluň agyr ýüküni, gürrüňsiz, Köpegiň heläk bolmagynyň sebäbi we hanymanynyň ýakylmasynyň esasy edip goýupdy. Aşakda beýan edilişi ýaly, halaýygy onuň güýçli hemlesinden we jebrinden halas etmegiň keramatyny görkezipdi. Alla öz bendelerine mähribandyr.

## SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ KÖPEGI ÖLDÜRMEK BARADA TAGALLA ETMEGINIŇ WE ULY-KIÇINIŇ ÝÜREKLERINI RAHATLANDYRMAGYNYŇ BEÝANY

Köpegiň hojaýynsyramasy we tekepbirligi gün-günden zyýada bolýardy. Wadalary we güýçli haýbatynyň zarby her sagat älem ömrüniň harmanyny ýakardy.

Soltan döwlet emeldarlaryndan we ýurduň han-beglerinden aýrylanlygyna gamlanyp we melul bolup, Köpegiň garadan gaýtmazlygyndan we gaty erkinliginden, ýagny hemişe öz ýanyna gylyçly girmesinden howatyr edip başlady. Soltan bir gün jany-teni bilen özüne berlen, yhlasly ýakyn gullaryndan birini ýanyna çagyrdy we oňa şeýle diýdi:

– Köpek döwlet emeldarlaryny we ýurduň han-beglerini bihaýalyk we betpällik bilen ýeke-ýekeden heläk edip, dirilik

meýdanyndan ýokluk sährasyna gönderdi. Häzir ol şeýle bir ýagdaýa ýetdi weli, bihaýalyk we gödeklik bilen hylwathanamyza ýany gylyçly girýär. Biz onuň gödekligine we geň hereketlerine gaty haýran galýarys. Sen gizlinlik we gyssanmaçlyk bilen Siwasyň goşunbaşysy Jandar Garajanyň ýanyna baryp, bu hekaýaty bizden eşidişiň ýaly oňa aýdyp ber. Tiz ony bu hadysany dep eder ýaly alyp gel.

Zamananyň hökümdarynyň emri bilen ol bu habary Husameddin Jandar Garaja ýetirdi. Ol munuň bilen ylalaşyp, Soltanyň hyzmatyna Kubadabat tarapyndan gelmegi karar etdi. Gelendigini habar bermek üçin Husameddin Jandar şol ynamdar guly ýoldan Soltanyň hyzmatyna ugratdy. Özi agşam garaňky düşýänçä ýolda eglendi. Agşam bolanda gelip, Köpegiň öýünde düşledi.

Köpek:

– Soltanyň hyzmatyna bardyňmy? – diýip sorady.

Ol jogap berdi:

– Siz rugsat bermeseňiz, Soltanyň hyzmatyna barmaga mende ýürek barmy? Özümi onuň ýakyn adamlaryndan saýamok. Mundan beýläk siziň synyňyza ýapyşyp, siziň aly jenabyňyzy özüme penakär we hemaýatkär bilerin.

Onuň özi tarapyndan asuda aman we arkaýyn bolmagy üçin, ol melguna şunuň ýaly mekir we hileler etdi. Köpegiň göwni ondan arkaýyn bolup, ol gije onuň üçin bir gowy söhbet we eşretli mejlis gurdy. Gijäniň üçden biri geçinçä onuň bilen keýpi-sapa we eşrete meşgul boldy. Oňa şeýle mukdarda at, don, altyn, pul, aý ýüzli gul we hyzmatkärler bagyşlady welin, ony wasp edip gutarar ýaly däldi.

Daň bilen säher horazy gygyranda, azançylar azan okady. Köpek öňki adatyna görä, Soltan hezretiniň hyzmatyna ugrady we Jandar Garaja begi hem özi bilen äkitdi. Öňünçä özi soltanyň huzuryna baryp, Jandar begiň gelendigini aýdyp, ony

salama getirmäge rugsat sorady. Rugsat berlensoň, daşary çykyp, ony soltanyň elini öpmek hormatyna mynasyp etdi. Köpek ol tarapdan gaty rahat we arkaýyn boldy.

Ondan soňra Jandar beg her gün Soltanyň mejlisinde söhbetdeşlik we egindeşlik resmi bilen häzir bolardy. Soltan ýaşyrynlykda oňa Köpegiň jebir-jepasyndan şikaýat ederdi. Ahyry Köpegi ýok etmek barasyndaky pikir deňzinde olar şeýle karara geldiler: Köpek eşretli oturşyk mejlisine gelende, Jandar beg bilen şerap içmeli bolanda, saky jamy onuň öňüne getirende, ol jamy yzyna çekip alyp, suw guýmak bahanasy bilen daşaryk çykmaly. Onsoň hemdemleri we mähremleri bilen Köpege gözegçilik edip durmaly. Köpek daşary çykan mahaly bolsa agzybirlik bilen üýşüp, gylyçdan geçirip, para-para etmeli.

Şeýdip jahany onuň bela-beterliginden halas ederler. Soltan hezretiniň emri esasynda Köpek gelip oturanda rahatlandyryjy bulgurlar bir zaman aýlanyp, elden-ele geçdi. Emir Jandar şerap içip, daşary çykdy. Öňden karara gelnen we dilleşilen adamlary bilen dälizde oturdy we oňa garaşdy. Köpek daşary çykanda, Jandar hormat bilen ýerinden turdy. Geçip barýarka, jüpbesiniň astyndan çokmagyny çykardy. Ýeňsesinden urmak isledi. Emma arkasyna gyltyz degip, uly zyýan ýetirmedi. Köpek yzyna dönüp, Jandar bege ýapyşdy. Baýdak emiri Toganşa gylyç çekdi we Köpege salgady. Köpek ýaralanyp, jan gorkusyndan özüni Soltanyň şeraphanasyna oklady. Şerapdarlar ony gana bulaşan we gorkuly ýagdaýda görenlerinde pyçak, gylyç we çokmak bilen yzly-yzyna urup, nejis janyny we hapa nepesini teninden jyda etdiler hem-de Dowzah girdabyna saldylar. «Zulum eden nadanyň soňuna çykyldy. Älemiň eýesi Alla şükür». Onuň janyny Syjjyna[1]

[1] Syjjyn - ýedi dowzahyň biriniň ady.

gönderenlerinden soň, Soltan: «Onuň nejis göwresini görenleriň kalbynda ar alyş döretsin» diýip, bir beýik ýerden asyp goýmagy buýurdy. Onuň agzasynyň böleklerini bir demir kapasa saldylar we dardan asyp goýdular. Sebäbi Soltan ondan örän ynjapdy. Soltan: «Dardan düşürip, depin edeliň!» diýip, nala we perýat eden garyndaşlarynyň we maşgalasynyň sözüni kabul etmeýärdi. Üýtgänden we porsandan soňra, onuň buýrugyna görä, dardan düşürip depin etdiler. Soltan bu möhüm işden dynandan soňra, Köpegiň nejisligi sebäpli işinden boşap, metjidiň burçunda işsiz we boş oturan Jelaleddin Garataýy ýanyna çagyrdy. Göwnüni awlap, legenhanany we hususy hazynany ýene oňa berdi.

Sahyp Şemseddini wezirlikden boşadyp, ol wezipäni Sahyp Mühezzibeddine beripdi. Onsoň Soltan sahyp Şemseddini hem çagyryp, ony oruntutarlyga belledi. Perwanalygy ondan alyp, Weliýeddin Terjimana gowşurdy. Terjimanlygy bolsa şu efsananyň (kitabyň) awtorynyň atasy Seýitmuhammet el-Jagfara tabşyrdy[1]. Ondan soň hökmürowanlyk, şadyýanlyk, göwünhoşlyk, duşmany mat etmek bilen, ýeňiş baýdagynyň astynda Konýa geldi. Şerap jamy bilen ýaşlyk döwrüni şadyýan ötürdi. Wessalam.

## GÜRJI MELIKESINIŇ KEJEBESINIŇ KAÝSARYÝA SEBITINE GELMEGINIŇ WE YLALAŞYK ESASYNDA NIKA TOÝUNYŇ TUTULMAGYNYŇ BEÝANY

Mundan öň beýan edişimiz ýaly begler begi Kemaleddin Kamýar Soltanyň esgerlerini Gürji diýaryna çekipdi. Hah we Nahah atly galalary, başga-da birküç sany galany basyp alypdy.

[1] Bu ýerde «El-Ewamirul alaiýe fil-umuryl alaiýe» atly eseriň awtory göz öňünde tutulýar. Ýazyjy ogly şu eseriniň köp bölegini esasan şu kitapdan terjime edipdir.

Ol welaýatyň raýatyny we esgerlerini ýesir edipdi we öldüripdi. Gürji melikesi Rasudan Kemaleddiniň ýanyna ilçiler gönderip, Arzurum tarapyndaky begleriniň mekirliginden ötünç sorapdy we mongol goşunynyň Rum welaýatyna çozmagynyň sebäbiniň özüne ýöňkelýändigini inkär edipdi. Şeýle hem şol bir wagtyň özünde gudaçylyk we garyndaşlyk açmak baradaky sözi ara oklap, Melik Gyýaseddini giýewsi etmek isläpdi. Soltan Alaeddin ol sözleri we garyndaşlyk açmaklygy unap, ony kabul edipdi. Bu zatlary biz öň gürrüň beripdik.

Soltanlyk nobaty Soltan Gyýaseddine ýetip, täçdarlyk we hökmürowanlyk tagtyna geçende, maslahat bermekde we iş başarmakda pany jahanda taýy bolmadyk Şehabeddin Mustewfi Kermanyny bu işi ýerine ýetirmek üçin belledi. Köp sowgatlar, serpaýlar, baýlyklar we gymmatbaha bezegli zatlar bilen ony ýola saldy. Abhaz welaýatyna ýetende, ähli işleri tertibe salyp, taýyn edipdiler. Gowşurylmak wadasy Abhaza ýetipdi. Ýene birküç gün beýleki işleri taýýarlamak we sapar şaýlaryny tutmak üçin saklandylar. Bagtly atylan pal we sähedi tutulan gün bilen şäherden daşary çykdylar. Keýkubadyň jany we hyýaly şadyýan we horram bolar ýaly edilip bezelen we owadanlanan, döwrüň Bylkysynyň kejebesiniň hyzmatynda Süleýman mekanly we Peridun häsiýetli Soltanyň hyzmatyna rowana boldular. Arzynjan sebitine ýetenlerinde, beýik kejebäniň gelip ýetenliginiň buşlamak üçin, Soltana adam we çapar gönderdiler. Soltan Köpek duşmanynyň hederinden dynyp, dost saýawanynyň gelýändiginiň habaryny eşidende, şeýle buýruk berdi:

– Melikäniň geçjek ýollaryna ýakyn bolan welaýatlardaky nowwaplar we goşunbaşylar hormat we tagzym bilen ony garşylasynlar. Hoş habar we şatlyk dabarasyndan bir gyljagazy hem ahmal galdyrmasynlar.

Soltanyň permany esasynda şäherleri we köşkleri bezäp, zynat berdiler. Terkidünýäler aşa şadyýanlykdan ýüz ýyllyk tagat we ybadat çyralaryny hetden aşmaklyk daşy üzre atyp ugradylar. Diýaryň begleriniň, ulularynyň we serdarlarynyň päk bikeleri yslam melikesiniň elini öpmek bagtyna mynasyp bolmaklygy isleýärdiler. Sahawat jomartlygyndan we nygmatlaryň bollugyndan ýaňa seçen her dirhemiň öwezine ýüz dinar tapýardylar. Hatynlaryň melike hyzmatynda amal eden ol giňişleýin tanyşlygynyň netijesinde soň-soňlar olaryň islegleri we maksatlary çeper sözli habarçynyň üsti bilen şepagatly melike tarapyndan kabul edilerdi.

Soltan gündogar gözýetiminden dogýan güneş kibi bagtyýar täleýi, hökmürowan ykbaly bilen şadyýan we horram bolup, Kaýsaryýa sebitine geldi. Bir bezm gurmagy buýurdy. Şeýle bir bezm gurdular welin, Adamyň dörän döwründen tä ol zamana çenli, onuň kibi bezelen bezmi hiç kim görmändi. Nahar iýlip, göwnüňi göteriji bulgurlar aýlandy. Ýaranlar mes bolup, öýli-öýüne gitdi. Soltan wysal gerdegine[1] we hylwat hüjresine bardy. Gerdekde tagtyň üstünde bir dolan aýyň häzirdigini gördi. Hyjuwdan doly goluny boýnuna salyp, öpmäge we guçmaga meşgul boldy. Wysal hasyl bolup, maksadyna ýetdi.

Säher wagtynda gudrat haly ýazyjy asmanyň mawy ýüzündäki ýyldyzlardan seçilen merjen däneleri «Biz gündizi ýaşamak üçin iberdik» diýen sübse bilen syryp, arassalamaga başladylar. Soltan hammamdan soňra, salamlyk sypasyna çykyp, hemmäni bezme çagyrdy. Soltanlyk tagtynyň üstünde oturyp, beglere, döwlet ulularyna, han-beglere, ýurt sütünlerine içeri girmäge rugsat berdi. Içeri girdiler. Ählisi hyzmat ýerini öpenlerinden soňra, köp dirhem we dinar getirip seçdiler.

[1] Gerdek - çatynjalara niýetlenip gurulýan ýörite öý.

Sazandalar horramlyk we şadyýanlyk sazlaryna başladylar. Soltan begleri we serkerdeleri gyş paslynda nowbahar kibi dürli gymmat zatlar we hülleler bilen bezedi.

Soltanyň Melikäniň gül ýüzüne bolan mähir-muhabbeti gün-günden zyýada bolýardy. Gürji begleri we aznawurlary Soltanyň dergähine ýüz tutdular.

Uly mülkler, engamlar we yhsanlar gördüler, maksatlaryna we matlaplaryna ýetdiler.

## SOLTANYŇ HOREZMLILERI ÝURDUNA DOLAMAK TAGALLASY BILEN ÇAGYRMAGYNYŇ BEÝANY

Mundan öň beýan edişimiz ýaly, Gaýyr hany Köpegiň pisligi bilen tutup, Zemendu galasyna gönderipdiler. Horezmlileriň galan begleri gorkup, köp esgerler bilen Şam diýaryna ugrapdylar. Harran, Roha, Suruj, Rakka we Rasyl Aýn (Rasylaýn) welaýatlaryny we ol töwerekleri eýeläpdiler.

Ondan soň olar mertebelerine, tabynlarynyň we toparlarynyň mukdaryna laýyklykda ol ýerleri bir-birleri bilen bölüşdiler. Dabaraly we kuwwatly gün-güzeran geçirerdiler. Şam, Diýarbekr, Rabyga we Jezire melikleri we begleri olaryň ýagmasynyň, basmasynyň we hemleleriniň gorkusyndan hemişe howpa we howsala düşýärdiler we goranýardylar. Her hanyň öýüne her ýerden köp baýlyklar iberip, olaryň berýän ezýet we jebirlerini ähdi-peýmany bilen öz welaýatlaryndan aýrardylar. Emma käbir wagtlarda olaryň sergezdançylykda ýalňyz ýören bethüýleri we türkleri ýurduň serhetlerine girerdiler. Bezirgenlere gelip-gitmäge, raýatlara ekin ekmäge päsgel we zyýan berýärdiler. Soltan hezretine bu zatlary habar berenlerinde, ol şu kitabyň awtorynyň atasy Mejdeddin

Terjimany[1] olary çagyrmaga ilçi edip goýberdi. Mejdeddin Terjimanyň bolsa Soltan Jelaleddiniň zamanyndan bäri olar bilen tanyşlygy we aşnalygy bardy. Soltan Alaeddiniň zamanynda bolsa awtoryň enesi Bibi Münejjime olaryň terbiýesine we hajatlaryna gözegçilik etmäge hereket edip, enaýat we mähremlik görkezerdi. Ine, şonuň üçin Soltan Mejdeddin Terjimany: «Baryň-da islegine görä welaýat bermek ýoly bilen ýene Rum ýurduna çagyryň» diýip gönderdi.

Her han üçin şalara laýyk sowgatlar, patyşalara mynasyp halatlar, altyn desseli gylyçlar, ýaraglar, eýerli-uýanly saýlama atlar ugratdy.

Ol olaryň ýanyna ýetende, Soltanyň habaryny aýan etdi. Ählisi dykgat bilen diňlediler. Halatlary geýen wagtlarynda, egilip, başlaryny ýere goýdular. Saýlama atlaryň toýnaklaryny öpdüler, guwandylar we buýsandylar. Ertesi hanlar we ähli serkerdeler agzybirlik bilen geňeş etdiler. Ilçini çagyrdylar we aýtdylar:

– Biz Soltan Alaeddin zamanynda ol ülkede ezizdik, hormatlydyk we nygmatlydyk. Gaýyr han wakasy sebäpli, ol nebereden bölündik. Alaçsyz bolup, bizi döndürmäge yzymyzdan gelen begleriň başlaryna bela getirdik. Şol hatamyzdan heniz hem ökünçde we ýüzigaralykda galyp ýörüs. Biz ýüze çykan munça gödeklikden we biedepliklerden soň, ol ýurda ne ýüz bilen baralyň. Emma biz üstünlik we ýeňiş bilen gazanan bu galalarymyzy we welaýatlarymyzy Soltany älemiň ýurdy saýýarys. Eger Soltanyň permany bilen bu ýerlere mülk hökmünde eýelik etsek, garşylyk görkezýän her bir duşmana garşy janymyzy aýamarys. Hutbany we zikgäni hem soltanyň lakamlary bilen bezäris we nurlandyrarys. Goşunlarymyzyň

[1] Ýokarda bu kitabyň awtorynyň atasynyň ady Seýitmuhammet el-Jagfary görnüşinde berilýär. «Mejdeddin Terjiman» onuň (el-Jagfarynyň) lakamy we käri bilen basglanyşykly berilýän adydyr.

ähhlisine soltanyň ýurduna we oňa tabyn bolan melikleriň ülkesine hüjüm etmäge we päsgel döretmäge asla ýol bermeris.

Şu röwüşde karar we äht edilip, ilki bilen zikgäni Soltanyň adyna dönderdiler. Juma güni hutbada hutbaçy Soltanyň adyna hutba okady. Sansyz dirhem we dinary hutbaçynyň üstüne seçdiler. Ilçini uly hormat bilen yhlasyny aýan etmek we ynanyşmak maksady bilen Soltanyň ýanyna ýolladylar. Şeýlelikde, kerwenleriň we täjirleriň ýoly açyldy. Ýurtda we ýollarda asudalyk we parahatlyk peýda boldy. Horezmlileriň ygtyýarynda bolan ol diýar we ülke Soltan döwletiniň tabynlygy şygaryna miýesser boldy. Patyşalyk bagynyň we güýç-kuwwatynyň owadanlygy we terligi öňküden hem zyýada boldy.

## ŞAM MELIKLERINIŇ HEZRETDEN KÖMEK ISLEMEGINIŇ, HOREZMLILERIŇ GOŞUNYNYŇ ÝEŇILMEGINIŇ WE OLARYŇ HALYPA TÖWELLA ETMEGINIŇ BEÝANY

Birnäçe wagt horezmliler ähtlerini, sözlerini we eden kararlaryny we antlaryny berk saklap, Soltan hezretiniň yhlasly gullugynda olardan hiç bir ýaramaz pygyl ýüze çykmady. Ahyrynda şeýtan waswasy we Iblis aldawy bilen dogry ýoldan çykyp, ynsan şeýtanlarynyň gümralyga salmagy bilen başbozarlyk ýoluny tutup, hak-hukuklaryny unutdylar. Ýene ýollarda we ýerlerde başbozarlyga başladylar. Ýollar urup, halaýygyň baýlyklaryny talamaga we ýagmalamaga, raýaty ynjytmaga başladylar. Halabyň begler begi we galan Şam melikleri olar bilen söweş we jeň etmäge agyz birikdirdiler. At-abraý we ar-namys üçin Soltan hezretinden hem goldaw we medet soradylar. Soltan şamlylar hakynda bolan kämil

enaýatyna we merhemetine görä, üç müň batyr atlyny ýurt etraplary bolan Malatyýa, Hartpert, Ebelistan we Margaş goşunlaryndan jemläp, Malatyýanyň goşunbaşysy Zahyreddin Mansur Terjiman bilen ugratdy.

Ýedi günde Malatyýadan Halaba bardylar. Halap meligi olary tagzym we hormat bilen garşylamagy wajyp hasaplady. Soltanyň kämil mähribanlygyna, enaýatyna we hormatyna doga we sena aýtdy. Goşunlara şeýle bir ot, iým we azyk gönderip, goşunlary we olary hoşhal etdiler welin, aýdyp-diýer ýaly däldi. Goşun ol ýerden Bireh tarapa ýöriş etdi. Ol ýere ýetenlerinde, eýýäm köpri gurlup, geçiş esbaplary düzedilen eken. Goşunlar salamatlyk bilen geçdiler we Rasyl Aýna (Rasylaýn) garşy öňe gitdiler. Ol zamanda Şam goşunlarynyň serkerdesi we başy bolan Hums meligi Melik Mansur ol ýerde garaşyp, gözi ýoldady. Soltanyň goşunlary oňa goşuldy. Goşunlaryň sany köpeldi. Melik Mansur aşa şatlyk we begençden batyrlandy we gaýratlandy. Şamlylaryň sag we sol ganatyna Rum goşunlarynyň girmegi bilen bereket we goldaw, şatlyk we begenç peýda boldy. Goşun batyrgaýlanyp we gaýduwsyzlanyp arlaýan aždarha we nägehan bela kibi bolup, ýola rowana boldular.

Horezmliler öňünden içalylaryň üsti bilen habardar bolup, uruş we jeňe taýýarlanypdylar. Goşun Rasyl Aýndan iki menzil geçip, sährada düşledi. Birden horezmlileriň goşunlaryndan bir bölek goşun depäniň üstünde göründi. Batyr we gaýduwsyz ärler, alplar mawy deňiz deýin, gaplaň we ýolbars kimin joşa geldiler, arladylar. Saplar we hatarlar çekdiler. Horezmlileriň goşuny şamlylaryň söweşinden ägä bolanlarynda, gün çogy kibi ýanmaga we simap derýasy kibi galdyramaga başladylar. Deprek sesiniň haýbatyndan, surnaýlaryň we kernaýlaryň owazyndan batyrlar joşa we huruja gelip, her biri başy belentlikde Afrasyýap, batyrlykda Rüstem we Suhrap boldular.

Çäksiz ýigrenç we duşmançylykdan söweşe we jeňe ugradylar. Söweş deňziniň tolkunlary bir-birlerine urlup, uruş yzygiderli we dowamly boldy. Ol sagatda şamlylar horezmlileriň zarbasyndan ejiz gelip, yza dönmäge başladylar. Birden Zahyreddin Mansur dönüp, bir merdana hemle kyldy. Horezmlileri ol sährada ýeňip, yza serpikdirdi. Rumlular we şamlylar yzygiderli hüjümler bilen olary ýeňdiler. Olardan bir bölegi gaçyp, Bagdat sebitlerine düşdüler. Möminleriň Emiri Halypa Mustansar Billa olaryň gelip ýetenleri barada habar etdiler. Kämil merhemetinden, şepagatyndan we mähribanlygyndan olara hezzet-hormat etmäge buýruk berdi. Olaryň ýagdaýlarynyň gözegçiligine gaýym bolmagy buýurdy.

Şam goşunyna üstünlik we ýeňiş miýesser bolanda, horezmlileriň esbaplaryndan iki goşunyň ellerine sansyz baýlyk we oljalar düşdi.

Soltan Jelaleddiniň mürzesi bolan Şehabeddin Zeýderi Bereket hanyň weziri bolan wagtyndan bäri Harran galasynda häkimdi. Öz hökümdarynyň synandygynyň habaryny eşidende «gürrüňsiz bu goşundan Bereket han ýetenden soň, Rum tarapyna barar. Endik edilen adat boýunça ol hezretiň tarapdarlary we hyzmatkärleri hatarynda gullugynda durar» diýip, pikir etdi we:

– Eger galany Rum Soltanyna tabşyrsam, gümansyz Bereket hanyň öňünde uýatly we ýüzigara bolaryn. Onuň ýüzüne ne ýüz bilen bakaryn. Hyýanat we nejislik alamatyny özümiň ahwal maňlaýyma niçik çekeýin – diýdi.

Hums meligi Melik Mansur gizlinlik bilen Şehabeddin Zeýderä we Jemaleddin Hasan Hemedana uly mülkler, ýerler we emläkler wada edipdi. Hat aragatnaşygy we gepleşikler aralarynda yzygiderli bolýardy. Melik Nasyryň permany Melik Mansuryň üsti bilen olara ýetipdi. Gizlinlik bilen Melik Nasyryň sanjagyny gala eltdiler. Oňa doga kylyp gygyryşdylar.

Zahyreddin we soltanyň döwletiniň beýleki beglerine Şam ählininiň hyýaly belli boldy. Ulumsylyk edip, bilmediksirän bolup samsyksyradylar. Gije-gündizde rahatlyk beriji bulgurlary bile içýärdiler. Ondan soňra hormat, dabara we hezzet-hormat bilen iki toparyň jemlenmesi hoşlaşyk sözi bilen tamamlandy. Toparlar bölünişdi.

## AMYT ÝURDUNYŇ SOLTANYŇ BENDELERI TARAPYNDAN BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY

Rum begleri Şam begleri we goşunlary bilen hoşlaşyp, çadyrlaryna gaýdyp gelenlerinden soň, Zahyreddin Terjimanyň çadyrynda üýşdüler. Zahyreddin olara:

– Şam begleri hile ýoly bilen Harran we Roha ýurduna eýe boldular. Bize munuň ýaly köp leşger bilen bir iş etmezden, bir ýurdy soltan diwanynyň gol astyna geçirmezden, yza dolanmaklyk örän aýp, utanç we uly ar bolar. Indi pikir şeýle. Amyt tarapyna ugralyň. Onuň gabawynda geregiçe berk duralyň – diýdi.

Hemmesi bu pikire uýdular. Jemlenişdiler. Kine we yňdarmalyk bilen ar sellesini merdanalyk we at-abraýlyk bilen maňlaýyna bagladylar we Amyt tarapa ugradylar. Soltanyň hyzmatyna hat ýazyp, adam ugratdylar. Horezmlileriň ýeňlip, şamlylaryň Harran we ol tarapyň galalaryny almakda hile edendiklerini, özleriniň Amydy basyp almak kasdyna düşendiklerini aýan edip, kömek üçin goşun dilediler. Soltan olaryň hatlaryny okanda, ol pikire begenip, olary öwdi. Derrew:

– Siwas goşunbaşysy Çawly beg we Niksaryň goşunbaşysy Tawtaş, ähli Danyşment welaýatynyň goşunlary, Siwas etraplarynyň goşunlary ýarag-gurallary we jeň esbaplary

bilen Amyda tarap ugrasynlar. Gidenlerinde gyssanmaçlyk etsinler – diýip buýurdy.

Köp goşunlar bilen Amyt tarapyna ugradylar. Galan begler agzybirlik bilen gabawa meşgul boldular.

Amytda idili goşun, zat we azyk galmandy. Hysn Kifada oturan Amyt meligi Melik Salyh tarapyndan olaryň üflas ýagdaýy şeýle bir derejä ýetipdi welin, köşkleriň penjireleriniň gözeneklerini goparyp, goragçylara aýlyk haky hökmünde bererdiler. Şu ýagdaýda duşmana gaýtawul bermekde umytsyzlyk bilen gün geçirerdiler. Emma muňa garamazdan, gabaw we söweş ýoly bilen Amydy basyp almak mümkin däldi. Onuň bir gala diwary bardy welin, küňresi bir gara dag kibi gara daşdan düzülipdi. Hile, aldaw we mekirlik duzagy bilen onuň kibi uly guşy awçy duzagyna düşürmekden başga çäre tapmadylar. Bir gün agzybirlik bilen gabaýan we gabawdaky goşunlar şäheriň içinden-daşyndan her biri bir burçda sögünip, tegelenip oturdylar. Howanyň howrunyň gyzgyny adamyň aňyna täsir edýärdi.

Ol etrapyň kürt taýpalarynyň begi we ýolbaşçysy bolan Fahreddin Dinary diwaryň üstünde bir tarapda durdy. Zahyreddin Terjimanyň orunbasary, parasatlylykda, batyrlykda we berklikde örän şöhratly bolan Nasyreddin ibn Arslan Gyýmaz (Gaýmaz) diwaryň deňine baryp, oňa salam berdi. Gabaw kynçylyklaryndan hal-ahwal sorady. Aýtdy:

– Haçana çenli gabaw muşakgatyny, ezýetini we betbagtçylyk gowgasyny çekersiňiz? Begler begi Zahyreddiniň döwlet, parasat we haýyr babatda siziň bilen birküç keleme sözi bar. Eger dürli yhsan bilen sen tarapa göz dikýän Soltan döwletiniň begleri seniň halyňdan habarly bolar ýaly, özüňiň emin-ynamdar kişileriňden birini onuň ýanyna daşary goýberseň gowy bolardy, maslahat şeýle.

Jogap berdi:

– Ikindi wagtynda şu şekilli we şu keşpli bir ynamdary size ugradaryn. Ol Zahyreddinden her näme eşitse, gelip maňa arz eder.

Bellenilen wagtda pukara donunda bir kişi suw ötüginden daşary çykdy. Nasyreddin oňa garaşýardy. Öňe gidip, ony Zahyreddiniň hyzmatyna getirdi. Zahyreddin öýi boşatdyrdy. Yhlas bilen çaparyň hal-ýagdaýyny sorap, hezzet-hormatynyň kemini goýmady:

– Akyl we parasat eýelerine mälimdir, beýik Soltan Gyýaseddin Keýhysrow mal, halaýyk, dabara, güýç-kuwwat bilen ýeriň ýüzündäki ähli soltanlardan artykdyr. Boýun bolmaýan meliklerden, täç geýen şähriýarlardan hiç kim ol babatda onuň  bilen bäsleşip bilmez. Size hakykaty bilmek gerekdir. Soltanyň goşunlary bu mekana geldiler. Tä maksatlary hasyl bolýança, yzlaryna dolanmazlar. Emir Fahreddin kämil, akyl we pikirleri bilen gaýry biri özünden öňürtilemänkä, soltan hezretinden özüne mertebe we dereje ele getirsin. Bu ýagdaýda özüniň düşbülik baýdagyny belent derejelere ýetirmegi gerekdir. Şäheri Soltan döwletiniň gullaryna tabşyrsyn. Bar bolan her bir maksadyny we matlabyny Soltan hezretiniň ýanyna baranda miýesser ederin – diýip, berk we kesgin ant içdi. Ýagşy arzuwlar bilen çaparyň gulagyny doldurdy. Derrew ýüz fulury we bir eý halat berdi. Hoş köňül bilen şähere ugratdy.

Çapar şähere baryp, ahwaly Fahreddin ibn Dinara beýan etdi. Ibn Dinaryň ýüzi ol sözden naryň güli kibi gyzardy, örän tolgunmakdan pursatsaýyn ol habary gaýta-gaýta sorardy. Ertesi halaýyk ýene-de öýle yssysynyň howrundan gaçyp, serdaba we sowuk ýerlere girip, rahatlaşypdylar. Ibn Dinaryň çapary ýene begler beginiň ýanyna geldi we: «Men şäheri tabyn etmegiň şundan başga ýoluny bilmeýärin. Soltanyň goşuny hendegiň kenaryndaky içki diwaryň demir gapysyny otlasyn. Men garaňky gijede manjanyk ýüplerini aşaga oklaryn.

Soltanyň goşunyny diwaryň üstüne çekerin. Onuň bilen ýeňiş miýesser bolar. Emma şu şert bilen, ýagny begler begi eden sözlerine we ykrarlaryndan dönmejekdgine ant içsin» diýip, jogap getirdi.

Çapar Zahyreddiniň ýanyna gelip, ýokardaky habarlary beýan etdi. Zahyreddin şadyman boldy we «Elbetde, söz, karar we äht eden zadyma wepa ederin. Ähdimi bozmaryn. Onuň isleglerini uly tagalla bilen ýerine ýetirerin. Hysn Kifada oturan Melik Salyh üçin dört ýüz müň pul nal haky üçin ibererin» diýip ant içdi.

Çapar şähere dolanyp geldi. Bu eşiden wakasyny gürrüň berdi. Ibn Dinar ol galada bar bolan mal we dinary jähti üçin çapary ýene yzyna dönderdi we aýtdy:

– Dört ýüz müň pul saňa bererler, alyp sandyga salyp möhürle we dönüp gel. Gapy ýanyp, demirleri dökülenden, soltanyň begleriniň ähtnamalaryny okanymdan soňra diňe şol wagt goşunyň batyrlary we alplary galanyň üstüne çykar we maksatlaryna ýeter ýaly ýüpleri aşaga oklaryn.

Çapar ýene dönüp, Zahyreddiniň hyzmatyna geldi, ýagdaýy arz etdi. Zahyreddin Mubaryzeddin Çawly begiň ýanyna bardy we ýagdaýy gürrüň berdi. Çawly beg goşunyň beglerini we ululary hazir etdi we ýagdaýy başyndan ahyryna çenli olara aýdyp berdi. Ählisi bu hoş habardan şadyýan we horram boldular. Zahyreddin:

– Ähli begler nagt puldan, parçadan we altyn-kümüş serişdelerinden nämesi bar bolsa, orta getirsinler. Şäherden gelen çapar alyp öz möhürini ursun. Ýene gelende bir tarapda ynamda bolar. Şol wagt goşuna her adam bir desse agaç çybygyny göterip eltsinler – diýip, görkezme bereris. Içki diwaryň gapysyna üýşürerler. Soňra nebit zyňýançylar ýanar ýaly ot atarlar. Şu zatlaryň üsti bilen maksadymyz miýesser bolar – diýdi.

Ähli begler nagt puldan, parçalardan, altyn-kümüş mejlis serişdelerinden nämeleri bar bolsa häzir etdiler. Çapary çagyrdylar. Ol öz aňy ýetişiçe baha goýup, hasap edip, sandyklara salyp, möhür urdy. Soň yzyna döndi. Ibn Dinara takyklamak we tassyklamak bilen ýagdaýlary mälim etdi.

Ertesi esgerlere bagyň çybyklaryndan ýük-ýük daşap, ol derwezä eltip üýşürmeklik buýruldy. Ýokardan çarh we zenburek (zambyrek)[1] oklary bilen her näçe päsgelçilik we garşylyk görkezseler-de peýda etmedi. Gapynyň ýany bag çybygy bilen dolanda, ýeňil elli ýyldyrym ýaly nebit atýanlar nebit oklap, alawy galanyň üstünden aşyrdylar. Gapy ýanyp, demirleri aşaga döküldi. Takdyryň garaňkylyk örtüginiň perdeçileri gapylara we diwarlara zulmat perdesini tutdular. Hebeşi we hünni goraýjylary galanyň garalan küňrelerinde peýda boldy. Ibn Dinar diwardan aşaga batyrlaryň we alplaryň ählisi janyny orta goýup çykar ýaly, kemendi oklady. Esgerleriň arasynda gyssanmaçlyk, öň çykmak höwesi bilen gowga we dawa peýda boldy. Olaryň gowgasyndan diwarlarda we küňrelerde duran gala goragçylary habardar boldular we näme bilen meşgullanýandyklaryny mälim eder ýaly kesindiler ýakdylar. Görseler, Ibn Dinara tabşyrylan küňre we diwarlardan manjanyk ýüpleri aşaga oklanypdyr. Iş goramakdan we amanat saklamakdan ahmallyga we hyýanata öwrülipdir.

Ol gije «haý-waý» bilen esgerler peýdasyz we zyýan çekip, yza döndüler. Ertesi şäheriň han-begleri we ygtybarly adamlary ýygnanyşyp, geňeş etdiler we aýtdylar:

– Şäher goragynyň mäkäm sütüni belki uly derwezesi bolan Ibn Dinar melige garşy bolmaklygy ygtyýar etdi. Ol köp kowum we kabyla bilen goldawdadyr. Ony tutmak, oňa temmi bermek elimizden gelmez. Maslahat şudur öz razylygymyz

[1] Zenburek (zambyrak) – düýe ýa-da ş.m. ulag bilen çekilýän kiçeňräk top.

bilen galany soltanyň gullaryna tabşyralyň. Eger, söweş bilen basyp alsalar, ol gün biziň janymyza aman, ömrümize möhlet bermejekleri anykdyr.

Şäheriň ýaşaýjylaryndan birküç kişini diwaryň üstüne çykardylar. Olar «Naýyp Nasyreddin Arslan begi «Babyl miýäniň» (suw ötüginiň) derwezesiniň ýanyna ibersinler. Onuň dilinden birküç kelime söz eşideli» diýip gygyrdylar. Nasyreddin olaryň ýanyna baranlarynda şäheriň kazysy, Nejmeddin Habyr manjanyklaryň başlygy Jagfar we başga-da birnäçe ygtybarly adamlar häzir boldular we aýtdylar:

– Kerem edip, baryp, Malatyýanyň goşunbaşysy Zahyreddini Hartpert goşunbaşysy Senaneddin Ýakuty we Ebelistanyň goşunbaşysy Husameddini alyp, munda geliň, möhüm işler we ýaraşyk babatda olar bilen sözleşeliň, maksatlarymyzy olara arz edeliň. Begler häzir bolanlarynda olar küňräniň üstünden aşaga indiler. Gapynyň bir ganatyny açyp, daşary çykdylar. Ol begler bilen gujaklaşdylar we görüşdiler. Kynçylykdan, azap we muşakgat barada hal-ýagdaý soraşdylar. Begler hem olara hormat-sylag etmekde ululyk we parasatlylyk hereketlerini ýüze çykardylar. Zahyreddin hal-ahwal soraşanlaryndan soňra olaryň maksatlarynyň we arzuwlarynyň hasyl bolmagyny boýnuna aldy. Göwünleri ynjalyp ynanmaklary üçin «Hiç bir zat bilen üýtgemerin we özgermerin» diýip ant içdi. Gepleşik we söhbetdeşlikden soňra, hekaýaty hylwatda ahyryna ýetirdiler.

Mubaryzeddin Çawly begi we galan begleri we serkerdeleri häzir etdiler. Hadysany ählisine beýan etdiler. Olar hem şäher halaýygynyň islegine görä ant içdiler. Olaryň islegleri esasynda delilnamalar ýazdylar. Ähli han-beglere we ygtybarly adamlara Amyt halkynyň baglarynyň we ekinleriniň ýerleşýän ýeri bolan derýa kenarynda bir ýeri emläk üçin berlip, ähli diwan salgytlaryndan we paçlaryndan boşadylyp, tabşyrmaga berk wadalar berdiler. Soltan hyzmatyndan mülk,

emläk, halat we serpaýlar wada etdiler. Begler şäheriň ygtybarly adamlaryna öz saýlantgy zatlaryndan sowgat berdiler. Iki tarapyň arasynda doly ýaraşyk peýda boldy. Ertesi her beg öz goşuny we sanjagy bilen şähere girip, diwaryň üstüne çykdylar, baýdak we sanjaklary dikdiler. Buşluk sazlaryny çalyp, şatlandylar. Ondan soňra ählisi köşge üýşdüler. Şäher halkynyň beýiginden-pesinden ählisi geldiler. Döwlet beglerini görüp hyzmat (tagzym) we salam ederdiler. Soltan Gyýaseddiniň tarapdarlygyna antlar içerdiler. Amyt sebitindäki Watyna, Suweýda, Arkyn, Ekil, Sümäniýe, Jirmuk we beýleki ş.m. galalaryň şäher häkimleri we serdarlary Amydyň alnandygy baradaky habary eşidenlerinde ählisi çaltlyk bilen begleriň hyzmatyna gelip, häzir boldular. Galalaryň ammarlaryny, pul we girdeji depderlerini getirip, arz etdiler. Begler olar hakynda yhsan etdiler. Gözel wadalar bilen soltan hezretiniň adyndan umytlar we hoşamaýlyklar berip, her haýsyny öz işine derejelerine we wezipelerine gözegçilik etmeklige ugratdylar.

[Emirler] Şol şäher häkimlerini we goraýjylaryny [olaryň isleglerine laýyklykda] çalyşdylar. Ol möhüm işlerden dynanlaryndan soňra, bu hoş habar üçin çapar ýolladylar. Wakalar gysgaça we jikme-jiklik bilen habar edildi hem-de haýyşlaryny ýetirdiler. Soltan bu hoş habary eşidende örän şatlandy. Onuň buýrugyna görä, eşret bezminiň esbaplaryny bezediler. Buşluk sazlaryny çaldylar. Soltanyň buýrugyna görä, ýeňiş hatlaryny hemmesi begenişer we guwanyşar ýaly ülkelere iberdiler. Ondan soňra her bege bir hat we perman ugratdy. Soltan döwletiniň tarapdarlygynda jan edendiklerini öwüp, halat we saýlama at berdi. Şäher halkynyň arzuw-isleglerine we asudalygyna laýyklykda, her biri üçin perman ýazyldy, hem-de:

– Begler ol taraplaryň bähbidine nämäni dogry hasaplasalar oýlanmazdan we saklanmazdan ýerine

ýetiribersinler. Ol işleriň ýagşy-ýamanyna bizden rugsat berlendir diýip, emr etdi. Soltanyň huzuryndan begleriň hatlarynyň jogaby, halatlar, serpaýlar, hökümler we permanlar baranda ol şäherleriň we ýerleriň uly-kiçisiniň köňülleri soltan döwletine ähdi-wepa etmekde karar tutdy. Hiç kimiň terslik ýa-da bozgaklyk etmäge ýagdaýy bolmady. Şol sebitlerde bolan begler, şeýle-de Miýafarykyn, Mardin, Jezire, Mosul we Hasn Kif melikleri ol ýurduň basylyp alnyşynyň gutlagy üçin sowgatlar we serpaýlar bilen beglere we soltana ilçiler iberdiler. Öz ýurtlary üçin täze hökümler we permanlar islediler. Hutba we zikgäni soltanyň lowurdawuk lakamlary bilen bezediler. Mardiniň goşunbaşylygy soltan tarapyndan Mubaryz Jandar Isa bege tabşyryldy. Ol hem iň gowy ýolbaşçylyk, kämil parasat we batyrlyk bilen ol möhüm işe başlady. Şan-şöhrat bilen soltan döwletiniň namysynyň goragynda ömrüniň ahyryna çenli jan etdi.

## KÜFRSUD ETRABYNDA BABAÝYNYŇ GOZGALAŇYNYŇ ÝÜZE ÇYKMAGY WE PITNE ODUNYŇ SOLTANYŇ BENDELERI TARAPYNDAN ÖÇÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Ynamdar adamlardan şeýle gürrüň eşidildi. Baba Yshak haryjy Symsat sebitinde Küfrsud atly bir obadandy. Ýetginjeklik döwründen we ýaşlyk günlerinden bäri onuň başynda gözbagçylyk we müritli-şägirtli bolmaklyk söwdasy bardy. Gözbagçylyk we jadygöýlik sungatynda örän ökde gözbagçy we kyn düwünleri çözmekde ussatdy. Mydama halky, esasanam şäherli we ýerli halk bilen gatnaşygy az bolan, ýaramaz fakyhdan we pitneçi müftiden eşiden ýönekeý zatlaryna garşylyk görkezmän kabul edýän, ol sözleri inkär etmeýän türki taýpalara wagyz etmek bilen meşguldy. Mydama gözi ýaşly, köňli zarda, teni bimardady. Ýuwaş owaz bilen söze

başlardy. Bu ýagdaýda birnäçe wagt geçdi. Onuň wagzynyň ýaýrawy ol töwerekleriň meýdanyny tutdy. Türk we kürt taýpalarynyň beýigi-pesi ynam we ygtykat bilen oňa ýüzlendiler. Ol ýurduň we diýaryň yzyna eýerilýän piri boldy. Ol: «Heniz isleýän toparym bu wagtda gyzmaly derejesine ýetmändir. Çagyryş mejlisim adamdan dolmandyr. Bar bolan munça tabynlarym bilen gozgalaňa başlasam, ýanan çyramyň şöhlesi bolmaz» diýip, birden bir gün gizlinlik bilen Küfrsuddan göçdi. Halk arasyndan garasyny saýlady. Köp wagtdan soňra onuň habary Amasyýa welaýatynda bir obadan eşidildi. Ilkibaşda ol oba ýetende birnäçe wagt obanyň goýunlaryny bakyp, çopanlyk etdi. Çäksiz dogruçyllyk we takwalyk görkezdi. Az-u köp hiç kimsäniň zadyny kabul etmezdi. Her günlük ryska kanagat ederdi.

Ol kowumyň goýunjyklaryna şyfkat we rehimlilik bilen nazar ederdi. Ol takwalyk we terkidünýälik bilen şeýle bir hetde ýetdi welin, ol obanyň ärden-aýaldan ähli halky oňa ygtykat edip, onuň isleg we maksadynyň guly boldular. Eger birinde bir agyry we kynçylyk ýüze çyksa, ýa-da är bilen aýalyň arasyna bir tow we oňuşmazlyk düşse, onuň ýanyna barardylar. Ol doga-tumar ýazyp bererdi. Derrew renji rahata, oňuşmazlygy ýaraşyga, duşmançylygy dostluga öwrerdi. Bu ýagdaý uzak wagta çekdi. Ol hilegärlik işiniň ýokary derejä ýetendigini gördi. Köp mürit, yzyna eýerýän we toparlar hasyl etdi. Soň obadan daşary çykdy. Oba ýakyn ýerde bir depäniň üstünde hanaka gurup, ol ýerde ybadata meşgul boldy. Birküç sany söhbetdeş we syrdaşy bolan müritsypat müritlerinden gaýry hiç kimi öz ýanyna goýbermezdi. Ol özüni «iýmekden, içmekden belli-külli ýüz dönderen, açlyk we suwsuzlyga sabyr etmekligi ygtyýar eden» edip görkezýärdi. Onuň müritleri çar tarapda türkleri jemleýärdiler we gözbagçylyga meşgul bolardylar. Açyk çagyryş bilen halky hereketleri halkasyna-duzak meýdançasyna çagyrardylar. Ol zamanda Harran we

Roha ýurtlaryna eýe bolan horezmlilere hem adamlar goýberip, çagyryş etdiler. Soltan Gyýaseddiniň gabahat ýaşaýşyny, meýhorlygyny, pyssy-pyjurlygyn, şerigaty tutmakda ahmallyk edýändigini halka aýdýardylar we bu aldaw, hile-mekirlik bilen halky öz gümralyklary ýoluna çagyrýardylar.

Şeýlelikde, halaýygyň köňülleri nadanlygyndan ýaňa ol bedasylyň derejesi we mertebesi belent diýip berk ynandylar we tabyn boldular. Bir gün ynamdar müritlerinden birini Küfrsut we birini Margaş tarapa gönderdi we buýurdy:

– Pylan aý pylan günde biziň dostlarymyz we ülkedir ýurtlardaky ýaranlarymyz atlansynlar we basyp alnyşa ugrasynlar. Kimde-kim biziň adymyzy eşidip, bozuklary ýok etmekde, älem halkynyň hal-ýagdaýyny düzetmekde bize eýerse, ele düşen oljalara we baýlyklara şärik ediň. Kimde-kim garşylyk görkezse, diri goýmaň, olary gaýgyrman öldüriň.

Ol şeýtan sypat we ahryman[1] röwüşli iki mürit Deçjal häsiýetli piriň yşaraty bilen iki welaýata bardylar. Ýurdy haraplamak üçin bozgakçylyga taýýar bolup duran bir jemagaty ýigrenç we duşmançylyk bilen gümra etdiler. Türk we türkmen taýpalaryna we boýlaryna jar we çaw etdiler. Olar birküç ýyl öňünden uruş ýarag-esbaplaryny häzir edip, yşarata we rugsada garaşýardylar. Bu ses olaryň gulagyna ýetende her burçdan garynja we çekirtge kibi herekete geldiler. Eşek arysy kibi şer we ezýet bermäge başladylar. Bir belli edilen günde gozgalaň turuzdylar. Ol betbagtlaryň üýşýän ýeri we hemaýatkär dostlarynyň menzili bolan ol obany oda öwrüldiler. Tütin kibi töwereklere we etraplara ýaýyldylar. Ol näletleneniň hökümi esasynda her kim olaryň ýörelgesine kaýyl bolup ýolbaşçylaryna uýsa aman bererdiler. Her kim ret we inkär bilen garşysyna çykyp söweşse, oýlanman we gorkman heläk

[1] Ahryman - (Awestada Angra mainýu, ýagny hapa aň) otparazlyk dininde erbetligiň, ýaramazlygyň, bozuklygyň, garaňkylygyň, nadanlygyň we zulum-sütemiň gözbaşy we çeşmesi. Ol yslam dinindäki şeýtan we iblis düşünjesi bilen barabardyr.

ederdiler. Günsaýyn ol ýaramazyň-bozugyň gabarasy, ýaranlary we goşuny artdy. Merdanalyk, parasatlylyk, batyrlyk we berklik bilen sypatlanan Muzaffereddin Welet Alyşir Kermiýany jemagat üýşürip, olaryň üstüne at segretdi. Aralarynda uly söweş we jeň peýda boldy. Ahyry Muzaffereddin olardan ýeňildi. Baýdagyna, tebil-nagarasyna we esbaplaryna olar eýe boldular. Muzaffereddin Malatyýa bardy. Ýene goşun jemledi. Kürt we Kermiýanlydan köp leşger jem edip, ýene olaryň söweşine bardy. Ýene ýeňildi. Iki gezek ýeňiş gazananlaryndan soň, olar has-da hyrsyzlandylar we batyrlandylar. Goşunlarynyň öňüni Siwas ülkesine çapawullyga gönderdiler. Özleri yzyndan ýuwaşlyk bilen menziller söküp barýardylar. Siwasyň goşunbaşysy, ol etrapyň begleri ýygnanyşdylar we olaryň pitnesini dep etmek üçin garşy çykdylar. Gozgalaňçylar olary görenlerinde sap çekdiler. Janlaryndan geçip, yzly-yzyna hemleler etdiler we Siwas goşunyny ýeňdiler. Horram şa atly Siwasyň igdişbaşynyny[1] we birküç sany ygtybarly adamlaryny tutup, heläk etdiler. Ol söweşde köp mal we esbap olaryň ellerine düşdi. Olaryň toparynda dabara we bezeg peýda bolyp, işleri öňe gitdi. Amasyýa we Tokat olaryň serdarlarynyň bozgaklyk çeşmesidi. Ol tarapa ugradylar. Her kim dep etmek üçin garşy çyksalar, biçäre bolup ýeňilerdiler. Ol ýolbaşçylaryň nadanlyklary belli-külli bozgaklyga öwrüldi. Şeýle-de welaýatlaryň türkmenleri olara tabyn boldular. Amasyýa ýetenlerinde nadanlaryň dabarasynyň şöhlesi ýokary göterilipdi. Soltana olaryň basyp alyşlaryny habar berenlerinde, ätiýaçlyk edip, Kubadabat adasyna gitdi. Rum ýurdunda dindarlyk, parasat, ýagşy ahlak we sahawat bilen meşhur bolan Mubaryzeddin Hajy

---

[1] Igdiş – biçilen haýwan, ýa-da agta edilen ynsan. Şeýle-de, dürli milletlerden emele gelen ynsanlara, ýagny ejesi ýa-da kakasy türki bolanlara aýdylypdyr. Şu manydan gelip çykyşyna görä, igdişbaşynyň dürli-dürli milletlerden jemlenen goşunyň serkerdebaşysydygyny aňmak bolýar.

Armaganşaha Amasyýanyň goşunbaşylygyny ynandy soňra ony ol enaýatsyzlaryň pitneleriniň çaň-gubaryny aýyrmak üçin goşun bilen ol tarapa ugratdy. Amasyýa ýetenlerinde, olar Babany müritleri bilen bilelikde hanakadan daşary çekip çykardylar we Amasyýanyň küňrelerinde asyp goýdular.

Soň Armaganşa ol goşun bilen Amasyýa tarapa gelip, Baba garaşyp duran jemagatyň garşysyna bardy. Aralarynda köp dawa-jenjel we basa-baslyk boldy. Ahyrynda Armaganşa gozgalaňçylaryň elinde şehit boldy. Ol gozgalaňçy ýolbaşçylara hernäçe:

– Siziň ýolbaşçyňyzy we piriňizi asdylar. Kim üçin jan edip, söweşýärsiňiz – diýseler-de, peýda etmedi.

Aýtdylar:

– Adam ogullaryndan hiç kim onuň mübärek durkuna eýelik edip bilmez. Onuň orny we derejesi ondan ýokarydyr. Baba Allatagalanyň ilçisidir.

Ähli är we aýal we oglanlary bilen gygyryşyp, naýza we gylyja gös-göni garşy gelip, söweş ederdiler. Gün-günden olaryň işi ilerläp, zyýada bolýardy.

Soltan Keýkudabatdan üznüksiz çaparlar gönderip: «Garşydaşlaryň topary gitdigiçe mäkämleşýär. Eger olaryň pitnesini dep etmek üçin tiz hereket edilmese patyşalyk tagty we täçdarlyk kürsüsi aýakdan düşer (elden giler). Çalt Arzurum serhedini goraýan goşunlary iber» diýip, talap edýärdi.

Goşunlar gyssanmaçlyk bilen alty günüň içinde Arzurumdan Siwasa ýetdiler. Siwasyň jüpbehanasyndan köp sanly ýaraglary goşuna paýladylar.

Bir gije-gündizde ondan Kaýsaryýa gelip ýetdiler. Gozgalaňçylaryň sanyny we hal-ýagdaýyny takyklyk bilen anykladylar. Ol enaýatsyzlar Kyr [Kyr şäher] welaýatynda Malýa sährasynda ýygnanyşypdylar. Ähli goýunlary, ýylkylary we öýleri bilen goşunyň garşysyna gelipdiler. Emir Nejmeddin

Bähramşany, Zahyreddin Gürji ogluny, ulufaçy pereňlerbaşy[1] Ferdhalaýyny (Ferdhalan)[2] bir bölek esger bilen goşunyň öňünden garawullyga gönderdi. Uly begler agyr goşuny bilen olaryň yzyndan gitdiler. Birden beglere «Gozgalaňçylar ertir söweş duşuşygyny niýet edýärler» diýip, habar ýetdi. Bu habary eşidenlerinden garawul beglerine:

– Eger gozgalaňçylaryň özleri peýda bolmasa, siz olary gözläp, öňe gitmäň. Agzybirlik bilen [barymyz bilelikde] olara ýetýänçäk, saklanyp duruň – diýip, yzly-yzyna çaparlar iberdiler.

Ertesi [garawula giden] goşunyň ählisi ýaraglanyp we geýnip, taýýar bolup, sansyz leşgeriň gelmegine garaşyp durdular. Birden gozgalaňçylaryň goşuny leşgeriň üstüne uýan çekip döküldiler. Owalky hatarda pereňler durdy. Berk durdular, gozgalaňçylaryň oky we gylyjy olara täsir etmedi. Umytsyz we ýitgi çekip, yzlaryna döndüler. Bir pursat eglendiler. Soň ýene hüjüm etdiler. Ol gezekde hem bularda sustluk we gowşaklyk görmediler. Şol sebäpli yhlaslary garaňky (şowsuz) bolup, gözleri gapyldy. Soltanyň leşgerleri olaryň hal-ýagdaýyndan habarly bolany üçin olaryň çüýrän aňlarynyň we bihuda söwdalarynyň emini agyr çokmaklar we kesgir gylyçlar bilen berjaý etdiler. Bir-iki hemlede gozgalaňçylardan dört müň atlyny taplanan gylyç we agyr gürzi bilen para-para etdiler. Ol gozgalaňçylaryň käbirleri gaçyp, düýeleriň, goş-golamyň we aýal-oglan-uşaklaryň arasyna girdiler. Ýüki ýapyp, berkitme edinip onuň ardyndan ok atdylar. Ýaý we ok bilen äri agaja çüýleýärkäler, Soltanyň goşuny her tarapdan gelip girdiler. Dowarlary we mal-garalary ol kapyrlaryň öňlerinden kowdular. Ol jemagaty pytratdylar. Olara gaýgyrman tyg urup, sährada Jeýhun kimin gan

[1] Ulufaçy pereňlerbaşy – hakyna tutulan pereňli goşunlaryň serkerdebaşyçy.

[2] Asyl nusgada iki görnüşde hem getirilýär.

akdyrdylar. Ýigidine we garrysyna rehim-şepagat etmediler. Ählisini gyrdylar. Uly goşun gelip ýetişende garawul begleri işi ahyr edipdiler. Iki-üç ýaşyndaky oglanjyklardan gaýry hiç kimi goýmandyrlar. Begler we ulular beýle ýagdaýy görenlerinde şadymanlyklar etdiler. Soltan hezretine tizlik bilen çapar gönderip, döwlet garşydaşlarynyň we ýurt dawaçylarynyň betbagtçylygy habaryny aýan etdiler. Gozgalaňçylaryň aýallarynyň, çagalarynyň bäşden bir bölegi Soltana niýetlenip aýrylandan soň, galanyny goşunlara paýladylar. Soltan ol habary eşidenden şatlygy ýüzüne çykdy. Näçe wagtdan bäri perişanlykdan we melullykdan bulgurlar göterip, aýdymlar diňlemändi. Buýrugyna görä buşluk depini çaldylar. Nowruz ýaly älemi röwşen edýän bezm bezediler. Egindeşleri we söhbetdeşleri nepis bulgurlary häzir etdiler we hoş göwündir bagtyýarlyk bilen gülgün meýleri noş etdiler. Duşmanlaryň mat bolmagy üçin ýeňiş namalary ýurduň etraplaryna we sebitlerine we jahan serdarlaryna ugratdylar. Goşun beglerine hoşamaýlyklar, gowy garaýyşlar, şahana halatlar we serpaýlar ugratdy. Soň olara «Goşunlara öýlerine, watanlaryna we mesgenlerine gitmegi üçin rugsat bermeklerini, özleriniň bolsa çalt beýik köşge gelip, täzeden el öpmeklerini» buýurdy. Hökmürowanyň buýrugy esasynda goşunlara öýlerine gaýtmaga ygtyýar berdiler. Ondan soňra begler duşmanlaryny goldawsuzlyk çukuryna gömüp, Soltan döwletiniň baýdagyny bagtyýarlyk pelegine ýetirip, patyşa dergähine ugratdylar. Soltany älemiň elini öpmek hormatyna mynasyp bolmak bilen hökmürowanlyk bagtyýarlygyna eýe boldular. Sansyz sowgatlar, mülkler we mähribanlyklar bilen köp nesipler gazandylar. Wessalam.

## SOLTANYŇ MIÝAFARYKYN MÜLKÜNI MELIK GAZYNYŇ ELINDEN ALMAK ÜÇIN EDEN TAGALLASYNYŇ BEÝANY

Soltan Gyýaseddin Keýhysrow ibn Keýkubadyň bagtyýarlyk tugy we Soltanlyk baýdagy Ilähi nuruň zyýadalygyndan Hudaýyň nurundan we patyşalyk esbabynyň kämilliginden ýaňa beýikden beýikde we garaňky pelekde pasyrdady. Soltan Alaeddin Keýkubadyň hököminde bolan öňki ýurtlaryň we şäherleriň ählisi ebedi bagtyýarlyk goldawy we baky enaýat ýardamy bilen dergähiň we diwanyň kätipleriniň we mürzeleriniň belligine we hasabyna alyndy. Etraplaryň melikleri, sebitleriň kellekeserleri islese-islemese doly tabynlykdan we çäksiz boýun bolmakdan ýaňa başlaryny onuň tabynlyk ýerine, aýaklaryny bolsa, onuň bendelik halkasyna goýdular. Beýiklik heňňamynda we ykbaly zamanynda raýat asuda bolup, döwlet duşmanlary çüýräpdi. Ýollar aman, ýurtlar esendi. Hazyna deňiz we kän kibi bihasap nygmatlar bilen doludy. Dabara we şan-şöhrat ýaly döwleti günsaýyn beýgelýärdi. Baýlyk buýsanjy we beýiklik dabarasy onuň asyryň soltanlary we döwrüň hökmürowanlary bolan beýik agalarynyň ýörelgesi boýunça ýeňiji saýawana hököm etmegine, baýdagyň ýüzündäki laçyny başy belentlik äleminiň al-asmanynda perwaz etdirmegine sebäp boldy we itergi berdi. Onuň hökümine görä, Rum soltanlarynyň ýörelgesi şeýle boldy: Ýagny olar Miýafarykyn mülküniň eýesi bolmaly hem-de Mardin we ol töwerekleriň meliklerine hökümdar we kellekeserlerine üstün bolmaly.

Birnäçe wagtlap olardan salam we habar gelmedi. Onsoň şu ýoýulma esasynda döndürmäniň sebäbi üçin goşuny ýygnamak üçin ülkelere perman berdi. Halap, Mosul, Mardin

we Jezire meliklerinden esger, hyzmat we salam (serpaý) talap etdi.

Melik Gaza bu waka öňünden mälim bolupdy. Onsoň akyl we parasat ýüzünden öz işiniň çäresini we alajyny gözledi. Şeýdibem Rasyl Aýn söweşinden gutulyp, Bagdat tarapyna düşen we Mustansar Billanyň mähribanlygy bilen ýardamlanan we oňa penalanan, Soltan Jelaleddiniň ýegeni Bereket hanyň Şiraz tarapyndan gelip, olara goşulmagy arkaly gurat goşuny bilen mukdary köpelen horezmlileri öz ýanyna çagyrdy. Kerman türklerini mal we meýillendirmeler bilen tabynlyk duzagyna, ýardam we kömek halkasyna girizdi. Olaryň medet bermegi bilen mäkäm ýardamlandy. Danalaryň we akyldarlaryň pikirine laýyk boljak hendek, berk diwar, manjanyklar, arradalar bilen ätiýaçlygyny gördi. Söweşe taýýar we jeňe häzir boldy. Rum ýurtlarynyň goşunlary Amyt sebitine baranlarynda Şam goşuny Melik Mugazzamyň ýolbaşçylygynda olara goşuldy. Soltan dergähiniň hökmi esasynda Miýafarykyn tarapyna ýöriş etdiler. Ýetip, şäheriň daş ýüzünde gondular. Her gün iki tarapdan söweşler we uruşlar bolýardy. Içerden we daşardan köp halk gyrylýardy we heläk bolýardy. Şol wagt güýçli ýagyş ýagyp, siller rowan boldy. Şeýlelikde, Rum we Şam goşunlary sile gark bolup, betbagtçylyk heläkçiligine uçradylar. Şu zatlaryň ähli̇sine garamazdan, her gün uruş ody ýanyp, tagna we zarba baýdagy parlardy. Hiç bir ýagdaý bilen hem iki goşunyň maksatlary we matlablary hasyl bolmady. Bir gün Melik Gazy saplar düzedip, merkezi we iki ganatyň hatarlaryny düzetdi. Saplary Horezm we Kermiýan türkleri bilen berkitdi. Söweşe niýet etdi. Begler we Rum esgerleri atlandylar. Şam goşunlaryna hem habar berdiler. Ähli̇si ýaragyny şaýlap, söweşe geldiler we Soltanyň goşunlary bilen birleşdiler. Sag golda Mosul we Malatyýa leşgeri, sol golda Şujageddin Ýunus we beýleki Danyşment iliniň begleri we goşunlary durdy. Gürji ogly Zahyreddöwle

pereňler bilen garawula, Melik Mugazzam Mubaryzeddin Çawly beg düýpde (merkezde) durdy.

Olaryň tarapynda bolsa sag golda horezmliler, solda kermiýanlylar, Melik Gazy we Bereket han düýpde (merkezde) durdy.

Owwal horezmliler hemle etdiler. Rum goşunlarynyň sol goluny göterip, çadyrlaryna çenli getirdiler. Rumlylaryň goşunynyň sag goly hem hemle edip, Kermiýan türklerini we Melik Gazyny hendek gyrasyna çenli sürdüler. Sil kibi ganlar oý ýerden düze rowan boldy. Söweşiň dowzahy alawlady, urşuň ody şuglalandy. Jeň ärleriniň gürzüsiniň haýbatyndan ýaňa ölüm «gaçybatalga nirede»[1] diýip [nala çekip], söweş batyrlarynyň güýçli zarbasyndan ýaňa «gaçybatalga ýokdur»[2] diýip, togtap galdy. Ol halatda gymmatbaha ýaragly bir adam çapgyr atynyň üstüne münüp, eline naýza alyp, Melik Gazy tarapyndan Rum we Şam goşunlaryna garşy ýöredi. Zahyreddin Terjimanyň Demirdaş atly guly onuň garşysyna çykdy we bir zarba bilen ony atdan agdardy. Derrew Melik Gazynyň goşunyndan bir atly atyny segredip geldi we düşüp, ol atdan ýykylany mündürdi. Ol gaçdy. Ol at getiren bolsa, Demirdaşyň elinde tussag boldy. Ony atynyň ardyna alyp, merkeze, Mubaryzeddin Çawly begiň ýanyna getirdi. Melik Mugazzam ol tussagy görende arap dilinde Çawly bege:

– Ol tussagy maňa bagyşla – diýdi.

Mubaryzeddin sorady:

– Melik näme buýurdy?

Jogap berdiler:

– Ýesiri dileýär.

Mubaryzeddin aýtdy:

– Melige pida bolsun.

---

[1] Gurhanyň 75-nji süresiniň 10-njy aýaty.

[2] Gurhanyň 75-nji süresiniň 11-nji aýaty.

Derrew ony Melik Mugazzamyň hyzmatyna tabşyrdylar. Melik Mugazzam oňa bir gymmatly halat, serpaý we arap at berdi. Atlandyryp öz ýanyna getirdi. Hal-ýagdaýyny sorady. Köp mähribanlyklar görkezdi. Mylakat we mähribanlykdan soňra, oňa Melik Gazynyň goşunyna bar diýip rugsat berdi. Ol atly Rum goşunyndan Melik Gazynyň goşunyna ýetende, horezmliler we kermiýan goşunlary çadyrlaryna dolandylar. Söweş we uruş ody öçdi we asudalyk boldy. Bir zamandan soňra, Miýafarykynyň kazysy we birküç sany ygtybarly adamlary Melik Gazy tarapyndan ilçilige geldiler. Melik Mugazzam we Rum begleri Soltanyň huzuryna häzir boldular. Agzybirlik bilen ony görüp, habarlaryny diňlediler. Gürrüň wagtynda Melik Mugazzamdan Demirdaşyň elinde ýykylan we ýesir bolan kişileriň ýagdaýyny anykladylar. Atdan ýykylan Melik Gazy we ýesir düşüp, halat geýip, Melik Mugazzamyň hyzmatyndan Melik Gazynyň goşunyna baran bolsa Ussat Eldar eken. Aýtdy:

– Öňki gatnaşygymyza dolanarys.

Melik Gazynyň hyzmatyndan gelen kazynyň we ýaranlarynyň ilçiliginiň esasy mazmuny şudy:

«Melik Gazy ähli meliklere we beglere hyzmat we salam aýdýar. Men hemişe Soltanyň yhlas we gulluk halkasyny jan gulagyjma geçirerin. Merhum gardaşym ermeni şasy Muzaffareddin, Melik Eşrebiň hem merhum Soltan Alaeddiniň tarapdarlygy ýapynjasyny çignine göterendigi älem halkyna mälimdir. Ol dereje bilen ähli döwrüň soltanlary üzre buýsanç maýasy we guwanç paýasy boldy. Men hem bu dar ýerde özümi ol belent derejäniň kemine bendelerinden hasaplaýaryn. Eger yslam patyşasynyň göwni bu gulundan duşmanlaryň we bahyllaryň arabozarlygy sebäpli närahatlanan bolsa, şu günden başlap öňküleriň tersine ötünç we ökünç otagynda oturaryn. Uruş çykdaýjylarynyň salgydy üçin her näme buýursa, ýerine ýetirerin. Eger şähriýaryň maksady bu şäheri menden almak

bolsa, elbetde bir gaýry adama bermeli bolar. Ol kişiniň ýerine ýetirjek işini bu gul ýerine ýetirsin. Bir kine zerarly ýeňiji saýawany açmak islese we niçe köňülleri hassa etse, hiç ýaradylan ol işi oňlamaz. Betnamlyk hasyl bolup, «Rum soltany wehim we ýerliksiz hereket bilen bir derwüşiň öýüne kast etdi» diýerler. Ol erkinleriň ýörelgesinde we sahawat-şerigatynda ynda rowa däl we gadagan edilen hökümdir. Allatagala bu oňlanylmaýan pikirden ýöriş atyňy yzyna öwürsin. Bolmasa men öz gadym öýüm üçin jan pida ederin».

Bu gürrüňler wagtynda halypa hyzmatyndan hem şu manyda çapar gelip ýetişdi. Soltana we gabawa gelen meliklere we beglere höküm getirdiler. Olary ol söweşden «Eger musulmanlardan iki taýpa uruşsalar, derhal olaryň arasyny oňlaň»[1] hökümi esasynda gadagan etdi. Melik Mugazzam arap milletinden bolandygy sebäpli, hem-de halypanyň bargähiniň hökümi we yşaraty şeýle-de, Melik Gazynyň ýalbarmagy bilen Melik Gazynyň tarapyna maýyl boldy (ýykgyn etdi) we Soltan döwletiniň beglerini hem:

– Bu ýyl bu söweşi goýalyň. Geljek ýyl gowulyk we ýagşylyk bilen gelip, maksadymyzy hasyl ederis – diýip, şu söze ýykgyn edipdi.

Soltanyň begleri ýagyşyň köplüginden ýaňa deprenmäge mejallarynyň bolmandygy sebäpli bu maslahata razy boldular. Kazy öz pikirine we niýetine laýyklykda [aýdanlarynyň hakykatdygy barada] olaryň ählisine ant içdi. Melik Mugazzamy we Rum beglerini ilçiler özleri bilen alyp, şähere eltdiler. Bolan wakalary beýan etdiler. Begler Melik Gaza hem [onuň özüniň] borç edinendigine laýyklykda, Soltan hezretiniň hyzmatlaryny ýerine ýetirmek [şerti bilen] ant içdiler. Birleşik we ýardam esaslary täzeden açyldy we berkidildi. Ilçiler Soltan

[1] Gurhanyň 49-njy süresiniň 9-njy aýaty.

goşunynyň ordasyna dolandylar. Ýüze çykan zatlary beýan etdiler.

Ertesi goşunlar göç etdiler. Iki düşläp, Amyda ýetdiler. Soltan döwletiniň begleri we ululary Soltanyň saraýynda Melik Mugazzam üçin onuň derejesine we mertebesine laýyk bolan bir gonaklyk gurnadylar. Köp peşgeşler çekip, ötünçler dilediler.

Ertesi Melik Mugazzam Şam goşuny bilen Halap tarapa ugrady. Soltan begleri we goşunlary bolsa Malatyýa sebtine ugradylar. Soltan hezretine wakalary, ylalaşygy we ötünç sebäbi bilen ýaraşyk bolup, basyp alyş maksatlaryna ýetmekde säginendiklerini we gijikdirendiklerini beýan edip, çapar gönderdiler. Soltan jogap gönderdi:

– Ötünjiňiz kabul boldy. Begleriň dolanyp gelmegi maslahatdyr. Eger bu ýyl arzuwlarymyz talap perdesinden ýüzüni görkezmedik hem bolsa, döwletimizi artdyrýan şöhratymyz bilen geljek ýyl maksatlarymyz belli-külli hasyl bolar diýip, umyt edýäris. Goşunlar öýli-öýlerine dolansynlar. Olara rugsat bermek gerek. Özleri baharyň ilkinji günlerinde hat we höküm ýetende, haýal ýagallyk we äwmezlik etmän hyzmata geler ýaly ýarag we söweş esbaplaryny tertiplemäge meşgul bolsunlar.

Begler we ulular ýeňiji goşuna öýlerine gaýtmaga görkezme berdiler. Mubaryzeddin Çawly Çaşnygir, Welieddin Perwana, Jemaleddin Ferruh Lalaýy, Ussat Eldar, Zahyreddöwle Welet Gürji we Şemseddin Hoja Mesgut dagy soltanyň nygmatyna ugradylar. Mübärek huzuryna ýetdiler. Şalara laýyk dürli hyzmatlara we sahawatlara mynasyp boldular. Parçadyr lybaslardan kämil serpaýlara eýe boldular. Ondan soň soltan beglere öz watanlaryna gaýtmaga rugsat berdi. Özi Gürji ogly Zahyreddöwle bilen Antalyýa gyşlagyna ugrady we köp işleri belentlik öwjünden peslik derejesine döndüren aýşy-eşrede, meslige we bada götermeklige meşgul

boldy. Gülgün meý noş etmek bilen juwanlyk eýýäminiň dadyny bererdi. Wessalam.

## RUM ÝURDUNYŇ PESE GAÇMAGYNYŇ, SOLTANLYGYŇ ÝALDYRAWUK KADALARYNYŇ ÝOK BOLMAGYNYŇ WE BEÝIKLIGI BEÝGELMIŞ, BEREKETI HEMMÄ ÝETMIŞ TAŇRYNYŇ HÖKÜMINIŇ WE DESSURYNYŇ BEÝANY

«Şol günleri (ýeňiş we ýeňliş günlerini) adamlaryň arasynda aýlap durýarys»[1] diýen permany esasynda zatlaryň ýaradylan, barlyklaryň döredilen, adam şekiliniň ýugrulan we ymmat taýpalarynyň ýaýran döwründen bäri her başlangyjyň ahyry, her ilkinji zadyň soňy, her döwletiň kemçiligi, her hüjümiň şowsuzlygy, her berkligiň synyşy, her amalyň hasaby, her welaýatyň çägi, her açylyşyň ýapylyşy bar boluş we ýogalyş äleminde (pany dünýäde) hem-de jisimleriň we jesetleriň özeninde karar we ýörelge edilendir, şoňa ýarandyr we hemdemdir. Hal-ahwal keşpleri «Elbetde, munda (habardar) kalp eýesi bolan, ýa-da häzir bolup (ýagny, çyn ýürekden) gulak tutan kişi üçin ýatlama-ybratlar bardyr»[2] bezegi bilen bezelen we zynatlanan röwşen pikirliler, dogry garaýyşlylar amallaryň soňuna we işleriň ahyryna nazar kylyp, diregsiz jahanyň we biwepa pelegiň öwrümleriniň beýikliginiň we pesliginiň, aýyklygynyň (sersaglygynyň) we esrikliginiň (serhoşlygynyň), ýaraşygynyň we söweşiniň, süýjüsiniň we ajysynyň akyllar mizanynyň ölçeginde hem-de ylymdarlaryň we bilimdarlaryň ygtybarynda agramynyň ýokdugyny pesligi terbiýeleýän pelegiň gerdişinden we peslige mährem we ömür

[1] Gurhanyň 3-nji süresiniň 140-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 50-nji süresiniň 37-nji aýaty.

kesýän çarhyň öwrüminden mälim bolşy (görnüşi) ýaly, onuň bagtyýarlygyna we betbagtlygyna ynanmagyň we söýenmegiň biderekdigini bilerler.

### Beýt [1]

Nädersiň! Näzi-nygmat we nala bagtyýarlykdan we betbagtlykdandyr,
Gözüň ýumulandan soň ne muny görersiň, ne-de ony görersiň.

Hemişe kuwwatdyr tagallaňy baky sagadat we ebedi hormatlylyk kesbine sarp etmek gerek. Dünýewi keýpi-sapadan biraz daşlaşyp, perwerdigäriň razylygyna laýyklykda, o dünýe sogabynyň gazanjy we ahyret azygynyň kesbi üçin yhlas we tagalla etmek gerek. Ulumsylyk köşgüniň lybasy bolan zalymlykdan we tekepbirlikden ýüz öwürmek gerek. Özüňden soňra pany jahanda baky galjak ýagşy adyň binalaryny, Hudaýyň emrine tagzym etmek we ähli halka mähribanlyk etmek bilen gurmak hem taýýar etmek gerek. Şeýle-de, durmuş hadysalaryndan gapyl bolmazlyk gerek. Sebäbi nälaýyk keçpelek, biwepa we sütemkär durmuş (dünýä), beýiklik asmanynyň ýyldyzlary hem-de nadanlyk we gümralyk şeýtanlarynyň daşy bolan Rum ýurtlarynyň soltanlaryna hiç kimiň görmedik biwepalyklaryny etdi. Ýogsa jennet bagynyň gülzarlary bu ülkäniň päkizeliginden, ymaratlaryndan, ter we täzeliginden hemişe bahyllyk derine gark bolardy. Jennet bagy deý baglar onuň aby-zülal bulagynyň boýunda serwi kimin şady-horram, şemşat kimin hoşwagt bolardy. Ne haraplyk bardy, ne-de gorky. [Ine çarhy pelek] şunuň ýaly ýurtda soltan namysynyň [elden] gitmegine getirdi. Niçe dürli sarsgynlar,

---

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

bidüzgünlikler, tutuklyklar we gapma-garşylyklar onuň kada we düzgünlerine ýol tapdy. Özgermelerdir we üýtgemeler niçe ýollar bilen oňa ýol görkezdi. Her wagt oňa köňül gözi bilen nazar salsalar, gynanç owazy bilen Muezziniň bu haly beýan edip ýazan şu beýtlerini ýatlarlar.

**Beýt** [1]

Bossanda, dostlar bilen ýüregi ýesir eden ol ýer,
Tilki-möjege mesgen boldy we baýguşdyr dazzarkele
watan boldy.

Tagamly meýiň bulgurdyr jamynyň ýerine suwsuz
sähralar döredi,
Çeňiň, naýyň, tüýdügiň owazynyň ýerine çaý-çaňňalak,
garga sesi.

Hawa, Takdyrdan gelse,
ýagşy nyşanyň erbet alamat bolar,
Agajyň ýerini ot tutar, şatlygyň ýerini gam eýelär.

Şu ahwal bilen pikire çümer we saklanar. Bihabarlykdan we gapyllykdan daşlaşar. Şonda şöhratparazlyk guýusyndan gutulyp, «Ähliňiz Allatagalanyň ýüpünden ýapyşyň»[2] hikmetiniň guşagyna ýapyşyň jahanyň yrfan-sopuçylyk äleminiň gurşawyna geler we takyk Käbesiniň hajy niýetinde bagtyýarlyk ýolbeledinden we ýardam kerwenbaşysyndan şu şatlykly habary jan gulagy bilen eşider.

---

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

[2] Gurhanyň 3-nji süresiniň 103-nji aýaty.

## Beýt [1]

Eý, ýürek haçana çenli bu zyndanda oňa-muňa aldanarsyň.
Gowusy bu garaňkylyk zyndanyndan çyk, jahany görersiň.

Şeýle jahan, onda her bir tapan ýüreginde patyşa taparsyň,
Şeýle jahan, onuň içinde her bir gören janyňda şatlyk görersiň.

Onda eger bir eşik geýseň, her bir bendinden (tikininden) ýeň
(tutar ýaly el) taparsyň,
Onda eger öý gurunsaň, adalatyndan dergähi taparsyň.

Harsy dünýälikden, şöhwetden we kineden araňy üz,
şondan soňra özüňi –
Eger döw bolsaň perişde [hökmünde] taparsyň,
eger gurt bolsaň çopan [hökmünde] görersiň.

Allatagala, uly işleriň eýesi, beýikligiň söýesi, Hudaýyň älemdäki saýasy, diniň we dünýäniň penakäri, gazawatçylaryň we söweşijileriň ýardamçysy. Soltan Myrat ibn Muhammet ibn Baýezit hanyň jahany bezeýän döwletiniň şuglasy we duşmany döwüji kuwwatydyr zarbasy bilen ýer ýüzuniň ýaşaýjylaryna dogry ýol görkeziji göz hem-de hakykat we ynam ýodasyndan ýöreýji ýörelge miýesser etsin. Rum ýurtlaryny bereketden doly adyllygy bilen hemişe abadan we durmuş hadysalaryndan aman saklasyn. Ämin. Eý, älemleriň eýesi.

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

# ARZURUM ÜLKESINDÄKI WAKANYŇ, MONGOL LEŞGERLERINIŇ BASYP ALMAGYNYŇ HEM-DE OL DIÝARYŇ ÝAŞAÝJYLARYNYŇ HELÄK BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Seljuk neberesiniň ähti-peýmanynda, düzgün-nyzamynda we ýaraşyk-ylalaşygynda gowşaklyk yşy-jaýrygy we halsyzlyk başlangyjy peýda boldy.

Çünki, Jurmagun noýanyň saglygyna ysmazlyk ýol tapansoň, Ilhan hezreti tarapyndan birnäçe wagtdan soňra, goşunbaşylyk, serkerdelik jylawy we jahany alyjy goşunyň ýolbaşçylyk uýany Baýçuýa berlip, Gurçy ilçilige geldi. Şonda ol öz bazarynyň gyzmagy we rowaç bolmagy üçin hem-de özüne göriplik edýänleri we garşydaşlaryny aýak astyna taşlap, guma garmak we har etmek üçin basybalyjy döwletde at-abraý gazanmak isleýärdi, hem-de şol abraý bilen hemişelik Ilhan hezretinden mähremlik medetleriniň öz öwlat we neberelerine yzygiderli bolup durmagyny isleýärdi.

Ol tatar batyrlaryndan we alplaryndan otuz müň atly ýygnady hem-de kapyrlar bilen serhetdeş bolan Rum şäherleriniň enesi Arzuruma ugrady. Olar ýetenlerinde, onuň çar töweregine manjanyklar, arradalar gurup atdylar. Daş gije-gündiz edil gaçyrmaýan kaza kibi dynuwsyz atylýardy. Içden-daşdan köp halk heläk bolýardy. Goşunbaşy Senaneddin Ýakut we pereňleriň başy Istikus köp goşun bilen şäherden daşa çykyp, örän batyrlyklar we gahrymanlyklar görkezýärdi. Mongol begleri we batyrlary olaryň batyrlyklaryndan we duşman üstüne gözsüz ýaly topulýandyklaryndan haýran galýardylar. Şeýle ýagdaýda iki toparyň arasynda aldym-berdimli söweş peýda boldy. Eger şäher naýyby Döýnüniň biwepalygydyr we hyýanaty we ol iýen duzuna depen gadyr bilmeziň mekirligidir nadanlygy bolmasady, onda mongol begleriniň gyşyň hüjüm edýänligi sebäpli gabawy terk edip

gitmekleri, şeýle hem müňlerçe adamlaryň olaryň kesgir gylyjyndan aman galmaklary mümkindi. Emma ol haramzada, näkes, Senaneddiniň, özüni zulum etmäge goýmaýandygy, duşmançylyk we sütem etmäge päsgel berýändigi we hiç bir babatda zulum etmäge mümkinçilik bermeýändigi sebäpli synasynda orun tutan kine üçin gizlinlik bilen Baýçuý noýana hat ýazyp, çapar gönderdi. Ol hatda şeýle ýazdy:

«Eger bize, tabynlarymyza we maşgalalarymyza aman berse, bu babatda Baýçuý noýanyň hyzmatyndan ähtnama gol çekilip getirilse, gijelikde goragy bize tabşyrylan bir küňreden bir bölek goşunyny ýokary çekeýin. Goý, olar aşak inip, şäher gapylarynyň gulplaryny döwüp, gapylaryny açsynlar we siz şähere giriň. Şeýlelikde siziň matlabyňyzyň hasyl bolmagy bilen duşman betbagtçylyga duçar bolar».

Baýçuý noýan Döýniniň haýyşy esasynda hat gönderdi. Oňa goşunlary, hyzmatkärleri, ýakynlary we dogan garyndaşlary bilen aman berdi we ol söz esasynda höküm berdi. Çapar şähere dolanyp gelende Döýni haty okap, asuda we rahat boldy. Bir gije Baýçuý noýan bilen eden söz we kararlaryna laýyklykda, pursat tapyp, gowy ýaraglanan ýüz batyry diwaryň üstüne çekdi. batyrlar inip gapylara topuldylar we agzy galyň paltalar bilen şäheriň derwezeleriniň kilitlerini döwdüler. Bu töwerege gelen mongol goşunlary peýda boldular we şähere girdiler. Emir Senaneddine we Istikusa habar bardy. Olar goşuny bilen gelip, mongol goşunyna garşy durdular. Kesgir gylyçlardyr naýzalar alyp olar bilen söweş edip, gandan sil akdyrdylar. Ol gije iki tarapdan şeýle bir gan döküldi welin, dökülen ganyň hetdi-hasaby ýokdy. Şapak ýeri agaryp, ýyldyzlar şasynyň başynyň bir çeti asman gözýetiminden peýda bolanda, mongol goşuny şähere dolup, hemmelere bela bolupdy. Begler we esgerler janlaryny terk kylyp, gylyç desselerini mäkäm tutdular. Şeýle bir uly söweş we uruş etdiler welin, bir topary şehitlik derejesine ýetdiler,

birtopary bolsa harlyk kemendine we heläkçilik bendine giriftar boldular. Ymmatlaryň haremhanalaryndaky örän owadanlyklaryndan, kämil kereşmesinden aýa seretmeýän, aşa päklikden we çäksiz päkizelikden ybadatda Asyýa we diýanatda Merýeme barabarlyk edýän päkize bikeleri we gözelleri tebsirän dodak, ýanan jiger, ýyrtylyp ýara bolan ýüzleri bilen her bir birehim nämähremiň elinde ýesir boldular. Beýigiň we pesiň çagalary we öwlatlary (perzentleri) mähriban enekeleriň we janperwer eneleriň kenaryndan-gujagyndan [sogrulyp] harlyk topragy we zorluk gany içinde gark boldular. Ula-kiçä ol bela-beteriň howpuna garanyňda, ölüm wagtyndaky jan ajygy, ýagşyrak wagt we gowurak pursat bolup göründi. Ahy-nala we perýatlar asman gümmezinden geçýärdi. Kyýamat güni kibi hiç kimiň gaçmaga we gutulmaga mejaly ýokdy. «Ol günde adam öz aga-inisinden, ejesinden, atasyndan, hatynydyr bala-çagasyndan gaçar»[1] diýen ýagdaý aýan bolupdy. Goşun çapawullykdan we talaňdan boşaşandan soň, haram ellerini ýesir tutmaga uzadyp, är-aýaly, gyz-oglanjyklary harlyk we masgaralyk zynjyryna bagladylar. Daşary çykaryp, owadanlaryny we görklülerini seçip saýladylar we Baýçuýa hem-de mongol beglerine paýladylar. Soňra diri galanlardan sungat eýelerini seçip paýladylar. Galan garrylary, alymlary, gedaýlary we başga-da kim bar bolsa, baryny «mugthorlar» diýip gylyçdan geçirdiler. Halaýygy mähnete gark edip, betbagtçylyga ugradyp, ýüzlerini toprak üstüne sürtüp, agyzlaryny gan bilen dolduryp, ölüm ýurduna iberýärdiler. Hiç kimde gaçmak we halas bolmak pikiri göz öňüne-de gelmeýärdi we miýesser hem bolmaýardy. Gazap ody eneleriň janköýer perzentlerine bolan mähir we muhabbet harmanyny ýüzärligiň tüssesi kibi ýakyp ýele berdi.

---

[1] Gurhanyň 80-nji süresiniň 34-35-36-njy aýatlary.

Emir Senaneddin Ýakuty we ogluny başy we aýagy açyk meýdana eltdiler. Onuň baýlygyny, esbabyny, mejlis serişdelerini, altyn-kümüş göwherlerden ybarat hazynasyny meýdana çykaryp, Baýçuýyň öňünde harman ýaly üýşürip goýdular. Baýçuý bir kürsiniň üstünde oturyp, Senaneddini ogly bilen ýanyna getirdi. Ondan sorag edip:

– Munça baýlygyň, hazynaň barka näme üçin goşun tutmadyň? Biz ýaly duşmanyň pitnesini ýok etmäge sarp etmediň? Ak puly gara gün üçin saklarlar – diýdi.

Senaneddin jogap berdi:

—Baýlyk saňa nesip etjek bolsa, ony eýelemek haçan miýesser bolardy?

Onsoň Baýçuýyň buýrugyna görä, şobada ogluny atasynyň gaşynda şehit etdiler. Ondan soňra atasyny hem ýok etdiler.

Ol jeňde  mongol begleriniň her birisiniň eline mynasyp genç, ýesir, baýlyk we bezegler düşdi. Birküç günden soňra Mugan ýoluny tutup gitdiler. Ol halatda Soltanyň goşunlary Arzynjana baryp ýetenlerinde  «Mongol goşuny Arzurumy aldy. Ol diýarda diýar goýmadylar» diýip eşitdiler. Onsoň derrew bu pajygaly habary beýan etmek üçin soltan hezretine çapar gönderdiler. Ol habary eşidenden erbet perişanlyk we susluk Soltanyň köňlünde peýda boldy. Onsoň: «Goşunlara watanlaryna gitmäge rugsat beriň. Ähli begler bolsa maslahat we agzybirlik bilen ýurtda we soltanlykda peýda bolan bu betbagtçylygyň çäresine girişmek we ony ýok etmek üçin Soltan dergähinde häzir bolsunlar» – diýip, hatlar ýazdy we permanlar çykardy. Begler Soltan hezretiniň hyzmatyna ýetdiler. Ol gyş [bu ýagdaýlaryň] çäresini we alajyny etmäge meşgul boldular.

## SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ MONGOL LEŞGERINIŇ SÖWEŞINE TAÝÝARLANMAGYNYŇ WE 641[1] -NJI ÝYLYŇ MUHARRAM (AŞYR) AÝYNYŇ ON BIRINE SOGAP GÜNI KÖSE DAGDA «GÖZ DEGMÄ (ÝEŇLIŞE)» DUÇAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Döwlet emeldarlary, ýurt ululary Soltan köşgüne gelip, el öpmek hormatyny ýerine ýetirenlerinden soňra, gizlin mejlisde oturdylar. Soltan her biriniň akylynyň çatyşyça bilýän maglumatlaryna görä, maslahatlaşmagy yşarat etdi. Ol betbagtçylyk we ýitgi babatda mongol goşunynyň hüjüminden, döwletde we ýurtda peýda bolan weýrançylyklary düzetmek barada olar bilen maslahat etdi. Ol: «Bu hadysany dep etmekde her kimiň kellesine näme gelse gizlemezligi we göwnüne gelen ylhamlary aýan we beýan etmeklerini, ol uly wakanyň çäresini we alajyny tapmaklaryny» buýurdy. Inçeden duýýan, öňden görýän, dogry pikirleri bilen älemiň saýlantgylary, döwrüň we asyryň gaýmaklary bolan, durmuş tejribeleri bilen gije-gündiziň gapma-garşylyklaryndan baş çykarýan, hadysalar deňzinde we agyr kynçylyklarda guwwas bolup ýüzen uly begler ol kyn işiň alajyny tapmakda, çäre ýaýyndan pikir okuny dogry hasaplan her bir ýerine dogry nyşana bilen parran kylarlardy. Garşydaş matlaplar kibi onuň maslahatynda olary açyklap, onuň dogry we ýalňyş ýerlerini patyşa raýyna arz edýärdi. Uzak gürrüňlerden soňra olaryň pikirleriniň gaýmagy we syrlarynyň gysgaça beýany şu boldy; Olar:

– Musulman we hristian diýarlarynyn melikleriniň göwünlerini awlamak gerek. Mertebelerine laýyklykda, islegleri we matlaplary üçin hökümler we permanlar ibermek gerek. Ilki bilen bir ilçini Melik Gazynyň ýanyna göndermek

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1243-nji ýyla gabat gelýär.

gerek hem-de Miýafarykyn ýurduna edilen çozuş üçin ötünçler dilemek gerek. Hazynadan şalara mynasyp bolan pikire laýyk gelýän mukdaryndaky puly gaýgyrmazlyk gerek. Şeýle-de, gardaşy Melik Eşrebiň mülki bolan Ahlat mülküni oňa berip, karar permanyny oňa göndermek gerek. Goý ol bu baýlyk bilen nöker we goşun tutup, bu yhsan bilen soltanyň gullarynyň hataryna baglanyşarlar. Manylaryň gurşawy içinde pany jahanda taýy bolmadyk Şemseddin Yspyhany sansyz hazyna bilen Şam tarapyna barsyn. Ol ýerlerde bolan batyrlary we gaýduwsyzlary kümüş we altyn bilen göwnüni awlap, nöker tutsun. Ýigrimi müň batyr söweş esgerini tutup, gullaryň eýesi Soltan dergähine getirsin. Sis tekury Papalynyň hem süýji wadalar bilen umytlandyryp we göwnüni awlap, Eraglyýany oňa mülk edip bermek gerek. Bir zamandan soň oňa hem öz goşunyndan başga pereň goşunyny hakyna tutmaly, tiz Soltan huzuryna gelip, agzybirlik bilen duşmany ýok etmäge birleşmek üçin ýygnanyşmaly – diýip ilçi ugratmaly. Ählisini bu pikir we endişe laýyk we göwnejaý boldy. Derrew Soltan Alaeddin zikgesi bilen on müň altyn teňňe we ýüz müň pul we Ahlat ýurduna eýeçilik etmeklik hakyndaky permany Melik Gaza gönderdiler. Sahyp Şemseddini ýüz müň altyn teňňe we on gezek ýüz müň pul bilen Şam tarapyna ugratdy. Sis tekuryna hem biraz mal gönderdiler. Ähli giden ilçileriň habary şeýledi:

«Eger duşman heniz üstün çykmadyk hem bolsa, basyp alyş uýanyny ygtyýar elinde saklaýan bu wakada ahmal bolunsa, her kim öz maksadynyň serişdesi bilen haýal-ýagallyk we äwmezlik etse, ertir, Alla görkezmesin, iş elden gider. Mülk diwary zyýan tapar. Duşman üstün bolar, bagtynyň gözi gamaýyp gapylar. Ol wagt ökünip, dodagyňy dişläp, eliňi owkalanyň peýdasy bolmaz. Hasratdan we betbagtçylykdan gaýry hiç zat hemdem bolmaz. Biziň döwletimize betbagtçylyk sataşar ýa sataşmaz. Emma birnäçe wagtdan soň, müddetde siz

harlyk heňňamynda we zarlyk halkasynda bela çekersiňiz. Tekepbirligiňiz we ulumsylygyňyz ejizlige we biçärelige öwrüler. Mydama arman we öküňç bilen «Ýa hasrat-a! Alla hakynda susluk edenime nedamat bolsun»[1] aýatyny okamakdan gaýry dem urmarsyňyz.

Ähli ilçilige gidenler bu karar üzre şähriýaryň hyzmatyndan ady tutulan taraplara we diýarlara ugradylar. Melik Gazy Ahlat ýurdunyň permanyny okanynda we baýlyklary hazynasyna tabşyranlarynda ör turup, hyzmat wezipesi üçin ýer öpdi. «Diňleýärin we gulak asýaryn» diýip, adam ýygnamak üçin baýlyklaryny bölüşdirmäge başlady. Sahyp Şemseddin Şama ýetende baýlyk ysyny ol ýurduň harbylarynyň, pukarasynyň burunlaryna ýetirdi. Sis tekury Baýyl[2] gulluk şertleriniň işleriniň kadalaryny ýerine ýetirdi. Bir sähel zamandan soňra etraplardan we ülkelerden çaparlar matlaplyryny hasyl etmek, arzuwlaryna ýetmek, belliklere alynmak, goşun we esgerler ýygnamak bilen soltan hezretine yzygiderli gelip durdylar. Soltan hem şu gyşda tertip edilen Rum we Genje türkleri, Üç, Gürji, Gypjak, pereň, deýlemi we kaýmar goşunlary bilen Siwas ülkesine ugrady.

Planetalar-saýýaralar şasynyň öňden ýöreýän nobatçylary «gyş göçüni» hamal[3] bargähine gönderdiler. Läleler otly hanjarlaryny kine gynyndan çykardy, juwan nilufer[4] namazlyk halysynyň ýerine suw ýüzüne zerrin galkan düşdi. Reýhan leşgerleri Çynyň nagyşlar öýi ýaly çadyryň, elwan güller bolsa sähranyň ýüzüne bezeg berdiler. Guşlaryň sesleri Süreýýa (Ülker) ýyldyzyna ýetip, gudrat çawuşlary «Allatagalanyň

---

[1] Gurhanyň 39-njy süresiniň 56-njy aýaty.

[2] Baýyl şu ýerde has at hökmünde gelse-de, eseriň dowamynda onuň «Sisiň häkimi» manysynda gelýändigi görülýär. Diýmek Sis ülkesiniň hökümdaryna «Baýyl» diýlipdir.

[3] Hamal - Şemsi ýylynyň birinji aýy.

[4] Nilufer - peçege meňzeş ösümlik. Gülleri mawy reňkli, köplenç göçme manyda «asman» düşünjesini berýär.

rehmetiniň – ýagmyrynyň yzlaryna serediň. Ol nädip ýeri öli halyndan direltdi»[1] owazyny ýaňlandyryp gygyryşdylar. Ine şeýle wagtda Soltan ýetmiş müň atly köne we hakyna tutma esgerleri aýal we çaga-çugalary, Soltanyň hyzmatyna bagyş edilen mallary, baýlyklary bilen Siwas tarapa ugrady. Birnäçe wagt ol ýerde töwereklerdäki goşunlaryň goşulmagy, Melik Gazynyň gelip ýetmegi, Şemseddiniň we Sisyň häkimi Baýylyň gelmegi üçin üýşüp garaşdylar. Top, şikar we şerap içmek bilen güzeran geçirýärdi. Bu wagtda Nasyheddin Parsy Şam tarapyndan iki müň atly bilen gelip ýetdi. Ol karar edilen äht boýunça her ýyl hyzmaty ýerine ýetirmek şerti bilen her söweşde hyzmata gelerdi. Ondan soňra Soltan her gün goşunlaryň ýarag-şaýlaryny görmäge, söweş esbaplaryny tertiplemäge meşgul boldy. Etrap goşunlaryna garaşmaklyk hetden aşdy. Jansyzlar we habarçylar «Baýçuý noýan Horasan, Yrak, Pars we Kerman welaýatlarynyň mongollaryndan we türklerinden jemlenen garynja we çekirtge kibi goşun bilen bu tarapa ýöriş etmek kararyna gelipdir. Olar çaltlyk bilen hereket edýärler» diýip, habar getirdiler. Kömegiň gelip ýetmesi gijikdi we yza çekdirildi. Onsoň durmuş tejribeleri bilen aňlanan we köp işleriň ahyryndan habarly bolan döwlet emeldarlary we Soltanyň han-begleri agzybirlik bilen aýtdylar:

– Siwas dürli esbaplar bilen doly bir şäherdir. Gowusy medet beriji goşunlara garaşmak bahanasy bilen bu ýerde saklanyp, şähere arka bereliň. Şähere goldanmaklyk elli müň atlynyň berk garşy durmagyndan zyýadadyr.

Ömürlerinde uruş we dawany, heläkçiligi, uruş saplaryny görmedik ýigitlik kuwwatyna magrur bolan Soltan hezretiniň enaýaty bilen goldanan täze ýigitler:

– Biziň goşunlarymyzyň we baýlyklarymyzyň kuwwaty ätiýaçlyk üçin şähere arka diremekden zyýadadyr – diýip, hiç

[1] Gurhanyň 30-njy süresiniň 50-nji aýaty.

hili ýagdaý bilen akyldarlaryň we çäre tapyjylaryň parasatly sözüne üns bermediler. Ol ýerden bir bölek goşuny birküç begler bilen derbendiň goragyna ugratdylar, özleri bolsa, galan goşunlaryň gelmegine garaşdylar.

Kömek goşunlary gijä galansoň Nyzameddin Suhrap, Sanlu we Ödebaşy: «Olar gurbat çekmäge hakly däldir» [diýlişi ýaly] agzybirlik bilen gapynyň agzynda gygyryşyp, pygan etdiler:

– Täjirler we bezirgenler kibi biz Siwasda haçana çenli duralyň. Arzynjanyň we Arzurumyň raýaty mongol gylyjy astynda ýok bolýarlar. Biziň maksadymyz mongol bilen Nahçywan we Töwriz sebitlerinde duşuşmakdy. Häzir bolsa gorkydyr we howp bilen Siwas ülkesinden bir menzil ileri barmak miýesser bolanok.

Soltanyň gulagy olaryň lap urmalaryndan we pöwlemelerinden dolupdy. Olaryň batyrlygyny, berkligini, çapuksuwarlygyny, naýzabazlyk we dürli ýaraglar bilen maşk edişlerini görýärdi. Onsoň Soltanyň buýrugyna görä, ertesi göçüp, ýola rowana boldular. Segsen müň söweş atlysy Umman deňzi kibi joşa gelip, akyllylaryň we parasatlylaryň ýüreklerine müň dag uran Köse dagyna garşy ýola tutdular. Ol ýere ýetenlerinde çaýyrly, çemenlikli, çeşmeli, derýaly, mäkäm we berk ýerler tapdylar. Derbentden gaýry ýerden hiç tarapdan ýagy goşunynyň bargähe gelmäge ýol tapmaga mejaly ýokdy. Şol ýerde mekan tutdular. Her gün esgerleriň gelmegine garaşýardylar. Birden Baýçuý noýan kyrk müň atly bilen Arzynjanyň Akşäheriniň ýazysyna (düzlügine) ýetipdir» diýen habar geldi. Soltanyň aýratyn saýlantgylary bolan ol nadan ýigitler bu habary eşidenlerinde, örän nadanlyklaryndan we akmaklyklaryndan şadyýan boldular we:

– Bize mongol goşunynyň gelmeginden kynçylyksyz we azapsyz gowy gazanç, ýarag-esbap hasyl bolar – diýdiler.

Ähli emirler we wepaly ulular maslahat etdiler. Onsoň Sahyp Mühezzibeddin we begler begi Zahyreddin ikisi bilelikde Soltan hyzmatyna bardylar we aýtdylar:

– Ýalan habarlar bilen perişan bolmak maslahat däldir. Goşuny peýdasyz herekete we tolgunma getirmek bolmaz. Ýerleşen şu ýerimizde duşmanyň gijeki çozuşlaryndan hiç bir gorkymyz ýokdur. munuň kibi ýagdaýda berk ýer örän ygtybarlydyr. Eger olar asla mümkin däl bolan derbentden geçip geläýseler, biziň goşunlarymyz dynç we rahat bolany sebäpli olara garşy çyksalar iş Soltan döwletiniň islegiçe bolar. Ondan başga-da «Sisiň häkimi üç müň atly bilen ermeni we pereň batyrlary bilen iki günden soňra bize gelip ýetişer» diýen habar gelip ýetdi. Olaryň sanynyň köplügi bize uly medet bolar.

Muzaffareddin Ogly bozuk ynamyndan samahyllamaga başlap aýtdy:

– Şeksiz hristianlar gorkak bolarlar. Olar öz jynslaryna (milletlerine) artyk meýil görkezerler. Soltanyň elinde bar bolan munça goşun bilen Baýyla garaşmak nämä gerek. Eger Soltany älem merhemet etse we meniň ygtyýarymdaky on müň atly söweş mertleri bilen meni  mongol tarapyna ugratsa, men baryp olar bilen söweşip üstün çykaryn we ýeňiş gazanaryn.

Zahyreddöwle jogap berdi:

– Munuň ýaly mülk we döwletiň işi bir gyl üstünde asylgy galyp, duşmanlaryň gylyjy gynyndan çykan wagtynda, munuň kibi hapasynyň ysy jahanyň beýnisini gozgalaňa salyp, nähoş kylýan we şumlugy – Allatagala görkezmesin – Rum we Şam ýurtlarynyň haraplygynyň sebäbi boljak [nädogry] gepi dile getirmek, hususan-da Soltany älemiň hyzmatynda beýan etmek maslahat däldir. Aýdylmyşyna sadaka [bermek] we ýalkow islemek bilen günäňi geçilmegini dilemek gerek. Ýalbaryp we zorlap, nalaňy we pyganyňy Ynsan çäresi bilen söhbet kylyp, Hudaýyň takdyry bargähine ibermek gerek. Eger-de ezeli

hököme hiç zat päsgel we böwet bolmaýan, bolmasa-da, Haktagala Gurhany Keriminde pygamberleriň jenaby Muhammet alaýhyssalama garşydaşlaryňy we duşmanlaryňy ýeňmek we basmak babatda: «Işde olar bilen maslahatlaş. Netijä geleňden soň Taňrytagala bil bagla»[1] diýipdir. Maslahat üzerine aýtmaga dogry geldi. Gurhanyň hökümlerini ykrar etmek, musulmanlaryň zatyna has zerurrakdyr. Şeksiz men Allatagaladan gorkýandygym manysynda gorkakdyryn. Bu wagt almaz ýaly, pikir we berk akyl bilen ýagdaýlara gözegçilik edilmese, eger erte ýa biri gün – Allatagala görkezmesin – bir erbetlik peýda bolaýsa. Bu pitnäniň tolkunyndan we bu hadysanyň günäsinden tä kyýamat gününe çenli betnamlyk we lagnat biziň yzymyzda galar.

Muzaffereddin ogly aşa şerap serhoşlygyndan we ýigitligiň ýiti lowurdysyndan dilini sögünje urdy. Sahyp Mühezzibeddin oňa ol babatda käýindi. Ol:

– Sen ýazyjylykdan, hasapdan we kitapdan özge zat bilmez sen – diýip, jogap berdi.

Döwlet emeldarlary we ululary Muzaffereddin oglundan bu görnüşli batyrgaý sözleri eşidenlerinde, oňa hezretden ol batyrgaýlygy üçin garşylyk we gadaganlyk dilemediler we Soltanyň hyzmatyndan haýran we perişan bolup daşary çykdylar. Agşamdan daňdana çenli mülk we döwlet rowaçlygy üçin doga we dileg ederdiler. Soltan Muzaffereddin ogly bilen aýşy-eşretde içmek bilen daňy atyrdylar. Ertesi Muzaffereddin ogly goşuny atlandyryp, söweş we jeň kastyna ýöriş etdi. Naýyň, kernaýyň, surnaýyň, tebil we depregiň owazy pelege ýetýärdi. Döwlet emeldarlary we han-begleri bu hekaýatdan neneňsi perişan bolsalar-da iş-jana, pyçak-süňke ýeteni üçin üýşüp, agzybirlik bilen Soltan hyzmatyna bardylar. Dälizde sözleşip, köp galmagallar edişip: «Birküç gün sabyr etmek

[1] Gurhanyň 3-nji süresiniň 159-njy aýaty.

bilen amal edip, ýagşy ýüz bilen, parasat we aň bilen, ýurt we döwlet gözegçiligine maslahaty bişirmek bilen erbet soňlamadan we betbagt gutarmadan daşlaşmaly» diýişdiler.

Muzaffereddin ogly ýeňil kellelik we kemakyllyk bilen amal edip, esräp sögmäge başlady. Gürji ogly, Weliýeddin Perwana we galan goşunbaşylar, goşun begleri gaharlanyp, melul boldular. Rum we Pereň goşunyndan üç müň atly alyp, janlary bilen hoşlaşyp, dag geçisiniň onuň oý ýerlerinde we gaýalarynda ýöremäge we bökmäge mejaly bolmadyk ol derbentlere garşy ýöräp, ýylan kibi aşaga süründiler. Baýçuý noýan nazar edip, Soltanyň goşunynyň pikir we alada etmän, onuň kibi mäkäm daglaryň ýüzünden aşaga inýändigini görende, ýüzüni noýanlara dönderip aýtdy:

Bular gaçmakdan başga bir iş hem etmezler,
Bu gün gylyjyň aşagynda kelle görýärin.

[Soňra Baýçuý ýene-de sözüni dowam edip]:

– Tä derbendiň dar ýerlerine we kynçylykly jaýlaryna girýänçä sabyr etmek gerek. Olar kynçylyk we agyrlyk bilen ýokardan aşaga inenlerinde, gaçmaga mejallary bolmaz – diýdi.

Öňden gelýän goşun doly aşaga indi. Derbentleriň we ýollaryň girelge we çykalgalary darlygyndan baglanyp petiklendi. Onsoň Baýçuý noýan duran ýerinden olaryň üstüne at saldy. Ol hüjümde Rum goşuny janyny gaýgyrman berk durdy, gowy söweş etdiler welin, atlary sowut, jüpbe we är agyrlyklaryndan ýorulmaga başlady.  Mongol goşuny hile bilen gaçýan kibi boldular. Rum goşuny özlerinden gorkup gaçýarlar diýip pikir edip, Soltana:

– Duşman gaçdy – diýip habar etdiler.

Soltan örän şatlandy we begendi. Buşluk sazlary çalyndy. Bezm serişdelerini taýýarladylar.

Şol wagtda Baýçuý Rum esgerleriniň atlarynda hereket we çydamyň galmandygyny görende, ýene yza dolanyp, goşunlaryna peýkam ýagdyrmagy buýurdy. Şeýle bir ok ýagdardylar welin, Şam, Rum, Pereň, Gürji we Üç goşunynyň baryny heläk etdiler. Muzaffereddin ogly Sanjak we baýdagyny başaşak edip, taşlap, gaçyş ýolun tutdy. Nasyheddin Parsy köp jeň we söweş edenden soňra birküç adam bilen ol söweşden janyny gutaryp, başy açyk Soltan hyzmatyna geldi. [Ýüzüniň] «perdesini» [ýyrtyp], gorkyny we hormaty [aradan] aýryp, ýüzbe-ýüz Soltana gaty we gazaply sözleri aýdyp:

– Munuň kibi pikirli we çäreli ýaranlar bilen jahangirlik etmek heý bir kişä gerekmidi beri?! Duşmana garşy çykyp, söweş etmek bolarmydy özi?! Beýle bolandygy üçin eşit, mülki, milleti we döwleti ýele berdiň. Ähli yslamyň we tutuş taýpaň başyna toprak guýduň – diýdi.

Soňra derrew öz halky we adamlary bilen Halap ýoluny tutdy. Soltan mongol goşunynyň ýeňlendiginiň habarynyň ters bolandygyny, begleriniň şehit bolandygyny göreninde el ýaglygyn ýüzüne tutup, zar-zar aglady. Galan goşunlara derbentleri berkitmekligi buýurdy. Özi agşam wagtyna çenli at üstünde durdy. Öz haremhanasyny, maşgalalaryny, hazynasyny, nepis zatlaryny Tokata gönderdi. Çawly Çaşnygir söweşden gaçyp, Soltanyň hyzmatyna geldi. Ol ýagdaýlaryň gowy däldigini, Muzaffereddin Oglunyň gyssanmaçlygynyň şumlugyny beýan ederdi. Soltan oňa aýtdy:

– Boljak iş eýýäm boldy. Bu babatda indi dogry zat we işiň çäresi nämedir?

Jogap berdi:

– Pikiriň we çäräniň mümkin bolan wagtynda bu guluň bilen maslahat etmediň. Tejribä laýyklykda, bir maslahat hyzmatyňa arz edilipdi. Bu halatda bu guluň ýa gaýrynyň elinde näme çäre galypdyr.

## Beýt [1]

Iş teşne dodakdan we ýaşly gözden geçdi,
Bu gamlaryň peýkamy synadan tä arkasyna çenli geçdi.

Söhbetdeşlikden we pikirlerden soň, Soltan oňa aýtdy:

– Men gitdim. Ýurduň uýanyny saňa tabşyrdym. Her näme bilýän bolsaň we [näme] eliňden gelýän bolsa, saklanmazdan we eglenmezden etgil.

Jogap berdi:

– Haktagalanyň enaýatyndan bir medet ýetişer. Takdyr aýnasy kütek pikirlileriň we kemakyllaryň elinden namartlyk daşynyň üstüne düşüp, döwülen döwlet we ýurt jamyny kabullyk jeňňelindäki perde tobasynda asylky keşbini bagyş eder. Ony köne ykbaldan we päk artyklykdan dolduryp, şähriýaryň göwher seçýän eline goýar. Patyşanyň mübärek nepesiniň bu ýagdaýdan gamgyn bolmazlygy gerek. Mübärek hatyryna sabyrlylygy ornaşdyrsyn. Pesleriň mejlisinden, har kömekçilerden we nadan söhbetdeşlerden daşlaşmagy ygtyýar kylsyn. Ýüze çykan bu şumlugy olaryň söhbetdeşliginiň sözleriniň we ýakynlaşanlynyň sebäbi hasaplasyn.

Bu nesihatlary diňländen soňra, biri-birlerinden aýrylyşdylar. Soltan çadyryna girdi. Bir sagatdan soňra Labuthana ýolundan Tokat tarapa rowana boldy. Ýol ortasynda Fahreddin Arslan Dogmuş beg, Şemseddin Hasoguz we Seýfeddin Terkeri ätiýaçlyk üçin Soltanyň lybasyny özgertdiler. Uýanlary gowşadyp köp wagtdan soňra haremhanasynyň, hyzmatkärleriniň we hazynalarynyň yzyndan ýetdiler. Birküç günden soňra Mubaryzeddin Soltanyň hyzmatyna ýetişdi. Soltan begler begilik derejesini oňa berdi. Owşar, baýat, agajeri we gaýry türki goşunlarynyň ýöreýän

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

taraplary bolan Malatyýa, Ebelistana we şol tarapdaky sebitlere garşy çäre görmek, işleri ýerine ýetirmek, möhüm zatlary hasaba almak üçin ony ugratdy. Özi Konýa ýoluny tutdy we gitdi.

Indi bolsa, biz Köse dagyň hekaýatyny tamamlalyň.

Soltan leşgergähinden [çykyp], uýanyny Tokat tarapa öwrende, yslam goşunyndan bir taýpa (topar) gijäniň iki bölegi geçinçä derbendiň agzynda, daglaryň üstünde durupdyrlar. Mongol goşuny dagyň üstüne çykyp, her ýerde bölek-bölek goşunyň durandygyny gördüler. Perýat edip gygyryşdylar. Otlar ýakdylar. Soltanyň ordasyna girmäge-de, özleriniň ýurtlaryna barmaga-da, ýürekleri ysmaýardy. Soltan goşunynyň garawuly daglaryň başynda köp wagtlap garaşdylar. Hiç bir tarapdan medet tapmadylar. Ählisi leşgergähe we orda geldiler. Esbaplarynyň we çadyrlarynyň gurulgy we düzelgi durandygyny gördüler. Adamlary we atlary gidipdirler. Olar hem gaçmak ýolun tutup gitdiler. Erte bolanda, mongollar Soltanyň orda we bargähine seredip görenlerinde çadyr we ýük bar, içlerinde adamzat ýok eken. Olar meger goşun bukalga girendirler diýip güman etdiler. Ätiýaçlyk etdiler. Iki günden soňra, ýagdaýy takyk edenlerinden soň, orda we çadyrlara girdiler. Bihasap mal, parça, esbap, ýarag we lybaslar aldylar welin, hasapçylaryň galamlary we kätipleriň hyýallary ony ýazmakdan we hasabyny çykarmakdan ejiz we gowşak boldy. Olary aldylar we ýagmaladylar.

Soň Siwas şäherine ýola düşdüler. Siwasyň kazysy, Taňrynyň beren ymamy, ikinji Nugman Nejmeddin Gyrşähri döwür alymlarynyň ulularydy we yslam danyşmentleriniň naýbaşysydy. Ylymlylykda älemde taýsyzdy, dindarlyk, terkidünýälik, takwalyk we diýanatda döwrüniň in ýokarsydy we asyryň haýyrlylarynyň gaýmagydy. Mongol goşuny Horezm şäherine eýe bolanynda, Soltan Muhammet Horezmşanyň betbagtçylygy wagtynda Horezm şäherinde

okuwyny tamamlap, ol ýerde bolup, Ilhanyň hyzmatyna gowşup, mähribanlyk, sowgat, ýarlyk[1] we paýza[2] eýe bolupdy. Ol şol aşnalyk sebäbi bilen iýgi-içgiler, köp peşgeşler düzüp, Siwasyň ygtybarly adamlary we serkerdeleri bilen ony garşylady. Baýçuý noýan ony görende tanady. Kazy ýarlygy we paýzany arz etdi. Baýçuý ol hökümi öpüp, başy üstüne goýdy. Kazynyň haýyşlaryny ol ýarlyk we paýza sebäpli kabul etdi. Kaza tagzym we hormat nazary bilen garardy. Şoňra onuň buýrugyna görä, şäheriň ähli gapylaryny ýapdylar. Diňe goşunyň käbir açlary girip, talaň we çapawul eder ýaly Arzynjan gapysyny açyp goýdular. Emma kazynyň hormatyna hiç kimi ýesir etmediler we öldürmediler. Üç gün taladylar. Dördünji gün buýruga görä, Arzynjan gapysyny ýapyp berkitdiler. Goşundan hem hiç kime şähere girmäge rugsat berilmedi. Ondan soňra Kaýsaryýa ugradylar.

## KAÝSARYÝANYŇ MONGOL LEŞGERLERI TARAPYNDAN HARAP EDILMEGINIŇ WE ONUŇ ÝAŞAÝJYLARYNYŇ WE GORAÝJYLARYNYŇ HELÄK BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Gyýaseddiniň enesi ol hadysanyň eşidilen wagtynda Kaýsaryýadan gaçyp, Sis tarapa sygynyp barypdy. Saýlantgylaryň we terkidünýäleriň begi Samsameddin Gyýmaz Jamdar we Fahreddin Aýaz Agraç uruşdan gaçyp, ol ýere düşenlerinde, gorag esbaplaryna we gabalyş tertibine meşgul boldular. Agzybirlik bilen şäheriň sütünlerini we diwarlaryny

[1] Ýarlyk – perman, hököm. Bu ýerde perman bilen haýsydyr bir mertebä eýe bolandygy we şol perman hatynyň elindedigi aýdylýar.

[2] Paýza – tylladan, kümüşden ýa-da misden, käte bolsa agaçdan ýasalan dört burçly kiçijik ýasyja tagtajyk bolup, ýüzünde hökümdaryň ady ýazylypdyr. Ony derejeli we hormatly adamlara beripdirler. Şony alan adam mongol goşunynyň zulumyndan halas bolupdyr.

mäkämlemäge, ol ýeriň harbylary we ýigitleri bilen yhlas görkezdiler. Mongol goşuny gelip ýetende, daşarda näme görseler talabylar, ýykdylar we ýakdylar. Ertesi Baýçuý noýan galan noýanlar bilen atlanyp, şäheriň diwaryny aýlanyp gördüler. Siwas gapysynyň garşysyna we şäher halkynyň ol küňräniň berkligine we mäkämligine örän ynamy we daýanjy bolan deri eýleýänleriň goraýan küňresiniň öňüne [manjanyk] ornaşdyrdylar.

Ýesirlere we çuwalçylara (garyplara) manjanyk çekmegi we atmagy boýunlaryna goýdular. Bäş gün müddetinde daş zarbasy yzygiderli atyldy welin, ol küňrede erbet deşikler we dilikler peýda boldy. Şäher halky batyrlyk bilen jan gaýgyrman elde baryny etdiler. Her gün iki tarapdan tükeniksiz betbagtçylyklar we ýaralar peýda bolýardy. Mongol Mesjit Battal daglarynda we ol ýerleriň weýranalarynda birküç sany tejribeli adamlar[1] bilen buka girerdiler. Pursat bolanda bukydan çykyp, şäher halkyna sansyz kynçylyklar we betbagtçylyklar ýetirerdiler. Hiç bir ýagdaý bilen dagda mongol goşunynyň ezýeti kemelmeýärdi. Hiç kim olardan üstün bolup bilmeýärdi. Mongol beglerine we serkerdelerine çensiz-çaksyz mal we nygmat hasyl boldy. Onsoň yzyna dolanmaklygy we geljek ýyl gowy ýarag şaýy bilen gelip, Kaýsaryýany almagy ýüreklerine we niýetlerine düwdüler. Şäheriň igdişbaşysy Hajuk ogly Husam gije gizlinlik bilen Baýçuýa çapyr gönderdi. Öz jany we hany-many üçin aman diledi. Noýan oňa aman hatyny gönderdi. Çapar yzyna dönende Hajuk ogly Baýçuýyň özi hakynda eden enaýatyny hak bildi. Hapa suw ötüginden daşary çykdy we mongol leşgerine bardy. Şäher halkynyň ýagdaýlaryny gysga we jikme-jik arz etdi. Şäher halky bu ýakynlykdan (dönüklikden) bihabar goranyşa meşguldy. Bu ýagdaý galan beglere hem mälim boldy. Baýçuý özüne degişli

[1] Bu ýerde goşun serkerdesi göz öňünde tutulýar. Olar öz goşunlary bilen bukuda ýatyp, pursat bolan badyna çozup, uly zyýanlar ýetiripdir.

bolmagy karar eden her kime enaýat we gözegçilik hatyny berýändigini, onuň baýlygyna, maşgalasyna zyýan ýetirmeýändigini gördüler.

Şäheriň goşunbaşysy Fahreddin Aýaz Agraç hem ertesi gije Baýçuýyň hyzmatyna çapar gönderdi. Onuň hem matlabyna laýyk jogap geldi. Ol hem gije tabynlary we maşgalalary bilen Baýçuýyň hyzmatyna bardy. Şäherde Samsameddin Gyýmazdan gaýry hiç bir häkim we ýolbaşçy galmady. Mümkinçiliginiň baryça yhlas edip, janyny gaýgyranokdy. Ahyry gabaw ezýetine çydamakdan ejiz we gowşak geldiler.

Hajuk ogly we Fahreddin Aýaz Agraç daşary çykyp, ýagdaýy mälim edenlerinde, Baýçuý dönmek pikirinden el çekdi. Bir gün ähli leşgere ýaraglaryny baglap, şäheriň küňresiniň garşysyna gahar oklaryny doly kibi ýagdyrmagy buýurdy. Manjanyk zarby bilen deşilen ol küňrä merdiwanlar goýup çykdylar. Kim öňlerine gabat gelse, gylyç zarby bilen ýokluk şerbedini içirdi. Mongol batyrlarynyň az-owlagy diwara çykyp, aşak düşüp, şäher gapysynyň kildini gürzi we çokmak bilen döwdüler. Ähli goşun şähere döküldiler we şäheri aldylar. Goşunbaşyny we ähli goşunlary tussag etdiler. Baglap Meşhet ýazysyna (düzlügine) eltdiler. Talaňdan we gyrgynçylykdan soňra, şäheriň hazynalaryna, uly-kiçisiniň öýlerine ot urup harapladylar. «Ýyldyrym çakanda, Aý tutulanda, Aý-Gün ýygnananda şol gün adamlar «nirä gaçarys?» – diýerler»[1] habary aýan bolup, oduň şuglasy beýik pelege ýetdi. Tütüni Günüň ýüzüni gara edip, jahanyň gözüni gamaşdyrdy. Uludan-kiçiden hiç birinde bir çäre tapmaga mejallary galmady. Biçärelikden we alaçsyzlykdan egilmezek boýnuny umytsyzlyk hanjaryna uzatdylar. Takdyry asmana we «Men seniň eýäň dälmi?» gününiň ýazgydyna razy boldular. Ebedi höküm kätibi

[1] Gurhanyň 75-nji süresiniň 7-8-9-10-njy aýatlary.

we ezeli takdyryň ýazyjysy olaryň ýagdaýlarynyň soňlanyş, pursatlarynyň tamamlanyş sahypasynyň ýüzüne ýazgyt we karar edilen zady ýazdy. Birnäçeleri goldawsyz ýesir, birnäçeleri umytsyzlyk ýüpüne daňylan ýesir bolup, bir toparlary ezizlerinden aýrylmak bilen biçärelikde bendi kement boldular. Dünýäde çagalaryndan, aýallaryndan, ýakynlaryndan we garyndaşlaryndan aýrylyşyp, ahyrete ygtyýar etdiler. Bir bölegi hem Hudaýyň hökümi, Perwerdigäriň emri bilen biwepa jahanyň meýdanynda karar tutdylar. Bir bölegi bolsa behişde ulaşdylar. Mongollar şäher we şäher halkynyň işlerini birýüzli edenden soň, daşary çykdylar. Meşhet meýdanynda öňürti tutan ýesirlerini şehitlik derejesine ýetirdiler. Çagalaryny we aýallaryny öz aralarynda paýladylar. Kimde-kim ýolda ýaramasa we pyýada ýöremäge mejaly bolmasa öldürýärdiler. Onuň kibi ajaýyp şäheri haraplap, itleriň we aýylaryň, bürgütleriň we guşlaryň myhmanhanasyna öwürdiler.

Beýiklik eýesi, adalatlylygyň dür depesi, merhemeti bolluk bilen eçilýän, kämil gudratly Allatagala jahanyň eýesi, zamananyň hökmürowany Soltan Myrat ibn Muhammet hany ahyrzaman gorkusyndan we howpundan özi aman we esen tutup bu harap-abat jahany onuň dünýäni bezeýji şan-şöhraty bilen jennet köşgüniň şadyýanlyk ymaraty kibi abadan, bezelen we düzelen kylsyn. Çünki ol doga-dilegleri kabul edijidir.

## MÜHEZZIBEDDIN ALYNYŇ BAÝÇUÝ NOÝANYŇ ÝANYNA GITMEGINIŇ, ÝARAŞYK KADALARYNY TAÝÝARLAMAGYNYŇ WE ÝÖRELGE ŞERTLERINI AÝTMAGYNYŇ BEÝANY

Köse dagda goşun synandan soň, Sahyp Mühezzibeddin Amasyýa tarapa düşüpdi. Ol «Mongol goşuny Kaýsaryýany gabamaga ugrapdyr we basyp alypdyr. Köp talaňçylyk we

gyrgynçylyk edenlerinden soňra mongollar yzlaryna döndüler» diýip eşidende, Amasyýanyň kazysy Möwlana Fahreddini çagyrdy. Bu wakalary oňa gürrüň berdi. Bir zaman perişanlyk we alada olaryň alnynda peýda boldy. Ezizlerinden aýralygy, dostlarynyň betbagtçylygy, mähremleriniň ýok edilmegi sebäpli aglaşyp, ýaşlaryny ýüzleri üzre rowan etdiler. Bu matam wagtynda Sahyp aýtdy:

– Ýurt işi we soltanlyk ýagdaýlary Soltanyň nadanlygynyň we ýigitlik aňsyzlygynyň sebäbi bilen pesleriň we nadanlaryň söhbetdeşliginiň we egindeşliginiň sebäbi bilen, bu derejä ýetdi. Aşa şagalaňlygyň şumlugyndan iş betbagtçylyga we urşa öwrüldi. Häzir pitne deňzi takdyryň gahar ýelinden sandyrap peýda bolan topalaňdyr şer biraz gowşaşdy. Eger bu ýagdaýyň çäresinde ahmallyk edilse, Soltanyň nygmatyna gadyr bilmezlik etmeli bolar. Pikir şeýle: Ýapyşyk elini beýikligi-beýgelmiş Hakyň enaýaty bagyna urup, merdana bolup, dogry gadam bilen ýaraşyk we ylalaşyk ýolunyň talabyna gadam basalyň. Ýoluň ok we tygdan doludygyna seretmezden ähli tagallalarymyzy we janypkeşligimizi gaýgyrmalyň. Eger matlabymyz miýesser bolsa, ol islegimizdir. Eger maksadymyz islegimiziň tersine ýüz görkezse, herne wepadarlyk, rastlyk we hojaýyn söýmeklik şertleri bar bolsa ýerine ýetirmeli bolar. Kyýamat gününe çenli nygmat hukuklarymyzy ýerine ýetirendigimiziň yzlary taryh sahypalarynyň ýüzünde baky galar – diýdi.

Kazy bu mynasyp pikir bilen ylalaşdy. Sahybyň dogry pikirine öwgüler aýtdy. Ikisi agzybirlik bilen ol howp we umyt ýolunyň esbaplaryny taýýarlamakda häzir bolup, dürli-dürli peşgeşler, hususanam her noýana aýratynlykda tertip kyldylar. Haktagalanyň pazly-keremine umyt baglap ugradylar. Öňürti ýagdaýlary bilmek üçin Baýçuý noýana adam ugratdylar. Baryp ýetdiler. Baýçuý haty okap, özi galan noýanlar we begler bu gaýratlyga we batyrlyga: «Heniz esgerleriň we

raýatlaryň gany şäherlerde we welaýatlarda akyp durka, mongolyň kesgir gylyçlary lowurdap we şöhle saçyp durka, nähili munuň ýaly batyrlyk we ýüreklilik edip bildikä?» diýişip haýran galdylar. Çapardan soňra kazy Fahreddin we Sahyp Mühezzibeddin ikisi Baýçuýyň ýanyna Arzurum sebitlerindekä baryp ýetdi, peşgeşler we sowgatlar berdiler. Mähribanlyk we göwünlerini awlamak babatynda parasatlylaryň we danalaryň garaýyşlary esasynda «Ak el»[1] görkezdiler. Baýçuý noýan olara mähribanlyk etmekde we göwnüni awlamakda mähremlikler görkezdi. Olar tarapyna mähribanlyk nazary bilen garady. Olaryň howpy, gorkusy, tolgunmasy we çekinmesi zym-zyýat boldy. Mongol goşunlary bilen Mugana çenli Jurmagunyň ýurduna ýetýänçäler göçme-göç (menzilme-menzil) gitdiler. Baýçuý Jurmagunyň öýüne bardy. Sahyp Mühezzibeddini we kazy Fahreddini çagyrtdy. Olardan sorady:

– Siziň gelmegiňiziň sebäbi nämedir?

Sahyp jogap berdi:

– Taňrytagala jahan patyşasy beýik Ilhany haýyr-yhsan kadalaryny taýýarlamak, günäkärleriň günälerini bagyşlamak üçin ebedi mäkäm kylsyn. Noýana mälim bolsun, eger bu gezek Haktagala siziň döwletiňize medet we ýardam kylyp, yslam patyşasyndan üstün çykyp, ýeňiş gazanan hem bolsa, oňa tekepbirlenmek gerek däldir. Size bellidir, bu gezek söweşde goşundan wepat bolany üç müň atlydan zyýada däldir. Mongol goşunyndan köp kişiler heläk boldular. Rumuň goşuny diňe söweş eden mukdarynda däldir. Oňa ýüz müň barabar geljek goşun Rum ýurtlarynyň etraplaryndan ýarag-esbap şaýlary we eý atlary bilen tapylar. Eger Rum ýurdunyň är we inileri belli-külli ýygnansalar, köp ýyllar pitne heýjany, joşgun

[1] Bu ýerde Musa pygamber göz öňünde tutulýar. Ol gudrat bilen gara elini goltugyna sokup çykarsa, ap-ak bolýan eken.

sili dynmaz we gutarmaz. Rum mülküniň dür düzümi seljuk soltanlaryndan gaýry bilen nyzamlanmaz. Ýurduň we welaýatlaryň goşunlary we raýatlary olardan başgalara tabyn we boýun bolmaga mümkinçiligi ýokdur. Başga patyşa bu usul bilen ol welaýaty zabt edip bilmez. Olaryň köňülleri olaryň tarapdarlygyndan başga karar tapmaz. Eger noýan beýik Ilhanyň ýagşylygyna nazar etse, mülkdarlyk we gorag işleriniň usuly şudur, ýagny Soltanyň maslahatyny kabul etsin. Geçmişdäki patyşalar we ulular «Her kim ýaraşyk gapysynyň halkasyna ýapyşyp, ejizlik we biçärelik babatyndan gelseler, olaryň razylygyny gazanmak gerek we ony ýerine ýetirmäge gyssanmaçlygyň we howlukmaçlygyň zerurdygyny bilmek gerek. Ony ret etmekligi we garşy bolmaklygy döwlet we ýurt eýeleriniň uly hatalaryndan we harlyklaryndan bilmek gerek» diýip aýdypdyrlar. Ähli halka aýandyr, patyşalyk esbaby bolan daýaw atlar we ärler duşmany saýgylajak ýarag we uruş serişdeleri Rum ýurdunda beýleki ýurtlardan artykdyr. Uruş we söweş hereketinden maksat ýeňişden gaýry zat däldir. Haktagala güýçli leşgere miýesser eden bolsa, duşmançylyk gylyjyny ýaraşyk gynyna salmak gerek. Barlyşyklyk bilen goldaw we mähribanlyk ýoluna barmak gerek.

**Beýt**

Çün aman dilär kişi, bergil aman,
Ki es-sulh haýrun[1] diýdi mustegan[2].

Eken dahy mazluma[3] zor etmegil,
Ki ýaraşyban mary[4] mur[1] etmegil.

---

[1] Haýrun – haýyr ýaraşykdadyr.
[2] Mustegan – 1) kömek we ýardam dilenýän kişi; 2) Allatagalanyň sypaty.
[3] Mazlum – ezilen, sütem gören.
[4] Mar – ýylan.

Her ne noýanyň göwnüniň rahatlygyna hem-de mülk we raýat asudalygyna sebäp boljak zatlar arz edildi. Eger noýanyň mundan başga pikiri bar bolsa ygtyýary bardyr.

Baýçuý noýan bu gürrüňleri we sözleri eşidende, Jurmagunyň aýallaryndan Jurmaguna sözüni düşündirip bilýän Nejatuny atly aýala «Bu pikiri Jurmagunyň gulagyna aýt» diýip yşarat etdi. Jurmagun noýan diňledi. Onuň hakykatlaryndan habarly boldy. Hemişe Soltan Alaeddiniň sahawatly adatyndan gürrüňçiler we bezirgenler gürrüň ederdiler. Ol ony eşidip, öwgüli sözler aýdyp:

– Käşgä onuň kibi Soltan mongol goşunynyň zyýanyndan welaýaty aman galar ýaly, Ilhana il bolsady?! Onuň kibi adyllyk we ynsan bilen bezelen mülk we patyşa mongol hüjüminiň zarbasyndan harap bolsa we ol patyşalygyň kanunlary binýatsyz galsa, haýpdyr – diýerdi.

Şol sebäpli, tüýs ýürekden onuň raýy ýaraşyk etmäge muwapyk we laýyk boldy. Ýaraşyk işlerini tamamlamaga üm we yşarat etdi.

Baýçuý noýan Jurmagunyň geňeşine laýyklykda, Sahyp bilen illik esasyny mäkämlemäge başlady.

Aýtdy:

– Her ýyl Rum mülkünden Ilhana we noýanlara näçe mukdar zat berersiň?

Sahyp ol ýygnakdan daşary çykyp, Kazy we adamlary bilen aýratynlykda maslahat etdiler. Biri-biriniň dogry saýmagy we ylalaşygy bilen ýörite Ilhan, noýanlar we goşun begleri üçin takyklap, dondan, parçadan altyn-kümüşden, düýeden, gysrakdan, goýundan we sygyrdan berilmeli zady jikme-jiklik bilen galama getirdiler. Ony noýanyň hyzmatyna getirip: «Her ýyl ilçiler bu bellenilen zatlaryň talaby üçin Rum

---

[1] Mur – garynja.

ýurduna gelerler. Biz muny ýygnap berenimizden soňra bu etraplara getirerler» diýip, haty görkezdi. Baýçuý noýan käbirine begendi, käbirine azyrgandy. Ýene Sahybyň ýanyna haty gönderdi. Ol Baýçuýyň az görüp, bellik eden zatlarynyň üstüne, Baýçuý noýan razy bolar ýaly ýene az-owlak zat goşdy. Ondan soňra Baýçuý noýan Sahyby çagyrdy. Matlaplarynyň tamamlanandygyny oňa buşlady.

Sahyp Baýçuýyň etegini tutup, ähdi-peýmanyny berkitdi. Ähli noýanlaryň ylalaşygy we gatnaşmagy bilen ýaraşyk berkleşdi. Duşmançylyk esaslaryny aradan aýyrmak, ylalaşyk şertleriniň sözlerini berkitmek, duşmançylygy daşlaşdyrmak babatynda pikirlerini bir ýere jemlediler. Sahyp egindeşi, uly serkerde Fahreddin Tebikçi Buharyny matlap ýolunda maksat ylalaşygyna nyzam berip, Soltan hezretine ugratdy. Özi bolsa haraplygy dikeltmäge, galanyň deşiklerini abatlamaga meşgul boldy. Ähli hümmetini ýurduň gülläp ösmegi, ony owalky halyna ýetirmek we soltanlygyň etraplarynyň egnine düşen tozy akyl we parasat suwy bilen ýuwmak üçin sarp edýärdi we bagyşlaýardy.

## SAHYP ŞEMSEDDINIŇ ŞAM TARAPYNDAN SOLTANYŇ HUZURYNA DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Sahyp Şemseddin goşun talaby üçin Halap tarapa bardy. Horezmlilerden bagylbeklilerden, gypjakdan, kürtlerden we türklerden tapan dürli goşunlaryny jem etdi. Alty aýlyk hakyny öňünden berdi. Ähli tarapdan köňüllerini uruş esbaplaryny jemlemäge meşgul bolar ýaly arkaýynlaşdyrdy. Az müddetde ähli serişdeler we möhüm işler taýýarlanyldy we gurnaldy. Olaryň Rum tarapyna hereket etmegi anyklanyldy. Bir gün-ýarym günden hereketleri karar ediljek bolanda birden esgerleriň ýeňilendigi, Soltanyň gaçandygy, ählisiniň

pytrandygy, bölümleriniň dargandygy, betbagtçylygyň hemmelere inendigi barada habar olara gelip ýetişdi. Olaryň niýeti mejburlykdan, ýöriş etmekden sowuldy. Dirhemleriň we dinarlaryň yzyna berilmegi sebäbinden kalplar kesildi. Sahyp mylaýymlyk ýoly bilen baýlyklarynyň käbirini ýene alyp jem etdi. Goşunyň köpüsi bu ýagdaýy eşidenlerinde kiselerindäki puly we altyny alyp gaçyp dargadylar. Rumuň begleri we ululary Kaýsaryýa, Malatyýa we gaýry etraplardan dünýäni tutujy leşgeriň gorkusyndan ürküp, Sis ýolundan Halaba geldiler. Sisiň ermenileri musulmanlara örän päsgel berdiler. Soltanyň enesini, çagalaryny we maşgalalaryny tutdular. Yslam diýaryna gitmäge goýmadylar. Ahyrynda mongola berip, gadyr bilmezlige we topalaňa meýiller görkezdiler. Soltanyň özleri babatda eden nygmat we enaýatlarynyň hakyny tarapdarlyk sahypasyndan ýok etdiler. Ýaradylanlaryň gaýmagy, barlyklaryň hojaýyny Muhammet Mustapa nälaýyk sözler diýerdiler. Şeýlelikde, musulmanlar tapan her ýoly bilen Halaba bardylar. Rumlylardan onda köp jemgyýet peýda boldy. Birden «Soltan salamatlyk bilen Köse dag söweşinden gutulyp, paýtagt Konýa geldi. Mongol goşuny dönüp, ýene Mugana bardy. Sahyp Mühezzibeddin olaryň yzyndan ýaraşyk gapylaryny açmak üçin ugrady. Gaçybatalgalara, berkitmelere we galalara ýüzlenip, penalanan halaýyklar aşaga düşdüler. Tertip-düzgüne meşgul boldular» diýip habar geldi. Sahyp Şemseddin we beýleki Rum ululary hem dolanmagy karar etdiler. Emma Sahyp leşgeri jemlemekde haýal ýagallyk edeni üçin, görip gybatçylaryň Soltanyň hyzmatyna ýetende özüne tagna etmäge mümkinçilikleriniň dörändigi üçin howp edýärdi. Ýolda gençlilerden, kermiýanlylardan we kürtlerden endişe ederdi. Köp goşuny bilen goldawlanan, Halapda ýaşaýan Amyt patyşasy Melik Mesguda Soltan hezreti tarapyndan süýji wadalar berip çagyrdy. Melik Mesgut kabul edip, onuň bilen bile Rum ýurduna ugrady. Malatyýa ýetişenlerinde ol wagt şol

etrabyň häkimi bolan Çawly Çaşnygir Sahybyn gelendigine begenip we guwanyp, sansyz hyzmatlar etdi. Uly gonaklar, gymmatly peşgeşler çekdi. Bir gije içişlik we söhbetdeşlik wagtynda ogrynça Sahyba aýtdy:

– Melik Mesgut şum täleý bilen jahanda meşhurdyr we gürrüňi edilýändir. Onuň içiniň garalygy, daşynyň öwrümleri köpdür. Amyt kibi ýurdy harap eder. Pikir şeýle: Onuň ýaly kişilere Soltan hezretiniň hyzmatyna asla we düýbünden rugsat berilmez. Işiň dogrusyny şeýle görýän. Ertir oňa rugsat berip, ýene Şama göndermek gerek.

Sahybyň tebigatynda mertlik we haýa üstün bolsa-da, çäresiz we bialaç ol işe razylyk berdi. Onsoň Malatyýanyň gadym ulularyndan, etraplaryň melikleriniň we hormatlylarynyň ýanynda mertebesi we hormaty bolan Husameddin Çopany onuň ýanyna ugradyp:

– Melige mälimdir, bu wagt ýurtda gowşaklyk we kynçylyk peýda boldy. Soltana we gullaryna biwepa çarhyň perdesinden näme görünjekdigi mälim däldir. Şonuň üçin maslahat şeýle: Melik ýene Şam diýaryna dolansyn. Onda birküç gün jepakär eýýamyň gerdişi bilen düşünişip ýaşasyn. Sahyp Soltan hyzmatyna baryp, ýagdaýy arz etsin. Onsoň, Soltan hyzmatyndan meligi çagyrmak üçin höküm we perman barar. Mülk we emläk belleniler. Şonda melik bagtyýarlyk we şadymanlyk bilen dolanyp geler. Ondan soňra saýasy belent Soltan köşgünde bela-beter güneşiniň yssysynyň zelelinden rahatlyk we aram tapar – diýen habar bilen gönderdi. Melik Mesgut bu habary eşidip, käýinç dilini uzatdy. Ol öz işiniň we bazarynyň pisatlygyna we rowaçsyzlygyna puşman etdi we ökündi. Ol näumyt we bialaç bolup, Ebelistan ýolundan Şama dolandy.

Sahyp Soltan dergähine ugrady. Mubaryzeddin Çawly öňden Soltan hezretine ilçi gönderipdi. Sahybyň gelişini diýaryň ýagdaýlaryny we habarlaryny aýan edip: «Köse dag

ýörişi wagtynda hakyna tutma goşunlaryň gelmän saklanmagyndan ýüze çykan wakadan Soltan hezretinden Naýyba gahar we gazap hasyl bolandyr. Eger bargäh hyzmatyndan onuň hakynda yhsandyr we ekram we hoşamaýlyklar bilen perman bolsa, onda ol ahlak mertebeleriniň jeminiň özeni we şähriýaryň ynsanperwerligi bolar» diýip arz edipdi. Soltan Mubaryzeddiniň haýyşyna laýyklykda, Sahyp Mühezzibeddiniň habarlarynyň kesilendigi we onuň dolanyş ýagdaýyndan aranyň uzaklygy sebäpli hiç kimiň habarly däldigi esasynda Sahyp Şemseddiniň adyna wezirlik görkezmesini berýän bir perman ýazylyp, sowgatdyr serpaýlary bilen oňa garşy iberdiler. Goşun getirmekdäki ýüze çykan gijikmeden bolsa, ol gadyrly [öz] kalbynyň şypasy bolany üçin ýalňyşlygyny bagyşlamagy buýurdy. Göz ýumup geçirimlilik etdi.

Bu perman ýolda Ubruk menzilinde Sahyba baryp ýeteninde, atyndan düşdi. Başyny ýere goýup, permany öpdi we başy üstünde goýdy. Tamam okady we aýtdy:

– Hawa, bu söz, kämil ynsanperwerlikdir we nökeriň başyny örän belende götermeklikdir. Emma, Sahyp Mühezzibeddiniň başyny eline alyp, uly-kiçiniň düzgün-nyzamy we berkligi üçin özüni kyn ýagdaýa we muşakgatlyga oklap, heniz kine gylyjyny gynyna salmadyk mongol goşunlarynyň arasyna girip, yhlas gämisinde ýardamsyz gämiçi bolup, uruş deňziniň girdabynda ýaraşyk talabynda guwwaslyk eden, munuň ýaly ýagdaýynda ony çalyşmak we işden boşamagyna perman bermek patyşalyga muwapyk kär we şalara laýyk häsiýet däldir.

Ol Soltan hezretine baryp, elini öpmeklik hormatyny, mertebesini giňeltmeklik, sözleşmeklik, egindeşlik we hyzmatdaşlyk mertebesini tapdy. Yhsan, mähremlik, hal-ýagdaýy soramaklyk, engam, serpaý, ululyk derejesini, sylag-hormat we Soltana ýakynlaşmakdan uly paý tapdy. Işleriň

baglanyşygy we çözgütleri onuň röwşen pikirine we dogry garaýşyna tabşyryldy. Emma ol hiç hal bilen wezirlik wezipesinden bolan şol işlere başlamady. Sahyp Mühezzibeddiniň mertebesiniň beýgelmeginde ýürekdeş dostlarynyň kemçiligidir nogsanyndan boljak bir zyýany oňa mynasyp (rowa) görmedi.

## SAHYP MÜHEZZIBEDDINIŇ BAÝÇUÝ NOÝANYŇ HYZMATYNDAN DOLANMAGYNYŇ WE ÝAGŞY IŞLERIŇ MASLAHATYNYŇ TAMAMLANMAGYNYŇ BEÝANY

Bu wagtda çaparlar we buşlukçylar Sahybyň gelendigi we hajatlaryň hasyl bolandygy üçin Soltan hezretiniň hyzmatyna gelip ýetdiler we ýürekleriň göwnüni göteriji we rahatlandyryjy gapylaryny açyp, arza ýetirdiler. Ulular onuň mübärek gadamyny garşylamakda biri-biri bilen bäsleşik we çekeleşik ederdiler. Patyşa hyzmatyna ýeteninde, peşgeşi ýagşylyk, berleni janypkeşlik, hyzmaty taryply we ahlagy öwgüli bolan ol [batyr] tagzym we hormat görkezdi. Ýaraşyk we ylalaşyk ýygnanyşyklarynda peýda bolan çekeleşikleri we wakalary harpma-harp (jikme-jik) Soltan gulagyna ýetirerdi. Her pursatda bir täze serpaý we sansyz ýagşylyk tapardy. Ondan soňra onuň mertebesi gün-günden zyýada bolup, beýikligi we derejesi mülkde we dinde kämillik asmanynyň çür depesinden, beýiklik dagynyň süýr depesinden geçdi. Köňüller onuň höwesini isläp, diller senasynda saýrady. Bir gün içinde Soltan hezretinden oňa (Sahyp Mühezzibeddine) göwher bilen bezelen wezirlik döwetini[1] we Sahyp Şemseddine bolsa, altyn desseli naýyplyk gylyjyny gönderdiler. Köp saýlama zatlar we mülkler berdiler. Sahyp Mühezzibeddin kyrk müň altynlykdan

[1] Döwet – bu ýerde döwet galam manysynda berilýär.

zyýadasyny kabul etmedi we islemedi. Sahyp we Naýyp ikisi sapa, yhlas we agzybirlik bilen Soltan dergähiniň tagallasyna we ýagşy işlerine meşgul boldular. Olar Taňry işleriniň hökümleri, diwan resimleri, Soltanlyk kanuny üzre agzybirligi we tabynlygy wajyp we lazym gördüler. Begler, ähli harbylar, orunbasarlar, esgerler olaryň kömegi we ýardamy bilen harby türgenleşikde şadymanlyk lezzeti içre we köp baýlyklar içinde şatlyk we bagtyýarlyk bilen ýaýnap galdylar. Soltan urşuň howpuny we ýadawlygyny unutdy. Ol oýun, eşret we şatlyga meşgul bolup, gaýgy posuny köňül aýnasyndan syldy. Ýene-de oýun [bilen güýmenmäge] we pesleri ezizlemäge başlady.

## BEGLER BEGI ŞEMSEDDIN YSPYHANY NAÝYBYŇ HAZAR DEŇZINDEN WELET RAWARYŇ HYZMATYNA UGRAMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Gyýaseddin Keýhysrow ululy-kiçili, ýagşyly-ýamanly işleriň ählisiniň uýanyny şol iki sany ýeke-täk akyldar piriň we döwrüň iki sany serdarynyň eline tabşyrdy. Ol ikisi kämil danalygy we akyl görki bilen berk almaz pikiri, din durnuklylygyny hasyl edipdiler. Durmuşyň gözi ýeriň ýüzünde we yns-jyns jülgesinde olara taý we meňzeş görmändi. Olar ýurduň tertip-düzgünleriniň çäresinde, Soltanlygyň ýagşy işlerini ösdürmek gürrüňinde Deşte[1] Saýyn hanyň[2] hyzmatyna ilçiler goýbermekligi dogry hasap etdiler. Olar Deşti Gypjagy taplanan gylyçlary we goşuny bilen at we dowarlaryň öri meýdany we ýaýlagy edipdiler. Gypjak, Rus, Bulgar, Başgyrt we Alman melikleriniň kellekeserleriniň boýunlaryny tabynlyk

[1] Deşt – Deşti Gypjak.

[2] Saýyn han – mongol hany. Saýyn sözi «saýmak», «hasaplamak» işliginden bolup, hormatly, sylagly, sarpaly manylaryny berýändir. Bu söz türkmen dilinde «Söýün han» görnüşinde aýdylypdyr. Meselem: Söýün ili.

we gulluk halkasyna salypdyrlar. Ýagşy ahlak, aşa sahawatlylyk, mährem we mylaýymlyk bilen halaýyga, güýçlä we ejize enaýat bagyşlap, gündogar häkimlerinden artyk bolupdy. [Şol zatlarary bolsa, olar] möhüm zerurlykdan we wajyp parzlardan diýip bilýärler. Rahatlyk sapasyny bagtyň dury çeşmesinden, asudalyk we aramlyk nuruny, ykbal we döwlet güneşiň doguşyndan islärler. Gowşak wagtynda bir betbagt we açgöz duşmanlar bilen nogsan we zyýan tapan, Soltan döwletiniň sütünleriniň binýady şol jahany tutujy patyşalaryň kuwwaty, ynsaby we yhsanlary bilen kuwwat we täze beýiklik tapar diýip pikir etdiler. Onsoň bu röwşen pikiri Soltan hezretine arz etdiler. Bu sözleri öwgä mynasyp bolup, razylygyny gazandy we «Aperinler» aýdylyp, kabul edildi. Aýtdy:

– Täleý öwrümleriniň garaňky gijeleriniň çyragy bolan siziň pikir nuruňyzyň kuwwaty bilen patyşa neberesiniň köşgünde röwşenlik peýda bolar. Siziň ikiňizden biriňiz bu näzik işiň ýerine ýetirilşine gadam urmagyňyz gerek. Aralygyň ýakynlygynyň we diýaryň golaýlagynyň sebäbi bilen derýadan güzer çekmek gerek. Saýyp han birle tabynlyk gapysynyň açylşynyň beýanyn, boýunsunujylyk başlangyjynyň aýanyn zerur bilmek gerek.

Heniz ilçilik muşakgatynyň gubary Sahyp Mühezzibeddiniň mährem we mylaýym ýüzünden aýrylmandy. Onsoň ol «Bu işiň ýerine ýetirilmeginde ygtyýar gurrasy Naýyp Şemseddine düşer» diýdi. Naýyp Şemseddin hem ýüzüni ýere goýup, Soltanyň permanyny dil-u jan bilen kabul etdi. Ol maslahatyň kadalarynyň hökümlerine görä, razylyk berdi. Soltan hazynadarlaryna buýurdy:

– Naýyp Şemseddin her nämäni dogry görüp, Ilhany bargähine laýyk sowgat we mynasyp peşgeş boljak gymmatbaha jöwherleri, şalara laýyk göwher bilen bezelen gap-gaçlary, ýyldyrym ýörüşli, dag sypatly, altyn bezegli,

eýerli we uýanly atlar, gatyrlar, kerweni bilen ýaş düýeler, şeýle-de her nämäni laýyk görüp, ygtyýar etse, tertip kylmaga päsgel bermäň. Ýene-de aýtdy:

– Amasyýa kazysy Möwlana Fahreddin we bu (rowaýatyň parsçasyny jemleýjiniň atasy) Mejdeddin Muhammet Terjiman nökerlik ýoly bilen onuň bile barsyn.

Soň Naýyp niýet we maslahat esasynda hazyna bardy. Her näme laýyk we muwapyk bolsa saýlady. Ilçilik ýarag-şaýyny az wagtyň içinde tertipleşdirdi we düzetdi. Allatagalanyň ýardamy bilen ýola düşdi. Süleýman dek saba ýelini gämä çekip, onuň uýanyny şemalyň eline berdi. Salamatlyk we Taňra bil baglamaklyk bilen deňizden geçdi. Gury ýerleri, sähralary we suwsuz çölleri geçeninden soň, Saýyp hanyň hyzmatyna ýetdi. Mähremlik we hal-ahwal soraşmaklyk mertebesine mynasyp boldy. Soltanyň il bolmagyny we ylalaşygyny aýdandan soňra arz etdi we uly urug döwletiniň güneşiniň ilki doganyndan, tä şu zamana çenli patyşalaryň hiç biriniň görmedik peşgeşlerini berdi. Ählisi kabul edildi. Derrew patyşazadalaryna we aýallaryna üleşdirdiler. Soňra olary her gün üç sany nöker bilen çagyryp, Hytaý, Hotan, Çyn, Maçyn, Horezm, Sakson, Bulgar, Ortar we beýleki diýaryň ilçileriniň huzurynda olary agyrlap, sowgatlap, sansyz hezzet-hormatlar ederdi we serkerdeleriň göripligini artdyryp, hemmäniň gözüni gitdirerdi. Birnäçe wagtdan soňra olara gitmäge rugsat berildi. Soltan üçin bir altyn tutawaçly göwher bezegli tokmak, gylyç, eşik, göwher bezegli nowruzy täç, mähribanlykly we sahawatly ýarlyk berip, şatlygyny, şähriýarlygyny we hökmürowanlygyny hasyl etmegi bilen joşdy. Naýyby öz tarapyndan Rum ýurdunda häkim etdi. Nyzamylmülk, Salahyl Älem[1] diýip, lakam dakdy. Şu jümlä laýyklykda, ýarlyk hem berdi. Nökerlere hem aýratyn sowgat berdi. Saýyksun Gurçyny olar

[1] Mülküň nyzamy we älemiň abadançysy diýen manyny berýär.

bilen bilelikde jogap getirmäge belledi. Hoşlaşyk hyzmatyny edip, Şamahy we Şirwan ýolundan ugradylar. Rum serhedine ýetenlerinde, habarlary aýan etmek üçin Soltana çaparlar ugratdy. Soltan olaryň gelmeklerinden örän şat boldy. Duşuşmagyň ýakynlygyny eşitmeginiň şatlygyndan şat bulgurlaryny ýöretdi.

Sahyp Mühezzibeddin Haktagala merhemedine gowuşypdy we wezirlik tagtyny mübärek keşbinden boş goýupdy. Rum Soltanlarynyň wezirleriniň hiç birine miýesser bolmadyk wezirlik permanyny, mülk we Kyr şäheriniň goşunbaşylygyny berip, garşylamaga ugratdy. Soltanyň elini öpmek hormatyny ýerine ýetirmekde gyssanmaçlyk görkezdiler. Sahyp ilçiler bilen birlikde Soltan hyzmatyna ugrady. Her şähere ýetenlerinde bezegler baglap, şäheri bezärdiler. Sahybyň mübärek zatynyň salamatlyk bilen gelmegini we matlaplarynyň hasyl bolanlygy mynasybetli, ýurduň işleriniň berkleşýändigine şadymanlyklar kylardylar. Akşäher sebtinde Garaöýükde Soltanyň hyzmatyna ýetdiler.

Soltan ilçilere hezzet-hormat etmekde adatdakylaryndan hem artykmaç yhlaslar görkezdi. Sarpalaryny we hormatlaryny soňky çägine ýetirdi. Sahyp ýazgyda gysgaça beýan edilýän hekaýatlary we wakalary dili bilen jikme-jik beýan etdi. Hanyň ýanyna barmakda-gelmekde we handan gören mähribanlyklary baradaky we beýleki wakalar hakynda hem aýtdy. Soltan ony eşidenden soň ýumşy ýerine ýetireni, ýagşy hereketi bilen matlaby berjaý edendigi üçin Sahyp Şemseddiniň kämil danalygyna we aşa suhangöýlügine ynamy zyýada boldy. Sansyz peşgeşler bagyşlady. Hökümleri berkitmek we ähli adamlaryň arasyndaky dawalary çözmek üçin altyn desseli gylyç berdi[1]. Ýurduň döwlet işlerini ýerine ýetirmek, çözmek, baglamak, wezipä bellemek, boşatmak işini, galam eýelerine

[1] Altyn desseli gylyç bermegi, ony wezirlige göterendigini aňladýar.

we gylyç söýelerine erkin we garaşsyz höküm etmegi oňa tabşyrdy. Buýurdy:

– Emirlerden, ululardan, meşhurlardan, her kim beýiklerden ýurtda Sahybyň höküm we tabynlyk buýrugyndan çyksa we duşmançylyk etse, ol gylyç bilen iki para eýlär.

Ondan soňra birküç gün ilçileriň hormatyna yzygiderli bezmler gurdy. Nowruz baýramçylygy resmine görä joşgunly mejlisi artdyrmagy buýurdy. Etrapyň ilçilerini engam joşguny, lybas we hal-ahwal soramagy bilen haýyrlandyrdy. Soňra aýtdy:

– Ýurduň ähli etraplarynyň goşunlarynyň huzura gelmegi üçin hökümler we hatlar ugradyň. Sis welaýatyna baryp, gazawat we jeň etsinler. Kine gylyjyny çekip, ol welaýatyň tekurlaryny we baronlaryny dowzaha ibersinler. Gadyr bilmezleriň we soltan döwletiniň hyzmat hukugyny unudanlaryň jezasyny ol melgunlar hakynda ýerine ýetirsinler. Pygyllarynyň haky üçin we amallarynyň bahasynyň jezasy üçin olaryň gala we töwereklerini ýere barabar ýyksynlar. Betbagt tekuryň we haýyn doganlarynyň guma garylyp, har bolmagy we gazaba duşup ýok edilmegi babatda öwgä laýyk tagalla etsinler. Hiç hili gowşaklyk we haýal-ýagallyk etmesinler.

Wakalar we möhüm işler tamamlanyp, hekaýat (söhbet) ahyryna ýeteninden soň, Soltan Antalyýa ýöriş etmekligi buýurdy. Sahyp ýurduň ähli serdarlary we emeldarlary, ilçileri bilen Konýa ugrady, goşun tartyp Sis welaýatyny harap etmegiň tertibine we nökerleriniň taýýarlygyna meşgul boldy. Soňra agzybirlik we kämil dabara bilen ýola düşdüler.

## SAHYP ŞEMSEDDINIŇ, EMIRLERIŇ WE ESGERLERIŇ SIS WELAÝATYNA ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Kapyrlaryň welaýatyna ýöriş ediljekdigi sebäpli esgerleriň ýygnanylmalydygy baradaky habar tutuş ülkä ýaýrady. Goşunyň uludan kiçisi we raýatlar uly höwes bilen bu hökümi berjaý etmekde biri-birleri bilen bäsleşdiler we hereket etdiler. Olar Konýa welaýatyna din urşy we olja almak niýeti bilen jemlendiler. Olar kuwwatly ýürek we çalt hereket bilen agzalalygyň we pitnäniň özenini kesmek, Sisdäki gapma-garşylygyň we duşmançylygyň köküni çapmak niýeti bilen berk we mäkäm bolup, Araklyýa tarapa ugradylar. Ondan soň agyrlaryny ýeňil edip, gök deňiz ýaly bolup, Tarsus galasynyň etraplaryny gurşap aldylar. Her diňiň we diwaryň garşysynda dag ýaly manjanyklary taýýarladylar. Olar gije-gündiz tagalla edip, ony gabap, manjanyk daşlaryny atmaga meşgul boldular. Beglerden we ululardan Şerefeddin Mahmyt Arzynjany (onuň waspy we taryplary soň ediler), Emir Seýfeddin Taramtaý, Syrajeddin Şaryha Çaşnygir goşunlary bilen Ermeni welaýatynyň obalarynda we harabalarynda at segredip gezdiler. Kimi görseler ar gylyjy we guma garyjy kemendi bilen ony ýa-ha gul ederdiler, ýa-da jähenneme göndererdiler. Gahar aýpaltasy we harlyk oragy bilen bag-bakjalary kesip, ekinleri weýran edip, ýakardylar. Mömünleriň kalplarynyň şypasy bolar ýaly, ol nälet siňenleriň pitnesini ýok etmekde hiç zatdan gaýtmaýardylar. Manjanyk daşlarynyň yzygiderli atylmagy bilen Tarsusyň gala diwarlarynda, köşgi-eýwanlarynda uly jaýryklar we ýaryklar peýda boldy. Olar eger ýene-de bir gün tagalla etselerdi, Ermeni galasyny ýer bilen ýegsan edip, olaryň pitne oduny ýer ýüzünden aýrardylar. Emma Sahyp Şemseddin bu ýeňiş sebäpli hökmürowandy. Galan begler oňa göripçilik edip aýtdylar: «Bu gün şäher we welaýatyň basylyp alynmagy

biziň gaýduwsyz daryşmagymyz, jan çekmegimiz, batyrlygymyz sebäpli miýesser bolar. Emma erte-birigün bu ýeňşiň abraýy Sahyp Şemseddiniň adyna gidip, ýeňiş habary magrypdan maşryga ýaýrar» diýip, bahana gözläp, haýal-ýagallyk etdiler.

Birden Taňrynyň erki we asmanyň takdyry bilen ýagmyr buludy Tarsus welaýatyna garşy leşgeriniň agzyny açdy. Gije-gündiz gar-ýagyş ýagdy. Begleriň we esgerleriň serdarlaryň ählisiniň çadyrlaryna baryp-gelmek ýagdaýy örän kyn boldy. Ýük-esbaplarynyň bir bölegini sil alyp berbatlady. Şeýle ýagdaýlar Soltanyň dergähinden Sahyp Şemseddine: «Häzirlikçe Tarsusy gabamaklyk we söweş etmeklikden saklanyň we bäri hereket ediň. Ondan has möhüm hadysa ýüze çykdy» diýip, perman geldi. Sahyp: «Bu nähili waka boldy?» diýip, beglere maslahat saldy we:

– Bu işi kemter edip, yza dönmeklik maslahat däldir. Bu melgun bilen ýaraşyk etmek we ony öňki endige we düzgüne görä, paç we ogurlan galalaryny ýene yzyna bermäge mejbur etmek gerek – diýdi.

Begler bu pikire raýdaş boldular.

Onsoň Sahyp gije tekuryň gaşyna çapar gönderip:

– Galan begler bu habardan ägä däldirler. Men mydama siziň ahwalyňyzyň aladasyny edýärdim. Ençeme gezek soltan Alaeddin Keýkubat (Goý, Alla onuň delillerini aýdyňlaşdyrsyn, nurlandyrsyn!) zamanynda hökümdaryň goşunlaryny siziň welaýatyňyza girmeginden sakladym. Munuň şeýledigini tekur hem takyk bilýändir. Men bu gezegem şonuň ýaly yza gaýtarjakdym. Emma soltan hezretiniň gazap derýasy gaýnap joşup, gaýrat ody tutaşypdy, gahar we gazabynyň ýeli harasata gaplanypdy. Sebäbi goşunlarymyz Köse dagynda ýeňlende pes, har nejis hasaplanyp, hyýanat atlandyrylýan pes ahlak siz tarapdan ýüze çykypdy. Günälerini geç diýere ýagdaý ýokdy. Onsoň çäresiz goşun çekdim we işi ýeňillik bilen şu ýagdaýa

getirdim. Eger rugsat we görkezme bersemdim bir sagatda şäheri almak miýesser bolardy. Eger tekur toba we günäsini soraýyş gadamy bilen ileri gelse we öňki baglaşylan düzgüne görä, salgyda boýun bolsa we gowşaklyk döwrümizde ogurlyk ýoly bilen alan ol galalary ýene soltan gullaryna tabşyrsa we derrew günäsini ýuwmak üçin hazyna ýükler iberse, men hormatly kalbyndaky gazap gubaryny şepagat we mylaýymlyk suwy bilen ýuwup aýyrmaga jan ederin – diýdi.

Sisiň tekury Babyl bu sözleri eşidenden soň, gorkudan guran göwresinde jany täzeden terlendi.

Ol Sahyp Şemseddiniň mylaýymlygyna, hormat-merhemetine minnetdarlyk bildirip:

– Sahyp näme buýursa şony hem edeliň – diýip jogap berdi.

Soňra bir çapary galadan daşary begleriň hyzmatyna iberip, ýaraşyk we parahatçylyk diledi. Begler onuň ýaly halatda tekuryň isleg-myradyny ýerine ýetirmegi borç hasaplap, ýaraşyga razylyk berdiler. Patyşa hem birnäçe galalary soltanyň gullaryna tabşyrdy. Beglere hem köp dürli peşgeşler berdi. Öňki we geljekki tölenmeli salgydy köp sanly sowgatlar we hyzmatlar bilen soltanyň huzuryna rowana eýledi. Şeýlelik bilen ýaraşyk hökümleriniň kadalary mäkäm we berk bolandan soň, döwlet emirleri ýeňiji goşun bilen göç etdiler. Kynçylyk, agyr muşakgatlyk, we müň dürli hile we mekirlik bilen Araklyýä baryp ýetdiler. Goş-golamlaryň köpüsi sil-ýagynlarda galdy. Soň begler köşk hyzmatyna baryp ýetenlerinde, soltanyň pany öýünden jennet baglaryna göç edip, döwlet tagtyny bezeg-zynatyndan we dabarasyndan boş goýanyna ýedi gün bolupdy. Begler we döwlet emeldarlary ýas we agy däbini ýerine ýetirdiler. Üç günden soňra hylwat saraýyna girdiler we: «Patyşalyk tagtyny we soltanlyk täjini haýsy şazadanyň bagtyýar keşbi we mübärek ýüzi bilen owadanlarys we gözel edip bezäris» diýip geňeş etdiler.

Ol saýlawyň ahwalaty, inşalla, birneme soňrak giňişleýin beýan ediler we ýazylar.

Goý, Allatagala bu belent patyşany, beýik hökümdary, Allatagalanyň älemdäki saýasyny, ýer ýüzündäki hökümdarlaryň jylawunyň eýesi, çar tarapa aman-esenligi we adalaty ýaýradyjyny, zulumy we jebir-sütem ýörelgesini ýok edijini, ýagny mülki hemişelik bolmuş patyşa hezretini öňki soltanlaryň orun we tagtynyň üstüne karar etsin. Ony ähli soltanlaryň abadançylyklaryna we dört çaryýarlaryň adyllyk däplerine mirasdar etsin! Pygamber we nesli bilen.

## SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ SOLTANLYK TAGTYNDA OTURMAGYNYŇ WE ONUŇ DÖWLETI DÖWRÜNDE ÝÜZE ÇYKAN HADYSLARYŇ BEÝANY

Soltan Gyýaseddiniň ýigitlik eýamynda, terlik we ýaşlyk heňňamynda, ömür sagady tamam bolup, ýaşaýyş uýanyny kyýamat tarapyna öwrüp, ýol azygyny soltanlyk tagtyndan Firdöws menziline we jennet bagynyň nygmatyna gönderende, Sahyp Şemseddin Muhammet beglerden dört sany ýarany bilen, ýagny beýik emir Jelalleddin Garataýy, emir Şemseddin Hasoguz, emir Esededdin Ruzbeh Jamdar we Fahreddin Abu Bekr Perwana Attar bilen üç sany şazadalardan, ýagny Yzzeddin Keýkowus we Rukneddin Gylyç Arslan we Alaýeddin Keýkubatdan haýsysyny soltanlyk tagtyna we ýurt kürsüsine bellemek barada iş-çäre, oý-pikir we maslahat edip, geňeş kyldylar.

Şähriýarlyga laýyk işleri we bagtyýarlyk alamatlarynyň nurlaryny anyk deliller we mynasyp seljermeler bilen mundan öň haýsynyň alnynda görendikleriniň oý-pikirini etdiler. Ahyry pikir howzuna we ygtyýar deňzine çümenlerinden soň, Soltan Yzzetddin Keýkowusy sahawatly keşp, ýagşy häsiýet, hoş gylyk, gözel görk, we çäksiz merhemet, haýalylyk, uly mertebe

we kämillik bilen bezelelendigi üçin iki gardaşyndan artykmaç we mynasyp hasapladylar. Sözlerini gysgaldyp, onuň tabynlygyna boýun bolup, onuň permanynyň tabynlygy üçin imanyny orta goýup, berk äht etdiler. Onsoň olary Buruglu galasyndan Akşäher welaýatyndaky Altyndaş obasyna getirdiler.

Iki sany şalara laýyk kürsini tagtyň çep we sag gapdalynda goýdular. Sag tarapda Rukneddin Gylyç Arslana, sol golda Alaeddin Keýkubada ýer bellediler. Sahyp Şemseddin we Şemseddin Hasoguz Soltanyň sag we sol elinden tutup, patyşalyk tagtyna geçirdiler. Dinardyr göwherler seçgi hökmünde seçdiler. Birküç günden soňra, dabara bilen Konýa bardylar. Soltany atalarynyň tagtyna geçirdiler. Şäheri zynatlap bezediler. Ähli halky saçaga we tükeniksiz yhsana çagyrdylar. Etraplaryň we ülkeleriň begleri we serkerdeleri, sag we sol gol begleri, goşun we bölüm ýölbaşçylary ähhlisi onuň dergähiniň gullugyna ýüz tutdular. Olar şahynşanyň mübärek işigini we bagtyýar dergähini ogşamak hormaty bilen bagtyýar bolmak islediler. Onsoň olar Soltanyň elini öpmek bagtyna we hormatyna mynasyp boldular. Wezirlik derejesi Sahyp Şemseddine, naýyplyk Jelaleddin Garataýa, begler begilik Şemseddin Hasoguza, atabeglik Esededdin Ruzbehe, perwanalyk Fahreddin Abu Bekr  Attara nesip etdi. Soltanlyk hökümleri ýazýan kätip Şemseddin Mahmyt Tugraýy her biriniň adyna perman ýazdy. Ol hökümi ýazmakdan oňa köp nygmatlar hasyl boldy. Emir Şemseddin Hasoguz begler begi oňa elli müň pul berdi. Rum halkynyň köpüsi bu sözden habarly boldular. Şeýlelikde, hemmesi şol wagtam, soňam ýurt we döwlet kadalarynyň berkleşmegine, işleriň gowulaşmagyna açyk göwün we berk düzgün-nyzam bilen herekete girişdiler. Agzybirlik bilen serhet işlerini berkitmäge we ýurt işlerini çözmäge gözegçilik edip başladylar. Esasanam, ýakynlyk, garyndaşlyk we gudaçylyk sebäpli, ýagny begler begi

Şemseddin Hasoguzyň öz gyzyny Esededdin Ruzbehiň ýegeni Baýram bege berendigi sebäpli ikisiniň[1] arasynda agzybirlik has-da berkedi. Halkyň köpüsi beýik we möhüm işlerde köplenç olara ýüz tutardylar. Olaryň gapysy halaýygyň maksat öýi bolup, az-u köp her iş olaryň razylygy bolýança Sahyp Perwananaň permany bilen bitmezdi. Şeýlelikde, bahylçylyk ody Nusrat Emirdadyň we Abu Bekr  Perwananyň kalbynda alawlady. Sahyp Şemseddin ol ýagdaýa üns bermän, özüniň sahawatly kalbynda bar bolan mähribanlyk we oňşuklylyk usulyny mydama ýerine ýetirerdi. Soltan diwanynyň möhüm işlerinden boşandan soňra, otagyna gelip, ylym öwrenmäge meşgul bolup başlardy. Onuň mübärek durky hemişe oňa höweslidi. Özüniň wagtlaryny we sagatlaryny durmuşyň buýsanjy, Hudaýyň razylygy bolan şol zatlary öwrenmäge sarp ederdi. Köp wagtlarda alymlar, danalar, şyhlar, takwalar we ybadatçylar bilen oturyşmagy dogry ygtykat we dürs niýetdir yhlas bilen ýerine ýetirmegi borç bilerdi. Şol sebäpli onuň namysy we mertebesi köňüllerinde we gözlerinde wagt geçdigisaýy gapma-garşylykly görnüşde zyýada bolardy. Salyhatlylyk we paýhaslylyk nukdaýnazyndan Şemseddin Hasoguz bilen Esededdin Ruzbehiň diwan hökümlerini we soltanlyk işlerini ýerine ýetirenlerindäki mäkämliginiň we ygtyýarlygynyň aýrylmagyna garşy hereket etmek isleýärdiler. Olar hiç bir köňüle ýok boluş we zaýalanyş mekanynda bolan dünýä çüýrügi üçin ynjy gubarynyň gonmazlygyny, soltanlygyň ýeňiji goşunynyň we ýurduň uly emirleriniň özüniň duşmanlarynyň köplügi sebäpli azalmazlygyny, diwanyň we dergähiň beýiklik aýynyň we hormat nahalynyň ýaşmazlygyny we solmazlygyny, bozuk maksatlaryň ele salynmagy üçin olaryň päk ýüzüniň her bir göribiň we bahylyň çeýnejek çöpi bolmazlygyny isleýärdiler. Emma şer we

[1] Bu ýerde Hasoguz bilen Esededdin Ruzbeh göz öňünde tutulýar.

erbetligiň gözleginde bolan Nusrat Emirdat her pursat ýaramaz sözleri Hasoguz we Ruzbehiň adyndan aýdyp, kezzaplyk bilen ýaýradardy. Sahybyň gulagyna ýetirerdi. Emma onuň sözüni we aýdanlaryny Sahyp kabul we makul tutmazdy. Ony bihuda hasaplardy hem-de: «Ýene siz her bir pes, kasamçy gybatçydyr gep daşaýjy, ýagşylygy görüp bilmeýän – bahyl, açgöz, günä batan, gopbamsy we bulardan daşgary binesil – haramy kimsä etagat etmäň»[1] hökümi esasynda ýörelge edinýärdi. Emma wagtyň geçmegi bilen onuň gybatlary, işi şu derejä ýeterdi, ýagny Sahybyň köňlünde olaryň barlygyndan ýigrenç peýda bolup başlady. Onsoň başynyň sag-salamatlygyna razy boldy hem-de olardan daşlaşyp, oturylyşykdyr sözlerinden gorkup başlady. Soltan Rukneddin Gylyç Arslanyň ýanyna barmagy niýet etdi. Sebäbi ol atasy döwründen bäri onuň hyzmatyna bellenilipdi. Bu saparyň ýarag şaýyny tutmak üçin mülklerini, hususy zatlaryny satyp pul edip, şaýyny tutdy.

Bir gün Nusrat Emirdat we Abu Bekr Perwana Attar gizlinlik bilen Sahybyň öýüne geldiler we aýtdylar:

– Ýurduň han-beglerine we ululeryna mälimdir. Soltan Gyýaseddin diri wagtynda oglanlarynyň gözegçiligini ýurduň we raýat işleriniň ýerine ýetirilmegini Sahyp hyzmatyna wesýet edipdi we tabşyrypdy. Meşhur adamlar, uly emirler we serkerdeler bu ähte tabynlyk edýärler. Häzir Sahyp Agzam ýörişi karar etse we gözel görküniň her pursat dördünji pelek kibi gün lowurdaýan wezirlik derejisini taşlasa, ulynyň-kiçiniň işleri we ululy-kiçili möhüm işler togtap galar. Hiç bir şek-şübhesiz mülkde we döwletde betbagtçylyk ýüze çykar. Soltan döwletiniň düzgünleriniň gönüligi we berkligi gapma-garşylyk we duşmançylyga öwrüler. Her kim gozgalaňa we topalaňa başlap, gadyr bilmezlik edip, duşmançylygy pişe we ýörelge eder. Bu bolsa Sahyp Agzamyň ahmallygynyň we

[1] Gurhanyň 68-nji süresiniň 10-11-12-13-nji aýatlary.

gapyllygynyň sebäbi bolar. Sahybyň halkyň işlerinde we abadançylygynda togtap galmaklygy rowa görmeginiň sebäbi nämedir? Eger Hasoguz bilen Ruzbehiň erkinligi we özygtyýarlylygy sebäpli bolýan bolsa, onda bize rugsat we görkezme bersin, biz ol işi dep etmäge hereket edeliň.

Sahybyň päk kalby halkyň zyýanyna we azaryna razy bolmasa-da, Hasoguz bilen Ruzbehiň ýagşy we möhüm işlerine goşulmagynyň hetden aşmagyndan örän ynjapdy. Şonuň üçin olaryň boşadylmagyna we tussag edilmegine razylyk berdi. Ol babatda Perwanany we Emirdady wekil belledi. Ikisi hyzmata gaýym bolup aýtdylar:

– Biz bu garşydaşlaryň özenlerini kesmegi bir ýol bilen amal ederis welin, onuň amala aşmasynda hiç hili gep-gürrüň bolmaz. Emma Sahybyň bu babatda biziň dogry hasaplan işimizden boýun towlamazlygy gerekdir. Hernäme diýsek kereminden we nygmatyndan bize gaýgyrmasyn. Biz olary beýik Sahybyň döwlethanasyna çagyralyň we Sahybyň buýran her bir ýerine göndereliň.

Sahyp bu «gapylaryň» başdan-aýak şer we erbetlik bolan «açyş açaryny» olara tabşyrdy. Ondan soňra pitne we şeýtanlyk Rumda wezirleriň we emirleriň arasynda zyýada boldy. Şemseddin Hasoguz we Esededdin Ruzbeh köp möhüm işleri Sahypdan maslahatsyz soltanat hezretinde bitirerdi. Şol sebäpli oňa göripçilik edip, olary Konýada Sahybyň saraýyna çagyrdylar hem-de Soltandan razylyk we dessur bolmazdan şehit etdiler.

Ondan soňra Sahyp Şemseddin Mahmyt Arzynjanyny hem wezirlige çagyrypdy. Ol hem kabul edip geldi. Onsoň ol onuň şärikligi bilen möhüm we ýagşy işleri ýerine ýetirerdi. Ol kabul edip geldi. Bir müddet dostluk we agzybirlik bilen ýurduň ýagşy işlerini ýerine ýetirdiler. Aralarynda gapma-garşylyk bolmandy. Emma ahyry olaryň dostlugy duşmanlyga öwrüldi. Mahmyt Arzynjany wezirlikden boşap, ýene Arzynjana gitdi.

Onsoň Sahyp Şemseddin wezirlik tagtynda garaşsyz bolup, höküm sürdi.

## SAHYP ŞEMSEDDINIŇ HÖKÜM TAGTYNDA WE BEÝIKLIK DEREJESINDE GARAŞSYZ BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Sahyp Şemseddin Muhammet Yspyhana duşmanlaryny we garşydaşlaryny dep we ýok edenden soňra ýurt abadançylygyny ösdürip peseltmekde, soltanlyk işlerini giňelip, daraltmakda, döwletiň möhüm işlerini çözmekde we baglamakda beýik mertebeler we ýokary derejeler bilen garaşsyzlyk gazanmak nesip etdi. Her sagat (pursat) bagt jarçysy bu owazy aýdardy.

### Beýt

Eý, mülk boldy raýy rafygyň[1] bile ygtyzat[2],
Weý, şerge[3] oldy göwher ýa köňüle yftyhar[4].

Ahlagyň oldy wasytaýy[5] akdy mekremet[6],
Tedbiriň[7] oldy rabytaýy[8] mülki Kerdigär.

---

[1] Raýy rafyg – beýik pikir.
[2] Ygtyzat – ýar, hemdem, ýoldaş.
[3] Şerg – şerigat, ýörelge.
[4] Yftyhar – buýsanç, guwanç.
[5] Wasyta – aralykçy, sebäpkär.
[6] Akdy mekremet – sahawatlylyk baglanyşygy.
[7] Tedbir – çäre, alaç.
[8] Rabyta – baglanyşyk, gatnaşyk, hyzmatdaşlyk.

Eý raýyňle kursy[1] güneş päk-u müstenir[2],
Nuruňdan oldy öwji semäwät[3] mustagar[4].

Bu sözi onuň eýýamydyr wagtynyň, sagadydyr ahwalynyň gulagyna ýetirerdiler.

Parasatlyk bilen kämillik ýüzünden ýurt abadançylygynyň höküminiň uýanyny berk eline aldy. Aýagyny bahyllaryň we garşydaşlarynyň depesi üstüne berk goýdy. Bir pursat belki ýekeje dem hem eziz ömrüni biderek zatlara sarp etmezdi. Gijäniň ahyry üçden biri galanda saraýyndan çykyp, täzeden täret kylyp, päk wezirlik tagtynyň üstünde oturardy. Zöhre ýüzli, aý didarly ýyldyz gulakhalkaly we Semäk[5] naýzaly kibi [hyzmatkärler] wezirlik tagtynda sap çekip durardylar. Ondan soňra hoş owazly, hoş labyzly karylar tertip bilen huzuryna gelerdi. Nobat bilen Gurhan okamaga başlardylar. Bular labzy, sesleri, owazlary, dogry we takyk okaýyşlary boýunça Abu Omar Jahany, belki ikinji Şatybydylar. Owazlaryndan daňyň gözi peträrdi, ertiriň sütüni ýykylardy. Her kary Gurhanyň otuz böleginden bir bölegini ruhuňy joşduryjy ezber owaz bilen okardylar. Her aýda bir hatym ederlerdi. Azançylar azan sesini aýdanlarynda köşgündäkiler ulusy-kiçisi jemagat bilen namaz okardylar. Namazy dürli zikirler bilen tamam ederdiler. Namazdan soň, geçen günki diwan kätipleriniň ýazan hökümlerini, permanlaryny we diwan kagyzlaryny häzir edip, Sahybyň eline bererdiler. Ählisini okap, ätiýaç we ters boljak ýerleri bar bolsa dogrulardy, özgerderdi. Şol görnüşde gözegçilik ederdi. Onsoň altyn döwedini öňüne çekip,

---

[1] Kurs – tegelek, töwerek.

[2] Müstenir – nurly, nur saçýan.

[3] Semäwät – asmanlar, pelekler.

[4] Mustagar – şöhlelenme.

[5] Semäk – Eset ýyldyzlar toplumynyň aşagyndaky iki ýyldyzyň ady. Ol edil naýzaly duran ýaly görünýär. Şonuň üçin oňa Semäk naýzaly diýilýär.

permanlara we hökümlere gol we nyşan goýardy. Ol işi hem gutarandan soňra, çawuşlar (gapyçylar) gapyda häzir bolup duran çawuşlar begleri içeri salyp salamlaşdyrardylar. Soňra Sahyp atlanyp, sagynda-solunda begler üýşürip, Soltanyň dergähine barardy. Eger seýran güni bolsa, Soltan Keýkowusyň, Peridunyň we Nowşirwan Adylyň ruhlarynyň gözi gidip, göriplik etjek derejesindäki dabara bilen bezenip atlanardy. Bäş ýüz sany uzyn boýly, buýra saçly türki, gazwini, deýlemi, pereňli serkerdeler we bölüm ýolbaşçylary gylyçlar, naýzalar, pyçaklar we gürziler bilen edil al-arwahlar, şeýtanlar we döwler ýaly bolup, soltanyň hyzmatynda ýörerdiler. Seýrandan dolananlaryndan soň, soltan saçagyna üýşerdiler. Uly-kiçi ol saçakdan doýardylar. Soltan tagtyndan düşüp, dynç alýan ýerine giderdi. Wezirler diwanda oturyp, terjimeçiler, kätipler, begler, serwerler wezirlerden aşakda sypanyň sagynda-solunda tertip bilen oturardylar. Emir Jelaleddin Garataýy we Şemseddin Mahmyt Tugraýy Sahypdan biraz daşrakda dyza çöküp oturardylar. Emma Reşideddin Emirdat we Hatyreddin Emirdat zerrin gylyjynyň bagyny boýunyndan aýlap, sypanyň gyrasynda aýak üstünde durardylar. Arza gelenleriň dawalaryny çözerdiler. Dawalaryny jikme-jik edip, kätiplere we mürzelere bererdiler. Olaryň her biri üçin höküm we her biriniň hakynyň alynmagy, zulumynyň dep edilmegi üçin şerigat ýa-da dünýewi usulda permanlar ýazylardy. Hiç kime ýerliksiz goldaw we hemaýat bermek ýa-da gorkuzyp hakyny gidermek rowa görülmezdi. Berk höküm berlenden soň, ol ýazgyt kibi ýerine ýetirilerdi. Ýene öňki zulum edenleriň üstünden arz etseler, ol zalym öz jezasyny şeýle bir alardy welin, galan düzgüni bozujylara sapak bolardy. Sahyp diwandan otagyna gelende, patyşalara laýyk saçaklar ýazylyp, üstüni iki-üç ýüz sany çyny we kümüş çanaklar we tabaklar bilen bezelip, içi dürli-dürli tagamlar bilen doldurylardy. Onuň şirinliginden perişdeleriň işdäsi açylardy we ynsan mertebesine

deňleşmegi arzuw ederdi. Saçak göterilenden soň Sahyp bir zaman haremhanasyna girip, dynç alardy. Ondan soň ýene daşary çykyp, täzeden täret kylardy. Älemiň ymamy we dürli sungatlar bilen bezelen Täjeddin Töwrizini çagyrardy. Onuň bilen dürli ylymlar babatynda söhbetleşerdi. Ol işler ýerine ýetirilenden soň, öýle namazyny jemagat bilen okardy. Ondan soňra döwrüniň seýregi, zamanaň ýeke-tägi bolan Hoja Fahreddin Aly Hatdat Töwrizini ýanyna çagyrardy. Hat ýazyş sungatynda ol döwrüniň Utarydy (Merkuriý), zamanasynyň seýregi, döwranynyň ýeke-tägi we zamanynyň taýsyzydy. Ibn Helalyň ruhy bahyllyk edip, aý kibi tutulyp, ahwal dili bilen onuň tarypynda şirin dilini saýradardy. Onuň hatynyň owadanlygyna Aý bahyllyk ederdi. Ikindi wagtyna çenli onuň bilen hatdatlyk bilen meşgullanardy. Ikindi namazyny jemagat bilen ýerine ýetirenden soň, meýdan we seýrana çykardy. Güneş batmaga ýakynlaşanda, dürli harby we patyşalyk düzgünleri bolan ok atmaga, at segretmäge, dürli ýaragly maşklary ýerine ýetirmäge meşgullanardy. Ondan soň öýüne gelerdi. Agşam namazyny okandan soňra, bezm mejlisini taýýarladardy. Egindeşleri, söhbetdeşleri, şeýle-de köp sazandalar, aýdyjy bagşylar ýetip gelerdiler. Her biri saz gurallaryn daşarda düzüp, taýýar getirerdi. Janyňy joşduryjy sazlara başlardylar. Gijäniň ýary geçinçä söhbet edip, bulgurlar göterlerdi. Etraplardan, ýerlerden hyzmatyna gelýän älem akyldarlarynyň kasydalaryny arap we pars hutbalarydyr risalalaryny we aýdymlaryny diňlärdiler. Dürli ylymlar we taryhlar okalyp, hadysalar we tymsallar barada gürrüňler edilip jedelleşerdiler. Şeraphor ýaranlar serhoş ediji käseleri göterenlerinden soň, ýeňil ruhlaryň başlary badalardan gyzyp, uka meýil ederdiler. Sahyp dynç alyş öýüne giderdi. Şu görnüşde iki ýyl durmuş sürdi. Ýurduň ähli ýaşaýjylary, uly we kiçileri, täjir we müşterileri ondan haýyrlanyp, rahatlyk bagynda şady-horramdylar. Onuň döwründe onuň ynsap we

adalat buludyndan ýagyşdyr damja ýerine dirhem we dinar ýagardy. Heran haçan her günde, her sagatda ulularyň we akyldarlaryň hatlarynyň jogaby üçin namalar ýazsa, şygyrsyz we tymsalsyz ýazmazdy. Ähli wagtda pikir hümmetini şoňa sarp edýärdi. Beýik diwan Sahyby Bahaýyl Hak Weddin Şemsil Yslam bilen aralarynda ilçiler yzygiderli gatnardylar. Iki tapardan hem şygyrly hatlar we namalar köp gelerdi. Emma bu diýarda onuň nusgasy ele girmedi we bu taryhyň ýüzi Sahybyň jöwherli we zerli sözleriniň ýagtysyndan boş galdy. Söz şasynyň ymamy Jelaleddin Warkany (Werkany) jahan wagyzçylarynyň we tefsirçileriniň ulularynyň biridi. Ymam Ybbadydan soňra hadyslaryň rowaýatlaryny tertipleşdirmekde, manylar deňzinden guwwas bolup, dür gözlemekde, kyssa we şygyrda täze röwüş tapmakda ylym bilen hyjuwa (zowka) suw bilen şeraby garan ýaly hyjuwly söz düzmekde onuň ýaly suhangöý we şirin dilli bir kişi hem ýokluk äleminden barlyk älemine gelmändi. Ol Amasyýa ülkesinden bolup, ol welaýatyň kazylyk hökümleriniň uýany onuň kämil ylmyna, kemsiz-kössüz bilimine, parasat we diýanat eline tabşyrylandy. [Ine şu Jelaleddin Warkany] süýji tagamy we joşduryjy lezzeti bilen Rum ýurdunyň beýleki üzümlerinden artyk bolan birküç ýük üzümi, şu üzümi häsiýetlendirýän bir nama bilen onuň mübärek şeraphanasyna iberipdir. Bu şygyr jennet bagy kimin göwün açyjydyr. Bakylyk behişdiniň gülzary kibi rahatlyk berijidir. Ol şygyr şudur.

**Beýt**

Aperin, eý seniň mähremlik meşrebişden üzüm suw içen,
Seniň mähriň şöhlesinden gün üzümi ösdüren.

Seniň belent mertebeli dergähiňi hünärliler,
Pelegiň gerdişiniň jebrinden gaýtarypdyr, üzüm.

Seniň ýakymly mähremligiň hoşalyndan,
Balary öz agyz suwy (baly) bilen halka şypa berýär.

Seniň hoş owazaňy eşitmedik bada – meý,
Başda (kellede) seniň bezmiňe gitmek üçin ukudan oýanypdyr,
üzüm.

[Özüniň] Ýaradylmyş ýörelgesinde seniň hyzmatyň yşgynda,
Seniň işigiň tozuny ogşamaga gyssanýar, üzüm.

Turş ýüzli çig üzümiň mazasyz soragyna,
Seniň gowy mähriň kibi şirin jogap berýär, üzüm.

Hanakaly bolan takwanyň sirkesiniň gamyna,
Seniň görmegiň dostluk bulguryny götermegi üçin şerap içer,
üzüm.

Eger meý içijileriň dili bar bolsa, mydama,
Seniň gamy ýok edýän sahylyk jamyňdan ýaňa harapdyr,
üzüm.

Takwalykdan eger-de zamana perýat etseň,
Tutuş ömrüni suwuň kastynda geçirer, üzüm.

Seniň dergähiňden daş düşendiklerini görüp,
Seniň duşmanlaryň ýaly boýnumda tanap gördi, üzüm.

Emma indi gynalmalardan halas bolansoň,
Seniň ýaýan düşegiň üçin gapy açar, üzüm.

Sen wezirlik peleginiň güneşisiň,
Onuň saýasynyň goňşulygyna penalanmagy dogry bilmedi,
üzüm.

Seniň wysalyňa ýetmek üçin şikeste halda geldi,
Seniň hijranyň ataşyna döz geljek bolup,
ýüregi kebap boldy üzüm.

Eger sen penjäňi onuň ýetişmedik (miwesine) ýetirseň –
Bulut terbileýär diýen bahana bilen, üzüm –

Açylýar we aýagyň astyna seçýär –
Öz hoşasynyň çetinden gymmatly luwluw, üzüm.

Ýalňyşdym we nähili biedep gürrüň etdim,
Güneşe nirden ýakynlaşsyn, üzüm.

Bendelik saňa bil baglaýan başarar,
Seniň perdeli gapyň ýanynda perdäniň açylanyny görer, üzüm.

Seniň beýik köşgüňe ýoly düşse,
Seniň mähremlik hajybyň kömegi bilen perdesiz halda, üzüm –

Seniň hyzmatyňa geleni üçin köp sowgat iberer,
Asmana kabul edilýän dogalardan, üzüm.

Mawy asmanyň bagynda döwür sykyndysynyň maýasy bolan ülker salkymy pelekler zülpüniň zynat bezegi bolup dursa we aýyň şamlanmagy açmasy gözýetim pudagynda älemdäkileriň bähbitlenmegi üçin oňaýlatmakda gün çeşmesiniň taba getiriş suwundan täzelenip dursa, arassalyk ýyllarynyň gözbaşy, döwür Asyfy, Eýranyň we Turanyň weziri, wezirleriň penagähi, ylymlaryň derýasy, ýurt düzgüni,

beýikleriň gaçybatalgasynyň jenaby, dostlaryň degişme miweleri bilen, islegler gülleriniň totusy bilen, şatlyklar çykjak ýeriniň täsiri bilen, ýagşylyklar agaçlaryny barlandyrmak bilen hüýrleriň göz diken we hemişelik şatlygyň saraýy bolsun. Pygamberiň we onuň päk maşgala we ýaranlarynyň haky üçin myrat salkymynyň baglary gür we döwletiň zyýat bolmagynyň sebäbi aýpsyz bolsun. Bu döwlet dogaçysynyň göz çanagynyň üzümlik gatlagynyň dänesi uly sahybyň – ýeňişi güýçli bolsun – dür saçan galamynyň damjalarynyň eserleriniň we ýagtylyklar bereketiniň yzynda soldy. Onuň beýik tekýegähiniň jaňjagazyny görýän didäniň çüýşe gatlagynyň çyrasynyň (nurunyň) göz peltesinde ýagtylyk maýasy galmady. Ol aly jenaba biçärelik matasyny ryýasyz doga sowgadyna goşup, kabul bolar diýip, ýollaýaryn. Belki, kabullyk şemaly çalyp, mähirlilik gözi bilen serediler. Doga we senadan soň, jahany bezäniň (Alla ýagtylygyny we beýikligini artdyrsyn!) hyzmatyna arz budur kim, bu bendelik we yhlaslylyk dört tirkeşigiň üçünji aýynyň 28-ine göni açyk kagyz bilen söhbetdeşlik karar edişip, ýüpek satan galamyň dokumyndan ýaz-ýüpek donuny geýýär we awçy kimin syýanyň gara ýüpegine tow berip, döwlet dogasynyň harp guşlaryna paýbent [bagly] edýär. Mejlisden daşlygyň (uzaklygyň) sowuk tebigatynda ol alyjenabyň hyzmatyndaky adamlaryň şatlyk we hoşluk resmi bilen pikir bagynyň üzümini setir asygna (halkasyna) dakyp, kagyzyň agardylan ýagty öýünde nokat myhyndan asýar. Elbetde, hajatlary ödän bir Hudaý bilýändir. Bu döwlet dogaçysy ýeke-täk wagtlarynda we namazlarynyň yzynda soltanlyk döwlet borjuny ýerine ýetirenden soň, Asyflyk[1] mertebesi we ömrüniň bereketli bolup, dowam tapmagynda gaflat we arka atmak tozy ýüzüne oturmajak kişä doga okamaga özüni aýratyn borçly bilýär. Belki ol hezretiň

---

[1] Asyf – Süleýmanyň wezirleriniň ady.

enaýat we merhemetli çekindisi bilen beýik Ýaradan myrada ýetmek hormatyny keramat eder (bagyşlar). Häzirki wagtda şu biperwaýlyk etmegiň netijesi şeýle boldy: şu günler: «Eý düşünjeli adamlar ybrat alyň»[1] diýen kelamyň yşaraty bilen üzüm asylýan öýe girdi we hojaýynyň elini ogşamak şowkundan gabak müň düzüm [göz] ýaşy gaş egremçesiniň aşagynda gatlasyndan asylyp, näzenin ýüzüň gowy üzümini gördi. Hojaýynymyň döwletiniň duşmanlary el-aýak bolup duransoňlar zar-zar aglaýardy.

– Eý bagyň göz ýagtysy (göz röwşeni) bu ne ýagdaýdyr – diýip soradym. Ol şeýle jogap berdi:

– Eý wezirlik mejlisiniň gulagy halkaly guly, bilgin! Men ösüş basgançaklarynda toprak pesliginden «gul» beýikligine ýetdim we çagalyk hamlygyndan (çigliginden) ulalyp, düşünjelik we ýetginjeklik paýasyna aýak basdym. Ol uly weziriň (Alla ululygyny iki esse etsin!) şirin sözlüliginiň owazasy meniň gulagyma ýetdi. Iç kapasymdan sabyr guşum uçdy. Emma ýaşulularyň gursaklarynyň sapasy mende bolmansoň we garrylyk ýaşyny ýaltalyk ýoly diýip güman edenimden soň, naçar maňa döwür weziriniň elini ogşamaga ýol bermediler. Indi bolsa juwanlyk ýeli kelleden çykdy we ruh päklenip, gylyklar arassalandy we terbiýe gülüstanlaryndan peýdalandym. Indi nurana ak saçyma rehim edip, meni şu gysga pikirleriň elinden satyn alyp, oýunçylaryň zyndanyndan boşadyp we kejebede oturdyp, uly weziriň Käbe azamatly işigine ýetirersiň» diýip, umyt edýärin. Saňa bereketli haj we kabul umra amal depderiňde ýazylmak nesip etsin. Nädeýin, mende sabyr-takat galmady.

---

[1] Gurhanyň 59-njy süresiniň 2-nji aýaty.

## Beýt

Kalbyna yşk ornaşandan bolmadym,[1]
Emma her kim ýüzüň görse, aşykdyr.

Ýene aýtdy:

«Bir hajatym mar; men ol jenap bilen ýeke-täk gitmegi edepden saýmaýaryn belki, öz pikir «teläriňden» akyl naharyny beren näçe hoşa salkym maňa goş. Şonuň bilen surat gabygy many-maňzy bilen kämil bolsun. Bu dogaçy köňül bagyna gadam goýanda, pikir çemeniniň sözlerini gördi. Könekileriň ertekilerinde gelen «Wafwak» agajy ýaly onuň her bir çetinden yşk sedasy ýaňlanyp, eger wezirlik sowgadyny isleseň ynha biz! Eger köňül syrynyň ilçisini isleseň oňa-da biz laýyk we eger-de zowku-hal eýesi bolsaň, pikir barmagy bilen bizi harplar pudagyndan ýolup, pähim agzyna salyp, synag dişi bilen çeýnesin. Şonda «Bu bize öňki ryzk berlen zat»[2] diýen kelamy ýatdan çykarar. Emma wezirlik jenabynyň topragyny ogşamadan hasyl bolan döwletde galam diliň açylar, mürüwwetli bol-da gizlin syrlar we geňlikler iýmiş-miwelerinden biraz mukdar biziň utanç ötünjimiziň ýerligine rowana et» diýlip, ses geldi. Bu dogaçy özünden bu haýyşy eşidip we manylara we geň hekaýalara bolan çyn höwesi görüp, goşgy we kyssasyndan bir mukdar söz sandygyna salyp, nokat çüýi bilen baglady we syýa keçesine düýrüp we galamyň arryk arkasyna daňyp, kagyzyň garly sährasyna rowana etdi. «Alla ony syr aýdylmazlyk (ünsüzlik) sowuklygynyň apatyndan saklasyn. Hormatly mejlisdäki beýik adamlaryň gulaklaryna hoş ýaksyn» diýip dileg edýärin. Söz uzaltmak ýüpi hezretiň melal we hyzmatçylaryň utanç hetdine ýetdi.

---

[1] Arap dilinden türkmen diline sözme-söz terjime edildi.

[2] Gurhanyň 2-nji süresiniň 25-nji aýaty.

Takdyr galamy «Köp geplän köp ýalňyşar» diýen kelamy dogaçynyň ýagdaý kagyzyna ýazdy. "Emma näme bosa-da, tükeniksiz enaýata we günä geçiş görküne ynam hasyldyr. Pygamberiň we onuň maşgalasydyr ýaranlarynyň haky üçin uly weziriň etegi we işigi kyýamata çenli din we döwlet eýeleriniň ýykylýan ýeri bolsun we onuň mertebe hem-de beýikliginiň güni tutulmak we aýrylmak apatyndan aman galsyn. Sahyp (baýar) (Alla oňa rehmet etsin!) onuň namasyna ýazan jogabynyň hatyny müşk göbegi görüp, arlanyp (ar edip), ýürek ganyna ýugrulyp galan we pelegiň «ok» ýazyjysy onuň dilewarlyk kemalynyň ýanynda ýaýsyz bolup, ony ýatlanda. Özüniň ok ýaly kamatyny ýaý edip, onuň setir damjalaryna «Elbetde, [kapyr bolan] kimseler...»[1] aýatyny [göz-dil dogasy] okap çüfleýär. Ol iki bölek goşgyny – birini arapça, ýene birini bolsa, parsça – ýazyp iberdi. Indi bolsa hünär we söz eýeleri (Alla ömürleriniu uzyn etsin we kyýamata çenli gijelerini gündizlerine goşsun!) ol baýaryň duýgusynyň güýçlüdigine we zehiniň tizligine we sözüniň şirindigine delil tutunylsyn!» diýip, şol iki bölek goşgy şu ýerde ýazylýar:

**Beýt [2]**

Eý zowkly belent hümmet daşdyr seniň kemalyň –
Ýalana hem töhmete meýil edip gitmekden.

Adyl sende tebigat, fazylatdyr bezegiň,
Ynanmasa halk, eger getirerin delilden.

Ýaryş güni bolanda uzak ýola çapyşda,
Ozup geçerin Kusdan[3] we Sahbandan[1].

---

[1] Gurhanyň 68-nji süresiniň 51-52-nji aýaty.

[2] Arap dilinden türkmen diline sözme-söz terjime edildi.

[3] Kuss – Arabystan ýarym adasynda Ýemen bilen Hyjazyň aralygynda ýerleşen

Sowgat etdiň bize täze bolan üzümi,
Salkymlaryny hem ýolan ol mähirli eliňmi.

Göýä onuň dänesi zeberjede (düre) düzülen,
Ýa hünji joýalary merjen ýüpe sapylan.

Ýa sahawatly bir keniz görkezýär barmaklaryň,
Kümüş kimin ýalpyldap altyn bilen boýalan.

Göremde men ony içim doldy şatlykdan,
Geldi maňa bir sowgat indi boljak dostlardan.

**Beýt [2]**

Bu ýurda getirdi döwlet baýdagyny üzüm,
Saldy hümmet saýasyn humaý kimin ol üzüm.

Ülker hoşasy kimin zyba ýüzin görkezdi,
Zöhräniň ygtyýar etjek täleýnde, üzüm.

Milat (dogluş) çilesi geçende, ýüzi sary şem kimin,
Eşek münen Insanyň geldi topary üzüm.

---

Ýemene degişli şäherleriň biri bolan Najran şäheriniň ýepiskopy (ruhanysy). Doly ady Kuss ibn Sagyda bolup (600-nji ýylda ölýär) ol arap dilewarlaryndan hasaplanypdyr. Çeper sözlülikde we dilewarlykda ökde kişileri şoňa deňäpdirler, ol nakyla öwrülip gidipdir. Ol Muhammet sallallahy alahýy weselleme pygamberlik gelmeziniň öň ýanyna çenli ýaşapdyr. Muhammet sallallahy alaýhy wesellem ony görüpdir.

[1] Sahban (ibn Zefer ibn Yýas Waýyly) – meşhur arap hutbaçysy; (54-nji hijri-kamary; 674-nji milady ýylynda wepat bolýar) Ol çeper sözlüligiň we dilewarlygyň mysalyna öwrülipdir. Omawylaryň hökümdary Mugawyýa oňa: «Sen arap hutbaçysy» diýende, ol: «Men ajamyň, ynsyň we jynsyň hem hutbaçysy» diýip, jogap beripdir.

[2] Pars dilinden türkmen diline sözme-söz terjime edildi.

Umyt edip «mähriňi iberer» diýip bu ýola,
Agardy iki didäm göz tutup, saňa üzüm.

Gije şerap başyndan turmadyk daňa çenli,
Gäh sirke dek ajugup[1], humaryňda seň üzüm.

Gul gyzyny şol zaman talak etdim bir demde,
Islegliniň ýurduna kast edende ol üzüm.

Peýman edip el berdi, sözleşip karar etdi,
Zyba ýüzüni açdy, ýüz (sany) negardy ol üzüm.

Ýol renjini soramda şikaýatlar eýledi,
Sansyz şükür bizlerden saňa bolsun eý üzüm.

Çün seniň goragyňda iki hatardan gutuldy,
Haýbat bilen basylyp, jan bermekden ol üzüm.

Seniň halasdaryň görüp, kämil edip görkezdi,
Arz gününde ýürekden mähek-aýar eý üzüm.

Seniň eliňden başga kim oňarar bu işi,
Nirede ol dilawer (batyr) dardan, düşürjek üzüm.

Şol jähtden Hallaç ýaly çykdy daryň başyna,
Hemme zadyň başynda bu döwürde sen üzüm.

Gyş teninde istihan (süňk) doňup galan möwsümi,
Senden başga kim getir üzüm ýükün, eý üzüm.

---

[1] Ajugup – aja:p (ajy bolmak, ajamak) diýen manydadyr.

Megerem ol içendir suw seniň söz çeşmelerden,
Şonuň ýaly bolupdyr süýji hem suwly üzüm.

Seniň häsiýetiňi emen bolmasa jümle bossanyň teni,
Ne üçin süýt emýän çagalar dek boldy üzüm.

Mesih (Ysa) kimin laýykdyr direltmekden dem ursa,
Şu jähtden ki, sözleriň berk durandyr eý üzüm.

Terkidünýä-sopulyk arasyna toz düşdi,
Seniň dalaşyň mähri toz göterdi eý üzüm.

Zyýarat derýasynyň baştutansyz eýýamy hatsyz-habarsyz uzaga çekip, ilçiler şaýollarynyň päsgelçilik ýolbarslary el tagtynyň üstünde oturyp, bela garaguşlary saba şemalynyň we Saba kowumynyň hüthütiniň (hüýpipiginiň) ganat-ýeleklerini döwenlerinde, şowk odunyň ýalyny bilen tirýek ýetiren ýürek çuňňunyň şatlygy Apbas kimin «ýagyş» (sakylyk) dogasyna dil açyp, hümmet jansyzlaryny «Gidiň şäherlere aýlanyň we ýurtlary geziň» diýip, agdar-düňder etmäge pytradyp, gedaýlyk we biçärelik jaňyny saz edip, göz bäbeneginiň gara geýenlerinden «Torbada iýere zat ýok» diýip, ruhany güýçlerden «Onuň tagtyny haýsynyz maňa getirip berersiňiz»[1] diýdi. «Alla olaryň baryny ýakyn wagtda maňa getirip berer» diýen wada golaýlanda»[2] howa gaty sowap, güpürdi neşterçisi ýyldyrym neşteri bilen damardan howa manjanygy ýollan gyş aýynyň bedeninden ýap açyp, pelek şa atlasynyň şuglasynyň altyn naýzasy aýyň kümüş halkasyny ogurlap, howa seýliniň başyna düýeguş ýaly bulutlar düzümi oturyp, ak ýolly dag çöllere garyň ak sellesini we şapurlyk jüpbesini geýdirip, bulut

[1] Gurhanyň 27-nji süresiniň 338-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 12-nji süresiniň 83-nji aýaty.

eli ýeňilleri «Firgown» agajy ýaly «Gorkuzmak we tama salmak üçin size ýyldyrym görkezýär»[1] diýen kelama görä, hyýallanyp başlan möwsüminde we çille oturan agaçlar şahalaryň penjesinden Musa bolup, «Elini goltugyndan çykaranda, ak bolup göründi»[2] diýen mugjyza görkezip we «Bar zady okadylar»[3] medresede hasa bolup, «Ýasan aldawaçlarynyň hemmesini ýuwutdy»[4] diýip, baryny gabap alan möwsüminde gar-tupanyň depreginiň haýbatly owazy jümle äleme ýetip, doňagyň sesi pelekden aşanda we gün kürsüsi «Ýorgana büretdi» diýen «gyzgyn» öýde aýagyny etegine ýygnanda we ýel wekilleri Sarsar ýellerini jahan otlagyna (çemenzarlygyna) sürende we jöwenek dänelerini «Asmandan jöwenek ýagdyrýar»[5] diýen kelam gorhanasyndan alyp, älemgoşaryň ýaýy bilen «Halanyny urar»[6] diýen kelama görä, ýer ýüzüni ýaralaýar we «Ýyldyrym tas gözlerini aalypdy»[7] diýen ot ýagdyranlar «Onuň içinden ýagyş çykýanyny görersiň»[8] diýen çüýşeler bilen we «Olara otly ýel çaldy» diýlişi ýaly, barlyk kökünin külüni çykardy we sowugyň el üstünligi «Aşagyndan aryklar akýar» diýen ýaly akar suwlara «sarsmaň» diýip, aýagyna gandal urup, buz salmalary bilen berkitdi, nawdan çüýşeleri körüksiz we otsuz bulut etrabyndan gelip ýetişen «tapyndylar» bilen çüýşelerdir asyndy kümüş çyralary «Kümüşden ýasalan çüýşeler»[9] diýlişi ýaly ýasap, demi doňan ýer ölüm düşeginde ýatyp, başyna

[1] Gurhanyň 13-nji süresiniň 12-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 7-nji süresiniň 108-nji aýaty.
[3] Musa pygamberiň aždarha öwrülip, jadygöýleriň ähli jadysyny ýok edýän hasasy göz öňünde tutulýar.
[4] Gurhanyň 7-nji süresiniň 117-nji aýaty.
[5] Gurhanyň 24-nji süresiniň 43-nji aýaty.
[6] Gurhanyň 24-nji süresiniň 43-nji aýaty.
[7] Gurhanyň 2-nji süresiniň 20-nji aýaty.
[8] Gurhanyň 24-nji süresiniň 43-nji aýaty.
[9] Gurhanyň 76-njy süresiniň 16-njy aýaty.

çadyr çekip, damagy çalynjak sygyr ýaly bolup, ahyret ýoluny tutup, «Kyýamat ýeri ak bereketdir» diýen azygy döşünden asdy. Pelek äleminiň ýasyna oturyp, ümür külüni ýazyp, egnindäki röwşen aýyň köýnegini çäk edip, ýyrtyp, gün telpegini başdan taşlady we ýedigen demirgazyk saraýçasynda harlyk we aldawçylyk (biwepalyk) bilen dyzyna urup, towuş (ses) edip başlady. Şonuň ýaly bir ýagdaýda ýagşylygyň kyblasy we arzuwlaryň maksady bolan uly alym, pazylatly, iş bilýän, arassa, hakykat yzarlan, din ýalkymy, yslam paýasy [sütüni] millet düzgüni, hal müftisi, ymamllaryň we alymlaryň daýanjy, söz patyşalarynyň eýesi, älem ýolbaşçylarynyň ýolbaşçysy, kazylaryň patyşasy, häkimleriň adalatlysy, patyşa we soltanlaryň nesihatçysy (Alla mydama ony beýik edip saklasyn!) bolan jenap beýik mejlisiň ýaşulusynyň mähr öwselgesinden (öwüsgininden) mähribanlyk nesimi (bahar şemaly) öwsüp başlady we «Saba kowumyndan bir habar bilen geldim»[1] diýen çapar gelip ýetişdi. Şol wagtda «Kitabyňy oka»[2] diýen permanlaryň buşlugy älemiň ýüzüni täzeläp şat etdi we «Iki gözi gamdan agardy (kör boldy)»[3] diýen kelamyň ak tebigaty «Ýusubyň ysy gelýär» diýip dady-peryat etdi we waswasa ýazgaryjylary (käýinjeňleri) «Sen şol köne gümralygyňda»[4] diýip dilini uzatdylar. Şonda «Köýnegimi äkidiň»[5] diýen buşluk «Görse ýanynda»[6] diýen delili görkezdi we «Alladan näumyt bolmaň»[7] diýen eli çeper sürmeçi «Kakamyň ýüzüne atyň»[8] diýen ýagtylyk sürmesini gözi ýoldalyk zyndanynda galan gözüne sürtdi. Şol wagt «Gözüm

[1] Gurhanyň 27-nji süresiniň 22-nji aýaty.
[2] Gurhanyň 8-nji süresiniň 14-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 12-nji süresiniň 94-nji aýaty.
[4] Gurhanyň 12-nji süresiniň 95-nji aýaty.
[5] Gurhanyň 12-nji süresiniň 93-nji aýaty.
[6] Gurhanyň 27-nji süresiniň 40-njy aýaty.
[7] Gurhanyň 12-nji süresiniň 87-nji aýaty.
[8] Gurhanyň 12-nji süresiniň 92-nji aýaty.

görüp başlady»[1] diýen kelamyň ýagtysy öňe düşüp, «Bu Perwerdigärimiziň merhemeti»[2] diýip sejdäge ýatdy we şatlyk gülleri köňül bossanynda gülläp, bagt gülüniň dek gunçasy açylyp, hoşluk lälesi gül berip, şatlyk (ösüş) sowsany sena aýtmaga dil açyp, köňül gözüne «Maňa möhürli hat berildi»[3] diýip köňül-göz «Dogrudan-da şu Perwerdigärimiň maňa beren wadasy»[4] diýip buşlaýardy. Soňra müşk kokan halyň hatyryna edep barmagy bilen «Soňy müşk ysyny berdi»[5] diýlişi ýaly, nigäriň ýüzünden perde göterende, gara zülplerini bir-biriniň boýnuna ýaý edip, atan (dogan) aý tabaklarynyň behiştini gördi we şol behiştiň içinde mydamalyk hyzmatkärler sadaplardaky hünjiler ýaly bolup, hyzmata kemer baglap, sap çekip duran we ak ýaňaklaryna «gara hat» biten we onuň her bir harpyna müň köňül paýbent bolan (daňlan) özlerini hem ol many magdany «Sebgulmesany»[6]deňzi ýapyp duran ýyldyryma güýç goşupýagdyryp duran, buluda maýa beren, galam we söz belgisi we many peýdalarynyň taýsyz göwherleriniň goşunlaryny az sözleriň içinde ýerleşdirip, olara «We iýýekäd...» (göz-dil doga) owsunyny (jadysyny) okap, dem salan uly wezire arz etdi. Şol wagtyň özünde solan ýürek «Ýeri ölenden soň direltdik»[7] diýlişi ýaly, otdan ter-täzelik kesp etdi we onuň peýda suprasyndan «Öň-soňumyza toý bolsun»[8] diýen saçagy ýazdy. Köp miwe gelinleriniň kejebeleri gelip ýetişdiler we armyt gyzlary gün ýüzlerinden örtügi göterip, hemmesi

---

[1] Gurhanyň 12-nji süresiniň 96-njy aýaty.

[2] Gurhanyň 27-nji süresiniň 40-njy aýaty.

[3] Gurhanyň 27-nji süresiniň 29-njy aýaty.

[4] Gurhanyň 7-nji süresiniň 44-nji aýaty.

[5] Gurhanyň 83-nji süresiniň 26-njy aýaty.

[6] «Sebg» ýedi we «mesany» sena edilip, gaýtalanýan diýen manyda. Bu sözüň manysy «Fatyha» süresi bolup, bu süre namazda we beýleki ýerlerde köp gaýtalanýar. Şonuň üçin bu sürä «Sebgulmesany» hem diýilýär.

[7] Gurhanyň 35-nji süresiniň 9-njy aýaty.

[8] Gurhanyň 5-nji süresiniň 114-nji aýaty.

ýaryna ten berip, dodak bilen diş ýaly bolup oňuşdylar we altyn çadyry başdan aýyrdylar we bähbitlerini özlerini hödür etmekde gördüler. Alma gyzyl ýüzlüleri kynçylyksyz we zyýansyz ýüzden perde we hyjap göterip, kümüş alkym bilen aşyklaryň kalbyny taladylar. Armydyň hoş ysyndan howanyň beýnisi doldy we almanyň kokun (ysyndan) howa atyrlandy. Sapa gözüniň sopular gatlaklarynyň ulularyndan we wepa bagçasynyň ygtybarly adamlaryndan bolan bir göwünli üzüm ýoldan gelip ýetişdi we ikilik sünnetini berjaý etdi. Ol häzir aňsatlyk bilen ele gelse-de, çekilip, «Men ondan gowy»[1] diýip dillenip, apbaslylaryň «Biz Beni Haşym» diýýän emirligini görkezdi. Söz ownap şu ýere ýetende, oturan ýaranlar birleşip, bu dawa tozuny aradan aýyrdylar we olaryň barlyk sahypalaryna «Hiç bir zat bolmadyk ýaly» diýip ýazdylar. Bu hyzmatkär olara ugurdaşlyk bildirip, söz suprasyny düýrüp, ýaňrama ýüpüni ýygnady. Alla kömek bersin! Muhammet pygamberiň we onuň päk maşgaladyr ýaranlarynyň hatyryna müň ýyllap dursun.

Onuň beýiklik öwüşgini ykbal öwrümleriniň arasynda salamatlyk bilen aýlanyp ýörkä, birden durmuş ýarasy we pelegiň öwrümi şol rahatlygyň düzümini we şol nyzamyň düzgünini pytratdy. «Üç tarapynda Ahmet han atly bir türk baş göterdi. Özüni merhum Soltan Alaeddiniň ogly hasaplaýar. Ol etraplaryň türki taýpalary onuň çagyryşyny kabul etdiler. Gün-günden onuň goşuny zyýada bolýar. Eger ol ýagdaýyň çäresinde ahmallyk edilse, iki aýdan soňra beglerden we goşunbaşylardan soltan döwletine tarapdar bir adam hem galmaz diýip, habar ýetdi. Soň Sahyp goşunbaşylary, ýurduň ähli esgerlerini we harbylaryny ol gozgalaňçylaryň depine rowana kyldy. Iki goşun biri-birine ýetende, beglere olaryň kuwwatynyň we şöwketiniň haly belli boldy. Bir bahana bilen

[1] Gurhanyň 7-nji süresiniň 12-nji aýaty.

söweşi sakladylar. Sahyba kömek we ýardam üçin çapar ýolladylar. Goşun istediler. Sahyp Şam tarapyndan Ruma gelen we hakyna tutulan horezm, kürt we gypjak goşunlaryndan ýygnap bilenini ýygnap, Hatyreddin Zekerýa Sejasy Emirdat[1] bilen ugratdy. Ondan öň baş serkerde Reşideddin Abu Bekr Juweýnini baýlyklar we köp hazynalar bilen Ilçiktaýyň ýanyna ugradypdy. Şol wagtlarda çaparlar gelip:

– Melik Rukneddin Töwrizde han[2] hyzmatyndan dolandy. Rum ýurdunyň soltanlygyny Rukneddine tabşyrdylar – diýip habar geldi.

Bulardan soňra Kazy Jemaleddin Hotanyny han tarapyndan Konýa tarapa Soltan Yzzeddiniň huzuryna ilçilige iberildi. Ol Türküstan ymamlaryndan bolup, Soltan döwletinde hormat nazary bilen garalyp Soltan Rukneddiniň hyzmatynda muşakgatly uzyn saparlarda sabyrlylyk görkezipdi. Onuň getiren hatynyň mazmuny şeýledi:

«Han hezreti Rum ýurdunyň soltanlygyny Soltan Rukneddine berendir. Ol babatda hanyň hökümi berlendir. Iki müň atly mongoly hem Rumuň garşydaşlaryna we jeňbazlaryna temmi bermek üçin biziň bilen gaýtmagy buýrandyr. Eger hüküme boýun bolup, Rukneddini soltan hasaplasalar, soltany garşylasynlar».

Kazy Jemaleddin Konýa ýetdi. Döwlet emirleri ony garşylap, dabara bilen Fahreddin Abu Bekr Perwananyň saraýyna gondurdylar. Ertesi döwlet emeldarlary soltan köşgünde häzir boldular. Kazy Jemaleddin ilçiligini ýerine ýetirdi. Özi üçin Rum ýurdunyň esgerleriniň kazylygynyň we Konýa kazylygynyň berlendigini aýtdy. Okap, kabul etdiler. Bedreddin ogly Kazy Yzzeddin ony Hartperte naýyp etdi. Kazy Jemaleddiniň hökümini beýleki ülkelerde-de ýörgünli etdiler.

---

[1] Emirdat – käri boýunça berilýän lakam, ýagny dünýewi işleriň kazylarynyň emiri diýmekdir.

[2] Bu ýerde mongol hanlary göz öňünde tutulýar.

Oňa dürli ýagşylyklar we haýyrlyklar etdiler. Ol alym we akyldar kişidi. Onuň bilen bolsalar, işleri ýeňil görerdiler.Oňa aýtdylar:

– Soltan Rukneddin Soltan Yzzeddiniň kiçi gardaşydyr. Kiçi gardaş uly gardaşyň üstüne artyklyk kylmaz. Ony zor we höküm bilen tapawutly görkezmek şerigata muwapyk däldir. Urp we adatda, Oguz töresinde hem uly gardaş barka, kiçi gardaşa hanlyk degmez. Her kim bu ahlak bilen hereket etse, ähli halka, halypa, ähli ymmata kabul bolar. Eger şu takdyr bilen şu häzirki iş amala aşsa, mundan soň berklik bolmaz. Dine, diýanata we şerigata, amanata laýyk zat şudur, ýagny häzirki wagtda beýik Ilhan Seljuk neberelerinden üstündir. Emma kämil mähribanlygyndan bulary Rum ýurdundan boşatmaýarlar. Şonuň üçin maslahat şeýledir. Üç gardaş hem bir tagt üstünde otursynlar. Üçüsiniň hem lakamlary we atlary zikge we hutbada ýazylsyn we aýdylsyn.

Kazy Jemaleddin akyl we parasat ýüzünden bu pende şat we bu çärä razy boldy. Dürs niýet we dogry hereket bilen garşydaşlaryň hökümlerini ýok etmek üçin herete girişdi.

Soltan Rukneddiniň begleri Kazy Jemaleddin Hotanyny Konýa tarapyna gönderdiler. Atabeglik, wezirlik derejesini we ýurduň ähli hökümlerini eline alyp, garaşsyz häkim bolan we soltanlyk köşgünde ornaşan Bahaeddin Arzynjany barada ony peseltmek üçin maslahat ederdiler. Kazy Jemaleddin Hotany Soltan Yzzeddiniň hyzmatyndan dolanyp geldi. Ol: «Jelaleddin Garataýy we Soltan Yzzeddiniň galan begleri Soltan Rukneddiniň soltanlygyna garşylyk görkezýärler. Olaryň dogry pikirleri şerigata we akyla laýykdyr. Çünki bu söz karar edilendir. Ýagny üç gardaş hem soltan bolar, bir tagt üstünde oturarlar. Hutbada we zikgede üçüsiniň ady hem beýan ediler. Getiren mongollaryna jogap bererler diýýärler» diýip, habar getirdi.

Soltan Rukneddiniň begleri bu sözleri eşidenlerinde, getiren mongollaryny yza döndermegi dogry hasapladylar. Ýagşy ýol bilen mongoly Arzynjandan yzyna dönderdiler. Özleri Kaýsaryýa ýöriş etdiler. Abdyllatyf kerwansaraýyna ýetenlerinde, Bahaeddin Arzynjanyny işden boşatdylar. Wezirlik döwedini Nyzameddin Hurşydyň öňünde goýdular. Sag gol begler begiligini gaýy taýpasyndan bolan Syrajeddin Şerihe, sol gol begler begiligini baýyndyrdan Seýfeddin Türkäre, Siwas bilen Malatyýany Seýfeddin Taramtaýa karar etdiler. Ählisi üstünlik bilen Kaýsaryýa ýetdiler. Ol ýerde Sahyp Şemseddinden soňra wezirlik berlen Kazy Yzzeddin Razynyň işden boşadylmagyna bir hököm ýazyp ugratdylar. Emir Jelaleddin ol hököme boýun bolup, Kazy Yzzeddini öýüne ugratdy. Soltan Rukneddiniň begleri isleglerine laýyklykda, hökümiň ýörändigi we işleriň amala aşandygy üçin bagtyýarlyk edýärdiler. Bahaeddin Arzynjany özüniň daýanýan goşuny bolan mongollaryň gidendigi sebäpli Emir Jelaleddin Garataýa gizlinlikde çapar berip:

– Elbetde, bir jemagata ylalaşyk bilen ryza bermegiňiz we ähli hökümlerine üns bermegiňiz laýyk däldir. Olaryň ählisiniň sözleri we kararlary biderekdir. Bu gün siz üstünsiňiz. Mal, hazyna we goşun siziň hökümiňizdedir. Goşun çekip garşy çykyň, ýeňiş siziň tarapyňyzdadyr. Taňrynyň nury bilen Siziň beýikligiňiziň gülläp ösüşine nogsan ýetmez. «Bes, siz köşeşmäň we özüňiz üstün bolan ýagdaýyňyzda ýaraşyga hem çagyrmaň. Alla siziň bilendir we Ol hergiz amallaryňyzyň (sogap-sylagyny) gaýgyrmaz»[1] – diýdi.

Jelaleddin Garataýy bu sözleri eşidende, onuň göripler we bahyllar tarapyndan «Eý, möminler, eger Size bir ýaman adam bir habar getirse»[2] diýen söz esasynda amal edendigini bildi.

---

[1] Gurhanyň 47-nji süresiniň 35-nji aýaty.

[2] Gurhanyň 49-njy süresiniň 6-njy aýaty.

Onsoň onuň sözlerine üns bermän mübärek hümmetini raýatyň ýagşylygyna, döwlet işlerine we ýurduň namysy ugrunda sarp edýärdi.

Soltan Rukneddin Aksaraýa ýeteninde, begleriň raýy Kazy Jemaleddiniň aýdan sözlerine laýyklykda, özleriniň öňki eden kararyndan döndi. Şäriklik görnüşindäki soltanlyga razy bolmadylar. Emir Jelaleddin birküç gezek alym Ymadeddin Malatyýany we uly ymam Nejmeddin Nahjuwanyny pitne gubaryny ýatyrmaga we uruş howpuny ýok etmäge ugratdy. Köp nesihatlar aýtdy. Peýda etmedi. Her gün tekepbirligini zyýada ederdiler. Bir gün Soltan Emir Jelaleddin Garataýy bilen hylwatda otyrdylar. Birden Soltan ýylgyrdy. Jelaleddin sorady:

– Gülmegiň sebäbi näme?

Jogap berdi:

– Mundan öň atam soltanlygy kiçi gardaşymyza karar etdi. Beglere oňa tabyn bolmagy buýurdy. Ählisinden bu babatda berk ähdi-peýmanlar aldy. Hakyň enaýaty maňa ýardam berdi. Atamyzyň çäresiniň tersine takdyr hökümi bilen tagt meniň döwletimiň nury bilen bezeldi. Indi gardaşym gardaşlyk ähtini bozup, meni ýurtdan çykarmak islär. Men Haktagalanyň enaýatyna ynandym. Takdyrdan ne gelse geler.

Jelaleddin Garataýy aýtdy:

– Beýik şa elini Haktagalanyň ýardam etegine urdy. Umyt arkasyny Haktagalanyň ýardamy bilen mäkämledi. Ähli arzuwlary hasyl bolsun.

Soň salamlyk sypasyna çykdy. Döwlet emeldarlaryny we begleri Hamyt iliniň begi bolan Seýfeddin Hamyt Perwanany, Şemseddin Tugraýyny we Fahreddin Emirdat Alyny bu ýagdaýdan ägä etdi. Olar bu gam içindekä soltandan eşiden bu ynamy bilen şadyman boldular. Haktagala töwekgellik edip, bagtyýarlyk täleýi bilen Konýadan çykdylar we Ruzbeh sährasynda gondular. Goşunlary çagyrmak üçin öňürti çapar

ugradypdylar. Hazynany döküp türklerden, kürtlerden, araplardan, hakyna tutma goşunlardan köp goşun jemläpdiler. Soltan [atlandyrylýan] kerwensaraýyna ýetenlerinde on müň atly jem bolupdy. Olar Soltan Rukneddini garşylamaga ugradylar. Soltan Rukneddiniň beglerine habar ýetende, tekepbirlik we ulumsylyk ýüzünden hereket etdiler. Soltan Gylyç Arslanyň düşlän ýerine geldiler. Soltan Yzzeddine, onuň nökerlerine we beglerine peslik gözi bilen nazar salýardylar. Olara hiç hili üns bermezdiler. Bir gün daň bilen iki soltanyň hem goşunlary jüpbe geýip, ýaraglanyp atlandylar. Soltan Yzzeddiniň garawulbegi salyr boýundan Emir Ahur Arslan Dogmuş we baýyndyrdan Nureddin Ýakup Jandardy. Soltan Rukneddiniň garawulbegi Seýfeddin Tarantaý we gaýydan Seýfeddin Türkäridi. Olar biri-birine ýetenlerinde, saplar we hatarlar düzdüler. Biri-birine garşy durup, Rum ýurdunyň namysynyň kadalary we esasy belli-külli ýok bolmaz ýaly, patyşalyk ähtnamasynyň biderek bolmazlygy ýaly we şol sebäp bilen duşmanlara mekirlik etmäge pursat döremezi ýaly, ilçileriň arada ýaraşyk etmekleri üçin garaşyp durdular.

Duýdansyz ýagdaýda Seýfeddin Taramtaýyň nökerlerinden on-on bäş sanysy hüjüm etdi. Soltan Yzzeddiniň leşgeri olaryň hüjümini serpikdirdiler. Olaryň birnäçesini öldürdiler we birnäçesini ýaraladylar. Taramtaýyň nökeriniň galany wakanyň beýle ýagdaýyny görüp, yza dönüp gaçdylar. Seýfeddin Taramtaý ýalňyz galdy. Ony bialaç ýagdaýynda ele saldylar.

Şol wagt sol golda bolan Seýfeddin Türkäri hem hüjüm etdi we ele düşdi.

Syrajeddin bir zaman berk durdy, ýöne ondan artyk garşy durmaga onuň haly galmady. Gaçanyny kem görmedi we gaçyp başlady. Ol dagdan-daga aşyp, özüni Aksaraýa atdy. Soltan Rukneddin bu ýagdaýy görüp, çadyry we sanjagy, tugy hem tebilleri, bir bölek gullary hem ýörite (şahsy) nökerleri we

Kazy Jemaleddin Hotany dagy bilen ýol ugrundaky bir daşly we uly depä gelip ýetişdiler. Birden, Fahreddin Arslan Dogmuş olary gördi. Şol bada olaryň üstlerine at saldy. Olara ýakynlaşanlarynda Kazy Jemaleddin onuň öňünden çykdy. Fahreddin Arslan Dogmuş esgerleriniň birnäçesine buýruk berdi, olar ony şehit etdiler. Ondan geçip, Soltan Rukneddiniň hyzmatyna bardy. Atdan düşüp, öňünde ýer öpdi, çünki ol soltanlygyň Emirahyrydy[1]. Soltan Rukneddiniň jylawyny eline alyp, goşunyň içinden çykardy we Soltan Yzzeddiniň huzuryna rowana boldy. Soltan Yzzeddine gardaşynyň gelendigini habar berenlerinde, ol emir Jelaleddin we beýleki ululardyr begler bilen atlanyp, ony garşy aldy. Biri-birlerine duşanlarynda Soltan Yzzeddin gardaşyny gujaklap, özüne mahsus aşa ýüregi ýukalygyndan ýaňa aglady.

Bolup geçen ýönekeý gatnaşygy begleriň we garşydaşlaryň bozuk pikirleridir öýtdi.

Ikisi el tutuşyp, öten-geçeni hekaýat edip, köşge geldiler. Saçak ýazyldy, tagam iýildi we hoşboý ysly şerbetler içildi. Geçenden geçdiler we Attabyň «Tumaru» kitabyny okap çykdylar. Çawyşlara (jarçylara) buýruk berip: «leşgeriň içinde ýeňlen goşundan kimi tutsalar, atdan, dondan we ýaragdan nämesi bar bolsa alyp, ýöne öldürmän goýbermeli» diýip, jar çekdirdiler. Synan goşunlaryň söbügine düşüp, kimi tutsalar, atdan, dondan we ýaragdan nämesi bar bolsa alyp, özlerini bolsa goýberýärdiler. Tussag edilen ol günäkär begleri Soltanyň kerwensaraýynda gabapdylar.

Wekiller Toklujyk Alp bilen Konýa tarap ugradylar. Konýanyň halky öňden gelýän adata görä, [Soltanlary] Sagdeddin Köpek kerwensaraýynda garşyladylar we soltanlary tamam şady-horramlyk bilen şähere eltdiler. Olar bileleşip, bar bolan bidüzgünçilikleri düzetmäge meşgul boldular.

---

[1] Emirahyr – Soltanyň atlaryna gözegçilik edýänleriň emiri.

Olar şol günäkär begleriň günäsini bagyşlap, zyndandan halas etdiler. Halas bolanlar soltanyň beren halatlaryny geýip, soltanyň serpaýlaryna mynasyp boldular. Olaryň her birine wezipe we mülk berlenden soň, öz orunlaryna bardylar.

Bu galagopluk gubaryny Jelaleddin Garataýy hoşamaýlyk we mähremlik suwy bilen ýuwdy.

## EMIR JELALEDDIN GARATAÝYNYŇ (ALLA OŇA REHMET ETSIN!) HÖKÜMLERI DÖWRÜNIŇ SOWULMAGYNYŇ BEÝANY

Emir Jelaleddin Garataýy (Allatagala oňa rehmet etsin hem-de jennetiň töründen orun bersin, ýagşylyklar eçilsin!) asly rumly bolan gul kişidi. Emma öwgüler sahawatly we wasplar bilen taryplanan beýik bir kişidi.

Eýeleriň Eýesi bolan Alladan inen «örän ýagşy bendedir. Hakykatdan, ol (Allanyň razy bolýan ýoluna) doly gaýdyjydyr»[1] diýen ýüzlenmesine mynasyp bolupdy. Onuň kem-kössüz zanny misli Eflatunyň pikir ýöredişi ýaly, gaýyby syrlaryň mesgenidi.

Onuň keremli tebigaty tüýs Hudaýyň halanydy, pyssy-pyjurlyklardan sapdy. Hulkynyň hoşlugy, çäksiz mylaýymlygy bilen tüýs patyşalara ýaraýanlardandy.

Gijelerine aýak üstünde dik durup dilegde, gündizlerine orazada bolup, et iýmekden, lezzetlerden, jynsy gatnaşyklardan we tagamlardan daşda durup, tagat-ybadata meşgul bolardy. Eýýamyň ulusyna-kiçisine nygmatdyr-hormatyny günüň şöhlesi kibi we buludyň ýagyşy kibi bol eçilýärdi. Kary bolsun, sowatsyz kişi bolsun, musulman bolsun, musulmanlaryň goragy astynda duran kapyr bolsun, parhy ýok, hemmesi onuň gapysyna gulluga baryp, tä onuň sahylygyndan kämil

[1] Gurhanyň 38-nji süresiniň 30-njy we 44-nji aýatlary.

kanagatlanma tapýançalar oňa salamatlyk ederdiler. Mylaýymlygy yslam kibi kämildi, mähremligi hemme kişi babatda birdi. Edep-haýasy çäksiz we sowgat-serpaýy çensiz-çaksyzdy. Ajam, Rum we Şam ýurtlarynyň hemme dindarlaryna, ybadat edýänlerine, alymlaryna, bilimdarlaryna, ýetimlerine, dul aýallaryna yhsany ýeterdi. Ýurtlaryň ählisinde, şäherlerde, şäherçelerde, ýollarda, aýry-aýry ýerlerde metjitdir medreseler, kerwensaraýlar we hanakalar gurduryp, haýyr-yhsan etdirmedik ýeri galmady.

Şeýlelikde, Aksaraý sährasynyň söweşinden dolanyp geldi. Hezreti soltanatyň wezirlik kürsüsi we söhbetdeşlik derejeleri bir alym we weziriň işini ýerine ýetiriji kişä hem-de bir akylly maslahatça mätäçlik çekýärdi. Soltan şol mätäçlik sebäpli patyşanyň köşgüniň, diwanynyň we dergähiniň şuglasynyň dargap, tagtyň howply ýagdaýa düşmegini islemezdi. Paýhaslylyk bilen baýlyk toplar ýaly bir akylly wezir gerekdi. Şundan soň beýik ymam we bilimlileriň ylymdary dana Nejmeddin Nahçuwana (Alla oňa rehmet etsin!) wezirlik derejesini kabul etmekligi teklip etdiler we borçly etdiler. Ol kişi ylymyň we sungatyň möwç urýan deňzidi, nur saçýan çyragydy, bol suwly buludydy, şerigat, hikmet we parasatlylyk yhsan-keremi bilen ýugrulypdy. Döretmekde we dolandyrmakda, hasapda we iş bilmeklikde misli döwrüniň Aristoteli we zamanasynyň Buzurgmehridi. «Wezirlik wezipesini kabul et» diýip oňa teklip etdi. Ymam Nejmeddin uzak gürrüňdeşlikden soňra wezirlik derejesini kabul etmegi şu söz we karar üsti bilen ykrar etdi: onuň bellenen aýlyk haky ýylda kyrk müň altyn bolmaly. Otuz müň altyn – müşrefe[1], otuz müň altyn – müstewfä[2] we ýigrimi bäş müň altyn on iki

---

[1] Müşref (müşrif) – 1) diwan başlygy; 2) hazyna we çykdajylara gözegçilik edýän baş emeldar.

[2] Müstewfi – döwletiň işlerine we salgyt gullugyna ýolbaşçylyk edýän emeldar.

sany ýazyja-kätibe harçlanmaly. Olaryň altysy salgyt boýunça, beýleki altysy bolsa derňewçi-gözegçi kätiplerdir. Galan baýlyklary ýörite harajatlar üçin we mongol hanlarynyň pajy üçin, galanlaryny bolsa ýurduň ýüregi (gan damary) we pitne oduny öçürmekligiň esasy özeni bolan hazyna tabşyrylar.

Şundan soň Ymam Nejmeddin diwana bardy we wezirlik işlerini gurnamaga we onuň şertlerini ýerine ýetirmäge başlady.

Emir Jelaleddin, begler begi Şemseddin Tawtaş we begler begi Fahreddin Arslan Dogmuş üçüsi şepagatlylyk we mähribanlyk ýolunda işleri ugrugyp, adalatlylyklary çäksizdi. Serkerdelik işlerinde we Seljuk nesliniň nygmatynyň hakyny ýerine salmaklykda ýurduň sütüni we milletiň gaýmagydylar. Ymam Nejmeddiniň özi şu üçüsi bilen ylalaşykda kätipler we ulular bilen baýlyk hem-de ýarag üpjünçiligine we adamlary ýaraglandyrmaga meşgul bolup, toplan goşunyny sag gol we sol gol begler begileri bilen mundan öň Üç diýen ýeriň töwereklerinde baş göteren garşydaşlaryny ýok etmäge ugratdy. Ondan soňra Emir Jelaleddin Garataýy we ol zamanda belent hümmetli, belent mertebeli we akyl ösüşiniň ýokary derejesine çykan, arassa köňülli we ynanjynyň päkizeligi bilen waspy ýetirilen, alymlaryň we ybadatçylaryň jaýynyň gözegçiligine sap yhlasyny sarp etmekde, iş bilmekde we söwda işlerinde meşhur kişi bolan begler begi Seýfeddin Hamyt Perwana we kämil bilimdarlyk we parasatlylyk bilen mejlislerde we meýlislerde meşhur we belli wezirlerbaşy Nyzameddin Hurşyt we asylzada, kätiplerbaşy Bedreddin Mahmyt Tugraýy dagy ýurduň abadançylygyna ösüş we terlik bagyşladylar.

Şeýlelikde, begler Üç diýlip atlandyrylýan etraba bardylar. Topalaňçylar bulara garşy durup bilmediler. Onsoň Sintleri we Oguzmelik Haryjyny tutup, heläk etdiler. Gozgalaňçylary we baş göterenleri aýak astyna atdylar we başlaryny owratdylar. Dönüp geldiler. Çintugöz, Kelakaý we Kutlumelik bir bölek

mongol bilen Saýyn hanyň hyzmatyndan merhum Sahyp Şemseddiniň ahwalyny barlamak we onuň baýlygyny ele almak hem-de garşy çykanlary öldürmek üçin barandyklaryny gördüler. Bedreddin Mahmyt Tugraýy (Alla oňa rehmet etsin!) süýji dilli, şirin sözli gözel kişidi. Şol sebäpden, bu gapma-garşylykly sowallara jogap hökmünde ony köp baýlyk bilen Saýynyň hyzmatyna göndererlerdi.

Kazy Nejmeddin bir müddet wezirligi dolandyrdy. Ýöne ol wezirlikde işleriň alnyp barlyşynda we kanunlaryň ýerine ýetirilişinde öňe gitmäň ýokdugyny gördi. Onsoň Sahyp Şemseddin Yspyhanynyň heläk edilmegi we işleriň ahyry babatda gaýgy-gussa batyp, aladalanyp, wezirligi terk etdi we Halaba tarap ýola düşdi.

Sahyp Bedreddin Mahmyt Tugraýy hanyň hyzmatyna ugrady. Sahyp Bedreddiniň yzyna eýerijiler bolan goşun serkerdesi Reşideddin Jüweýnini, deňizçiler serkerdesi Şujageddin Abdyrahmany, Nejibeddin Müstewfini we kazylar başy Hatyreddin Zekerýany, şonuň ýaly-da Sahyp Şemseddini gynap we öldürip, ony şehitlik derejesine ýetiren kişiler bolan Bahaeddin Arzynjanyny we hazynadar Sarymeddin Alp Saruýyny hanyň hökümi bilen duşaga[1] çekip, hanyň ordasyna eltdiler. Ol ýerde şaýatlar, derňewler we barlaglar bilen ýagdaýlaryny aýdyňlaşdyrdylar we sözlerini takykladylar. Onsoň her topar öz ýagdaýyny halas etmekde we umytlaryny hasyl etmekde köp hyzmat görkezip, kän harajatlar edip, köp kynçylyklary görenlerinden soňra müň hile bilen ol howply heläkçilikden gutuldylar. Ol zamanda mongol hanlary türk hanlarynyň we seljuklylaryň üstünden agalyk edýärdiler.

Rum soltanynyň döwlet emeldarlaryna berilýän her bir dereje (kär) mongol hanynyň diwanyndan başlady. Wezirlik wezipesi Sahyp Şemseddin Tugraýa, naýyplyk deňiz serdary

---

[1] Jeza çekýäniň eline we kellesine salynýan gural, gandal.

Şujageddine maliýe we salgyt işlerini, ýerine ýetirijilik wezipesi Nejibeddine we serkerdebaşylyk Reşideddin Abu Bekr Jüweýnä, Çurumlynyň subaşylygy (goşunbaşylygy) Hatyreddin Zekerýa berildi.

Dürli maksatlary hasyl bolmak bilen hormata mynasyp bolup, bagtyýarlyk bilen yzlaryna dolandylar. Ruma gelip soltan hezretiniň huzuryna bardylar we el öpmek hormatyna mynasyp boldular. Rum soltanlygy üçin hanyň gönderen halatlaryny – zerlenen hytaýy altynly kemha kaftany (ýüpek matadan geýim) we göwherler bilen bezelen, altyn bilen çatylan don, lagyl-dür bilen düwmelenen ak nowruzy telpegi getirdiler. Soltan geýdi we nowruzy [selläni] orandy, altyn tutawaçly ok-ýaýyny alyp, bilini guşandy. Emir Jelaleddin Garataýa hem bir magryby ýüzi ak ýüňli samyr derisinden tikilen geýim gönderipdiler, ol hem geýdi. Soňra hanyň ähli öz derejeleri üçin goýberen permanlaryny we hökümlerini okadylar, kabul etdiler we ylalaşdylar.

Şujageddin naýyplygy üçin el öpdi. Öň naýyp bolan Nyzameddin Hurşyt perwanalygy üçin ýer öpdi. Her kişi öz işine meşgul boldy.

Begler begi Şemseddin Tawtaş[1] hem-de Rumuň beýleki gadym begleri Rum ýurtlarynda seljuk soltanlarynyň höküminden gaýry höküm görmändiler we eşitmändiler. Şonuň üçin olar wezipeler üçin hanyň hökümini getirendiklerini biçak bet we ýaman gördüler we ony jemagata «nälaýyk we erbet» diýip aýtdylar. Şujageddin Raýysbahr hanyň ýanynda adyny «Mälik şa» diýip atlandyrypdy. Ol babatda bolsa hanyň permanyny hasyl edipdi. Şonuň üçin ol gün tagtyň öňünde, soltanyň huzurynda begler-begi [Şemseddin Tawtaş] Şujageddin Raýysbahr bilen urşup başlady. Kinaýaly, şerebeli sözler bilen Raýysbahry biçak ynjatdy. Ol Şemseddin Tugraýy

[1] Bu adyň asly «dag» we «daş» sözlerinden düzülýär, ol «dagyň daşy» diýen manyny aňladýar.

bilen iş ýüzünde we sözde soltanlyk döwletiniň tersine eden hereketini doly inkär etdi. Bu çekişme emir Jelaleddin Garataýynyň, Fahreddin Arslan Dogmuşyň we Nyzameddin Hurşydyň razylygyna laýykdy. Şonuň üçin hiç kim sesini çykarmady we agzyny açmady. Sahyp Şemseddiniň ýaranlary gorkusyndan ýaňa belli bir pikire gelmediler. Her biri özüne berlen mülküne ugrady. Şujageddin naýyp Sinoba, Reşideddin Malatyýa we Hatyreddin Çurumlyýa buýruk alyp ugradylar. Sahyp we Müstewfi ikiçäk galdylar. Olaryň arasynda gadymdan gelýän dostluk we ýakynlyk bardy. Sylaşykda we dost-ýarlykda biri-birinden artykmaçdylar.

Ýöne bir gije içişlik wagty, serhoşlukda, Sahyp Şemseddin Tugraýynyň dilinden bir söz gaçdy. Şol sözden Nejibeddin Müstewfi gaty gazaba geldi, gazaby äşgär boldy. Şol gije olaryň arasynda oňşuksyzlyk döräp, dawa-jenjel ýüze çykdy. Wagtyň geçmegi bilen ýigrenç we duşmançylyk başlady. Uzak wagtlap ol duşmançylyk aýrylman durdy. Bir çene ýetenden soň, Nejibeddin müstewfi bir gün emir Jelaleddiniň gaşyna bardy we Sahyp Tugraýyny ýazgardy we erbetligi barada sözler aýtdy, hem-de patyşa döwletiniň kada-kanunlarynyň haraplygy babatda ondan çykan hyýanaty Jelaleddine bildirdi. Ertesi döwlethanada ýygnanyşyk etdiler we ol meseläni derňediler.

Nejibeddin Sahyp Tugraýydan çykan erbetlikler we hyýanatlar baradaky gizlinlikde Jelaleddine aýdan zatlaryny begleriň huzurynda aç-açanlykda ýüzbe-ýüz durup ýene-de dile getirdi. Kesgin subutnamalar we anyk deliller bilen dawalaryny has ileri çekdi welin, Sahyp Tugraýynyň inkär etmäge we garşy durmaga mejaly galmady. Mertebesi we belentligi öz ornuny masgaralyga we peslige berdi. Şeýlelikde, hem Emir Jelaleddin ony çäksiz gazap bilen ýazgardy we wezirlik döwedini kakyp alyp, Tugraýynyň başyna urarman boldy. Ol ýerdäki begler we ulular garşy bolup, ýol bermediler. Ol gün mejlis şu

masgaraçylyk we peslik bilen sowuldy. Sahyp Tugraýy özüniň şowsuz we pese düşen halyna haýran boldy we onuň çäresini nädip tapmalydygyny bilmedi. Gün-günden öz mertebesiniň we derejesiniň pese gaçyşyna şaýat bolýardy. Döwlet işlerinde we diwan meselelerinde onuň sözlerine, hökümlerine hiç-hili gulak asmaýardylar.

Birden, şol günlerde Sahyp Mühezzibeddiniň ogly Mugyneddin Süleýman Arzynjan subaşylygy we goşun serkerdeligi babatynda Seýfeddin Taramtaý bilen çekeleşdiler. Olaryň ikisi hem bu dawany mongol hanlary tarapyndan Rumy basyp almaga gelen tatarlaryň serkerdesi Baýçuý noýanyň gaşyna eltdiler. Baýçuý emir Mugyneddin Süleýmanyň atasy Sahyp Mühezzibeddin bilen parahatçylykly döwürlerinde aşna bolupdy. Ol şol tanyşlyk we dostluk sebäpli Mugyneddiniň tarapyny tutmaga meýli bardy.

Sahyp Tugraýynyň Emir Mugyneddin bilen garyndaşlyk gatnaşygy bardy, ol onuň atasynyň terbiýeçisidi we kähudasydy. Ol şoňa daýanyp, özüniň Nejibeddin müstewfiniň mekirliginden ýaňa dörän kynçylyklaryny we betbagtçylygyny dep etmek üçin gapma-garşylykly dürli wakalar babatda uzyn we syrly namalar ýazyp, Baýçuýyň ýanyna baranda, ol babatda Soltan hezretine degişli näme zatlar aýtmalydygyny öwredip ýazdy. Soňra ony çaparlaryň eline berdi.

Tugraýynyň gullaryndan biri ol günlerde özüne gelişmeýän hereket edipdi, oňa edep we temmi berlipdi. Ol namalaryň ýazylyp, çaparlaryň eline berlendiginden habarly boldy. Onsoň çäksiz gaharyndan, kinesinden we gazabyndan bu ýagdaýy baş serkerde Samsameddin Gyýmaz begiň gulagyna ýetirdi. Ol merhum Soltan Alaeddiniň ýakyn gullaryndandy[1] we kämil sowatlylygy bilen birlikde çeper dili bardy. Emir Jelaleddiniň

[1] Soltanyň hyzmatyndaky serkerdeleri bilen esgerleri hem Soltanyň «guly» hasaplanypdyr.

terbiýesi bilen beýik derejelere ýetipdi, beýik işler bilen döwletde we ýurtda ummasyz işleri amala aşyrypdy. Möhüm işlerde köplenç onuň pikirine salgylanylýardy. Samsameddin adamlar gönderip, ýollary bekletdi. Olar ol namalary ele salyp, onuň gaşyna getirdiler. Samsameddin ol namalary Emir Jelaleddin gaşyna eltdi we ahwaly arz etdi. Onuň gaşynda we diwanynda ol namalaryň gizlin syrlaryny çözüp biljek bir kişi hem ýokdy. Diňe ymamlar başy Sadr Ymam Täjeddin weziriň ogly Möwlana Zeýneddin bardy. Ol Rum danalarynyň meşhurlarynyň biridi. Gowy gylyklylyk we takwalyk bilen öz döwründe deňsiz-taýsyz bolup, elini kanagat we ybadat ýeňine çekipdi. Eziz wagtlaryny Gurhany we hadyslary gowy bilmek , okamak we ýazmak bilen geçirerdi.

Samsameddin bilen aşnalygy we arkalaşygy bar bolanlygy sepäpli ol kyn namalaryň çözgüdini tapdy. Olaryň ýorgutlaryndan we manylaryndan habar tapdy we çeper jümleler bilen giňden düşündirdi. Emir Jelaleddin onuň manysyna düşündi. Onsoň soltan hezretiniň huzuryna bardy. Begleri we ululary häzir etdi. Namalary olaryň dykatyna ýetirdi.

Sahyp Tugraýyny häzir etdiler. Käbiri öz haty bilen, käbiri bolsa Zeýneddiniň haty bilen ýazylan namalardy. Oňa görkezdiler. Ol hatyny görüp, utandy we masgara boldy. Emir Jelaleddin soltanyň huzurynda oňa: «Soltan nygmatynyň hakyny ödemeklik bu şekilde bolmaz we Seljuk neberesine beýle wepadarlyk beýle edilmez» diýip, ony ýazgaryp başlady we ony Emir Dada yşarat etdi. Sahyp Tugraýyny soltan saraýynda bir öý içinde tussag etdiler. Üç-dört günden soňra Antalyýa gönderdiler we ol ýerde şäher tussagy etdiler. Onuň yzyny eýerijilerinden we toparlaryndan Esireddin atly bir müneçjim bardy. Ol onuň bu halyna örän gynanyp, pikir deňzinde çuňňur gulaçlap ýüzerdi we geň-täsin merjenleri çykarýardy.

Ol döwrüň seýrek duşýan üýtgeşik hilegärleriniň durmuşdan ökde baş çykaryp, ýol tapyp bilýän kişileriň biridi. Wepadarlykda, hakyny ödemekde, ar-namysda we mertebelilikde belli kişidi. Münejjimlikde Abu Reýhan onuň düşündirişine mätäçdi we hakykatyň syrlaryny açmakda Daniýal onuň pikir şöhlesinden nurlanypdy. Ol bir gün birden diwandan ýitirim boldy. Döwlet emeldarlarynyň onuň hilesinden we mekirliginden öňden habarlary bardy. Şonuň üçin her ýere nama ýazyp adamlar gönderdiler hem-de «Birden pitne ody tutaşmasyn soň ony söndürmeklige mümkinçilik bolmaz» diýip, her ýerden gözlediler. Ony tapmadylar. Bir müddetden soňra Baýçuý noýanyň huzuryna baran ilçiler ony Baýçuý noýanyň gaşynda gördüler. Käbir ilçileriň we begleriň düýeçilerine zat beripdi. Onsoň olar ony sandygyň içinde düýä ýükläp, Garabaga eltipdirler. Ol Baýçuý noýan gaşyna baranda, ýagdaýlary özüniň islegine laýyklykda, Baýçuýa arz etdi we oňa köp baýlyk berdi. Onsoň Baýçuý Alaeddin Aly beg bilen Jemaleddin Sujyny (Sawçyny) onuň Sahyp Tugraýynyň halas edilmegi üçin soltan hezretine gönderdi. Olar gelip gowuşdylar. Baýçunyň namasyny berip, habaryny, aýan etdiler. Baýçuý noýanyň hökümi esasynda Sahyp Tugraýyny Antalyýa bendiliginden çykaryp, Konýa getirdiler. Bir müddetden soňra ol ýerden ilçileriň ugratmagynda Baýçuý noýana tarap rowana boldy. Ýolda Reşideddin Emir Aryz[1] Jüweýni oňa birikdi. Olaryň bu saparyndaky ahwalynyň beýany soň anyk we doly berler, eger Alla islese.

[1] Emir Aryz – baş goşunbaşy. Bu at goşunbaşy derejesine geçen kişiniň lakamy bolup galýar.

# MERHUM, ŞEHIT SAHYP YZZEDDIN ATABEG MUHAMMET IBN MAHMYT RAZYNYŇ (ALLA OŇA REHMET ETSIN!) DÖWLETI DÖWRÜNIŇ WE WEZIRLIGINIŇ BEÝANY

Sahyp Kazy Yzzeddin Muhammet Razy belent hümmetli, kämil diýanatly we diýseň çeper sözli kişidi. Bu zatlary gudraty beýik we sözi belent Allatagala onuň mübärek alnynda we sahawatly durkunda mäkämledi we berkitdi. Gidişde-gelişde köp işleri we sözleri takdyra we ýazgyda muwapyk we golaý gelerdi. Döwrüniň halypalarynyň we zamanasynyň soltanlarynyň gözlerinde hemişe salyhatlylyk we rehimdarlyk nazary bilen seredilerdi. Hormat we sylag bilen garalardy. Ylymly we bilimli zaman serwerleriniň kabul edişlik bazarynda rowaçly bolan döwründe we hünärmentleriň we bilim eýeleriniň isleg-owazlary günüň şöhlesinden geçip, ylym baýdaklary beýikleriň çür depesine we hökmürowanlyk belentlikleriniň başyna erişýän döwründe uly beýik işler, halypa ýazylmaly hatlar oňa tabşyrylýardy. Onuň kazylygynyň höküm mejlisi we hatadan azatdy, biliminden we dogry garaýşynyň berekedinden ýaňa gorkudan we howsaladan boşdy. Onuň sapak beriş nyşanlary we öwrediş mejlisleri mübärek tagallalarynyň we yhlaslarynyň köplügi bilen nurludy we bezeglidi. Onuň ajap ahlagy, kämil günä geçmegi we mylaýymlygy şeýle bir derejededi welin, erbetligine (tersine) meşgul bolup, birje gezek günäsini geçmegini diläp, ötünç ýoly onuň sahawatyna ýüz tutup, ýanyna gelse, onuň gorky gubaryny mähremlik we sahawatlylyk suwy bilen ýuwup, ýok ederdi. Her kim bir gün aýagyny onuň gulluk halkasyna goýup, onuň hemaýat etegini tutsa, durmuş jebrinden we pelegiň mekir hilelerinden owal-ahyr aman bolardy.

Hawa, Sahyp Tugraýydan ol hal ýüze çykyp, begler begi Jelaleddiniň we ýurduň beýleki ulularynyň oý-pikirleri oňa

garşy üýtgänsoň, wezirlik kürsüsi ýurduň bähbidini gowy ýollar bilen ilerledip, zyýanlaryny serpikdirip duran bir geňeşdardan boş galdy. Ol hormatly işiň we mertebeli wezipäniň işini dolandyrmaga ýurt içinde Sahyp Kazy Yzzeddin Muhammetden gaýry hiç kim laýyk we mynasyp däldi. Emir Jelaleddin we soltanlyk köşgüniň ähli begleridir ululary wezirlik derejesine ony oturtmaklygy biragyzdan kabul etdiler. Doly ylalaşyk we ygtyýarlyk bilen pikir-tejribe alyşmakdan soňra wezirligi we raýatlaryň möhüm işlerini bitirmekligi onuň gujurly we parasatly aýasyna gowşurdylar. Onuň (wezirligiň) hökümlerini berkitmekde we ýatyrmakda, döwlet işleriniň meselelerini çözmekde we baglamakda özygtyýarlylyk hukugyny berdiler. Ol hem şol möhüm işleriň ilerlemeginde mynasyp akyla laýyk hereket edýärdi. Wezirlik hökümlerini ýerine ýetirýän döwründe Saýyn han hyzmatyndan Soltan Yzzeddin Keýkowusyň (Alla onuň delillerini nurlandyrsyn!) [öz] huzuryna gelmegini haýyş edip, yzyny üzmän ilçiler gelerdiler.

Rum soltanynyň bir kesekiniň hökümine bagly boljakdygy we hökmürowanlyk bilen ony çagyrmak üçin oňa söz aýtjakdyklary döwrüň güýçli patyşalarynyň we asyryň boýun egmezekleriniň hiç biriniň aňyndan hem asla geçmezdi. Bu geň ýagdaý ýazgaryjylyk dumany kibi janlara hoş ýakmaýardy. Sahyp Kazy Yzzeddin akyl-paýhaslylyk ýoly bilen haýyşlar we ötünçler diläp, ilçileri dürli-dümen keremdir-nygmata gark edip, ýene yzyna dondererdi. Elbetde, bu ötünçler Saýyn han hyzmatynda kabul bolman, we çaparlar yzygiderli gelip durup, olaryň tutanýerlilikleriniň, berk talaplarynyň yzy kesilmezdi.

Bialaç galyp, mejburlyk bilen erk-ygtyýarsyz galan Sahyp Kazy Yzzeddin, Atabeg Emir Jelaleddin Garataý, begler-begi Şemseddin Tawtaş, Emirahyr Fahreddin Arslan Dogmuş we Perwana Nyzameddin Hurşyt (Alla olara rehmet etsin!) üç

soltanyň – Yzzeddin Keýkowusyň, Rukneddin Gylyç Arslanyň we Alaeddin Keýkubadyň (Alla olara rehmet etsin!) hyzmatlarynda Kaýsaryýa tarapyna rowana boldular. Ýurtdan we etraplardan begleri we ululary bu işiň çözgüdi üçin we bu alajy (çäresi) üçin çagyrdylar. Olar Aksaraý etraplaryna baryp ýetdiler. Emejuk dagynyň şikärgähinde (aw ýerlerinde) Kaýsaryýanyň serkerdebaşysy, Soltan döwletiniň irki gullaryndan we uly beglerinden bolan Seýfeddin Türkäri gelip ýetdi. Onuň häsiýetinde gödeklik, gedemlik, bahyllyk we görübilmezçilik agdyklyk edýärdi. Şerap we bezim mejlislerinde soltanyň hyzmatynda örän gödeksi bolup, soltany hemişe içgä we eşrete höwesli edip, begleriň yzzat-hormatyny soltanyň nazarynda harlyk we peselik derejesine ýetirerdi. Özüniň bazarynyň rowaçlygy üçin bolsa soltanyň häsiýetine we oý-pikirine laýyk sözler aýdardy. Begleriň we ulularyň hormatyny pese gaçyrmak üçin soltany şuňa iterdi, ýagny ol gulmanlary[1] we iň pes kişileri ýokary çekdi. Her birine uly wezipeler we beglikleri berdi. Wagtyň geçmegi bilen begleriň üstünde musallat (hökmürowan) bolup, mäkämleşdiler. Emma doldurmaga boýun hem bolsalar, gaznany däl-de başga hadysalary (özleriniňkini) altyn käni we bahry-umman kibi dolduryp, püre-pür etdiler. Bu wagtda Amydyň häkimi Şemseddin Altyn beg soltan hezretleriniň huzuryna baryp ýetdi. Ol abraýy, kämilligi, parasatlylygy, akyllylygy, çuň pikirliligi, il aladaçyllygy, soltanlygyň namysyny goraýanlygy, sahylygy, utanç-haýalylygy, ýatkeşligi we wepadarlygy bilen beýleki kethudalaryň we asylly adamlaryň arasyndan saýlanyp, aýratyn hormata eýedi. Ol ähli işleri edil dilberleriň[2] zülpi kimin perişan we bulam-bujar ýagdaýda gördi. Hazynanyň baýlygynda we serişdesinde biderek harajatlar, hetdenaşa

[1] Gullardan ybarat bolan soltan goşuny.

[2] Söýgüli gyzlar.

sahylykdyr isripçilikler sebäpli çäksiz ýitgilerdir çykdajylaryň bolandygyny gördi. Onsoň nägilelik we tagna dilini uzadyp, Emir Jelaleddine beýleki beglerine we kethudalaryna käýindi we aýtdy:

– Geçen uly patyşalara şeýle baýlygyň ondan biri-de nesip etmedik merhum soltan Alaeddin özüniň şeýle beýikligi, güýçliligi we gudratlylygy bilen hem bu mukdarda isripçilikdir çykdajy etmändi. Siz bolsa, kätipleri azaldyp, zat ýazyp bilmeýän (bisowat) nadan eminleri köpeldipsiňiz. Beýle boljak bolsa, ýygnalan hasyl harja (çykdaýja) ýetişmez. Zulum bilen dolduran bu hazynaňyz siziň ýyllyk harjyňyza we mongollara töleýän salgydyňyza ýetmez. Eger Soltan bar başarýan zady betbagtlyk we şowsuzlyk bolan bu betpäl dostlary bilen edýän bu aýşy-eşret düzgünini terk etse, olardan çetleşmegi zerur iş diýip hasaplasa, Rabbany[1] hökümi bilen ýurt patyşalygyna saýlanan patyşalaryň nazarynda ykrar edilerdi. Olaryň bargähine rowana bolmak üçin garşydaşlara bolan gahary özüňde jemläp, bahyllary dyza çökermelidir, şäherleri dikeltmelidir we taňry bendeleri üçin abadançylyk döretmelidir. Bu sözleri arassa bagtlylyk hasaplap, ahlak-abraýy pes bolan ynsanlardan gaça dursa, onuň beýikligi we buýsanjy artar gider.

Bu nesihatlara eýerip, isripden biraz saklanyp, başladylar. Hazynalary balygyň garnyndaky Ýunus kibi, dürli-dümen harytlardan we pullardan doldurdylar. Soltan şady-horram bolup, juwanlyk howalasy bilen elmydama çeňe we şeraba meşgul bolup, etrapda we sebitlerde rahatlyk emele geldi.

Şemseddin Altyn begiň nesihatyndan Türkäriniň synasynda çäksiz kine baglandy. Olaryň aralarynda kinedir gapma-garşylyk sebäbli duşmançylyk ýüze çykdy. Türkäriniň bahyllygy kalbynda joşa geldi we Şemseddin Altyn begiň

[1] Hudaýdan gelen, Hudaýyň permany.

ýakynlaryndan Fahreddin Belek atly bir betbagty ýalan wadalar berip, baýlyk harç edip, özüne ýar edindi. Onsoň ol onuň tabşyrygyna razy bolup, Altyn begiň çakyr guýulýan küýzesine heläk ediji awy damdyryp, üstüne çakyr guýdy. Naz-nygmatlar geleninden soňra Atabege berdi. Atabeg içdi. Üç günden soňra janyny jenneti ryzwana[1] tabşyrdy. Mirasdary ýokdy, gaty köp maly galdy. Ony döwlet gaznasyna geçirdiler. Belek melguna bolsa özüniň nygmat berijisine biwepalyk (dönüklik) edenligi sebäpli baky nälet galdy. «Öňki duşmançylygymyza dolanýarys» diýen söz esasynda soltan hem han hyzmatyna rowana bolmak niýeti bilen iki gardaşy Rukneddin Gylyç Arslany we Alaeddin Keýkubady Jelaleddin Garataýy, Şemseddin Tawtaş we Fahreddin Arslan Dogmuş bilen Kaýsaryýada goýdy. Özi Siwas tarapyna ýola düşdi.

Türkäriniň tekepbirligi we ulumsylygy gün-günden artýardy. Onsoň Soltan hezretiniň ähli ýakynlary, şol sanda özüniň terbiýeçileri hem Türkäriniň çäkden çykma nadanlygy we akmaklygy sebäpli edýän işlerine, nälaýyk we gödek hereketlerinden ýaňa ondan çekinip we çetleşip başladylar. Soltan hezretiniň hyzmatynda pursat bolan wagtlarynda soltanyň ol hakyndaky garaýşyny sahawatlylykdan guma garmak pikirine getirerleri ýaly, onuň ykbal daragtynyň kesilmegi we döwletiniň şahaly agajynyň köki bilen goparylmagy babatynda sözler sözlediler.

Soltan onuň harlanmagyna we gazap edilmegine perman berdi. Olar dönüp, ony Mindas galasyna eltdiler we şol ýerde hem ony heläk etdiler.

Bu wagt aralygynda Emir Jelaleddin Atabeg Garataýynyň (Alla oňa rehmet etsin!) Kaýsaryýa sebitlerinde aradan çykandygy barasynda habar geldi. Soltan ol habary eşidip, perişan boldy. Ýurt ahwalyny buýr-bulaşyk we dagynyk

[1] Ryzwan – jennet, jennet bagy.

ýagdaýda gördi. Ilçilerden ötünçler diläp, olara dürli-dürli yhsan etdi we ýurtlaryna gönderdi. Özi bolsa ýene Kaýsaryýa dolanyp bardy. Garyndaşlary Rukneddin Gylyç Arslan, Alaeddin Keýkubat we olar bilen galan beglerdir ulular ony garşylamak üçin Kaýsaryýadan Gedüge (Gädige) çenli geldiler we iki tarapyň begleri biri-birine ulaşdylar. Onsoň hylwatda oturyp: «Patyşanyň han hezretine rowana bolup, ýene-de yzyna dolanandygy üçin gelende nähili görnüşde ötünçler soralyň?» diýip, maslahat etdiler. Ahyry pikirlenip şeýle karar etdiler: muňa karar tutdy: Soltanyň kiçi gardaşy Alaeddin Keýkubady gardaşy (Soltan) tarapyndan ötünç diläp, harajatlarynyň köp, girdejileriniň bolsa gaty ujypsyz bolandygyny beýan eder ýaly, Ilhanyň hyzmatyna ibermeli.

Onsoň Emir Seýfeddin Taramtaýy, Şujageddin Abdyrahman Naýyby, Bedreddin Muslyh Lalany we Nureddin Abdyllany birgiden esbaplar, sowgatlar we peşgeşler bilen han hyzmatyna iberdiler. Ýolda Soltan Gyýaseddiniň enesine, Sahyp Tugraýa we Reşideddin Emir Aryza hem-de Sahyp Tugraýa dostlugy we tarapdarlygy jähtinden biçäreligi we awaralygy[1] ygtyýar eden bir taýpa duş geldiler. Olar hem özlerini Alaeddin Keýkubadyň tabynlarynyň hataryna goşdular. Onuň tarapdarlary we goldawçylary boldular. Haýsy ýere baryp ýetseler «Ýurduň soltanlygy munuňkydyr» diýip, aýdardylar. Ol sebäpli Sahyp Tugraýy bilen Şujageddin Raýysyň arasynda gapma-garşylyklar, jedeller we düşünişmezlikler ýüze çykdy.

Olaryň halynyň beýany, enşaalla, öz ýerinde giňişleýin beýan ediler.

[1] Sergezdançylyk.

## SOLTAN YZZEDDIN BILEN SOLTAN RUKNEDDININŇ GAPMA-GARŞYLYGYNYŇ, OLARYŇ IKINJI GEZEKKI SÖWEŞININŇ ÝÜZE ÇYKMAGYNYŇ WE SOLTAN RUKNEDDININŇ ÝEŇILMEGININŇ WE ELE DÜŞMEGININŇ HEM-DE ONUŇ GALADA TUSSAGDA BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Yzzeddin gardaşyny han hyzmatyna iberdi. Özi Rukneddin Gylyç Arslan bilen Konýa ugrady. Onda aýşy-eşrete, berim-peşgeşdir sowgada, ýigitlik arzuwyna we göwün maksadyna meşgul boldy. Iň pes bihünär we biasyl kişileri hyzmatyna ýakyn we mahsus etdi. Hemişe yhlasdyr tagallalaryny soltanlyk binýadynyň mäkämleşmegine sarp edýän döwlet emeldarlaryna, beglerine we kethudalaryna bolsa, Oguz töresine we soltanlaryň ýörelge-däplerine ters gelýän bu ýol nälaýyk geldi, Olaryň söýgülerinde päk göwünliklerinde we yhlaslarynda erbet garalyklar peýda boldy. Soltanyň daýylary rumlylar [hem şu ýerde] bardy. Hemişe din gapma-garşylygy sebäpli begler we döwlet emeldarlary olardan ar ederdi. Hemişe biri-birini ýigrenip, ýekirip, ýörerlerdi. Olar Soltanyň işine gatyşyp, ýurduň möhüm işlerine garyşardylar. Hemişe tagt üstünde gardaşy bilen bile oturan Soltan Rukneddin bilen dartgynlyga we jedelleşmeklige başlap, päsgelçilikler döredýärdiler, oňa edepli adamlaryň halamaýan sözlerini aýdýardylar. Çünki olar ony elmydama bendilikde we perişanlykda diýip hasaplardylar, işleriň soňuny pikir etmezdiler. Soltan Rukneddin şeýle köp olaryň jebir-sütem «şerabyny» noş edip, köp azarlar çekipdi. Bir gün ol ýekelikde oturdy we bu gam-gussanyň pikirinde haýran bolan başyny aşak egip, jahany görüji badam gözlerinden dür merjenlerini lagyl keşpli ýüzi üzerine rowan eýläpdi. Birden, Kemaleddin atly aşhana emiri gaşyna geldi. Ol onuň hyzmatynda Türküstan

saparlarynda hem bile bolupdy[1], köp hukuklary gazanypdy. Şol zatlaryň üsti bilen sözleşik we ýakynlaşyk (golaýlyk) mertebesine eýe bolupdy. Ol Soltan Rukneddini tolgunýan, sussypes we aglaýan halda görüp, gam-gussadan sabaýança biraz sabyr edip garaşdy. Soňra sowal berdi:

– Hudawentgäriň[2] melullygynyň we aglamasynyň sebäbi nedir?! Eger halyndan bu guluna habar berse, onda onuň çäresini edip bilerdim – diýdi. Soltan Kemalyň sowalyna bu beýtler bilen jogap berdi:

Uş[3] men ki lybasy aýşdan urýanam[4],
Çün, gerdişi ruzgär[5] sergezdanam[6].

Her şam[7] ki, ola, onda ben gamgynam
Her subh[8] ki güle[9], onda ben girýanam[10].

[Bu setirler onuň] synasynyň sahypasynda ýazylypdy, uzak gijeler we bütin gündizler şony gaýtalamak bilen gününi geçirerdi. [Muny Kemaleddine] äşgär etdi.

Kemaleddin aýtdy:

– Bu babatda guluňyň ýadyna bir hekaýat (pikir) geldi, men ony saňa şeýle şert bilen aýdaýyn: diňe ikimiz bolmaly, üçünji biri ony bilmeli däl. Onuň amala aşmasyna Şahyjahan

---

[1] Soltan Rukneddin dawa-jenjeller sebäpli ýürdüň soltany tarapyndan ýürtdan çykarylýar. Şonda ol sergezdançylykda Türküstanda hem köp gezýär. Bu ýerde şol ýatlanylýar.

[2] Hudawentgär – hökümdar, bu ýerde soltan manysynda.

[3] Uş – şu.

[4] Urýan – ýalaňaç.

[5] Gerdişi ruzgär – aýlanýan pelek, öwrülýän durmuş.

[6] Sergerdan – aýlanma, başy aýlanma.

[7] Şam – agşam.

[8] Subh – daňda.

[9] Güle – gülmek, bu ýerde daňyň (ýylgyryp) atmagy.

[10] Girýan – aglaýan, ahy-nala edýän.

uly ähmiýet bermeli, başlamaly wagtyny özi aýtmaly – diýdi. Soltan Rüknüddin:

– Beýan et, eşideýin – diýdi.

Kemal[1] aýtdy:

– Eger soltan bu mesele babatynda Dewelu[2] goşunbaşysy Nusrateddine bir hat ýazyp iberse, sebäbi ol hemişe soltanyň wepadar tarapdary bolup gelýärdi we ýene bir namany hem häzirki wagtda Kaýsaryýyanyň goşunbaşysy bolan Samsameddin Emir Aryza ýazsa, çünki ol häzirki ýagdaýda yzzat depesinden biçäreligiň oýuna inipdir hem-de Soltan Yzzeddiniň beglerinden we daýylaryndan örän kineli we göwnüsynyk bolup ýör. Haty ýazyp bu gul bilen ibersin. Bu gul hem tizden-tiz maslahatyň jogabyny getirer – diýdi.

Soltan Rukneddin Kemalyň aýdan pikirine laýyklykda derdi-gussadan doly birnäçe setir ýazyp, Kemal bilen Samsameddine gönderdi. Ol hem alty günden soňra dolanyp gelip, hatyň jogabyny ýetirdi. Hatda şeýle diýip ýazylgydy:

«Soltany älem makul bilen ýoluny saýlap, özüni Kaýsaryýa atsyn. Ondan soňra ol bu gullaryň gurbatynyň çatdygyça nähili duruşjakdyklaryny görsün!».

Soltan jogaby okady-da Kemala:

– Bize belanyň öýjügi we jetligiň jelagaýy bolan Konýadan nädip Kaýsaryýa ýa-da Deweluwa aşmak miýesser bolar?

Kemal jogap berdi:

– Eger soltan bu guluň sözüni üns bilen diňlese, hiç gümansyz amallar aýnasynda umytlar we maksatlar ýüzüni aýan görer – diýip aýtdy.

Soltan Kemala aýtdy:

– Aýt!

Kemal aýtdy:

---

[1] Asyl nusgada şundan soň Kemaleddin gysgaldylyp «Kemal» görnüşinde berlipdir.

[2] Bu söz aslynda «Düýeli» manysyny aňladyp, düýeçi taýpasynyň ornaşan etraplaryna berlen atdyr.

– Soltan özüniň has ýeg gullarynyň birnäçesini, ýöne olar ynamly we ygtybarly kişiler bolsun, bu syrdan habarly etsin. Ýyldyrym dek ýörişli we gowy atlardan birnäçesini belli bir ýerde ýarag bilen häzir etsinler. Soltan soltanlyk aşhanasynyň hyzmatkär gullarynyň eşigine girsin. Men, aşhananyň gündelik gerek höregini almak üçin her gün bir uly hançany[1] gullaryň başyna goýup, bazara gidýärin. Şeýle ýol bilen hançany soltanyň başynyň üstüne goýup, örtük ederin. Şeýle edilse, Soltanyň mübärek ýüzi il gözünden belli-külli ýapyk bolar. Men onuň öňüne düşerin we soltany ol kirli-pirli dony bilen tä gullaryň atlary tutup duran ýerine çenli elterin. Emma soltan meniň yzymy basyp tiz-tiz ýöresin, hiç tarapa göz aýlamasyn. Şol ýere ýetenimizde Hak Hudaýa töwekgel edip, atlananymyzdan soňra gijesi bilen ertire çenli ýol sökeliň. At gaşandyrmakdan[2] başga hiç ýerde eglenmäliň.

Şeýlelikde, ertir daň ýaňy saz berende Aksaraý sebitlerinden geçip, bagtyýar täleý we soňy haýyrly bolan bagt bilen, Hoja Mesgut kerwensaraýyna baryp ýeteris. Şol ýerde bir salym atlara dynç bereliň. Ondan turup, çöli we dagy geçip, Deweluwa baralyň – diýdi.

Bu gep soltanyň maňzyna batdy. Ol mähremlige mynasyp has gullaryny bu pikirden habarly etdi. Ýüwrük atly ýigrimi sany gul häzir boldy. Soltanyň şahsy atyny Filubat obasyna eltip, şol ýerde taýýarlap goýdular. Soltan Kemalyň pikiri bilen egnine garamaýak lybasyny geýdi, hançany başyna goýdy we şäheriň daşyna çykdy. Bellenilen ýere baryp ýetdiler we atlandylar. Şol gün we şol gije daň atýança sürdüler. Säher wagtynda şertleşilen menzile baryp ýetdiler. Ol ýerde bir zaman dynç aldylar. Ondan soňra dagdyr sährany söküp, Deweluwa bardylar.

---

[1] Hança – 1) ýasy, giň mis tabak; mejme; 2) saçak.

[2] Gaşandyrmak – gaşamak, ýagny atlara az-kem dynç bermek, eýe-esbabyny aýyrmak. Atlary ýalaňaçlap goýberip, az-kem dynç bermek.

Çaparlar Nusrateddine soltanyň ýola düşenininiň habaryny eltdiler. Ol öňünden çykdy, nazary soltanyň ýüzüne düşende, atdan inip, ýere düşdi we ýer öpdi. Hojaýynyňy söýmek şertine laýyklykda patyşalara laýyk myhmandarlygy we edebi ýerine ýetirdi. Dessine «Soltan Rukneddin bu tarapa geldi, iki günden soňra ol ýere barjakdyr» diýip, Samsameddin Gyýmaza bir hat ýazyp, Kaýsaryýa gönderdi. Samsameddin hem özüne degişli goşunyny jem edip atlandy we Dewelu tarapa rowana boldy. Dagy kesip geçip, ol tarapa aşan ýerinde Soltanyň we Nusrateddiniň ýygyny-märekesi göründi. Samsameddin atdan inip, ýöräp baryp, şa öňünde ýüzüni ýere goýdy we elini ogşamak bilen şatlygyny bildirdi. Uly dabara we haýbat bilen Soltany şähere getirdiler. Ähli däpler we dessurlar bilen ýurduň sütüni bolan adamlaryň gatnaşmagynda tagta geçirdiler. Ýurtlaryň etraplaryna ilçiler we hatlar ýollanyldy. Halka umytlar we süýji wadalar bilen özüne imrindiriji hatlar ýazdylar. Az wagtyň içinde köp sanly goşun Soltan Rukneddiniň huzuryna ýüz goýdy we Kaýsaryýada uly jemagat toplandy.

Soltan Rukneddin Konýadan ýola düşende, Soltan Yzzeddin bu wakadan habarly bolup, onuň yzyndan goşun gönderdi. Köp wagt ýöräp, esli ýol geçdiler. Kerwenden «Soltan Rukneddin bu gün Deweluwa baryp ýetdi» diýip eşidenlerinde, umytlary kesilip, yza döndüler we ýagdaýy Soltan hezretine mälim etdiler. Soltan döwlet adamlarynyň makullamagy bilen seljuk soltanlygynyň we nesliniň wepaly tarapdary begler begi Şemseddin Tawtaşy, onuň dindarlygyna, dogruçyllygyna we howandarlygyna ynamly bil baglap, Soltan Rukneddini döndürmäge we nesihat etmäge gönderdiler. Şemseddin Tawtaş Soltany Kaýsaryýada tapyp, elini öpenden soňra nesihata başlady.

Soltan Rukneddin oňa gazaplandy we heläk etmäge topuldy. Samsameddin ara düşüp, ýol bermedi. Soňra ony

(Tawtaşy) tutup, demirläp, Dewelu töweregindäki Öksüt gowagyna gönderdi. Birnäçe günden soň yzyna – Kaýsaryýa getirdiler. Ony Soltan Rukneddiniň hökmürowanlygyna we wepadarlygyna ant içirdiler, ony hem bu gapma-garşylykda özleri bilen ýaran etdiler.

Ebelistanyň goşunbaşysy Felekeddin Halyl Kürdi we Husameddin Bençary çagyrmak üçin hem çaparlardyr perman gönderdi. Olar agzybirlikde «Eşitdik we boýun bolduk» diýip, Soltan Rukneddiniň hyzmatyna Kaýsaryýa geldiler. Onuň goşunynyň sany gün-günden artýardy. Begleriň we il-halkyň bütinleý onuň tarapyna meýilleri bardy. Rumdan we Ermenide ýaşaýan oguz taýpalarynyň sag gol we sol gol beglerinden atly goşuna ýolbaşçylyk edýän merdana batyr begler onuň ýanyna gelerdiler. Günde Keýkubadyň düzgünine laýyk dabara bilen seýrana çykardy. «Birden goşun bilen Konýa çozarlar» diýip, gün-günden taýýarlygy güýçlendirip, ýarag-şaýyny tutardylar. Eger şeýle ediläýse, myratlary hasyl boljakdy.

Soltan Yzzeddin Şemseddin begler begi Tawtaşyň tutulyp, soňra jebir bilen Soltan Rukneddiniň tarapdarlygyna ant içendigini eşidip melul boldy. Onuň ýanyndaky begler bu kyssany eşidip gussa derýasyna gark boldular. Bu wakanyň arasynda Felekeddin Halyl we Husameddin Bençar özleriniň bir bölek goşuny bilen Aksaraýdan bir menzillikde bolan ýoldaky Soltan Alaeddin kerwensaraýyna çozuş etdiler. Ol kerwensaraýda düşlän kerweniň bezirgenleri kerwensaraýyň gapysyny ýapyp söweşdiler. Olar gapa ot urup ýakdylar we ol biçäre halkyň kimsini öldürdiler, kimsiniň malyny alyp goýberdiler.

Birden Kaýsaryýa tarapda bolan Sahyp Mühezzibeddiniň ogly Mugyneddin Süleýman bilen Hatyreddin Konýa geldi. Olaryň gelmegi bilen Soltanyň we ýanyndakylaryň ýüzlerinde şatlyk gülleri açyldy. Sahyp Yzzeddin we beýleki döwlet adamlary olaryň şol ýerde bolmagyndan goldaw tapdylar.

Keýkubady altynlardan doly hazyna sandyklaryny açyp dökdüler.

Öňki arap, ýywa, gençli, kürt we gypjak goşunlaryndan gaýry ýene-de köp sanly goşuny hakyna tutmak bilen jemlediler we gardaşy bilen uruşmaga ýöriş etdi. Kyr şäheriniň ýolundan Tuzagajy welaýatyna baryp ýetdiler. Kowum we garyndaşlyga uýmak ýoluny tutmagy delil edip: «Häzir Siwas, Malatyýa, Amyt, Hartpert we şolara degişli ýerler bilen çäklenip kanagatly bolsun we bu gazap gubaryny köňlünden ýuwup, ýurda şol ýerlere barsyn» diýip, alymlaryň we danalaryň piri Sadreddin Welet Mejdeddin Yshagy we takwalaryň şyhy Humameddin Şat Bährini (Alla olaryň ikisine-de rehmet etsin!) şol gardaşynyň ýanyna ugratdy.

Ilçiler Soltan Rukneddiniň ýanyna bardylar we bu habary ýetirdiler. Samsameddin, Nusrateddin, Felekeddin we Husameddin Bençar ol mukdar welaýaty azyrgandylar. Onsoň Kaýsaryýanyň kazysy Möwlana Jelaleddin Hotany ol meseläniň jogaby üçin olara goşup gönderdiler we Kaýsaryýa bilen Kyr şäherini hem islediler. Möwlana Jelaleddin Ahmet Hysary obasynda, baryp, Soltan Yzzeddiniň dälizinde bu barada sözledi. Birden Horezmlileriň we beýleki watandan aýra düşen goşun bölümleriniň baştutanlary bolan Sadreddin Gutly Şir, Zeýneddin Aly Bahadyr we Jemaleddin Horasany dagy ahy-perýat edip gygyryşdylar hem-de Soltan Yzzeddiniň emeldarlaryna we beglerine aýtdylar:

– Munça olara ýalbarmak nämä gerek. Beýtsek bize ejizdir we howsala düşýändir öýderler. Eger Soltan Rukneddin Soltan Yzzeddiniň aýdanlaryna razy bolsa, ol tarapa ugrasyn. Eger artykmaç talap etse, onda biz razy däldiris. Mundan soň, onuň bilen biziň sözümiz naýzanyň dilinden başga zat bilen bolup bilmez.

Soltanlyk hezretiniň begleri olaryň sözüne üns bermediler, hem-de Kaýsaryýany we Kyr şäherini hem bermäge Soltany

yryp, razy etdiler. Soltan ol ikisini hem gardaşyna berdi. Permanyň hem ýazylmagy gerekdi. Onsoň ýene-de Humameddini we Jelaleddin Hotanyny razylyk berlendigini hem-de doganlyk umydynyň hasyl bolandygyny habar bermek üçin iberdiler. «Nähili jogap gelerkä?» diýip, göz dikip ýoluna garaşýardylar.

Ýöne, birden, Soltan Rukneddiniň goşuny göründi. Soltan Yzzeddiniň goşunlarynyň birtopary çadyrlarynda ýatan bolsalar-da we Humameddine garaşyp, gylyçlaryny we gürzülerini çözüp, atlarynyň eýerlerini aýran bolsalar-da derrew joşa gelip, sowutlaryny geýdiler we ýaraglaryny guşandylar. Iki goşun şir we peleň kibi jeň etmäge başladylar. Ilki Sinaneddin Gyýmaz (Gaýmaz) ogly Nusrateddin we Felekeddin Halyl hüjüm etdiler. Ýöne Soltan Yzzeddiniň esgerleri ýerlerinde mäkäm durdular. Olaryň ilkinji hüjümine sabyr-takat edip berk durdular. Nusrat bilen Felegiň haýbat zarbasynyň ýeli kesildi. Ýene bir gezek hemle etdiler, ýene-de şowsuz hem ýitgili boldy. Üçünji gezekde Soltan Yzzeddiniň merkezde duran goşunlary hemle etdiler we söweşe girişdiler. Aly Bahadyr arap goşuny bilen sol goldan olaryň üstüne döküldi we ok-naýzalar bilen urup-ýykyp, heläkçilik baryny görkezdiler. Olaryň hatarlaryny we saplaryny biri-birine gardylar-da, dagatdylar. Ol halatda Nusrateddiniň aty büdredi. Atdan ýykyldy, ony tutdular. Felekeddin Halyl ýeňlip gaçdy. Samsameddine Kuraýyş ogly sataşyp, ýaradar edip tutdy we ony Soltanyň ýanyna getirdi. Ony we Nusrateddini Soltanyň daýylary heläk etdiler.

Soltan Rukneddin Sise ýöriş etmek niýeti bilen Dewelu tarapyna rowana boldy. Şol gije onuň geçen birinji menzilinde [türkmenler ýaşaýardylar.] Türkmenler oňa arka durmaga çekindiler we ýagdaýy Soltana (Yzzeddine) ýetirdiler. Fahreddin Arslan Dogmuş şol ýere rowana boldy. Ol Soltan Rukneddini ähdi-peýman we ant bilen göwnüni awlap we yryp,

Kaýsaryýa getirdi. Soltan Yzzeddine gardaşynyň gelenini habar berdiler. Ol derrew onuň öňünden çykyp garşy aldy. Guça-guça görüşdiler. Soltan Yzzeddin gardaşyna kän göwünlikler berdi we oňa:

– Bu wakalar Gyýmaz ogly Nusradyň, Felekeddiniň we Samsameddiniň gara pikirleriniň günäsinden boldy. Eziz gardaşymyň öz beýik mertebeli köňlüni perişan etmän, aladalara batmazlygy gerekdir. Herne maksady we myrady bar bolsa, hazynadan we athanadan isledigiçe alyp, sarp etsin – diýdi.

Şeýdip, biri-biri bilen gürrüň ede-ede gitdiler we baryp Keýhysrowyýa galasynda gondular. Saçak ýazyldy, nahar çekildi, iýip-içdiler. Soltan Rukneddine agyr halat we don geýdirdi. Uýanly atlar we birgiden altyn we baýlyk berdi. Ýaşamak üçin Amasyýany ýa-da Burguluny saýlamaklyga ygtyýar berdi. Soltan Rukneddin Amasýany saýlady. Hormat, sylag we uly dabara bilen Soltan Rukneddini Amasyýa galasyna eltdiler.

Soltan Rukneddin bir müddet Amasyýada galdy. Howanyň agyrlygyndan (ýaramsyzlygyndan) sahyllyk we sahawatlylyk älemi bolan bu kişiniň jomart durkunda üýtgeşiklik we özgerişlik peýda boldy. Ol Soltana bu dogruda nama ýazdy we ol ýeriň ýaramaýanlygyndan şikaýat etdi. Soltandan rugsat alyp, Amasyýadan Burguluýa ugrady. Şol ýerde bol-elin we rahat ýaşady. Birneme soňrak onuň maly-haly we garaşsyzlyk ýoly bilen patyşalyk tagtynda orun tutandygy hakynda, enşaalla aýdylsa gerek.

## BAÝÇUÝ NOÝANYŇ RUM ÝURDUNA IKINJI GEZEK GELŞI, ŞOL EÝÝAMLARDA ÝÜZE ÇYKAN HADYSALARYŇ, KEMÇILIKLERIŇ WE BOLAN WAKALARYŇ BEÝANY

Sahyp kazy Yzzeddin Muhammet Şehit Razy soltanlyk diwanynda wezirlik derejesine geçdi we ýurtda ýöredilýän hökümleriň açarlaryny eline aldy. Baýçuý noýan we galan noýanlaryň ilçileriniň Rum ýurduna yzly-yzyna gelýänini gördi. Her ýyl hazynadan bol serişdeler mongol beglerine we olaryň hatynlaryna sowgat hökmünde sarp edilerdi. Hiç halda şol gelýän däpden boýun gaçyrylmazdy. Girdeji azalyp, çykdajy köpelip ugrady. Sahyp Yzzeddin, Atabeg Jelaleddin Garataýy we Şemseddin Tawtaş, begler begi we Emirahyr Fahreddin Arslan Dogmuş, bu dört döwlet emeldarlary bu hadysanyň alajyny gözlediler we bu başdan inen kynçylygyň çykalgasyny gözläp köp pikir etdiler we çäresini agtardylar. Ahyrsoňy han[1] tarapyndan ilçiler we perman gelip, Baýçuý noýanyň jebri-jepasyndan gutular ýaly we ondan gelýän ilçileriň yzly-yzyna gelip duruşlarynyň soňuna çykylar ýaly, ýagdaýlary düzetmek üçin bu meseläni han hezretine süýji dil bilen arz etmäge, sözlerine gulak salynaýjak uly begleri ibermegi dogry hasap etdiler.

Bu pikiri dogry tapdylar. Munuň ýaly uly işi başarjaňlyk bilen bitiräýjek bir ilçini saýlap seçmegi geňeş etdiler. Bu bapda saýlaw bijesi beýik sahyp Agzam Emirdat Fahreddöwle Weddin[2] Alynyň üstünden düşdi. Ony bu möhüme wekil edip bellediler we sowgat-serpaýdan başga-da oňa näme laýyk we rowa görülýän bolsa we döwletiň munuň ýaly nesilşalygyndan

---

[1] Bu ýerde mongol hany göz öňüne tutulýar.

[2] Bu atlar lakam edilip dakylan atlar bolup, olar soňra has adyň ýerine ulanylypdyr. «Fahr» «buýsanç» diýmegi aňladýar. «Fahreddöwle Weddin» sözi «Döwletiň we diniň buýsanjy» diýen manyny aňladýar.

olary ýararly zatlar bar bolsa, baryny taýýar etdiler. Çykdajy we ýol harçlygy üçin ýüz müň soltan Alaeddin puluny hazynadan berdiler we ýola rowana etdiler.

Olar dergähe ýetip, maksatlaryny arz etdiler. Han merhemet edip, mylaýymlylyk bilen serpaýlady. Soňra Baýçuý we beýleki begler tarapyndan öň Rum ýurduna bu möhüm üçin bellenilen ilçileri we olaryň ýolbaşçysy Şemseddin Gazwinini (Kazwinini) saklap ol babatda ýarlyk we paýza berdi. Onsoň Togtasyn Ýargujyny[1] ynamly nökerler bilen ähli patyşazadalar[2] tarapyndan Sahyp Agzam Fahreddin Aly bilen bilelikde Rum ýurduna ugratdy. Olar dönüp gelenlerinde Baýçuý noýana bu hökümi eşitdirdiler. Ol we beýleki noýanlar Rum döwletine gelip-gitmekden kesildiler.

Baýçuý Fahreddin Aly begler begä garap:

– Sen meniň üçin Rum welaýatyndan bir sähel zat alyp bilerim ýaly bir bahana goýmagyň gerekdi. Meniň Rum döwletinden näumyt boldugym (galdygym) anyk, size erbet boljagydyr – diýdi.

Rum ýurduna gelip ýetdiler. Olar soltana döwlet emeldarlaryna we ýargujylara çäksiz hezzet-hormat we yhsan ederlerdi. Baýçuýnyň ilçileri kesilip, az gelip başladylar. Kämahal bir gelseler-de olara känbir üns hem bermezdiler. Hökmürowan soltan we onuň ýaranlary wagty hoşluga meşguldy. Il we welaýat asuda we rahatdy, halypalar öýüniň ilçileri şeýle-de Şam, Mosul, Mardin, Rum we Pereň ilçileri soltanlyk hezretine erkin we asudalykda sowgat-serpaýlar bilen gelip-giderlerdi. Ýöne Margaş jeňňellerinde we sähralarynda ýazlaýan we gyşlaýan Agajeri boýy soltanyň öňünde günäkär boldular. Sagda we solda, Rum, Şam we Ermeni ýurtlarynda ýollar kesip, kerwenleri talarlardy. Sahyp Yzzeddin we

---

[1] Ýargujy – ýaryjy; bu söz gadymy türkmen dilinde «kazy» manysyny berip, dogry bilen nädogrynyň arasyny ýaryp, bölüp berýän adam manysyny aňladýar.

[2] Bu ýerde mongol şazadalary göz öňünde tutulýar.

Şemseddin Tawtaş begler begi we ýakynlykda uly mertebelere ýeten käbir soltanlyk hezretiniň aýratyn kişileri goşunlar bilen Agajeri türklerini dep etmek üçin Kaýsaryýa ugradylar. Ol zamanda Jelaleddin Garataý Hak dergähine gowuşypdy. Fahreddin Arslan Dogmuş Emirahur soltan hezretiniň hyzmatynda Falagnudada, Antalyýada we şol sebitlerde galypdy. Sahyp Agzam Fahreddin Emirdat bol mal we nygmat bilen han hyzmatyna ugrapdy. Birden, «Baýçuý noýanyň uly goşunlary aýallary we ogul-gyzlary bilen bu diýaryň kastyna gelýär, goşunyň öň hatary Arzynjana baryp ýetdi» diýip, bir habar boldy. Soltanyň Agajeri pitnesini dep etmek üçin Kaýsaryýadan Ebelistan tarapyna barýan käbir goşuny bu habary eşidip, yza dönüp howlukmaçlyk bilen Kaýsaryýa geldiler.

Ol habar dilden-dile geçdi. Soltanlyk çadyr we goşunlar hiç ýerde saklanmazdan, paýtagt Konýa – soltanlyk hezretine rowana boldular. Soltan hem Falagnudadan Konýa geldi we Baýçuý noýanyň niýetinden howsala düşüp, haly teň boldy. Beglerini we döwlet emeldarlaryny häzir etdi, olar bilen pikir we çäre tapmak üçin maslahat etdi. Olaryň hemmesi biragyzdan: «Nyzameddin Hurşyt Perwanany ony garşylamak üçin ibermeli. Goý ol ýagdaýlaryň çäresini tapmaga we gorky-ürküleri dep etmäge hereket etsin hem-de Baýçuý noýanyň maksadyndan habardar bolup yzyna dolansyn. Onsoň şoňa laýyklykda hereket edilsin» diýdiler.

Soň Nyzameddini gönderdiler. Soltan ýurt etraplaryna goşunlaryň taýyn bolmagy üçin hatlar ýollamagy buýurdy. Az wagtda Üç we Kerädiýe sebitlerinden, Burkury daglaryndan, Bulgar we Gelenez töwereklerinden we galan diýarlardan sansyz goşunlar Konýa sähralaryna jemlenip ugradylar.

Soltan goşunyň köplügini görüp, beglere we ýurt emeldalaryna:

– Haktagalanyň pazylaty bilen biziň goşunymyz we malymyz bardyr. Gowusy şudur, ýagny pitnäni dep etmek üçin mal-baýlyk bilen hereket edeliň bolmadyk ýagdaýynda-da ärler bilen söweş üçin çykarys – diýdi.

Täze gelip goşulan we iş ýüzünde synalmadyk soltanyň nadan goşuny öz maksatlaryny amala aşyrjak bolup, soltany söweş etmeklige ündeýärdi. Bular şeýle diýýärkä, Nyzameddiniň dolanyp gelýändigi göründi. Begler garşy aldylar we oňa soltanyň hem-de onuň has goşunynyň adamlarynyň pikirlerini aýtdylar. Ol «Baýçuý noýanyň tebigatynda soltana bolan muhabbetden we şepagatdan hiç bir nogsan ýüze çykmandyr, tersine öňki adatyna görä, ol oňa henizem yhlaslydyr. Eger bäbenegi gopan begler aýry pikir we çäre etjek bolsalar, olaryň özleri bilsinler.

**Beýt**

Suwarany jeňňi[1] Baýçu noýan,
Senan[2] tiz[3] ederler olup kine geýen.

Bahadyrlar-u we jümle farhaş ju[4],
Ki gorkularyndan döker ap, ju[5].

Ne ot gorkudar bunlary-ýu ne ap,
Ki tir[6] atsalar tire[7] olur aftap[8].

---

[1] Suwarany jeňňi – söweş atlylary.
[2] Senan – naýza.
[3] Tiz – ýiti, kesgir, ujy ýiti.
[4] Farhaş ju – söweş gözleýän, jeň agtarýan.
[5] Ju – salma, ýap, akar.
[6] Tir – peýkam, ok.
[7] Tire – gara, garaňky.
[8] Aftap – gün, güneş.

Eger olalar ýagy üzre rowan,
Pelekden rowan ola ol dem rowan[1].

Be ykbal[2] kany[3] jahan padyşah,
Zafar[4] tugy erişdi tä öwji mah[5].

Ol Soltan hezretiniň hyzmatyna gelip, gören zatlaryny dilden arz etdi. Soltany Siwas ýolundan dönderip, Baýçuý noýanyň köňül razylygynyň sarpasyny tutup, erbet pikirini dogra dönderdi. Täze gelen saýlantgy (ýörite) goşunyny hoşamaýlyk we mylaýymlyk bilen gerekli ýola saldy. Soňra Nyzameddin Hurşydy: «Soltany garşylamak hereketini ýylda iki gezek ýazlagda we gyşlagda etmeli» diýip, habar bermek üçin ýene-de köp mal we baýlyklar bilen ugratdylar. Hajyplar başy Mugyneddin Süleýmanyny ýanyna nöker edip diledi, ony berdiler. Ikisi ýola düşüp gitdiler. Olar gidenlerinden soňra, Soltanyň has goşuny bulagaýlyk edip başlady.

Olar açyklykda we gizlinlikde soltany söweşe öjükdirdiler. Onsoň ol söweşler ýarag-esbaby şaýlamak we jeň etmek niýeti bilen buýruk berdi. Soňra uly beglerden begler begi Şemseddin Tawtaş we Fahreddin Arslan Dogmuş Emirahyry ýekelikde çagyrdy, mähribanlyk we mylaýymlyk görkezdi. Goşunlary üpjün ýaraglar we beýleki uruş gurallary bilen olaryň ýolbaşçylygynda ugratdy. Özi birnäçe has nökerleri bilen Konýada galdy. Ýoldan aýratyn nökerler uly begleri tussag etmek üçin namalar ýazyp gönderýärdiler. Ýöne Soltan üns bermezdi. Emma yzly-yzyna hat gönderip, begleri

[1] Rowan – 1) ýola düşme, ugrama; 2) ruh.
[2] Be ykbal – ykbaly bilen, bagty bilen.
[3] Kan – bu ýerde han, kagan manysynda.
[4] Zafar – ýeňiş.
[5] Öwji mah – aýyň çür depesi.

ýamanladylar welin onsoň soltanyň kalbynda kine dörän güýçli gazabyndan ýaňa:

– Goşunlar söweşden dönen wagtynda dogry ýoldan azaşan dejjal pygylly gojalaryň jezalary beriler – diýen söz dilinden çykdy.

Ulular bu gepi eşidenlerinden soň içlerine gorky düşdi. Her biri işlerinde göwünli-göwünsiz boldular. Soltan Alaeddin kerwensaraýyna baryp ýetenlerinde  mongol goşunlary Rum goşunynyň toparlanşygyndan we hereketinden ägä bolup, ylgar edip, Aksaraýa baryp ýetipdiler. Ýurt emeldarlary ýönekeý kişilerden we garamaýaklardan bolan we her hili hile we näpäklikler bilen özüni patyşanyň saýlantgy kişilerinden eden bir türkmen şihnesini bir bölek türk goşuny bilen dil tutmaga gönderdiler. Hoja noýan müňliginden bolan bir topbak mongol goşuny, türkmen şihnesini ol türkler bilen orta alyp, hemmesini heläk etdiler. Ertesi iki goşun takdyrdyr ýazgyt kibi garşy bardylar.

**Beýt**

Pygan etdi ol dem ýene naý-ýu kus[1],
Ruhy[2] mehr[3] olup tozdan abnus[4].

Göge çykdy efgany[5] hindi deraýy[6],
Ki gök kibi ýer degşirer idi jaý.

---

[1] Kus – deprek, tebil.
[2] Ruh – ýüz, keşp, ýaňak.
[3] Mehr – gün, güneş.
[4] Abnus – gara agaç, Hindistan taraplarda ösýän gymmatbaha agaç.
[5] Efgan – ahy-nala, gykylyk.
[6] Deraý – uly jaň.

Dühül[1] nagrasydan gidip akyl-u huş,
Köňül jan gamyndan kylardy huruş[2].

Kyýamat güni kibi ol dar-u gir[3],
Zybany ýerindendi[4] şemşir-u tir[5].

Zümerret besaty[6] kylyp lagl fäm[7],
Erip hanjara, diýrdi hanjar, peýam[8].

Ajal açmyş agzyny misli läheň,
Geçerdi awersden[9] öte tiri hedeň[10].

Düşenmişdi her ýandan ýere jisim[11],
Harap olmuş ol günde niçe tilsim.

Asakyr[12] ululary çün şahdan[13] -
Degüllerdi hoşnut[14], bu rahdan[15].

---

[1] Dühül – tebil, uly deprek.
[2] Huruş – gykylyk, gowga.
[3] Dar-u gir – tutda-bas.
[4] Zybany ýerindedi – 1) dil ornundady; 2) oduň alawy ornundady, oduň ýalyny ýalydy.
[5] Şemşir-u tir – gylyç we peýkam.
[6] Zümerret besaty – ýaşyl düşegi, al-ýaşyl giňişligi.
[7] Lagl fam – lagyl ýaly, gyrmyzy, gyp-gyzyl.
[8] Peýam – habar.
[9] Awers – dag serwisi.
[10] Hadeň – ok, peýkam.
[11] Jisim – göwre, jeset.
[12] Asakyr – esgerler, nökerler.
[13] Şahdan – şadan, patyşadan.
[14] Degüller hoşnut – hoşal däldiler.
[15] Rah – ýol, ugur.

Kamu sus oldylar-u kär saht[1],
Şahyň bagtyna hyrady[2] täj-u tagt,

Pür ol deşt hunharaýy[3] kärzar[4].
Olup her ýere düşdi küşte[5] hezar[6].

Weziri gözin[7] yzzy[8] din Hudaý,
Egerçe oňa teşwişdi derdi paý[9].

Gaza[10] niýetile bolup jaýy kin[11],
Gowy säbit[12] idl çu zerde[13] negin[14].

Musallat olur kibi döwe suruş[15],
Teberle bolardy niçe ras[16]-u duş[17],

Çün arada galdy ferid-u wahyt[18],
Olup düşdi firdöwse[19] horram şehit.

---

[1] Kär saht – agyr iş.
[2] Hyrady – 1) haýrandy; 2) göz gamaşýardy.
[3] Hunhara – ganhor.
[4] Kärzar – uruş, jeň.
[5] Küşte - öli, jeset.
[6] Hezar – müň.
[7] Gözin – saýlantgy, saýlanan.
[8] Yzzy – 1) hormatly; 2) kuwwatly.
[9] Derdi paý – aýak agyry.
[10] Gaza – gazawat, din we ýurt üçin söweş.
[11] Kin – kine, duşmançylyk.
[12] Säbit (sabyt) – berk, mäkäm.
[13] Zerde – sary, sargylt.
[14] Negin – ýazägiň gaşy, mýhür.
[15] Suruş – perişde, melek.
[16] Ras – gyrymsy agaç, ösümlik.
[17] Duş – egin, gerden.
[18] Ferid-u wahyt – ýeke-täk, ýalňyz.
[19] Firdöws – jennet.

Sagadetle kyldy şehadat[1] gözin,
Ýeri oldy bi şübhe huldy berin[2].

Hezimet[3] tarykyna[4] miran[5] Rum,
Gadam goýdylar, çünki bagt oldy şum,

Tutup gitdiler hanadan ýaňa[6] rah,
Neters[7] Hudawende azermi[8] şah.

Gaçanyň çu nebsinde myrdarlyk -
Bar idi pes edeý idi ýarlyk,

Daryg[9]-a bunuň kibi şalyg-u mülk,
Ki erişdi bedr[10] aýdan gadr[11]-u hülk[12],

Gor, atmag[13]-u agraz[14] her hass[15]-u dun[16]
Niçe kyldy soltany hor-u zebun[17].

---

[1] Şehadet – şehitlik.
[2] Huldy berin – iň ýokarky jennet.
[3] Hezimet – 1) gaçma; 2) ýeňilme.
[4] Taryk – ýol, ugur, ýörelge.
[5] Miran – emirler.
[6] Hanadan ýaňa – öýe tarap.
[7] Neters – 1) gorkma; 2) neneňsi gorky.
[8] Azerm – 1) utanç, haýa; 2) hormat.
[9] Daryg-a – haýp, arman.
[10] Bedr – dolan aý, 14-i gijäniň aýy.
[11] Gadr – biwepalyk, iki ýüzlülik.
[12] Hülk –manjanygyň daş salynýan gaby.
[13] Atmag – açgözler, tamakinler.
[14] Agraz – gapma-garşylar, duşmanlar, betpäller.
[15] Hass – göknar.
[16] Dun – pes, har.
[17] Zebun – haly harap, har.

# MERHUM SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ ÝURDUNDAN BIRINJI GEZEKKI AÝRA DÜŞMEGINIŇ, SOLTAN ŞEHIT RUKNEDDIN GYLYÇ ARSLANYŇ BURGULU GALASYNYŇ TUSSAGLYGYNDAN AZAT BOLMAGYNYŇ WE ONUŇ KONÝA PAÝTAGTYNDA SOLTANLYK TAGTYNA GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Yzzeddiniň goşuny Soltan Alaeddin kerwensaraýynyň sährasynda 654-nji ýylyň remezan (oraza) aýynyň ýigrimi üçünji gününde mongol goşunynyň hüjümine döz gelip bilmän syndy. Ýeňilendiklerini soltanyň ýanyna baryp, habar berdiler. Ol gije ertire çenli gözgyny we perişan halda boldy. Ertesi guşluk wagtynda haremhana hanymlary we birnäçe saýlantgy kişileri, şerap emiri Husameddin Akbaş Kent Satbal we gardaşy emir Meýdan bilen «Ahmedek» gapysyndan çykyp, Antalyýa rowana boldy. Konýany şeýle zyňyp, gerekmejek zat ýaly nämesi bar bolsa, onda goýup (taşlap), gitdi. Ussat Eldar Ilalmyş ogly Aly Baýçuýyň söweşinden gutulyp, özüni Konýa atdy. Şäher goragy, ogrularyň we jümrüleriň gowgasyny ýatyrmak we mongoly serpikdirmegi taýýarlamak üçin akyldarlara mahsus bolan şeýle bir janypkeşlik edip, döwletli adamyň görkezäýjek işlerini ýerine ýetirdi. Fahreddin Arslan Dogmuş Emirahyr we Soltanyň haslaryndan bolan bir jemagat ol söweşden gutulyp, Burguluýa özüni atypdy. Ol galanyň berkligi sebäpli, Soltan dergähiniň wezipeli we emeldar adamlary her tarapdan we Soltanyň daýylary fasylýusyň ogullary we onuň birnäçe saýlantgylary Burguluda olara baryp goşuldylar.

Soltan Yzzeddin özüni bütinleý pisleriň we pesleriň söhbetine berip, beglere we ululara üns bermän, patyşalyk işleriniň pikirlerinden we soltanlyk wezipelerine gözegçilik etmekden el çekip ýygnanyşykda oturmakdan we raýatyň

ahwalyna şepagat bilen seretmekden melul bolýardy (gaça durýardy). Ähli adamlaryň ulynyň-kiçiniň göwni şu sebäpden ondan ynjylydy. Rukneddin gurbat ajysyny we saparlar muşakgatyny çekipdi, mundan öň niçe gezek han hyzmatyna Türküstana barypdy. Umuman, dünýäniň yssysyny we sowugyny, ýagşy-ýamanyny görüpdi. Şonuň üçin ondan başga tamadadylar. Agzybirlik bilen ony tussaglykdan azat edip, Konýa paýtagtyna eltdiler. Fahreddin Arslan Dogmuş (Alla oňa rehmet etsin!) ony uly dabara bilen tagta çykardy. Şol sagatda ol ýygnanyşykda halaýyk jemlenip durka, Kazy Şemseddin Soltanyň eline bir ýazylan hööküm berdi. Soltan okap gördi we olaryň huzurynda gol çekip, «Mährribanlyk Alladandyr» diýen nyşan ýazdy. Ol öz emri bilen birnäçe zulum edilenleriň hakyny dikeltdi. Birki günden soňra Kazy Şemseddin wezirlige bellenildi. Bir aýlap wezirlik höküminі ýöretdi. Ondan soňra hassalady we şol ýarawsyzlygy sebäpli aradan çykdy. Ondan soňra wezirlige Nyzameddin Perwanany çagyrdylar. Ol razy bolmady. Ol naýyplygy kabul etdi. Perwanalygy Mugyneddin Süleýmana berdiler. Olaryň ikisi hem bir günde el öpüp işe başladylar. Baýçuý noýany garşylamak esbabynyň taýýarlyklaryna meşgul boldular. Tiz wagtda bu işiň hötdesinden gelip, ýola rowana boldular.

Soltan Yzzeddin Antalyýa baryp ýetdi. Ýarawsyzlyk we binowalyk onuň halyna jebir edip başlady. Bir gün ol pikir deňzine batyp, Antalyýa saraýynda aýlanyp ýördi. Birden bakdy, diwaryň burçunda bir gapy ýeri ýaly ýer gördi, ol ýer soňra ýapyp berkidilipdir. Şonda ol «Köňlüm şeýle diýýär – eger bu jaýrygy açsalar, bir hazynanyň gapysy bolup çykar. Biziň dädemiz merhum soltan Alaýeddin öz ogullarynyň we zürýatlarynyň agyr günleri üçin bol altyn we pul hazyna edip goýandyr» diýdi. Soltanyň gümany bilen munça uzak wagtlap, ýapylgy duran ol gapy ýerini açdylar. Içinden gurşun möhürli sandyklar tapdylar. Müň gezek müň Soltan Alaýeddin akjasy

we on müň gyzyl-altyn teňňe sandyklar içinde bardy. Başga-da köp mata we bölek-bölek ýazylan kitaplar, Hytaýy we Bagdady kagyzlar, ud, abnus we sandal agajynyň paralary, aj we beýleki zatlar boldy (kändi) we örän köpdi. Soltan ol giden hazynany egindeşlerine we nökerlerine paýlady. Sahabalar soltan Alaeddiniň ruhuny dogalar bilen şat kyldylar. Häzir Toňuzlu (Doňuzly) atlandyrylýan Ladyk şäherine ugrady.

Soltan Rukneddin Baýçuý hyzmatyna baryp ýetende köp sanly hezzet-hormat gördi. Bir müddet onuň bilen bile boldy. Baýçuý noýan ogly Bisubaýy müň atly bilen Soltan Yzzeddini Antalyýadan getirmek üçin gönderdi. Soltany ol ýerden tapmady. «Ol Ladykda» diýen habar eşitdi. Ondan soň Ladyka azm etdi. Ol ýere ýetenlerinde, Soltany atasy[1] çagyrýar. Soltana maslahat şeýle, barmakda haýal-ýagallyk (bahana) etmesin» diýip, ilçiler iberdiler. Soltan bol sowgatlar we peşgeşler gönderdi we aýtdy:

– Gardaşym atasynyň hyzmatynda begleriň meniň mülküme we döwletime eýelik edendigini eşidendir. Ogullyk, atalyk gatnaşygy munça ýyldan bäri olar bilen biziň aramyzda berk saklanýardy. Onuň (dogany Alaeddiniň) hukugynyň boýun bolmazlyga ösüp geçendiginiň sebäbi, olaryň ýaramaz pikirlerinden boldy. Noýan hyzmatyna bararyn. Bu haýyşy dagy gowurak beýan ederin. Belki, kabul ediler. Men öňden atamyň duşuşygy bilen hormatlanaýyn» diýip arzuw edýärdim. Emma häzirki halda meniň saýlantgy kişilerim we hyzmatkärlerim mongol goşunynyň zarbasyny gören däldirler. Eger gardaşym[2] birki menzil ilerik ýörese, men hem birki günden taýar we häzir duran öol ýarag-esbaplarym bilen saklanmazdan ugraryn, şonda örän oňat bolar» – diýdi.

[1] Bu ýerde mongol hany göz öňünde tutulýar.

[2] Bu ýerde Bisubaý göz öňünde tutulýar.

Bisubaý[1] soltanyň haýyşyna laýyklykda yzyna dolandy. Soltana Bisubaýyň Ladygyň deňesinden iki menzil ýol geçeni äşgär bolandan derrew saklanmazdan göçüp, mal-mülki, baýlygy we çagalary bilen fasylýus Leşgeriniň iline rowana boldy. Bisubaý soltanyň gidendigini barada habar eşidende, puşman edip gorkup, aljyraňňy ýagdaýa düşdi. Şonuň üçin Baýçuýdan köp käýinç we igençli sözler eşitdi. Baýçuý noýan soltan Yzzeddiniň boýun towlamasyny we garşy çykmasyny görensoň Soltan Rukneddiniň tagzymynda (hormatynda) öňki endiginiň tersine köp hormatlar edep boldy.

Bir gün Soltan Rukneddin Baýçuýa bir uly myhmansöýerlik edipdi. Dürli-dürli näzi-nygmatlar, miweler beripdi. Nyzameddin Hurşyt armyt arassalap, mongol beglerinden Hoja noýanyň öňüne goýardy. Ol iýýärdi. Birden Hoja noýanyň içinden bir agyry tutdy. Ol agyry sebäpli hem ol aradan çykdy. Nyzameddini töhmet bilen «Hoja noýany armyt bilen awulady» diýip, tutdular. Ony dara çekip öldürdiler. Ol jebir içinde Haktagalanyň rehmetine gowuşdy. Ol ölmänkä gözgyny halda şahyrana kalbyndan bu iki beýti öz ahwalyny sypatlandyryp aýdyp, durmuş sahypasyna ýazdy:

Tä şureşi talyg[2] meni gamgyn etdi,
Pes eşkumi[3] gözlerimde hunyn[4] etdi.

Bähremi[5] çu Keýwana[6] ulaşdy derhal[7],
Tutdy ýakamy mäkäm-u çubyn[8] etdi.

---

[1] Asyl nusgada «Bisubaý», emma käbir çeşmelerde «Ýusitaý» görnüşinde hem berilýär.
[2] Şureşi talyg – perişan täleýim.
[3] Eşk – gözýaş.
[4] Hunyn – ganly, gan ýaş.
[5] Bährem – otparazlyk dininde bir perişdäniň ady.
[6] Keýwan – Zuhal, Saturn.
[7] Derhal – derrew, şobada.
[8] Çubin – agaçdan edilen, agaç.

Soltan Rukneddiniň [tagtda] ornaşyp müddeti Gyzyl Weýranda Abygerm[1] sebtlerinden dowam edip başlady. Gyş döwletiniň (paslynyň) bulgur mesleri (serhoşlary) kibi ýykylyp-sürşüp, ugrajagy we nowbaharyň hoşboý ysly nikabyny gül ýüzünden göterjekdigi hem-de buludyň ýaşly gözi bähmen aýynyň aýralygyndan ýaňa gözýaş döküp başlajakdygy mälim boldy. Baýçuý noýan hem göçüp Mugana gaýdarman boldy. Soňra Baýçuý Soltan Rukneddine «Konýanyň gala diwaryny ýyk» diýip, höküm etdi. Soltan munça hyzmat edip, para-peşgeş bereninden soňra, mongol kethudalaryny ara tutup, köp ýalbardy we aýtdy:

– Atalarymyzyň we dädelerimiziň görhana we gümmezleri galanyň içinde. Eger diwary ýyksak bary aýak astynda galarlar – diýdi. Onsoň gala diwaryny ýykmak goýbolsun edildi. Hysar Begiň küňrelerini ýykdyrdy. Soltana Konýa barmaga ondan soňra rugsat berdi. Özi Garabag we Mugan tarapyna ugrady.

Soltan Yzzeddine Baýçuý noýanyň dönüp gidendigi aýan bolanda Leşgeriniň (Laskaris) ilinden mirasdüşer ýurduna ugrady. Soltan Rukneddin hem Ilhanyň hyzmatyna baryp ýetmek we hanyň ýanyna baryp salamlaşmak üçin paýtagt Konýadan çykyp, ol tarapa gönüledi we Kaýsaryýa bardy. Begler begi Şemseddin Tawtaşyň ygtybarly egindeşlerinden bolan Täjeddin Arzynjany, Zahyreddin Terjimany Soltan Rukneddini yzyna döndürip, ýurtlary öz paýlary bilen eýelik etmäge iberipdirler.[2] Olaryň yzyndan Aly Bahadyry hem gönderdiler. Birinji ikisi Soltan Rukneddini Kaýsaryýada tapdylar we oňa Ilhanyň habaryny aýtdylar. Soltan Rukneddin Ilhanyň köşgüne tarap berk niýet bilen ýola düşüpdi, onsoň

[1] Abygerm – gyzgyn suw.

[2] Bu ýerde wakalaryň gidişi boýunça Täjeddin Arzynjany bilen Zahyreddin Terjimany «Soltan Rukneddin yzyna dönüp, ýurduň özüne degişli ýerine eýelik etsin» diýip habar berdirmek üçin mongol hany iberipdir.

anyk-kesgin ötünçler diläp, ýola düşdi. Aly Bahadyr hem Kaýsaryýa bardy. Soltan Rukneddin ondan bir gün öň ýola düşüpdi. Soltan Rukneddiniň goýun sürüsiniň, birnäçe hyzmatkäriniň we nökerleriniň galanlarynyň yzyndan ýetdi we Konýa gitdi.

## SOLTAN YZZEDDINIŇ LEŞGERI TARAPYNDAN DOLANYP GELMEGINIŇ WE ŞEHIT SOLTAN RUKNEDDINIŇ ILHANYŇ HYZMATYNA GITMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Yzzeddin ýurduň ülkelerini duşmanlardan we garşydaşlardan boşdugyny görüp, ýöriş uýanyny Konýa sebitine burdy. Ol şäheriň halky edil çadyr gijesi sogap gözlegine çykan [takwalar] kibi, çölde tebsirän kişiniň suwa topulyşy kibi we oraza tutýan takwalaryň täze dogan aýa[1] howlugyşy ýaly bagtyýar baýdagy garşylamaga çykyp, biri-birinden öňe geçip, hormatlap, adam aňyna gelmejek dabara, hormat we şöhrat bilen şähere eltdiler. Soltanlyk tagtyna geçdi we ýurduň ýagşy-ýaman işleriniň çözgüdi bilen meşgul boldy. Onuň sahawatly tebigaty kem azarlyk, şepagat we ýuka ýüreklilik bilen sypatlanan hem bolsa, Jamadar Ugurlynyň ters gepi bilen Soltan Rukneddiniň çakylgyny kabul edip, onuň hökümine tabyn we boýun bolan Nigide şäheriniň ulularyny we ygtybarly kişilerini Soltan Rukneddin tarapyndan Negidäniň goşunbaşylygy berlen Seljuk şa ogly bilen bilelikde baryny tutup gahar zynjyryna çekdiler. Düýeleriň üstüne baglap, şäheri gezdirdiler. Ahyrynda ählisini heläk etdiler we her kim Soltan Rukneddine uýup, onuň tarapdarlygynda dem uran bolsa, baryny erbet jeza we temmä sezewar etdiler.

---

[1] Ýagny, baýram aýyna. Sebäbi baýram aýy dogsa agyz açylýar.

Soltan Rukneddin han hyzmatyna Hemedan şäherinde baryp gowşanda ol patyşalyk sylagyna we hökümdarlyk peşgeşine mynasyp boldy. Oňa ýurduň ýagşy işlerine seretmek, tutuş ýurda höküm etmek, raýata seretmek babatda öwüt berip, ýene Ruma dolanmaga rugsat berdi. Arzynjana baryp ýeteninde gyşyň örküjidi. Şol ýerde «Soltan Yzzeddin açyk topalaň eder we atalarynyň ýurtdur soltanlygynda özi bilen dawa-jenjel eder» diýip, habar eşidensoň Arzynjanda ornaşdy. Onuň hyzmatkärleriniň, adamlarynyň we goşunynyň ejizleri (garyplary) açlykdan uly kynçylyk çekýärdiler. Bahar möwsümi geldi.

Mugyneddin Perwana döwletiň daýanjy we soltanlaryň başydy. Hemme meseleleriň çözgüdi onuň akyly-paýhasy bilen ýerine ýetýärdi. Perwananyň ähli aýal-çagalary we maly-mülki Tokat galasyndadady. Onuň eminleri, egindeşleri we nökerleri her tarapdan müň takmynan atlyny jem etdiler. Mongol goşunyndan Taban atly begler begi bilen Tokatdan adamlaryny we maşgalalaryny çykarmaga rowana boldy. Ýyldyz dagynda Şa Melik bilen duşuşdy. Uly söweş we gyrlyşyk etdiler. Perwana ýeňildi. Şol söweşde oňa bir betbagtçylyk ýetdi. Soltan Rukneddiniň aýratyn kişilerinden bolan Emirahyr Nejmeddin Ferruh oňa at getirip berip atlandyrdy we Arzynjan tarapyna gaçyp barýan bir bölek goşunyň yzyndan ýetdi. Perwana Arzynjana baryp ýetende çäksiz harlykdan, namysjaňlykdan, bikararlykdan sabyr-takaty dag boldy. Ahyry hanyň ordasyna tarap ýola düşdi we hanyň hyzmatyndan goşun diledi. Alçak noýan we Kadagany (Gadagany) on müň atly tatar bilen azgynlary we ýagylary basmak üçin rowana boldy. Mongol goşuny Arzynjana bardy. Birnäçe günden soňra Soltan Rukneddin bilen ýöriş edip, il we şäheri basyp almaga rowana boldular. Ilki Nikisara bardylar. Baran güni şäher halky boýun boldy. Şäheriň ululary agşam gapylary açdylar we Soltan Rukneddini mum we şem hem-de tagzym bile şähere eltdiler,

tagta geçirdiler seçgi seçdiler. Şobada Nikisar şäheriniň häkimligini Perwana berdiler, kararyny hem ýazdylar. Iki günden soňra Tokata geldiler. Sebäbi Mugyneddin Perwananyň egindeşleri, maşgalasy we beýleki adamlary begler begi Şemseddin Tawtaşa: «Bize Soltan Yzzeddiniň goşuny tarapyndan zyýan ýetirilmeli däl hem-de baýlykdyr azyklarymyz bilen Arzynjana gitmäge päsgel berilmeli däl» diýen şert bilen galany tabşyrypdylar. Soltan Yzzeddiniň goşunbaşylary we kömekçileri ol ýerde ornaşypdylar. Soltan Rukneddine galany tabşyrman, garşylyk görkezdiler. Soltan Rukneddin gala tarap manjanyklary gurmagy tabşyrdy. Birnäçe gije-gündiz daş atdylar. Görseler, peýda etmedi. Ol babatda ahmal etdiler. Onsoň möhüm bolan zadyň çäresine girişdiler. Onsoň Soltan Yzzeddin tarapda bolan şol möhüm çärä garşy ugradylar. Bir näçe wagtlap Käp, Zeýle, Barymun, Gaz oba sebitlerinde gezdiler.

Sahyp Şemseddin Tugraýy Mengu han hyzmatyndan dönüp, (gaýdyp) geldi. Onsoň dawa-jenjeller we duşmançylyklar onuň eden aladasynyň, parasatynyň netijesinde soňlandy. [Ol bolsa] mundan soňra geregi ýaly beýan ediler, enşaalla.

## MELIK ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ TÜRKÜSTAN ÝOLUNDAKA WEPAT BOLUŞY WE SAHYP ŞEMSEDDIN MAHMYT TUGRAÝYNYŇ HANYŇ[1] HYZMATYNDAN RUM ÜLKESINE DOLANYP GAÝDYŞY HAKYNDA

Soltan Alaeddin Keýkubat gelip çykyşy boýünça az adamlaryň tassyklamagyna görä ene tarapdan Dawudy we ata tarapdan seljukly bolan seljuk soltanlaryndan bir soltandy. Ol

[1] Asyl nusgada «Kan» görnüşinde berlipdir.

uly gardaşy soltan Yzzeddin Keýkowusyň hökümi bilen Rum ýurdundan han hyzmatyna rowana boldy. Köp ýol sökdi, menzil aşdy. Ondan soňra bir gije, öz bargähinde öz begleri, ynamdar adamlary we dost-ýarlary bilen gije ýarymdan agýança aýşy-eşrete meşgul boldy. Arassa şerapdan başlary agyrlanyp, uka meýil etdiler. Soltan hem ýatyş ýerine tarap ýöneldi.

Garawullar hem garawulçylyk etmäge meşgul boldular. Ertesi begler we ulular Soltanyň gaşyna ýygnandylar. Soltanyň gapysyny adatdaky ýaly görmediler. Köp saklandylar. Hiç kim daşary çykmady. Sahybyň we beýleki kethudalaryň gapyda taýyn bolandygyny Soltana habar etmegi üçin Hoja Bedreddin Muslyh Lalaýy içeri gönderdiler. Ol içeri girip, Soltanyň soňky deminde ýatandygyny gördi. Ol derrew jan berdi. Daşary çykdy. Soltanyň ýogalandygyny onuň ýüzüniň üýtgäp gidendiginden duýdular. Hiç hal bilen ol duýdansyz keseliň sebäbi mälim bolmady.

Soň Mengu han hyzmatyna baryp ýetdiler. "Soltan Alaeddin Keýkubadyň näme sebäpli ýogalandygyny derňäp anyk bilmegi we ol babatda haýyna rehim edilmezligi" tabşyrdy. Ýöne, näçe derňew etseler-de myş-myşlardan başga zat mälim bolmady. Bu ýagdaýlaryň dowamynda Ilhanyň ilçileri we Baýçuýyň çaparlary gelip ýetip: "Rum Soltany Soltan Yzzeddin Keýkowusyň baş göterendigini, onuň goşunynyň Baýçuý noýan bile Aksaraý töwereklerinde söweş edendigini, ahyr netijede bolsa ýeňilip, derbi-dagyn bolandygyny" habar berdiler. Soň bu habarlary Mengu han eşitdi. Saklanmazdan, Rum döwletiniň soltanlygyny Soltan Rukneddine bagyş etdi. Köp ýagşy we öwgüli sözler aýtdy. Soň Sahyp Tugraýy han hyzmatyna bardy. Bu bolup geçen wakalary, hekaýatlary, we hadysalary giňişleýin arz etdi. Sähel wagt onda ýaşanyndan soňra, Sahyp Tugraýyny ýene Rum döwletine Soltan Yzzeddini çagyrmaga ýola rowana etdi.

Sahyp Tugraýy Ruma geldi. Soltan we Alçak[1] bilen Tokat töwereklerinde Käp atly ýerde duşuşdylar. Sahyba hezzet-hormat etdiler. Kyr şäheriniň üstüne Eýýup galasyny hem Soltan Rukneddin oňa bagyşlady. Sahyp Tugraýy Alçagyň we Soltan Rukneddiniň makullamagy bilen, Soltan Yzzeddini çagyrmaga yzly-yzyna ilçiler gönderdiler. Soltan Yzzeddin Konýadan Aksaraý töwereklerine bardy we Täjeddin Perwanany Soltan Rukneddiniň Alçagyň we Kadaganyň (Gadaganyň) ýanyna barýandygyny habar ýetirmekleri üçin ýola rowan etdi. Soltan Rukneddin begler begi Seýfeddin Taramtaýy onuň jogabyny bermäge, çapar edip iberdi. Bu ýagdaýyň dowamynda Alçak soltan Yzzeddin bile söweş etmägi maksat etdi. Sahyp Tugraýy Ilhan patyşanyň hökümi bilen oňa garşy çykardy we dep ederdi. Birnäçe gezek iki gardaşyň ilçileri hem han dergähine bardylar we geldiler. Ahyr netijede han dergähinde bu iş "Döwlet iki baryndaş arasynda des-deň ikä bölüner. Siwas, Sakaryýa suwlarynyň günbatar taraplary soltan Yzzeddiniňki bolup, onuň diwany kömekçileriniň dolandyryşynda bolar. Gündogar taraplary Soltan Rukneddiniňki bolup, onuň diwany wezirleriniň we kätipleriniň dolandyryşynda bolar" diýen pikirde karar tutdy. Bu esasda ylalaşyk baglaşdylar we ýaraşdylar. Noýandan we handan gelen ýarguçylar (kazylar) birek-birek bilen söhbet etdiler, dawa we jedellerden üstün boldylar. Şeýlelik bilen, beýikleriň we ýönekeýleriň möhüm işleri we aladalary bitirildi.

## OL DÖWÜRDE IKI SOLTANYŇ HANYŇ HYZMATYNA BARMAGYNYŇ BEÝANY

Ylalaşyk kadasy islegleri giňeltdi. Onsoň Soltanlar biri-biriniň yzyndan hanyň hyzmatyna ugradylar. Soltan Yzzeddin

[1] Asyl nusgada «Alçak», emma käbir çeşmelerde «Alynçak» görnüşinde hem gelýär.

han hyzmatyna baranda hanyň nazaryna ilişip, patyşalyk mähremliklere mynasyp boldy. Onuň görkli ýüzi hatalarynyň we günäleriniň ýuwulmagyna sebäp boldy. Onuň üçin dürli-dümen şahana zatlar buýruldy. Mengu han oňa perman we paýza bagyşlady. Birnäçe günden soňra Soltan Rukneddin, Sahyp Tugraýy we Mugyneddin Perwana dagy hem hanyň hyzmatyna bardylar. Gadymy ýardam-goldawlar, hezzet-hormatlar olaryň şany üçinem täzeden guraldy. Hanyň çadyryny doly bezeg bilen arassa etdiler. Hanyň begleri we ýakynlary bezemen kaftanlary geýip, atlaryny halypalar öýünden alnan at sowutlary bilen büräpdiler. Olar şol ýyl Emir-möminin Mustagsam Billany (Alla ondan razy bolsun!) şehit edipdiler. Yrak we Hyjaz ülkelerini boýun egdiripdiler. Ol gün han uly myhmansöýerlik edip, dürli-dümen nygmat bilen toý tutdy. Ol Oguz däbine görä toý edip, saçak ýazdy, iýildi, gymyz we çakyr içildi. Käseler doldurylyp, meý-mest bolundy. Şol günki myhmançylykda Soltan Yzzeddin bilen Soltan Rukneddini guça-guça görüşdirip, onda hem berk ylalaşyk baglaşdylar. "Ikisi biri-biriniň ýanynda oturyp, söhbetdeşlige meşgul bolsunlar" diýip, handan perman boldy. Älem halky ol iki gardaşyň eglişigine we ylalaşyklaryna şady-horram boldular. Han Sahyp Tugraýy, Alçak we Perwana Rum döwletini ikisine paýlapdyr» diýen gürrüň esasynda ony olara karar edip höküm ýazyp berdi. Bir müddetden soňra ikisine hem "Töwrize gelsinler. Sapar esbaplaryny, Müsüri we Şamy basyp almagynyň çäre-tertibini we ýaragyny taýyn etsinler" diýip, buýurdy.

Ikisi hem Töwrize geldiler. Şam diýaryna ýöriş üçin ýarag we alada-işlerine taýynlyk görýärdiler. Mallary ýeterlik bolmady. Dört ýüz "balyş" (gapjyk) altyn hem borç edindiler. Soňra olaryň sapar esbaby geregi ýaly taýyn boldy. Ondan soň hanyň hyzmatyndan Bagdat tarapa gyşlaga ýöneldiler. Ol gyş Stambulyň, fasylýusyň ilçileri hanyň ýanyna bardylar.

Fasylýusyň Abaka hana bermekligi wada eden Tesbine hatyn atly gyzyny we Rum soltanlaryna berýän pajynyň üçden birini tölemäge wada eden zadyny hana eltdi. Olar kabul edildi.

Bahar pasly gelip ýetdi. Han Halap tarapyna ýöriş edende, Soltan Yzzeddin we Soltan Rukneddin hem bile ýöriş etdiler. Halaba baryp ýetdiler. Halabyň halky galanyň mäkämligine ynanyp, jeňe we jenjele ýüz urdular. Mongollar hem olary gabap, gat-gat gurşap aldylar. Ýahudy gapysynda Arkatu noýan, Rum gapysynyň garşysynda Kitbuka noýan, Damask gapysynda Sunjak we Antalýa gapysynda Hulagu han ornaşypdy. Şäheriň daşyny mäkäm bagladylar. Manjanyklar gurdular. Iki tarapdan bir hepdeläp urşa meşgul boldular. Ahyr soňunda 657-nji ýylyň gurban aýynda Yrak gapysy tarapyndan alyndy. Bir hepdeläp weýrançylyk we talaňçylyk etdiler. Köp halaýyk gyryldy. Kyrk gün dowamynda gije-gündiz Halap galasynyň halky bilen söweş etdiler. Iki tarapdan hem manjanyk daşy we ok parran atylýardy. Gurjan beg we Ajuý Segürji we Sadyk Gürji birnäçe ýerinden ýaralandylar. Han olary sylaglap, köp zat berdi. Hormatlap: – Hatynlaryň bezegi ak we gyzyldyr. Ärleriň bezegi ýüzlerine we sakallaryna ýaraly bolup, gyzyl ganyň bulaşmagydyr.

Ahyry galany aldylar we birgiden senetçileri we sungat adamlaryny ýesir etdler. Köp ogul-gyzy olja aldylar. Bir mütdet hem Jazym galasyny gabamaga meşgul boldular. Soňra ol galanyň halky aman diledi we: «Fahreddin Saky ant içsin onsoň ineliň» – diýdi. Fahreddiniň andy bilen galadan aşak indiler. Hulagu han olara örän gaharlanypdy. Şonuň üçin hemmesini aýallaryny we oglanjyklary bilen gylyçdan geçirmegi buýurdy. Bir guýumçy zergär ermeni bardy. Diňe şol halas boldy. Şeýdip Halap galasyny aldylar. Hulagu han ony Fahreddin Saka tabşyrdy we Tükel bagşyny onda şihne edip belledi. Onsoň Halapdan gitdi. Sähel wagt geçip-geçmänkä Halap halky Fahreddinden şikaýata bardylar. Hulagu han

Fahreddine jeza çäresini bermegi buýurdy. Halabyň hökümetini Zeýneddin Hafyzyýa tabşyrdy. Ol tarapdaky galalaryň hemmesiniň açarlaryny hana getirdiler. Dymyşk (Damask) halky hem mongol goşunynyň weýrançylygyndan habardar boldular. Şamyň töwerekleriniň we onuň sebitleriniň ählisiniň Hulagu hana boýun bolup şoňa tabyn edendigini bildiler. Damaskyň hemme ululary we wezipeli adamlary sowgatlary, peşgeşleri we Damask gapylarynyň açarlaryny alyp, Hulagu hanyň hyzmatyna geldiler. Illik we boýun bolup, şäheri tabşyrdylar.

Hulagu han olary synamak üçin Ketbuka noýany Damaska iberip gördi. Ol baranda şäher halky ony garşy aldylar. Jan bilen aman dilediler. Ketbuka şäheriň begzadalaryny we ynamdarlaryny Hulagu hanyň hyzmatyna gönderdi. Han hem olara merhemet edip, olaryň dileglerini kabul etdi. Uruşsyz-galmagalsyz Damask şäherine girdiler we mongolyň ýasawulbaşysy üç täjik nöker bilen – Allaeddin Jasy we Jemaleddin Kazwini we Kazy Şemseddin Kumy bilen Damask ýurdunyň işine meşgul boldular. Melik Nasyr Şam we Halap soltany Hulagu hanyň baran wagty gaçyp Kerek galasyna giripdi. Ketbuka noýan ony gabamagy tabşyrdy. Ol aman diledi we galadan indi. Ketbuga noýan ony Hulagu hana gönderdi.

Bu aralykda Türküstandan ilçiler gelip, Mengu hanyň öldi habaryny getirdiler. Hulagu muny eşidip gaty gynandy. Samyň begligini Ketbuga noýana berkidip, özi yza gaýtdy. Basybalyşlyklar üçin Ketbuka bäş müň atly mongol goşunyny goýdy. Şondan soň Soltan Yzzeddin bilen Soltan Rükneddine Ruma gitmäge rugsat berdi, özi bolsa dönüp, Azerbaýjan tarapyna rowana boldy. Bu ikisi bolsa şady-horram bolup Rum ýurtlaryna rowana boldular, öz watanlaryna gelip, şadyýanlyk kürsüsinde mekan tutdular. Ýurduň kanuny ýagdaýlaryny we soltanlygyň hökmi-kadalaryny düzetmäge meşgul boldular. Sahyp Şemseddin Tugraýy (Alla oňa rehmet etsin!) gazap

gubarynyň bolmazlygy ugrunda tagalla baryny etdi, gardaşlaryň muhapbetiniň we birleşikleriniň ebedi bolmagy we hiç-hili ýagdaýda-da aralarynda düşünişmezlik hem-de ýamanlyk ýüze çykmazdy.

Ol şol wagtlarda Hak tagala gerek bolup, amanadyny tabşyrdy. Soltan Yzzeddin Sahyp Tugraýynyň ölendigini eşidende han hezretine ilçi gönderip habardar etdi. Han soltan Yzzeddiniň wezirlik wezipesini Sahyp Fahreddin Alynyň adyna karar edip berdi. Halat we höküm galamyny oňa tabşyrdy. Soltan Rukneddin wezirligine Mugyneddin Süleýman Perwanany gönderdi. Begler begi Kazy Müjireddin Horezmini hem şol tarapa gönderdiler. Ol adamynyň ynamlylykda, dindarlykda, utanç-haýalylykda we wadaňa wepaly bolmakda ýalançy jahanda taýy ýokdy. Ol Ruma baryp ýetdi. Sahawatly elini açyp alymlara, ýagşy adamlara we zehinli kişilere çäksiz nygmatdyr yhsanlar etdi. Şol sebäpden hemme halaýyk onuň öwgüsine yhlasly ýapyşdylar. Asudalyk we abadançylyk ýüze çykdy. Bulaşyk älemde bir düzgün-tertip ýola goýlyp, çöken göwünler aram tapmag başlady. Emma zandyýamanlar we pisler başlaryny pikir ýakasyndan çykardylar. Dürli hileler we mekirlikler düzüp, buýrugy şeýle düzdüler we ynandyrdylar. Hem-de Alçaga aňlatdylar. Alçak hem Soltan Yzzeddiniň üstünden han hyzmatyna şikaýatlar ýazyp: müsürlilere maýyl olmuşdyr we deňizden gämi bilen Müsüre adamlar gönderer. Eger han rugsat berse, müsürliler bilen duşuşmazdan öň soltanyň çäresiniň taýýarlygy görülse diýdi. "Ony ýola getirip, geregiçe onuň hakyndan çykarsyňyz" diýip, han hyzmatyndan höküm geldi. Hanyň hökümi bilen soltan Rukneddiniň höküm edýän ýurtlarynyň goşunlary bilen Perwana we Alçak Konýa tarapyna rowana boldular.

# SOLTAN MERHUM YZZEDDINIŇ IKINJI GEZEK ALÇAKDAN ÝEŇILMEGINIŇ WE ÝENE-DE RUM MÜLKÜNE TARAP ÝÖNELMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Yzzeddin han hyzmatyndan dolanyp geldi. Bir mütdetlik saparlar muşakgatyna, jebir çekmäge, sergezdanlyga we gaýgy-gama endik etmedik näzik durky birnäçe zaman dynç aldy. Bir gün Sahyp Fahreddin bilen ýurt we döwlet işleri hakynda geňeş edip otyrdylar. Soltan Yzzeddin Sahyp Fahreddine aýtdy:

– Biz Soltan Rukneddin bilen ganybir gardaşdyrys. Ylalaşyp, agzalalyk-jenjeliň ýerini söýgi-mähir bilen çalyşmalydyrys. Ýöne biziň ynsabymyz Mugyneddin Perwananyň hilesinden gapyl däldir. Eger duşmanlaryň hilesini dep etmek üçin biz bir gezek ýene han hyzmatyna barsak örän gowy bolar – diýdi.

Sahyp Fahreddin bu pikiri örän dogry gördi. Soltan hezretiniň hormatyna we danalygyna köp doga we sena okady. Sowgatlar, peşgeşler we jöwherler bilen bezelen altyn esbaplary, boz atlary we gatyrlary tertiplemäge meşgul boldy. Az wagtyň içinde hemme zat häzir we taýyn boldy.

Soltanyň çadyrlaryny we dälizlerini Ruzbeh çaýynyň ýerinde gurdular. Müneçjimleriň ygtyýary we gözegçiligi bilen soltan ýola düşdi. Mongol goşuny we soltan Rukneddin we Mugyneddin Aksaraýa bardylar. Olaryň duşmanlyk niýeti bilen gelendiklerini Soltan Yzzeddine eşitdirdiler. Hiç bir günäsiz munuň kibi goşun gönderenlerine geň galyp, biçäre halda galdy. Sahyp Fahreddini ýagdaýy mälim etmek üçin ony garşylamaga gönderdi. Özi gaçmaga taýyn boldy. Agyr ýüklerini we çagalaryny tagtyrowanlara ýükläp, häzir boldy we habara garaşdy. Ondan soňra «Sahyp Fahreddiniň olaryň ýanyna baranyndan wezirligi oňa berip, gerekse-gerekmese ygtyýarsyz ony ol ýerde sakladylar. Mongollar Soltan

Yzzeddiňiň janyna kast etmegi berk ýüreklerine düwüpdir. Olar ýakyn geldiler» – diýip, habar eşitdi. Soltan Yzzeddin derrew nökerleri we maşgalalary bilen Antalyýa gitdi. Iki günden soňra mongol goşuny we Soltan Rukneddin gelip ýetdi. Onsoň olar Soltanyň galan esbaplaryny we emlägini han üçin sarp etdiler. Hazynada näme bar bolsa wakf goýdular. Olary han hyzmatyndan mal talap etmäge gelen Tükel bagşy we Bahaeddin Şahynşaha tabşyrmak üçin goýdular.

Alçak Akşäher welaýatynda Gara öý köýünde (obasynda) we Soltan Rukneddin bolsa Altyndaş köýünde (obasynda) gyşladylar.

Mongol goşuny her tarapa hüjüm ederdi. Aly Bahadyr Suryhysar galasynda köp goşun ýygnady. Ol mongol goşunyna we Soltan Rukneddine gijeki çozuş etmek isleýärdi. Onsoň gijelikde hereket etdi. Daň atdy. Soltan Rukneddin biraz mongol goşuny bilen oňa sataşyp geldiler. Olar uly goşuna habar etdiler. Ondan soň gaty uly söweş etdiler. Ahyry Aly Bahadyr gaçmaga başlady we Üç tarapyna düşdi. Soltan Keýkowus ol habary eşitdi. Işiň haýra dönmek umydy kesildi. Künt Satbaly fasylýusyň ýanyna halyny beýan etmäge we ýer-ýurt talabyna gönderdi.

Fasylýus patyşalaryň ýagşy adatyna görä, "Hoş geldiňiz. Geliň-geçiň!" diýdi. Soltan Yzzeddini häzir edilerine mähetdel:

– "Eger-de sen we ýanyňdaklar gämä münenlerinde bizi zalym kowumlardan halas eden Allaha öwgi-sena bolsun, hudaýa şükür edýäs diý"[1] diýen aýaty okap, "Allanyň ady bilen ugradyk we düşledik" diýdi. Antalyýadan çagalary, maşgalasy we enesi bilen fasylýusyň ýanyna Stambula gitdi. Fasylýus ony örän beýik hezzet-hormat bilen garşylady. Onuň özüne, yzyna eýerýänlere we toparlaryna köp serpaý ýapdy. Uly myhmançylyk gurap, köp nygmatlar dökdi, peşgeşler etdi.

[1] Gurhanyň 23-nji süresiniň 28-nji aýaty.

Şeýle näz-nygmata we rahata çümüp, watanlaryny unutdylar, her-gün diňe aýşy-eşrete meşguldylar.

Bahadyr Konýa töwereklerinde "Altyny" kerwensaraýynda Emirahir Ugurlynyň makullamagy bilen, adam toplap, Konýa şäherine Soltan Rukneddini gabamaga gidenlerinde, ýolda ýeňilip Üç tarapyna düşdi. Üç tarapynada hiç hili asuda ýeri ýokdy. Mydama «tutup Soltan Rukneddine gönderäýmesinler» diýip, Üç türkleriniň şerinden gorkup, gezip ýörerdi. Ol hem hyzmatkärdir nökerini alyp, Soltan Yzzeddiniň hyzmatyna Stambula tarap ýöneldi. Fasylýus ony hem çäksiz gowy garşylady. Müň dürli tagamlardyr nygmatlar bilen hezzetledi, bezäp besledi hem-de oňa «Ýene-de owalky ýaly Soltan Yzzeddiniň hyzmatynda boluber" diýdi.

Rum ilinde birnäçe gezek fasylýusyň duşmanlary ýüze çykypdy. Fasylýus Aly Bahadary ony dep etmek üçin iberdi. Aly Bahadyr özüniň batyrlygy we gaýduwsyzlygy bilen fasylýusyň duşmanlaryny gahar-gazap bilen gyrdy. Bu sebäpli onuň mertebesi fasylýusyň ýanynda has-da beýgeldi, abraý-derejesi öňküden-de artdy. Her gezek fasylýus oňa öz hazynasyndan halatlar, baýlyk we bol-bol nygmatlar bererdi. Bir gün soltan Yzzeddin we Aly Bahadyr fasylýusa garap: "Biz türk taýpasydyrys. Mydama şäherde durmaýarys. Daşarda bize bir ýer we ýurt bolsa, Anadolydan bize degişli türk öýlerini getirip, şol ýerde ýazlasak we gyşlasak" diýdiler. Fasylýus hem olara howasy we topragy jana ýakymly bolan aw ýerlerini ýer-ýurt edip berdi. Olar hem Anadolydaky özlerine degişli türk obalaryna ol hakynda habar etdiler. Gyşlak bahanasy bilen az müddetde Esküdardan (Üsküdar) köp öýi göçürdi. Merhum magfur, Sary Saltyk hem olar bilen göçdi. Dobruja ilinde iki-üç para musulman şäheri we otuz-kyrk bölek türk obalary bardy. Fasylýusyň duşmanlaryna jogap edip, gahar-gazap bilen daraşardylar. Bir gije Stambulda Soltan Yzzeddin bilen Aly Bahadyr eşrete meşgul bolup otyrdylar. Şol wagtda soltan

Yzzeddiniň ýakynlaryndan bolan birnäçe akmagyň diline şu sözler geldi. «Soltan öňki döwletinden aýra düşdi. Hudaýyň ýagşy halda goldamagy bilen onuň yzyna eýerýänleri, kowum-garyndaşy, dost-ýary köpeldi gitdi. On-on iki müň är dagy bardyrys. Pursadyny tapyp, bir gün seýranda gezip ýörkä, fasylýusy aradan aýyrsak, bu döwletiň patyşalygy, bes-belli soltanyňky bolar. Ondan soňra Anadola hem mümkinçilik dörär» diýdiler. Şerap paýlaýan Grekdit adam rumydy. Ol öz jynsyna (milletdeşine) bolan meýli sebäpli, ertesi fasylýusyň ýanyna baryp, bu syrly habary fasylýusa gizlinlik bilen aýtdy. Fasylýus usully we akylly kişidi. Bu işi dessine ile aýan etmedi. Birnäçe gün pursat gözledi. "Dessine ile ýaýratsaň, maňa garşy el götererler" diýip üýşendi (çekindi). Bir gün bir bahana bilen Emirahyr Ugurly begi we Aly Bahadyry öýüne çagyrdy we tutdurdy, demir bilen baglap tussag etdirdi. Soltanyň Stambuldaky öýüne wekiller iberdi. Birnäçe günden soňra Soltany iki oglanlary bilen bir berk gala iberip, tussag etdi. Onuň enesi fasylýusyň  gyz gardaşydy (uýasydy). Ony iki sany kiçijik oglanjyklary bile Stambulda öz öýünde goýdy. Soltan iki ogly – Gyýaseddin Melik Mesgut we Rukneddin Keýumers bilen ol galada tussaglykda galdy. Birnäçe günden soňra Emirahyryň gözüne mil çekip, ony kör etdiler, Aly Bahadyry öldürdiler. Soltan we Aly Bahadyryň yzyna eýerýän adamlardan, toparlardan, nökerlerden kim dinden dönüp, hristian dinine girseler aman bolup, öz başlaryny gutardylar. Yslam dinini jan sahypasynda nagyş edip, dinden dönmedikler fasylýusyň  zyndanynda ebedi galdylar.

Haktagala soltanyň gardaşyna ylham etdi. Gardaşy Deşt hany Berke hana habar bermek üçin gönderip, «Gardaşymy halas et» diýip haýyş etdi. Ol goşun iberdi. Tötänden ol ýyl gyş gaty aňzak boldy. Tuna (Dunaý) derýasynyň suwy gaty doňdy. Berke hanyň goşuny buzuň üstünden geçip, soltany gala tussaglygyndan çykaryp, halas etdiler. Berke hanyň özi hem

köp sanly goşuny bilen yzdan geldi, Stambuly gabap, örän gysaja gysdy. Soňra ýaraşyk baglaşdy. Soltany Berke hanyň öz hyzmatyna getirdiler. Han oňa çäksiz hezzet-hormat edip, mähribanlyk bilen bakdy. Näçe gezekler oturşyp, onuň bilen gymyz we çakyr käselerini içdi. Geregi ýaly serpaýlady, ol türk öýlerini Sary Saltyk bilen göçürip, Alpdeşte eltdi. Sulgaty we Sugdagy oňa mülk edip we halkyna ýer-ýurt edip berdi. Fasylýus bolsa soltanyň halas bolup, Berke[1] hanyň ýanyna baranyny eşidip, Soltanyň enesini iki oguljygy bilen deňizden Krym ýurduna iberdi. Krym we Karmak iliniň häkimligini olara berdi. Ene Gapysy düşlegini hem ol hatyna berdi. Ol gapa häzirler hem «Ene Gapysy» diýilýändir. Ol at ol gapa şol hatynyň eýelik edýändigi sebäpli berlipdi. Bir gezek şol hatyn oglanlary bilen ýaňky ýerde durka, «Soltan bir bela duçar bolup, dünýäden ötdi» diýip aýtdylar. Onuň aradan çykanyna, aýralygyna çäksiz gynanyp, şol gapynyň üstündäki küňräniň üstüne çykyp, özüni galadan aşak oklap, ol hem dünýäden ötdi.

Fasylýus Garawiriýäni uly gardaşyna berdi, kiçi gardaşyny[2] bolsa öz ýanyna getirdi.

Soltan Yzzeddin enesiniň wakasyny we iki sany oglanjygynyň fasylýusyň ýanynda ýesir galandygyny eşitdi. Olaryň aladasynda, gije-gündzini gaýgy-gamyň içinde geçirdi. Älemi-gaýypdan bir şatlyk bolar diýip, umyt ederdi. Soňra Berke hana Krymyň soltanlygyny hem berdi. Krymdan Garabogdan iline çenli ilatyň köpüsi musulmandy. Garabogdanda hem öz adyna metjidi bardy. Kapyrlar içine doňuz goýarlardy. Şeýle-de Soltan Yzzeddiniň ahwalynyň ahyry we pesleri terbiýeleýän pelegiň gerdişinden ýat ýerde oňa nämeleriň duçar bolandygy öz ýerinde beýan ediler.

---

[1] Asyl nusgada «Berke han», emma käbir çeşmelerde «Bereket han» görnüşinde hem berilýär.

[2] Bu ýerde fasylýusyň gardaşlary däl-de, Soltanyň iki ogly göz öňünde tutulýar.

## SOLTAN RUKNEDDIN GYLYÇ ARSLANYŇ (ALLA ONUŇ DELILLERINI NURLANDYRSYN!) PATYŞALYGYNYŇ WE ONUŇ KÄBIR HÄSIÝETLERINIŇ, ÝAGŞY AHLAGYNYŇ, ABRAÝ-HORMATYNYŇ BEÝANY

Soltan Şehit Rukneddin Gylyç Arslan ibn Keýhysrow sahylyk, adamkärçilik babatynda jahanda ýeke-täkdi we meşhurdy. Ýagşy häsiýet, öwgüli ýörelge, oňat gylyk bilen bezelendi, çapyksuwarlykda naýzagezärlikde we batyrlykda meşhurdy we pelek pany älemiň meýdanynda onuň ýaly birini görmändi. Sahylyk we adamkärçilik, batyrlyk we gaýduwsyzlyk edýän wagtynda Hatam Taý we Rüstem Menkus kibidi.

### Beýt

Öňünde kemer baglady salyp kelle[1] kibir[2],
Her şa ki sezawar[3] kulah-u kemer[4] oldy.

Ýüzünde Hakyň nuryny tagýynle[5] gördi,
Her ki Hyrat enwar[6] ile bährewar oldy.

Şemşiri leýalysy[7] hawadys[8] ýüregine,
Gün şuglasy manendi[1] tulugy[2]-säher boldy.

---

[1] Salyp kelle – başyny aşak salyp, egip.
[2] Kibir – tekepbir, ulumsy.
[3] Sezewar – mynasyp, laýyk.
[4] Kulah-u kemer – täçdir guşak.
[5] Tagýyn – aýan, äşgär.
[6] Hyrat enwery – akyl nurlary.
[7] Leýaly – gijeler, agşamlar.
[8] Hawadys – hadysalar.

Onuň jan alyjy peýkamynyň gorkusyndan dagda peleň büzülip, «mim» harpynyň halkasy ýaly düýrülerdi, göwher syýaly dür seçýän galamyndan şeýle bir hatlar we setirler ýazylardy welin, ol arassa suw ýaly päkizedi, dilberleriň gül ýüzündäki haly kibi örän söýgülidi we ýürege ornaýardy. Söweş-jeňde batyrlyk gylyjy bilen din we döwlet duşmanlaryny iki bölek ederdi. Elmydama terkidünýä, ybadathon adamlary, alymlary we ussatlary, mysapyrlary, hünärmentleri hormatlap-sylaglap, esasy üns-aladasyny şolara sarp ederdi. Paýtagt Konýada soltanlyk tagtynda oturanda, Stambula tarap ugran Soltan Yzzeddin, Aly Bahadyr we Emirahyr Ugurly dagy her ýerden goşun ýygyp, Konýany gabamaga bardy. Şonda Mugyneddin Perwana mongol goşunynyň ýardamy bilen ony we Emirahyr Ugurlyny kerwensaraýyň öýünde ýeňdi. Şonda olara uýanlaryň ele düşenleriniň baryny gyryp, heläkletdi.

Galam eýelerinden we ylym söýelerinden bolan Nejibeddin mustewfini, Muşerip Kywameddin Arzynjanyny, Kazy Esger Jelaleddin Suryhysaryny we Girmiýan ogly Kerimeddin Alyşiri we Selihdar Bedreddin Göwherdaşyny, we Emineddin Ýakutyny – patyşalary Soltan Yzzeddiniň tarapdarlary, bolany üçin Soltan saraýyna ýygnap, olary tutup baglap, Alçak noýanyň ýanyna gönderdi. Ol olaryň ählisini şehitlik derejesine ýetirdi. Bu taýpa nähäk ýere gyrylansoň, şol gije älemi gaýypdan Alçak noýana düýşünde ýoluk (gazaply) käýinç etdiler. Ol gorkup oýanyp çadyrdan ol şehitleriň gabyrlaryna bakdy. Derek-derek bolup olaryň üstüne nur inýärmişin. Haýran bolup, Perwana käýinmäge başlady. Ol waka tamam boldy. Onsoň owaldan Soltan Yzzeddiniň döwletiniň tarapdar

[1] Manendi – ýaly, meňzeş.

[2] Tulug – dogma, agarma.

gullaryndan bolan, soňra salamatlyk talaby üçin mongollara baryp il bolan, soltan Rukneddine tabyn bolan Şa Melige baýdak emirligini we Simeräniň goşun başylygyny tabşyrdy. Ol Kedagra galasyna girip, soltan Rukneddine garşy baş göterdi. Perwana birnäçe wagt ony gabamak bilen geçirdi. Ahyr soňunda ony ähdi-peýman bilen galadan aşak düşürdi. Ony hem mongollaryň eline berip öldürtdi. Ondan soňra ýarag edinip han hyzmatyna tarap ýola düşdi. Ol wagtda Trabzonyň tekury ýene-de Sinoby eýeläpdi. Onsoň hanyň hyzmatyna baranda, Sinoby eýelemek we gabamak üçin handan goşun sorady. Han bir tümen goşun berdi. Alyp geldi. Iki ýyllap Sinop galasynyň gabawyna meşgul boldy. Ahyr soňunda ony basyp aldy. Gala basylyp alnanda Sinoby mülk hökmünde bermegi soltan hezretinden sorady. «Ýok» sözi soltan Rukneddiniň mübärek diline kelemeýi şahadatdan başga ýerde gelmezdi. Ýogsa Sinop welaýatynyň şeýle owadanlygy we ezizligi üçin ony bermäge gysganmaklyk aýp däldi, belki ýagşy zatdy.

Şonda-da Soltan onuň haýyşyny kabul etmekligi göwnüne laýyk bildi. Bu efsanany (hekaýaty) döreden Seýitmuhammet ibn Jagparyň [ýanyna] gelip, Sinobyň mülk ýer hökmünde berilýänligi baradaky karary ýazmaklyk tabşyryldy. Mugyneddin Perwananyň haýyşy esasynda şerigat delilleri we mübärek perman ýazyldy we Perwananyň adamlary bilen ugradyldy.

## SOLTAN RUKNEDDINIŇ HELÄK BOLMAGYNYŇ SEBÄBINIŇ BEÝANY

Soltan Yzzeddiniň ýurduň [özüne düşýän] bölegininiň soltan Rukneddiniň dolandyryşynda bolmazyndan öň Perwana bir gün gürrüňdeşlik mahalynda özüniň ýörite we ýakyn adamlary

bilen ol bölegi hem bu bölege goşmak üçin geňeş ederdi. Perwana gapysynyň ulularyndan bolan Şerep Hatyr geňeş mahalynda şeýle aýtdy:

– Eger Haktagala bu arzuwy ýerine ýetirse, hojaýyn Negidäniň goşunbaşylygyny bu guluna sowgat berermi?

Perwana hem ýagşy niýet-päl üçin onuň haýyşynyny kabul etdi. Şerep hem ol maksadyň umydy üçin soltan Yzzeddin hakynda han hezretine arz edilýän töhmetleri ýazga geçirip berýärdi. Onsoň Alçak noýany soltan Yzzeddini tutmaga iberdiler. Ol bigünä soltan Yzzeddin bolsa hanyň haýbatynyň gorkusyndan gizlenmekligi saýlap alyp, ýurtdan gaçdy we fasylýus Leşgeriniň ýanyna geldi. Onuň ýurdy hem soltan Rukneddiniň eline düşensoň beren wadasyna wepa etmegi üçin Negidäniň goşunbaşylygyny Hatyr ogluna berdiler. Onuň abraý derejesi ýer astyndan ýyldyzlara çenli, balykdan[1] asmana çenli ýaýrady. Birnäçe ýyl munuň üstünden geçdi. Hatyr ogly azgynlyga başlady. Akylly adamlar ol hakynda şeýle diýýärdiler: «Kemasyl we pes kişilere, beýik mertebe berilmez. Eger tersine bolsa, onuň zaýaçylygynyň çägi-ölçegi bolmaz». Köp baýlyk we beýleki esbaplardan ýaňa Hatyr oglynyň hapysa köňlünde pisat hem-de ulumsylyk orun tutdy we aýagyny özüniň dereje we hetdinden daşary basmaga başlady. Sözüne, işine, aslyna we kowum-gardaşlaryna görä hereket etmedi. Ýurduň çar tarapynyň adamlary onuň beg bolan bolşundan ar-namys ederlerdi. Mydama arza we şikaýat edijiler ondan hem-de onuň bil baglaýan orunbasarlaryndan soltanyň huzuryna gelip, gowga we galmagal ederlerdi. Soltan dergähinden oňa höküm we perman ýazylardy. Asla permana gulak asmazdy we ýerine ýetirmezdi. Baş göterip görmezlik ederdi. Soltan Perwananyň göwni üçin, onuň oglanlyk

[1] Bu ýerde gadymy rowaýat göz öňünde tutulýar, ýagny «Ýer balygyň üstünde duranmyş» diýilýär. Bu ýerde «abraýy ýeriň astyndan asmanyň üstüne çenli ýaýrady» diýlip, mahabatlandyrylýar.

döwründen bäri Şerep Hatyra dostluk muhabbetiniň bolandygy üçin oňa temmi bermekde we işden boşatmakda geçirimlilik we perwaýsyzlyk ederdi. Şerebiň gün-günden päli azgynlygy artdy gitdi. Hiç şübhe ýokdur, bir kişiden sähel bir günä we hökümi berjaý etmezlik ýüze çyksa, patyşalar oňa syýasat etmese (temmi bermese), günden-güne ol başbozara birnäçe betpäl we haýynlar hem ýoldaş bolarlar hem-de ýurtda örän köp zaýaçylyk ederler.

Bir gije soltan hylwatda ählisi Perwana degişli bolan birnäçe kişiler bilen otyrdy. Olar Perwananyň we Şerebiň tarapdarlarydy. Birdenkä soltan bilmezden bularyň ýanynda: «Nigide welaýatyny Şerepden alyp, başga bir adyl we musulman ynsanperwer kişä bermek gerek» diýdi. Beýleki wagtlarda hem birki gezek şu sözleri dilinden sypdyrdy. Sinop şäherini hem Perwana mülk edip berendigine puşman edýänligini bildirip, «Hergiz nöker patyşasyndan bir şäheri peşgeş we mülk almak islärmi? Perwana we onuň ýaranlary biziň üstümize hökmürowan boldular. Biziň mirasdüşer döwletimize tama edip, kem-kemden welaýatlary özüniň ýaranlaryna berip, biziň saýlantgy nökerlerimize we gullarymyza nesip (paý) goýmazlar. Eger bu düzgün boýunça boljak bolsa, geljek ýyla çenli soltan hökmünde ýurtda biziň hökmümiz galmaz. Maslahat şeýledir, ýagny ýene han hyzmatyna baralyň we ýagdaýlary hem-de zalymlaryň häkim bolandygyny arz edeliň. Eger atalarymyzyň ata we dädelerimiziň döwletinden paýymyz we nesibimiz bolmajak bolsa, Rum ýurduny hana[1] tabşyranymyz gowrakdyr. Han özüniň köp haýyr-yhsanyndan ajam ýurtlarynda bize il we welaýat gaýgyrmaz» diýip, çäksiz akmaklygyndan we nadanlygyndan bu sözleri sözledi. Şeýlelikde, bu habarlary az-u-köp edip, Hatyr ogluna ýetirdiler. Hatyr ogly örän

[1] Mongol hany göz öňünde tutulýar.

gybatçylygyndan we topalaňçylygyndan soltan hezretinden Tokada barmaklyga, öýüni, ogluny, gyzyny görmäge rugsat diledi. Ol ýerde onuň ýeri ýurdy hem bardy. Şol bahana bilenem gitdi. Soltan tarapyndan ýalan we töhmet sözler bilen ol betgöwher Perwananyň semender kibi ýerini ot eýledi. Her gün ikisi ýalňyz seýrana çykyp dürli-dürli pikirler ederlerdi.

Ikisi hem betgöwher we bedasyldylar. Bu beýti şahyr diýipdir.

### Beýt [1]

Eger betgöwher kim diýip sorasalar,
Betgöwheriň kimdiginiň jogabyny ber.

Elkyssa, ahyr olar Rumdaky mongol begleri agzybirlik bilen soltana kast etsinler diýen karara geldiler. Onsoň ertesi Perwana mongol begleri we ýarguçlary (kazylary) üçin köp mal tertip etdi. Soň olary guma bulaşmyş Şerep bilen ol melgunlara gönderdi. Hem-de: «Soltan şamlylar bilen goşulyşmak we hana garşy topalaň etmek isleýär, biz garşy bolýarys. Onsoň ol şol sebäpli bizi heläk etmek kastynda pikir edýär. Biz tarapdan rahat bolandan soň, ýaly Üç goşunlaryny we ähli Rum esgerlerini jem edip, sizi hem gyrmak isleýär. Ondan öň, ýagny Soltanyň bu pikiri sözden işe geçmänkä, her ýyl işleri göçgün we söweş bolan Üç goşunlaryny jemläp, ähli Rum we Ermeni welaýatyndan geljek türk we kürt goşunlary bilen arkalanmanka, ýagdaýyň çäresi üçin hereket etmek diýseň maslahatdyr» diýip habar iberdi. Emma oňa: Owal bu wakany Perwana bilen dostlugy we köp mal-baýlyk bermek bilen dogry ýoldan çykaran (kişisi) bolan, Ynal Ýarguça

[1] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.

aýtmagy, onuň hem galan mongol beglerine diýmegini tabşyrdy.

Habar gelip ýetişdi. Ýagdaýy bildiler. Näletsiňen Ynal mongol beglerini göçüp, Aksaraý tarapa ugrar ýaly etdi. Perwana hem özüniň Nigidedäki goşuny bilen bulary garşylamalydy.

Dujy Aja hem pes, hiç zadyň alnyndan bolmadyk we hakyna tutulanlardandy. Hiç bir oturylyşykda orny bolmazdy, ünse-nazara ilmezdi. Perwana ony ýokary çekip, edil zamana kibi näkese we pese terbiýe berip, derejä ýetiripdi. Ol hem Aksaraýa ugrady. Onsoň:

«Handan bir möhüm iş üçin mongol beglerine hököm gelipdir. Bu hökümi soltana hem eşitdirmek islärler. Eger garaşdyrman gelse, begleriň minnetdarlygyna eýe bolar» diýip, soltany çagyrmaga Konýa adam ugratdylar. Soň ol biakyl we biçäre soltan bu hileden gapyl Konýadan Aksaraýa ýöriş etdi. Soltanyň olaryň ýanyna ýeten güni, merhum Täjeddin Mugtaz mongol beglerini myhmanlaýardy. Ol gün ol myhmançylykda soltan begler bilen agyr bulgurlar içdi. Şerabyň güýçli täsiri soltanyň ýüzünde peýda boldy. Begler hem serhoş bolup, aralaryndan haýa-şerim göterildi. Mongol begleri soltana igenip, iri-gaty sözler aýtmaga başladylar hem-de:

– Ne sebäp bilen Perwanany öldürmäge kast eder sen? Näme üçin munuň kibi pikir edýärsiň. Ol seniň ýanyňda hyzmat şertlerinden nämäni ahmal etdi? – diýdiler.

Soltan jogap berdi:

– Begleriň bu diýýän sözlerinden meniň habarym ýok. Hiç bir wagt esrik (serhoş) we aýyk (serhoş däl) wagtym, meniň dilimden ol sözler çykan däldir. Eger Perwananyň hatyry betpygyl gybatçylaryň sözleri bilen biziň tarapymyzdan närahat bolan bolsa, goý begler derňew we barlag etsinler. Ol sözleri aýdanlaryň utanjakdyklary gürrüňsizdir.

Mongol begleri ýene jogap berdiler:

– Eger bu hekaýat birküç gezek gaýtalanmadyk bolsady, iş bu hetde ýetmezdi. Eger seni bu hyýanata öjükdiren ýakynlaryňy ýasaga ýetirmegimiz (öldürmegimiz) üçin, bize tabşyrsaň, Soltanyň mübärek durky halas bolar. Eger ol babatda ahmal etseň, ýok edilersiň, gaýgyrylmarsyňyz.

Soltan aýtdy:

– Bu babatda pikir edeliň. Erte beglere arz ederis.

Ol gün ol mejlis bu waka bilen tamamlandy. Soltan şähere geldi. Ol gije bu ýerde boldy. Ertesi ýyldyzlaryň şasynyň baýdagy gündogar gözýetiminden ýaldyranda, soltan şäherden çykdy. Ol gün myhman kabul etmeklik nobaty soltanyňkydy. Soltan guşluk bolynça ol begler bilen awa meşgul boldy. Mongol goşuny ýarag geýip şaýlanypdylar. Soltanyň daş-töwereginde uzakdan ýollary berkidipdiler. Awdan yzyna döndüler. Çadyra geldi. Mongol beglerini çagyrdy. Saçak ýazylyp, tagam iýdiler. Sakylar şerap aýladylar. Oturan çadyrlarynyň içi adam deminden ýaňa gyzansoň, Soltan donuny çykaryp, lybasça berdi. Soltanyň guşagyndan birküç sany pyçak gaçdy. Ony ussat pyçakçylar ýasap, soltana sowgat getiripdiler. Ol pyçaklary oturanlaryň her birisi gynyndan çykaryp, gyzyklanyp sererderdiler. Ýene-de soltana igenç bilen sözlemäge başladylar:

– Düýn şeýle karar edilipdi. Perwanany kowalanlary bize tabşyrar sen [diýipdik]. Ol şerte wepa etmediň.

Soltan niçe ötünç sorasa-da, kabul etmeýärdiler.

Şeýle rowaýat edýärler:

Gowga we gykylyk wagtynda soltanyň bulguryna awy atdylar. Bulgury içenden bir zamandan soň jomartlyk, sahylyk we sahawatlylyk gaýmagy bolan mübärek durkunda özgerme peýda boldy. Buşugmak üçin daşary çykdy. Ajal onuň näzenin janynyň gulagyna hiňlenip owaz ederdi. Buşugandan soňra bir pursat ol meýdanda başyny ýere goýdy we ýatdy. Awy onuň damarlaryna we agzasyna täsir edipdi. Şol sebäpli janyna

sandyrama düşüpdi. Naçar bolup, sabyr (çydam) etmäge kuwwaty ýokdy. At diledi. Münüp, şähere rowan boldy. Yzyndan ýetdiler we aýtdylar:

– Soltany älem dönüp biraz begler bilen otursyn. Beglerden birkimse şähere gitmäge niýet etse, Soltan hem salamatlyk bilen şähere barsa, gowy bolar.

Soltan jogap berdi:

– Men özümde haýyr nyşanym we ýagşylyk alamatym görmeýärin. Yzyňyza dönüň we beglerden ötünç diläň.

Olar diýdiler:

– Elbetde soltan dönüp gelsin diýip haýyş etdiler.

Soltan bialaç bolup, yzyna girdi. Otagyň içine döndi. Bir zamandan soňra mongol begleri we Perwana bilen barysy daşary çykdylar. Hatyryň oglanlary Zyýa we Şerep birküç mongol bilen galdylar. Soltany aşaga oklap (ýatyryp), onuň kibi näzenin soltany urmaga we depmäge başladylar. Niçe pygan we perýat edip, zynhar (aman) dileýärdi, il duýsa-da, medede gelmeýärdiler. Merhemet edip, nygmatynyň hakyny ýerine salmadylar. Ahyry ýaý kirişi bilen bogup, onuň mukaddes ruhuny jennete we belent behişde gönderdiler. Goja we ýigit, uly we kiçi bu mersiýe bilen ebedi ahy-nalada galdylar we bu beýtleri söz bilen aýtdylar.

## Beýt

Şa öldi eý daryg[1] bizüz[2] faryg-u hamuş[3],
Hany huruş[4]-u nagra-ýu hany pygan-u joş.

---

[1] Daryg – haýp, arman.

[2] Bizüz – biz, bizler.

[3] Faryg-u hamuş – parahat we dymyp durma.

[4] Huruş – gykylyk, gowga.

Eý zikge çün[1] yýar[2] söz olduň goňşyna,
Weý kus[3] kyl azaýy[4] şahynşah çün huruş.

Eý soltanat ýakaňy şekaf[5] eýle tä benaf[6],
Weý memleket saçyňy kes uzatma tä begüwş[7].

Eý täç-bendi melik çun üzüldi häki[8],
Weý tagt-jany şah çün üşendi[9] zähri noş.

Eý çetr, kiswet[10] syýah oldy sefit[11] çun,
Sen dagy tygy şah kibi nili gaba bepuş[12].

Soltany Aksaraý mazarynda amanat jähti bilen jaýladylar. Amanatdan boşadanlaryndan soň, mongol begleri ýene dönüp, gyşlak tarapa ugradylar. Begler we ulular gyssanmaçlyk bilen Konýa bardylar.

## SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROW IBN GYLYÇ ARSLANYŇ SOLTAN BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Döwlet emeldarlary paýtagt Konýa ýetdiler. Soltan Rukneddin Gylyç Arslanyň Gyýaseddin Keýhysrow atly iki

---

[1] Çün – ýaly, misli.

[2] Yýar – 1) ölçeme, çekme; 2) gyzyl-kümüşiň sapdygyny ýa-da däldigini seljerme; 3) mähek daşy.

[3] Kus – deprek, tebil.

[4] Aza – ýas, matam.

[5] Şekaf – açma, paralama, ýyrtma.

[6] Benaf – göbege çenli.

[7] Begüwş – gulaga çenli.

[8] Häk – toprak, gum.

[9] Üşendi – üýşendi, gorkdy, tisgindi.

[10] Kiswet – eşik, lybas.

[11] Sefit – ak.

[12] Nili gaba bepuş – mawy don geý, ýaşyl lybas geý.

ýarym ýaşynda bir oguljygy bardy. Ony soltan tagtyna geçirdiler. Beýige-pese, ula-kiçä onuň tarapdarlygy üçin ant içirdiler. Yhlas bilen ählisi tabyn boldular. Sahyp Agzam Fahreddin Aly we Mugyneddin Süleýman Perwana akyl we parasat bilen soltan döwletiniň ýagşy işlerine biri-birine ýardam bermek bilen hereket edýärdiler. Aralarynda agzybirlik we ylalaşyk soňky çäginde bolup, raýat olaryň adyllygy saýasynda pitneden we täleý öwrümlerinden aman we asuda bolupdylar. Älem etraplaryndan, Kardon deňzinden, Stambuldan, Pereňistandan, Tartusdan, Kybrusdan (Kipr) we Rudusdan ilçiler we bezirgenler soltan dergähiniň hyzmatyna we ýurduň sebitlerine we etraplaryna yzyny üzmän gelerdiler. Soltany Perwana we Sahyp besleýärdiler we terbiýeleýärdiler. Soltan çagady. Heniz nyşan we gol goýmazdy. Birnäçe wagtlap nyşany agaç galyp bilen hökümleriň we permanlaryň üstünde goýardylar. Çagalyk menzilinden ýetginjeklik derejesine ýetdi. Agy-gara düşüp başlady. Ussat getirdiler. Gurhan, namaz, oraza sütünlerini, halal-haramy parhlandyrmagy öwrendi.

**Beýt**

Oňa bermişdi jahan Kerdigär,
Atabek hiret talyg[1] amuzgar[2].

Buýurdy owwal ustady Ýezdanparast[3],
Ki ura hurufy tehejjiýe[4] dest[5].

[1] Hyret talyg – akylly, täleýli, bagtly.
[2] Amuzgar – mugallym.
[3] Ýezdanparast – Hudaýparaz, Hudaýa sygynýan.
[4] Hurufy tehejji – elipbiý harplary, harplar.
[5] Dest – el, gol.

Elip ki owwal okydygy haldy,
Delilidi kim Hakdan ykbaldy.

Dahy «biden»[1] ol bezl[2] kyldy şygar,
Bu gez «ta» diýip tahtän[3] kyldy kär.

Kylyp harpy «säden»sebaty[4] hyýal,
Heman boldy «jim» aýatyndan jelal[5].

Oňa hetdi[6] ykbal «häden» nyşan,
Oňa hyzmaty hany[7] «hadan» aýan.

Oňa «daldan» döwlet oldydy raý,
Bolup «zaldan» zirweýi[8] bagty jaý.

Degip raýaty[9] memleket «radan» ol,
Düzer zynaty soltanat «zadan» ol.

Oňa «sinden» olup sagadat karyn[10],
Bu gez «şinden» ol şükri kyldy gözin[11].

Bolup «saddan» suffaýy[12] soltanat,
Olur «zaddan» zabyty[1] memleket.

---

[1] Biden – «b» harpyndan.
[2] Bezl – bagyş etmek, sowgat bermek.
[3] Tahtän – çozmak, topulmak.
[4] Sebat – berklik, mäkämlik.
[5] Jelal – beýiklik, ululyk.
[6] Hetdi – çäk, het, serhet.
[7] Han – saçak, supra.
[8] Zirwe – 1) dagyň çür depesi; 2) beýiklik.
[9] Raýat – baýdak, tug.
[10] Karyn – golaý, ýakyn, hemdem.
[11] Gözin – saýlama, seçme.
[12] Suffa – şasypa, tagt.

Olur «tadan» ol tagam şahlyk nuhust[2],
Bulur «zadan» ol şah zafarlar[3] dürüst.

Sury[4] adl-u dat etmegi «aýyndan»,
Zyýada kylar gaýraty «gaýyndan».

Kylyp «feden» ol fazla[5] agaz[6] saz,
Bulur «kafdan» gadry ejlal[7]-u näz.

Kulah[8] geýenisidi «käfden»,
Lewa[9] «lamdan» münzewiýi[10] lafdan[11].

Çu «mime» erişdi-ýu buldy myrat,
Kylyp «mundan» ol nehzeti[12] nasry[13] ýat.

Wepa «wawdan» kylar idi aýan,
Berip haýbat-u haýy «heden» nyşan.

Kylar «ýadan» ol Ýusuby mülki ýat,
Çu şahy jahangir ulug Keýkubat.

---

[1] Zabyt – doly ele geçirme, eýeleme.
[2] Nuhust – ilki, birinji.
[3] Zafar – ýeňiş, üstünlik.
[4] Sur – şagalaň, baýramçylyk.
[5] Fazl – 1) bilim, ylym; 2) artyklyk.
[6] Agaz – başlama.
[7] Ejlal – beýiklik, beýiklik.
[8] Kulah – telpek, başgap, täç, jyga.
[9] Lewa – baýdak, sanjak.
[10] Münzewi – çekilme, saklanma, terkidünýä.
[11] Lafdan – lap urmadan.
[12] Nehzet – hereket.
[13] Nasr – ýardam berme, kömek etme.

Pes[1] ahyrda bir harpy çün boldy «la»,
Galam çekdi ol harpa bimajera[2].

Zeh[3], eý, täze nowbaweýi[4] patyşa,
Ki ferr-u werej[5] ruhlarynda[6] güwä.

Çün ol zabt kyldy hurufy heja[7],
Heman döwlet etdi oňa iltija[8].

Şahynşahlykda oňa her harpy Hak -
Aýan etdi ýüz aýaty mä sadak[9],

Hemişe jahandar piruz[10] bat,
Hemme wagty o[11] jeşn[12]-u nowruz bat[13].

## SAHYP FAHREDDIN ALY IBN HÜSEÝNIŇ IŞDEN BOŞADYLMAGYNYŇ SEBÄBI WE ONUŇ GARAHYSARDA TUSSAG EDILMEGINIŇ BEÝANY

Beýik soltan, saýlantgy patyşa, sahawatly şähriýar, rehimli täçdar Yzzeddünýä Weddin Keýkowus watanyndan we ýurdundan çäresiz ýagdaýda çykyp, sergezdançylygy ygtyýar

[1] Pes – soň, onsoň.
[2] Bimajera – hadysazyz, gowgasyz.
[3] Zeh – aperin, berekella.
[4] Nowbawe – 1) her bir täze ýetişen zat; 2) çaga.
[5] Werej (werj) – mertebe, dereje, şan-şöhrat.
[6] Ruh – ýüz, keşp.
[7] Hurufy heja – elipbiý harplary.
[8] Iltija – pena, pena edinme.
[9] Mä sadak – dogry zatlar, hakyky zatlar; 2) many, mazmun.
[10] Piruz – ýeňiji , üstün.
[11] Wagty o – onuň wagty.
[12] Jeşn – baýram, baýramçylyk.
[13] Bat – bolsun.

edipdi we Deştiň hany Bereke hanyň ýanynda ornaşypdy. Ol watanyň ejirli aýraçylygyndan ýaňa Fahreddine bir nama ýazyp, ol namada derdi dilinden, girdejisiniň (zadynyň) kemliginden we nökerdir hyzmatkärleriniň isleglериniň köplüginden sözler ýazyp beýan edipdi. Ony okanlar we eşidenler duýgudaşlyk ederdiler. Sahyp Fahreddin Ala ol haty berdiler. Sahyp onuň namasyny okandan soň, öňki adaty görnüşinde Sahybyň kalbynda mähremlik peýda boldy. Ahwaly we zary Perwana bildirdi we Soltanyň namalaryny Perwananyň ýanyna goýberdi. Ol hem okady we örän duýgudaşlyklar bildirdi. Ol hatlary öz ýanynda saklady. Ertesi Perwana we Sahyp diwanda biri-biri bilen duşuşdylar we ol habary barada biri-biri bilen sözleşdiler. Sahyp Perwanadan:

– Soltan Yzzeddiniň namasynyň jogaby neneňsi görnüşde ýazylar. Ejizlik we biçärelik oňa üstün bolupdyr. Pakyrlyk we binowalyk onuň üstüne çöküp ornaşypdyr. Bu halatda kömek we ýardam görnüşinde zat göndermek bolarmy ýa ýokmy? – diýip sorady.

Ol jogap berdi:

– Soltan Yzzeddiniň we Yrak patyşasy Soltan Togrulyň ýagdaýlary biri-biriniňkä meňzär. Soltan Togrul begleriň gödekliginden melul we perişan boldy. Olaryň elinden gaçyp, ýurt etraplarynda perişan hal we binowa boldy. Ermeni we Ahlat patyşasyndan bir zat umyt edip, bu iki beýdi haýyş babynda we ýalbaryş äheňinde oňa beripdi.

## Beýt [1]

Bu gün keram et, eý, keremiň ganat-peri,
Ýoksullugymdan haram ölen zat maňa «halal» boldy.

---

[1] Pars dilinden sözme-söz terjime edildi

Ertir, täleýimden ýagdaý gowulaşsa,
Seniň aýaňdan göwheri taňsyga-da almaryn.

*Bu gün kerem et eý kerem çün per-u bal,*[1]
*Ki oldy maňa ýokluk ile myrdar halal.*

*Ýaryn*[2] *ki olam talygle niku hal*[3]*,*
*Ol wagt eliňde çe*[4] *jowahyr çe sypal.*

Ermeni patyşasy bu iki beýti okady. Hiç wej bilen kişilik we mürewwet etmedi. Azdan-köpden onuň sahawat gabyndan zat syzmady. Öz bahyllygynda berk durdy. Soltan Togrul örän gazap bilen ýene iki beýt ýazdy we gönderdi.

### Beýt [5]

Eý, köňli Ermeniň höwesinde, eger men bolsam,
Senden gam-gussany boşatmasam zen bolaýyn.

Eý, çarh, eger hile bilen daşa çykaryp bilmesem –
Seniň sygryňy (öküziňi) seniň harmanyňdan,
men eşek bolaýyn.

Eý dil howasynda ermeniň är[6] men olam,[7]
Seni hazan ile goýsam men zen olam.

Ger gäwüňi[1] harmanyňdan eý çarh seniň,

---

[1] Asylk nusgada bu beýdiň hem parsçasy, hem türkmençesi berlipdir.
[2] Ýaryn – ertir, taňla.
[3] Niku hal – ýagşy ýagdaý, gowy ahwal.
[4] Çe – näme, parhy ýok.
[5] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.
[6] Är – 1) är, erkek kişi; 2) eger.
[7] Asyl nusgada bu beýdiň hem parsçasy hem-de türkmençesi berlipdir.

Daşary eýlemeýem hile bilen, har[2] men olam.

Ermeni patyşasynyň bahyllyk we mähremsizlik bilen şöhraty ýaýyldy. Munuň kibi wagtda nygmat berijiňe yhsan etmek lazym we ynsançylyk mürewwetdendi we parzlaryndandy. Emma ýardam etmedi diýdiler.

Ondan soňra ýene-de aýtdy:

– Eger Soltan Yzzeddin hatyny maňa göndersedi, janlymdan-jansyzymdan[3] näme bar bolsa, oňa ibererdim.

Sahyp Perwanadan bu mukdarda rugsat tapandan soň, namanyň jogaby bilen birküç sany nepis kemhalar, donlar, ýumşak lybaslar bir altyn bulgur, bäş ýüz mysgal, lagl gaşly altyn bada, dürli nepis parçalar we üç müň pereňi fuluryny bir ynamdardan iberdi.

Bir müddetden soňra tama çeňňegini Sahybyň derejesine we ornuna zyňan (oklan) we Sahybyň barlygy sebäpli pursat we mejal (mümkinçilik) tapmaýan garşydaşlar we göripler ikisiniň arasynda gybatkeşlige we şugulçylyga başladylar. Pursat tapyp, dürli mekir we hile bilen Perwanany Sahyp Fahreddini tutup, tussag etmäge razy etdiler. Emma batyrlyk, harbylyk we goşun çekmeklik babatynda älemiň ýeke-tägi we artykmajy bolan Sahybyň uly ogly Emir Şehit Täjeddin Hüseýinden ätiýaç edip gorkarlardy. Hatyr ogly Şerep aýtdy:

– Men ol işde bir çäre taparyn. Ony myhmansöýerlik bahanasy bilen öýüme çagyraýyn. Galkyp gitmek islese [gitmäge] goýmaryn.

### Beýt

Pikir kyldy Şerep suflaýy[1] merdut[2] ebet,

---

[1] Gäw – sygyr.

[2] Har – eşek.

[3] Bu ýerde mal-gara we pul-teňňe göz öňünde tutulýar.

Ki ezelden oldy fasyk[3]-u ibnan heset[4].

Ertesi Sahyp, Perwana, Täjeddin we Hatyr ogly Soltanyň hyzmatynda seýrana çykdylar. Soltan gezelençden köşgüne gaýdyp gelensoň, Hatyr ogly Şerep Täjeddine garap hormat bilen aýtdy:

– Gijeki şerapdan soň bu gün başy sämäp duran bendä, öýdäki taýýar duran bir-iki ýuwdum tutmaç[5] kellesi sämäp duranyň derdine dermandyr. Eger Magtymzada[6] özüne kiçilik bilmän bize gelip, biziň bilen tagam iýip, hem humarlykdan açylsak bu bendesine hormat goýdugy bolar.

Sahyp ogly akýürekden we päk ynanjyndan bu teklibi kabul etdi we olara bardy. Tutmaç getirip işdä bilen iýdiler. Saçak ýygnalandan soňra, Sahyp ogly turup gitmekçi boldy. Şonda Hatyr ogly Şerep bihaýalyk we biwepalyk görkezip şeýle diýdi:

– Perwana begden hököm şeýledir. Siz şu ýerden daşary çykmaýaňyz.

Sahybyň ogly aýtdy:

– Bir dosdy we gardaşy [bir kişini] öýüne çagyryp, munuň kibi hereket etmegi sahawatlykdan we ynsanyýetçilikdenmidir?

Sahybyň oglunyň nökeri azdy we olar köpdi. Onsoň bialaç we mejbury takdyra ten berip, boýun bolmak we tabynlyk uýanyny takdyryň we ýazgydyň ýolbaşçysynyň eline berdi. Dymyp, demini çykarman ümsüm oturdy. Hatyryň ogly derrew bir bölek kagyza «iş bitdi» diýip ýazdy hem-de [haty] diwana – Perwananyň ýanyna gönderdi. Perwana haty okanda şem kibi

---

[1] Sufla – pes, aýak asty.

[2] Merdut - taşlanan, zyňylan, dönen.

[3] Fasyk (pasyk) – bozuk, bozgak.

[4] Ibnany heset – görip ogullary, bahylyň ogullary.

[5] Tutmaç-bugdaýdan bişirilýän tagam.

[6] Magtymzada – hojaýynyň perzendi.

lowurdap ýandy we Sahyp Fahreddin Aly, Atabeg Arslan Dogmuş, begler begi Seýfeddin Taramtaý dagylar bilen bile oturan şasypasynyň üstünden turdy. Şasypanyň gyrasyna geldi we Soltan Yzzeddiniň (Allatagala onuň delillerini nurlandyrsyn!) Sahyp Fahreddine gönderen hatyny diwan we dergäh ynamdarlaryndan bir kişi bilen Atabeg Arslan Dogmuşyň, Seýfeddin Taramtaýyň we Sahybyň ýanyna gönderdi we aýtdy:

– Öz hökümdaryna mekir we hile endişesini edip, onuň garşydaşlary we duşmanlary bilen ýaran bolýan bir kişi bilen neneňsi hereket etse bolar ýa-da onuň jezasy neneňsi görnüşde bolar?

Sahyp aýtdy:

– Bu nädogry pikiri tutaryk edinmek bolmaz. Bu hat maňa gowşan wagtynda men dessine seniň hyzmatyňa getiripdim we gürrüňdeşlik pursatynda saňa beýan edipdim. Işiň owalyndan häzire çenli hiç-hili duşmançylyk eden däldirin. Meniň bu meselede günäm we etmişim ýokdur. Indi hökümdar näme buýursa, şeýle bolsun!

Sahyby Soltan saraýynyň hüjreleriniň birine tussag etdiler. Ol ýerden çykaryp, Emirdat Emineddiniň öýüne alyp gitdiler. Soňra mekirlikde we ikiýüzlilikde müň ýüzli bolan Sadru ogly Şemseddini bu meseläni çözmek üçin Rumda duran mongol begleriniň we kazylarynyň üstüne gönderdiler we Fahreddin weziriň tussag edilmeginiň sebäplerini bildirmek üçin köp sowgat-serpaý berdiler. Amydyň goşunbaşylygyny hem oňa berdiler.

Mongol begleri we kazylary bu wakany eşidip:

– Ol uly günä iş edipdir. Emma ýagdaýy hanyň hyzmatynda mälim edilmeýänçä, onuň malyna we janyna zyýan ýetirmek bolmaz, ýöne ätiýaçlyk bilen saklasynlar – diýdiler.

Sadru ogly dolanyp gelenden soňra, Sahyp Fahreddini Osmanjyk Garahysaryna äkitdiler.

Sahyp ogly Täjeddine Hatyr ogly Şerep kepil boldy we saparda hem öýde Perwananyň hyzmatynda bolmaklyk bilen ony goýberdi. Ol hem bu karara laýyklykda, onuň hyzmatynda bolup, hiç ýere butnamaýardy we gaňryşyna gitmeýärdi.

Bu ataly ogluň hekaýatlarynyň soňy we ahwalynyň ahyry öz ýerinde beýan ediler. Enşaallatagala.

## RUM ÝURDUNYŇ SOLTANLYK DIWANYNDA DEREJE EÝELERINIŇ DEREJELERINIŇ ÇALYŞMAGYNYŇ BEÝANY

Allanyň emri we Taňrynyň takdyry bilen Sahyp Fahreddini göripler we hilegärler duzaga düşürdiler we ony Osmanjyk Garahysaryna eltdiler. Wezirligi beýikligiň ýüregi, belent mertebeli emir, hormatlylykda we pazylatlylykda bu panyda deňi-taýy bolmadyk Abul Mahamyt Muhammet Müstewi Arzynjanyýä müstewfiligi beýikleriň beýigi Jelaleddöwle Weddin Mahmyt Meşrebe, hazynadarlygy sahawatlylaryň kalby, Ymam Abu Ýusubyň neslinden bolan Zahyreddin bin Abdyrahym Hemedanyýa, gözegçiligi we goşun hasabyny ýöredýän Emir aryzlygyny beýikleriň beýigi Zeýneddin Ahmet Arzynjanyýä tabşyrdylar. Ýokarda agzalanlaryň ählisi pazylata baý, haty owadan ýazmaklykda (owadan hatlylykda), kätiplikde, çeper jümle düzmekde, suhangöýlükde we hasap ylmynda gaty ökdediler. Olaryň her biri (haýsy) öz derejesine (wezipesine) gözel görnüşde (ýagşy yhsan bilen) meşgullanyp başladylar. Sahyp Fahreddin Osmanjyk galasyndan çykyp, hanyň hökümi bilen han hyzmatyna gidende, hal-ýagdaýlary we wakalary sorap anyklamak we takyklamak bilen, ony

ýargu[1] – kaza ýetirdiler. Şonda ol bu töhmetden günäsiz bolup çykdy. Soňra oňa öz öýüne gidip, Soltanyň we diwanyň işlerine gatyşmazdan, öz öýünde ömrüni rahatlykda we şadymanlykda geçirmekligi buýurdylar. Sahyp Fahreddin öýüne gelip, birnäçe wagt öz işi bilen meşgul boldy. Ol mülki, emläk hasabyny, wakyf we haýyr-yhsan ymaratynyň işlerini ýöretmek bilen gümrady. Şeýle hem naýyplyk we wezirlik döwründäki ýüze çykan zyýan-zeperleri düzetdi (aradan aýyrdy). Sahybyň işden boşadylaly bäri esli wagt geçipdi. Pesleriň hökmürowanlygyndan onuň mübärek kalby gaty ynjady. Olaryň gysyşlaryna we ejirlerine sabyr-takat çydamady. Ol dürli sowgatlar, nepis zatlar, peşgeşler bilen Ilhan Agzam Abaka hanyň hyzmatyna ýüzlendi (rowana boldy). Ol ýere ýetende enaýat we merhemet bilen oňa Rum ýurdunyň wezirligini ynandylar. Ladygyň, Hunasyň we Garahysaryň subaşylygyny (goşunbaşylygyny) iki ogluna berdiler. Atasyna we onuň ogullaryna uly hezzet-hormat edip, ak pata bilen ugratdylar. Sahyp Ruma gaýdyp gelenden soň, derejeleri dolandyryjy bolup, wezirlik tagtynda oturdy. Geçeni geçdi bilip, ýüz öwren kişilerden ýüzüni sowmady. Kimdir birine bir gün gazap bilen azgyrylan bolsa, olara ýagşylyk etdi. Atabeglik derejesini begler begi Muhammet Arzynjanyýýä berdiler. Ählisi garşylyksyz agzybirlik ýoluny tutdular. Käýinç setirlerini köňül sahypalaryndan öçürdiler. Gowak ýaranlary kibi hak, galam eýeleri kibi agzybirlik ýolunyň ýörelgesinde bir adam ýaly hemdem boldular we işe girişdiler. Han tarapyndan Rum ýurduny basyp almaga gelen beýik Toka aganyň razylygynyň we jylawynyň hyzmatynda biri-biriniň goldawlary hem hümmetleri bilen hyzmat hasyllaryny kerem we sahawat nygmatynyň bereketinde ýüze çykardylar. Wessalam.

[1] Ýargu – bu ýarmak sözünden bolup, ýagşy bilen ýamanyň arasyny açýan diýmekdir.

## BEGLER BEGI MEJDILMILLE WEDDIN ABULHAMYT MUHAMMET ARZYNJANYNYŇ (ALLATAGALA ONDAN RAZY BOLSUN!) KÄBIR ÖWGÜLI HÄSIÝETLERI WE BATYRGAÝ SYPATLARY

Beýikleriň beýigi we Älemiň ýeke-tägi wezir Mejdeddin Abul Meali Muhammet ibn el-Hasan el-Arzynjany (Alla oňa rehmet etsin!) dürli pazylatlar we edep bilen zynatlanandy. Ol hasap ylmynda, usulyýetde, dilewarlykda, ajaýyp çeper sözlülikde asyrynyň alymy we täsinidi. Haty biçak owadandy, jümleleri ýokary hilli we özüne çekijidi. Onuň ula-kiçä edýän ýagşylygy we haýyr-hasanaty, aýratynam, seýitlere we ymamlara edýän haýyr-sogaplary edil güneşiň çogy we bulydyň bölejigi ýaly yzygiderli we dowamly akyp hem dökülip durýardy. Onuň diri wagtynda azatmy, bendemi, tanyş ýa ýatmy parhy ýok, bir gün onuň bilen salamlaşyp, tanşan adam [bar bolsa, barynyň] adyny ýazypdyr. Şonuň esasynda, ölenden soň, wesýetnamadaky her kişiniň adyna ýazylan sylaglary we paýlary olara berdiler. Onuň näzenin ruhuny yhlasly dogalar bilen sekizinji asmanda behiştiň çür depesinde rahat we şat etdiler. Soňky deminde onuň mukaddes bedeninden ruhunyň aýryljak pursaty golaýlaşanda, ähli hyzmatkärlerini we nökerlerini ýanyna ýygnap, halallyk diledi we olar bilen razylaşyp: «Allany Perwerdigär hökmünde, yslamy din hökmünde, Muhammet sallallahy alaýhy wesellemi pygamber we resul hökmünde, Gurhany ýol görkeziji hökmünde, Käbäni kybla hökmünde, möminleri dogan hökmünde ykrar etdim» sözüni gaýtalap, baky dünýä ulaşdy.

Älem halkynyň gözleri onuň pyragynda girýan, jigerleri birýan boldy (Allatagala oňa köp rehmet etsin!).

Bilim magdanlary bolan ähli hatlaryndan bir nama şu ýerde ýazyldy. Ol namany seýitleriň we aryflaryň şasy, älemdäki alymlaryň we welileriň delili, öwgüleriň we pazylatlaryň atasy Seýit Hüseýin el-Yspyhanynyň (Allatagala onuň bereketini dowamly etsin!) namasyna jogap hökmünde ýazypdyr. Bu nama onuň suhangöýlüginiň çäksizdigine, parasatynyň biçak uludygyna delil bolsun:

«Seýitleriň şasy, bagtyýarlyklaryň pelegi, Pygamber nesliniň buýsanjy, aýdyň keramatyň welisi, göni ýoluň çelgisi, halkyň iň akyldary, milletiň we diniň abraýy, yslamyň we musulmanlaryň delili bolan bagtyýarlyk deňzine we isleg howzuna hormat bilen ýüzlenilýär. Abraýly beýikleriň eserleri şol pazylatly nur owasy we söz hem-de artykmaçlygyň nur bakjasy mübäreklemek, terbiýelemek, tagzym etmek we ulaltmak bilen bilelikde hödürlenilýär. Şol öwsüp duran nesimiň[1] şemaly we Abulkasymyň (alaýhyssalamyň ) öwgüli ahlaklarynyň syçrantgylary birnäçe gezek meniň içki islegime ylham berdi. Ol uly sagadatyň göterilmesi pese gaçyp, ol nygmatyň şahalary we şol aryň nygmatlysy şeýle bir solupdy welin, olar Möwlewiniň (Arzynjanynyň) gowy üns bermesine we nazar salmasyna ýetipdirler. «Käşki döwür kowumlary öňki boluşlaryny gaýtaraýsa» diýen gahrymançylykly beýt ukuda we oýalykda kellededi. Hakyky göreç (göz) we içki dil ol owadan mübärek hyýala nazar salyp, göz öňünde saklaýardy. Şu aşakdaky beýdiň tekrarlanmagy we gaýtalanmagy özboluşly bir teselli berýärdi:

[1] Nesim – 1) alabaharyň salkynjak we mylaýym şemaly; 2) hoşboý we atyrly ys.

## Beýt[1]

Döwür maňa saňa ýetmegimi wada berdi,
Ah, düýşler hem çyn bolýan bolsady.

Din maslahatçysynyň haty gowuşdy we mübärek huzurynyň şu tarapa gelýändigi barada hoş habar gelip ýetdi. «Bu öňki gören düýşümiň ýorgudy»[2] diýen kelam haty hata öwrüldi. Ýakyn geljekde oňa hyzmat etmek derejesi hem «Perwerdigärim ony hakykata öwürdi»[3] diýen aýata laýyklykda, amala aşar diýen umydymaz bar. Bu Allatagala üçin kyn zat däldir. Şol arzuwa ýetilýänçä ol beýigiň mübärek gadamlaryna garaşdylar.

## Beýt[4]

Seniň ýaly adam eger ýagşylyk etse gaýtalar,
We eger gowy iş etse, ony artdyrar we kämil eder.

## ZULUM GÖREN WE ŞEHIT BOLAN MERHUM RUKNEDDIN GYLYÇ ARSLANYŇ GYZY BEÝIK MELIKE SELJUKY HATYNYŇ GELMEGI WE OŇA BELENT ILHANYŇ ÝER ÝÜZÜNIŇ ŞAZADASYNYŇ ÖÝLENMEGI, HATYRYŇ OGLY ŞEREBIŇ HÖKÜMDARLYK ISLEMEGI WE TOPALAŇY

Ýer ýüzüniň belent pikirli we permany ýörgünli Ilhanynyň bargähinden şeýle perman çykdy:

---

[1] Bu beýt pars dilinden türkmen diline sözme-söz terjime edildi.
[2] Gurhanyň 12-nji süresiniň 100-nji aýaty.
[3] Gurhanyň 12-nji süresiniň 100-nji aýaty.
[4] Bu beýt pars dilinden türkmen diline sözme-söz terjime edildi.

– Merhum we şehit Soltan Rukneddin Gylyç Arslanyň gyzlaryndan gözellikde we görmegeýlikde zamananyň Merýemi we döwürleriň Asyýasy bolan Seljuky Hatyny jahan şazadasy Arguna hana halallygy bersinler. Şu buýsanç bilenem Seljuk neberesiniň baýdaklarynyň monjugy aýýukdan[1] geçer.

Soltan Gyýaseddin Keýhysrowyň we begleriniň bu sahawat we hormat bilen buýsançlary jahan halkynyň üstüne zyýada boldy. Gije-gündiz Seljuky Hatynyň şaý-sepiniň düzmäge meşgul boldular. Bu şaý-sepleriň düzüliş ýazgysyny, hasabyny we harjyny hasap ylmynda zamananyň ajaýyby we döwürleriň seýregi bolan baş wezir Kemaleddin bin Şerhiýä ynandylar. Az wagtyň içinde munuň ýaly nesilşalygyň belentligine we beýikligine laýyk boljak şaý-sepdir esbaplar häzir edildi. Ýazyjylar: «Kemaleddiniň hasapda hatasy bar» diýip kötekklediler. Kemaleddin muny eşidip, bu hasaby olardan sorady we aýtdy: «Ähliňiz hasaplap bolup, bu hasaby sanaň, bäş müň ýedi ýüz altmyş ýedi kyrat ýakut alyndy, her kyraty 3899 manat 75 köpük, ýa-da şu beýtlerde ýazylan hasaby paýlaşdyryp görüň:

**Beýt[2]**

Bir täjiriň bardy bäş sany –
Ýokary hilli luwluwy bir mysgal.

Mysgalyň bahasy şu usulda,
Üç ýüz altmyş alty boldy.

Her biriniň bahasy näçe boldy,
Ýa-da agramy näçe boldy, bar sorag.

---

[1] Aýýuk – gyzgylt we ýagty ýyldyz bolup, Akmaýanyň ýolunyň sag tarapynda ýerleşýär. Ülkerden soň dogup, öň hem ýaşýar.

[2] Bu beýt pars dilinden türkmen diline sözme-söz terjime edildi.

Her kim jogap berse,
Eý hasapçylar, ýöne ahmalsyz –

Hakykatdan hem onuň işi şu kärdir,
Hakykatdan hem onuň käri şu işdir.

### Beýt[1]

Bardy bäş däne bir kişiniň –
Luwluwy şahwary bir mysgal.

Üç ýüz altmyş alty diýdi altyn,
Uşbu mysgal luwluwa delal.

Her biriniň baha-ýu wezni nedir?
Şa muhasyplarna olsa sowal.

Ol ki berer jogabymyz käfi,
Galata baryp, etmeden ahmal.

Rasty kärdir onuň bu işi,
Rasty ylmydyr onuň by hal.

– Eger bulary jikme-jik dogry hasaplap bilseňiz siziň hasapdan başyňyzyň çykýandygyny bilerin –diýdi. Wezirligiň diwanyndaky on iki Kätibiň her biri özüniň üç-dört sany şägirtleri bilen bilelikde bölmäge we köpeltmäge girişip, ýazga geçirip başladylar. Ählisiniň hasaplary bir-birine gapma-garşy çykdy. Sebäbi olar hasabyň asyl-köküni ussatlardan görmändirler. Onsoň bular boýun bolanlaryndan soň, patyşa

[1] Asyl nusgada bu beýt hem pars dilinde, hem türkmen dilinde berlipdir.

Kemaleddini hormatlap sylaglady aýlygyny we hakyny iki esse artdyrdy. Soňra patyşa:

– Müşgil hasaplar ýüze çykan wagty baryny Kemaleddine görkezmän depdere ýazmaly däl – diýip buýurdy.

Ähli möhüm işler düzelenden soňra, Sahyp Perwana we Naýyp Emineddin Seljuk Hatynyň mübärek kejebesi bilen Töwrize ugradylar. Beýik Soltan Gyýaseddünýä Weddin bolsa, Atabeg Müjdeddin, Müstewfi Jelaleddin we begler begi Seýfeddin Taramtaý bilen Kaýsaryýa tarapa gitdiler. Hoşlaşyk wagtynda Mugyneddin Perwana goşunbaşy Täjeddiniň Giwe we Arslan Dogmuş ogly Senaneddine gizlinlik bilen:

– Hatyr oglanlarynyň hereketinden we oturyp-turuşlaryndan haýyr we gowulyk nyşanlaryny görmeýärin. Bigüman, olardan bir uly pitne we bela ýüze çykar. Ulularyň we beýikleriň köňülleri onuň tarapyndan örän bizar we melul bolar. Eger-de ol ikisini özüm ýokary çeken hem bolsam we öz terbiýelänlerim hem bolsa, siziň ikiňiziň hem gije-gündiz agzybirlik bilen pursat gözlemegiňiz hem-de olary depelemek niýetinde ýarag-şaýyňyz bilen ýörip, pursat tapylan wagty mümkinçiligi sypdyrman ikisiniň hem ganyny dökmegiňiz gerek. Goý, uly-kiçi hemme olaryň şerinden aman bolsun – diýdi. Olar hem Perwananyň hyzmatynda ol möhüm işi ahyryna ýetirmäge hereket etdiler. Emma suratlandyryş kärgähinde we takdyr bargähinde olaryň göz öňüne getirmelerinden gaýry işler ýazgyt-takdyr edilipdi. Hadysalar nagyşçysy diňe şoňa reňk berip, ajap mekirlikler gopardypdy.

Soltan Kaýsaryýa baranda Hatyr ogly Şerep bir bölek mongol we musulman leşgeri bilen Ebelistana we Şam tarapyndaky derbentleri beklemäge gitdi. Ol ilki Ebelistana baryp düşledi. Birden Şam goşunlaryndan bir bölek goşun derbentden çykyp, at segretdiler. Olar Rum goşunyndan Türkäri ogly Rumärini, Jandar Abu Bekri we Soltan Rukneddiniň gullaryndan bolan Gara Sunkury tutup äkitdiler.

Bu ýagdaýy gören Hatyr ogly we beýleki garawul begleri gorkup yzyna gaýtdylar we ertesi Kaýsaryýa ýetmek üçin gelip, Jelaleddin kerwensaraýynda gondular. Täjeddin Giw we Arslan Dogmuş ogly Senan ol ýerden derrew Kaýsaryýa ugradylar. Ertesi gün doganda şähere ýetip, Perwananyň oglunyň gaşyna bardylar hem-de Perwananyň Hatyr ogluny heläk etmek babatdaky tabşyran wesýetini oňa aýtdylar. Üçüsi hem ýene-de berklik bilen «Hatyryň ynançlarynyň ikisi hem Perwananyň oglunyň gaşyna gelse-de, ýa-da Soltanyň saraýynda häzir bolsalar-da, olary depelemekde haýal-ýagallyk etmeli däldiris» diýip ant içdiler, ýöne Perwana oglunyň hyzmatkärlerinden ýakyn we syr ynanylýan bir kişi bu hekaýatdan habarly boldy. Ondan hiç zat gizlenilmezdi, ýöne ol gizlinlikde Hatyr ogly Zyýanyň tarapdarydy. Näme sözlense, oňa habar bererdi. Ol derrew muny habar berdi. Zyýa hem şolbada gardaşyna adam gönderip, bu wakany habar berdi. Özi ýaranlaryna hem tabynlaryna:

– Tükeliňiz ýarag şaýyňyzy tutuň. Gapyl bolmaň, erteki gün men Täjeddin Giw bilen görşüp, gujaklaşyp, kine gylyjyny syranymda, siz hem merdana boluň we gaýgyruwsyz gylyç bilen onuň işini bitiriň – diýip buýurdy.

Ähli nökerleri ýaraglandylar hem-de hyzmaty ýerine ýetirmäge häzir we taýýar boldular. Ertesi Zyýa gardaşynyň gaşyna bardy we hekaýaty boýdan-başa aýdyp berdi. Ikisiniň hem gazap ody alawlap, söweşe we jeňe häzir boldular. Perwana ogly: «Däp edilen adata görä, Hatyr oglanlary öňki gelişleri kibi ýene-de meniň gaşyma gelerler» diýip pikir ýüwürtdi. Şonuň üçin ol bu gün atlanmady. Täjeddin Giw we Arslan Dogmuş ogly Senan barja adamlary bilen Hatyr oglanlaryny garşylamaga çykdylar. Biri-birlerine ýetenlerinde, Şerep käýinjiräp, Täjeddin Giwe:

– Eger Perwana ogly bizi garşylamaga gelenliginde, onuň ululygyna we kämilligine ne nogsan bolardy? – diýdi.

Täjeddin aýtdy:

– Ähtimal, bir sebäbi bardyr, ýöne begler begi öz sahawaty bilen onuň gaşyna baryp, ony utandyrsyn.

Bu jogapdan Şerebe ol iş anyk belli boldy. Zyýa birnäçe wagtdan bäri Täjeddin Giwi görmänligi sebäpli onuň ýanyna görüşmek üçin bardy we gylyjyny gynyndan sogrup, Täjeddin Giwiň sag goluna çaldy. Täjeddin Giw öz gylyjyny sol goly bilen çekip çykardy. Ol kime golaýlaşsa, ony ýaralardy, ýöne Hatyr oglunyň gylyjynyň ýarasy oňa täsir edenligi üçin atdan ýykyldy. Hatyr oglunyň nökerleri atdan düşdüler we başyny teninde jyda düşürdiler hem-de ganjyga bagladylar. Arslan Dogmuşyň ogly Senan hem ol ýerde şehit boldy. Hatyr oglanlarynyň topalaňy äşgär we aýan bolup, biwepalyk we hyýanatlygyň ody alawlanda we şäheriň içinde hem daşyndan gowga gopanda, Şerep sanjakdyr baýdaklary bilen Maşat sährasyna bardy. Ol ýerde durup, Soltany gaşynda häzir etdirmek üçin gardaşyny şäher gapysyna ýollady. Atabeg Mejdeddin, Seýfeddin Taramtaý, Jelaleddin Müstewfi we galan begler hem Zyýany dep etmegiň hötdesinden gelip bilmediler. Köp gykylyk-galmagaldan soň, heniz oglanjyk bolan Soltany atlandyryp, Şerebiň gaşyna getirdiler. Ertesi Maşat sährasyndan Negidä ugradylar. Ol ýere ýetenlerinde, Şerep gardaşy Zyýany ýagdaýlary habar etmek we goşun soramak üçin Şama tarap ugratdy. Atabeg Mejdeddine Seýfeddin Taramtaýa we Jelaleddin Müstewfä: «Gardaşlaryňyzy we ogullaryňyzy gardaşym bilen bile iberiň» diýip, höküm etdi. Diýşi ýaly bile goýberdiler. Soltanyň Nigidede bile bolanlygy sebäpli, Şam tarapyndan türkmenler, kürtler, araplar Negidä gelip, köp goşun jem boldy. Şerebiň tekepbirligi, ulumsylygy, samsyklygy we akmaklygy gün-günden güýçlenýärdi. Her wagt Atabegiň we müstewfiniň janyna göz dikýärdiler. Berim we oňşuk bilen janlaryny gutarýardylar. Şam ýolundan toslamalar düzdürip, ýalan habarçylary we çaparlary getirýärdi

hem-de «Fundukdar pylan gün köp goşun bilen gelip ýeter» diýip habar berýärdiler. Ýalandan şatlyk we şagalaň nagaralaryny urardylar. Şeýdip, Soltany arman bilen hana ýagy eýläp, Fundukdara uýdurar ýaly, halky şu ýagdaýda birnäçe wagtlap biderek saklady.

Mundan soňra şu gamyň artmagynyň we ol pitnäniň ýatmagynyň sebäbi giňişleýin hem jikme-jik beýan ediler. Enşaallatagala.

## 665[1]-NJI ÝYLDA BEÝIK MELIKÄNIŇ KEJEBESINIŇ ÝER ÝÜZÜNIŇ ŞASY ARGUN HANYŇ GAŞYNA GELMEGINIŇ WE TOÝUŇ MÖHÜM IŞLERINIŇ TAMAM BOLMAGYNYŇ, HATYR OGULLARYNYŇ PITNESINIŇ ÝATMAGYNYŇ BEÝANY

Beýik Sahyp we Perwana beýik melike Seljuky Hatynyň hyzmatynda hanyň hyzmatyna gelip ýetenlerinde, bir hepdeläp toý we şagalaň bolup, gelni namys hem uly dabara bilen gerdege eltdiler. Ol senede Myrryh bilen Zöhräniň ýakynlaşygyna gabat geldi. Şazada Hatyny örän söýdi. Bu nikalaşykdan rahatlyk we lezzet hasyl bolup, ol hormatdan Rum halky goldaw tapdylar. Sahyba we Perwana hanyň hyzmatyndan hemişeki adatdan zyýada mähremlikler we şahana serpaýlar bagyşladylar. Hanyň sansyz sahawaty we merhemeti Soltan hakynda hem joşa gelip, Ermeni tarapyndan Habgaçur welaýatyny degişli ýerleri we sebitleri bilen bilelikde Ruma ulaşýan ýerine çenli Soltana berip, ony Rum ýurduna goşdular. Sahyp we Perwana şadyman bolup, Rum ýurduna ýüzlendiler. Arzurum sebitlerine ýetenlerinde, Hatyryň oglanlarynyň topalaň edendiklerini eşitdiler. Bu işde haýranlykdan ýaňa el-aýaklaryny ýitirip, perişan boldular. Ol

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1266-njy ýyla gabat gelýär.

wakanyň çäresine we ol betleriň depine jäht edip, bialaç ýagdaýlary ýazyp, Abaka hanyň hyzmatyna arz etdiler. Han hezretinden: «Jahan şazadasy Tekudar, Tudawun Bahadyr we Tuku Aga köp goşunlar bilen Hatyryň oglanlarynyň pitnesini dep etmek üçin Ruma ugrasynlar» diýen hököm we perman boldy.

Hatyr ogly Şerep şol öňki kararyna görä, topalaňa we bozgaklyga baş urupdy. Welaýatlary pes, näkes, jümri we pasyk kişilere mülk edip beripdi. Belli-külli biedepligi we haýasyzlygy öňe tutup, Soltanyň we begleriň dessury bolmazdan, uly işlere çörňeşdi, emma Soltanyň beglerinden ätiýaç edip, Soltanyň dergähine kän gelmez boldy. Käte Negidä, käte Dolyýa barardy. Halaýyk bialaç hem mejbury oňa uýup, başlaryny çaşyrypdylar. Birden şu aralykda: «Perwana köp goşun we hanyň ogly bilen gelip ýetdi, iliň we welaýatyň dört tarapyndaky derbentlerini berkidipdiler» diýen habar geldi. Hatyr ogly bu habary eşidenden, söwüt ýapragy deýin titräp, howsala düşdi. Mongol goşunyndan gorkusyna, ýagty jahan onuň gözüne garaňky göründi. Soltanyň gapysyna gelip, begleri häzir etdi we:

– Men özümiň ýaramaz işlerimiň alajyna şundan başga çäre tapmadym: Men şundan öň şunuň ýaly günler üçin düzüp, berkidip goýan ýerlerimiň birine girjek. Siz Soltanyň hyzmatynda Perwananyň ýanyna baryň – diýip begler bilen hoşlaşdy. Soň öz nökerlerinden birküç kişi bilen Luwluh galasyna tarap ýola düşdi. Ol ýere ýetende, nökerlerine görkezme berdi we bir sany guly bilen ol gala girdi. Giren badyna, dessine-de gala häkimi ony tutup, gandallady we wakany Soltanyň bargähiniň hyzmatyna we döwlet beglerine mälim etdi. Şerep gala girensoň, soltanlyk sütünleri agşamyna Soltany atlandyryp, örän gyssanmaçlyk bilen ýortup, gijäniň ýary geçýänçä, Dewelu ýetdiler. Ertire çenli meýdanda durdular. Perwana hem gelip ýetdi. Ähli begler we ulular

şadyman boldular. Soltan ýassanyp, rahatlaşypdy. Ony oýarmakçy boldular. Perwana olara rugsat bermän:

– Biziň munça çekýän zähmetimiz we muşakgatymyz munuň mübärek durkunyň rahatlygy üçindir.

Ol hem başyny ýassyga goýup, dynç aldy. Daň atanda, Perwana Soltanyň elini öpdi. Soňra atlanyp, mongol beglerine garşy gitdiler. Soltan olar bilen sataşandan soň, Perwana hekaýatlardyr gürrüňler bilen ol topalaňda Soltanyň günäsizligini olara bildirdi. Hyýanatçy Şerebiň Luwluh galasynda tussaglykdadygyny mongol beglerine bildirende, olar muňa örän begendiler. Onsoň Yshak beg ogly Seýfeddin Çalyşbegi ol gala häkimliginiň göwnüni awlap, hyýanatçy Şerebi getirmek üçin bir bölek musulman we mongol goşuny bilen şol gala tarap ýollady. Seýfeddin Çalyş beg bu sahawatly nesilşalygyň (Seljuklaryň) gadymy emirzadalaryndandy. Ol merhum Jelaleddin Garataýynyň (Alla oňa rehmet etsin!) terbiýesinde önüp-ösenlerdendi. Diýanat, sahawatlylyk, salykatlylyk bilen meşhurdy. Ol Hatyr ogly Şerebi ol galadan çykaryp, gandallap we harlap, mongol begleriniň gaşynda häzir etdi. Ony soraga çekdiler. Emir Şikar Gulawuz, Jandar Sanjar we Hadym Kutaba dagylar bu pitnäniň özenidiler. Bular Soltany Hatyr ogluna beripdiler. Ählisini öldürip, ýasaga ýetirdiler. Kimde-kim oňa bialaç we mejbury eýeren bolsa, ondan ýargy (kazy) bilen soradylar. Her biriniň ahwaly derňelenden soňra, her birinden ýazygyna görä jerime aldylar we goýberdiler.

Beýik Sahyp bilen Tudawun Bahadyr Şazadanyň hyzmatynda derbentleriň ätiýaçlygy (goragy) üçin Ebelistan tarapda galypdy. Şazada Ebelistandan yzyna dolanyp gelip, hanyň hyzmatyna ugranda, Buku aga[1] Rumda galdy. Hatyr ogluny noýanyň gaşyna getiripdiler. Ony häzir edip, ýarguwa

[1] Ýokarda Tuku Aga görnüşde getirilipdi.

çekdiler. Aňkarmakdan we biçak gorkudan ýaňa, çapraz jogaplar berýärdi. Özüni gutarmak üçin dürli bahanalary tutaryk edinerdi. Ahyrynda ony ýasaga ýetirdiler.

Başyny we el-aýagyny kesip, topalaňçylara ybrat üçin dürli ýerlere gönderdiler. Soňra agzybirlik bilen gyşlaga ugradylar. Hatyr ogullarynyň nirede tabynlary bar bolsa, olary çagyryp, barlagyna we derňewine meşgul boldular.

Ol gyşda Rum begleri her gün ir säherden agşama çenli bu hadysalar we möhüm işler üçin mongol begleriniň hyzmatyndadylar. Gorky we howp bilen gün geçirýärdiler. Sorag we derňew ýagdaýlary tamam bolandan soňra, baharyň ýüzi nikapdan çykyp, takdyr perdesinden we gaýyp örtüginden ýüz görkezende, şagalaň we şadyýanlyk gama öwrüldi. Ýurt bulanyk we bulaşyk boldy. Soltanlyk kadalary jaýrylyp, Fundukar şumuň hüjüminden müňlerçe zäherli we jan alyjy şerbetler bu asuda we abadan ýurduň uly-kiçisiniň dirilik lebine damdy. «Alla islän zadyny edýär»[1] we «Islän zadyna höküm edýär»[2] we «Alla asla bendelerine zulum ediji däldir»[3].

Bu wakanyň galany soňra giňişleýin we jikme-jik beýan ediler. Enaalla.

## FUNDUKDARYŇ TOPALAŇYNYŇ WE ŞOL AÝLARDA PEÝDA BOLAN WAKALARYŇ HEM-DE ŞOL DÖWÜRLERDE ÝÜZE ÇYKAN HARAPÇYLYKLARYŇ BEÝANY

«Biliň ki, elbetde, Alla ölen ýeri direlder»[4] diýen jahan bezegçileri Saýýaralaryň şasyny Hut (ýyldyzlar topary) külbesinden Hamal (ýyldyzlar menziline eltip, garyň kafur

---

[1] Gurhanyň 22-nji süresiniň 18-nji aýaty.

[2] Gurhanyň 5-nji süresiniň 1-nji aýaty.

[3] Gurhanyň 3-nji süresiniň 182-nji aýaty.

[4] Gurhanyň 57-nji süresiniň 17-nji aýaty.

(hoşboý ysly) hüllelerini güneşiň gyzgynlygynyň zyýadalygy bilen çemeniň görkli ýüzünden giderdiler. Sowsanyň dili aşyklar zaryny [çekmäge] başlady. Nerkesiň ýarym ukuly gözi suwdan ganyp, bilbil güller üstünde dile gelip, jahan içine şu owazy ýaýratdy:

**Beýt**

Giru[1] doly gul-guly[2] ragd[3] olup kühsar[4],
Zemin oldy pur ruýi[5] reňň-u nigar[6].

Ýene bossandan gelip buýy[7] müşk,
Ýene ýagdy dür oldy pur häki höşk[8].

Pelekden darahşandy[9] kowsy kuzah[10],
Olup läle gül üzre mul[11] der kadah[12].

[Şeýle halatda] Sis tarapyndan yzy üzülmezden: «Şamdan uly leşger Rum döwletiniň üstüne gelýär» diýlen habar gowuşdy. Soltan hezretleri tarapyndan ýurduň çar tarapyna we ülkelerine goşunyň jemlenmegi üçin permanlardyr hatlar ýollandy. Goşun ýygnanyp geldiler we söweş ýaragy

---

[1] Giru – ýene, ýene-de.
[2] Gulgul – gykylyk, gowga, ýaň.
[3] Ragd – gök gümmürdisi.
[4] Kuhsar – dag, daglyk.
[5] Ruý (roý) – ýüz, keşp.
[6] Reňň-u nigar – reňbe-reň we owadan, gözel.
[7] Buý – ys, kok.
[8] Häki höşk – gury toprak.
[9] Darahşandy – ýaldyraýardy.
[10] Kowsy kuzah – älemgoşar.
[11] Mul – şerap, çakyr.
[12] Der kadah – bulgurda, käsede.

tertiplenildi. Mongol leşgeri we Soltanyň goşuny Tudwan[1], Buku Aga we Mugyneddin Perwana bilen Kaýsaryýýadan Ebelistana tarap ugradylar.

Çeriler ýene doldy meýdan-u jaý,
Kamu şahsuwaran[2]-u zor azmaý[3].

Diýediň höwä gertdi ahenin[4],
Kamu puşeşi[5] çarhdy jöwşenin.

Sedaýy fereslerle[6] gerd-i sypa,
Goýmazdy ki röwşen ola mehr-u mah[7].

Herun dagyna baranlarynda, habarçylar we dil almaga gidenler «Ertir namazy wagtynda Şam leşgeri Ebelistan ýaýlasynda düşlärler» diýip habar getirdiler. Bu habary eşiden badyna Rum leşgeri, mongollar we musulmanlar bilen bilelikde gylyç we galkanlaryny häzirläp, ýaraglanmaga başladylar. Ertesi ýola düşüp, Herun dagynyň o ýan ýüzüne aşdylar we aşaklygyna at segretdiler. Fundukar howanuň ýüzünde çaň-tozan alamatlaryny görüp, derrew duran ýerinden hereket etdi. Düzlüge gelende, goşun hatarlarynyň düzülip durandygyny gördi. Ol wagt [howa şeýledi]:

---

[1] Asyl nusgada şeýle; ýokarda «Tudawun» görnüşinde getirilipdi.
[2] Şahsuwaran – 1) çapyksuwarlar; 2) batyrlar.
[3] Zor azmaý – güýç synanyşýan.
[4] Gertdi ahenin – demir çaňlydy, demir tozludy.
[5] Puşeş – eşik, lybas.
[6] Feres – at, ýylky, gylýal.
[7] Mehr-u mah – gün we aý.

Howa gerdi efrasdan[1] doldy myg[2],
Furuzanda[3] bark[4] idi polad-u tyg[5].

Sanaýdyň howany tutupdy şerar[6],
We ýa[7] ýeri bar ile ýandyrdy nar[8],

Gopan magyzda[9] baňňy polatdy[10],
Dolan ebrde[11] ataş-u batdy[12].

Sanaýdyň ki almaz jandardy[13],
We ýa jismi naýza rowandardy[14].

Sypahy  mongol[15] misli babry deman[16],
Geler gördüler leşgeri Şamyýan[17].

Rowan[18] misli silap[19] akyşdylar,
Erip[1] şamlylar ile tokuşdylar.

---

[1] Efras – atlar, gylýallar.
[2] Myg – 1) ümür, duman; 2) bulut.
[3] Furuzanda – lowurdaýan, ýalpyldaýan.
[4] Bark – 1) ýyldyrym; 2) ýalpyldy.
[5] Tyg – gylyç.
[6] Şerar – uçgunlar, ýalynlar.
[7] We ýa – ýa-da.
[8] Nar – ot, ýalyn, alaw.
[9] Magyz – 1) ýilik; 2) beýni; 3) maňyz.
[10] Baňňy polatdy – poladyň sesidi.
[11] Ebr – bulut.
[12] Ataş-u bat – ot we ýel.
[13] Jandar – janly, jany bar.
[14] Rowandar – ruhly, ruhy bar, jany bar, janly.
[15] Sypahy mongol – mongol goşuny.
[16] Babry deman – ýyrtyjy gaplaň.
[17] Leşgeri Şamyýan – şamlylaryň goşuny.
[18] Rowan – 1) akýan, akyp duran; 2) ýöreýän, gezýän.
[19] Silap – sil suwy, sil.

Ýagardy aşak-üstüne gürz-u tyg,
Dökülerdi merdüm[2] ýere bidaryg[3].

Senan[4] gözlerinden çykar idi ot,
Ýanar idi ataş kimin terk[5]-u hut.

Bahadyr Tunu-ýu Tedawun noýyn[6],
Huruş[7] etdiler misli şiri gorryn[8].

Erip, dökdüler ýere şamlylary,
Gyrana halal ol haramylary.

Çü Şamyň çerisi idi  bişumar[9],
Mongol leşgeri ýokdy se hezar[10].

Gyryldyklaryna olüp tire[11], ter[12],
Bulara oldular Şamylar hyra ser[13].

---

[1] Erip – ýetip, baryp.
[2] Merdüm – adamlar, halaýyk, halk.
[3] Bidaryg – gaýgyrylman.
[4] Senan – naýza.
[5] Terk – tuwulga, demir telpek.
[6] Noýyn – noýan.
[7] Huruş – gykylyk, gowga.
[8] Gorryn – arlama, gygyrma.
[9] Bişumar – sansyz, hasapsyz.
[10] Se hezar – üç müň.
[11] Tire – 1) gara, garaňky; 2) hapa, bulanyk.
[12] Ter – 1) bozuk kişi, bozgak; 2) dawaçyl; utduran zadyny sözünde durup bilmän yzyna alýan kişi.
[13] Hyra ser 1) perişan, haly harap; 2) akmak, tentek.

Şol yklyma ki olaýdy reşk[1] behişt,
Ki häki[2] idi müşk-u anbar sereşt[3].

Onuň kibi bir laýygy-u soltanat,
Aduwlardan eýmen[4], gany[5] memleket.

Ne ýer olaýdi ady:l[6]-u we nazy:r[7],
Kim olaýdy bu munçalaýyn dilpezir[8].

Kamu deşt-u kuhydy keşt-u şiýar[9],
Dolu buýy jennet olupdy diýar.

Rowan ýörärdi kamu zarga[10] rut[11],
Çekawek[12] kylar idi baňňy surut[13].

Okyň kibi işdedi palta-ýu pil,
Ki bir köýdi[14] reşki[15] ýüz Erdebil.

---

[1] Reşk – görüpbilmezçilik etmek.
[2] Häk – toprak, gum.
[3] Anbar sereşt – anbar häsiýetli, müşk tebigatly.
[4] Eýmen- amank, asuda, howpsuz.
[5] Gany – baý, gurply.
[6] Ady:l – meňzeş, ýaly, misli.
[7] Nazy:r – ýaly, meňzeş, taý.
[8] Dilpezir – ýaramly, göwne ýarar, küýsegli.
[9] Keşt-u şiýar – ekerançylyk we şüdügär, ekerançylyk we ekin ýer.
[10] Zarg – ekerançylyk, ekin ýerleri.
[11] Rut – derýa, akar.
[12] Çekäwek – torgaý.
[13] Baňňy surut – aýdym sesini, nagma owazyny.
[14] Köý – oba, mähelle.
[15] Reşk – görübilmezçilik etme, bahyllama.

Kawafyl[1] doludy mesälik mydam,
Olup adyl elinde memälik[2] mydam.

Munerlerdi hep[3] merkebi[4] hoş hyram[5],
Rah[6] eýmen[7] kamu misli Beýtil Haram[8].

Bolup gülüstandan mesämün ýüsäm[9],
Memälik[10] mugattar[11] kylypdy meşäm[12].

Ekinçi zer etmiş kemerle[13] miýan,
Biterdi ot ýerine gül-u zagpyran.

Ýatak ýerleri deşt ile bossan,
Kimiň ki arzuwy oldy dilistan[14].

Kamu jaýgäh gülmek-u haý-u hüý[15],
Gülap rowan doludy jümle juý[16].

---

[1] Kawafyl – kerwenler.
[2] Memälik – ülkeler, ýurtlar.
[3] Hep – hemmesi, ählisi.
[4] Merkep – ulag; at.
[5] Hoş hyram – owadan ýöreýişli, göwne ýakymly, ýörgür.
[6] Rah – ýol, ýörelge, ýoda.
[7] Eýmen – asuda, aman, howpsuz.
[8] Beýtil Haram – Mukaddes öý, Käbe, Allanyň öýi.
[9] Mesämün ýüsäm – 1) deşikler deşilýär; 2) köňüller açylýar.
[10] Memälik – ülkeler, ýurtlar.
[11] Mugattar – atyrly, hoşboý ysly.
[12] Meşäm (meşam) – burunlar.
[13] Kemer – 1) bil; 2) dagyň kemeri; 3) ortasy, ortabili.
[14] Dilistan (dilsetan) – 1) göwni özüne çekiji; 2) söýgüli, gözel.
[15] Haý-u hüý – gykylyk, gowga, ses.
[16] Juý (jöw) – salma, ýap, akar; joýa.

Gamy ile tutup pitne rahy adem[1],
Jahan horram olmuşdy misli erem.

Mongol ile gardaşdy Rumyýan[2],
Kamu baglamyşlardy sulha[3] miýan.

Diri olsady şahy din Keýkubat,
Munuň kibi eýmenlik olmazdy ýat.

Ki Tuku-ýu Perwana ähdindedi[4],
Jahan jeňsiz[5], sulh[6] jähdindi[7].

Daryg[8]-a ki bu mülk-u tahty belent,
Iki şa öjünden oldy nijint[9].

Tedawun-u Tuku ýylany gezin[10],
Gylyç elde köňülleri doly kin[11].

Saga-ýu sola çoh-çoh at saldylar,
Ferawan aduw[12] başlaryn aldylar.

Çün ahyrda ki bimedet galdylar,
Ýara ömr-ü jan nagtyny saldylar.

---

[1] Rahy adem – ýokluk ýoly, ölüm ýodasy.
[2] Rumyýan – rumlular.
[3] Sulh – ýaraşyk, pahatçylyk, ylalaşyk, asudalyk.
[4] Äht – 1) şertnama, ähdi-peýman; 2) döwür; wagt.
[5] Jeňsiz – söweşsiz, uruşsyz.
[6] Sulh – parahatçylyk, asudalyk.
[7] Jäht – tagalla etme, jan etme, yhlas.
[8] Daryg – arman, haýp.
[9] Nijint – 1) gamly, gussaly; 2) solan, guran; 3) haýran galan, ejiz galan; 4) gapanly.
[10] Ýylany gezin – çakyjy ýylan.
[11] Kin – kine, duşmançylyk.
[12] Aduw – duşman, ýagy.

Peýi[1] bendegiýi hadyw[2]-u jahan,
Ikisi dahy ol jeňde berdi jan.

Çün oldy onda Perwana ägähi kär[3],
Häzyn[4] girdi ýola pur azar[5] [-u] zar.

Sypahy[6] bet endiş[7] çün gördüler,
Ki duşman ýüzi döndi, ýügürdiler.

Tutup Kaýsaryýa tarykyna[8] ruý,
Olup jümle sendan dil[9]-u roýy ruý[10].

Weziri şahynşahy gözin[11] Fahreddin -
Aly, ol ki, Haýdardy[12] tutdukda kin.

Çün ahwalyny gördi ol leşgeriň,
Heman[13] düşdi ot, içine ol serweriň.

Gaty sürdi aty duruşdy dowan[14],
Şahynşa katyna erişdi rowan.

---

[1] Peý- yzy, yzyna eýerme, düşme.
[2] Hadyw – 1) hojaýyn; hökümdar; 2) Hudaý.
[3] Ägähi kär – işden habardar bolma, ýagdaýy aňma.
[4] Hazyn – gam, gussa, hesret; gam-gussaly.
[5] Pür azar – örän ynjyly.
[6] Sypah – goşun, leşger.
[7] Bet endiş – bet pikirli, betniýet, betpäl.
[8] Taryk – ýol, ugur, ýoda.
[9] Sendan dil – köňli sandal ýaly gaty, daş ýürek.
[10] Roýy ruý – galaýy ýüzli, demir keşpli.
[11] Gözin – saýlantgy.
[12] Haýdar – 1) ýolbars, şir; 2) Hezreti Aly.
[13] Heman – 1) şol; 2) şobada.
[14] Duruşdy dowan – çapmaga durdy, ylgamaga başlady.

Diýdi: «Eý şahy älem sypahdary Şam,
Ki Siwas içindedi bir bet gulam.

Mükrany[1] Semnanly barar, satyn –
Alyp, niçe gün ýöremiş tünme-tün[2].

Eltmiş ony Şama-ýu satmyş,
Kürre şekilmiş ýabana atmyş.

Çu betbagt-u betpygyl-u şerrirmiş[3],
Katynda seg[4]-u adamy birmiş.

Beýik patyşa olmuş oldur gelen,
Biziň leşgeri beýle garat[5] kylan.

Ger ol bize bulursa rah[6] bigüman,
Olur kamaty padyşalyk keman.

Kürre manzar[7] ol näbekär[8],
Gözi gaply goz[9] ady fundukdar.

Ne taň ondan ererse pygly kabyh[10],
Bu mülke, çün oldur pelid-u şahyh[1].

---

[1] Mükrany – mükranly; Eýranda bir sebit.
[2] Tünme-tün – gijeme-gije, agşamma-agşam.
[3] Şerrir – 1) örän şerçi; 2) iblis, şeýtan.
[4] Seg – it.
[5] Garat – talaň, çapawul.
[6] Bulursa rah – ýol tapsa, ýoda tapsa.
[7] Manzar – görnüşli, şekilli, meňzeş.
[8] Näbekär – betpäl, betniýet.
[9] Goz – hoz.
[10] Pygly kabyh – erbet iş, ýaman pygyl.

Eşit imdi eý şahy jan-u jahan,
Eger bir kimsine[2] aşkär-u nahan[3].

Hylafy sagadat[4] eda kylsa söz,
Aňa gösterip durar Idbar[5] ýüz.

Seni agzam[6] Ilhan ulug Abaka,
Ki müň karyn[7] olsun jahanda baka[8].

Sipehr-i berin[9] bendeýi permanydyr,
Kaza-ýu kadar[10] bagty peýmanydyr.

Aduwbent[11] Hakany giti güşaý[12],
Ki ferrindedir[13] ýümni[14] berri humaý[15].

Hadywy[16] jahangiri[17] pür adl-u dat,
Ki dadyndan oldy jahan halky şat.

---

[1] Pelid-u şahyh – hapa we gysganç, bozuk we bahyl.
[2] Kimsine – bir kişi, bir adam.
[3] Nahan – gizlin, örtükli.
[4] Hylafy sagadat – bagtynyň tersine.
[5] Idbar – 1) ýeňse, arka; 2) ýeňilme, gaçma; 3) betbagtlyk bagty ýatgynlyk.
[6] Agzam – uly, beýik, belent.
[7] Karyn (karn) – asyr.
[8] Baka – 1) baky, hemişe; 2) diri.
[9] Sibehri berin – iň ýokary asman, pelek.
[10] Kaza-ýu kadar – takdyr we ýazgyt.
[11] Aduwbent – duşmany baglaýan, duşmany ýeňýän.
[12] Giti güşaý – älemi eýeleýän, dünýäni alýan.
[13] Ferr – şöhle, nur, patyşalyk, ýalkym.
[14] Ýümn – mübärek, bagt, bereket.
[15] Berri Humaý – ýagşylyk ediji humaý, gowy iş edýän humaý guşy.
[16] Hadyw – 1) hojaýyn, patyşa; 2) Hudaý.
[17] Jahangir – jahany alyjy, älemi tutujy.

Ki şemşir-i burran[1]-u we hökmi rowan,
Sürüp kyldy ejsamy[2] misli rowan[3].

Şolar kim ýüzin döndüre ol şahdan,
Hakykatda çykmyş durur rahydan.

Delirany legzi[4] leget harydyr[5],
Ezizany Elburz[6] hem harydyr.

Gylyjy, oldygynça, onuň tapda,
Hemişe seri gürjüdir hapda[7].

Onyň emrine mülk-ü älem tamam,
Musahhar[8] miýesser, Nedir jilfi[9] Şam.

Ata:da[10], ata:bahşy[11] ruýy zemin[12],
Okymyşdyr[13] oňa asman, «Aperin».

Bişikden[14] seni tagtda kyldy sah,
Berip saňa çoh mülk-ü mal-u sypah[15].

---

[1] Burran (bürrän) – kesgir, ötgir, parran.
[2] Ejsam – jisimler, bedenler, tenler.
[3] Rowan – akýan zat, akar (suw).
[4] Delirany lezgi – lezgi batyrlary, pälwanlar.
[5] Leget hap – depilýän, depgi iýýän, depgilenýän.
[6] Ezizany Elburz – Elburs dagynyň ezizleri, hormatlylary.
[7] Hapda – ukuda.
[8] Musahhar – tabyn, boýun, eline geçen.
[9] Jilf – 1) ýeňilkelle, ýeňles; 2) akmak, tentek; 3) zalym, sütemkär.
[10] Ata: - bagyşlama, berim berme, serpaýlama.
[11] Ata:bahş – serpaý beriji, sowgat bagyşlaýjy.
[12] Ruýy zemin – ýer ýüzi.
[13] Okymyşdyr – aýdandyr, diýendir.
[14] Bişik (beşik) – sallançak.
[15] Sypah – goşun, leşger.

Wepasyna jandan negehdar[1] ol,
Gözüne bet endişiniň[2] har[3] ol.

Budur biler iseň işiň nädiri[4],
Muňa garra[5] olmaz äriň haziri.

Eger kyldylar hassa etraky[6] Şam,
Bu birküç garawuly naçar-u käm[7].

Çün andan şähy älem ägäh ola,
Başy tuguňyň berteri[8] mah[9] ola.

Ala tygy  almaz, gürz-i geran[10],
Alyp tuta mülki keran tä keran[11].

Rowan bahry ahen[12] kibi kyla joş,
Ede Müsr-u Şamylary häkpuş[13].

Ne Müsri goýa-ýu ne Şam-u ne Rus,
Kyla anlara hurşydy[14] çeşmi huruş[1].

---

[1] Negehdar – seredýän, bakýan.
[2] Bet endiş – bet pikirli, erbet niýetli.
[3] Har – tiken, demirtiken.
[4] Nädir – seýrek; geň-taň.
[5] Garra – 1) aldamak; 2) gapyl gezmek; 3) gomparmak, tekepbirlenmek.
[6] Etrak – türkiler, türki halklar.
[7] Naçar-u käm – bialaç we maksadyna ýetmedik.
[8] Berter – ýokary, has beýik, üsti.
[9] Mah – aý.
[10] Geran – agyr, saldamly.
[11] Keran tä keran – bu kenardan ol kenara çenli, bu çetden ol çete çenli.
[12] Bahry ahen – demir deňzi, deňiz ummany.
[13] Häkpuş – toprak geýnen, guma dolanan.
[14] Hurşyt – gün, güneş.

Çün oldy sahynşaha Sahyp nasyh[2],
Okyp müwejjih[3] kelamy fasyh[4].

Diýdi şah ki: «Hojaýy niknam[5],
Menum dahy ýok janyma raýy käm.

Ki han yşgyna hoş guşanam kemer,
Çu şahzadaýam hut, degülem kem är.

Hudaýy jahandyr bu hala güwäh,
Ki jamymda mähkäm durar möhri sah.

Munuňle dirildim munuňle ölem,
Gerek daýymy saýasynda olam.

Onyň kem bahasy terazudadyr[6],
Zehi eý neň[7] kem, menden efzudadyr[8].

Gel imdi ne diýe sen, ne tedbir[9] ola,
Ki köňülde rah-u jähet[10] bir ola.

---

[1] Huruş – gykylyk, gowga.
[2] Nasyh – nesihatçy.
[3] Müwejjih – ýüzbe-ýüz.
[4] Kelamy fasyh – çeper söz, çeper jümle.
[5] Hojaýy niknam – ýagşy atly jenap.
[6] Terazu – terezi, çekim.
[7] Neň – ar, namys.
[8] Efzuda – artyk, köp, zyýada, kän.
[9] Tedbir – çäre, alaç.
[10] Jähet – tarap, ugur.

Uş içumi neň[1] ile hun etdi kin[2],
Ne günde gerekdir dahy esb-u zin[3].

Ne kylam, ne wejih[4] ile hana erem[5],
Teni höşkem[6]-u nije jana erem.

Ki çeşmim ýüz ile röwşen durar,
Zamyrym[7] howasy ile gülşen durar».

Şaha berdi Sahyp bu resme jogap,
Ki: «Şah-a budur şimdi pikri-sowap[8].

Eger şimdi şah döndererse ynan[9] -
Rahy Meşhede[10], hoş teferruç künan[11].

Biraz deşt[12] içinde seýran ede,
Teferruçle[13] jöwlany meýdan ede.

---

[1] Neň – ar, namys.
[2] Kin – kine, duşmançylyk.
[3] Esb-u zin – at we eýer.
[4] Wejih – ýüz, keşp.
[5] Erem – bararyn.
[6] Höşk – gury, guran.
[7] Zamyr – köňül, kalp.
[8] Pikri sowap – dogry pikir. Laýyk garaýyş.
[9] Ynan – jylaw, uýan.
[10] Rahy Meşhede – Maşat ýoluna, Maşada tarap. Bu ýerde Maşat şäheri däl-de, Konýanyň töweregindäki asyl nusgada ady agzalýan Maşat sährasy göz öňünde trutulýar.
[11] Teferrüç künan – gezelenç.
[12] Deşt – sähra, çöl.
[13] Teferrüç – gezelenç, seýran, göwnüňi açma.

Ki tä görewüz[1] hal-u enjam kär[2],
Ne olur ne kylur gerdişi ruzgär.

Eger şimdi Perwana ola pedit[3],
Ola bagly işlerimize kilit».

Heman ki oldy tedbiri Sahyp, tamam,
Dowan[4] erdi Perwana, berdi salam.

Ýüz häk, köňli doly gertdi –
Eren göge, içinden demi sertdi[5].

Bir arada «Soltan-u dessurymyz» –
Diýdiler, nijedigin ol dad-u gir[6].

Pes ol demde Perwanaýy dilfigar[7],
Diýdi kim: «Eýa Sahyb-u şähriýar.

Bize jan-u dil ýola bermek gerek,
Şetabile[8] tokata ermek gerek.

Ki budur bize şimdi raýy sowap[9]»,
Diýip, kyldylar ýola azmy şetap.

---

[1] Görewüz – göreris, bakarys.
[2] Enjamy kär – işiň ahyry, işiň netijesi.
[3] Pedit – göze görünme, ýüze çykma.
[4] Dowan – ylgap, ýüwrüp, ýortup.
[5] Sert – sowuk.
[6] Dad-u gir – tutda-bas.
[7] Dilfigär (dil efgar) – köňli gussaly, kalby gamly.
[8] Şetap – gyssanmaçlyk, howlukma.
[9] Raýy sowap – dogry pikir.

Ol araýa erdi şahy şahnejat[1],
Ki diýdiler uş puşdaýy[2] Irkil at.

Pes ol puşda üstüne at saldylar,
Ol arada birdem nepes aldylar.

Dönüp kyldylar şähre näge negah[3],
Göründi ki sähraýa erdi sypah.

Sypah çüňki sähraýa erdi tamam,
Heman gurdular ol arada hyýam[4].

Meger kim Hatyr ogly sufla[5] şerep,
Ki Hak lagnaty okundy hedef[6].

Niçe nama Perwanynyň adyna,
Ýylan düzdidi lagnat ussadyna.

Ony berip Şama Perwanadan,
Dimiş Ruma: «Ýok saňa Perwandan».

Ki Rumuň durur assy gaýet zagyf[7].
Balasynda[8] birküç mongol bar nahyf[9].

---

[1] Şahnejat – şazada, şanyň neslinden bolan kişi.
[2] Puşda (puşta) – depe, beýik.
[3] Negah – seretme, bakma.
[4] Hyýam – çadyrlar.
[5] Sufla – pes, näkes.
[6] Okundy hezef – maksada tokundy, nyşana degdi.
[7] Gaýet zagyf – örän ejiz, diýseň gowşak.
[8] Bala – üsti, depesi, ýokarsy.
[9] Nahyf – 1) hor, lagar; 2) ejiz, gowşak.

Duruş gelmiş eken işiň rasta,
Ki munuň kibi yklymy arasta[1].

Ne ýerdir kim, ol ola reşki[2] Erem,
Kyýas et[3] tapuňa ne sözler diýrem.

Eriş sen dahy pursat ermiş eken,
Saňa pursaty Taňry bermiş eken.

Bu tedbir[4] üzre ýaragu[5] kibi, düz,
Eriş bazweş[6] serçäniň başyn üz.

Bu agwale[7] ol anhas[8] nabekär[9],
Çüýrük goz[10] synyla[11] fundukdar.

Erişdi-u istedigin bulmady[12],
Garardy[13] ýüzi, açylyp gülmedi.

Diýdi kim: «Bu Perwanaýy betsegal[14],
Beni mekirle aldady niçe sal[15].

---

[1] Arasta – bezelen, zynatlanan.
[2] Reşk – görüpbilmezçilik, bahyllyk.
[3] Kyýas et – deňeşdir, ölçer, deňeşdirip gör.
[4] Tedbir – çäre, alaç.
[5] Ýaragu (ýargu) – kazy; ýagşy.
[6] Bazweş – baz ýaly, laçyn ýaly.
[7] Agwa – gümra etme, azdyrma, ýoldan çykarma.
[8] Anhas – has şum, has betbagt.
[9] Näbekär – betpäl, betpygyl.
[10] Goz – hoz.
[11] Synyla – döwüler.
[12] Bulmady – tapmady.
[13] Garardy – garaldy.
[14] Betsegal – betpäl, betniýet.
[15] Sal – ýyl.

Bizim hany peýweste peýmanymyz[1],
Mekätib[2]-u kowly[3] ferawanymyz[4].

Ki geldikde depi biteýdi işim,
Ne bitmek, ki ýetmek olupdyr düýşüm.

Onuň sözüle geldim işbu ýere –
Ki şahden ala Rumy, maňa bere.

Wegerne[5] ne idi bu gümrahlyk,
Maňa kemmidi Müsürde şahlyk.

Ýylan ile ol ga:dyry[6] betpygal[7],
Ýele berdi bizden niçe genj-u mal.

Eger başyn onuň şahy kä:mira:n[8],
Hadywy[9] jahan Abaka Ilhan.

Eli ile kesdirmeýem zar-u zar,
Degülem ýakyn[10], bende-ýi Kerdigär».

---

[1] Peýweste permanamyz – baglaşan ähdi-ppeýmanamyz.
[2] Mekätip – hatlar, namalar.
[3] Kowl – söz, äht, karar.
[4] Ferawan – köp, kän, bol.
[5] Wegerne – bolmasa.
[6] Ga:dyr – biwepa, dönük, hyýanatçy, ikiýüzli.
[7] Betpygal – betpygyl, betkär.
[8] Kämiran (kämran) hökmürowan, hökümi ýörgünli.
[9] Hadyw – 1) hojaýyn, patyşa; 2) Hudaý.
[10] Ýakyn – anyk, äşgär.

Heman ol günüň ertesi bamdat[1],
Rowan, şähre girdi başy doly bat.

«Menumdir diýip, tagty soltany Rum,
Oturdy zehi nahs[2]-u bedbaht-u şum.

Ne janda wepa-u ne aýnynda[3] şerm[4],
Sowuklygyna oldy bil-küll[5] germ[6].

Bu işi edejek oňa ähli Rum-u Arap –
Okydylar adyn: «Şaha biýedep».

Kamular kylyp werzişinden[7] nufur[8],
Diýdiler kamu halky nezdik-u dur[9].

Ki: «Bu türk terki edip kylmyş-a,
Berer Haktagala jeza-u seza[10].

Ola kellesi Funduky pissewar[11],
Uşadar ony gürzü gerany[12] tatar.

[1] Bamdat – säher, daňdan.
[2] Nahs – şum, göreç.
[3] Aýn – göz, göreç.
[4] Şerm – utanç, haýa.
[5] Bil-küll – belli-külli.
[6] Germ – gyzgyn, yssy.
[7] Werziş – maşk, endik.
[8] Nufur – 1) ýigrenme; 2) daş durma, daşlaşma.
[9] Nezdik-u du:r – ýakyndaky we uzakdaky, golaýdaky we alysdaky.
[10] Seza – jeza, etmişiň haky.
[11] Pissewar – pisse, pisse ýaly.
[12] Geran – agyr.

Ki güle zamana oňa bir zaman,
Olup haly[1] ol nahsdan[2] her mekan.

Şahyn şahy afak[3] şahy jahan,
Abakaýy agzam[4]-ulug Ilhan.

Hadywy jahan husrowy kamiýap[5],
Kemine guly şahy Afrasiýap[6].

Ki gerduny gerdan-u döwri mydar,
Onyň kibi görmüş degül şähriýar.

Sahy-ýu wefi[7] şahy keşwer güşa[8],
Jeli[9]-ýu jahandar[10]-u zilli Huda[11].

Buýrarsa ol şah gerdun jenap,
Rowa eýliýe emr kebki[12] ukap[13].

Onuň adly ähdinde[14] gurd-u goýun,
Ne ol garbady ne bu berdi boýun.

---

[1] Haly – boş, puç.
[2] Nahs – betbagt, şum.
[3] Afak – dünýä, älem.
[4] Agzam – uly, beýik.
[5] Kämiýap (kämýap) – maksadyna ýetýän, islegi bitýän.
[6] Keşwer güşa – ýurt eýeleýji, ýurt tutujy.
[7] Wefi – wepaly, wepadar.
[8] Keşwer güşa – ýurt eýeleýji, ýurt tutujy.
[9] Jeli – lowurdaýan, aýan, belli.
[10] Jahandar – älem elinde, jahana hökümi ýöreýän.
[11] Zilli Huda – Taňrynyň saýasy.
[12] Kebk – käkilik.
[13] Ukap – bürgüt.
[14] Äht – 1) döwür, wagt; 2) peýman, şertnama.

Onuň döwletinde wezir-i zaman,
Ulug Şemseddin Sahyby kämran.

Hudawendi diwany ylm-u alam,
Ki zatyle zent[1] idi diýdi tyg-u galam.

Muhammet Emin rehmeti Kerdigär,
Jahany keren, sadry gerdun, wakar[2].

Ata atadan Sahyby şahy nyşan,
Seri serferazany[3] gerden keşan[4].

Ki fazlyndan elterdi reşk[5] tir,
Ýigit görmedi onuň kibi çarhy pir[6].

Bu ol kişidir kim hadywy[7] jahan,
Şahynşahy agzam – ulug Ilhan.

Ony Ruma göndermişdi kim ol,
Kylyp zabt Rumy tämiz ide ýol.

Gelur eken ugrady şaha wezir,
Hekaýatdan oldy habir[8]-u basyr[9].

---

[1] Zent – 1) uly, beýik, belent; 2) güýçli, kuwwatly.
[2] Wakar – salyhatly, agras.
[3] Seri serferazan – başy belentler, hormatlylar, batyrlar.
[4] Gerden keşan – boýun gaçyrýanlar, boýun bolmaýanlar.
[5] Reşk – göriplik, bahyllyk.
[6] Çarhy pir – çarry pelek, köne dünýä.
[7] Hadyw – 1) hojaýyn, patyşa; 2) Hudaý.
[8] Habyr – habarly, habardar.
[9] Basyr – gözli, göreçli, görýän.

Diýdi: «Eý şahy älem sypahdary[1] Şam,
Erişdirdi subhuny[2] tä wagty şam[3].

Onuň haly çun bardyr iki delil,
Eşit bendeden ki olusar ol zelil.

Biri bu ki kinleşdi[4] Ilhan ile,
Onuň kibi şöwketli Soltan ile.

Ikinji bu Seljukylar tahdyna –
Otura gulam, ynanyp bahdyna.

Jahan ony kaçan kylysar pisint,
Goýamy ony kylmadan müstement[5].

Ki Seljukylar adylle dat ile,
Ýörerlerdi hassa[6], eý at ile.

Bularyňle älem abatdy,
Dili[7] hassalar gamdan azatdy.

Ýene şimdi hem äli Seljukyýan[8],
Kylurlar bu dem tagaty Ilhan.

---

[1] Sypahdar – goşun serkerdesi.
[2] Subh – ertir, daňdan.
[3] Şam – agşam, gije.
[4] Kinleşdi – kineleşdi, duşmanlaşdy, ýagy boldy.
[5] Müstement – 1) mätäç, pakyr; 2) gaýgyly, gussaly.
[6] Hassa – saýlantgy, ýörite.
[7] Dil – ýürek, kalp, göwün, köňül.
[8] Äli Seljukyýan – seljuklylaryň neberesi.

Dil-u janle şaha derbendeler,
Şa emrine daýym serefkendeler[1].

Umyt ol ki bu hanadan berin[2],
Ola hanle abat ilä ýowmydin[3].

Bolyban hawadysdan[4] emn[5]-u aman,
Karyn[6] olmasyn jöwri-ahyrzaman.

Meger Ilhan asly Çingiz han,
Ki adly jahan içre olmuş nyşan.

Ajamdan onuň iline niçeler,
Tijäretle barmyşlar imiş meger.

Bulary görüp han eý söýlemiş,
Suýurgamyş[7]-u jümlesin toýlamyş.

Bular hem kabylmyşlar[8] eltafyna[9],
Eýu hüýüne adl-u ynsabyna.

Kamu olaryň onda düzmüşler,
Bu ýaňadan ýüplerini üzmüşler.

---

[1] Serefkende – 1) başy aşak, pes göwün; 2) utançly, uýatly.
[2] Berin – ýokary, beýik.
[3] Ilä ýowmydin – kyýamaat gününe çenli.
[4] Howadys – 1) hadysalar, wakalar; 2) uruşlar, darkaşlar.
[5] Emn – asuda, howpsuz, aman-esen.
[6] Karyn – ýakyn, golaý.
[7] Suýurgamyş - serpaýlapdyr, sylaglapdyr.
[8] Kabylmyşlar – mynasyp ekenler, laýyk ekenler.
[9] Eltaf – mähremlik, mähribanlyk.

Weliken[1] tijäret kylarlarmyş,
Ýene ýola baryp gelerlermiş.

Bu hanyň öwjünden bular hanyman,
Akar[2]-u şiýar[3]-u kumaş[4]-u dükan.

Mabalyg[5] kamusy iýilmiş jemg-mal,
Bulara etmemiş kimsine kylu-kal.

Bular ýene kyldyklarynda sapar,
Ýol Otrara erişmiş idi meger.

Ki onuň Gaýr kandy häkimi,
Ki Horezmşahyňdy ol hadymy[6].

Bularyň nazar kylyp ahwalyna,
Tama kyldy her biriniň malyna.

Berip idi Horezm şaha habar
Ki bir niçe mürted[7]-u melgun[8]-u har[9],

Mabalygy nygam[10] her birinde tamam,
Budur halyýa[11] yhtysar kelam[12].

---

[1] Weliken – emma, ýöne.
[2] Akar – mata, parça.
[3] Şiýar – ekerançylyk (önümleri).
[4] Kumaş – öýüň goş-golamy.
[5] Mabalyg – köp mukdarda.
[6] Hadym – nöker, hyzmatçy.
[7] Mürtet – dinden çykan, dinsiz.
[8] Melgun – nälet siňen, näletlenen.
[9] Har – eşek.
[10] Mebalygy nygam – köp sanly nygmatlar.
[11] Halyýa – häzir, häzirlikçe.
[12] Yhtysar kelam – sözi.

Ki pitawi[1]-ýu müfti-ýu horezmşah,
Sözi ile täjirler oldy tebah[2].

Çün eşitdi bu haly haýkyrdy han,
Kakymakdan[3] iki gözi doldy gan.

Uýmady[4], üç gün ýemek iýmedi,
Dahy kimseýe bir suhan[5] diýmedi.

Çykyp bir ýuja[6] ýere diýdi: «Huda,
Ki Sensiň uludan uly patyşa.

Meniň köňlüme Sen bir ylham kyl,
Maňa bir habar Senden yglam[7] kyl.

Degülem çu badyýy raýy hata[8],
Maňa kuwwat-i intikam[9] et ata[10]:

Ol arada uýdy[11] Çingiz han,
Görer kim açylur deri[12] asman.

---

[1] Pitawi – pitwalar.
[2] Tebah – zaýa bolma, harap bolma.
[3] Kakymakdan – gaharlanmakdan, gahar-gazapdan.
[4] Uýmady – uklamady, ýatmady.
[5] Suhan – söz, gürrüň.
[6] Ýuja – beýik, belent.
[7] Yglam – habarly bolma, mälim edilme.
[8] Badyýy raýy hata – pikir-garaýşy, ýalňyş bir ýel däldirin.
[9] Intikam – ar, öç.
[10] Ata – berim, bagyş etme.
[11] Uýdy – ýatdy, uklady.
[12] Der – asman.

Sunuban aňa bir uly hanjary,
Diýdiler: «Bu hanjar degül serseri[1].

Her kimse kim hökm ýezdany[2] päk –
Eşitmezse, kyl ömri badyny häk[3].

Jahany sen ynsap ile sur[4] kyl,
Durug[5]-u zynadan ili dur[6] kyl.

Ki mülki jahany kamu düýrmişiz[7],
Saňa, dahy urugyňa bermişiz[8].

Eşitmiýäne emr-u fermanyňy –
Eşitdir, salyp tygy-burranyňy[9].

Bu ylhamy buldukda[10] Çingiz Han,
Ýöridi-ýu bozdy niçe hanyman.

Ki ondan jahan doly awazadyr.
Dahy ol ýasak[11] şimdi hem täzedir.

Hususan hut eýýamy şahyjahan,
Abakaýy agzam[12]-ulug Ilhan.

---

[1] Serseri – biderek, bihuda.
[2] Ýezdan – Taňry, Hudaý.
[3] Häk – toprak, gum.
[4] Sur – şadyýan, şadyman.
[5] Durug – ýalan, ýalan sözleme, alys.
[6] Dur – daş, uzak, alys.
[7] Düýrmişiz – düýrersişiz, elişize salarsyňyz.
[8] Bermişiz – berendiris.
[9] Burran (bürrän) – kesgir, ýiti, parran.
[10] Buldukda – tapanda.
[11] Ýasak – hököm, perman.
[12] Agzam – uly, beýik.

Ýasaky[1] anyň dahy efzun[2] durar,
Özi adylle dada makrun[3] durar.

Ki adlyndan anyň kylar zulum hap[4],
Olar balyşy miş[5] rany ziýap[6].

Ne kişiki ola ýagyýy Ilhan,
Any müftmi goýar[7] Hudaýy jahan?

Olar ýaşy kütäh[8]-u başy negun[9],
Galar ol hawadys[10] elinde zebun.

Berermi oňa gerduny gerdan[11] aman?!
Bela ýagdyrar üstüne asman.

Çu taht üzre Şam akmaky misli düýt[12] –
Oturdy, ki çarh oldy ondan kebut[13].

Hata kyldygyn bildi-ýu bilmedi,
Ony kim gerek kylmak, ol kylmady.

---

[1] Ýasak – 1) perman, höküm, görkezme; 2) ölüme höküm edilme.
[2] Efzun – artyk, köp.
[3] Makrup – golaý, ýakyn.
[4] Hap – uky, ýatma.
[5] Balyşy miş – goýnuň ýassygy, goýnuň ýaplangyjy.
[6] Rany ziýap – gurduň dyzy, möjegiň budy.
[7] Müftmi goýar – mugt goýarmy, jogapsyz goýarmy, boş goýarmy.
[8] Kütäh – kelte, gysga.
[9] Negun – ýykyk, başaşak.
[10] Howadys – hadysalar; uruşlar, jeňler.
[11] Gerduny gerdan – çarhy pelek.
[12] Düýt – tüsse, bug.
[13] Kebut – mawy, gök.

Muny hoş diýmişler durar bilgeler[1] –
Ki: «Her kişi hetdinden etse güzer –

Oňa tiz ola häki tire[2] makar[3],
Ola mur[4], ki ahyrda bitirer per –

Katlandygy dem[5] göge, çun aga[6],
Ýa düşe ýa üstüne doly ýaga».

Oňa Rum içinde keram-u sykat[7] –
Eken, dahy, kylmadylar iltifat[8].

Dahy ol ki bulunmaz[9] oldy alaf[10],
Çeriniň çoh atlary oldy talaf[11].

Dahy diýdi kim: «Leşgeri patyşah –
Ola wakyf[12], zagfy[13] Şamy sypah[14].

---

[1] Bilgeler - bilimliler, danalar.
[2] Häki tire – gara toprak.
[3] Makar – rahatlyk ýeri, ornaşan ýeri, duran ýeri.
[4] Mur – garynja.
[5] Katlandygy dem – ugran wagty, ýönelen wagty.
[6] Aga – agar, ýykylar.
[7] Keram-u sykat – hormatlylar we ynamlylar.
[8] Iltifat – üns, dykgat; hormat.
[9] Bulunmaz – tapylmaz, ele gelmez.
[10] Alaf – ot, bede.
[11] Talaf – harap, zaýa; ýok bolma.
[12] Wakyf – 1) habarly; 2) saklanma.
[13] Zagf – gowşak, ejiz.
[14] Sypah – leşger, goşun.

Sala üstümize atlar nägehan,
Bize teň[1] ola fyrahy[2] jahan».

Ýörüdi ynan[3] dönderip suýy[4] Şam,
Zyýanmend[5]-u gamgyn-u näkämi käm[6].

Çu düşdi Dymyşky Erem nagta[7] şat,
Şeşildi[8] bilinden salahy pisat[9].

Oňa hazyny rent[10] içirdi zähr,
Tamam oldy eýýamdan oňa bähr[11].

Zuhur etdi[12] takryry[13] nygamyl wezir[14],
Aýan oldy manendi[15] bedri münir[16].

---

[1] Teň – dar, gysby.
[2] Fyrah – giň, giňişlik.
[3] Ynan – jylaw, uýan.
[4] Suý – tarap, ugur.
[5] Zyýanment – zyýanly, zyýan gören.
[6] Näkämi käm – göwün islegine ýetmedik, göwün halany bolmadyk.
[7] Erem nagta – Erem häsiýetli, Erem şekilli, Erem bagy ýaly.
[8] Şeşildi – çözüldi.
[9] Salahy pisat – bozuklyk ýaragy.
[10] Hazyny rent – mekirlik hazynaçysy.
[11] Bähr – peýda, nep.
[12] Zuhur etdi – ýüze çykdy, peýda boldy.
[13] Takryr – 1) beýan; 2) ykrar etme.
[14] Nygamyl wezir – wezir nygmatlary.
[15] Manendi – ýaly, misli.
[16] Bedri münir – nurly aý, on dördi gijäniň röwşen aýy.

# ÝER ÝÜZÜNIŇ PATYŞASY, ÄLEMIŇ EÝESI, BEÝIK ILHAN ABAKA HANYŇ JAHANY EÝELEÝJI JYLAWYNYŇ RUM SERHETLERINE TARAP HEREKET ETMEGINIŇ SEBÄBINIŇ BEÝANY

Soltan Gyýasseddin Keýhysrow, Beýik Sahyp Fahreddin we Mugyneddin Perwana dagylar Tokada ýetip, köp maslahatdyr geňeş edenlerinden soň:

«Gyssanmaçlyk bilen Ebelistan[1] sebitlerinde ýüze çykan wakanyň ýagdaýyny arz etmek we ahwallary beýan etmek üçin Ilhanyň hyzmatyna çaparlar ibermeli» diýen pikiri dogry hasapladylar. Bu hadysa üçin Seýfeddin Özbegi Hanyň hyzmatyna [gitmäge] bellediler.

Ol jahanyň penakär dergähine ýetip, Hany ahwallardan habarly edende, Hanyň namys (ar) alawy alawlap, örän gazaplandy hem-de:

– Heý, seniň bir! Eger gadymy uly Taňry oňlasa men saňa Müsür we Şam illerini barça [gözüňe] dar görkezer men – diýdi. Soňra böwsüji goşunlara we batyrlara perman berdi. Olar jan alyjy ar gylyçlaryny Şam ýurdunyň kastynda gynlaryndan sogrup, taplap ýarag-şaýlaryny tutdular. Özi hem jahany nurlandyrýan güneş kibi lowurdaýan şehap[2] dek älemi aýlanýan tulparyna atlanyp, göç edip Ruma ýüzlendi. Arzynjan sebitlerinden geçip, Defregi ýolundan Ebelistana ugrady. Defregi gorkuly ýagdaýlardan we hüjüm ýollaryndan aman bolup, öz watanlarynda oturdylar. Birden seredip görseler, dagdan, galanyň yz tarapyndan bir atly säher ýeli we takdyr hem ýazgyt ýaly bolup, aşak inip gelýärdi. Yzynda bir uly

[1] Ebelistan (Abulystan) – Kiçi Aziýada bir şäher bolup, ol Kaýsaryýanyň gündogarynda daglykda ýerleşýär. Soň-soňlar ony Albossan diýip atlandyrýarlar.

[2] Şehap (şahap) – 1) şöhle; ýalyn; 2) süýnýän ýyldyz.

köwkebe[1] hem-de nurly aýyň töweregine jemlenişen ýyldyzlar kibi bir bölek atly dagdan aşak eňdiler.

Defreginiň ulularyndan we ygtybarlylaryndan birküç kişi dürli nygmatlar, hörekdir iýmitler bilen hany garşyladylar. Ýakyn baranlarynda gözlerini hanyň at aýagynyň tozy bilen nurlandyrdylar we sürmelendirdiler. Gulluk, doga we sena wezipelerini hem resimlerini berjaý etdiler. Hanyň hyzmatynda olaryň hyzmatlary we serpaýlary kabul edilip, han olary sylaglady. Ürken janlara we ýüreklere rahatlyk hem ynam bagyşlady. Bir bölek kişi örän nadanlykdan we akmaklykdan ýaňa Täjeddiniň oglanlarynyň Zirek we Togan atly gullaryny öldüripdiler hem-de dogry ýörelgeden, tabynlyk ýolundan sowlupdylar, olary getirip, ýasaga ýetirdiler. Defregi galasyndan bir kişi ok-ýaý bilen hanyň öňüne gelip, biedeplik edipdi. Ony hem ýasaga ýetirdiler (öldürdiler). Han: «Defregi galasynyň gala diwaryny ýykyň» diýip buýurdy. Ýykdylar. Ondan soňra Ebelistana tarap ýola rowana boldular.

Soltan Gyýaseddin, Sahyp Fahreddin we Mugyneddin Perwana dagylar ol sebitlerde han bilen duşuşdylar. Han şamlylaryň söweş meýdanyna gelip ýetende, özüniň oglanlyk zamanyndan bäri örän gowy görýän we halaýan kişileri bolan Tuku Aganyň we Tudawun noýanyň göwrelerini (jesetlerini) görüp, örän gynandy we gaharlanyp gazap deňzi möwç urdy. Hökümi açyk takdyr kibi ýörgünli boldy. Salamatlyk şirinliginiň gadryny bilmän etraplarda we gyrak-çetlerde gömük pikirleri we nädogry garaýyşlary bilen ýeňiji döwletiň tarapdarlygyndan dönüp, günäkär bolan (baş göteren) ähli agzalalyk hem bozgaklyk ýaranlarynyň ählisini getirdiler we buýruga görä, ýasaga ýetirdiler. Ol günäkärlere syýasat etmek (öldürmek) bilen hanyň gazap ody köşeşmänsoň, belent hökümli, älem danasy Asyf deý gönümel, ýer ýüzüniň

[1] Köwkebe – 1) uly ýyldyz; 2) soltanyň ýa-da patyşanyň ýanynda gezýän wezir-wekilleriň uly topary.

kethudasy Sahyp Şemseddin hanyň güýçli gahar-gazabyny nepis mähribanlyklar bilen köşeşdirdi. Han Rumuň köp halkyny «Şamlylara meýl etdiňiz» diýip gyrjakdy. Halaýygy ol beladan we sütemden hem halas etdi.

Kazy Yzzeddin Hasan Ermewini, Fahreddin Güýçbegini, Garaja ogly Nureddini, Hut ogly Zahyreddini şehitlik derejesine ýetirdiler. Olar galan halk üçin pida boldular. Güneş Eset ýyldyzlar toplumyna ýetip, temuz[1] yssysynyň howry örän ýokary göterilende, goşunlar Şam diýaryna ugramakdan aýak çekdiler. Ýer ýüzüniň şasy, täç we möhrüň eýesi Abaka han Şama – Fundukdaryň gaşyna ilçiler gönderdiler we aýtdy:

– Fundukdar her wagt gapyllykda biziň ýurdumyzyň garawullarynyň ýol sakçylarynyň üstüne at segredýärler. Olary az we medetsiz (goldawsyz) görüp, myrat we maksatlary ne bolsa edýärler we jeňe islegi bar bolup, gün-günden ösýän döwletimize tabynlyk etmek islemese, eýeleriň eýesiniň bargähiniň bizi ähli halkyna gul eýesi edip, urugymyzy älemde hormatly we beýik eden hökümine laýyklykda, bize tabynlyk görkezilmese (etmese), onda ýaraglanyp häzir bolsun. Häziriň özünde onuň üstüne ýörişimiz karar edilendir.

Ilçiler Şam tarapa ugradylar. Baryp habarlaryny Fundukara aýtdylar. Fundukar aýtdy:

– Birki ýyl bäri maňa Perwananyň hatlary gelýär. Men onuň sözleri bilen bardym. Han meniň günämi bagyşlasyn. Mundan beýläk il we tabyn bolaryn.

Ilçiler:

– Perwananyň hatlaryny ber. Eltip hana arz edeliň – diýdiler.

Namany berdi we köp zatlar bilen ilçileri yzyna gönderdi. Han Fundukdaryň illik we tabynlyk edendigini eşidip, ýene-de Arzynjan tarapa ugrady. Soltan Gyýaseddini, beýik Sahyp

[1] Temuz – Siriýa senenamasy boýunça 10-njy ýyl bolup, bu Oguz we Gorkut aýlaryna gabat gelýär.

Fahreddin Alyny we Mugyneddin Perwanany özi bilen bile alyp gitdi. Kugunyýa we Kemah sebitlerine ýetdiler. Kugunyýa galasy Perwana degişlidi we içinde adamlary bardy. Han Perwana garap:

– Galany tabşyr, git-de, galany boşat – diýip, hököm gönderdi. Perwana gala bardy.

Galanyň häkimini aşak çagyrdy. Häkim boýnyýogynlyk bilen ters jogaplary gönderdi. Garşylyk görkezdi. Perwana näumyt bolup, hanyň hyzmatyna bardy, ýagdaýy arz etdi. Bu gapma-garşylyk zerarly hanyň Tudawunyň we Tukunyň ölümi sebäpli, köňlünde saklanyp galan gazaby zyýada boldy. «Saklaň we siziň görkezmäňiz bolmazdan, hiç ýere gitmesin» diýip, Perwanany wekillere tabşyrdy. Ala daga ýetenlerinde hanyň Fundukdaryň ýanyna giden ilçileri gaýdyp geldiler hem-de Şerebiň geçen döwürde Perwananyň dilinden ýazyp, deňizden hem gury ýerden iberen we onuň topalaň etmegine sebäp bolup, haýynlyga hem was-wasalyga salan namalaryny ýetirdiler. Ondan öň hem Tudawun noýanyň hem Tuku Aganyň hatynlary, ogullary, tabynlary her gün hanyň hyzmatyna baryp Perwanany ýamanlap: «Pitnäniň sebäbiniň başy şudur, näme gopan bolsa, onuň öňünden gopandyr» diýip günäleýärdiler we ol iki sany meşhur kişiniň Tedawun we Tuku Aga ölümi üçin ahy-nala edip, Perwananyň öldürilmegine jan edýärdiler. Emma han ol babatda gepçileriň sözlerine üns bermän, Perwanany öldürmekde haýal-ýagallyk edýärdi. Oňa gadymdan bar bolan kämil enaýatyndan hem-de ony Soltanyň gaşynda uly derejä ýetirendigi üçin «Gadyrbilmezlik edip, duşmanlar we garşydaşlar bilen dostlaşmaga tagalla eder (göwün baglar)» diýip ynanmazdy. Şeýle-de, zulum gören, şehit we merhum Soltan Rukneddin Gylyç Arslanyň (Alla oňa rehmet etsin!) ölüminiň hekaýatyny barlag edip derňemändi we bir ýagdaý sebäpli derňewi saklap, oňa girişmändi.

Hatlary han bargähiniň kätiplerine okamaga berdiler. Kätipler ýekän-ýekän hana okap berdiler. Han üns bilen diňledi. Möhlet bermäge mejal galmady. Buýrugyna görä, Perwanany häzir etdiler. Namalary oňa görkezdiler. Görse, öz nyşany, ýazyjysynyň ýazuwy we ýüzüginiň möhüri goýlan namalar eken. Onsoň ykrar edip:

– Nyşan we möhür meniňkidir, emma meniň dessurym we islegim bilen ýazylan däldir – diýip, jogap berdi. Soňra hanyň buýrugyna görä Perwanany onuň sözüne giden ähli adamlary we topary bilen heläk etdiler hem-de Ala dagda ählisini ýasaga ýetirdiler. Han öz ogly Argun hany Garaman topalaňçylaryny dep etmek üçin Kaýsaryýa, Aksaraýa we Konýa garşy iberdi. Olar bir jümri (galp) – düzme Soltan düzüp[1], Konýada tagta geçiripdiler. Konýany Ermenek we Warsak türkleri talapdyrlar hem çapawullapdyrlar. Ol ahwalyň beýany öz ýerinde beýan ediler.

## ARZURUMYŇ AŇYRSYNDAKY ALA DAG ÝAÝLAGYNDA BOLAN ŞEHIT EMIR MUGYNEDDIN SÜLEÝMAN PERWANANYŇ BIRNÄÇE ÖWGÜLI HÄSIÝETLERINIŇ BEÝANY

Beýik emir, belli goşunbaşy Mugyneddin Süleýman ibn Aly ed-Deýlemi (Ýatan ýeri ýagty bolsun!) dürli mähremlikler, ýagşylyklar, diýanat we parasat bilen bezelendi. Berkligi, yhlas ynamy we ärlik bilen döwletiň möhümi, ýurt sütünleriniň saýlantgysydy. Ýurtlaryň abadançylygyna gözegçilik etmekden rahatlyk tapýardy. Ynsany bilimlerini kämilleşdirmäge we iki jahan bagtyýarlygyny gazanmaga meşgul bolupdy. Eziz ömrüni bir pursat hem ahmal we sus goýmady. Hemişe

[1] Jümri (jimri) – galp, ýasama; Bu ýerde soltanlyga hakly bolmadyk bir kişini soltan yglan edip, soltanlyga göterenligi aýdylýar. Jümri (ýasama) aslynda has at däl. Ol soltanlyga dalaş eden kişiniň lakamy. Ýöne, has at görnüşinde ulanylypdyr.

hylwatda alymlar, takwalar, ybadatçylar we aryplar bilen wagtyny mübärek tutardy. Onuň haýyr-yhsanlary we ýagşylyklary tutuş ülkede her gün bir ýetime, dul aýala, mätäçlige we düşmüş kişiniň[1] maşgalalaryna ýeterdi. Zulum gören we ýalkanan merhum Soltan Rukneddin Gylyç Arslanyň wakasyny oňa degişli etseler-de, Haktagala bilýändir, ol mekirligiň özeni, bu biwepalygyň gözbaşy ol alahöwren häsiýetli, şeýtan suratly iki näkes pes we gadyrbilmez Hatyr oglanlary bolan kalby gara Zyýady we näkes Şerepdi. Ol işden Perwananyň päkligine yns-jyns beýik kelam we Gurhany Kerim birle şu jümle esasynda: «Süleýman kapyr däldi, belki adamlara syhr (jady) öwredýän şeýtanlar – kapyrdyr»[2] diýip, şaýatlyk edýärler. Onuň hökümininiň ýöreýän zamanasynda iller amandy, asudady, ýollar howpdan halasdy. Haýbatynyň zarbyndan bendedir azat kişiler, emeldardyr emir kişiler kalbynda daşda suw kibi onuň tarypyna şu beýti aýdardy.

**Beýt**

Eý ki, olar mülk-u din raýyňle näz-u perwereş[3],
Weý Süleýman-u Peridun ferri[4] Isgender weş[5].

Onuň şehit bolandygynyň habary Rum ulularynyň gulagyna etende, onuň üçin matam we ýas tutup, uly sahyp görkezmesi beýik Nyzamylmülk Ynanç Ugurly Rum ülkelerini gysymyna gysmaga gelen wagtynda ýurdy Perwananyň gözegçiliginden we hemaýatyndan boş görüp, topalaňçylaryň we bozgaklaryň ol döwürde şere we bozuklyga pursat

[1] Düşmüş kişi – garp galan adam, gallaç kişi, ýoksul.
[2] Gurhanyň 2-nji süresiniň 102-nji aýaty.
[3] Perwereş – önüp-ösme.
[4] Ferr –şöhle, nur, bagt.
[5] Weş – ýaly, meňzeş, misli, kibi, deý.

tapandyklaryna gynanyp, röwşen kalbyndan ýagşy-ýamany seljerýän köňlünden şu beýtleri düzdi:

Daryg-a[1] ki bu çarhy süfle nowaz[2],
Kemal ähline çoh olar kine saz.

Hawaryç[3] kylyp din iline huruç[4],
Hawadys [5]olar haýyny jan güdaz[6].

Ýaşyn kutah[7] edip, Süleýmanyň ah,
Kylar iline desti döwi deraz[8].

## GARAMANLYLARYŇ BASYBALYŞLARYNYŇ, JÜMRINIŇ HÄKIMLIK ETMEGIBIŇ WE PAÝTAGT KONÝADA SOLTANLYK TAGTYNA GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Haçanda, näkes we günäkär Şerebiň ýüreginde Soltana garşy çykmak we oňa zyýan bermek pikiri ornaşanda, topalaňyny we garşy çykmagyny äşgär edip başlady. Özüniň nygmat berijisiniň hak-hukugynyň sarpasyny saklamakdan ýüz dönderip, juda akmaklygy we biçak nadanlygy zerarly gün-günden ulumsylygyny we tekepbirligini artdyrýardy.

Soltan we döwlet emeldarlary bialaç onuň bilen ylalaşmaly boldular. Soltan ýaşdy. Kaýsaryýadan Negidä[9] bardylar.

[1] Daryg – wah, arman, haýp.
[2] Süfle nowaz – pesleri hormatlaýan, ezizleýän.
[3] Hawaryç – topalaňçylar, gozgalaňçylar, pitneçiler.
[4] Huruç – topalaň, pitne.
[5] Hawadys – 1) hadysalar; 2) ýüze çykma, döreme, peýda bolma.
[6] Jan güdaz – jan ýakyjy, jany erediji, alyjy.
[7] Kutah – kelte, gysga.
[8] Desti döwi deraz – döw elini uzadýar, döwüňki ýaly elini uzadýar.
[9] Häzirki Nigde şäheri.

Töwereklerden we etraplardan asylsyz we pes adamlary ýygnap, köp goşun toplady. Şam Soltany Fundukdaryň tarapdarlygyna hereket edendigi üçin ýürduň mülklerini gadymy harbylardan alyp, haramylara (galtamanlara), bozgaklara we ogry-jümrülere paýlady. Soň Garaman ogullary ýaly näkesleriň we jümrüleriň (galp kişileriň) haýyşlaryny berjaý edýärdi. Garaman ogullarynyň atalary ilki başda Kamareddin ili diýilýän Ermenek sebitlerinde ýaşap geçen kömürçi türkmenlerinden bolan bir türkdi. Ol hemişe şol ýerdäki daglardan Larynda kömür daşaýardy. Kömür satyp maşgalasyny dolandyrýardy we ekleýärdi. Baýçuý noýan ikinji gezek ýöriş edende, pitne, we bulagaýlyk we pytraňňylyk bolan wagtynda bulagaýçylaryň we bozgaklaryň adalatlaryna laýyklykda, ol hem pürsady ganymat bilip, ol daglardan gyzyl börükli we çarykly türkleri ýygnady. Ýol urmaklyga we galtamanlyga meşgul boldy. Merhum we ýurdundan aýra düşen Soltan Yzzeddin Keýkowus (Allatagala ahyretde onuň işini oňuna etsin!) bialaç öz ýurdundan çykyp gitmäge mejbur bolanda, Soltan Rukneddin Gylyç Arslan (Alla oňa ýalkaw donuny geýdirsin!) Rum ülkelerini tutuşllygyna öz ygtyýaryna girizdi we Garamany öz ýanyna çagyryp, «Batyr ýigitmişdiň sen. Ýaman at bilen nan iýmek saňa haýpdyr: Gel bäri, saňa oňat mülkler bereýin» diýip, hyzmatyna getirdi. Oňa beglik dereje we mülkler berdi. Garaman we onuň nökerleri ýoksullykdan dynyp, at-abraýa eýe boldular. Olar janly we jansyz baýlykdan köp baýlyk edindiler. Bolçulyk sebäpli Garaman we gardaşy Bögsüziň pälleri azdy. Olar gozgalaň we bolgusyzlyk etmäge meýil edip başladylar. Ýöne daşyndan patyşa tabynlyk görkezseler-de, heran haçan Kamareddin iline baryp, ýerlerinde duran wagtlarynda, «hünär ýatdan çykmaz» diýen söze eýerip, öňki gylyklaryna başlap, ýolkesenlere we haramylara goşulýardylar. Soltan Rukneddin bu ýagdaýa örän

gazaplanýardy we olary syýasata ýetirmek (öldürmek) isleýärdi. Ýöne Garaman, Ermeni welaýatlarynda bolýardy.

Bögsüz Soltanyň huzuryndady. Soltan: «Garaman topalaň turuzar öýdüp, üýşenip, Bögsüze hiç zat diýip bilmezdi. Haçanda, Garaman bir uly kerweni talap uly günä iş edip, gorkudan ýaňa öz mülküne gelmän, tokaýda gezip ýörkä, oňa garşy goşun iberdiler. Mongollar we musulmanlar baryp, ol tokaýy gurşadylar we ahyrda ony otladylar. Ol tokaýyň içinde ýandy.

Bögsüz gapyçybaşydy. Ol habar gelende, Soltanyň buýrugy bilen Bögsüzi tutdular hem-de tussag etdiler. Garamanyň ýaş oglanjyklaryny Konýa sebitindäki Gäwüle galasyna iberdiler. Soltan ölenden soň, Garamanyň oglanjyklaryny nobat bilen galalarda saklaýardylar. Soltan Gyýaseddin çagaka we höküm Perwananyň elindekä, Şerep olary diledi we olary tussagdan çykaryp goýberdiler. Olar ýene Ermenek daglaryna gitdiler. Ol ýylan çagalary hem atalary ýaly ýene-de haramylyga we urgunçylyga başladylar. Haçanda, Şerebiň pitne turuzup, Fundukdarda meýil kyldygyny eşidenlerinde, onuň huzuryna bardylar. Ol haýyrsyz nadan Şerep Ermenistanyň goşunbaşylygyny Kazy Hotan ogly Bedreddinden alyp olara berdi. Ol taýpa: «Elbetde, biz ata-babalarymyzy bir din-ylym üstünde tapdyk we elbetde, biz hem olaryň yzyna düşeris»[1] diýen aýata laýyklykda, dürli-dürli pitneler turuzdylar. Haçanda, pis Şerebi Geduk şäherinde heläk edenlerinde, we ýurtda onuň yzyna eýerijileriň hem ýaranlarynyň turuzýan pitneleri, topalaňlary kesilende, Perwana bir bölek goşuny köp ýarag we esbap bilen Garaman oglanlaryny tutmak üçin Ermenistana iberdi. Ermenistanyň daglarynyň we geçelgeleriniň uçut bolanlygy sebäpli, ol

[1] Gurhanyň 43-nji süresiniň 23-nji aýaty.

goşunyň bitiren goşy bolman, ýeňlişe sezewar boldy. Esgerleriň köpüsi ýesir edildiler.

Topalaňçylar olaryň ýarag we atlaryny almak bilen, has-da kuwwatlandylar. Haçanda, Fundukdar uly goşuna eýe bolanda, ol habar Garaman oglanlaryny dep etmek üçin Larynda baran Konýanyň merhum we şehit naýyby Emineddin Mikaýylyň we Sahyp Fahreddiniň oglanlarynyň gulagyna ýetende, olar ätiýaçlyk üçin Konýa bardylar. Soltan Gyýaseddin Keýhysrow we Sahyp Fahreddin beýik Ilhanyň hyzmatynda Töwrize barypdylar. Olaryň ahwaly we işleriniň hakykaty mälim däldi. Şol sebäpli, Sahybyň oglanlary Konýadan atalarynyň mülki bolan Garahysara gitdiler. Naýyp Emineddin Mikaýyl we kenarýaka etraplaryň häkimi Bahaeddin Muhammet ikisi-de Perwananyň terbiýelän kişilerindendir we onuň elinde önüp-ösüpdiler. Olar akyl, parasat we paýhas bilen bezendiler. Garaman ogullary we Ermenek türkleri Sahyp oglanlarynyň Garahysara gidendiklerini eşidenlerinde, Konýa şäheriniň goşundan boşap galandygyny duýdular we öz işleriniň rowaçlygy üçin Ermenekden we Warsakdan türkleri urguna (talaňçylyga) we gazanja (olja) çagyrdylar. Garamanyň uly ogly Muhammet şol türkmenleriň serkerdesidi. Bir gün nökerleri we adamlary bilen otyrka, ol ýagşy niýet-arzuw bilen: «Fundukdar tarapyndan sebäpli maksadymyz hasyl bolmady. Eger biziň elimize Seljuk aslyndan bir oglan düşse-di, bu pany dünýäde maksadymyz hasyl bolardy. Eger Stambula fasylýusyň gaşyna adam ibersek we oňa dostluk we muhabbet görkezip, Soltany Yzzeddiniň onuň ýanynda biçäre bolup galan oglanlaryndan birini dilesek, ol biziň dilegimizi kabul edip, ony bize beräýse, hökman biziň işimiz şowly bolup, belentlik we beýiklik öwjünde pelekleriň çür depesinden we asmanlaryň çür başlaryndan geçjekdigi anykdyr – diýdi.

Ol döwürde bir ýalançy (jümri) şahs türk boýlarynyň arasynda gezip, ýalandan özüni «Soltan Yzzeddiniň ogullygy» ady bilen tanadýardy.

Garaman oglunyň bu sözi aýdan güni ol ýerdäki kişilerden ol jümrini (ýalançyny) bilýän bir kişi onuň ýoldan geçip barýandygyny görende oňa:

– Gel seni Garaman oglunyň gaşyna elteýin. Ol seni soltan ediner – diýip, elinden tutup, ony Garaman ogly Muhammet begiň gaşyna eltdi. Soňra:

– Şu ýigit Soltan Yzzeddiniň ogludyr. Muňa Sagdak tarapyndan gaçyp gelen Pany atly ýazyjy takyklyk (şaýatlyk) berdi. Bu melik (şazada) Soltan Gyýaseddiniň ogludyr. Ady we lakamy Gyýaseddin Syýawuşdyr. Men muňa ýazuw hem öwredendirin. Ýazuwda meniň şägirdimdir – diýdi.

Betbagt Takydan bu şaýatlygy eşidenlerinde, olaryň bu düzmäniň (galp kişiniň) dawasynyň dogrudygyna ynamlary berkedi. Onsoň Seljuk neslini islemeklik maksatlarynyň hasyl bolandyklaryny görüp, derrew agzybirlik bilen jemlenip, ony soltan edinip, onuň kirli we köne kaftanlaryny (oýluklaryny) çykaryp zyňdylar hem-de atlasdyr ýüpek geýdirdiler. Başyna nowruzy täç urdular we gol gowşuryp, garşysynda durdular. Ertesi gyzyl börükli, çarykly we gara kilimli türkmenler bilen Konýa tarapa ugradylar. Filubat obasyna (düzlügine) ýetenlerinde, ol ýerde gondular we Naýyp Emineddin Mikaýyla adam gönderip:

– Soltan Yzzeddiniň ogly biziň bilendir, onuň aslynyň (gelip çykyşynyň) dürslügine eý (ýagşy) musulman kişiler takyklyk berdiler (şaýatlyk edýärdiler). Seniň tiz gelmegiň we onuň elini öpmek hormatyna mynasyp bolmagyň gerekdir. Eger bu babatda sende şek-şübhe bar bolsa, onda bu nesilşalygyň ynamdar we hyzmatkär kişilerinden birini göndererersiň. Goý, gelip bu meligi eger, hakykatdan hem Soltan Yzzeddiniň ogludygyny tanasa, onda bize we size onuň emrine

boýun egmekden gaýry çäre ýokdur. Eger ýalan sözläýse (sözleýän bolsa), kowup ilden çykararys – diýip habar berdiler.

Çaparlar bardylar, geldiler. Naýyp olara üns bermedi, tersine, olary öldürmäge rugsat berdi. Şeýlelik bilen Garaman oglanlary naýybyň inkär edendigini we boýun egmezlikde berk durandygyny görüp, köp sanly atly we pyýada goşun bilen şähere çozdular. Naýyp Emineddin hem şäherde goşun bilen düzmäniň (ýalan soltanyň) we Muhammet begiň garşysyna çykdy. Baş göterenleriň garşysynda (öňünde) tap getirip bilmän ýeňlip, başly-barat bolup gaçdylar. Käbirleri şähere girip, käbirleri şäherden daşa gaçyp gitdiler. Türkmenler hendegiň gyrasyna gelip ýetdiler we at bazary tarapyndaky Çaşnygir derwezesine odun üýşürdiler. Bir bölek ýaranlary we gardaşlary odun çöp-çalam we ot bilen olara ýardam berdiler hem-de derwezäniň ýanynda goýdular we otladylar. Sähel salymyň içinde şäheriň derwezesi ýandy we demirleri dökülip, dagap gitdi. Türkmenler şähere döküldiler. Bu ýagdaýdan naýyby ägä edenlerinde, ol bu wakanyň öňüni almak we dep etmek üçin dessine atlandy. Derwezaniň öňüne ýeteninde, gapynyň eýýäm ýanylandygyny we iş-işden geçendigini görüp, gaçmagy dogry tapdy. Sellesini eňeginiň aşagyndan aýlap sarap, çar tarapa atyny segredip başlady. Onsoň «türkmenler meni bilmesin, [olar ahyry] dolanyp gaýdar» diýip, at segredýärdi. Öz saraýynyň gapysyna ýetende, dessine atyndan inip öýüne girdi. Bir kiçijik gapyjyk bardy, ondan çykyp öz adamlarynyň biriniň öýünde gizlendi. Ol betkär türkmenler çekirtge kibi şäheriň içine ýaýradylar. Kerwensaraýlardaky her diýardan gelen bezirgenleriň hüjreleriniň we hazynalarynyň, begleriň, ulularyň we ygtybarly kişileriň genji-hazynalarynyň we öý-saraýlarynyň gapylaryny çomak (çokmak) we gürzi bilen uşatdylar. Şeýle bir köp mukdarda nepis altynlar, pullar we dürdür-jöwherler aldylar welin, hetdi-hasaby we sany-sajagy hasaba gelmezdi. Gyzyl börükli wagty görkli erkin

türkler, Müsürde dokalan ýüpek matadan edilen, zer bilen bezelen nepis parçalary we nepis ýüpek selleleri başlaryna oradylar. Käbirleri çarykly, käbirleri aýak ýalaňaç begleriň, ulularyň we hojalaryň saraýlaryna girip, olaryň gün görmez bikelerine el uzatdylar. Garaňky gatlyşandan soňra, Filubada tarap çykyp gitdiler.

Ertesi düzmäni (ýalan soltany) şähere getirdiler. Döwlethanada soltanlaryň oturýan ýerine, tagta geçirdiler. Soňra türkler ýene-de urgun, çapgyn we talaň etmäge hem-de ezizleri zar-u zelil etmäge meşgul boldular. Erbetlikden, bozuklykdan we zyýan ýetirmekden hiç bir egsik-kemini goýmadylar.

Naýyp Emineddin şäherden daşary çykyp, Tokada tarap gitdi. Guýmaz kerwensaraýynyň töwereklerine baryp ýeteninde, Ermenegiň haramylaryndan bäş-alty türke sataşdy. Olar ony tutup, Garaman ogly Muhammet begiň ýanyna eltdiler. [Muhammet begiň] buýrugyna görä, «Gömülgi maly nirede bolsa görkezsin» diýip gynadylar. Gynaýarkalar balagynyň uçgurynda bir düwün gördüler. Ony çözen wagtlarynda içinden bir mumlanan kagyz tapdylar. Mumyny aýryp, kagyzy açdylar we okadylar. Bu onuň hazynasynyň we gömülgi baýlyklarynyň beýany eken. Dessine, ondan el çekip şähere at goýdular. Şol ýazgy esasynda her ýerden hazynasyny tapyp, çykaryp, gatyrlara we düýelere ýükläp Filubada eltdiler. Emläginden we baýlygyndan hiç zat goýman ähli baýlygyny alanlaryndan soň Naýyp Emineddin Mikaýyly we Bahaeddin Muhammedi öldürdiler we şehitlik derejesine ýetirdiler. Wessalam.

## NAÝYP EMINEDDIN MIKAÝYL ŞEHIDIŇ (ALLATAGALA OŇA REHMET ETSIN) KÄBIR ÝÖRGÜNLI ÝÖRELGELERINIŇ BEÝANY

Uly emir we beýikligiň beýigi begler begi Emineddin Mikaýyl asly rumly gul hem bolsa, dini gowy bilýän musulmandy. Ol yslamyň beýik atly alymy Sagdeddin Abu Bekr  Mustewfi Erdebilliniň (Oňa Allanyň rehmeti bolsun!) gullaryndady. Hasap ylmynda Şyh Abu Aly Ibn Sinanyň «Kanunyna» laýyklykda gysga [ýazylyş] alamatlaryny[1] Rum ülkelerinde şol döredipdi. Bu bolsa döwlet hasapçylarynyň işlerini aňsatlaşdyrdy we olary hasap işindäki kynçylyklardan halas etdi. Şeýdip öz başarjaňlygy, güýç-kuwwaty we parasady bilen özüni aýak astyndaky pes derejeden, ýokary derejä ýetirdi. Berk dindarlygy we göni galamy (hasaby) üçin Soltan ony uly wezipä ýerleşdirdi. Fykhdan, hadysdan, hikmetden paýyny alypdy. Özüniň pişesi-käri bolan hasap ugruny we onuň dürli kadalaryny bilmekde zamanasynyň ýeke-tägidi. Ol hemişe öz eziz ömrüni ynsançylyk kämilliklerine ýetmäge we bakylyk hormatyny galdyrmaga sarp edýärdi.

Ol köp wagtlarda ýalňyzlykda we halkyň öňünde manylaryň we beýan etmäniň soltany, zamananyň pägi we päkizesi Awhadylmille Weddin Muhammet Enweriniň sözleri bilen nesihat edip mysallar getirerdi we köplenç şu beýtleri okardy. Ol beýtleriň türkmençe manysy şeýledir.

[1] Abu Aly ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» kitabynda köp zatlaryň ady köplenç gysgaldylan görnüşinde berlipdir. Emineddin Mikaýyl hem Rum ülkesinde hasapçylykda köp belgili sanlary, göterimi, ondan bir, ýüzden bir düşünjesindäki belgileri gysga ýazylýan alamatlar bilen çalşypdyr. Meselem «6» alamaty «100» diýmegi aňladypdyr.

## Beýt

Bar ululygy hünärden iste,
Mal ile degül sübäty[1] anyň.

Çoh eýlemegil hyýaly dunan[2],
Bulmaga dunanyny jahanyň.

Hut ryzkyňy kylmaz sen efzun[3],
Ola diýe, gerçi[4] bar gümanyň.

Şugul[5] etme teni, ki ten degül sen,
Ynjytma menim[6] diýip rowanyň[7].

Ger ylymle jan tarakky[8],
Ýüz göstere jaýy jawdanyň[9].

Wer[10] jählle[11] ola sen ne hasyl,
Dirilikden elini ýuwa janyň.

Eşit sözümi özüň üçin kyl,
Terkini bu dereki[1] yşwa hanyň[2].

---

[1] Sübät – köne usulda hasap sanlarynyň ýazylyş sungatynyň biri bolup, köp belgili sanlara, göterilme we ondan bir, ýüzden bir düşünjesindäki belgilere derek haýsydyr bir alamatlar goýlupdyr. Meselem: «6» alamaty 100-i aňladypdyr.

[2] Dunan – pesler, aýak astylar; biçäreler.

[3] Efzun – artma, köpelme.

[4] Gerçi – eger-de.

[5] Şugul – iş, kär.

[6] Menim – meniňki, özümiňki.

[7] Rowan – ruh; jan.

[8] Taraky – ösüş, ösme, kämilleşme.

[9] Jawydan – baky, hemişelik.

[10] Wer – we, eger, eger-de.

[11] Jähl – nadan.

Pikir ajaly[3] ile iýmek-içmek,
Ölerse öler etüňle ganyň.

Onuň sabyrlylygy, mylaýymlygy, salyhatlylygy we agraslygy dag ýaly berkdi, pikir-niýeti we hereketi pelek mysaly bikarardy (hereketdedi). Wepaly we oňşukly kişilere sahawaty we serpaýy buludyň ýagyş damjalary kibi kesilmezden dökülerdi. Batyrlykda gaýduwsyzlykda we merdanalykda soňky çäkdedi. Ähli ýaraglary oýnatmakda, ýaraglary ulanmakda ussatdy. Hemişe tefsir, hadys we beýleki dini ylymlary üznüksiz okardy. Oňa sogap lybasyny geýdirsin we ony hem-de bizi hasap (kyýamat) gününde üstün çykanlardan etsin.

## JÜMRINIŇ SOLTANLYGYNYŇ WE ŞOL DÖWÜRDÄKI GARAMANYŇ OGLY MUHAMMET BEGIŇ WEZIRLIGINIŇ BEÝANY

Ermenek türkleri naýyp Emineddini we Bahaeddini öldürlmek işlerinden dynandan soňra şähere geldiler we şäheriň ähli ulularyna we ygtybarlylaryna: «Jümriniň Soltanlygyna boýun bolmaga ant içiň» diýip buýurdylar. Şäher halky janlaryndan gorkusyna ant içdiler. Olar bu maksatlaryny hasyl edenlerinden soňra soltanlaryň mazarystanlygynda duran beýik Soltan Alaeddin Keýkubadyň çadyryny we baýdagyny gala ilatyndan teperrik üçin haýyş edip dilediler. Gala halky heniz bular bilen doly ýaran bolmandygy sebäpli, olaryň şerlerini dep etmek we ezýetlerini ýok etmek üçin [ylalaşyp], olaryň dileglerini kabul etdiler we çadyry we tugy galadan

---

[1] Derek – 1) peslik; düýp; 2) jähennem.

[2] Yşwa han – näz-kereşme edýän, sallanjyrap çagyrýar.

[3] Ajal – 1) wagt, pursat; 2) ölüm.

aşaga inderdiler. Ertesi dabara gurup, doly şagalaň bilen bölüm başlaryny, çowgançylary, çawuşlary, ýaragdarlary we eşikçileri atlandyrdylar we şaheriň daş-töwereginde gezdirip, seýran etdiler. Gezelençden gelip diwan gurdular. Onsoň çar tarapa höküm we hat gönderip halky Jümriniň tabynlygyna çagyrdylar. Soňra buýruk bilen karar edip, şähere jar çekdirip:

«Şundan beýläk hiç kim gapyda, diwanda, mejlislerde we seýranda (gezelençde) türki dilinden başga dilde sözlemesinler» diýip, gygyrtdylar. Bir näçe gün olaryň işi şu ýörelge esasynda ýola düşdi. Garamanyň ogly Muhammet beg wezir boldy. Iş kagyzlaryny türkçe ýazmaklaryny buýurdy. Ol wagtlarda türki ýazuw binýat bolmandy (esaslanmady). Her ýazyjy öz zehinine görä bir hili ýazuw kadasy bilen iş kagyzlaryny we beýleki beýanlary ýazýardy.[1] Jümle düzýän wagtlarynda türki diliniň düzgün-tertibi (kadasy) we alamatlary ýok bolandygy üçin[2] näçe tagalla etseler-de jümle [manysyny] çykaryp bilmediler. Onsoň bialaç ýene-de «parsça beýan bilen arap hatynda ýazyň» diýip buýurdy. Her tarapdan halk sowgatlardyr peşgeşler bilen geldiler. Olaryň duşmançylygydyr gapma-garşylygyna rowaçlyk peýda boldy. Çarykly wagty görkli türkler atlaslar, üýtgeşik zatlar we bulgary ädikler geýdiler. Soltanlyk derejelerini-perwanalygy, naýyplygy, müstewfiligi, tugralyk wezipesini, hazynadarlygy we goşun gözegçiligini (Emir arz) her bir pes we näkes adamlara

[1] Resmi iş kagyzlarynyň, namalaryň we beýleki hatlaryň pars dilinde nusgalyk edilen bir görnüşi bolup, ýazgylar esasan şol galybyň içinde we bir usulda (stilde) ýazylypdyr. Şol wagt türki dilinde şol galyp bolmandan soň, her kim bir görnüşde ýazypdyr. Bu-da talaby ödemändir.

[2] Bu ýerde «Şol döwürde arap harplaryny ulanyp ýazmakda türki dilleriň ýazuw kadasy düzülmändir (bolmandyr), şeýle-de arap harplary (alamatlary) türki dillerindäki ähli sesleri berip bilmändir, çekimli sesleri inçelik, ýogynlyk, uzynlyk we gysgalyk taýyndan talaby ödäp bilmändir. Şeýlelikde, arap hatynda türki dilinde ýazmagyň kadasy düzülmänsoň, olar ilki başda türki dilinde resminamalary dolduryp we resmi hatlary ýazyp bilmändirler» diýiljek bolýar. Emma bu ýalňyş pikirdir. Sebäbi diňe «Lugat-it-Türk» eseriniň özi hem bu pikiriň ýalňyşdygyny subut edýär.

berdiler. Gala halky bilen garşylyk görkezendikleriniň jerimesi üçin 40 müň akjany (puly) töleg hökmünde bermek we Jümri şähere girip Seljuk soltanlarynyň tagtyna müner ýaly derwezäni açmak şerti bilen ýaraşyk baglaşdylar. Galanyň ilaty gabawdan bizar (ejiz) bolupdylar. Onsoň bu söze we karara razy boldular. Maly (baýlygy) tölediler. Onsoň bular hem «amanlyk» namasyny ýazyp berdiler. Gala halky gapyny açdy. Jümri penşenbe güni (sogapgün) 676-njy ýylyň zülhijje (gurban) aýynyň 10-njy güni gala girdi we Soltanlyk tagtyna geçdi. Geçen Soltanlaryň däbi boýunça anna güni (annagün) jemgyýet edip, mejlis gurdular. Ymamlary, kazylary, alymlary we karylary häzir etdiler. Dürli nygmatly saçaklar we supralar ýaýdylar. Mejlis dabarasy tamamlanandan soňra, juma metjidine bardylar we Jümriniň, ýalan Soltanyň adyna hutba okadyp, akja (pul) kesdiler (zikge kakdyrdylar). Ondan soňra Jümri her gün ýaşyl köşge çykyp gözeller bilen aýşy-ýeşrete, lezzete, rahatlyga meşgul bolýardy. Gije döwlethana (soltanlyk köşgi) baryp ýatýardy.

Muhammet beg onuň (Jümri) üçin soltan Rukneddiniň gyzyny onuň enesi Gazalyýe hatyndan diledi. Gazaly hatyn muňa onuň bukjasyny hülledir lybasdan soltanlaryň gyzyna laýyk şekilde düzeder ýaly dört aý wagt bermek şerti bilen razy boldy. Soň enesine şonça wagt berdiler.

Soňra olar Konýadan çykyp, köp sanly atly we pyýada goşun bilen Akşähere ugradylar we sahawatlylygyň gaýmagy hem-de jomartlygyň özeni bolan Sahyp Agzam Fahreddin Alynyň oglanlarynyň söweşine ýüzlendiler.

## JÜMRINIŇ WE GARAMAN OGLUNYŇ SAHYP FAHREDDINIŇ OGULLARY BILEN EDEN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Sahyp Fahreddiniň ogullary Hasan we Hüseýn (Allatagala olara rehmet etsin!) «Jümri Konýany aldy we Emineddin Mikaýyly we Behaeddin Muhammedi şehitlik derejesine ýetirdiler. Şäheri talap we çapawullap, ula-kiçä, alymdyr garamaýaga aman bermän, olara hiç-hili hormat etmediler» diýip eşitdiler. Özlerine degişli goşunlary Garahysar we Kütähiýe sebitlerinden topladylar. Germeýan türklerine hem elli müň akja (pul) üleşdiler hem-de özlerine goşun we ýoldaş edindiler. Onsoň Garahysardan göçüp Çaýa bardylar. Ol ýerde: «Jümri we Muhammet beg köp sanly atly we pyýada goşun bilen çykyp Akşähere ýönelipdir» diýip eşitdiler. Onsoň Çaýdan gyssanmaçlyk bilen ikindi wagtynda Akşähere gelip ýetdiler hem-de Goz agajy[1] diýen ýerde Jümriniň garşysyna çykdylar. Gozgalaňçylar Altyndaş köýünde (obasynda) düşläpdiler. Olar: «Sahyp Fahreddiniň oglanlarynyň goşuny gelip ýetdi» diýip eşitdiler. Onsoň hemmesi ýaraglanyp atlandylar we pyýada goşunlaryny öňlerine salyp sürdüler. Olara suw böwet boldy. Muhammet beg suwdan geçip Sahybyň oglanlary bilen söweşmek isledi. Türklerden bir kişi Muhammet begiň jylawundan ýapyşyp, oňa garşy boldy. Muhammet beg esgerleri bilen ol suwuň kenarynda sap çekip garaşdy, Sahybyň ogly Hasan olara ýakyn bardy. Ol özüniň batyrlygyna we edermenligine buýsanýardy (gomparýardy). Soňra ol Muhammet bege naýza bilen hüjüm etdi. Suwuň içine girdi. Muhammet beg hem suwuň içinde naýza bilen oňa barabar boldy. Ikisiniň arasynda uly söweş we çaknyşyk boldy. Ahyry Sahybyň ogly Hasanyň aty büdredi, atdan suwa

---

[1] Akşäheriň ýakynlarynda ýerleşýän bir obanyň ady. Bu hoz agajy diýmekdir.

ýykyldy. Türkmenler onuň näzenin başyny teninden jyda kyldylar.

Sahybyň ogly Hasan bilen bile gelen we hemişe onuň merhemetiniň we mähremliginiň saýasynda şat we rahat durmuş süren ol goşundan şu halatda hiç-kim oňa kömege barmady. Diňe köşk hyzmatkärlerinden hyzmatçy kişi kömek etmäge synanyşdy. Ony hem öldürdiler. Hemişe bimany (dereksiz) görnüşde bolan we hiç bir zamana maslahat hormaty üçinem, gerekli bolmadyk Germiýan türkleri ýüz dönderdiler. Galan goşuny hem olary görüp syndylar we gaçyp dargadylar. Ol syngyndan (ýeňlişden) topalaňçylaryň ellerine köp mal we esbap düşdi. Merhum Sagdeddin Hoja Ýunus Garahysar we Kütähiýe etraplarynyň ýazyjysydy we girdejileriniň hasabyny alýançysydy. Ol bu syngyndan (ýeňlişden) gaçyp, Siwerihysar [galasyna] bardy. Siwerihysaryň halky ony tutup Jümrä we Muhammet bege berdiler. Olar oňa hoşamaýlyklar etdiler we onuň bilen: «Ýüz kyrk müň akja (pul) berseň seni goýbereris. Ondan soňra yhlas bilen hyzmata gelersiň» diýip, äht we karar etdiler. Ol hem bu sözdür karara razy bolup, adamlaryny şol maly (puly) getirmäge gönderdi. Emma ol iki biwepa Jümri we Muhammet beg ol ähti-peýmandan döndiler we Hoja Ýunusy şehit etdiler. Soňra gabaw etmek niýeti bilen Garahysara ýola düşdüler. Olar galany birnäçe wagt gabadylar. Emma almaklyga ejiz geldiler. Onsoň ol ýerden galkyp, Konýa tarapa ýola düşdüler. Il arasyna bolsa Jümri mongol esgerleriniň garşysyna Arzuruma ýüzlendi» diýip, çaw (myş-myş) ýaýratdylar. Göç edip gitdiler we baryp, Filubata obasynda gondular. Jümri we Muhammet beg gündüz şäherde bolardylar, agşamyna bolsa, şäherden çykyp, Filubat obasyna orda (goşun) içine barardylar.

Birden şeýle ýagdaýda «Soltan Gyýaseddin Keýhysrow we Sahyp Fahreddin Aly ikisi Jahan şazadasy Abaka hanyň ogly Argun hanyň hyzmatynda bilelikde gelýärler» diýen habar

gelip gowuşdy. Bu habardan simap kibi sandyrap başladylar. Emma bu habary gizlediler. Akşäher, Konýa we galan sebitlerdäki eden çapawullyklaryndan ellerine düşen ähli zady bir ýere toplap, gatyrdyr düýelere ýükläp Filubada iberdiler. Özleri hem şoň baýlyklaryň yzyndan şäherden çykdylar. Eger Konýa halky Soltanyň we hanyň oglynyň gelendigini eşiden bolsadylar, onda topalaňçylardan bir adam hem şäherden çykyp gutulmazdy. Şäherden syçrap çykanlaryndan soň, gije ertire çenli ýol ýörediler. Ertesi Konýadan atly ýöräniňde, iki menzil ýol bolan Surkuna baryp ýetdiler.

Sahyp hem jahan şazadasy Argun hanyň hyzmatynda Kaýsaryýa gelip gondylar. Jansyzlar: «Topalaňçylar Konýadan çykyp gitdiler» diýip habar getirdiler. Mongol goşuny olaryň yzlaryndan ylgar etdiler. Gozgalaňçylar Gaýlak we Jandar atly iki sany adama Akşäheriň we Abygermiň (gyzgyn suw) goşunbaşylygy wezipesini beripdiler. [Mongol goşuny olaryň ýanyna] gelip ýetdiler. Olar köp sanly mal-garalary we aýal, oglan-uşaklary bilen bilediler. Özlerini (ikisini) öldürip, aýal, oglan-uşaklaryny ýesir etdiler we alyp Argun hanyň ýanyna bardylar.

Gozgalaňçylar: «Mongol leşgerleri ýakyn gelip ýetmändiler» anyklanlaryndan soň, yzlaryna dönüp Konýa geldiler. Konýa halky hem Soltanyň we hanyň Kaýsaryýa gelendigini anyk bilenlerinden soň, gapylaryň köprülerini harap etdiler we gapylary içinden urdylar. Diňe Ahmedek derwezesini açyk goýdular. Baýçuý Noýonyň ýykdyran diwarlaryny we küňlelerini dikeltdiler (bejerdiler). Manjanyklar, daş zyňyjy ýaraglar (arradalar) dikdiler. Gabawa hem-de goranmaga taýýar bolup durdular.

Jümri we Muhammet beg Garamany Argun hanyň we Soltanyň gelendigini takyk bilensoňlar ýene-de söweş ýaragyny tutup, köp leşger bilen Konýanyň üstüne geldiler.

Şähere adam iberdiler we: «Şäher gapylaryny açsynlar. Goşun içeri girip, satuw bazar etsin» diýdiler.

Emma jahan ýygnanyşyklarynda we durmuş sähralarynda ilkinji alymlardan we dana bilimdarlardan ykrar edileni we öňe saýlanany bolup, ähli ylym sungatlarynda, aýratynam din we şerigat usullarynda, mantykda (logika) we şerigata garşy gelýän zatlarda (hylaf) gürrüňsiz döwrüň geň-taňy we asyrlaryň seýregi bolan, ýygyndylaryndan we eserlerinden häzire bu güne çenli ylym talyplary, ulular, bilimdarlar we ukyply kişiler peýdalanýan, alymlaryň soltany, bilimdarlaryň şasy, yslamyň we musulmanlaryň delili, soltanlaryň we hökümdarlaryň atasy kazylar kazysy Möwlana Syrajeddin el-Ermewi (Allatagala oňa rehmet etsin!) Şäheriň halkyna: «Ýagylary dep etmäge meşgul boluň!» diýip, buýruk berdi we ol babatda pitwa berdi. Özi hem galanyň üstüne çykyp, duşmanlara ok atdy. Bu habar permany beýik, belent hökümdar Sahybyň gulagyna ýetende ýer ýuzüniň patyşasy jahanyň Ilhany, Abaka hanyň hyzmatyna adamlar gönderip, Gazy Möwlana Syrajeddinden minnetdarlyk [hatyny] ýazdy. Onsoň Ilhandan Möwlana Syrajeddiniň adyna gymmatly halatlar bilen Rumuň kazy esgerligine[1] [bellenenligi baradaky] höküm gelip ýetdi.

Konýa ululary ýagdaýy beýle görenlerinde, gozgalaňçylar bilen jeň we söweş etmekde hiç hili keltelik etmediler. Topalaňçylar bu kineden we duşmançylykdan ýaňa näumyt bolup, paltalary bilen Konýanyň baglaryny we agaçlaryny çapdylar. Baglaryň içindäki köşklere, belent öýlere we seýilgählere ot berdiler. Mümkin boldugyndan ellerinden gelen pyssy-pyjurlyklary we harapçylygy etdiler. Gabamakdan matlaplaryny hasyl etmekden ejiz gelenlerinden soňra, olar dönüp ýene-de Ermenistan welaýatyna ýola düşdüler.

[1] Harby kazylyk.

Kyssanyň soňy we wakanyň ahyry mundan soň, öz ýerinde arz (beýan) ediler. Enşaallatagala.

## PERMANY SAHAWATLY, ÄLEMDÄKI WEZIRLERIŇ SOLTANY, DÜNÝÄNIŇ, DÖWLETIŇ WE DINIŇ GÜNI, DIWAN EÝESI YNANÇ ULUG GUTLUGYŇ (ALLATAGALA ONUŇ ÝARDAMÇYLARYNA KUWWAT BERSIN!) MÜBÄREK GADAMLARY BILEN RUM ÜLKELERINIŇ HORMATLANMAGYNYŇ SEBÄBINIŇ BEÝANY

Rum ýurtlarynda bulam-bujarlyklardan we topalaňçylaryň yzygiderli hüjüminden pitne uçgunlarynyň alawy we mähnet jan howlunyň sandyramalary gün-günden zyýada bolýardy. Hemişe rahatlyk we asudalyk içinde ýagşy gün-güzeran geçirýän bu yklymyň ýaşaýjylarynyň ahwallary, delilsizleriň işi kimin bulam-bujar we dilberleriň zülpi kibi perişan bolup galypdy. Welaýatyň raýatlarynyň ejizleri topalaňçylaryň we zalymlaryň mekirlik şerinden watanlaryndan awara bolupdylar. Her topalaňçy, haramy gozgalaňçy we bozgak dagda we jeňňelde bir gyrany-çüňki ygtyýar edip, çozup il we welaýaty haraplaýardylar. Zalymlar obalara mal (salgyt) salyp, ejize-güýçlä (garyba-baýa) azar berýärdiler. Şäherlileriň, ekerançylaryň we misginleriň hal-ahwaly biçärelikde hetden geçip, pyçak [etden ötüp] süňke ýetensoň, bialaç çäksiz perişanlykdan nalyş we pygan bilen Belent Taňrynyň beýik dergähine el göterip, doga kyldylar. Doga-dilegleri Haktagalanyň dergähinde kabul boldy. Habarçylar bu ülkäniň ahwalyny Ilhan Abaka hanyň huzuryna arz etdiler. Onsoň ol beýik hökümdar, zamananyň Asyfy[1] döwrüniň afzaly bolan

[1] Süleýmanyň weziri.

Sahyp Diwany raýata göwünlik bermek, welaýaty ymarat etmek, ülkeleri gysymyna gysmak, işlere gözegçilik etmek we duşmanlara gazaply daramak üçin Ruma gönderdi. Ol böwsüji tatar leşgeri bilen gelip Ruma ýetişende, Laryndadan[1] tä Magryp (Günbatar) deňziniň kenaryna çenli Ermenistan welaýatlaryny taladylar we çapawulladylar. Ermenekden köp adam gyryp, köp ýesir aldylar. Ol saparda tatar goşuny köp sanly baýlyk, süri we ulag oljaladylar.

Gyş ýetip, dagy we dag derbentlerini gar tutansoň, sansyz olja bilen dolandylar. Göhürge Aga bilen belent Diwan Sahyby gyşlamaga Gaz oba ýöriş etdiler. Soltan Gyýaseddin Keýhysrow we Sahyp Fahreddin Konýa tarapa ugradylar. Onsoň Garaman ogullarynyň [garşysyna] söweş we döwüş ýaragyny tertibe salmaga meşgul boldular. Toparlanyşyk esbaby, köne goşundan hakyna tutma goşundan we Konýa şäheriniň ýigitlerinden we pyýadalaryndan jem bolansoň, Göhürge Aganyň, Sahyp Diwan Soltan Gyýaseddiniň we Sahyp Fahreddiniň hyzmatynda goýlan bir bölek mongol goşuny bilen ol ýardamsyzlary ýok etmäge ýöriş etdiler. Möwt obasyna ýetenlerinde, elli sany mongol we elli sany musulman öňden garawulçylyga gidipdiler. Jümri we Muhammet beg Göhürgäniň we Sahyp Diwanyň gaýdyp gelendikleriniň habaryny eşidenlerinde, gizlenen ýerlerinden çykdylar (peýda boldular). Ol ýurtlarda (ýerlerde) dil almak üçin ýörerdiler. Muhammet beg soltanyň we Sahybyň leşger bilen ýakyn gelendiklerini bilende, Jümrini il içine gönderdi. Özi iki gardaşy, doganoglany we batyrlyklaryna ynanýan kowumdaşlaryndan birküç adam bilen habary takyk bilip, ýene Jümriniň ýanyna barmak üçin, ol ýerde galdy. Muhammet beg goşunyň garasyny görmek üçin, bir beýik ýere çykdy.

---

[1] Türkiýede Konýanyň gündogarynda ýerleşýän häzirki Garaman şäheri.

Mongol goşunyndan bir bölek garawuly gördi. Naýza bilen üstlerine depdi. Mongollar Derbendiň dardygyny görüp, aşak indiler we olaryň üstüne ok ýagdyrdylar. Muhammet bege ok degip ýykyldy. Ony götermek üçin gardaşy onuň üstüne at segretdi. Oňa hem ok degdi. Bir gardaşy we gardaşynyň ogly hem at segretdiler. Olara hem ok degdi. Ählisi depäň üstüne ýykyldy. Galan goşunlary we gardaşlary ol haly görüp, ýeňilip gaçdylar. Başlaryny gutarmagy ganymat bildiler. Mongol we musulman goşuny ol ýykylanlaryň halyndan habardar däldiler. Olaryň ýarag-esbaplaryny almak üçin at segretdiler. Ol ýykylanlardan birisini göterdiler. Görseler Garamanyň uly ogly Muhammet beg we beýleki ikisi gardaşlary eken. Dördünjisi doganoglany eken. Olar örän begendiler. Olaryň başlaryny bedenlerinden jyda kyldylar. Derrew gyssanmaçlyk bilen olary Soltanyň we Sahybyň hyzmatyna gönderdiler. Ikindi wagtynda ol bozuklaryň başyny soltanyň çadyryna getirip, Sahybyň ýanyna eltdiler. Halaýyga ol ýagdaý mälim bolanda: «Geň zat, tiz we aňsatlyk bilen Jümriniň döwletiniň şöhlesi öçdi» diýip, haýran galdylar. Ertesi Garaman ogullarynyň we doganoglanlarynyň başlaryny ýuwdular we sakgallaryny daradylar. Onsoň [bozgaklaryň] olaryň arkasy bilen ýagy bolandygy üçin olary Ermenistan welaýatynyň şäherlerinde aýladylar. Onsoň olara Muhammet beg bedregiň[1] ýok bolandygy mälim boldy. Ondan soňra Soltan we Sahyp köp halaýyk we goşun bilen deňiz kenaryna çenli çapdylar. Gozgalaňçylardan kimi tapsalar, heläk etdiler. Köp baýlyklar we esbaplar bilen dönüp, Konýa ýöneldiler. Mongol goşuny Neşde ýolundan Gaz oba gyşlamaga bardylar. Soltan we Sahyp Konýa geldiler. Beýik şa we uly Sahyp Diwan Gaz oba gyşlagynda şunça durandarynda[2] ýurduň etraplaryna we

---

[1] Bedrek – bu söz «bet» (erbet) we «reg» (damar) sözleriniň birleşmesinden emele gelip, bet damar, asly haram, haramzada manylaryny berýär.

[2] Bu ýerde mongollar göz öňünde tutulýan bolsa gerek.

sebitlerine göwün awlaýjy hatlar, Kastamonyýa, Simere, Sinoba we Üç ok sebitlerine halat we baýlyklar ugratdy. Ýeňiji döwletiň ähli gozgalaňçylaryny we garşydaşlaryny gulluk we tabynlyk halkasyna saldy. Hemmesi hyzmatynda bäsdeşlik we gyssanmaçlyk edýärdiler. Höküm we permanyna boýun we tabyn boldular. Öňden gelen mongol begleriniň we wezirleriniň binýat eden täze – bedgat kadalaryny aýyrdy. Her kişä kuwwatyna we ýagdaýyna görä, ýylda berer ýaly belli bir mukdar salgyt belledi. Hiç bir adam ol kanunlaşdyrylan salgytdan gaýry hiç kimden güýç bilen hiç bir zat almazlygy üçin galan artykmaç borçlaryny üstlerinden aýyrdy. Halaýyk, beýik we pes ol kanun bilen dürli talaplardan gutuldylar. Gije-gündiz tüýs ýürekden ýeňiji döwletiň dogasyna meşgul boldular.

## ÄLEMDÄKILERIŇ HOJAÝYNY BEÝIK SAHYP DIWANYŇ ÝER ÝÜZÜNIŇ PATYŞASYNYŇ ULY ORDASYNA BENDELIGE DOLANYP GELMEGINIŇ WE JAHAN ŞAZADASY SAHYP DIWAN HERUNYŇ RUM ÝURDUNDA GALMAGYNYŇ BEÝANY

Beýik hökümdar we sahawatly belent permanly Şemseddin sahyp diwan Rum ýurdunyň möhüm işlerini düzdi. Girdeýji pullaryň az-u köpünden habarly bolup, kanuna laýyklykda, her taraplaýyn hasaba aldy. Ýüze çykan her bir ýetmezçiligi we zyýany dikeltdi. Enguryýa (Ankara) we ol tarapdaky türk beglerini we Zalyfere, Hunas we Ladyn türklerini, kenarýakada oturýan Simre, Sinop, Samsun we Bafyra türkleriniň ählisini özüne tabyn we boýun etdi. Sahyp Şemseddin öz eline geçen hasap depderleriniň we kagyzlarynyň we hazynanyň beýleki pullarynyň, hanyň ortalyk bezirgenleriniň maýa we girdejisinden soltanyň naýyplarynyň we wezirleriniň üstüne akyp duran baýlygynyň hasabyny aldy. Eger uzak wagt ol

baýlygyň talaby üçin uzak möhlet berlenliginde-de soltanyň wezirleri ol işi ýerine ýetirmekden ejiz we haýran ýagdaýda bolardylar. Ýurduň köp ýeri harap bolup, heläkçilige ýüz öwrerdi. Sahyp Şemseddin Ynanç akyly we parasady bilen hem han hazynasynyň baýlygynyň nogsan tapmazlygy üçin hem-de Seljuk nebereleri hakynda enaýat we yhsan gaýgyrylman, namyslarynyň goralmagy üçin şeýle bir iş etdi; Arzynjany, oňa degişli ýerleri we galalary, sebitleri bilen han üçin şerigat söwdasy bilen satyn aldy. Ol zamandan bäri Arzynjan, Arzurum, Kemah, Akşäher, Garahysar, Arzynjan[1] ajam yklymlaryna goşuldy. Şol sebäp bilen seljuk neberesine ol etaplarynyň kynçylyklarynyň ýükünden doly dynmak başartdy. Ähli  möhüm işlerden we beýleki wakalardan we hajatlardan erkinlik hasyl bolansoň, ol Soltan Gyýaseddin Keýhysrowy we Sahyp Fahreddini öz ýerinde giňişleýin beýan ediljek gozgalaňçy Jümriniň söweşine we ol pitnäniň şuglasyny öçürmäge iberipdi. Özi mübäreklik bilen Ilhanyň hyzmatyna ugrady. Tokat sebitinden Koýly Hysar ýolundan ýola girip, ogly Sahyp Diwan Hoja Horuny Göhürge aga bilen Rum ýurdunda hana degişli baýlyklary hasaba almak üçin goýdy. Ol hem dolandyran müddetine parasatlylyk we danalyk bilen galan uly we kiçi möhüm işleri tamamlady. Wessalam.

## BEÝIK SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROW IBN GYLYÇ ARSLANYŇ GOZGALAŇÇY JÜMRI BILEN SÖWEŞMEGINIŇ BEÝANY

Beýik Sahyp Diwany Ilhan hyzmatyna ugranda, Soltanyň naýyby, ýurduň häkimi we diwan kazysy, wezirler şasy, ýagşy gylyklaryň atasy, hakykatyň we diniň beýigi Mahmyt ibn Emir Hajyny Rum ýurtlarynyň ýagşy işleriniň çäresini Ilhan

[1] Asyl nusgada-da Arzynjan 2 gezek görkezilipdir.

hezretine arz etmek (ýetirmek) üçin özüne söhbetdeş edinip, bile äkitdi. Beýik Soltan Gyýaseddin Keýhysrowy we Sahyp Fahreddini Gaz oba sebitlerinden Enguryýa tarapyna iberipdi. Olar goşun jemlemek üçin çar tarapa çaparlar bilen hatlar gönderdiler. Onsoň Husameddin Welet Alyşir Kermiýany we merhum Perwananyň Toku, Aga we Wetdagun noýanyň söweşinden gaçyp, üçleriň arasynda ýören birküç sany nökeri we gullary «Lepbeýk» we «sagdeýk» diýip, Soltanyň hezreti hyzmatyna geldiler. Elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Birküç günden soňra Soltanyň goşunlary ýygnalyp, sanlary köpelip, uly leşger hasyl bolandan soň göçüp, Amuryýa sebitinde bolan Barjynluýa ýörüş etdiler. Ol ýerlerden bir menzil öňe gidip, «Edi Gapy» atly ýere ýetenlerinde, jansyzlar:

– Gozgalaňçy Jümri söweşiň başynda jemlän türk we arap goşunlary bilen gonupdyr. Emma Kermiýan goşunynyň öýleriniň, ogul-gyzlarynyň abadançylygy üçin dessur diläp (diläp alyp), dargandyklary sebäpli olaryň (kermiýanlylaryň) gelmegine garaşýarlar. Şeýle-de, müneçjimler oňa: «Bir hepdä çenli täleýiňde bir şumluk bardyr. Ondan soňra bagtyýarlyga ýetersiň» diýipdirler. Şonuň üçin hem hereket etmezler – diýen habary getirdiler. Soltana her diýardan birgiden goşun jemlenip, olar daşyndan özlerini soltan döwletiniň tarapdarlary edip görkezýän bolsalar-da, parasatlylaryň we danalaryň akyl delilleri we şaýatlaryň sözleri bilen olaryň gozgalaňçy Jümri tarapyna meýliniň bardygyny bilýärdiler. Käbirleri yhlaslylar we tarapdarlar ýörelgesinde bizi (biz matany) mäkäm bolar ýaly iki gezek tikýän tikinçi kibidi. Köpüsiniň bir dogany Jümri bilen we bir dogany Soltan bilen ýöreýärdiler. Şeýlelikde, Soltan we Sahyp Haktagalanyň ýardam we yhsanyna töwekgellik etdiler hem-de «Aslynda ýeňiş diňe Allanyň alnyndan gelýär»[1] aýatyny okap, goşuny bilen Melifdun tarapa

[1] Gurhanyň üçünji süresiniň 126-njy aýaty.

sürdüler. Sakaryýa suwunyň köprüsinden geçdiler. Goşunyň öňüne garawula giden ýolbaşçylary we serkerde begleri Jümriniň garawullaryndan üç-dört sany adam tutup, begler begi Taramtaýyň ýanyna getirdiler. Olary dälizine gönderdi welin, guma bulaşan durklaryny harap we heläk edip, ýokluk älemine goýberdiler. Goşunlardan her kim bir tarapa düşläpdi. Ýurt we welaýatyň türklerine öňürti emr we perman edilipdi. Permana görä, etraplaryň ýollaryny we gaçjak ýerlerini baglapdylar. Her boý bölek-bölek bolup, bir ýeri bekleýärdi. Eger bir howply ýagdaý Soltan döwletiň garşysyna ýüze çykaýsa, guş bolup uçsalar-da, uçmaklyga mümkinçilik bermeýärdiler. Birden penşenbe güni (sogapgün) 676-njy ýylyň muharram (aşyr) aýynyň 17-nji gününde[1] günortan wagtynda goşunyň arasyndaky çawuşlara höküm berlip, olar ordanyň (goşunyň) içindäki begleriň çadyrlaryna baryp, atma-at «Atlanyň» diýip gygyrdylar. Ählisi Soltan hezretiniň hökmi esasynda jüpbe geýip, ýaraglanyp atlandylar. Sag tarap, çep tarap, merkez we ganatlar düzediler. Merkezi tejribeli ärler we atly batyrlar bilen berkitdiler. Döwlet we sagadat bilen uýan deňläp, rowana boldular. Iki goşun bir-birine ýetdiler. Ilkinji söweşde gozgalaňçylar örän güýçli hüjüm etdiler. Soltan döwletiniň yhlaslylarynyň (tarapdarlarynyň) isleginiň tersine betbagtçylyk peýda bolupdyr diýen gorky ýüze çykdy. Birden dag üstünden begler begi Ezizeddin Muhammet ibn Süleýman Tograýy we begler begi Hotany ogly Bedreddin Ybraýym we goşunbaşy Alameddin Kaýsar öz goşunlary bilen arlap duran ýolbars we ýyrtyjy gaplaň kibi gozgalaňçylaryň üstüne hüjüm etdiler. Nägehan takdyr kibi üstlerine dökülip, ot syçradýan gürzi we naýza bilen ol bet pygyllary guma gardylar. Yzly-yzyna hüjümler bilen olaryň toparyny dargadyp we pytradyp ýazy (düz) we dere içinde gan aryklaryny akdyrdylar. Soltan we

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1277-nji ýylyň Oguz aýynyň 21-i.

Sahyp olaryň ýanyna gelip ýetdiler. Çyn yhlasly, janypkeş we tarapdar begler we däliler gozgalaňçylary awuny awlan arslan kibi gyrdylar. Alameddin Kaýsar Konýada soltanlaryň gümmezhanasyndan çykardyp, mübäreklik we teperrik üçin alnan merhum Alaeddiniň saýawanyny Jümriniň saýawançysynyň elinden aldy we Soltan hezretine getirip, sansyz hormat, engam we yhsan tapdy. Ondan soňra gozgalaňçy Jümriniň goşunynyň serkerdesi we serdary, Sahybyň ogullaryny Çaýda heläk eden, Saru Alaýyny tutup, merkeze Soltanyň we Sahybyň hyzmatyna getirdiler. Ol özüniň öldürilmezligi üçin gan bahasyna ýüz müň pul bermäge razy boldy. Soltan oňa üns bermän buýurdy we onuň başyny kesdiler. Getirenlere baýlyk we nygmatlar berdi. Şeýle-de batyrgaýlyk we ärlik edip, kim bir baş getirse, altyn pul, at, don berdi. Eger gijäniň garaňkylygy, ýagmyr we gaý bolmadyk bolsa-dy, gozgalaňçylardan birem gutulmazdy. Ol (Jümri) gije kermiýanly Alyşir ogly Husameddiniň nökerleri bolan türkleriň eline düşdi. Olar ony gyzyl ädiginden tanadylar. Soltanlar adatça gyzyl ädik geýýärdiler. Onuň halyny yzda galan ýarlaryndan gizläp we baglap, «ol gara kilimiň» (gijäniň) üstüne kilim örtdüler. Ertire çenli nobat bilen daşynda ýatyp, käbirleri oýa oturyp sakladylar. Ertesi guşluk wagtynda mübärek söweş meýdanynda hereket peýda bolup, köňül myratlarynyň we maksatlarynyň hasyl bolmagy bilen rowan bolanda ol düzmäni[1] tutanlar gelip ýetdiler we ýagdaýy arz etdiler. Soltan bilen Sahyp Emir Mejlis Jemaleddin Abu Bekri hem birküç sany ynamly kişiler bilen Jümrini getirmäge gönderdi. Ony Soltanyň we Sahybyň hyzmatyna getirenlerde, ýaramaz sözler we göwnüňi bulandyryjy samramalar sözlärdi. Jellatlar ony syýasat (ölüm) ýerine eltdiler. Dyrnagyndan [başlap], dersini ýüzdüler. Galan gozgalaňçylara ybrat bolmagy

[1] Düzme – galp, ýasama. Bu ýerde Jümriniň mirasdüşer bolman, ýok ýerden özüni patyşa yglan etmegi göz öňünde tutulýar. Ýalan patyşa.

üçin derisine ot dolduryp, Rum şäherlerine aýladylar. Ol uly ýeňişden köp şadymanlyk Soltan tarapdarlarynyň we gullarynyň köňüllerinde ýol tapdy. Iki günden soňra Soltan söweş başyndan göçüp, Burgulu sebitinde Çetel obasyna düşlände, Sinoba barýan Taýybuga gelip: «Janyýet we Trabzon fasylýusy köp goşun we ýarag bilen ol taraplary bekläýin diýip, Sinobyň kastyna gelýärdi. Çepni begleri öz türklerini jemläp bardylar we suw içinde söweş edip, janyna we öýüne ot urdylar. Ýele berip, guma garyp, ýeňdiler we ol ýerden mahrum etdiler» diýip habar getirdi. Taýybuga ol hoş habary üçin öý-mülk berdiler. Ol mähribanlyk we hormat tapyp, yzyna dolandy. Soltan ol ýerden hereket etmegi buýurdy. Burgulu obasyna gondy. Ladyk we Hunas eminleri we Soltanyň ol tarapdaky tarapdarlary we yhlasly gullary kermiýanly Aly begden şikaýatlar etdiler we:

– Fundukdar[1] gozgalaň (topalaň) eden wagtynda, Seljuk nebereleriniň tarapdarlygyndan el çekip, boýun egmezlik we nätabynlylyk görkezdiler. Günäkär bolup, ile ezýet we azap ederdi – diýdiler.

Soň ony Soltanyň huzuryna häzir etdiler we olar bilen ýüzleşdirdiler. Ol özüniň günä we ýazygyny ykrar edende, ony tussag edip, Garahysara ugratdylar. Onda gorkudan heläk boldy.

Ondan soňra Soltan bir müddet Garahysar, Kütähiýe, Sandykly, Jöhit, Şyhly we başga sebitlerde pitnäni ýatyrmak üçin hereket etdi. Baş göterip, Stambul fasylýusyna degişli bolan, Soltana hyraç berýän rumlylary urýan Üç tarapyndaky türkleri tabyn we boýun etdi. Soltan tä Utkine çenli geldi. Ol tarapdaky gaýy boýunyň begi merhum Ärtogrul beg Soltanyň hyzmatyna baryp, salam berdi. Peşgeşler eltdi. Ogly Osman begiň bir ogluny Soltan Gyýaseddine hyzmat etmäge berdi.

[1] Fundukdar – ýarag ammarynyň başlygy, gorhanaçy, gorhananyň başlygy manysyny hem berýär.

Soňra Soltan Gyýaseddin oňa Kahta sebitlerindäki Pagnyk ilini[1] mülk edip berdi. Onuň neslinden Halyl beg we Baýat beg, Ahmet beg dagy merhum Baýezit Hudawentgär, patyşa Malatyýa baran ýylynda onuň ýanyna geldiler. Kowum we taýpa bolandyklaryny aýtdylar. Baýezit Hudawentgär olara köp dirhem, dinar, halatlar we atlar berip, ýerlerine gönderdi.

Elkyssa, Soltan Gyýaseddin Üç halkyna hoşamaýlyklar berip, paýtagt Konýa dolandy. Ondan birküç gün geçenden soň, begler begi Jelaleddöwle Weddin Sahyp Diwanyň hyzmatyndan hezzet-hormat tapyp, Soltanyň maksatlaryny we matlaplaryny hasyl etmek bilen dolanyp geldi. Soltana we beýik Sahyp Fahrylmille Weddin Ala halat we nowruzy telpek getirdi. Şeýle-de Rum ýurdunyň salgyt işlerini (müstewfiligi) ikisi[2] şäriklik bilen ol işi ýerine ýetirer ýaly we ejizleriň we golastyndakylaryň işlerini akyl we parasat bilen oňarmaklary üçin emir Haj ogly Jelaleddin Mahmyda tabşyrypdyrlar. Ol esasda agzybirlik bilen dolandyrdylar. Ýurtda şowlulyk we abadanlyk peýda boldy. Şu ýagdaýda biraz wagt geçenden soňra ýüze çykan möhüm işleri we bähbitli abadançylyklary ahyryna ýetirmek üçin begler begi Muhammet Tugraýyny hanyň hyzmatyna ugratdylar. Hanyň hyzmatyna ýetip, kabul edildi. Enaýata we mähribanlyga mahsus boldy. Oňa Mugyneddin Perwana[3] derejesini karar etdi. Haýyşlary esasynda oňa höküm we ýarlyk berildi. Naýyplyk we wezirlik Sahyp Agzam Fahreddin Ala, salgyt ýygnaýjylyk (müstewfilik) we begler begi emir Haj ogly Jelaleddin Mahmyda, begler begilik derejesi emirleriň we ululary begi Ezizeddin Tugraýa tabşyryldy we karar edildi. Wessalam.

---

[1] Häzirki Söwüt etraby.

[2] Fahrylmille bilen Jelaleddin Mahmyt.

[3] Bu ýerde oňa hem «Perwanalyk» derejesini hem-de «Mugyneddin» (diniň ýardamçysy) diýen lakamy berendigi beýan edilýär.

## MELIK YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ 679[1]-NJY ÝYLDA HAZAR DEŇZINDEN RUM ÝURDUNA (ALLATAGALA ONY ABADAN ETSIN!) GEÇIŞININ BEÝANY

Ýalkanan patyşa we öwülen Soltan Yzzeddin Keýkowus hilegärleriň, gybatkeşleriň we gadyr bilmezleriň hileleri we ýaramazçylyklary sebäpli ýurt we patyşalygyny taşlap, Stambula fasylýus Balulugusyň ýanyna geldi. Ol birnäçe wagt Stambulda ýaşady. Eýýamyň jepasyna we pesleriň biwepalygyna sabyr ederdi. Müňlerçe ýaramaz (tagamsyz) şerbetleri jepakär durmuşyň sakysynyň elinden noş ederdi. Döwrüň öwrümleri we ýagdaýlaryň özgermegi bilen Rum ilinden Gypjak sährasyna düşdi. On sekiz ýyl onda durmuş öwrümlerine sabyr etdi. Aşa gaýgy-gamdan we patyşalyk hijranyndan mübärek durkunda heläk ediji keseller we hassalyklar peýda boldy. Ok kibi dogry kamaty şol ýaşan döwründe ýaý kibi büküldi. Gam-gussa soňky hetdine, kesel soňky çägine ýetdi. Dirilikden umydyny üzdi. Pany öýünden baky meýdançasynda göç etjekdigini anyk bildi. Her biri şalara laýyk dürli mähribanlyklara we soltanlara laýyk edep medeniýeti bilen ýeke-täk we saýlantgy bolan ogullaryny ýanyna çagyrdy. Sergezdançylykda onuň we oglanlarynyň hyzmatynda bile bolan ähli nökerlerini, hyzmatkärlerini we janpenalaryny çagyrtdy. Ählisi huzurynda häzir boldylar. Soltanyň hyzmatynda her biri mertebelerine laýyklykda oturdylar we dik durdylar. Ondan soňra tagt mirasdary we ýurt oruntutary bolan uly ogly Gyýaseddin Abulfath Soltan Mesguda bakyp aýtdy:

– Eý, patyşalyk bäbenegimiň nury! Hudaýyň mähirlikler bagynyň şöhlesi. Waý, täçdarlyk goşa gözüm. Eý, bagtyýarlyk arkamyň kuwwaty. Bilgil we ägä bolgun. Atam merhum Soltan

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1280-nji ýyla gabat gelýär.

Gyýaseddin Keýhysrow ibn Keýkubat Melekul Möwt[1] sesini eşitdi. «Elbetde, ahyret bu dünýeden ýagşyrakdyr»[2] sedasy onuň jan gulagyna gelip ýetdi. Tagty özüniň barlyk lybasyndan boşatdy. Her biri wepadarlykda we yhlaslylykda älemiň ýeketägi we baýdak we ylym eýesi bolan begler we döwlet sütünleri meni soltan we ýurt tagtyna geçirdiler. Ýagşy terbiýetleri we haýyrly mähremlikleri bilen çagalyk menzilinden kämillik hetdine ýetdim. Tabynlyk mekanyndan höküm we hökümet ýerine ulaşdym. Şol wagt ýurduň ýagşy işlerini we nesihatlaryny parasat we diýanat eýelerinden, yhlasly beglerden, tejribeli ýaşulylardan eşiderdim. Şonda ýurt abadan, raýat şat, patyşalyk şöhlesi garaňkylykdan azatdy. Birküç gadam ilerik ätdim we elimi öz myradym üçin açdym. Zulmat çyzygy ýüzünden nur tapardy. Anbar kafuryň[3] üstüne müşki-anbar goşardy. Täze bagtlyk (ýigitlik) halyna ýetip, hökmürowan bolanymda, gadymy begleriň we ululary gadyr-gymmatlaryny we hormatlaryny bilmedim. Iş görmedik (tejribesiz) täze ýigitleri özüme ýakyn edip, olary uly begliklere we mertebelere ýetirdim. Köne nebere eýelerini we gadym begleri, harbylary işden boşatdym. Hezillik aýnasynda oturyp, durmuşy zaýa geçirdim. Şol nädogry pikirleriň netijesinden munuň kibi gaýgy-gamy we sergezdançylygy gazandym. Şeýle-de sergezdenlygy we perişanlygy gördüm. Häzir öz halymyň sahypasyna göz aýlaýan. Ol halatyň (ýagdaýyň) gadyryny geçdi bilýärin. Gözlerimden ganly ýaş dökýärin. Zynhar, müň zynhar, bu sözlerden doly ybrat algyl. Eger patyşa bolaýyn diýseň, asla ömründe atasy saçagynda kynçylyk görmedik, bir nan üçin müň gezek abraýyny topraga dökýän pesleri we har kişileri ýanyňa getirme. Masgaralygy pişe we sungat edýän din we hünär bezeglerinden bezegsiz,

---

[1] Melekul Möwt – Ezraýyl.

[2] Gurhanyň 93-nji süresiniň 4-nji aýaty.

[3] Kafur – hoşboý ysly ösümlik.

özlerine bir puluň gelmegi üçin seniň mülk, mal, dereje, çaga we aýalyňa müň zyýan bermegi rowa görýän, özlerini daşyndan ynamdar we emin görkezip, içinden öz kiselerini deňiz garny, synasyny kän ýaly pullardan, altynlardan we jowahyrlardan[1] dolduryan, hazynalaryňy tamakeş dostlar kibi boş göterýän adamlar bilen golaýlaşma. Ol sebäp bilen uly neberäniň namysy synyp, ezizlik harlyga, şatlyk gama öwrüler. Munuň kibi kişileri ýanyňa golaý etme. Hümmetiňi garyndaşlaryň bilen ylalaşykly etmäge, olaryň ýagdaýlarynyň gowulygy üçin sarp etgin. Mümkin bolan her zat bilen deňizden geçip, Anadola we mirasdüşer ýurduňa bar. Öz janyňy aşa zerurlykdan penalananynymyz bolan bu taýpanyň kezzap we bozuk näzlerinden we wadalaryndan daşlaşdyryp, gadam gämisi bilen özüň halas ediş kenaryna ýetir. Ýagşylygy we danalygy özüňe şygar we lybas etgin. Parz we nefl namazlara uly yhlas etgin. Gijeler oýa bolup, nalyş bilen tagat we ybadat etmegi matlaplaryňa ýetmegiň özeni bil. Sadyk (ýagşy) niýet bilen aşyklarça beýik Ilhan ýer ýüzüniň şasy Abaka han hyzmatyna ugragyn. Ol beýik dergähiniň hyzmatyna baryp, özüňi sylagly we şatlykly edip, oturyşyňdan-turşuňdan yhlas we tarapdarlyk alamatlaryny görer ýaly daň säheri kibi ir bar, mum ýaly gijeden ertä deňin aýak üstünde dur. Belki atadyr-dädeleriň ýurtlaryndan saňa bir nesip hasyl bolar we Rum tagtyndan mahrum galmarsyň. Saňa ýene bir wesýetim şudur: Bedenim ruhdan boşanda, saňa hem mirasdüşer ülkelere dolanmak miýesser bolsa, süýegimi (süňkümi) ol ýurda elter sen. Seljuk patyşalary gümmezhanasynda depn edersiň. Bu sözleri döwletiň güli bagtyýarlyk çemeninde al-ýaşyl bolar ýaly, ak ýürekden eşitmegiň gerekdir. Ýakyn eýýamda ebedi bagtyýarlyk, baky

---

[1] Jowahyr – gymmatbaha daşlar.

ykbal, maksat we matlap saňa ýar bolar. Şonuň üçin atalyk hakyny unutma – diýdi.

Bu wesýetleri ogluna aýtdy. Häzir bolýanlara eşitdirdi. Bu ýagşy dürler we ýalpyldyly luwluwlar bilen duranlaryň gulagynyň sadaby püre-pür boldy. Bu birküç beýdi hyzmatkärleri onuň aglap, ybrat damjalary gözünden rowan bolup aýdýan wagtynda ýazdylar, terjimesi budur.

**Beýt**

Gerdişi gerdun elinden, eý, musulmanlar nefir[1],
Ki jepaýy çarhdan ruhsam[2] olmuşdyr zerir[3].

Nary janymdan sugut etdi[4], semäwäte[5] şerer[6],
Ahy serdimden[7] jahany tutdy bady zemherir[8].

Çün çekem ahy jigerden düýt ile dolup pelek,
Tire[9] kylar arasaýy afaky[10] san düýdi sagyr[11].

Ol gümandan kim wepaýy ruzgäre kylmyşam,
Kaddymy kyldy keman dogry eken manendi tir[12],

---

[1] Nefir – perýat, nala.
[2] Ruhsam (ruhsaram) – ýüzüm, keşbim.
[3] Zerir – zerre ýaly.
[4] Sugut etdi – göterildi, galdy.
[5] Semäwät – asman, pelek.
[6] Şerer – uçgun, ýalyn.
[7] Sert – sowuk, doňak.
[8] Zemherir – doňaklyk, buzluk.
[9] Tire – garaňky, gara.
[10] Arasaýy afak – älem meýdany, jahan giňişligi.
[11] Sagyr – oduň alawy, ýanýan ot.
[12] Manendi tir – peýkam ýaly, ok ýaly.

Jöwşen sabry ki janda baglamyşam gorkudan,
Hadysaty[1] oky öňünde teň misli haryr[2],

Daýymy gurbatda[3] idim dermend-u müstement[4],
Mülk ile kylyp widag[5] awara mehjury[6] serir.

Akybet berdi zamana girýe[7]-ýu zary öwez,
Maňa bagtym ragmyna[8] pür nagmalar bum-u zir[9],

Birniçe bet äht elinde gardaşym oldy heläk,
Bimüjir-u[10] binasyr-u[11] bimugyn-u[12] bizahyr[13].

Şimdi derdim janda galdy bilmezem derman weli,
Wale-ýu haýranam Allahym sen olgul destgir[14].

Bu sözler içinde durmuşy, juwanlyk eýýamy we hökmürowanlygy bilen hoşlaşyp, näzenin janyny tabşyrdy. Behişt baglarynyň sakçy perişdesi bilen ysnyşmak üçin we baky jennet öýüne ýöneldi. Köp rehmet üçin döwlet emeldarlary, hezretiň han-begleri, nökerleri we gullary ýas tutup, matam baglap, ahy-pygan şertlerini ýerine ýetirdiler.

---

[1] Hadysat – 1) wakalar; 2) pelek öwrümleri.
[2] Haryr – ýüpek.
[3] Gurbat – ýat ýerde gezmek, ýurtdan aýra düşmek.
[4] Müstement – 1) gamly, gussaly; 2) garyp, biçäre.
[5] Widag – hoşlaşma, sagbollaşma.
[6] Megjur – aýralykda gezip ýören, hijrana sataşan.
[7] Girýe – agy, gözýaş dökme.
[8] Ragm – pes, şor, guma bulaşan.
[9] Bum-u zir – belentli-pesli. Assaly-ýuwaşly heň.
[10] Bimüjir – penakärsiz, goldawsyz.
[11] Binasyr – ýardamçysyz, kömeksiz.
[12] Bimugyn – medetkärsiz, kömekçisiz.
[13] Bizahyr – aýan däl, aýdyň däl.
[14] Destgir – goldawçy, eliňden tutup medet berme.

Ondan azat bolanlaryndan soň, onuň wesýeti esasynda seljuk neberesiniň buýsanjy, dünýä we diniň halasgäri, hormatly şazada, ogly Abulfath Soltan Mesgudy bagtyýar täleýi, şadyýan talygy, mübärek pal, bagtly sagat bilen atasy ýerine nur seçýän aý, lowurdaýan gün kibi Soltan tagtyna geçirdiler. Oguz töresi esasynda öňünde üç gezek egildiler. Sansyz dirhem we dinar getirip seçgi seçdiler. Haktagala oňa şeýle bir ýagşylyk, owadanlyk, görk, mähribanlyk, artykmaçlyk beripdi welin, uly-kiçi onuň görküne, parasatlylygyna we mähribanlygyna haýran bolup:

– Jesedem bolsa, eset (şir) edip, ynsanam bolsa, soltan edip, meligem[1] bolsa Melek[2] berk şykgydan ýaradan we goran Ýaradana öwgi bolsun».

Uly-kiçi hemmesi yhlas bilen hökümine tabynlyklaryny görkezdiler. Täzeden iman we ähdi-peýman etdiler. Bir müddet Krym we Sagdak sebitlerinde Bereke hanyň ýanynda mümkin boldugyndan durmuş geçirerdiler. Bereket han olary gadym ýer-ýurtlaryna göndermek umydy bilen eglärdi. Bir wagt «Biz deňizden geçip gideris» diýip, elbetde dessur dilediler. Bile baran göçmeli iliň goýunly-dowarlylaryny merhum Sary Saltyk, Bereke hanyň hökümi bilen göçürip, gury ýerden ýene ýurtlary bolan Debruje iline getirdi. Bularyň hekaýaty öz ýerinde giňişleýin we jikme-jik beýan ediler.

Soltan Mesgut heniz deňizden geçmänkä, birden ortanjy gardaşy Rükneddin Keýumers hiç kim duýmanka (maslahatsyz) bilniksiz deňizden geçdi. Dört tarapa adamlar gönderdiler, gözlediler. Tapmadylar. Birküç günden soňra: «Bir kişi ony Kastamonyýa sebitlerinde görüpdir» diýip, habar getirdiler. Kastamonyýa naýyplary dört ýana atly gönderip gözlediler. Ony bilniksiz sypata girip Üç tarapyna barýarka

[1] Melik – patyşa, soltan, hökümdar.

[2] Melek – perişde.

Amasyýa sebitinde tapdylar. Yzyna dönderdiler. Kastamonyýa eltip,gala çykardylar. Şazadalara laýyk bolan hyzmat şertlerini ýerine ýetirdiler.

Birküç günden soňra Soltan Mesgut hem ýaranlary, han-begleri, hyzmatkärleri we nökerleri bilen gämilere mündi. Haktagala töwekgel edip, deňizi geçdi. Sinop kenaryna çykanda, gardaşyny Kastamonyýa galasyndan hyzmatyna gönderdiler. Gardaşy Keýumers onuň ýanyna geldi. Her taýpadan goşunynyň sany artdy. Her tarapdan begler we bölek başlary hyzmatyna ugradylar. Soltany hanyň garşysyna topalaňa öjükdirýärdiler. Akyl, kämillik, aň we parasat bilen bezelen Soltan ol nadanlaryň soňy howply pikirlerine üns bermedi. Kastamonyýa begi Muzaffareddin Ýoluk Arslany hyzmatyna getirip, özüne ýakynlaşdyrdy. Han tarapyndan Rumdaky mongollaryň begi we agasy edilip bellenilen beýik noýan Samagar Bahadyryň ýanyna ugrady. Baryp ýetdiler. Uly-kiçi mongol we musulman Soltanyň zyba ýüzüne we jemalyna aşyk we şeýda boldular. Ählisi Soltanyň edim-gylymlaryna we aýdan sözlerine guwandylar. Olaryň her biri baýlyklaryna görä, gul, hyzmatkär, gapjykly pullar, at, gatyr, düýe peşgeş berdiler. Uly derejeli gonaklyklar etdiler. Gymyz, şerbet we şeraplar içildi. Türk, tatar begleri oguz resmine görä, Soltanyň öňünde üç gezek baş egdiler. Zyýapatlykdan we iýip-içişlikden soň mongol begleri Muzaffareddin Ýoluk Arslany Soltanyň hyzmatynda Beýik Ilhan Abaka hanyň huzuryna gönderdiler. Eger-de gyş aňzagy hüjüm edip, dury suwlar ýiti sowukdan ýaňa doňan hem bolsa ýola düşdüler. Hanyň hyzmatyna ýetenlerinde, sylag-serpaý we hormat edişlik şeýle bir hetde ýetdi welin, ony beýan etmek mümkin däldi. Dürli-dürli yhsanlara mahsus boldy. Älemiň uly şäherlerinden bolan Amyt şäherini, Hartpert, Çemşekzak, Defreki (Diwrigi), Siwas şäherlerini, olara degişli galalary tä Kelpkerde we Yznyk sebitlerine ýetýänçä oňa bagyşlady we berdi. Gün-günden han

huzurynda mertebesi we derejesi zyýada bolup, oňa hanyň enaýaty we merhemeti artýardy. Älem halky oňa şadyman bolup, döwlet dogasyna meşgul bolardylar. Birnäçe wagt han hyzmatynda hyzmatlar edenden soň, arzuw we maksatlaryny hasyl etmek bilen Ruma gönderdiler. Ýoluk Arslany kethuda we Sulamişi begler begi goşdular[1]. Ruma gelip ýetenlerinden soň, welaýatlara, illere hoşamaýlyklar edip, adalatlylyk etmäge meşgul boldular, etraplara we ýerlere ilçiler iberdiler. Fasylýus Balulugusa[2] hem ilçi iberip, Soltanyň garyndaşlary we Rum ilindäki türk taýpalary barada soraşdyrdy. Fasylýus şeýle habar berdi: «Bir garyndaşyň ýanymdadyr we bir garyndaşyň Garawiride. Ol tarapyň begligi oňa tabşyrylandyr. Dubrije (Dobruja) ilindäki türkleriň birnäçesi onuň ýanyna bardylar, birnäçesi ýurtlarynda oturarlar». Bu habar bilen Soltan Mesgudyň garyndaşlary baradaky ünjüsi köşeşdi. Fasylýus berip gelýän salgydynyň içinden bir bölegini tatar hanlaryna, ýene bir üçden birini Soltan Mesguda bererdi, ýene bir üçden bir bölegini Soltan Gyýaseddine ibererdi. Şeýlelik bilen, köp wagt geçdi. Dubrije ilinde olar Sary Saltyk bilen galdylar. Bu wagtlarda Soltan Mesgudyň tekuryň ýanyndaky dogany birküç türk bilen gaçmaga meýil etdi. Fasylýus ony duýdy we tutup tussag etdi. Ol zamanyň patriarhy, ýagny kapyrlaryň halypasy, Soltanyň doganyny fasylýusdan diläp aldy we ybadatçy edip keşiş suratynda goýdy. Birnäçe wagt Aýasofyýa patriarhyň hyzmatynda boldy. Merhum Sary Saltyk ony patriarhdan diledi. Sary Saltygyň welaýaty patriarha mälim bolansoň, ol Soltanyň doganyny onuň sözüni ýykman Sary Saltygyň ýanyna iberdi. Birnäçe wagt Sary Saltygyň hyzmatynda bolup, täzeden yslam dinini kabul edip, hyrka geýdi. Sary Saltyk çopan wagtynda Akşäherde öwlüýäleriň we hak ýolundakylaryň iň

[1] Berilýän lakam derejeleriniň atlary.
[2] Ýokarda «Buluglus» görnüşinde getirilipdi.

beýigi we pygamber maşgalasynyň gaýmagy, Seýit Mahmyt Heýran (Ýatan ýeri ýagty bolsun!) Sary Saltygyň ýanyna gelip, onuň agzyna ýogurt bilen bir bölejik nahar beripdir. Ol lukma buz ýaly bolup, onuň damagyna ýapyşyp galypdyr. Sary Saltyk gusupdyr. Şonda Seýit Mahmydyň amanat beren lukmasy hem çykypdyr. Şol wagt Sary Saltygyň ýanynda bolan şazadada abdallyk peýda bolup, ol gusyndyny ýuwdy. Sary Saltyk ony: «Byragym» diýip ogşady we ony Soltaniýe tarapyna iberdi. Byrak Çelebiniň zyýaratgähi häzir hem Soltaniýededir. Byraklar onuň müritleridir.

Garawiridäki gardaşynyň ýanyndaky musulmanlar gäwür içinde bolmakdan melul boldular. Olar birlän-ikilän Anadola göçýärdiler. Garawirdäki melikzada we onuň ogly ikisi hem musulmandylar. Onuň oglunyň ogullaryny fasylýus Selänike baran ýyly pop edip kapyr eýledi. Yslamyň we Soltanymyzyň (Mülki baky bolsun!) ata-babalarynyň zamanynda Garawirini basyp alan wagtlarynda olaryň Lizgus atly ogluny kapyryň elinden aldylar. Olar birküç garyndaşdy, görmegeý, batyr kapyrlardy. Olary Garawiriden göçürip, Zehinä getirdiler. Zehinäniň goşunbaşlygygyny uly gardaşlary Lizgusa berdiler. Merhum Baýezit Hudawentgär Malatyýa we Arzynjana baran ýyly (Yslamyň we musulmanlaryň Soltany, mülki baky bolsun!) Lizgus we doganlary hem goşunda bilediler. Lizgus ol iki saparda muşakgat baryny çekdi. Ol dolanyp gelen wagtlary serkerdebaşylygygyny taşlap, özi we gardaşlary üçin erkinçilik hökmüni haýyş etdi. Baýezit Hudawentgär olaryň Seljuk aslyndandygyny mälim edeninden soň, haýyşlaryny kabul edip, höküm berdi. Lizgus Zehinede ruhany (keşiş) bolyp öldi. Doganlary we doganlarynyň oglanlary üçin oglanlary Häzi Zehinede paç we hyraç tölemeýärler. Ýakyn wagtda hökümlerini hem täzeletdiler: biriniň adyna Dmitriý soltan, birisiniň adyna Mihu soltan diýerdiler. Wessalam.

Elkyssa, Soltan Gyýaseddin bilen Soltan Mesgut Rum welaýatlaryna bir zaman deň derejede höküm sürdüler. Ondan soňra ýene Garaman oglanlary Ermenek daglaryndan düşüp, türk haramylaryny üýşürip, Larynda we Konýa etraplaryna at salýardylar we welaýatlary talaýardylar we çapawullaýardylar. Soltan Gyýaseddiniň goşuny olary dep etmekden ejiz gelýärdi. Soltan ahwaly ýazyp, beýik Ilhan Argun hana arz etdi. Beýik Ilhan Gihatu hany köp mongol goşuny bilen Ruma iberdi. 691-nji ýylyň muharram (aşyr) aýynda Gihatu han Ruma gelip ýetenlerinde Garaman oglunyň oglanlary Ermenek daglaryndan köp türk bilen Larynda obasyna inýärdiler. Mongol goşunynyň geleninden bihabardylar. Gihatu han Kaýsaryýadan ylgar edip, ýortup gelip, çalt ýöriş edip, Konýanyň Ýylçyn (Ýalçyn) tarapyna geçdiler. Ol ýerde dynç üçin atdan düşdüler. Ol ýerden hem tiz ýöriş edip, Laryndanyň Gurgurum we Begşäheri tarapynyň ýollaryny bagladylar. Garamanlylar mongol goşunynyň geleninden habardar bolup, birnäçesi daga we beýlekileri ýaýlaga gaçmaga ýüz urdular. Mongollar daş-töweregiň ýollaryny baglapdylar. Onsoň olaryň köpüsini heläk edip, başlaryny kesip, Konýa eltdiler, kellelerini saçlaryndan sütünlerde asyp goýdular. Olaryň işinden dynanlaryndan soň, Gihatu han dolanyp, ýaýlag wagtynda Ala daga aralaşdy. Gihatu han horram we hoş howaly, gülli we çeşmeli ýaýlakda ýaýlady. Köp yklymlarda onuň ýaly giň öri-meýdany we patyşa ýaýlajak ýaýlaklar seýrek bolýardy. Temuz[1] yssysynda alagarlar we garlar astyndan dereler we bulaklar her tarapa rowan bolýardy. Oty gutarmaz, siňek we mör-möjek bolmaz ýüz müň goşunly patyşa we çarwa iller we ýörükler ýaýlasa hem oty gyt, ýeri dar bolmazdy. Ine, Gihatu han şol ýerde ýaýlady.

Ol Argun hanyň hyzmatyna baryp:

[1] Temuz – rumlularyň 10-njy aýynyň ady, Gorkut aýyna gabat gelýär.

– Ähli Rumy Soltan Mesguda bermek maslahatdyr. Sebäbi garamanlylara gaýtawul bermek onuň elinden geler – diýip, arz etdi.

Soltan Gyýaseddini häkimlikden boşadyp, Rum ýurduny tutuş Soltan Mesguda tabşyrdy. Sulamyşy begler begi goşdy. Gazan han döwrüne çenli Rumda Soltan Mesgut patyşa boldy. Bu döwürde Argun han wepat bolup, onuň ýerine Gazan han han boldy. Sähel wagtdan soňra ol musulman bolup, yslam nury bilen mübärek köňli açyldy.

## YSLAM PATYŞASY GAZAN HANYŇ MÜBÄREK SYNASYNYŇ IMAN NURY BILEN AÇYLMAGYNYŇ, ÖZÜNIŇ WE ONUŇ EMIRLERINIŇ ŞYHZADA SADREDDIN HAMAWYNYŇ HUZURYNDA YSLAMY KABUL ETMEKLERINIŇ BEÝANY

Allatagala ezelde şeýle edipdir, ýagny bir guluny bagtyýar ýaratsa, ony dürli ýardam bilen mahsus kylar. Häsiýet maddalarynyň garyşýan wagtynda onuň hüý-häsiýetinde taýýar (bagtyýar) bagty ýugurar we mäkäm eder. Pygamberimiz sallallahy alaýhy wesellemiň dürdäne sözleri hem bu aýdylanlaryň takyklygynda we bu dawanyň tassygynda açyk delil we ýagty subutnamadyr. Ol şeýle diýipdir: «Kim enesiniň göwresindekä bagtly bolsa, ol bagtly adamdyr». Ondan soňra Hudaýyň enaýat terbiýeçisi ony terbiýe sallançagynda enaýet eli bilen beslär. Ýuwaş-ýuwaşdan kämil derejelere ýetirer. Aýlaryň aýlanmagy bilen dogry işleriň forma (görnüş) we mazmun ýagdaýlarynda pikir edip, her zadyň hakykatyna we ýaramsyzlygyna (biderekligine) habarly bolar ýaly oňa ýol görkezer. Ol çäre we pikiriň üsti bilen onuň bagtlylyk alamatlary kuwwatdan işe ýeter. Ilähi hikmetiň syrly zerurlygy [esasynda] ol bagtyň islegi içinde «Allanyň emri-yradasy

takdyry-ezeli boldy»[1] aýatynyň hökümi esasynda ýüze çykar. Bu girişiň hökümi bilen Züljelalyň enaýaty we Hudaýyň islegi şeýle lazym boldy, ýagny, ýyllaryň we aýlaryň aýlanmagy, gijeleriň we gündizleriň tirkeşip geçmegi bilen yslam etraplaryna gowşaklyk we peselmeklik ýol tapdy. Çingiz döwründen munuň zamanyna çenli kapyr mongollar her yklymda musulmanlara üstün bolupdylar. Şäherlerde we obalarda metjitlere barabar buthanalar we ýollarda, beýik ýerlerde we depeleriň üstünde butlar düzüp ybadat ederdiler. Musulmanlardan hyraç we töleg salgyt alardylar. Onuň bilen hem goýman gonalga we ulag talap ederdiler. Bir sähel mertebeli tatar bir oba gonsa, dürli näzy-nygmatlar iýip, ýatmaga razy bolman, eýsem owadan we görkli gyzlar hem islärdiler. Alaçsyz we çäresiz şäherlerde we şäherçelerde olar üçin günäkär (bozuk) we bazar aýallaryny goýupdylar. Obalarda dul aýallary arz ederdiler. Haýsyny halasa alardylar. Musulmanlaryň ýagdaýy bu mähnet bilen geçerdi. Beýikligi beýgelmiş Allatgala Gazan hanyň patyşalyk durkunyň häsiýetini hidaýat (dogrulyk) nurunyň joşgunyna häzirledi. Onuň köňlüne yslam dinini guýdy.

Ol ýagdaý şeýle boldy: Çagalyk wagtynda dädesi Abaka han ýanynda onuň terbiýesi bilen beslenerdi. Abaka han butparazlaryň we bahşylaryň[2] düzgünlerine we kadalaryna ynanýardy. Ol Gazan hana birki bahşyny hyzmatkär etdi. Bahşy diýip, uýgur ýazuwyny ýazyp okaýanlara diýerlerdi. Onsoň Abaka han: «Gazan hana ýazuw we butparazlyk ynamyny tälim beriň» diýip buýurdy. Olar hem Gazan hanyň hyzmatynda bolup, oňa tälim kyldylar. Gazan han örän akyllydy we düşbüdi. Az zamanyň içinde olaryň ýollaryndan we düzgünlerinden habarly bolup, sözleriniň we işleriniň inçe

---

[1] Gurhanyň 33-nji süresiniň 38-nji aýaty.

[2] Bahşy – 1) köp zatlary bilýän kişi; 2) budda ruhanysy.

tilsimlerinden habarly boldy. Bahşylykda ussat boldy. Emma Hudaýyň enaýat täsirinden röwşen pikir we dogry garaýyş bilen butparazlyk syrlaryna nazar salardy. Dinler we milletler [babatda] oýlanyp, pikir ederdi. Ylham röwşenliginiň joşmagyndan Muhammediň dininiň nurlarynyň nury kalbyna şöhle we ýagtylyk salyp, atyrly kalbynda bu hak dine meýil peýda bolardy.

Butparazlyk ýolunda dowamly gezip, berk gadam kyldy. Horasanda uly buthanalar saldyrdy. Olaryň usulynda ybadat we hyzmat ederdi. Onuň muşakgat çekişine we erjelligine tamam bahşylar we monahlar haýran galardylar. Şunuň bilen hem hak syrlaryny we dogry ýoly, takyklygy gözlemekde Baýdu bilen duşman bolan wagtyna çenli diýseň uly yhlaslar ederdi. Begleri we adamlary bilen antlaşyp, ähdi-peýman, söz we karar ederdiler. Musulmanlar «Gurhandan» ant içerlerdi. Mongollar butparazlaryň baýramy we ýyllarynyň birinji aýynyň birinji güni bolan nowruz gününden ant içerlerdi. Aýlarynyň ady budur:

Aram aý, ikind aý, üçünç aý, törtünç aý, bäşinç aý, altynç aý, ýedinç aý, sekusinç aý, tokusinç aý, onunç aý, on birinç aý, çagşabat aý.

Ol halatda musulmanlardan Nowruz beg arz etdi:

– Eger jahan penasy bolan patyşa yslam dinini öz imany bilen kuwwatlandyrsa ne ola?

Gazan han aýtdy:

– Örän köp wagtlardan bäri, bu pikir göwnümdedir.

Nowruz bu sözleri Gazandan eşidende, bir bölek örän sürtülen we taýsyz lagyl çykardy. Tagzym edip aýtdy:

– Biziň ýaly kişileriň şazadalara beýlek[1] (perman) bermek kibi gödeklige hiç hili hetdi bolmasa-da, patyşa bendesine

[1] Beýlek (baýlak, beýle däl) – patyşalaryň permany. Bu ýerde lagyl däl-de, ýüzüne perman ýazylan paýza göz öňünde tutulýan bolsa gerek. Gazan han Nowruzyň öjükdirmegi bilen tagt üstünde uruşýar.

mähremlik etsin we bu beýlegi (permany) kabul etsin. Goý, bu gul Baýdu hyzmatyna baryp, ýene hyzmatyňa gelsin.

Nowruz we galan begler Baýdunyň ýanyndan işi düzetmän geldiler. Patyşa gazaba münüp, onuň çäresi babatynda pikir ederdi. Nowruz ol wakany[1] ýene arz etdi. Uly şyhzada Sadreddin Ybraýym ibn Kutbulöwlüýä Şyh Sadreddin Hamawy hem ol mejlisde häzirdi. Ol köp wagtlarda şanyň hyzmatyndady. Patyşa mydama ondan yslam dininiň ýagdaýyny öwrenýärdi. Onuň hakykatlaryndan we inçeliklerinden sorag berip pikir alyşardy. «Alla kime nazar salmak islese, onuň göwnüni yslam üçin giň edip goýar»[2] hökümi bilen rahatlyk mübärek synasyna, iman nury bolsa nurly kalbyna kuwwat bererdi. Hidaýat kömegi oňa üstün bolardy. Aýtdy:

– Hakykat oldur, yslam dini örän berk we aýdyňdyr. Ähli dini we dünýewi zatlary gurşap alandyr. Resul alaýhyssalamyň mugjyzalary örän-örän maýyl edijidir. Onuň dogruçyllygynyň alamatlary durmuş sahypalarynyň ýüzünde aýdyňdyr, röwşendir we görnüp durandyr. Bişek we şübhesiz onuň parzlaryny, wajyplaryny we kepillerini yzygiderli we durnukly ýerine ýetirmek kişini Haka gowuşdyrar. Emma butlar ybadaty hakyky nadanlykdyr. Akyl we bilimden örän daş bolmakdyr. Akylly we parasatly kişilere bir jansyz zat öňünde baş goýmak, nadanlykdan we akmaklykdan nyşandyr. Akyl we ruh eýesi bolan adamyň öňünde hem bu iş akyl nazary bilen mekruh görüner. Anyk hiç bir kämil adam oňa baş egmäge razy bolmaz. Dogrulyk ýüzünden but suraty gapylara işik edip, halk üstünden basyp geçmäge laýykdyr.

Şeýlelikde, Gazan han 694-nji ýylyň şagban (meret) aýynyň başlarynda Şyhzada Sadreddin Hamawynyň huzurynda

---

[1] Yslam dinine girmek baradaky gürrüň göz öňünde tutulýar.

[2] Gurhanyň 6-njy süresiniň 125-nji aýaty.

tamam begleri bilen töwhyt kelemesini[1] dine getirdiler. Ählisi musulman boldular. Ol aýyň içinde toýlar we gonaklyklar etdiler, ybadata meşgul boldular. Seýitlere, ymamlara, şyh-pirlere we danyşmentlere mähribanlyklar edip, sadakalar we peşgeşler we wezipeler[2] berdi. Metjitler, medreseler, hanakalar saldyryp, yslam dinini janlandyrdy.

Remezan (oraza) aýy gelende alymlardyr şyhlar bilen tagat we ybadata meşgul boldy. Yslam patyşasy Gazan hanyň yslam dinine sydk we yhlas ýüzünden gelendigi ähli alymlara gizlin däldir. Özüni aýypsyz görkezjek bolmakdan we nadanlykdan päkdi we sapdy.

Onuň kibi beýik şan-şöhratly we hökmürowan patyşanyň mejburlykdan we zerurlykdan [kabul edendir diýip] göz öňüne getirmek bolmaz. [Hiç zatdan] ätiýajynyň ýoklugy, aşa baýlygy bilen il gözüne päk görünjek bolmak mümkin däldir.

Elbetde, Allatagala üstünlik berijidir.

## YSLAM PATYŞASY GAZAN HANYŇ BAGTYÝAR BAÝDAGYNYŇ IKINJI GEZEK BAÝDU TARAPYNA ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ WE OL BABATDA EMIRLERIŇ YLALAŞMAGYNYŇ BEÝANY

Gazan han töwhit kelemesini aýdandan soňra ähli begler oňa goşulşyp, musulman boldular. Baýdunyň ilçileri Gutlug şa we Şyhlaryň şyhy Mahmyt onuň ýanyna geldiler. Her bapdan sözler sözlediler. Şyh Mahmyt pursat tapyp, Baýduwyň ýanyndaky begleriň habaryny Gazan hana arz etdi. Jogaplary babatynda altyn tagmaly hökümler aldy. Üçünji gün dessur berildi. Dönüp Baýduwyň ýanyna bardylar. Altyn tagmaly hökümleri Şyh Mahmyt beglere berdi. Hemmesi Yslam

---

[1] Hudaýy bir bilmek, sözlerini gaýtalamak.

[2] Aýlyk ýa-da ýyllyk berilýän belli bir mukdardaky pul ýa-da zat.

patyşasynyň ýardamyna köňül berkitdiler. Yhlas bilen dil birikdirdiler. Sadreddin Arzynjany[1] wezirligi Jemaleddin Destherdanyýa[2] berendikleri we Baýduwyň patyşalygyndan peýda görmeýändigi üçin, Togaçary gapma-garşylyk we duşmançylyk etmäge öjükdirýärdi. Onuň mekir we hilelerinden üýşenýärdiler. Onsoň ony sylaglap, ýarlyk we naýza berip, han tarapyndan Rum ýurtlarynyň hökümetine bellediler. Ýola düşüp, Heştrud sebitlerinden öýüni we degişli adamaryny Töwriz tarapyna gönderdi. Özi salt (ýalňyz) «Karzyna pul alyp, ýarag edineýin» diýen bahana bilen Sarawa ugrady.

Ol ýoldan Gilana bardy. Ol Sugurlykdan Ruma ugran wagtynda gadym gullaryndan we syrdaş mähremlerinden bolan Begli Bugaýyny ol pikiri habar etmek üçin Gazwine – gardaşy Kutbeddiniň ýanyna gönderdi. Ol hem bir bahana bilen şäherden çykyp, Gilana ugrady we gardaşyna ulaşdy. Ikisi hem agzybirlik bilen yslam patyşasy Gazan hanyň hyzmatyna geldiler. Piruzkuh menzilinde patyşanyň elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Ýakynlarda Horasandan gelen Nowruz beg hyzmatynda Togaçaryň dilinden gowy sözler aýtdylar.

Nowruz goşunlary düzüp, tertipländen soň: «Ähli goşunlar ýygnanmaly» diýlen höküm boldy. Bu ýagdaý şowwal (baýram) aýynda bolupdy. Baýdu bu ýagdaýy bilip gorkardy. Ýene-de Gutlug şany howsalalandyryjy bihuda sözler bilen gönderdi. Yslam patyşasy örän danalygyndan onuň hereketiniň mekirlikden we duzakdan boş däldigini bildi. Onuň buýrugyna görä Gutlug şany ýalaňaçlap, çybyk we çokmak zarby bilen hakyky ýagdaýlary ondan sorady. Ol Baýduwyň, begleriniň we goşunynyň ähli ýagdaýlaryny we hereket ediş pikirlerini doly gürrüň berdi we aýtdy:

---

[1] «Sadreddin Zenjany» bolmaly.

[2] «Destjürdany» bolmaly.

– Meni Siziň ol tarapa ýörişiňiz barmy ýa-da ýokmy şony bilmegim üçin iberdiler.

Soň ony tutup bir galada tussag etdiler. Şowwal (baýram) aýynyň 15-nji gününde mübärek baýdak Reý tarapa ýola düşdi. Öňürti garawullyga deglerden Nowruz we Gutlug şa gitdiler. Köňlüňde duşmançylyk bolan Nowruz Baýduwyň goşunynyň köplügi barada habar ýaýradýardy. Yslam patyşasy Hübelruda ýeteninde Çopan beg we Aly Ynak ogly Gurumşy Köreken Baýdunyň ýanyndan gaçyp, [patyşanyň] elini öpmek hormatyna eýe boldular. Yslam patyşasyna olaryň gelmegi örän hoş ýarady. [Olara] Don, nowruzy telpek we göwher bilen bezelen guşak berdi.

Ol ýerden göçüp, Fukýa suwunda düşlediler. Birküç gün ol ýerde durdylar. Beglerden Çopan we Gurumşy patyşa arz etdiler:

– Eger yslam patyşasy bize dessur (görkezme) berse, biz Nowruz we Gutlug şa beg bilen göç edip, öňe gideli.

Patyşa olara rugsat berdi. Olar göç edip Baýduwyň yslam patyşasy bilen ylalaşan beglerine ulaşdylar. Ondan soňra yslam patyşasy Gazan han Bulugany ol ýerde goýup, begleriň yzyndan göç etdi. Gazwin sebitlerinden Akhoja atly ýere ýetende, Agtaçy Bugdaýyň gardaşynyň ogly Arga Bitikçi, Nowruzyň ýanyndan geldi we:

– Beglerden Togaçar we Bugdaý Baýduwdan bölünip, yslam patyşasynyň hyzmaty niýetinde Nowruzyň ýanyna geldiler – diýip, habar getirdiler.

Patyşa ol ýerden hem göçüp, Sejas ýoly bilen gitdi. Ol tarapda Şazada Harbende we Şazada Ildaz dagy patyşanyň hyzmatyna gelip ýetdiler. Sepidrudyň kenaryna baranynda, beglerden Doladaý Eýdaçy, Ilmemur, Kurba we başga birküç sany begler Soltan hyzmatyna geldiler. Ol ýerden hem göçüp, Ýüzagaç menziline gondy we Baýduwyň we Tukalyň yzyndan Nahçuwan we Arsebar tarapyna giden Nowruza, Gutlug şaha

we galan beglere garaşdy. Ondan soňra Ujana geldi. Baýynjar beg Nowruzyň we Gutlug şanyň ýanyndan geldi we:

– Baýduny tutup Nahçuwandan Töwrize getiripdir. Ol patyşa bilen birki agyz sözüm bar diýýär. Patyşa näme buýurýar – diýip, habar getirdiler. Patyşa parasat bilen onuň sözünden peýda we dogrulyk ýokdugyn bildi. Soň Baýduny hezretiň gaşyna getirmesinler. Ol ýerde işini görsünler diýip, perman boldy. Ony Towrizden daşary çykaryp, Neýlis bagyna eltdiler. 694[1]-nji ýylyň zülkagda (boş) aýynyň 23-nji gününde çarşenbe güni (hoşgün) onuň işini bitirdiler. Soň «Paýtagt Töwrizdäki, Bagdatdaky we galan yslam şäherlerindäki atalary döwründe bahşylar we hristianlar üçin salnan ähli buthanalary we ybadathanalary ýykmaly we harap etmeli diýip perman boldy. Ol ýeňiş bilen köp musulmanlar şükranalar etdiler. Çünki özlerinden öňki geçenleri Allatagala ol arzuwlaryna ýetirmändi. Musulmanlar şatlyklar we gonaklyklar edip, şäherleri bezediler. Ondan soňra yslam patyşasy paýtagt Töwrize ugrady. Abadançylyk tertibi üçin şähere baran Sadreddin Zenjany ony Kendrutda garşylady. Ol öz mertebesini halka görkezmek islärdi. Gödeklikler ederdi. At üstünde sözlerini arz ederdi. Ol gün ýasawullyk nobaty bolan [özüniňki] Möwlaý beg iki gezek oňa aýtdy:

– Bu ýol seniň ýoluň däldir. Gödeklik etme.

Ol üns bermezdi. Möwlaý beg gamçy bilen birküç gezek onuň başyna urdy we patyşanyň ýanyndan aýyrdy. Şol sebäp we başga-da birküç sebäp we waka bilen Sadreddiniň mertebesi peseldi.

Yslam patyşasy çarşenbe (hoşgün) güni zülkagda (boş) aýynyň ýigrimi üçünji gününde doly dabara we beýiklik bilen Töwriziň daşynda bejerilen Mübärek Saraýda (köşkde) düşledi. Guşçy Ilçi Taýyny permana laýyklykda, awlatmadygy (şerap

[1] Milady ýyl hasabynda 1294-nji ýyla gelýär.

içendigi) äsgermändigi üçin ýasaga[1] ýetirdirler. Onuň ýerini Bulugana berdi. Ondan soňra Nowruz, Gutlugşa, Bulgan hatyn şeýle-de beýleki hatynlar we agalar Sugurlukdan geldiler. Adylyýa (Adyllyk) köşgünde toýlar etdiler.

Kanjaktal we Çiçegi derňäp, soraga çekdiler. Kanjaktalyň günäsi subut edildi. Ony ýasaga ýetirdiler.

Ol ýerden Gara Depä hereket etmegi buýurdy. Çiçegi agaçladylar (gandalladylar). Tudajuýy goýberdiler. Nuryn begi goşun bilen Horasan we Mazanderana gönderdiler. Ondan Töwrize geldiler. Patyşa arz etdiler:

– Käbir mongolar ýene kapyrlyk zamanyndaky kibi musulmanlara zulum we jebir edýärler. Çakyr içip, zenan çekýärler (süýreýärler).

Töwrizde «Her kişi öz ýoluny we mertebesini yzlap, harby harbylygynda we raýat raýatlygynda bolup, biri-birine zulum we jebir etmesin. Altyn tagma we dilhatsyz bir pul we bir däne hiç kime bermesinler» diýip jar çekdirdiler.

Munuň üstünden birküç gün geçdi. Yslam patyşasy ynamdar we ygtybarly harbylaryndan iki ýüz sany esgeri Töwriz şäheriniň bazarlaryna, mähellesine we söwda edilýän ýerlerine hilegärleri, bozuklary we mongolaryň günäkärlerini barlag edip, göz etmäge iberdi. Bir gezek ýigrimi ýedi sany adam tutup getirdiler. Kimsi aw (şerap) içmiş, kimi guşak gapmyş (ogurlyk etmiş), kimsi aýal çekmiş. Buýruga görä, hemmesini heläk etdiler. Birküç günden soňra dokuz adam getirdiler. Altysy türk, üçüsi täjik, olary hem heläk etdiler. Birküç günden soň dört kişini getirdiler. Olary hem dürli azap we jebir bilen depelediler. Ondan soňra hernäçe hyýrsyzlar gözlegi üçin gezseler-de, bir hyýrsyz hem ellerine düşmedi.

[1] Ýasak – kanun, düzgün. Bu söz köplenç ölüm hökümi berlen manysynda ulanylýar.

Şeýlelik-de, Töwriz şäherinde şerraýlar we bozuklar tarapyndan hiç kime zyýan ýetmedi. Patyşanyň buýrugy bilen:

– Her kim goşun nökeri, hünär şägirdi, danyşment we derwüşlerden bolmasa, işsiz-güýçsüz ýören kişiniň dat gününe. Her kim haýsydyr bir topara degişli bolman, özbaşyna ýörejek bolsa, ol ogry we kisekeserdir, ony tutsunlar – diýip jar çekdirdiler.

Bu permany ähli welaýatlara jar etdirdi. Ol sebäpden, ogry we haramylar kesildiler. Jahan halky yslam patyşasynyň adalaty nurundan, mübärek ynsabyndan rahat düzgün we asudalyk tapdylar. Daş we ýakyn, türk we täjik yslam patyşasynyň gün saýyn ösýän döwletiniň dogasyna meşgul boldular. Onuň kibi uly berimleriň (peşgeşleriň) şüküranasyna sadakalar berdiler. Onuň ykbalynyň syrly jarçysy gaýyp perdesiniň aňrysyndan bu beýdi okady we aýtdy:

**Beýt** [1]

Älem mülki bir zaman şasyz we serwersiz galypdy,
Häzir çemdi başly (aňly), owadan we mynasyp patyşa.

Mülki älem bir zaman bişah-u serwer galdydy[2],
Şimdi geldi äleme zyba-ýu laýyk patyşa.[3]

Töwrizden Möwlaý begi Diýarbekriň we Diýarrabyganyň emirligine gönderdi. Nowruz bege doly mähribanlyklar we terbiýetler etdi. «Tamam il-uluslaryň wezirligi oňa tabşyrylsyn. Bu ýagdaýda Töwrizde saklanyp, halkyň ýagşy we möhüm işlerini bitirip patyşanyň yzyndan Arrana barsyn» diýip, perman boldy.

---

[1] Pars dilinden türkmen diline sözme-söz terjime edildi.

[2] Galdydy – galypdy.

[3] Asyl nusgada bu beýdiň hem parsçasy hem türkmençesi berlipdir.

Bagtyýar baýdak duşenbe güni (başgün) 694[1]-njiýylyň altynjy gününde paýtagt Töwrizden gyşlak niýeti bilen Arrana hereket etdi. Ol Töwriz sebitlerindekä Bulgan hatyny şerigat nikasy bilen aldy. Atasy Argun han oňa ýanaşan hem bolsa, dini başgalyk bilen bir-birine ýanaşypdylar. Musulman aýala şerigatda bu nika dürsdir. Aldy.

Ondan soňra Öwher we Bileşgin ýolundan Mugana bardylar. Abubekrabat sebitlerinde Hysrow köprüsinde gondy. Iki hepdeden soňra, Nowruz onuň hyzmatyna gelip ýetişdi. Garabag we Arranda tamam hatynlar, şazadalar, begler, döwlet emeldary we hezretiň han-begleri jem boldular. Yslam patyşasynyň patyşalygyna hilesiz we ikiliksiz birleşdiler. Şol esasynda äht edip, şert goýdular. Oguz resmine görä, üç gezek eglip, ýere baş goýdular.

Ýekşenbe güni (dynçgün) 694[2]-nji ýylyň zülhijje (gurban) aýy boýunça üçünji gününde, ýagny türk ýyly we aýynyň goýun ýylynyň dokuzynjy aýynyň üçünji gününde müneçjimler ol güni ygtyýar etdiler. Yslam patyşasy bagtly täleý bilen soltanlyk tagtyna geçdi. Ähli hatynlaryň, şazadalaryň we begleriň her biri öz ornunda oturanlaryndan soňra, ýene [ähti] berkitmek üçin, eglip, başlaryny [ýere] urdylar. «Patyşa hanlyk gutly bolsun» diýip bulgurlar sundylar. Onuň tagta münenliginiň mübärek şanyna, äleme «Mübärek bolsun» diýip aýtdylar.

**Beýt**[3]

Özüňe gulak sal, ol ki jahan janydyr,
Onda, sende bar bolan bir eziz jan baglydyr.

---

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1294-nji ýyla gabat gelýär.
[2] Milady ýyl hasaby boýunça 1294-nji ýyla gabat gelýär.
[3] Parsçadan sözme-söz terjimesi berildi.

Kenduzyňa tut gulak ki jan jahandyr,[1]
Bagly saňa şol eziz jan ki seniň bar.

## BAGTYÝAR BAÝDAGYŇ PAÝTAGT TÖWRIZ TARAPYNDAN BAGDAT GYŞLAGY TARAPYNA ÝÜZLENMEGINIŇ WE WEZIRLIK DEREJESINIŇ HOJA SAGDEDDINE TABŞYRYLMAGYNYŇ WE RUM LEŞGERINIŇ BEGLER BEGI SULAMYŞYŇ GOZGALAŇYNYŇ HABARYNYŇ GELMEGINIŇ WE ŞOL WAGTDA GOŞUNYŇ ONY DEP ETMÄGE GITMEGINIŇ BEÝANY

Penşenbe güni (sogapgün) 697[2]-nji ýylyň zülhijje (gurban) aýynyň üçünji gününde Bagdat gyşlagy niýeti bilen paýtagt Towrizden Ujan tarapyna hereket etdi. Ýurt wezirligi derejesini gadymy tarapdarlyk hukugy we durli wepadarlyklar bilen berkleşen Sahyp Agzam Hoja Sagdeddine tabşyrdy. Nuryn begi Derbent goragy üçin Arrana gönderdi. 698[3]-nji ýylyň muharram (aşyr) aýynyň ikinji gününde anna güni (annagün) Hemedan sebitlerinde Murgzaryk atly çemenlikde düşledi. Burujert sebitlerinde Hemedanyň häkimi Abu Bekr Daduabadynyň günäsi subut bolandan soňra ýasaga ýetirdiler. Ondan göçüp, Gürdler[4] dagyndan geçdi. Şenbe güni (ruhgün) sapar aýynyň ýigrimi ikinji gününde Wasyt sebitlerindäki Çuwkyn çemenligine gondy. Ondan göçüp, Wasyta girdi. Ol günlerde Rum tarapyndan Sulamyşyň ýagy bolanlygynyň habary yzygiderli gelýärdi. Ol hekaýat (waka) bu esasdadyr, ýagny Baltuýy ýasaga ýetiripdirler. Yslam patyşasy Rumuň

[1] Asyl nusgada bu beýdiň hem parsçasy hem türkmençesi berlipdir.
[2] Milady ýyl hasaby boýunça 1296-1297-nji ýyllara gabat gelýär.
[3] Milady ýyl hasaby boýunça 1297-1298-nji ýyllara gabat gelýär.
[4] Gurtlar ýa-da kürtler bolmagy mümkin.

emirligini mongol beglerinden Baýynçara, Tuçkura we Dokuz Temire berdi. Sulamyşyň özi Rum esgerleriniň begler begisidi. Soltan Mesgudy Baltuýyň nökerligi töhmeti bilen işden boşatdylar. Rumuň soltanlygyny gardaşy Peramez ogly Alaeddin Keýkubada berdiler. Ol fasylýusyň ýanyndan onuň ilçileri bilen barypdy. Ol mongol begleriniň ylalaşygy bilen Ruma geldi. Ol gyş Rum sebitlerinde gaty sowuk bolup, galyň garlar düşdi. Ýollar ýapylyp, habarlar kesildi. Ile «Goşunyň hal-ýagdaýy üýtgäpdir. Hanyň diridigi mälim däldir» diýip habar ýaýratdylar. Soň Sulamyş bu başlangyç bilen Rumdaky mongol beglerinden Aktal, Daştemir we bir topar jemagat bilen birleşdi. Birden Baýynçar we Tuçkury tutdy we depeledi. Topalaňa we pitnä başlady. Etraplardan we gyrak-çetlerden goşun jemledi. Danyşment ilinde Gaz obada oturýan ekinçi (goraýjy) goşuny özüne tabyn etdi. Günäkär we kellekeserlerden hem sansyzyny üýşürdi. Welaýatlaryň baýlygyny we emlägini olara üleşdirdi. Şeýlelikde, elli müň atla ýakyn goşun onuň ýanynda jemlendi. Şam melikleri hem medet we ýardam üçin ýigrimi müň atly bereli diýip karar etdiler. Begleriň atlaryny ogry-jümrilere dakyp, olara sanjak we nagara berdi. Ýol baglanypdy. Han tarapyndan ilçiler we habarçylar gelmez boldular. Sulamyşyň tekepbirligi we men-menligi artdy. Ol habar Gazan hanyň mübärek gulagyna ýetdi. Ýekşenbe güni (dynçgün) 698-nji ýylyň jumadyl owwal (dört tirkeşigiň üçünjisi) aýynyň on ikinji gününde Gutlugşa begi bir bölek goşun bilen Sulamyşyň depine Diýarbekr ýolundan Ruma gönderdi. Çopan beg Bahadyr öňürti garawullyga gidipdi. Onuň ardyndan Gutlugşa begi we Suntaý begi goşun bilen gönderdi. Bahar paslynyň başynda iki goşun Arzynjandaky Akşäher obasynda duşuşdylar. 698-nji ýylyň rejep aýynyň ýigrimi dördünji gününde ol iki goşun arasynda uly jeň we söweş boldy. Ahyry Sulamyş synyp ýeňildi. Şam diýaryna ýüzlenip gaçdy. Galan goşunlary il bolup sygyndylar.

Begler ardyndan kowup, Sulamyşy tutdular. Indi biz Gazan han hekaýatyna dolanalyň.

Yslam patyşasy Gazan han Çuwkyn çemenliginden Bagdada garşy göç etdi. Sişenbe güni (ýaşgün) jumadyl owwal (dört tirkeşigiň üçünjisi) aýynyň ýigrimi birinji güninde Neýl şäherinde möminleriň emiri Alynyň (Allatagala ondan razy bolsun!) şehit bolan ýerine ugrady. Zyýarat etdi. Onuň müjewürlerini hormatlap, nygmatlar we sadakalar berdi.

Çarşenbe güni (hoşgün) jumadyl owwal (dört tirkeşigiň üçünjisi) aýynyň ýigrimi dokuzynjy gününde Müsür we Şam beglerinden bir bölegi Seýfeddin Gypjak, Seýfeddin Bektemir, Ilbegi, Azaryky Müsür patyşasy Laçyndan öýkeläp, üç ýüz atly bilen Gazan hanyň hyzmatyna ugrapdylar.

Rasyl Aýn şäherinde Laçynyň wakasy habaryny eşidipdirler. Puşman etdiler. Emma ol wagt puşmanlygyň peýdasy ýokdy. Çäresiz we bialaç Gazan hanyň hyzmatyna ýetdiler. Her zat babatda söz arz etdiler. Yslam patyşasy Gazan han jumadyl ahyr (dört tirkeşigiň dördünjisi) aýynyň üçünji gününde Bagdat şäherinde halypalar öýünde gondy. Penşenbe güni (sogapgün) şol aýyň on bäşinji gününde Bagdatdan göçüp meýdana ýüzlendi. Il bolan müsürlileriň içinden bir bölek jemagat Bula bilen gaçdylar. Bir bölek mongol goşuny olaryň ardyndan bardylar. Ýetdiler, uruşdylar, şamlylaryň köpüsi gyryldylar. Olaryň içinden Bula ýalňyz gaçdy we gutuldy. Ýedi adamy hem diri tutup getirdiler.

Şenbe güni (ruhgün) şagban (meret) aýynyň on dördünji gününde Baglagu Sürüji Rumdan: «Çopan beg we Başgyrt Sulamyşy ýeňdiler. Sulamyş az kişileri bolup gaçdy. Ähli goşunlary il bolup sygyndylar. Sulamyş bilen giden guşçy Ilçedaýyň gardaşy Alguýy depelediler. Arkatu noýan ogly Ykbaly we Daştemir Hytaýy tussag edip, getirýärler» diýip hoş habar getirdi. Yslam patyşasy Gazan han Sugurluk sebitlerinde Uly Guçanda gonupdy. Gurban Şirede Nuryn Aga Arrandan

dolanyp gelip ýetdi. Garyndaşlar biri-biriniň didarlaryny görüp şatlandylar we arkalandylar. Gurultaý we toý etmäge başladylar. Gurultaýdan boşanlaryndan soň, şagban (meret) aýynyň ýigrimi sekizinji gününde Ykbaly ýasaga ýetirdiler (öldürdiler). Çarşenbe güni (hoşgün) remezan (oraza) aýynyň ýigrimi dördünji gününde Rumdaky mongol beglerinden Sulamyş bilen bir bolan Gerze, Çerkez we Esentemiri öldürdiler. Penşenbe güni (sogapgün) şowwal (baýram) aýynyň on altynjy gününde yslam patyşasy Gazan han Atabaý noýan ogly Gutlugtemir begiň gyzy Keramun hatyny şerigat nikasy bilen aldy. Altmyş tümen mukdarynda pul galyň berdi. Gerdek etdi. Ony uly ordada Tokuz hatynyň ýerine belledi. Zülhijje (gurban) aýynyň başlarynda şazada Harbendä: «Horasana dolan we ol ýurdy düzet» diýip buýurdy.

Anna güni (annagün) zülhijje (gurban) aýynyň on dördünji gününde bagtyýar baýdak paýtagt Töwrizde düşledi. Sulamyşy Rumdan tussag edip eltdiler. Sişenbe güni (ýaşgün) zülhijje (gurban) aýynyň ýigrimi dokuzynjy gününde Sulamyşy Töwriz meýdanynda aýylganç halda depelediler. Nejis jesedini oda ýakyp, külüni ýele sowurdylar. Yslam patyşasy gözýara (trahoma) sebäbinden azap çekýärdi. Halk gözbasyny depi üçin ýüzärlik tütederdiler. Dileg bilen doga ederdiler.

## SOLTAN MESGUDYŇ DOGANOGLANY SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBAT IBN KEÝUMERSIŇ GALAN HEKAÝATY WE BILÄJUGYŇ GAZYLARYŇ MELIGI MERHUM OSMAN BEG IBN ÄRTOGRUL TARAPYNDAN BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Gazan han Rumuň soltanlygyny Feramerz ogly Alaeddin Keýkubada tabşyrdy. Alaeddin batyr we gaýduwsyz ýigitdi. Rumuň gozgalaňçylaryna geregi kibi temmi berdi. Garamanylar we Ermenek haramylary her gezek Ermenek

daglaryndan çykyp, il urmaga we haramlyga gelenlerinde, mongol we musulman bilen gije-gündiz diýmän, ýortup barardy. Ol ýardamsyzlary gyryp, heläk ederdi. Onuň zamanynda gozgalaňçylar we olara eýerýänleriň bir topary heläk boldy. Bir topary atlaryny we donlaryny üýtgedip, il arasyna ýaýrap gizlendiler. Iller, welaýatlar we ýollar olaryň şerinden aman boldular. Şeýlelikde, birnäçe wagt geçdi. Tatar hany Rumuň ýarsyny – Siwas, Konýa, Larynda, Kyr şäheri, Aksaraý, Kaýsaryýa we Enguryýa etraplaryny Soltan Mesgudy çykaranlaryndan soň alyp eýelediler. Ol ýerleri Alaeddin Keýkubatdan hem aldylar. Simre, Kastamonyýa, Sinop we Samsun etraplaryndan tä Yznyk, Garasy we Saryhan sebitlerine gelinçä Soltan Mesgudyň ogly Gazy Çelebä karar etdiler. Gazy Çelebi garamanylaryň we ol etrapdaky gozgalaňçylaryň şerini mongol begleri Larynda etrapynda durup dep edýärkä, özi Sinopda söweş gämilerini düzedip, hunhar reýisler[1] we söweşijiler bilen Gara deňiz kenarlarynda Çerkes, Rus we Kefe pereňlilerine garşy söweş etmäge meşgul bolýardy.

Bu wagtda Üç[2] tarapyndan: «Gaýydan Ärtogrul ogly Osman begi Üçdäki türk begi düýrülip, gurultaý edip, oguz töresini soraşyp, han dikdiler» diýip, habar geldi. Ol hekaýat bu görnüşdedir:

Oguzyň her boýundan bolan Üçdäki türk begleri Üç etraplarynda tatarlaryň şerinden gorkup, ýazlarlardy we gyşlarlardy. Wagtyň geçmegi bilen garşy-garşy tatardan ynjanlar Üçe gelip köpeldiler. Ärtogrul bugdanylar türkleriniň beglerini basyp depeläpdi. Iki bölek türklere we olara höküm ederlerdi. Şeýlelikde, ol illeriniň we kethudalary jem bolup, Osman begiň ýanyna geldiler. Maslahat etdiler. Köp

---

[1] Reýis – kiçi söweş gämileriniň serkerdesi.

[2] Üç – bu söz aslynda uç sözünden bolup, köplenç serhetýaka etraplary manysyny hem berýär.

çekeleşikden soňra sözleriniň ygtyýary bu boldy. Ýagny aýtdylar:

– Gaýy han hut ähli Oguz boýlarynyň Oguzdan soňra agalary we hanlarydy. Gün hanyň wesýeti we Oguz töresi esasynda hanlyk we patyşalyk Gaýy boýy barka özge boý hanlarynyň urugana hanlyk we patyşalyk degmez. Mundan soň Seljuk soltanlaryndan bize çäre we medet ýokdur. Ýurduň köpüsi ellerinden çykdy. Tatar özlerine geregi kibi eýe boldy. Merhum Soltan Alaeddinden hem size sapa (päk) nazar olmuşdyr. Siz han boluň we biz gullar soltanymyzyň hyzmatynda bu tarapa (mongollara garşy) söweşe meşgul bolalyň.

Osman beg hem kabul etdi. Soň hemmesi ör turup, Oguz resmine görä üç gezek egilip, baş ýere goýdylar. Ol wagtlarda Oguz töresinden galany bardy. Häzirki kibi köpçülikleýin unudylmandy. Dürli obalardan aýran getirdip, Osman begiň saglygyna bulgurlar göterdiler. Içip çawuşlar «Saglyk-salamatlyk we patyşalyk mübärek bolsun» diýip doga we senalar kyldylar. Ol ýerden toparlary bilen göçüp, Belajuk (Bilejik) galasy üstüne bardylar. 699-njy ýylda Osman beg Biläjugy basyp aldy. Onuň gazawatynyň we söweşiniň çawy Rum, Şam we Ajam yklymlaryna ýaýrady. Her tarapdan alymlar we bilimdarlar Osman iline geldiler. Soltan Mesgudyň oglanlary hem Simrada görüpleriň we garşydaşlaryň şerinden betbagtçylyga uçradylar. Gün-günden Osman we Garasy iline şeýle-de ol wagt Leşgeri ili atlandyrylýan Aýdyň etrapyna göç yzyndan göç edip, türk öýleri gelip durarlardy. Rum ilinde, Dubruja ilinde ýurt tutunan musulmanlar hem gäwürden çekinip, göçüp Garasy iline geçdiler. Wessalam.

## YSLAM PATYŞASY GAZAN HANYŇ ŞAM WE MÜSÜR TARAPYNA ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ, MÜSÜRLILERIŇ SÖWEŞ ETMEGINIŇ, OLARYŇ ÝEŇILMEGINIŇ WE ŞAM WELAÝATYNYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Yslam patyşasy Gazan hanyň Töwrize gelen günlerinde biri-biriniň yzyndan ilçiler Rum we Diýarbekr tarapyndan gelip habar berdiler: «Şamlylar, garamanlylaryň azdyrmagy bilen Rum serhedine, Diýarbekr sebitlerine gelip, urgun-çapgyn edýärler. Ýollary basýarlar we göwünleri ýykýarlar. Musulmanlara azar berýärler. Mardini gabadylar. Musulmanlardan köp ýesir aldylar. Remezan (oraza) aýynda metjitlerde gyzlaryna el uzadyp, bozgakçylyklar etdiler. Käbirleri şerap hem içdiler. Musulmanlar olara:

– Siz musulmanlardyrsyňyz, remezan (oraza) aýynda munuň kibi bozgaklygy nä sebäpden edýärsiňiz? – diýdiler.

Olar:

– Tatar munuň kibi iş eder. Biz hem etsek näme bolar? – diýip jogap berdiler.

Musulmanlar aýtdylar:

– Eger tatar bu işi edýän bolsalar, kapyrdyr, şonuň üçin edýändirler. Siz musulmandyrys diýip, dawa edýärsiňiz – diýdiler. Bulara söz peýda etmedi. Mardiniň şäherini we welaýatyny çapawullyk edip taladylar. Mardin galasy olaryň şerinden aman galdy. Ondan göçüp Deýbusara bardylar we ony hem şonuň ýaly etdiler. Rasyl Aýnda hem şonuň ýaly etmek islediler. Onuň halky batyr we gaýduwsyz esgerlerdi. Şäherleriň köçeleri dardy. [Şonuň üçin] geregiçe söweş edip, şamlylary şähere goýbermediler. Şäheriň daşyndan dowar we hernäme tapsalar aldylar we döndüler. Musulmanlaryň

kilimlerini we perdelerini[1] Halaba eltip, kimsini sowgat berdiler, kimsini bolsa sähel baha satdylar.

Bu habar yslam patyşasy Gazan hanyň mübärek gulagyna ýetende, örän gazapdan we musulmanlyk namysyndan joşa gelip gaharlandy. Ol talaňçylaryň şerini dep etmegi özüne borç bildi. Ondan soň adamlardan we yslam alymlaryndan pitwa talap etdi. Ähli din ymamlary: «Olaryň şerini musulmanlaryň ýurdundan dep etmeklik yslam patyşasynyň hümmetli borjuna lazymdyr» diýip pitwa berdiler. Soň buýrugyna görä, goşunlar jem boldular. Begleri maslahat esasynda sagdan-soldan rowana kyldy. Bagtyýar baýdak anna güni (annagün) 699[2]-njy ýylyň muharram (aşyr) aýynyň on dokuzynjy gününde Şam ýörişine paýtagt Töwrizden hereket etdi. Ertesi Maraga şäheriň daşyndan göç etmegi buýurdy we Dehhihargan diýilýän ýerden, Nuryn Agany dönderip, ýene Arrana iberdi. Sapar aýynyň onunjy gününde Şat suwuny geçdi. Keşaf galasynyň garşysynda düşledi. Sapar aýynyň on dördünji gününde, sişenbe güni (ýaşgün) bile gelen hatynlar Mosul şäherinden hoşlaşyp döndiler. Duşenbe güni (başgün) sapar aýynyň 25-nji gününde Nasybeýi sebitlerine ýetdiler. Jüpbe geýdirip, goşuny arz etdiler (görkezdiler). Duşenbe güni (başgün) şol aýyň ýigrimi ýedinji gününde Gutlugşa noýany goşun bilen öňürti gönderdi. Sişenbe güni (ýaşgün) rabygul owwal (dört tirkeşigiň birinjisi) aýynyň on ikinji gününde Fyrat suwuny mübäreklik bilen Jagbar we Syffyn barabaryndan geçdi. «Olaryň aralaryna agzalalyk düşüpdir» diýip, ýagylardan hoş habar geldi. Rabygyl owwal aýynyň on ýedinji gününde, ýekşenbe güni (dynçgün) bagtyýar baýdak Halap şäherine ýetişdi. Ol ýerden göç edip, ýolda bitmiş tahyllara[3] ugradylar. Goşun halky we esgerler: «Atymyza gök tahyl iýdireris» diýip, begendiler.

[1] Bu ýerde gelin-gyzlar göz öňünde tutulýan bolsa gerek.
[2] Milady ýyl hasaby boýunça 1299-njy ýyla gabat gelýär.
[3] Ösümlik ady.

Yslam şasy atynyň uýanyny dönderdi. Tarlalaryň (ekin meýdanlarynyň) kenaryndan ýörip, ekin içinden daşyna çykdy we: «Her kişi bu tahyldan[1], şeýle-de indiki ýetjek tahyldan atyny iýdirse, ony ýasaga ýetirsinler. Çünki adamyň naharyny haýwana iýdirmek rowa däldir» diýdi.

Sişenbe güni (ýaşgün) rabygyl owwal (dört tirkeşigiň 1nji aýy) aýynyň on dokuzynjy gününde Sermeniýä ýetdiler. Mogultaý Açajy bir bölek gypjak nökerleri bilen gaçdy. Duşenbe güni (başgün) rabygul owwal (dört tirkeşigiň birinjisi) aýynyň ýigrimi bäşinji gününde Hama şäherinden geçdi we Selemiýä barabarynda gondy. Onda ýagynyň garawullary göründi. Yslam patyşasy öz goşunynyň esgerlerini gapyl we söweş taýýarlygyny unudan ýagdaýynda gördi. Söweş we uruş ýerlerini ätiýaçlyk bilen gözegçilik kylmak we ýagynyň ýagdaýlaryndan habarly bolmak üçin mübäreklik bilen batyrlar topary bilen atlandy. Buýrugyna görä, goşuna ýagy ýetdi diýip, çaw[2] ýaýratdylar. Esgerlere güpürdi düşdi. Ähli jüpbe we ýarag tertibine meşgul bolup, ýaraglandylar. Ondan soňra Çopan beg garawuldan dönüp geldi. Ol: «Ýagy gelmändir diýip, habar berdi hem-de:

– Bu çawdan maksat şudy, ýagny ýaga ýakyn ýetdik. Gapyl bolmaň, ýaragyňyz bilen söweşe häzir we taýýar boluň diýmekdir» diýip aýtdy. Çopan beg her tarapyň ätiýaçlygyny görüp, müsürlileriň Mengu Timur zamanynda ornaşan ýerlerinde ýene-de ornaşyp, ýeriň gowusyny eýeländigini bilipdi.

Biziň goşuna gowy düşleg ýer galmandyr.

Olaryň çäresini we alajyny niçik göreris – diýdi. Olaryň garşysyna barabarlygynda gonman, eýsem, özleriniň sol goluna, ýagny olaryň sag goly tarapyna öwrüm etmeli – diýen

---

[1] Tahyl – köplenç ýagdaýda bişen bugdaýa aýdylýar.

[2] Çaw (saw) – habar. Bu sözüň asly «sawçy» sözünde saklanyp galypdyr.

maslahata geldiler. Çarşenbe güni (hoşgün) rabygul owwal (dört tirkeşigiň birinjisi) aýynyň ýigrimi ýedinji gününde Hymsşäheriniň üç parsah uzaklygynda suw kenarynda gondy. Üç güne ýetjek mukdaryndaky suwy götermeklerini, duşmanlaryň çäreleriniň we niýetleriniň synyp, çäresiz ýüzlerini yzyna öwürerleri ýaly, beýewan we çöl ýolundan olaryň yzyndan öwrülip barmaklaryny buýruk berdi. Soň goşun suw götermäge meşgul boldular. Müsür goşuny: «Mongol goşuny gaçmak şaýyny tutýarlar» diýip hasapladylar. Penşenbe güni (sogapgün) söweş etmekligi karar edipdiler. Olar: «Mongol goşuny gaçar» diýen wehim bilen atlanyp, garşysyna geldiler. Yslam patyşasy Gazan han ýagynyň gelmeginden habardar bolanda, ähli goşun bilen dileg edip, iki rekagat namaz okady. Nalyş bilen Haktagaladan ýeňiş diläp, doga etdi. Soň atlandylar. Taýýar duran goşun bilen duşmanyň barabaryna bardy. Sag goluň başynda Möwlaý beg durdy. Ondan soňra emirzada Satylmyş, ondan soňra Gutlugşa beg, ondan soňra Ýümün we Mürtet durdy. Her biri öz tümenleri bilen durdy. Yslam patyşasy tüpde (merkezde) dag ýaly bolup, haýbatly durdy. Tünüň (merkeziň) öňünde Çopan beg sag gola ýakynrak bolup durdy. Ondan soň Uly Goluň eý oglanlaryndan bolan Sügürçi Açar ogly Togrulça, ondan soňra Ilbasmyş, Çeçek we Aly Ynak ogly Gurumyşy, ählisinden soňra yzky toparyň başy Gürbuka Bahadyr durdy. Goşun doly atlanyp, hatarlar düzülmezinden öň şamlylar söweşe başlapdylar. Çünki, özleriniň jüpbe, ýarag we atlarynyň gowudygyna örän arkaýynlanypdylar. Mongolyň köplüginden ätiýaç kylman, atlarynyň goraglydygyna külekleriniň gatydygyna[1] bakyp, äsgermezçilik edip serederdiler. Emma aýagy bilen ýylan guýrugyny basyp, ellerini tiken üstüne goýandyklaryny bilmeýärdiler. Gutlugşa noýanyň buýrugy bilen tebiller

[1] Göçme manyda ulanyp, berk we düzgün-nyzamlygyny aňladýar.

çalyndy. Müsürliler patyşa şol hataryň içindedir öýdüp, hemmesi şol hatara hemle kyldylar. Müň-müň bolup, biri-biriniň yzyndan gelerlerdi. Hatarlary böwsüp, batyrlary agtarardylar. Emiriň toparyndan örän köp adam gyryldylar we ýaraly boldular. Emir bir bölek atly bilen patyşanyň hyzmatyna bardy. Müsürliler Mengu Timur zamanyndaky usullary bilen Mühennä arabyndan Isa Mühennäni 5 müň arap atlysy bilen bukuda goýdular. Yslam patyşasy ol ýagdaýdan habarly bolup, Gürbukany 5 müň atly mongol bilen goşunyň yzyny saklamak üçin ol ýere goýberdi. Söweş wagtynda birden, goşunyň yzyndan basmak üçin arap goşuny bukudan çykdylar. Gürbuka garşylaryna at segredip, ähलisini dargatdy. Yslam patyşasy Wadyýy eýmenden[1] «Gorkmagyl sen ol, zalym kowumyndan halas tapdyň»[2] diýen owaz eşitdi. Ol hoş habary eşitmegi bilen yslam patyşasynyň mübärek durkunda kuwwat peýda boldy. Kagan arslan kibi arlap söweşe girdi. Saplary we hatarlary ýaryp, naýza bilen batyrlary atdan agdarardy. Nagra urdy. Gaharlanyp goşuna «Ähliňiz atdan düşüp, ok ýagdyryň!» diýip gygyrdy. Ýene atlanyp, şamlylara türk çozuşyny etdiler, ýagny bir gezden üstlerine at segretdiler. Gürzi bilen jüpbelerini we eşiklerini, döwe-döwe süňklerini kül etdiler. Guşluk wagtyndan agşama çenli söweş dowam etdi. Ahyry müsürliler gaçdylar. Uruşdan boşadylar.

Şol wagt Rumdan Sis tekurynyň ýanyna baran Anyşka Sisiň tekuryny 5 müň atly bilen alyp, patyşanyň ýanyna bardy. Yslam patyşasy müsürlileriň yzyndan garama-gara Hymsa ýetinçä gitdiler. Şäherden bir parsah daşlykda gondular. Hyms şäheriniň şäher we gala ilaty il boldular. Ýekşenbe güni (dynçgün) rabygul ahyr (dört tirkeşigiň ikinjisi) aýynyň ikinji gününde Müsür soltanynyň ele düşen hazynasyny getirdiler.

[1] Mukaddes ýer, Kengan topragy şeýle-de Haktagalanyň owazynyň Musa pygambere ýeten ýeri.

[2] Gurhanyň 28-nji süresiniň 25-nji aýaty.

Beglere paýladylar. Begleriň köpüsine Müsür soltanynyň kaftanlaryndan halat geýdirdi. Ol ýeňşiň buşlugy üçin paýtagt Töwrize we ýurt etraplaryna ilçiler gönderdi. Ertesi Dymyşk (Damask) tarapa göç etmegi buýurdy. Penşenbe güni (sogapgün) rabygul ahyryň (dört tirkeşigiň ikinjisi) 6-njy gününde Dymyşk şäheriniň begleri, ululary we han begleri garşylamaga geldiler. Il bolup häkim dilediler. Gutlugýary olara häkim edip belledi. Rabygul ahyr (dört tirkeşigiň ikinjisi) aýynyň dokuzynjy gününde Dymyşk eteginde Muruh Rahatda düşlemegi buýurdy. Ähli Dymyşk ilaty gullugyna taýyn boldular. Ol hezretiň döwletiniň saýasyna penalandylar. Yslam patyşasy olardan sorady:

– Men kimdirin?

Agzybirlik bilen gygyryp aýtdylar:

– Şa Gazan ibn Argun han ibn Abaka han ibn Hulagu han ibn Tuluň han ibn Çingiz han.

Ondan soň olardan ýene sorady:

– Melik Nasyryň atasy kimdir?

Aýtdylar:

– Ulubeg[1].

Sorady:

– Ulubegiň atasy kim?

Hemmesi jogapdan ejiz gelip, dymdylar.

Älem halkyna ol kowumyň[2] soltanlarynyň soltanlygy birleşik (ylalaşyk) esasynda bolup, hakly (hak-hukukly) soltan däldigi, olaryň ählisiniň Yslam patyşasynyň ata-babalarynyň we urugynyň gullarynyň oglanlaryndandygy mälim boldy. Bu sözüň manysy şeýledir, ýagny, Çingiz han we ogullary Türküstandan çykyp, älem yklymlaryny tabyn eden wagtlarynda Deşti gypjagy hem tabyn edipdiler. Jeň we

---

[1] Asyl nusgada «Ulybeý» görnüşinde berlen.

[2] Melik Nasyryň ata-babalary we uruglary göz öňünde tutulýar.

üstünlik bilen ol ýerleri basyp alanlarynda Gypjak taýpalarynyň diri galanlary Çingiz urugynyň inçuleri, ýagny ýesirleri we gullary boldular. Bu zamana çenli heniz Deşti gypjak yklymynda ol kanun ýöreýärdi, ýagny Gypjak we gaýry ýesirleri ogul-ogla gul edinerler, satarlar. Ýakyn zamana çenli Şamda we Müsürde gypjak oglanlaryndan satyn alyp, esgerlik tälimini öwrederdiler.

Yslam patyşasy olara aýtdy:

– Siziň dirileriňizden haýyr ýokdur, belki ölüleriňizde köp haýyr we bereket bardyr. Siz nadanlaryň günäsini şol ägä bolup duran ölülere ululara bagyşladym.

Dymyşk halky örän şatlanyp goldaw tapyndylar. Patyşa döwletine doga kyldylar.

Rabygul ahyr (dört tirkeşigiň ikinjisi) aýynyň 12-nji gününde patyşa Dymyşkyň meýdanyna gezelenje bardy. Örän gowy we horram şäherdigini gördi. Ony saklamagy wajyp hasaplady. Bir bölek goragçylary Babytuma gapysynda goýdy we buýurdy:

– Goşun şähere girip, halkyna azap etmez ýaly, ýedi gapyny hem açmasynlar.

Ýene-de buýurdy:

– Goşundan hiç kim baglara we bossanlara girip, zyýan ýetirmesin we gezmesin.

Dymyşgyň begler begi Gypjak beg tabynlyk görkezip we il bolup han hezretine gelipdi. Dymyşgyň begligini ýene oňa tabşyrdy. Şihneligini Gutly baýa, diwanhana we maliýe eýeçiligini we goragyny öňki esasa görä, Seýit Zeýneddin we Fahreddin ibn Şerihä tabşyrdy. Düzgünleşen we adat edilen kada boýunça jemläp, harç edilişini ýazyp, hasabyny görkezmeklerini tabşyrdy. Eger ýurt we baýlyk işlerinde olaryň bir kynçylygy ýa möhümi bolsa, ýazyp, köşge, wezirlere arz etmegi tabşyrdy. Müsür soltanlarynyň hyzmatkärlerinden ol ýerdäki bir topar hazyna we goşun ýazyjylarynyň ählisine

mähribanlyk görkezdiler. Olar soň mydama patyşanyň hyzmatynda boldular.

Begler arz etdiler:

– Dymyşgyň gala ilaty tabyn bolmadylar. Şäher halkynyň göwünleri hem biziň bilen rast däldir. Maslahat şeýle: ýagny, şäheri urup, urgun we çapgyn edeliň.

Ähli begler bir dil boldular. Ol sebäpli şäher halkyna howsala we perişanlyk ýol tapdy. Yslam patyşasy rehim etmeklerini buýurdy, ol pikiri oňlamady we buýurdy:

– Hiç jandar şäher halkyna ezýet we jebir bermesin. Goşundan kimse şähere girjek bolsa, diwandan belli edilen hat bolýança, şähere girmäge düýbünden ýol bermesinler.

Sişenbe güni (ýaşgün), aýyň on sekizinji gününde «Baglaryň içine girip, aýlanyp, manjanyga laýyk boljak agaçlary galany basyp almak üçin kesmeli» diýen permana arkalanyp, bir bölek kötelçiler, ermeniler, gürjüler we dinsizler özlerini şol perman bahanasy bilen Salyhyýa dagyna atdylar we gyryp-çapyp talaň etdiler. Yslam patyşasy ol wakadan habarly bolup, örän gaharlandy. Derrew Gopçy ogly Argyna buýurdy:

– Salyhyýa dagyna baryp, ondaky musulmanlary sakla (gora). Ol ýerde talaňçylyk edenleri ýasaga ýetirip, heläk et.

Ol şol ýere ýetende olar haraplyk edip, dargapdylar. Gelip arz etdi. Patyşanyň buýrugyna görä gürji we ermenileriň çadyrlaryny barladylar. Alan ýesirlerini ellerinden alyp goýberdiler. Olaryň birküç sanysyna ýasaga ýetirdiler (öldürdiler). Şenbe güni (ruhgün), rabygul ahyr (dört tirkeşigiň ikinjisi) aýynyň 9-njy gününde ýeňlen müsürlileriň yzyndan Gazzyýa çenli giden Möwlaý beg dönüp geldi. Howa gyzyp başlapdy. Patyşa topalaňçy gala halkyna üns bermedi.

Şenbe güni (ruhgün) jumadyl owwal (dört tirkrşikleriň üçünjisi) aýynyň 13-nji gününde Dymyşkdan yzyna dolandy. Ýaz bolanda gelmekleri üçin Gutlugşany we Çopan begi ol ýeriň goragy üçin goýdy. Möwlaý bege köp goşun bilen ýaz

aýlarynda ol ýerde bol – diýip buýurdy. Nasyreddin Ýahýany Gypjaga nökerlige belledi. Hyzmata gelen Bekdemiriň we Ilbegiň her birini bir mynasyp işe belledi. Ahyry olar we Gypjak yslam patyşasynyň nygmat we terbiýesi hakyny unutdylar. Gapma-garşylykly habarlar ile ýaýradyp, Möwlaý begiň we ol jemagatyň yzyna dolanmaklaryna sebäp boldular. Şeýlelikde, yslam patyşasy çarşenbe güni (hoşgün) jumadyl owwal (dört tirkreşikleriň üçünjisi) aýynyň 24-nji gününde Jagfar galasynyň deňinde Fyratdan, özüniň oýlap saldyran köprüsiniň üstünden geçdi. Ol gün öz agrygyna[1] ýetdi. Sanjar sebitlerinde hatynlaryna gowuşdy. Kerman ilçileri gelip, Mahmyt şanyň we toparlarynyň ýagy bolup, älem alymy, Hyrat kazysy Möwlana Fahreddini we ogullaryny öldürendiklerini, goparan pitnelerini patyşa arz etdiler.

Sişenbe güni (ýaşgün) jumadyl ahyr (dört tirkeşigiň dördünjisi) aýynyň 15-nji gününde Mosul şäherine gelip ýetdi.

Ýekşenbe güni (dynçgün) rejep aýynyň 5-nji gününde Gutlugşa noýan Şamdan dönüp geldi. Gypjak we nökerleriniň garşylygyny arz etdi. Yslam patyşasy şagban (meret) aýynyň başynda Dejle[2] derýasyndan geçdi.

Şagban (meret) aýynyň 17-nji gününde Möwlaý beg Dymyşkdan dönüp geldi.

Sişenbe güni (ýaşgün) remezan (oraza) aýynyň 15-nji gününde bagtyýar baýdak Maragada düşledi. Ikinji gün düzülen rasathanany (obserwatoriýany) görmäge we tomaşa etmäge bardy. Ol rasathananyň (obserwatoriýanyň) ähli guraldyr enjamlaryna we işlerine nazar saldy. Ählisini pikir we sabyr bilen gördi. Her biriniň ýagdaýyndan sowal kyldy. Onuň inçelikleriniň örän kyndygyna garamazdan, köpüsine düşündi hem-de Töwrizde özüniň gümmeziniň ýanynda hem birküç

---

[1] Agryk – aýal oglan-uşaklarynyň we goş-golamlarynyň duran ýeri.

[2] Dejle – Tigr derýasy.

amala mahsus bir rasathanany (obserwatoriýany) düzmelidiklerini buýurdy. Soňra ol işleriň ýagdaýyny açyk beýan bilen gürrüň etdi.

Şol sebäpli ol ýerdäki duran hekimler onuň aňynyň güýçlüligine haýran galdylar. Çünki, onuň kibi amal hiç bir zamanda etmändirler. Hekimler aýtdylar:

– Ony düzmeklik örän kyndyr.

Olara tälim we dogry ýol görkezdi. Olar synag gözi bilen işe başladylar. Onuň tälimi mynasybetli işi bitirdiler. Olar hem şonuň ýaly-da ähli ussat ymaratçylar hem onuň ýaly rasathanany (obserwatoriýany) hiç kimiň düzmändigini ykrar edendirler. Soňra ol ýerden göçüp Ujana geldi.

Sişenbe güni (ýaşgün) şowwal (baýram) aýynyň 24-nji gününde gurultaý geçirmäge başladylar.

Şenbe güni (ruhgün) zülhijje (gurban) aýynyň üçünji gününde şazada Uljuw Ujanda wepat boldy. Alyp Töwrize eltdiler. Uly gümmezde depin etdiler.

Zülhijje (gurban) aýynyň 6-njy gününde şazada Harbendä Horasana dolanmaga rugsat berdi. Özi mübäreklik bilen paýtagt Töwrize ugrady. Her gün beýik gümmezli ymarata barardy. Wessalam.

## GAZAN HANYŇ OL DÖWÜRDE IKINJI GEZEK ŞAM WE MÜSÜR TARAPYNA UGRAMAGYNYŇ HEKAÝATY

Yslam patyşasy Töwrize girende ýene Şam diýaryna ýörişe karar etdi.

Duşenbe güni (başgün) 700[1]-nji ýylyň muharram (aşyr) aýynyň başynda Gutlugşa begi köp goşun bilen öňürti Şama garşy iberdi. Bagtyýar baýdak şol aýyň 15-nji gününde

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1300-nji ýyla gabat gelýär.

Töwrizden çykdy. Sapar aýynyň 3-nji gününde Nuryn Agany Çagatuwdan Arrana barmak üçin yzyna dönderdi.

Rabygul owwal (dört tirkeşigiň birinjisi) aýynyň 4-nji gününde mübäreklik bilen Mosul şäherine ýetişdi. Iki-üç gün ol ýerde aýşy-eşrete meşgul boldular. Soňra Utumiri sebitlerinde münejjimleriň ygtyýary bilen mübärek sagatda atlandy.

Beglerden Çopan begi we Möwlaý begi öňürti iberdi. Mübärek şanyň gyzy Toganşa hatyn Sanjar sebitlerinde rabygul ahyr (dört tirkeşigiň ikinjisi) aýynyň altynjy gününde wepat boldy. Hoşlaşyk üçin bile baran hatynlar Rasyl Aýn sebitlerinden yzyna dolandylar.

Rabygul ahyr (dört tirkeşigiň ikinjisi) aýynyň 12-nji gününde Şüňkar öňden barýan goşundan dönüp geldi we:

– Biziň garawulymyzdan Gybyrtu birküç atly bilen Güýçlük atly şamlylyryň garawulbaşysynyň üstüne depdiler. Olardan bir belli beg ele düşdi – diýip, habar getirdi.

Yslam patyşasy sapar aýynyň ýedinji gününde Fyrat suwundan Jagbar we Syffyn töwereklerinden Şam tarapa geçdi.

Sişenbe güni (ýaşgün) şol aýyň ýigrimi birinji gününde Halaba ýakyn Hyýuk atly ýeriň Ýujrek diýen ýerinde gondy. Gybyrtu batyr ýene gelip ýetdi. Şam goşunlaryndan birküç sany nökeri tussag edip getirdi.

Şol aýyň 27-nji gününde «Ýagy gelip ýetdi» diýen habar we howsala ýaýrady. Permana görä goşun bir demde atlandy. Soňra habaryň ýalandygy mälim boldy. Ýene atdan düşdüler.

Jumadyl owwal (dört tirkeşigiň üçünjisi) aýynyň 5-nji gününde göçüp, Halapdan geçip daň wagtynda Halabyň derýasy bolan Guty suwunyň kenarynda gondular.

Şol aýyň 7-nji gününde Kansaryn atly ýeriň barabarynda düşlediler. Ýagydan hiç bir habar bilmeýärdiler. Müsür soltany gorkusyndan Müsürden daşary çykmady. Yslam patyşasy musulmanlara merhemet edip, öňe ýöremedi. Gutlugşaha goşun bilen Sermin atly ýerde garaşmagy buýurdy. Ol gyş gaý

we ýagmyr köp boldy. Tötänden Rumdan baran Suwbaý beg we birnäçe esger we sawçy (ilçi) bilelikde bir ýaramaz ýere gonupdylar. Birden uly gaý we ýagmyr ýagyp, gaty sowuk, palçyk we çalpawlyk boldy. Ol iki beg biri-birine ulaşmadylar. Atdyr dowarlaryndan örän köp ulagdyr gatyrlar palçykda we sowukda heläk boldy. Patyşa Möwlaý begi bir tümen goşun bilen olary palçykdan çykarmak üçin gönderdi. Ol ýere ýetenlerinde, müň hile bilen zordan çykyp bildiler.

Patyşa jumadyl owwal (dört tirkeşigiň üçünjisi) aýynyň 22-nji gününde yzyna dolandy. Rakka şäheriniň barabarynda guran köprüsiniň üstünden geçdi. Ammar ibn Ýasyra we Syffyn şäheriniň şehitlerine zyýarat etdi.

Şenbe güni (ruhgün) jumadyl ahyr (dört tirkeşigiň dördünjisi) aýynyň 15-nji gününde Sanjar şäheriniň aşak ýanynda hatynlaryna we ordalaryna ulaşdy.

Rabygul ahyr (dört tirkeşigiň ikinjisi) aýynyň ahyrynda Bulargu ogly Satylmyş Keşaf sebitlerinde wepat boldy. Patyşa onuň wakasyny (ölümini) eşidip, örän gynandy.

Penşenbe güni (sogapgün) rejep aýynyň 11-nji gününde Soltan Bisawul Şamdan geldi.

Rejep aýynyň ortasynda Gutlugşa hem dönüp geldi. Birküç gün ol sebitlerde eşrete, şatlyga we awa meşgul boldular. Yslam patyşasy bir gün bir keýik üstüne at saldy. Ol keýige bir ok atdy. Ok degmedik kibi göründi. Keýik ýykyldy. Hyzmatyndakylar at segredip, nazar saldylar. Baryp görseler, ol keýige okdan dokuz ýara düşüpdir. Ähli halaýyk ony görüp ol dokuz ýaranyň nähili peýda bolandygyndan habarly boldular. Ol ok şeýle ok bolup, mongollar oňa tune diýerdiler. Onuň demiri üç dişli bolup, örän ýitidir. Ol keýik gaçýan wagtynda ýokary böküp, dört aýagy bir ýere ýygnanan wagtynda ok degipdir. Dört aýagy bilelikde ýaradar bolup, ondan geçip garnyna we göwsüne, öň aýagynyň goltugyna we bokurdagyna ýetip, boýnundan ötüp [aňyrsyndan] çykypdyr.

Kepilligi rowaýatçynyň boýnunadyr. Bu wakadan Bährem Gur hekaýaty ýada düşýär. Ol keýik aýagy bilen gulagynyň düýbüni gaşaýarka ok bilen urupdyr. Halaýyk oňa geň galyp kitaplarda we diwarlarda nagyş edipdir. 1500 ýyldan soňra, bu hem onuň eden işini gaýtalady. Bu ýagdaýy 2000 adamdan köp halk gördi.

Çarşenbe güni (hoşgün) şagban (meret) aýynyň 23-nji gününde Juçy ulusynyň patyşasy Toktaý hanyň ilçileri gelip ýetdiler. Elini öpmek hormatyna eýe bolup, tizden dolandylar.

Çarşenbe güni (hoşgün) şagban (meret) aýynyň ahyrynda Dejleden geçdi. Ýolda ondan öň kürtler dürli ýoknasyzlyklar we edepsizlikler edipdiler. Buýrugyna görä, olary tutup getirdiler. Ol ýollarda we derbentlerde bozgaklyk edenleriň ählisini ýasaga ýetirdiler (öldürdiler).

Remezan (oraza) aýynyň 24-nji gününden yslam şasy Ujanda düşledi. Wessalam.

## YSLAM PATYŞASY GAZAN HANYŇ ALA DAG ÝAÝLAGYNA WE OL ÝERDEN NAHÇUWAN ÝOLY BILEN ARRAN GYŞLAGYNA GIDIŞINIŇ WE MÜSÜRE GIDEN ILÇILERIŇ GELMEGINIŇ HEKAÝATY

Bagtyýar baýdak çarşenbe güni (hoşgün) 701-nji ýylyň muharram (aşyr) aýynyň ortasynda Ala dag ýaýlasyna göçdi. Şol aýyň 27-nji gününde Gutlugşa noýan goşun bilen Diýarbekr ýörişine Maraga tarap rowana boldy. Yslam patyşasy penşenbe güni (sogapgün), sapar aýynyň ikinji gününde Ala dagda ýaýlag üçin taýýar edilen saraýyna düşledi.

Ýekşenbe güni (dynçgün) rabygul owwal (dört tirkeşigiň birinjisi) aýynyň 2-nji gününde Ala dagdan Arrana hereket etdi.

— Gutlugşa beg Diýarbekrden dönüp gelsin – diýip, perman boldy.

Şenbe güni (ruhgün) rabygul ahyr (dört tirkeşigiň ikinjisi) aýynyň 16-njy gününde Müsüre ilçilige giden Kazy Kemaleddin Mosuly we Aly Hoja geldiler. Ordalar Garabag we Arran ýurtlarynda düşlänlerinde yslam patyşasy ol ýerden köp saklanmady. Şirwan we Legzistan daglaryna awa gitdi. Birküç gün onda aw awlamak bilen meşgul boldy. Ol ýerde kuwkuw[1] awlamak üçin Käwbary tarapyna ugradylar. Bir müddet onda guş we balyk awuna meşgul boldular. Ondan patyşanyň «Guşgoýun» diýip atlandyran Hylzy sebitine gondy. Ol derýa kenary Bermeki sebitlerine çenli uzalyp, durnalar we dürli guşlar gyşlakdan dönüp, ýazlaga gidenlerinde ählisi ol ýerden geçerdiler. Ol ýer Derbent şäherine ýakyndyr. Bagtyýar baýdak ol sebitlere ýetende, Juçy ulusynyň patyşasy Tokýaý[2] han gaçdy. Onuň Derbent tarapyna ýakyn bolan şazadalary we begleri:

– Patyşa ol tarapa ugrandyr – diýen guman bilen ürküp gaçdylar we Itil suwundan geçdiler. Bir müddetden soňra olar gümanlarynyň tersine bolandygyny bilip, ýene o tarapdan we bu tarapdan täjirler we bezirgenler baryş-geliş etmäge başladylar. Ol wagtdan soňra niçe müddetler ýagy we duşman bolup, Elburs daglarynda gizlenen tamam Legzistan[3] begleriniň özleri tabyn bolup, öz islegleri bilen il boldular. Yhlas bilen patyşa hyzmatyna ýüzlenip, elini öpmek hormatyna mynasyp boldular. Tabyn we boýun bolup, Azerbaýjan welaýatlaryndan gaçyp, Elburs dagynyň derelerinde mekan tutup, ogurlyk, haramylyk we ýol urmak bilen meşgul bolýan ogrularyň, kellekeserleriň we haramylaryň ählisini tutup getirdiler. Baryny gylyjyň tygyndan geçirdiler. Täjirler we raýat olaryň şerinden aman boldular.

---

[1] Kuwkuw - gumry ýa-da şoňa meňzeýän guş bolup, eti sandyrama, ysmaz we agzalarda näsazlyk ýüze çykanda derman üçin ulanylýar.

[2] Asyl nusgada şeýle, emma, ýokarda Toktaý görnüşinde berlipdi.

[3] Lezgi bolmaly. Emma asyl nusgada «legzi» ýazylypdyr.

Ol sebitlerden dolanyp, Bilsuwar we Hemeşähre atly ýerde ordalaryna düşlemegi buýurdy. Ondan Talyşlar we Ispehbet welaýatlarynyň ýolundan Talyşystan daglaryna aw etmäge ugrady. Ol daglarda bir günlük mukdary ýere söwünler (sütünler) dikip, çetden iki diwar gurmaklaryny buýurdy. Ol iki diwaryň daşardan girilýän ýeriniň uzaklygy bir günlüge ýakyn mukdaryndaky ýoldy. Içi tegelek kibi towlandykça elli arşyn mukdaryça daralardy. Onuň düýbünde mäkäm agaçlardan bir agyl aýladylar. Patyşa üçin üstünde bir agaçdan köşk saldylar. Ondan soňra goşunlar we aw sürenler aw janawerlerini onuň içine sürerlerdi. Ähli janawerleri ol agylyň içine sürüp jem etdiler. Sugun, owlak, gulan, şagal, gurt, tilki, aýy, doňuz we dürli-dürli ýyrtyjylar we ýabany haýwanlar ol iki diwaryň arasyna giripdiler. Çykjak ýerleri ýokdy. Bialaç ähli̇si şol agylyň içine girdiler. Yslam patyşasy Bulgan hatyn bilen ol çertek üstüne çykyp, ol haýwanlara tomaşa ederdiler. Käbirini urdular, käbirini buýruk bilen goýberdiler. Ondan göç edip şatlyk bilen menzilden menzile giderdi. Gide-gide paýtagt Töwrize bardy. Ol welaýatyň halky är we aýal, uly we kiçi meýil we yhlas bilen el göterip, doga kylardylar. Töwriz halky yslam alymlary bilen dabara we tertip gurup, garşylamak resmini berjaý etdiler. Yslam patyşasy olara mähribanlyklar we merhemetler buýrup, ähli̇sini ýaramaz salgytlardan we borçlardan boş we azat kyldy. Wessalam.

## YSLAM PATYŞASYNYŇ ZERRIN ORDASYNDA WE UJANBAG ÝERINDE UMUMY TOÝ TUTMAGY BUÝURMAGYNYŇ, OL ÝERDE GURHAN HATM ETMEGINIŇ WE ÄHLI HALKA SOWGAT BERMEGI BUÝURMAGYNYŇ HEKAÝATY

Yslam patyşasy üçin ondan öň ussat binaçylara we ökde ymaratçylara mynasyp serişdeler bilen bir altyn saraý we altyn

tagt düzetmeklerini buýrupdylar. Üç ýyllap bar jemagat onuň tertibine meşguldylar. Patyşa paýtagt Töwrize ýeten wagtynda ol bina tamam bolupdy.

701[1]-nji ýylyň zülkagda (boş) aýynyň ahyrlarynda Töwrizden Ujan tarapa ugrady. Onda bir gowy we horram çemenlikde patyşa bargähi gurulmagy üçin diwar çekip, aryklar we çeşmeler akdyryp, howuzlar düzetdiler. Dürli guşlar we bilbiller onda höwürtge we mekan tutup, ol deňtaraply, dörtburçly menzili barabar (dese-deň) kysmat edip (bölüp), iki tarapyna söwüt we derek dikdiler. Halkyň girip çykjak ýerleri ol ýollardan bolup, hiç kim çemenlik arasyndan geçmez ýaly, mertebelerine görä, her taýpanyň ýollaryny, nireden girip, nireden çykjakdyklaryny aýry-aýry belletdiler. Içinde köşkler, sütünler, hammam, beýik ymaratlar saldylar. Ol altyn saraýy özüne mahsus bolan saýawan we bargäh bilen gurmaklaryny buýurdy. Ähli hyzmatkärler we binaçylar jemlendiler. Ymarat örän uly bolanlygy sebäpli bir aý müddetinde gurup bildiler. Jöwherler we ýakutlar bilen bezelen altyn tagty onuň içinde goýdular. Toý etmezlerinden öňünçä yslam tagzymy üçin seýitleri, ymamlary, kazylary, şyhlary jem etdiler. Galan milletleriň taýpalaryndan hem myhmanlar çagyrdylar. Jemagata nazar aýlap, şirin zyban we asal beýan bilen hikmet we magrypet babatda inçe-çuňňur sözler sözledi. Halaýyga dürli nesihatlar aýtdy. Haktagalanyň nygmatlaryna şükürler edip aýtdy:

—Men bir ejiz-biçäre gulduryn. Öz ejizligimi, ýalňyşymy we günämi ykrar edýärin we bilýärin. Munuň ýaly sylaga mynasyp we laýyk däldirin. Emma Haktagalanyň öz gullaryna eşret we rehmet joşguny, lutfy-keremi köpdür. Eger adamzat, belki ähli ýaradylan zatlar oňa näçe şükür etse, şükürini ýerine

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1301-nji ýyla gabat gelýär.

ýetirip bilmezler. Ondan gapyl däldirin. Hezretil Wahyýýetiň[1] amanaty bolan tutuş Eýran zemin halkyny haýyr-yhsan ýüzünden meniň tabynlygymyň halkasyna getirendir. Munuň şüküri ýüz-müň zyban bilen maňa wajypdyr we zerurdyr. Munça müň kişilerden alynmyş bolan bir hepdelik patyşalyk tekepbirligi bilen aldanyp gomparmaryn. Haktagala maňa dürli nygmatlary sahylyk bilen eçilendir. Ol eçilen nygmatlarynyň biri oldur, ýagny maňa özge patyşalara bermedik zadyny maňa berdi we öňden geçen patyşalaryň arzuwlaryny maňa bagyşlady. Onuň esasy söýesi oldur, ýagny onuň gullary meniň azabymdan amandyrlar. Meniň patyşalygyma meýilli we razydyrlar. Maňa bu manylara we başlangyçlar üzerine bu saraýa we bargähe tekepbirlik we zalymlyk ýüzünden gireýin diýip dilemedim. Häzir häkim we höküm edilen biz we siz agzybirlik bilen ikiliksiz bu uly nygmatyň şükranasyny ýerine ýetirmegimiz gerekdir. Söz we dileg bilen günälerimizden ýalkanmagymyza hereket edip, doga we sena bilen bu saraýa gireliň. Ilki başda Gurhany Mejidi okap, tagat we ybadat edeliň. Ondan soňra oýun we şatlyga meşgul bolalyň – diýdi.

Bu sözleri aýdandan soň, beýikligi beýgelmiş Haktagalany we Resul alaýhyssalamyň adyny tagzym we hormat bilen ýat edip, mübärek gadamyny saraý işiginden içeri saldy. Hökmürowanlyk tagtyny tekge kylyp oturdy. Buýrugyna görä köp altyn, pul we dürli halatlar häzir etdiler. Elwan nygmatlar we tagamlar iýlip, lezzetli we hoşboý ysly şerbetler, gymyzlar we aýranlar içilenden soňra öz eli bilen ol puly, altyny we halatlary sadaka paýlady. Ähli adamlar ol sadakadan we yhsandan haýyrlandylar. Üç gije-gündiz Gurhan okamaga, her taýpa öz adatlaryna we resmine görä ybadat wezipelerine we doga meşgul boldular. Toý gününde onuň ýalyny hiç kimse görmedik bir jöwher bilen bezelen bir täji başyna goýdy. Oňa

[1] Bu ýerde Hudaý göz öňünde tutulýar.

mynasyp bir göwher bilen bezelen guşagy biline baglady. Gymmatly, zerli lybaslar geýdi. Hatynlara, ähli şazadalara, beglerine we ýakynlaryna dürli bezegler bilen özlerine bezeg bermeklerini buýurdy. Ähli görklüleri taýsyz atlara münýärdiler. Seýil we gezelenç etdi. Toýdan soňra ýurt işlerine gözegçilik etmek, ýurduň ýagşy işleriniň çäresini etmek, raýatyň asudalyga seretmek, ähli halaýygyň ýagdaýlaryna mähribanlyk etmek bilen meşgullandylar. Döwlet emirleri, han-begler bilen geňeş we maslahat edip buýurdy:

— Şazada Harbende gyşyna Mazanderanda we ol sebitlerde gyşlar. Ýazyna Tus, Merw, Sarahs sebitlerinde we Badgys ýaýlagynda ýaýlar. Nuryn beg öňki karara laýyklykda, belli edilen goşunlar bilen Arranda gyşlar. Ol etraplaryň möhüm işlerinden göwünler asudadyr. Emma Gutlugşa noýan bir bölek goşun bilen Gürjüstana baryp, gürjiniň birnäçe goşunlary bilen ol sebitlerde dursun. Gürji goşunlarynyň birtopary Diýarbekr tarapyna baryp, Möwlaý begiň tümenine goşulyp, Şam sapary üçin taýýar bolsunlar. Hulaçunyň tümeni Pars we Kerman sebitlerine barsynlar. Eger ätiýaçlyk bolsa, Sadak bege we Kerman soltanyna goşularlar.

Bu höküm esasynda anyk işler kylarlardy. Wessalam.

## BAGTYÝAR BAÝDAGYŇ YSLAM ŞÄHERI BOLAN UJANDAN BAGDAT TARAPYNA UGRAMAGYNYŇ, ÝOLDA ÝÜZE ÇYKAN ÝAGDAÝLARYŇ HEM-DE HELLÄNIŇ[1] ÜSTI BILEN GITMEKLERINIŇ WE ŞAMA ÝÖRIŞ ETMEK KARARYNYŇ HEKAÝATY

Yslam patyşasy 702[2]-nji ýylyň muharram (aşyr) aýynyň başynda Ujan şäherinden Şam sapary üçin Hemedan sebitlerine

[1] Helle – (Hille) Yrakda Bagdat bilen Kufäniň aralygynda, Fyrat (Ýefrat) derýasynyň kenarynda ýerleşen bir şäher.

[2] Milady ýyl hasaby boýunça 1302-1303-nji ýyllara gabat gelýär.

ýola düşdi. Ol günleriň içinde Nuryn beg Şirwan we Derbent sebitleriniň goragy üçin Arrana baryp, gyşlamaly diýlip, karar edilipdi. Heniz gitmäge rugsat berilmändi. Ol patyşa hezretiniň hyzmatynda Heştruda çenli bile rowana boldy. Şerefeddiniň oglanlary Abdyrahman we Abdyllatyf birnäçe wagt Töwrizde häkim bolupdylar. Ondan soňra Rum ýurtlaryna gelip, müstewfilige (salgyt ýygnaýjylyga) gelipdiler. Ýüzlerini (lybaslaryny) gara edip, soltanyň penakär bargähiniň gapysynda adyllyk islediler. Olaryň atasyny Hoja Wejih ogly Ýahýanyň buýrugyna görä depeläpdiler (öldüripdiler).

Bagtyýar baýdak Heştruda ýetdi. Nuryn beg adat boýunça patyşa gonaklyk edip, içişlik gurady. Doly (meý) içip, ýene döndi we Arran tarapa ugrady. Aşura güni[1] Hoja Wejih ogly Nyzameddin Ýahýany we Abu Bekr Dadakabadynyň[2] ogly Döwlet şany Ýüz Agaç we Heştrut atly ýerde ýasaga ýetirdiler (jezalandyrdylar). Ertesi Kerman soltany Hajjajyň oglunyň ogly Arapşany hem ýasaga ýetirdiler (jezalandyrdylar). Ondan Hemedan welaýatyna girip, Buzynhurt uly obada saldyran hanakasynda gondy. Ol hanakany saldyranda köp wakyflar goýupdy. Ol örän owadan we belent ymaratdy. Ondan Ferahanyň Çogannawur diýen ýerine bardy. Birküç gün ol ýerde ýaşady. Ondan hem göçüp, Nehawent ýolundan Bisütün sebitlerine bardy. Şam beglerinden üç beg il bolup gelýärdiler welin, ol menzilde sataşdylar. Olaryň ýolbaşçylary Alyşirdi. Yslam patyşasy olary hormatlap, serpaý berdi.

Nowruzyň we Gerkynyň pitnesi wagtynda onuň gardaşlary we degişli adamlary Kermanşahan sebitlerinde bir gije ýakynlaryndan bir jemagat bilen çadyrsyz çöl-beýewanda galypdylar. Bir dag kemeriniň astynda ýatypdylar. Ol ýeriň

---

[1] Aşura güni – aşyr aýynyň onunjy güni. Ymam Hüseýin şol gün şehit edilipdir.

[2] Asyl nusgada mundan öň «Daduabady» görnüşinde getirilipdir.

barabarynda bir gülli agaç bitipdir. Heniz Legzistan alynmandy.

Nowruzyň ahwalynyň ahyrynyň näme boljakdygy mälim däldi. Patyşanyň mübärek ýüzi ol sebäpden biraz galagopdady. Ol agajyň düýbünde bu babatda pikir ederdi. Älemi gaýypdan köňlüne bir giňlik we şatlyk  ýüz görkezipdi. Bu wagt ol ýerlere ýetdi. Ol iş köňül myradyna görä ýerine ýetipdi. Ol ýer we agaç hatyryna geldi. Agaja zyýarat etmek üçin tamam hatynlar we emirler bilen ol ýere bardy. Ol bu wagt özüni öňe getiren sydky-yhlasy aňdy. Aglady. Ol ýerde bolan üstünligi we ýeňişi üçin şükürler etdi. Dileg bilen iki rekagat namaz okap, başyny sejde ýerine goýup, ahy-nalalar bilen Haktagala hezretinden ýeňiş diledi. Soňra başyny göterdi. Ýanyndakylara nesihat edip aýtdy:

– Şatlykda we gussada Haktagaladan ýardam isläň, her hili ýagdaýda-da hiç haçan onuň rehmetinden näumyt bolmaň. Hiç wagt tekepbir we ulumsy bolmaň. Anyk biliň, Haktagala sizden bir göz açyp-ýumasy pursat hem daşda we gapyl däldir. Öz kuwwat we güýjüňize aldanmaň. Haktagalanyň gazabyndan gorkuň!

Bar bolan hajatyny Haktagaladan diledi. Haýyr niýetler etdi. Hususanam, adyl we ynsabyny zyýada kylmaga niýet etdi. Ähli ýanyndakylar ol agaja nyşanlar bagladylar. Ol agaç bir zyýaratgäh ýaly boldy. Ondan soňra sazandalar saz çaldylar. Begler tans oýnap, saz diňlediler. Ol ýerde Polat Çenkisanyk atly bir garry beg bardy. Ol şeýle hekaýat etdi: Yslam patyşasynyň atasynyň doganoglany Kutla Kan öz döwründe birküç kowumyň we boýlaryň patyşasydy. Örän batyr we är kişidi. Batyrlykdan tymsal aýtsalar, onuň bilen baglanyşdyrardylar. Ol hakynda köp şygyrlar hem aýdylypdy. Onuň sesi şeýle bir gazaply we gorkunçdy welin, ýedi depe we beýiklikden aşyryp eşidilerdi. Tötänden bir gün Merkit boýunyň halky bilen söweş niýetine atlanyp gidipdi. Ýolda bir

gaba agaja ýetdi. Onuň düýbünde gondy. Hudaýyň hezretine mynajat etdi. Ondan ýeňiş diledi. Eger ýagydan üstün çyksam, bu agajy özüme zyýaratgäh kylaryn. Dürli kemhalar we atlaslar bilen orap bezärin-diýip, niýet etdi Haktagala ony ýagydan üstün kyldy. Ýagyny basyp döndi. Ol agajyň düýbüne geldi. Niýeti esasynda ol agajy kemhalar we atlaslar bilen bezedi. Haktagalanyň şükürini ýerine ýetirdi. Goşuny we halky bilen ol agajyň düýbünde tans edip oýnadylar. Şeýle bir aýaklary bilen ýeri depdiler welin, agajyň töweregi bir arşyna golaý oýuldy.

Yslam patyşasyna ol hekaýat örän hoş geldi we aýtdy:

– Eger biziň ata-babalarymyzyň munuň kibi dileg we yhlaslary bolmasa-dy, Haktagala olary jahan patyşasyna baş etmezdi. Olaryň urugyny uly mertebelere we beýik derejelere ýetirmezdi.

Ol hyjuw bilen bir sagat ol agajyň düýbünde aýdym diňläp saklandy. Ondan soňra atlanyp, goşunlarynyň ardyndan ýola düşdi. Birden Gutlugşa noýanyň ýanyndan ilçiler geldiler. Il bolup, Şamdan gaçyp gelen, ýolbaşçylary Alaeddin Alyşir bolan Şam beglerini hem bile getirdi. Patyşa olara mähribanlyk edip, yhsany we gowy wadalar bilen göwünlerini göterdi. Şeýle-de ol sebitlerde Stambulyň fasylýusynyň ilçileri sowgat we serpaýlar bilen gelip ýetdiler. Olar:

– Fasylýus yslam patyşasynyň döwletiniň saýasynda bolmaklygy we öz gyzyny oňa gyrnaklyga bermekligi isleýär – diýip habar berdiler.

Patyşa olara mähribanlyklar edip gönderdi. Ondan Bijin bendine bardy. Üç göçden soňra hatynlaryny we goş-golamlaryny Bagdat tarapyna gönderdi.

Çarşenbe güni (hoşgün) rabygul ahyr (dört tirkeşigiň ikinkjisi) aýynyň 14-nji gününde Bijin bendinden Juwkynawy ýörişine atlandylar. Birküç gün Sib, Wasyt we Meşhedi Seýit Abulwepa etraplarynda aw etdi. Meşhet (Abulwepanyň) şehit bolan ýeriniň zyýaratyna bardy. Müjewürlerine sadakalar we

yhsanlar berdi. Ol ýer üçin Fyrat suwundan bir aryk gazyp, ol suwsuz çöllere akdyrmaklaryny, şonuň üsti bilen ol mazary abadan edip, bir şäher kibi ymaratlar salmaklaryny buýurdy. Ondan Hellä geldiler. Ordalarynda düşlediler. Arran sebitinden Müsüre ilçilige goýberilen Möwlana Kazy Nasyreddin Töwrizi we Möwlana Kazy Kemaleddin Mosuly ondan dolanyp, Müsür ilçileri bilen geldiler. Hellede patyşa hyzmatyna ýetdiler. Dogry ýol hasaplap aýtmadyk ilçilik jogabyny ýerine ýetirdiler. Tokýa hanyň ilçileri hem üç ýüz atly bilen geldiler.

Türkileriň ýyl hasabynyň başy bolan ýekşenbe güni (dynçgün) jumadyl ahyr (dört tirkeşigiň dördünjisi) aýynyň başynda toý edip, ilçileri toýladylar. Ol gün Müsür we Tokýa ilçileri biri-birleri bilen sözleşip çekişdiler. Patyşa Tokýa ilçilerine serpaý berip, köp engam etdi. Müsür ilçilerini Töwrize gönderip, onda [şäherden çykmazlyk şerti bilen] şäher tussagy etdiler.

Duşenbe güni (başgün) jumadyl ahyryň (dört tirkeşigiň dördünjisi) dokuzynjy gününde Şam diýarynyň azmy üçin göçüp, Helle köprüsinden geçdi.

Duşenbe güni (başgün) şol aýyň 16-njy gününde möminleriň Emiri Hüseýniň (Allatagala ondan razy bolsun!) şehit bolan ýerine ýetip, zyýarat etdiler. Buýrup tertip etdiren uly derejeli ýüpek perdelerini we örtüklerini ol mübärek mazar üçin asdy we örtdi. Köp sadakalar we yhsanlar onuň hyzmatçylaryna we müjewürlerine berdi. Ol sebitlerde kanal gazdyryp, Meşhet töwereklerine Gazany derýasynyň girdeýjilerinden her gün[1] üç müň batman däne, müň batman et, bäş ýüz batman hurma we üç ýüz batman şaly ol ýerde ýaşaýan seýitlere, müjewürlere bagyşlamagy tassyklady we karar etdi.

Ol gün Ermeni Belaý Horasandan gelip ýetdi. Ol: «Üç-dört müň atly ýagy ol tarapyň uç we serhedine gelipdiler. Ýeňiji

[1] Asyl nusgada şeýle; Ähtimal ýalňyşlyk gidendir. «Her ýyl» diýlip ýazylsa hakykata laýyk bolar.

goşunyň özleri olara hemle edip, käbirini ýaraly köpüsini heläk etdiler» diýip, habar getirdiler. Bu habar patyşa örän hoş ýarady. Gardaşyna mähir we şepagaty artdy.

Anna güni (annagün) 702[1]-nji ýylyň rejep aýynyň 4-nji gününde ilçi gelip ýetdi. Ol: «Jumadyl ahyr (dört tirkeşigiň dördünjisi) aýynyň başynda Nuryn Aga Arran gyşlagynda wepat boldy» diýip, habar getirdi. Yslam patyşasy ol waka gynanyp gamlandy. Fyrat kenaryna göçüp giderdi. Hadasyýa baryp ýetende, hatynlary we tamam oglan-uşaklaryny Fyratdan geçirip, Sanjar sebitlerine baryp, onda durmaklaryny buýurdy. Özi goşun bilen Aýyna ugrady. Bulgan hatyn we beýleki käbir hatynlar dagy hoşlaşyk resmine görä, atlar bilen Aýyna çenli bile bardylar.

Şenbe güni (ruhgün) rejep aýynyň 12-nji gününde Aýyna şäherinde düşledi. Hakykatdanam älemde ondan gözel, sapaly şäher ýokdur. Ol şäher Fyrat[2] derýasynyň adasynda ýerleşendir. Iki tarapynda baglar we bossanlar doly. Agaçlar, güller we reýhanlar bilen bezelen. Ini bir parsah ýol mukdarydyr. Etrap we töwereklerinden gün ýere düşmez beýik ymaratlar, köşkler Fyrat kenarynda ýonma mermerden salnypdyr. Töwereklerinden penjireler we gözenekler Fyrata we ol behişt ýaly baglara açylypdyr. Ol bossanlaryň we nahalystanlaryň şatlyk we horramlygy waspa we beýana dogry gelmez. Uzynlygynyň mukdary togsan parsahdyr. Fyrat etraplarynyň ymaratlary Anbar sebitlerindäki Seker Fuluçanyň başlangyjyndan Suruj we Harran ülkesiniň soňuna çenli uzalýar. Şu beýan edilen uzynlykda we giňlikde Fyratyň iki tarapyndan baglar we ymaratlar birleşip durandyr. Agaç kölegesi kesilmez, birleşip duran sekiler baglanypdyr. Fyratyň iki tarapynda gije-gündiz gämiler hereket edýär. Köşkler we

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1302-1303-nji ýyllara gabat gelýär.

[2] Fyrat – Ýefrat.

beýik binalar biri-birine birleşip durdy. Şeýlelikde, sekizinji gün Bulgan hatyn hoşlaşyp, Fyrat suwundan geçdi we Sanjar tarapa ugrady.

Bagtyýar baýdak ýeňiji esgerler bilen Ruhbetuş Şam tarapyna ugrady. Bagtyýar baýdak Ruhbetuş Şama ýetmezinden öň, ýagy Şam tarapyndan gelýär – diýip, habar düşdi. Ýalan habar bolsa-da, patyşanyň buýrugyna görä, goşunlaryny tertipläp, ýarag, jöwşen geýip, hatarlar düzüp, batyrlara göwündeşlikler edip, teselli berdiler.

Rejep aýynyň 28-nji gününde Ruhbet kenaryna çenli sürdüler. Ol ýeriň halky manjanyklar we beýleki ýaraglar dikipdiler. Oňa üns bermediler. Gije otagyndan we ordadan aýrylyp, gala ýakyn ýere bardy. Alameddin Ganamy we Ruhbet halky ol gala girip penalandylar. Yslam patyşasynyň buýrugy boýunça uly begler Sutaý Soltan, Wezir Hoja Reşit, Sahyp Diwan Hoja Sagdeddin dagylar gala baryp, halk bilen sözleşdiler. Olary illige we tabynlyga çagyrdylar. Olar patyşanyň permany esasynda galanyň düýbüne bardylar. Ýazyjylara arap dilinde bir hat ýazmagy yşarat etdiler. Mazmuny şeýle: Bu ýörişiň esasy özeni müsürlileriň ýaramsyz hereketleridir. Uzak möhletden bäri ýaramsyz hereket edip gelýärler. Näçe gezekler ilçiler gönderip, öwüt-nesihat kylyndy. Kabul etmän geleňsiz jogaplar gönderdiler. Olaryň nadanlyklaryna we uly işlerde dowamly däldiklerine çydam etdim. Ol çenden-çakdan geçdi. Zerurlyk bilen goşunlarymyz ar almak niýetinde herekete gelip, bialaç ýolumyz bu diýara düşdi. Bolmasa, siz şamlylar bilen haýsydyr bir bet kinä sebäp ýokdur. Siz hem bu işde pikir we aň edip, öz ganyňyz we malyňyzyň amanlygyna göz aýlamagyňyz, il, tabyn we boýun bolmagyňyz gerekdir. Özüňiz bilýäňiz Hak biziň tarapymyzdadyr. Uruş we dawa edip, özüňizi heläkçilige oklamaň.

Bu görnüşde höküm galama geldi. Nyşan we tagma urup, gala gönderdiler. Ol hökümi eltende ýene tizden daşary gönderdiler. Olar:

– Hökümiň sözleri örän çeperdir we ýokary hillidir. Bu gije möhlet dileýäris. Onuň mazmunyna we beýanyna ýeteliň. Ertir jogap bereris – diýip habar ýolladylar. Ertesi penşenbe güni (sogapgün) şagban (meret) aýynyň başynda Seýdi Jemaleddin Isgenderi we Seýdi Ahmet Kebiriň müritlerinden bolan Şyh Şerefeddini daşary, ol hökümiň jogabyna gönderdiler we arz etdiler:

– Ählimiz Yslam patyşasynyň permanyna tabyn we boýundyrys.

Patyşa olara yhsanlar gönderdi. Ertesi Alameddin Ganamynyň naýyby we galanyň häkimi Husameddin Laçyn şäherden aşak indi we il bolup tabynlyk görkezdiler. Mähribanlyklar tapyp, ýene gala bardy. Ertesi ol we Alameddiniň uly ogly Seýfeddin Gylyç we Kazy Nejmeddin başga-da Ruhbet han beglerinden bir jemagat galadan indiler. Illik we tabynlyk şertlerini ýerine ýetirip, soltanyň hyzmatyna ýetdiler. Umumy işleriniň we amallarynyň beýany babatda, şäher häkiminiň ogullary, naýyplary, kazylary, kärsizleriň we mertebesizleriň işleri we derejeleri üçin şäher, welaýat, gala halkynyň asudalygy üçin arap dili bilen hökümler galama gelip, mübärek tagma we nyşan bilen doldurylyp olara berildi.

Sişenbe güni (ýaşgün) şagban (meret) aýynyň 6-njy gününde Ruhbet galasyndan göç kyldy. Horasan tarapyndan «Kaýdunyň goşuny ýeňildi. Kaýdu wepat boldy. Dowa ýaraly bolup tussag boldy» diýip hoş habar geldi. Soň begler Gutlugşa, Çopan beg, Möwlaý beg goşunlar bilen Rakka[1] sebitlerine Fyrat suwundan geçdiler. Halap sebitlerine ýetdiler. Yslam patyşasy Dirilsepr atly ýerde Fyrat kenarynda gondy.

[1] Rakka – Fyratyň kenarynda ýerleşen bir şäher.

Ähli begleri goşun bilen öňden giden Gutlugşaha we galan beglere goşulmak üçin gönderdi. Ilki bahar bolup, suwlar zyýada bolup, howa hem yssydy. Sanjar we Mosul tarapynyň ýörişine şagban (meret) aýynyň 13-nji gününde Fyrat suwundan geçdi. Uýur suwundan Maksin şäherine tarap geçdiler. Horasan ilçileri Saýgany, Aktajy Kunçyny mähribanlap, yzyna dolanmaga rugsat berdi. Soltan dürli güllerden we lälelerden doly bolan ol ýerlere tomaşa etmäge we aw awlamaga giderdi.

Ýekşenbe güni (dynçgün) şagban (meret) aýynyň 25-iji gününde Sanjaryň aşak ýüzündäki Çardag atly ýerde garşy almaga çykan hatynlaryna gowuşdy. Üç gün onda durdy.

Remezan (oraza) aýynyň başynda Ýalagfar atly ýerde goşunlaryna ýetip, düşlemekligi buýurdy. Ähli Diýarbekriň soltanlygyny seljuk neberesinden bolan Mardin soltany Nejmeddine tabşyrdy. Oňa Melik Mansur diýip lakam berdi. Ondan soňra Dejle suwuny geçip, Keşaf sährasynda düşledi. Ol ýerde Mosul halky gelip ol şäheriň emeldary hristian Fahry Isanyň zulum we jebrinden şikaýat etdiler. «Dadymyza ýetişiň» diýip gygyryşdylar. Soltan Nejmeddine Mosula baryp, onuň işini tamam et diýip, buýurdy. Soltan birküç günden soň Mosula baryp ony heläk etdi. Wessalam.

## GUTLUGŞA NOÝANYŇ MÜSÜR LEŞGERINE ÝETMEGINIŇ, OL ÝERDEN YZYNA DOLANMAGYNYŇ WE BAGTYÝAR BAÝDAGYŇ UJANA DOLANMAGYNYŇ HEKAÝATY

Yslam patyşasy Keşafda Şamdaky begleriň gelmegine garaşýardy. Olar Hamysa gelip ýetenlerinde, ony taladylar, urdular, çapdylar we köpçülikleýin gyrgynçylyk etdiler. Dymyşka ýakyn baranlarynda «Ýagy ýakyn gelipdir» diýip eşitdiler. Ertesi daň wagtynda şenbe güni (ruhgün) remezan

(oraza) aýynyň başynda ähli goşun atlandy. Bäş parsah çemesi ýol öňe gitdiler. Örän suwly, palçykly ýerlerden geçdiler. Zamyr Merhil Sunkur atly ýerde ýaga sataşdylar. Ertesi Remezan (oraza) aýynyň ikinji güni söweş etdiler. Gazan hanyň goşunynyň sol goly müsürlileriň sag goluna hemle kyldylar. Içinde Husameddin ussat, Eldar hem bar bolan on üç sany ynamdar begleri, şeýle hem köp goşunlar öldüler. Köpüsi hassa we ýaraly boldular. Gutlugşa noýan olara medet we ýardam bermek üçin sol gola gyşaryldy. Sag gol esgerleri aýrylyp, ýalňyz azajyk bolup galdylar. Müsür goşunynyň sol goly olara hemle kyldy. Goşun az bolany üçin olary ýerlerinden kowdular. Gutlugşa sol gola ýetýänçä ol söweş edýänler Müsür goşunynyň sol goluny syndyrdylar. Ýeňlip gaçdylar. Batyrlar olaryň yzyndan kowup gitdiler. Gutlugşa noýan sol gola ýetdi. Olar söweşden dynypdylar. Agşam düşdi. Gutlugşa noýan bir depäniň üstüne çykyp durdy. Gazan hanyň goşunlary ýanyna üýşdüler. Ol gije daňa çenli goşun at üstünde durdular. Adamlarda we dowarlarda teşnelik peýda boldy. Müsür goşuny ol diýaryň etegini dolap aldylar. Daň atdy. Polatkyýa we Tüketimur we Nasreddin Ýahýa begleri müsürlileriň goşunyna barabar durardylar, söweş etdiler. Gutlugşa beg Taýtak we Tersaýa buýurdy:

– Siz düýnki gün söweş etmediňiz. Olaryň ýanyna baryň. Medet we ýardam beriň.

Ikisi hem agzybirlik bilen bardylar, söweş etdiler. Şamlylar we müsürliler ol depäniň etegini goýup, bir gezden olara garşy bardylar. Söweş etdiler. Öňki gün han goşuny tertip-düzgünli edilmändi. Begler we tümenler biri-birinden aýrylypdy. Goşuny tertiplemändiler. Öýläne çenli durdular. Ondan soňra aýrylyşdylar. Dönüp geldiler. Ýolda suw we palçyk köpdi. Palçykda we batgalykda goşun atlaryndan köp at heläk boldy. Goşun dargady. Taýtak we Tersa aňsyz bolup, zat bilmediler.

Gutlugşa beg Tüketimur remezan (oraza) aýynyň 9-njy gününde Keşaf sährasynda yslam patyşasynyň hyzmatyna ýetdiler. Ertesi bagtyýar baýdak hereket etdi. Erbil şäherinden daşarda, bag içinde gondy. Ondan göçüp Zengi derbendi ýolundan, kürtleriň daglaryndan çykdy.

Oraza baýramyny ol töwereklerde etdiler.

Şowwal (baýram) aýynyň 17-nji gününde, şenbe güni (ruhgün) Çopan beg hyzmata gelip ýetdi. Ol atlary palçykda galyp, pyýada galan goşunlaryň halyna köýüp yza galypdy. Olara gamhorluk edip, ýuwaş-ýuwaş Bagdat ýolundan getirip, soltan hyzmatyna ýetdi. Ählisi sylaglandylar. Maraganyň Gyzyl köprüsine ýetdiler. Hatynlary we oglan-uşaklary Üç gümmez we Ýüz Agaç ýolundan Ujana gönderdi. Özi Sehend dagyna awa bardy. Bir hepde ol ýerde boldy.

Penşenbe güni (sogapgün) 702[1]-nji ýylyň zülkagda (boş) aýynyň 10-njy gününde Ujan şäherinde düşledi.

## ŞAMDAN DOLANYP GELEN EMIRLERIŇ WE LEŞGERLERIŇ DERŇEW EDILMEGINIŇ, UJAN SEBITINDE GURULTAÝ GURMAKLARYNYŇ WE OLARYŇ ÇEKELEŞMEKLERINIŇ BEÝANY

Bagtyýar baýdak yslam şäheri Ujana gelip ýetenden soňra, 2-nji gün zülkagda aýynyň 12-nji gününde derňew etmäge başladylar. Örän içginlik bilen sorardylar. Derňewnamany arza ýetirenlerinde yslam patyşasy birküç minutlap ýeke-ýeke gözden geçirerdi. Ikilenç gaýtadan sorardylar. Inçelikler bilen gözegçilik ederdiler. Ahyrynda zülhijje (gurban) aýynyň başlarynda derňew tamam boldy. Agutaý Tarhançy beg Tarhan ogluny we Mankut boýundan Togan Timury jezalandyrdylar. Sebäbi bular Şamda söweş gutarmanka söweşden aýrylyp

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1302-1303-nji ýyllara gabat gelýär.

gidipdiler. Her babatda her bir uly ýasaga esas boljak her zat bar bolsa, baryny ýerine ýetirdiler.

Ondan soňra penşenbe güni (sogapgün) zülhijje (gurban) aýynyň ikinji gününde toý we gurultaý etmäge başladylar. Ulular we begler gatnaşmak bilen hormatlandylar.

## YSLAM PATYŞASYNYŇ GÖZ AGYRYSYNYŇ BIRDEN PEÝDA BOLMAGYNYŇ, ŞAZADALARYŇ HORASANDAN GELMEGINIŇ, BAGTYÝAR BAÝDAGYŇ BAGDADA UGRAMAGYNYŇ WE HULAN MURANDA DÜŞLEMEGINIŇ HEKAÝATY

Bagtyýar baýdak penşenbe güni (sogapgün) 703[1]-nji ýylyň muharram (aşyr) aýynyň 25-nji gününde paýtagt Töwrize ýetdi. Şäher içinde gondy. Goşun jüpbe we dürli ýaraglary tertiplemäge görkezme berdi. Birküç günden soňra patyşanyň gözünde göz agyry keseli peýda boldy. Tebipler we hekimler muny bejermäge we däri-derman etmäge meşgul boldular. Ol kesel uzak dowam edip, gyşlaga ýöriş wagty gijikdi.

Duşenbe güni (başgün), sapar aýynyň dördünji güni beýik hatyn Iltüzmüş hatyn şazadalar Bestam we Abu Ýezit bilen Horasandan gelip ýetdiler. Yslam patyşasy olaryň gelmegine örän begendi we şatlandy. Uljaý Gutlug atly gyzyny Şazada Bestama adaglady. Olara öz ýanynda mydama ýer görkezerdi, oturardylar. Göwünlerini awlardy, dildarlyk ederdi.

Ahyry ýekşenbe güni (dynçgün) rabygul owwal (dört tirkeşigiň birinjisi) aýynyň 7-nji gününde Töwrizde Hytaý tebipleriniň bejermegi bilen mübärek durkuna iki ýerinden dag urdular. Ol hem keseline şypa boldy.

Anna güni (annagün) rabygul owwal (dört tirkeşigiň birinjisi) aýynyň 19-njy gününde Töwriz şäherinden hereket

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1303-nji ýyla gabat gelýär.

etdi. Ol ýyllar Hindistan diýaryndan patyşa hyzmatyna pil getirilipdi. Hindi patyşalarynyň kadasyna eýerip, onuň buýrugyna görä, piliň üstünde tagt gurdylar. Şäherden daşary çykan badyna pil üstündäki tagta mündi. Tä meýdana çenli sürdi. Guşluk wagtyndan tä ikindä çenli piller bilen gezelenç edip, olary sürmäge meşgul boldy. Şäher halky köpçülik bolup är we aýal seredýärdiler we tomaşa etmäge çykypdylar. Yhlas bilen dogalar okardylar. Ol gije Töwriziň baglygynda düşlemekligi buýurdy. Ertesi ondan göçüp, Ujan ýoluna rowan boldy. Mübärek garnynyň dag edilmesinden ejirlenip, tutuş durkunda gowşaklyk peýda bolansoň, at üstünde oturmaga çydaman, köplenç wagt tagtyrowanda oturardy. Her gün az ýol geçerdiler.

Rabygul owwal (dört tirkeşigiň birinjisi) aýynyň ahyrynda Gutlugşa noýany Ýüz Agaç menzilinden Arran gyşlagyna baryp ol ýerleriň goragyna meşgul bolmagy üçin yzyna gönderdi.

Duşenbe güni (başgün), rabygul ahyr (dört tirkeşigiň ikinjisi) aýynyň 14-nji gününde Jürme Köreken Saraýy sebitlerine ýetdi. Sugurnuk we Hemedam sebitlerinde köp galyň gar düşüp, örän sowuk bolupdy. Ol tarapdan Bagdada barmak mümkin däldi. Şol sebäpli Bagdat ýörişini ýatyryp, Hulan Muran atly suw kenarynda düşledi. Çünki, ol ýer hem örän gowy gyşlakdy. Käbir ýyllarda onda hem gyşlardylar. Ol gyş onda gyşladylar. Etraplardan köp nygmatlar getirilerdi. Odun hem ol ýerde boldy. Her kişi öz goluna we ýurtly-ýurduna gondular. Parahatlyk bilen möhüm işlere we abadançylyga meşgul boldular. Tötänden bir gün yslam patyşasy bir kiçijik günäniň geçilmegi üçin öz mübärek eli bilen on misgine eşik we tagam bermegi isledi. Ol on sany derwüşi häzir etmegi buýurdy. Ýakynlaryndan we aýratyn adamlaryndan biri bolan Mihter Nejibeddin Ferraş patyşanyň permany mynasybetli on derwüşi dergähe häzir etdi. Öz

huzurynda olara iýer ýaly tagam berdi. Hazynadan on kaftan getirmegi buýurdy. Olara üns bilen nazar edip, sekizine bir kaftan berdi. Iki kaftany Mihter Nejibeddiniň eline berdi we aýtdy:

– Daşary çykyp başga-da iki derwüşi getir. Bu iki kaftany olara bereýin. Bu ikisi hristiandyr.

Nejibeddin olara aýtdy:

– Siz musulmandyrys diýmediňizmi?

Aýtdylar:

— Hawa, hantamalyk edip, saňa beýle diýdik. Emma yslam patyşasyna ýalan sözlemek bolmaz. Yslam patyşasynyň mübärek garaýşy dogrudyr. Ikimiz hem hristian dinindediris. Bu söz onuň beýik Taňrynyň welilerinden biridigine açyk delildir. «Allatagalanyň oňa örän giň rehmeti bolsun!». Wessalam.

## KERMUN HATYNYŇ ÖLÜMINIŇ, TABYDYNYŇ TÖWRIZE ÄKIDILIŞINIŇ, YSLAM PATYŞASYNYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ HEKAÝATY WE YSLAM PATYŞASYNYŇ HALY PES ÝAGDAÝYNDA AÝDAN BIRNÄÇE HIKMETLI SÖZLERI

Sişenbe (ýaşgün) gijesiniň säherinde 703[1]-nji ýylyň jumadyl ahyr (dört tirkeşigiň dördünjisi) aýynyň 12-sine Gutlug Timur gyzy, patyşanyň aýaly Kermun hatyn Hulan Muran gyşlagynda tarpa-taýyn wepat boldy. Ony doly dessurlar bilen Töwrize eltip, depn etdiler. Heniz ýaş aýaldy. Dünýäniň eşretini köp görmändi. Onuň ölümi yslam patyşasyna agyr gelip, ol wakadan köňli gama düşdi. Onuň üçin köp aglady.

---

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1303-nji ýyla gabat gelýär.

– Her näme ýas dessurlary bar bolsa, onuň hakynda gaýgyrmasynlar, ýerine ýetirsinler – diýip buýurdy. Onuň tabydyny alyp gitdiler. Her wagt ol ýadyna düşende mübärek gözleri ýaşa dolardy. Bir gün döwlet emeldary we begleri ýanyndaka yslam patyşasy sorady:

— Dünýäde iň kyn we agyr iş nämedir?

Begler aýtdylar:

— Ýagy eline düşmek we duşman elinde har bolmak.

Käbirleri aýtdylar:

— Ýoksullyk.

Käbirleri aýtdylar: – ölüm.

Patyşa aýtdy:

— Dogmakdan we dünýä gelmekden gaty agyr iş ýokdur. Sebäbi ähli belalar, azaplar, kynçylyklar we muşakgatlar dirilikde bardyr. Eger barlyk (wujud) bolmasa, başga kynçylyk bolmazdy. Dünýäde adamzada ölümden ýeg başga rahat, asudalyk ýokdur. Onuň delili şeýledir: Iki kişi bir ýola gitse, birisi haýal ýöreýär, birisi gaty. Haýsysy asudarak bolar?

Aýtdylar:

– Haýal ýörän bolar.

Aýtdylar:

– Eger birisi haýal ýörese, birisi otursa, haýsysy asudarak bolar?

Aýtdylar:

— Oturan asudarak bolar.

Aýtdy:

—Eger birisi oturyp, birisi ýatsa, haýsysy asudarak bolar?

Aýtdylar:

—Ýatan asudarak bolar.

Aýtdy:

— Onda bu ölçeg we kada görnüşinde, anyk ölen kişi ýatan kişiden asudarak bolar. Janlaryň gutulmasy we külli peýda tebigatyň darlygyndan halas bolmakdadyr. Hiç bir bent we

zyndan, dowzah, jahyllyk azaby dünýäniň söýmekden artykmaç bolmaz. Dünýä mömünleriň dowzahydyr, ahyret behiştidir. Bu pygamber hadysyny tassyk etmeklikdir. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýipdir: «Bu dünýä mömün üçin zyndandyr, kapyr üçin jennetdir».

Jahyl düýbünden, tebigat zyndanyndan halas bolaýyn diýip dilemez. Örän nadanlygyndan öli jany bilerler, diri teni bilmez. Ýagdaý onuň tersinedir. Dürli nadanlyklar we akmaklyklar bilen buýsanýarlar we gomparýarlar. Ölümiň ýaramly we halatdygyny arassa adyllykdygyny bilmez. Çünki, eger atalar ölmesedi, derejeler, mallar, ululyklar, patyşalyklar nädip ogullaryna geçirdi? Eger atalaryň ölümi agyr we kyn bolsa-da, nobat ýetmeginiň sebäbi bilen begenilmişdir (ýaramlydyr). Ömür uzynlygynda artyk peýda ýokdur. Diňe kämillige ýüzlenýän we jany (ruhy) gün-günden ösýän we beýgelýän kişä [uzyn ömrüň peýdasy bardyr]. Dogrusy şeýledir. Haktagalanyň kysmatyna razy bolmalydyr. Çünki, eger adam 80 ýaşdan artyk ýaşasa, agzasy işden galar. Öz duýgulary ýok bolar. Halk nazarynda pes we har bolar. Kowum garyndaşy we ýatlar ony ýigrenerler. Ömrüň peýdasy kämillikdir. Kämillik hasyl bolandan soňra nogsan peýda bolar. Ömrüň uzynlygyndan peýda bolmaz.

Şeýle görnüşde inçe [duýguly] sözler aýtdy. Ählisi sap hikmetdir.

703[1]-nji ýylyň şagban (meret) aýynyň ahyrynda Hulan Muran ýurdundan göç kyldy. Hatynlaryny we çaga-çugalaryny Saraýy Juma ýakynynda, Galajyk sebitinde goýdy. Begler, döwlet emeldarlary we han begler hezret bilen Marak tarapyna ugrady. Birküç gün Harkan we Muzdakan sebitlerindäki daglarda aw awlap, Sahypdiwan Hoja Sagdeddiniň tabynlygyndaky Sawa şäherinde düşledi. Hoja Sagdeddin onda

[1] Milady ýyl hasaby boýunça 1303-nji ýyla gabat gelýär.

eý gonaklyk we uly toý etdi. Yslam soltanyna, ähli hatynlara we şazadalara doly içirip, bulgurlar berdi. Soltan hezretinden dürli serpaýlar hasyl etdi. Ondan soňra Hoja Şehabeddin Mübärekala hem uly gonaklyk we köpçülikleýin toý etdi. Ol ýurduň kätibidi, ýeňiji döwletiň emeldarlarynyň hataryndady. Onuň gadym öýi Sawadady. Onuň atasy Hoja Şerefeddin Sagdan Eýranyň ulul納ryndandy we Sawanyň häkimidi. Ähli hatynlar we şazadalar dolular içip, bulgurlar sunup, olara laýyk peşgeşler çekdi. Diwan halkyna, ýazyjylara, gowy naharlar we serpaýlar berdi, agyrlady. Beýleki galan hyzmatkär nökerlere hem köp kaftanlar, dirhem we dinar berdi. Üç günden soňra bagtyýar baýdak ondan göç edip, Reý tarapyna ugrady. Gyşlak ýurdundan atlanan bu müddet içinde mübärek durky tamam kuwwatlandy. At bilen uzak menzillere barardy. Dürli tagamlary iýerdi. Sawadan gidenden soň gaýra üzüldi, ýene keseli gaýtalady. Nahar işdäsi alman, hiç zat iýmez boldy. Muňa garamazdan, gaýratyny ýitirmän, kuwwatlylyk görkezerdi. Adatyna görä ýene ata münüp ýörerdi. Birküç gün Reý sebitinde ýaşady. Ol sebitlerde ýarawsyzlygy has artypdy. Adamlar iberip, oglan-uşaklaryny we beýik hatyn Bulgan hatyny gysganmaçlyk bilen talap etdi. Gelip ýetenlerinden soň, ýuwaş-ýuwaş göç edip, Gazwin sebitine ýetdiler. Ol ýerde gonup ornaşdylar. Hatyny ýanyna girdi. Ony onuň kibi ýagdaýda görüp, aglaşyp ýaşlar dökdüler. Ondan soňra tamam begler, ýakynlar, garyndaşlar, döwlet emeldarlary, han-begler hezretiň ýanynda häzir boldular. Her birine öz derejesine mynasyp öwüt-nesihat berdi. Doganyny mirasdar etmek babatda bäş ýyl öň wesýet edipdi. Näçe gezekler mejlislerinde we oturylyşyklarynda tekrarlapdy we berkidipdi. Şol wesýeti üçin täzeden bir gowy we şirin wesýetnama hatyny ýazsynlar diýip buýurdy. Beglere we ululara ol wesýetini gözegçilik we gorag etmeklikde wagyz etdi.

Bu wesýetden erkin bolandan soň, köp wagtlap ýekelige ygtyýar kyldy. Hernäçe durkunyň gowşaklygy kuwwat tapan bolsa-da, hemişe duýgulary ýiti we dili çeperdi. Taňry höküminiň takdyry bilen ömür eýýamynyň müddeti ahyra ýetdi. «Bes, haçan olara ajallary gelse, bir sagat yza hem, öňe hem sürüp bilmezler»[1] esasyna görä, 703[2]-nji ýylyň şowwal (baýram) aýynyň 11-nji gününde, ýekşenbe güni (dynçgün), ikindi wagtynda onuň päkize ruhy pany älemden şatlyk öýüne göç etdi.

Jahana kyýamat güni bolan bu wakadan pelekler donuny mawy edip, ýüz müň gözler girýan boldy. Ýer ýüzüniň ýaşaýjylarynyň gözlerinden tupan sili kibi ganlar rowan boldy. Ýuwmak we kepenlemek resimlerini ýerine ýetirenlerinden soňra, ony tabyt içine goýup, tagty rowan bilen hatyn we begleriň öňünde Töwrize äkidildi. Şäherlerden we obalardan är-aýal ýalynjak palaslar geýip ýola çykardylar. Başlaryna toprak saçyp, zar-zar aglaşardylar.

### Beýt [3]

Ol adalatly we dindar şanyň tabydyna
Zaman-u zemin aglamaga durdular.

Her kim diýýärdi: «Wah arman, haýp –
Jahan güneşi buludyň aňyrsyna gitdi».

Çün etdi wepat ol şahy dad-u din[4]
Zaman aglaýyp, tire[5] oldy zemin,

---

[1] Gurhanyň 7-nji süresiniň 34-nji aýaty.
[2] Milady ýyl hasaby boýunça 1303-nji ýyla gabat gelýär.
[3] Parsçadan sözme-söz terjime edildi.
[4] Asyl nusgada bu beýdiň hem parsçasy, hem türkmençesi berlipdir.
[5] Tire – gara, garaýky.

Eşiden, gören diýer daryg-a daryg[1],
Ki oldy aftaby jahan[2] ziri myg[3].

Tamam Eýran zemin ýurdunyň şäherlerinde minaralara palas saradylar. Bazarlarda, ýollarda we köçelerde är we aýal, uly we kiçi ýakalaryny ýyrtyp, palaslardan geýip, nalalar kylyp, ýedi gün ýas tutdular. Tabydyny paýtagt Töwrize bir menzil ýakyn getirenlerinde şäher halky bir gezden ejiz we biçärelik bilen gök eşikler geýip, är-aýal, uly-kiçi gökler geýip daşary çykdylar.

**Beýt [4]**

Hemmesi baş göterdi sähra tarap,
Gursaklaryna daş urup, bikararlykdan ýaňa.

Ýöridiler kamu tabyda garşy,[5]
Göwüsler daş-u ýumrukle düwüni.

Goşun, hyzmatkär nökerler we raýat tabyt bilen özi üçin saldyran beýik gupbasyna (gümmez) çenli zar-zar aglap geldiler. Häzir oňa Şemi Gazan diýerler. Getirip, ol gümmeziň içinde depin edip, jennete tabşyrdylar. «Barça zatlar gurban bolar, meger, diňe Onuň özi (bakydyr). Höküm Onuň (hökümidir) we (barçaňyz) ýalňyz Oňa gaýtarlarsyňyz»[6].

---

[1] Daryg – arman, haýp.
[2] Aflaby jahan – älem güneşi.
[3] Ziri myg – buludyň astynda, ümüriň içinde.
[4] Pars dilinden türkmen diline sözme-söz terjime edildi.
[5] Asyl nusgada bu beýdiň hem parsçasy , hem türkmençesi berlipdir.
[6] Gurhanyň 28-nji süresiniň 88-nji aýaty.

Haktagala ol bagtyýar soltany çäksiz rehmet deňzine gark edip, yslam şalarynyň şasy patyşamyz Myrat han ibn Muhammet ibn Baýezit hany hökmürowanlyk döwleti we baky sagadaty bilen berk we dowamly edip, ähli maksatlaryna we matlaplaryna ýetirsin, Pygamber we onuň päk nesilleri bilen!

## RUM ÝURDUNYŇ MERHUM SOLTAN ABU SAGYT GAZAN HANYŇ ÖLÜMINDEN SOŇKY ÝAGDAÝYNYŇ HEKAÝATY

Merhum Gazan han pany öýünden baky öýüne göçenden soň, onuň ýerine gardaşy Uljaýtu han boldy. Ondan soňra soltan Muhammet Hudabende[1] patyşa boldy. Munuň zamanynda Rum ýurtlary seljuk nesliniň hanadanynyň owadanlygyndan we görkünden togtap (boşap) galdy. Seljuklardan birküç sanysyna Akşäheri berip, Soltan Mesgudyň oglanlaryna Simre, Kedagra we Sinoby goýup, galan ýurtlary mongol aldy. Häzir Aýdyň ili diýilýän Leşgeri ilini bolsa Reýis Muhammet begiň ogly, kenarýaka gämileriniň ýolbaşysy Aýdyň ol tarapa baran türkleri goşun edinip eýeläpdi. Ol ýerleriň rumlulary Soltana paç töleýärdiler. Soltanlar aradan gidenlerinden soň, olar ol rumlulara ýagy bolup, basyp aldylar. Ol güýçli we mynasyp soltanlaryň beglik beren kişileriniň neslindendir. Teke, igdir boýunyň kethudasynyň ogludyr. Sary han we Garasy soltan Mesgudyň nökerlerindendir. Gazan han wepat bolandan soňra, Çopan begiň ogly Timurtaş begi we Hoja Sagdeddin Mustewfini Rum ýurtlaryny basyp almaga we ýagylary ýok etmäge gönderdiler. Gelip Rumda, Konýada we Akşäherde Seljuk aslyndan bolan oglanlaryny bogduryp, heläk etdiler. Konýada bir günüň içinde 29 sany aý ýüzli çaga oglanjyklary şehit etdiler. Akşäherdäkilerden Simrada we

[1] Bu ýerde nätakyklyga ýol berlipdir. Sebäbi Hudabende «Uljaýtunyň» soň kabul eden lakamydyr, ýagny bu iki at bir kişiniň adydyr.

Siwasda bolanlaryndan käbiri gutulyp, gizlendiler. Käbirleri Garaman oglanlarynyň duran kenarýaka welaýatlaryna bardylar. Garaman oglanlary olardan asyllary garyşyp, soltanlyk dawasyny eder ýaly gyz aldylar. Ol taryhda Rum ilinde Dubruja welaýatynda duran musulmanlar Halyl Eje bile göçüp, gämi bilen Garasy iline geçdiler. Çünki, Anadolyda gowşaklyk bolup, habarlar kesilipdi. Rum ilinde Ulgar begleri baş göterip, fasylýusdan üstün çykyp, Rum Iliniň köpüsini alypdylar. Ol sebäp bilen olardan gorkup, göçüp Anadola geçdiler. Rum Ilinde galanlaryň goşunbaşysy Sary Saltyk ölenden soňra dinden çykdylar we iblis boldular. Şeýlelikde, Timurtaş beg Aýdyň oglanlaryndan hem mal we hyraj talap etdi. Aýdyň oglanlary gazawatçylaryň we söweşijileriň emiri Gazy Umur beg atly gardaşlaryny laýyk peşgeşler, sowgatlar bilen Timurtaş beg hyzmatyna gönderdiler. Egirdurda Timurtaş begiň ordasyna ýetip salamlaşdy. Timurtaş beg oňa:

– Hyraç näme üçin getirmediň? – diýdi.

Umur beg aýtdy:

– Siz ne millet siz, biz size hyraç berer ýaly? Biz hyrajy kapyrlardan alarys. Siz musulman, biz hem musulman. Bizden hyrajy ne sebäpli istärsiňiz?!

Bu söz Timurtaş bege hoş ýakdy. Serpaýlap: «Gazy ýigitmişin. Bar, gazawat kylyber» diýip, yzyna gönderdi. Mundan sähel wagt geçdi. Timurtaş begiň göwnünde Rumda garaşsyz patyşa bolmak pikiri döredi. Ähli ülkelerde handan görkezme bolmasa-da, ne islese edip başlady. Bu ýagdaý bilen soltan Abu Sagyt zamanynda habarly boldular. Artynaýy goşunlar bilen Ruma gönderdiler. Egirdurda oturan Timurtaş bege: «Artynaý köp goşun bilen seniň üstüňe gelýär» diýen habar ýetdi. Ol gorkup, howsala düşdi. Perişan boldy, goşunlary pytrap dagadylar. Dündar beg çykyp köp mal we dowar aldy. Timurtaş beg birküç sany ýakynlary bilen gaçyp Şam diýaryna düşdi. Ol tarapda bilniksiz bolup, nam we

nyşana bilinmedi. Artynaý beg Rum ýurduny tabyn edip, baýlyklaryny jem etdi. Köp hazynalar görüp, baýlyga we ýurda hantama boldy. Maly han gaşyna göndermedi. Rumda garaşsyzlyk bilen patyşalyk dawasyny etdi. Onuň üstüne hem goşun bilen Süleýman hany gönderdiler. Bu senede Kastamonyýanyň 366 harbylaryndan birisi bolan Jandar ogly Rumuň seljuklardan boşanyny çetlerdäki her tarapda duran begleriň başly-başyna beg bolup, ýylda tatara sähelçe zat gönderip, ýerli-ýerinde höküm edýändiklerini görende, mülk ýeri şol ýerde bolan Aflugan tarapyndan türkleri üýşürip, goşun düzüp, Kastamonyýa çykdy. Bir gije gapyllykda Kastamonyýa goşunbaşysy Ýoluk Arslanyň ogly Mahmyt begiň saraýyny gabap, ony tutdy. Derrew, mümkinçilik bermänem depeledi (öldürdi). Kastamonyýany we ol zamanda Zalyfyra diýilýän Buruglu galasyny aldy. Ol ýerleri Isfendiýar begiň atasy Göterüm Baýezidiň atalary Adyl beg eýeledi. Soňra Sinoby hem aldy. Sinop soltan Mesgudyň gyzlaryndan bolan bir garran hatynyň elindedi. Ol hatyny hem Sinobyň harbylaryndan birisi Sinoba tama edip, bogup öldüripdi. Ol harbyny depeläp [Jandar ogly] Sinoby aldy. Süleýman han Siwas sebitine ýetende, bu barada Artynaýa habar ýetdi. Ol özüniň mongol goşunyndan başga-da, mal döküp, Rumdan türk goşunyny hem hakyna tutdy we Süleýman hana garşy ugrady. Iki leşger garşyma-garşy bolup söweş etdiler. Süleýman han bilen gelen goşun geregi kibi berk durup, gowy söweş etdiler. Artynaýyň goşunyny ýeňdiler we kowalap gitdiler. Süleýman han düýpde garaşyp durdy. Artynaý bir bölek goşun bilen bir depäniň aňyrsyna gaçypdy. Ol ýerde duran wagty eline bir aşyk alyp, ony tebiliň üstünde pal atmak üçin süldi. Aşyk omma durdy. Ony ýagşy pal tutup, «pursat biziňkidir» diýip, depäniň üstüne çykdy. Seretdi. Görse Süleýman han az kişi bilen tuguň düýbünde duran eken. Goşuny gazanja (olja) meşgul bolup dargapdyr. Pursaty

ganymat bilip, aşaga indi. Süleýman hany orta alyp, esgerlerini gyrdy. Özüni bolsa öldürdi hem-de Ruma garaşsyz patyşa boldy. Bu wagtlarda Garaman oglanlary hem Şam ýardamy bilen Laryndany tutupdylar. Ýüz howp we gorky bilen ol ýerde durup, Şam soltanynyň adyna hutba okadyp, pul çykardylar. Artynaý Rumda berkleşenden soňra hem Ajam yklymynda gowşaklyklar egsik bolmady. Tatar hanlyklary biri-birine duşmandyklary sebäpli Ruma eýe bolup bilmeýärdiler. Rumda Artynaýyň oglanlary galdylar. Artynaý Rumda şeýle bir adyllyk etdi welin, onuň adyna «Köse pygamber» goýdular. Wessalam.

## SEZAR PATYŞALARY BOLAN ŞA ŞUJAGYŇ WE ŞA MANSURYŇ ATALARYNYŇ PATYŞALYGYNYŇ HEKAÝATY

Gazan hanyň patyşalyk eden wagtynda we Kerman tarapyna düşen türkleriň garlyk boýunyň beginiň ogly bolan merhum Muhammet Muzaffar örän danyşmentdi, we örän batyr ýigitdi. Gazan hanyň gapysynda bir bölek esgerleriň başydy.

Gazan han zamanynda ajam yklymynda Jemalluk atly bir batyr haramy döräpdi. Onuň kyrk sany talaňçy ýoldaşy bardy. Ol kyrk ýarany bilen ýollar kesip, haramlyklar ederdi. Şäherleriň we etraplaryň ýolçulary we bezirgenleri olardan gorkusyna ejiz we biçäre galypdylar. Gazan han ähli welaýatlary birine kepillige berip, her biriniň tümen we müň beglerine özüniň höküm etmeli ýerini belläp beripdi. Her biriniň höküm edýän ýerinde: «Ogurlyk we haramlyk ýüze çyksa, sizden görerin diýip, şert we borç goýupdy. Ol sebäpden, ähli hyýrsyz[1] we haramylar tutulyp, heläk edilipdi.

[1] Hyýrsyz – ogry, jübükesen, kiseker.

Ähli ýurt asuda bolupdy. Ondan özge, ýagny Jemallukdan başga tiken we ezýet galmandy.

Abu Sagyt hanyň köňli ony ele salmaklygyň küýsegindedi. Niçeme gezek batyr we tejribeli ärleri ony tutmaklyk üçin ugradypdy, ýöne muny başarmandylar. Jemalluk öz işinde örän batyrgaýdy. Ol şeýle bir hetde baryp ýetdi welin, ýagny bir wagt Horasandan Abu Sagyt hanyň malynyň getirilýän wagty ol mallarynyň ýanynda dört ýüz sany esger, iki baş beg bar bolsa-da, olar gelip, dagyň etegindäki bir suw kenarynda düşlän wagtlary, Jemalluk ýoldaşlary bilen bulary dagyň üstünden gördi. Ýoldaşlaryna aýtdy:

– Aşak iniň, olary bir gorkuzyň!

Olar aýtdylar:

– Pälwan, bular bir goşundyrlar. Bulary nädip gorkuzaly?

Jemalluk olara gaharlanyp, ýaýyň okuny eline alyp, olaryň ýanyna indi. Görse, iki beg suw kenarynda tagam iýip oturdylar. Ol salam berdi we aýtdy:

– Pälwan Jemalluk size salam aýdýar we bu maldan bize bir hudaýýoly bersinler diýýär.

Olar Jemallugyň adyny eşidenden gaharlanyp:

– Ol melgun kapyr nirededir, diýip sögdüler.

Jemalluk aýtdy:

– Köp sözlemäň. Ol size eýlik bilen sözlär. Siz neçün ýaramaz sözleýärsiňiz?

Jemalluk beýle-beýle diýenden soň, bular nökerlerine «suwdan geçip, ony tutuň» diýip, yşarat etdiler. Olar atlaryna münüp, suwdan geçýänçä, Jemalluk bir ok bilen ol iki begi urup, heläk etdi. Ony görüp, Jemallugyň ýoldaşlaryndan ýedi-sekiz sany atyjylar aşaga indiler. Olaryň üstüne ok ýagdyryp, birküç sanysyny heläk etdiler. Jemalluk nökerlerine:

– Geliň, haý muhannesler. Aşak iniň – diýip, goluny salgady. Galanlary hem ylgaşyp aşaga indiler. Ol dört ýüz atlynyň galany atly-atyna münen-mündi, münibilmedigi çöl

börüsi kibi dargadylar. Jemalluk nökerleri bilen ol maly gatyrlara ýükläp aldylar gitdiler. Daş ýerlerde, hatarly daglarda pynhan etdiler. Ondan soňra bu işde has-da batyrgaý we ýyrtyjy boldular. Uly kerwenleri we bezirgenleri basyp, köp mal, parça we esbap hasyl etdiler. Mundan birnäçe müddet geçdi. Gazan han Soltanyýa çemenliginde düşläpdi. Bir gün döwlet emeldarlaryny, ýurt han-beglerini, tejribeli begleri, harby adamlary ýanynda jem edip, Jemallugy ýeňmegiň çäresi babatynda olar bilen maslahat etdi. Köp sözlerden soňra, sözleriniň netijesi şu boldy, ýagny tutuş ýurtda on iki derbent, sähra we hatarly ýerler bardy. Olar mydama şol ýerlerde kerwen basyp, pislige pursat tapardylar. Ol ýerlerde batyr, tejribeli ärlerden ýolbekleýjiler goýmaly. Gije-gündiz olaryň geçelgelerini bekläp, pursat bermesinler. Birküç ýerlerden diňler hem salmaly. Şu zatlar karar edilenden soňra patyşa bölek başlaryna nazar aýlap aýtdy:

– Sizden haýsy biriňiz bu howply işe taýýar bolup, batyrlar bilen gije-gündiz jan edip, yhlas bilen Haktagala enaýatyndan ony we esgerlerini ele getirmäge batyrgaýlyk we gahrymanlyk edip bilersiňiz? Eger şeýtseňiz, meniň niçe müddetden bäri ol pikirden zary girýan bolup ýören arzuwym hasyl bolar. Bu işi kim başarsa, oňa näçe mertebe we beglik dilese bereýin.

Ýokarda ady agzalan Muhammet Muzaffar aýak üstüne turup, patyşa doga we sena etdi we bu beýtleri yhlas dili bilen okady:

Aýtdy ki, eý, şahy piruz bagt[1],
Mukarrar[2] saňa döwlet-u täj-u tagt.

[1] Piruz bagt – ýeňiş bagtly.
[2] Mukarrar – karar edilen.

Olup bagtyňyz şemi efruhta[1],
Aduw[2] haşmyňyň[3] naryle[4] suhta[5].

Hykaratle[6] hasydlaryň[7] sernegun[8],
Jahan içre olsun zelil-u zebun.

Saňa berdi Hak dürli emalyňy[9],
Eý kyldy bardykça ahwalyňy.

Bu maksadyňy dahy bersin Iläh,
Eýa, adyl eýesi weli patyşah!

– Eger älem şasy enaýat we hümmet nazary bilen garasa, bu kemine baryp, Haktagala enaýatynda ony ýaranlary bilen ele getireýin – diýdi.

Patyşa ony öz bölegi bilen ol ýerlerde ýolgözegçi belledi. Köp mal, nygmat we gowy atlar berdi. Ol gorkuly derbentlerde, ýazylarda (sähralarda) birküç sany diň saldyrdy. Bir müddet ol taraplaryň ýollaryny beklediler. Geleni-gideni geregi kibi barlag edip soradylar.

Ol eýýamda mekir Jemallugyň ýoldaşlary birküç günläp, Jemallugyň ýanyna baryp:

– Munça zamanlardan bäri Pälwan hyzmatynda muşakgat we zähmet çekip, kerwenleri ýagmaladyk, nygmatlarymyz köpeldi. Her ýerden gyzlar we gözeller alarys. Emma şerap

---

[1] Şemi efruhta – lowurdaýan şem, ýanýan şem.
[2] Aduw – duşman, ýagy.
[3] Haşm – gahar-gazap.
[4] Nar – ot, ýalyn.
[5] Suhta – ýanan, köýen.
[6] Hykarat – kemsidilen, peselme.
[7] Hasyt – görip, göribilmez.
[8] Sernegun – başaşak, ýykylan, düňderilen.
[9] Emal – arzuw, umyt.

meýlisine zar bolduk. Pälwan bize içmekligi gadagan edýär. Pälwana ýalbarýarys. Birküç gün şerap mejlisini guralyň. Ol arzuwymyz hem hasyl bolaýsa! – diýip ýalbardylar. Jemalluk olary saklardy we:

– Ähli halaýyk biziň ganymyzy dökmäge pursat islärler, emma tapmazlar. Şerabyň ýaman işdigini bilmeýärsiňiz. Eger biziň içendigimizden habarly bolsalar, bir gün mest wagtymyz bizi orta alarlar. Ählimizi tutup, heläk ederler – diýerdi.

Olar zary girýanlyk bilen:

– Mydama içeliň diýmeýäris. Daglarda we ýol ugrumyzda we çöllerde üç ýer ygtyýar etdik. Ol ýerler hergiz adamzat gelen ýerler däldir. Maksadymyz oldur, ýagny her birinde üç gün mejlis edeliň – diýerdiler.

Aýda-aýda Jemallugy razy etdiler. Tötänden şol günlerde Gazan han  üçin Semnan we Horasan etrapyndan örän gowy süýjiler, Mazanderandan narynç, turunç we enar, Yspyhandan almalar gelerdi. Bu üç bölek biri-birine garaşyp, bir kerwen boldular. Jemallugyň ýoldaşlary bu kerwenden habardar boldular. Jemalluga aýtdylar:

– Pälwan işimiz rastdyr. Bilseň, nygmatlar bilen taýýar süýji hem geldi. Ne buýrar sen?

Jemalluk aýtdy:

– Iniň, kerweni alyň. Emma ýol gözegçilerine habar bermez ýaly, hiç kimi gaçyrmazlyga dyrjaşyň. Soň dagdan inip,  kerweni orta aldylar. On sekiz sany obaly täjikdi. Käbiriniň bir, käbiriniň iki ýükli eşekleri bardy. Ählisini tutup, ýükleri we esbaplary bilen alyp gitdiler. Hatarly ýerlerden ýöräp, yzlaryny ýitirdiler. Dört günlük ýolda adam aýagy sekmedik bir gowak bardy. Onda düşlediler.

Bu kerweniň yzyndan ýol gözegçilerinden otuz kişi bulary Soltanyýa çenli elteris – diýip gelýärdiler. Olar bir gonup, tagama meşgul bolupdylar. Şerap hem içip mes bolup eglenipdiler. Aýňalyp atlaryna münüp, kerweniň yzyndan

sürdüler. Näçe gaty sürselerde, kerwenden yz tapylmady. Etrapdan we töwereklerden soragladylar. Kerweni Jemallugyň talandygyny bildiler. Baryp Muhammet Muzaffara habar etdiler. Muhammet Muzaffar:

– Olar şerap içmezdiler. Şerap içmäge höwes edipdirler. Gardaşlar,  ýoldaşlar Haktagala bize gowy pursat nesip etdirdi. Ýaraglanyň, olary agtaryp gideliň. Emma olar nirä bardylarka? Bir pikir we aňtaw edeliň – diýdi.

Aralaryndan birküç kişi birküç ýer adyny aýdyp, oňa barandyrlar diýip çakladylar. Pälwan Muhammediň akly ony kabul etmedi. Aralaryndan ýene bir kişi:

– Eger barsalar, bular pylan çola ýerdäki gowaga barandyrlar. Hergiz adam aýak yzy düşüp, ýol bolan ýer däldir – diýdi.

Pälwan aýtdy:

– Makul söz budur. Elbetde ol ýerdedirler.

Olar [hakykatdanam] hem ol ýere baryp, ol obalylaryň ellerini we aýaklaryny berk baglap, bir çukur ýere taşlap, üstlerine üç adam sakçy goýupdylar. Özleri aýşy-eşrete we içmäge meşgul bolupdylar. Iki gün ol ýerde içdiler. Ol ýer çöl we açyk ýerdi. Duýularys diýip, gorkup ol ýerden gitdiler. Dag arasynda bir dere bardy. Onda baryp düşlediler we dil ýarmasyn diýip, kerwen halkynyň ählisini gyrdylar. Rahatlyk bilen içgä gümra boldular. Ol ýerden hem gidip, gaty daş we daglaryň içindäki bir ýere bardylar. Ol ýerde hem rahat boldular. Olar şol çölde we derede nobat bilen sakçy goýardylar. Bu ýerde goýmadylar. Jemalluk ol iki ýerde içmändi. Bu ýerde ýalbaryp içirdiler we «Pälwan, ömrümizde bir gezek seniň bilen bir şerap mejlisini guralyň ahyry» – diýip ýüzlendiler we ýalbardylar. Birküç gezek içilenden soň, Jemallugyň kellesi sämäp, olara «Ýene ne arzuwyňyz galdy. Jemalluk pylan wagtda iki däne injiri el degirmeninde üwetdirip, at üçin şekerden halwa eýläp, size iýdiren, gözel

gyzlar gapyp, size guçduran kişidir. Häzir bu arzuwyňyza hem ýetdiňiz. Ýeneki arzuwlara hem ýetersiňiz» diýdi. Ol ýerde üç gije-gündiz üznüksiz içdiler. Ertesi, ol ýerden gitmeli bolan dördünji gijesi öte dolular  we bulgurlar içip, aşa mest bolup, weýran boldular. Her kim ýatan-ýatan ýerinde uka gitdiler. Muhammet Muzaffar nökerleri bilen ol gowaga geldi. Ol ýerde täze süýekler, narynç, turunç, alma gabyklaryny gördüler. Onsoň olaryň ol ýerde düşläp, içendiklerini aňdy. Bular hem ol ýerde düşläp naharlandylar. Atlaryna dynç berdiler. Emma haramylaryň nirä barandyklaryny bilmekden ejiz geldiler. Iki sany ýolbelet täjigi bardy. Olar:

– Bu ýakynlarda olara rahatlyk bilen içer ýaly ýer ýokdur. Eger olar barsa, pylan dagda, pylan ýere bararlar. Çola we sowa  ýerdir – diýdiler.

Soňra Muhammet Muzaffar nökerleri bilen ýortdy. Säher wagty ol ýere ýetdiler. Görse, atlar we eşekler bar. Özleri mest we weýran ýatyrlar. Derrew atdan düşüp, ählisin mäkäm bagladylar. Säher wagty geçdi. Gün dogdy. Özlerini duşman elinde har we tussag gördüler. Muhammet Muzaffara oturgyç berdiler. Jemallugyň başujynda oturdy. Jemallukdan hernäçe söz sorasa-da, jogap bermedi. Muhammet Muzaffar: «Bir hile we usul bilen munuň malynyň ne ýerdedigini mälim edip, elime girizmänkäm, muny diri patyşa ýanyna eltsem, mümkin, muňa jeza berip, malynyň ne ýerdedigini aýtdyrarlar. Onsoň men maldan mahrum galaryn» diýip, pikir etdi. Soň nökerlerine we ýaranlaryna:

– Eý ýaranlar, bilermisiňiz biz özümize ne iş etdik? – diýdi.

Olar:

– Pälwan näme? – diýdiler.

Aýtdy:

– Munuň kibi alp we batyr ýigidi tutduk. Eger han hyzmatyna eltsek, mümkinçilik bermän heläk eder. Biz batyr

we alp ýigitleriň arasynda betnam bolarys. Olar «Şunuň kibi batyr ýigitleri goraglaman, özi köýmän eltdi we heläk etdirdi diýerler. Eger eltmän goýberseňiz, bu yklymy terk edip, Hindistan iline gider ýaly malymyz ýokdur – diýdi.

Jemalluk bu aldawy eşidip, başyn galdyryp, Muhammet Muzaffara:

– Pälwan sözünde dursa, men Pälwan üçin mal tapaýyn – diýdi.

Muhammet Muzaffar bu hile bilen ant içdi we aýtdy:

– Alla kessin, berk imanym bilen sözümde duraryn.

Jemalluk bu inçeligi bilmedi. Jübüsine yşarat eýledi. El sokup, daglarda gömülgi mallarynyň beýany ýazylan bir bölek kagyzy çykardy. Muhammet Muzaffar begenip, nökerlerine yşarat etdi. «Pälwanyň aýagyn çözüp, ata mündüriň, alyp gidiň, men hem yzyňyzdan ýeterin» diýdi. Jemallugy üç sany ýakyn hemdemi bilen Pälwan Muhammediň birnäçe nökerleri alyp gitdiler. Dagdan biraz aşaga inip dolandylar. Muhammet Muzaffar onda galan ýoldaşlaryny hem orta getirip:

– Pälwan Jemal malyny berdi. Siz dagy nämäňiz bar bolsa, gerçeklik bilen beriň. Hoş sag-salamat gutulyň – diýdi.

Olar:

– Biziň zadymyz ýokdur – diýip, inkär etdiler. Muhammet Muzaffaryň buýrugy bilen nökerler olaryň birküç sanagyny parçaladylar. Galany jan gorkusyndan nämeleri bar bolsa ykrar etdiler. Olary nökerlerinden birküç sany ynamly kişilerine mallarynyň beýany bilen berdi we şeýle tabşyrdy:

– Bu ýazgydaky baýlyklary hasyl edip, bulary ýene pylan daga, meniň ýanyma getiriň – diýdi.

Özi Jemalyň[1] yzyndan gitdi. Jemalyň yzyndan ýetende, ol baýlyklary gömen ýerlerine eltdi. Ol ýerleri görkezdi. Üç ýerde gömülen baýlyk, köp parçalar we goş-golamdan gaýry ýüz

[1] Ýokarda Jemalluk görnüşinde beripdirler.

togsan ýük pul we altyn çykdy. Ol bulary geçen döwürlerde alyp, ol ýerde gömüpdi. Parçalary we goş-golamlary nökerlerine paýlady. Baýlygy özi aldy. Jemal:

– Ýoldaşlarymyň maly hem ol ýerde – diýdi.

Çykaryp getirdiler. On dokuz ýük pul we ýedi ýük parça. Onuň hem puluny alyp, parçalaryny getirenlere berdi. Ondan soňra onuň buýrugyna görä Jemallugy dokuz sany nökeri bilen alyp gaýtdylar. Galanyny gylyçdan geçirdiler. Mallary berk ýerde gizläp, Jemallugy we dokuz sany nökerleriniň ellerini berkidip daňyp, han ordasyna ugradylar. Ýakyn ýetenlerinde, «Ol ýolbars Muhammet Muzaffar betpäl Jemaly birküç nökerleri bilen tutup, getirýärler diýip, hana habar ugratdylar. Gazan han örän şatlanyp:

– Ol melgunlaryň haram jesetlerini bu ýere getirmesinler. Ol ýerde giň meýdanda gyrsynlar. Emma Jemallugyň başyny getirsin. Ne şekilli melgundygyny göreýin – diýip buýurdy.

Muhammet Muzaffara bu perman ýetdi. Bu perman hut onuň islegidi. Muhammet maslahat üçin perman getirenlere:

– Bulary patyşa diri elteliň – diýdi.

Olar aýtdylar:

– Ýok, elbetde patyşanyň permany ýerine ýetirilse ýegdir – diýdiler.

Muhammet Muzaffar Jemallugyň bir altyn desseli hanjaryny alypdy. Ony jelladyň eline berdi. Aman bermän, ol hanjar bilen Jemallugyň myrdar başyny haram göwresinden aýyrdy. Kellesini alyp, Gazan hana eltdiler. Bu ýagdaý hanyň köňlünde şeýle bir şatlyk döretdi welin, onuň beýany waspa sygmaz. Jemallugyň başyny hana eltenlerinde, öýle wagtydy. Han Muhammet Muzaffary serpaýlap, örän hoş gördi. Sahypdiwan Hoja Sagdeddin bu wakany eşidip, hanyň ýanyna bardy. Görse, Jemallugyň kesilen başy ýatan eken.

– Ol uzak wagtlardan bäri bu haramylykdan älem malyny jem edendir. Malyny agtarman, näme üçin öldürdiňiz – diýdi.

Gazan han:

– Maly Pälwan Muhammet agtarandyr – diýdi.

Muhammet Muzaffar:

– Meniň ne hetdim bar mal agtarmaga. Şonuň üçin ony dokuz nökeri bilen patyşa hezretine getirdim. Hanyň gapysynda barlag ediler we jezasyny alar – diýip, pikir etdim. Han öldürmäge perman berdi. Jellatlar öldürdiler – diýdi.

Hoja Sagdeddin:

– Arman we haýp – diýip, ellerini owkalady.

Gazan han:

– Onuň malyndan geçdik. Haktagala şükür edeliň, bu melgun heläk bolup, musulmanlar onuň şerinden halas boldy – diýdi.

Soň Muhammet Muzaffara:

– Ne ýeriň begligini istär sen. Beýanyny ýazsynlar – diýdi.

Muhammet Muzaffar:

– Her kişiniň begligi derejäni we mertebäni öz asyl-nesebine görä islemegi gerek. Ertir daň bilen berlip, birigün elimden alynjak beýik beglik islegim däldir – diýdi.

Şiraz we Kerman arasynda ....[1] atly bir obanyň şäherjigi we mäkäm galasy bar. Özüniň watany we atasynyň gyşlagydy, şony diledi. Derrew ýazmaklaryny buýurdy. Ýazdylar we berdiler.

Ol gala gitdi. Öýün, malyn, ryskyn we dagda haramylardan alyp, mäkäm ýerde goýan mallaryny ol gala daşatdy. Soltan Gazan han wepat bolandan soňra, Yrak, Azerbaýjan we Horasan gowşak ýagdaýa düşdi. Horasany Gazan hanyň oglanlaryndan biri tutdy. Mazanderan soltanynyň ogly Hüseýin beg onuň neslindendir. Azerbaýjan we Arap Yragyny Oljaýtu tutdy. Ikisi bir-birine garşy we ýagylyk ederdiler. Bu wagtda Muhammet Muzaffar mal güýji bilen nirede batyr we

---

[1] Golýazmada obanyň adyna derek boş ýer goýlupdyr.

gaýduwsyz ýigitler, şeýle-de türk jemagatyndan agzybir, kowumy köp boý başlary, türk, halaç, buluç, arap bar bolsa, öz ýanyna jemledi. Sähel müddet içinde köp goşun jemledi. Her birine mertebesine görä, gerekli zatlaryny, hak, azyk berip, hoşnut etdi. Öz malyndan galyň berip, toý şaýyn düzüp, bir-biri bilen ýakynlaşdyrdy, gyz alyp berdi. Ählisi biri-biri bilen kowum-gardaş boldular. Özi hem ol boýlardan beýik boý başlarynyň gyzlaryny alyp nikalaşdy. Ol tarapdaky galalary we şäherleri ýuwaş-ýuwaşdan alyp, özüniňkä goşdy. Öz adamlaryndan tümen begleri, müň begleri, ýüz begleri, naýyplary, garawulbaşylary belledi. Sähel müddet içinde Kermany, Şirazy, Yspyhany we tamam Ajam Yragyny basyp aldy. Bir gezek yklymyny beglerinden birküçine tabşyryp, hazynadaky nepis göwherlerden we altynlardan harçlyk we etjek işine ýeterlik mukdaryny aldy. On sany aýratyn nökerleri bilen ol zatlary don içinde gizläp, daşary çykyp gitdi. Halk arasyndan gaýyp bolup, biraz wagtda Müsüre bardy. Halypanyň gapysyna baryp salamlady. Elten mal we peşgeşini halypa arz edip, halypanyň hazynaçysyna berdi. Onuň patyşalyga laýykdygyna, ylmyny, adalatyny, syýasatyny öwüp, arapça ýazyp beren dört sany kazynyň hatlaryny berdi. Birküç gün halypanyň hyzmatynda bolup, yzyna atlananda, halypanyň atynyň ýapynçasyny göterip, öňünden ýöredi. Soňra halypa oňa rugsatnama berip, ony patyşa bolmaklyga laýyk gördi. Apbas neberesiniň şygary usulynda oňa halat we telpek berip ugratdy. Juma güni, Şiraz şäherine ýeten wagty juma namazy wagtydy. Hekimleriň başy, aryflaryň şyhy, Şyh Sagdynyň mazarynda düşläp, özüni hiç kime tanatmady. Juma namazy wagty bolanda, halypanyň beren haladyny, telpek üste saralan sellesini geýip, sellesiniň üstüne bir zat bürenip, metjide bardy. Hutbaçynyň ýanynda oturyp, gizlinlik bilen özüni hutbaça tanatdy. Däp-dessur ýerine ýetirilenden soň, öz adyna hutba okatdy. Hutbany tamam edip, münberden düşüp, ymamlyk

etdi. Namazdan soň alymlar, bilimdarlar, ulular sözleşip, doga we sena etdiler. Metjitden çykyp, begler, ulular, emeldarlar we göwher bezegli täji bilen hoş-horram aty getirdip mündi. Tebil, nagara, surnaý we kernaý çalynyp, dabara we tertip bilen soltan saraýyna eltdiler. Halypa hat ýazan ol dört kazylar ol ýerde bardylar. Halypa olary öz ýerine wekil edipdi. Olar Muhammet Muzaffaryň elini tutup, tagta çykardylar. Ol Ajam Yrak ýurduna patyşa boldy. Şa Şujag we Şa Mansur onuň neslindendir.

Şeýlelikde, her zamanda bir taýpa hereket edip, patyşa bolandyrlar. Eger arap, eger türk ýa-da ajam tapawudy ýok, her taýpanyň ýörüginden baş göterenler mal, hakyna tutma esgerler we gullary köp edinmek bilen patyşa bolandyrlar. Ýöne bir yklyma ýa birküç welaýata patyşa bolandyrlar. Arap, Ajam, Rum we Türk yklymlaryna boýdan-başa patyşa bolanlar, köp göçgünli türkmen, tatar, kürt, arap boýlarynyň kuwwaty bilen bolandyrlar. Olaryň ählisi biri-birine kowum we urugdyrlar. Ähli taryhy okanlar bu syrdan habarlydyrlar. Wessalam.

## IKI ULY NESILŞALYGYŇ BAŞLANGYJYNDA PEÝDA BOLAN GEŇ-TAŇ IKI HEKAÝATYŇ BEÝANY

Iki uly nesilşalyk hakynda dilden eşiden geň-taň habarlarym hakynda birküç keleme beýan edilsin. Bu hekaýaty şeýle eşitdik. Merhum Soltan Mahmyt ibn Söbükteginiň atasy Gazna şäherine beg bolan wagtynda patyşa däldi.

Hindistanda Sumynat (Sumnat) şäherinde butparazlaryň ýyldyz ylmyny gowy bilýän ruhanylary on iki ýylyň senenamasyny (kalendaryny) çykarypdyrlar. Senenamalarynda (kalendarlarynda) şeýle görnüpmiş, ýagny Gaznada Söbüktegin atly begiň Mahmyt atly bir ogly bolup, ähli Ajam yklymlaryna patyşa bolar. Hindistan ýurtlaryny hem gazawat edip, basyp alar.

Soň olar köp mal we nygmat göterip, Gazna gelipdirler. Söbükteginiň öýüni sorap barypdyrlar. Soltan Mahmyt oglanjykdy. Oglanjyklar bilen meýdanda oýnardy. Olar aýtdylar:

– Seniň Mahmyt atly bir ogluň barmyş. Ol ähli Ajam yklymyna patyşa bolup, Hindistan yklymyna hem höküm eder. Biz bäş ýük altyn, bäş ýük kümüş we otuz ýük parça getirdik. Alyň, bize Hindistany basyp alan wagtynda, biziň buthanamyzy ýykmaz ýaly, wakflaryny, köçeleri, dukanlary almaz ýaly bir höküm bersin.

Olar Menat atly butlaryny döwmesin diýmegi unutdylar. Söbüktegin ol gadar mal görüp, hoş habar eşidende, örän şatlanyp, ogly Soltan Mahmydy häzir etdi. Soltan Mahmydyň eline galam berip görkezdiler. Ol adyny we nyşanyny kagyz ýüzüne ýazdy. Nyşan astynda «Eger çäksiz sahawatly Patyşa Perwerdigär hem-de rehimli bolan Haktagala men ejiz guluna patyşalyk berip, Hindistan ýurtlaryna hem höküm etmegimi buýursa, bularyň Sumynat şäherindäki buthanalaryny ýykmaryn, wakflaryny almaryn, öz hallarynda goýaryn. Aýdanlaryma Allatagala wekil bolsun, ol häkimleriňem häkimidir» diýip ýazdy.

Soňra patyşa bolup, Hindistan yklymyna gazawata bardy. Birküç gezek söweş etdi. Iki gezek Deli sebitine çenli bardy. Rawpatura atlandyrylýan Deli patyşasy goşuny bilen garşy gelip, Soltan Mahmydy ýeňdi we tutdy. Soň mürewwet edip, halatlap goýberdi. Bir gezek Delä baryp ýeňildi we tutulman gaçdy. Goşundan aýry düşüp gaçyp gelýärdi. Hindistan kapyrlarynyň resim we adatlary boýunça gaçýan goşuny öldürmezdiler, ynjytmazdylar. Tersine, azyk berip ibererdiler. Soltan Mahmyt ýalňyzlykda bir oba ýetdi. Garny açdy. Biri öňünden çykdy. Soltan ondan hindi dilinde iýer ýaly birzat sorady. Hindistan kapyrlary et iýmezdiler, süýt, şeker, çörek, ýag we iýmiş iýerdiler. Ol obadan bir garry çykyp, süýtli tüwi

bişirmişdi. Bir okara süýtli tüwi çykaryp, oňa berdi. Soltan Mahmyt örän açdy. Çalt-çalt iýip, ortasyndan hem alardy. Aş gyzgyndy. Agzy bişdi. Garry aýtdy:

– Bu türkler däli bolarmyşlar. Ne olduň, ne iýer sen. Okara gyrasyndan gäde-gäde iýseň, sowuk bolar. Sen hem ol däli begiňiz Soltan Mahmyt ýaly ekeniň, ol gowy uçlaryny (gyralaryny) goýup, [ýurduň] ortasyna çozup, synýar.

Garrynyň bu sözi Soltan Mahmyda sapak boldy. Soňra uçlaryndan döwe-döwe, ala-ala Deli şäherine çenli basyp aldy. Rawpatura goşuny bilen gelip, Soltan Mahmydyň garşysyna çykdy we ýeňilip, tutuldy. Hindistan patyşasy Rawpaturany Soltan Mahmydyň ýanyna getirdiler. Soltan Mahmyt jellatlara ony daşary eltip, heläk etmeklerini buýurdy.

Rawpatura aýtdy:

– Türklerde mürewwet bolmazmyş. Men seni iki gezek tutup, mürewwet we merhemet edip goýberdim. Sen-de bir gezek mürewwet etmek bolmazmy?

Soltan Mahmyt:

– Kapyrlarda akyl bolmazmyş. Ýogsa, bir duşman kişä pursat tapanda, ony neneň edip sypdyrar? – diýdi.

Soňra öldürip, heläk etdi. Hindistany basyp aldy.

Elkyssa, Sumynat şäherini basyp almaga bardy. Basyp aldy. Ol buthanany ýykmady we wakfyny almady. Emma Menat atly uly butlaryny, daşary çykaryp owratmagy buýurdy. Kapyrlar perýat we zary kyldylar. «Ol buty döwme» diýip, köp mallar bermekçi boldular.

Soltan Mahmydyň begleri aýtdylar:

– Muny döwmekden ne peýda? Köp mal bererler, algyl. Goşuna paýla.

Soltan Mahmyt muny kabul etmedi we aýtdy:

– Ýaryn (taňla) kyýamat gününde meni Azer[1] bilen magşara eltip: «Azer but ýonujy we Mahmyt but satyjydyr, ikisini hem Jähenneme eltiň» diýerler – diýdi.

Buty döwdürdi. Içinden şol gadar jöwherler we gymmatly daşlar çykdy welin, ol kapyrlaryň berjek malyndan ýüz müň esse köpdi. Ählisini alyp, kä birini goşuna, kä birisini pakyrlara, kä birisini bolsa hazynasyna ugratdy. Bu mübärek nesilşalyk bu hekaýata mynasyp ýene bir hekaýat hakynda eşitdim. Aýdyşlaryna görä, Mesiruz owlastynda (welaýatynda) bir dagda Margarit atly monastyryň galuýuruslary (toplary) senenamada (kalendarda) Anadolyda merhum Osman beg atly begiň nesliniň (Allatagala olary kyýamat gününe çenli baky saklasyn!) kyýamat gününe çenli Anadoly we Rum iline patyşa boljakdygyny gördüler. Olar mal göterip, Anadola geçdiler we Söwüde ýetdiler. Ol maly olara berip, «Olardan keliselerine we keliseleriniň wakfy bolan obalaryna zyýan etmeris we almarys» diýen ýazgyly hüküm aldylar. Häzir hem ol hüküm ýerine ýetirilýändir. Wessalam.

## KITABYŇ SENESI BARADA HEM-DE ÖTÜNÇ GÖRNÜŞINDÄKI BIRNÄÇE SÖZ WE PATYŞA ÖZ ARZY HALYŇY AÝTMAK

Bu kemine bende bu iki jildiň içinde geçen senelerdäki we aýlardaky Rum ýurtlarynda peýda bolan we ýüze çykan geçmiş işleri we hekaýatlary parsydan türkä geçirip, galama getirdi we jennetiň jenaby, döwletiň penakäri Allatagala belentligini ebedi we baky etmiş hezretiň arz jaýyna ýetirdi. Köp yhlaslar bagyşlady. Eger säwlik we hatalyk ýüze çykan bolsa, patyşa hezretiniň ýokary hilli düzedişler berip, ýalkaw

[1] Azer - Ybraýym pygamberiň atalygy. Ol but ýasaýjy ussa bolupdyr.

galamy bilen ýaramazlyklaryny dogrulamagy gaýgyrmaz diýip umyt edýän. Çünki, ynsan unutmaklyk keselinden halas däldir.

**Beýt**

Aly, kim dogagöýi soltan durar,
Şahyň söýgüsi jismine jan durar.

Eger olsa ä:m ile wer has ile,
Doga jübüsidir şahyň yhlasle.

Dilär Hakdan oldukça subhle şam[1],
Hudawentgär oldugyn müstedam[2].

Eger olsa kal[3] ile ýa hal ile,
Olur sözi herdem bu menwalle[4].

Ki eý häzir-u mälik-u muktadyr[5],
Saňa äşgäre durar dürli syr.

Degil  hiç bir nesne senden nahan[6],
Bir emriňle gaýymdyr iki jahan.

Saňa ýok şerik[7] we şebih[8] we nazyr[9],
Ikilikde galmaz, bilen seni bir.

---

[1] Subhle şam – ertir bilen agşam.
[2] Müstedam – dowamly, hemişe.
[3] Kal – söz, gürrüň.
[4] Menwalle – usul, ýol, tär.
[5] Muktadyr – güýçli, kuwwatly.
[6] Nahan – gizlin, örtügli.
[7] Şerik – şärik, şärikli, ortak.
[8] Şebih – meňzeş, taý.
[9] Nazyr – meňzeş, meňzeýän.

Ilähi jemal-u jelalyň[1] haky,
Bilä naks[2] judu[3] kemalyň haky.

Hudaý-a Kitab[4]-u Resulyň haky,
Taky[5]-ýu naky[6] has guluň haky.

Suruş[7]-u, uruş[8]-u sema[9] haky üçin,
Gala[10] sidreýi münteha[11] haky çün.

Rusum[12]-u buruj[13]-u nujumyň[14] haky,
Şeýatyna[15] andan hüjümiň haky.

Günüň seýri-ýu wajyby haky çün,
Şahyň jismii-ýu hajyby haky üçün.

Tabaýyg[16] olan able häk[17] çün,
Bu döwürdi, bir egläýin edrak[18] çün.

---

[1] Jelal – beýiklik, belentlik.
[2] Bilä naks – nogsanyň ýoklugynyň hakyna.
[3] Jud – sahawat, jomartlyk.
[4] Kitap – bu ýerde Gurhan göz öňünde tutulýar.
[5] Taky – takwa, dindar.
[6] Naky – päk, päkize, asylzada.
[7] Suruş – perişde, melek
[8] Uruş – arşlar; 1) tagt; 2) iň ýokarky asman.
[9] Sema – asman, pelek.
[10] Gala – gymmat, gymmatbaha.
[11] Sidreýi münteha – ýedinji asmandaky bir agajyň ady.
[12] Rusum – düzgünler, ýörelgeler, röwüşler.
[13] Buruj - 1) sütün, küňre; 2) ýyldyz toparlary.
[14] Nujum – ýyldyzlar.
[15] Şeýatyn – şeýtanlar, iblisler.
[16] Tabaýyg – 1) tebigatlar; 2) hüý-häsiýetler.
[17] Able häk – suw bilen toprak.
[18] Edräk – aň, düşünje.

Bulara tebagy[1] ataş-u bat çün,
Haýaty able zulmat abat çün.

Jennanyňdaky[2] hüýri aýn haky çün,
Oňa laýyk iman-u din haky çün.

Gaza kylanyň gerdi[3] rahy çün,
Garyp olanyň serdi[4] ahy çün,

Kyýamat güni howly[5] haky çün,
Pygamberleriň kowly[6] haky çün.

Syrat[7]-u sagyr[8]-u behiştiň haky,
Bize ýazylan sernebeşdiň[9] haky.

Şahynşahymyz kyldygy adly çün,
Elinden gelen nygmat-u bezli[10] çün.

Myrada myradynja bergil myrat,
Ki Mäti olup, göstere adl-u dat.

Uzyn ömür çoh döwlet-u şowkle,
Lebi ýardan doýdugy zowkle.

---

[1] Tebag – 1) eýerme, yzyna düşme; 2) nöker.
[2] Jennan – jennetler, behiştler.
[3] Gerd – çaň, tozan.
[4] Sert – sowuk.
[5] Howl – gorky.
[6] Kowl – söz, gürrüň.
[7] Syrat – köpri, bu ýerde kyýamatdaky syrat köprüsi göz öňünde tutulýar.
[8] Sagyr – ot, ýalyn, oduň alawy.
[9] Sernebeşt – ýazgyt, takdyr.
[10] Bezl – bagyşlama, joşma, berme.

Haryf[1]-u meý-u saz-u owazle.
Nowa ile uşşak[2]-u şahnäzle.

Bu atwarle[3] eşretin daýym et.
Jahan gaýym oldukça ony gaýym et.

Niýe könli ererse ersin eli,
Görüp ol serweri sunsun Aly.

Ilähi hemişe şahy şat kyl,
Ili-güni adlyle abat kyl.

Ýedi yklyma ol patyşany şa et,
Biziň halymyzdan dahy ägä et.

Bu biçäre sagýyn[4] hebä[5] kylmagyl,
Işiginden any jyda kylmagyl.

Ela, eý şahy adyly kämran[6],
Ki adyl ile sen reşki[7] Nuşin Rowan[8].

Meh-u mehri[9] älem saňa saldy mähir.
Ki gul oldy biliňe[10] Buzurjmehr.

---

[1] Haryf – egindeş, ýoldaş, dost.
[2] Uşşak – 1) aşyklar; 2) gözeller.
[3] Atwar – görnüşler, usullar, ýörelgeler.
[4] Sagý – yhlas, tagalla, jan etme.
[5] Hebä – 1) çaňjagaz, tozanjyk; 2) arzysyz zat, mugt.
[6] Kämran – hökmürowan, islegine ýeten.
[7] Reşk – gözi gitme, bahylçylyk etme.
[8] Nuşin Rowan – Nowşirwan Adyl.
[9] Meh-u mehr – aý we gün.
[10] Bu ýede bilimiňe manysynda.

Kylaly sen ynsap-u adyl ile dat,
Üýşendirmedi peşşeýi gerd-u bat.

Zamanynda gurda ererse goýun,
Ne ol ýapuşur ne bu berer boýun.

Ýapaly sen ynsapdan hanany,
Köýündirmedi şem Perwanany.

Wujuda[1] geleli eliň bedlle[2],
Musawwyry[3] jahan suraty adlle.

Kylarken bu ynsaple adl-u dat,
Olarken jahan halky abad-u şat.

Neçün bu kemine gul ola melul,
Meger şah ony kylmamyşdyr kabul.

We ýa hut hünärsizmidir diýrler,
Wujudy göwhersizmidir diýrler.

Hünärsiz göwhersiz degulem ajap,
Bu derkim[4] meniň binowa, bisebäp.

Syýakatda[5] elime alarsam galam,
Hebäýi[6] hasap ile derýa kylam.

---

[1] Wujut – barlyk.
[2] Bedl (bezl) – berim, bagyşlama, sahawatlylyk etme.
[3] Musawwyr – şekil beriji, nakgaş.
[4] Derk – düşünje, aň, pikir, oý.
[5] Syýakat – 1) pürleme, çeper sözleme, beýan etme; 2) hasap ylmy, hasaplama.
[6] Hebä – 1) tozanjyk, çaňjagaz; 2) gymmatsyz.

Hasap ile derýany kylmak hebä,
Keňezdir[1] bu kemter guluňa şah-a.

Kylaram ne müşgil hasap olsa, hal[2],
Bilerem merätip[3] nedir ýa mahal.

Ger alkaby[4] soltanlar inşa[5] kylam,
Utaryt[6] ýere sala elden galam.

Egerçe şahyň kemterin guluýam,
Weleýk[7] aslle Ýazyjy oglyýam.

Eger diýseler görmeýip naksyny[8],
Neçün kişi taryp ede nebsini[9].

Zeruretden erer maňa bu melal,
Zeruretde doňuz etdir halal.

Garybam kimsine meni terbiýet –
Çün etmez, okyryn karu magrypet.

Ola kim şahynşah şyfkat[10] kyla,
Bu biçäreýe bezl[1]-u rehmet kyla.

---

[1] Keňez – aňsat, ýeňil.
[2] Hal (hall) – çözme, çözüliş.
[3] Merätip – mertebeler, derejeler.
[4] Alkap – lakamlar.
[5] Inşa – ýazma, düzme.
[6] Utaryt – Merkuriý.
[7] Weleýk – emma, ýöne.
[8] Naks – nogsan, kemçilik.
[9] Nebs – 1) göwre; 2) ten; 3) şahs.
[10] Şyfkat – mähremlik, mähribanlyk.

Term etmäge etmegim terrime -
Erişip, farah[2] ura sili gama.

Namazymda kyldykça eda karzy-parz,
Magyşetde[3] artyk gele parzy-karz[4].

Eger şahdan şemmeýi[5] merhemet -
Erirse, heman haýyrdyr akybet.

Pelekde oldugynça nujum[6]-u buruç,
Aňladykça dilde hazyz[7]-u uruç[8].

Ýyl-u aý oldukça eýýamda,
Hem ehkamy takwym[9] arkamda[10].

Nujumy bilä gaýatyn[11] ömrüňiň,
Rukumy kesir[12] aýatyn[13] ömrüňiň.

---

[1] Bezl – bagyşlama, berme, sowgat etme.
[2] Farah (fereh) – şatlyk, şadyýanlyk.
[3] Magyşet – ýaşaýyş, durmuş.
[4] Parzy-karz – karzyň parzy, karzyň wajyplygy.
[5] Şemme- azajyk zat, sähelçe zat.
[6] Nujum – ýyldyzlar.
[7] Hafyz – peslik.
[8] Uruç – beýiklik, belentlik.
[9] Takwym – kalendar, aý-günüň hasaby.
[10] Arkam – ýazgylar, sanlar.
[11] Bilä gaýatyn – soňy ýok, çäksiz.
[12] Rukumy kesir – köp sanlar, köp ýazgylar.
[13] Aýat – alamat, nyşan.

Semasynda[1] Hak adlyňyň säbität[2] -
Kylyp, baky tutsun seni eý päk zat.

Myrat oldy Hakdan tapuňa[3] çün at,
Hemişe uzyn ýaşle bul myrat.

Muny ýazmadan myrat,
Okaýanlardan dogadyr myrat.

Kitaby satyn almadan myrat,
Ahyrynda üç yhlasle fatyhadyr myrat.

Her kim ejramyny[4] ederse,
Bere Alla myradynga myrat.

Sahyby kitap[5] Küft Mirmuhammet ibn Kasym paşa ibn Gazy beg ibn Meswis beg.

---

[1] Sema – asman, pelek.
[2] Säbit – 1) berk, mäkäm; 2) subut edilme.
[3] Tapu – dergäh.
[4] Ejra – ýerine ýetirme, amala aşyrma, bir işi etme.
[5] Sahyby kitap – kitabyň eýesi.

## GYMMATLY ÇEŞMELERIŇ GAÝMAGY

Beýik ylym atamyz Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda «Oguznama» – ata-babalaryň geçmiş şöhraty baradaky ýazgylardyr. Şol ýazgylar arkaly nesillerde ata-babalara guwanç hem buýsanç duýgusyny döretmek maksat edinilipdir» diýip ýazýar. «Ata-babalarymyzyň geçmiş şöhratyny» beýan edýän «Oguznamalar» bolsa türkmeniň müňýyllyklara uzap giden taryhynda köp ýazylypdyr. Şeýle «Oguznamalaryň» biri hem XV asyrda ýaşap geçen taryhçy Ýazyjy ogly Alynyň «Seljuk türkmenleriniň taryhy» atly kitabydyr. Golýazma çeşmelerinde Ýazyjy ogly Alynyň bu eseri «Taryhy äli Seljuk» («Seljuk nebereleriniň taryhy») we «Oguznama» atlary bilen bellidir. Emma taryhçy alymlaryň işlerinde bu eser köplenç «Seljuknama», «Seljuk türkmenleriniň taryhy» ýaly atlar bilen gabat gelýär. Onuň «Seljuk türkmenleriniň taryhy» diýlip atlandyrylmagy eseriň esasy özenininiň seljuk soltanlary bilen baglanyşykly bolmagy sebäplidir.

Şu ýerde bir zady aýratyn nygtasymyz gelýär. Ýazyjy ogly Aly eserinde, esasan, seljuk türkmenleriniň, has takygy, seljuk soltanlarynyň taryhyny beýan etmegi öz öňünde baş maksat edip goýupdyr. Belli derejede ol bu maksadyna hem ýetipdir. Eseri okap islendik adam oňa aňsatlyk bilen göz ýetirer. Ýöne bu eseriň ähmiýeti, ylmy gymmaty diňe munuň bilen çäklenenok. Ýazyjy ogly Aly Oguz han hakynda, Oguz –

türkmenleriniň tire-taýpalary hakynda başga çeşmelerde seýrek gabat gelýän, hatda hiç bir çeşmede duşmaýan maglumatlary hem getirýär. Bu bolsa türkmen taryhçysynyň aýratyn hyzmatydyr.

Bu kitap osman türkmenleriniň soltany Myrat II zamanynda (1421-1451) ýazylypdyr. Kitabyň içindäki wakalaryň mazmunyndan ugur alsaň, onda bu eser takmynan 1423-1436-njy ýyllarda ýazylypdyr diýip, netije çykarsa bolýar.

Biz bu eseri türkmeniň söwer ogly, türkmen milli mirasynyň hak hossary Beýik Saparmyrat Türmenbaşa sowgat berlen golýazmanyň surat nusgasy esasynda çapa taýýarladyk. Asyl nusgasy Germaniýada saklanýan bu golýazma biziň pikirimizçe Ýazyjy ogly Alynyň öz eli bilen ýazylypdyr.

Kitabyň ahyrky bölümi «Kitabyň senesi barada hem-de ötünç görnüşindäki birnäçe söz we patyşa öz arzy-halyny aýtmak» diýlip atlandyrylsa-da, eseriň ýazylan we tamamlanan senesi görkezilmändir. Bu bolsa gynansak-da, biziň ulanan golýazmamyzda bu bölümiň ahyryndan birnäçe waragyň ýetmeýändigini görkezýär. Şonuň ýaly-da:

Muny ýazmadan myrat,
Okanlardan dogadyr myrat.

Kitaby satyn almadan myrat,
Ahyrynda üç «Yhlasle» «Fatyhadyr» myrat.

Her kim ejramyny ederse,
Bere Alla myradynja myrat –

diýlip getirilýän soňky üç beýt hem-de «Sahyby kitap Küft Mirmuhammet ibn Kasym Paşa ibn Gazy beg ibn Meswis beg»

diýlen ýazgy asyl nusgadan soň, hem-de eseriň dowamynda däl-de gapdalynda ýazylypdyr. Şeýle-de golýazmanyň başynda gödeksi hatlar bilen «Taryhyň eýesi dogry garaýyşly, berk pikirli, döwrüň Asyfy, maslahatçy wezir, serhoşlaryň-mesleriň gazysy Muhammet Aga ibn Paşa ibn Gazy beg ibn Meswis beg, sene 1207; 26-njy zülkagda» diýlip ýazylypdyr. Bu ikisi dogan bolsalar gerek. Bu ýazgylaryň eseriň ýazyjysynyň däl-de, soňky eýeleriniň ýazgysydygy mese-mälim bildirýär. Biziň gürrüňini edýän ýetmeýän sahypalarymyz şu golýazmanyň sahyby (eýesi) Küft Mirmuhammet ibn Kasym Paşa ibn Gazy beg ibn Meswis begiň döwründe-de ýok eken. Ony kitabyň eýesiniň özüniň soňky goşan üç beýdini we adyny iň soňky waragyň ahyrynda asyl nusgadaky şygryň gapdalyndan ýazandygyndan bilmek bolýar. Şonuň üçin kitapda onuň senesi hakda ýörite bölüm berlendigine garamazdan, senäniň getirilýän ýeri ýok. Diýmek ol kitabyň ýetmeýän sahypalarynda bolmaly.

Ýazyjy ogly Alynyň aňladyp geçmegi boýunça ol bu eseriniň esasy bölegi bolan üçünji bölümini Ibn Bibiniň «El-Ewamirul alaiýe fil umuryl alaiýe» eserinden terjime edipdir. Ibn Bibi özüniň eserini şol döwrüň kätipleriniň esasy ýazuw ýörelgesine eýerip, öwrümli-öwrümli jümlelerdir sözler bilen bezäp, manysyna däl-de, eýsem şekiline has köp üns beripdir. Iki-üç jümlede aňladyp biljek birtopar maglumatlaryny iki-üç sahypalyk jümleler bilen beripdir, ýerlikli-ýerliksiz arapça, parsça şygyrlardyr atalar sözlerini, örän seýrek ulanylýan sözleri getiripdir. Ýazyjy ogly Aly ýokarda belleýşimiz ýaly şertli bölüşimiz boýunça özüniň eseriniň üçünji bölümini Ibn Bibiniň eserinden terjime edipdir. Ol bu bölümi «Soltan Süleýmanşanyň Rumdaky soltanlygynyň beýany» ady bilen başlap, Rum seljukly döwleti barada gysgaça maglumat bereninden soňra Ibn Bibiniň «El-Ewamirul alaiýe» atly

eserindäki mowzuklaryň atlaryny şol durşuna parsça beripdir. Bu bolsa onuň özüniň goldanan eserine geleňsizlik bilen çemeleşmeýändigini görkezýär.

Ýazyjy ogly Aly özüniň bu eseriniň terjime eden ýerlerinde Ibn Bibiniň eseriniň aslyny mümkingadar saklamaga jan etse-de, käbir sazlaşmaýan ýa-da ýerliksizräk ulanylýan arapça we parsça şygyrlary, manysy kem, şekili uly jümleleri taşlapdyr. Oňa derek ol eseriň kem gaýdýan ýerlerinde käbir goşmaça maglumatlar ýerleşdiripdir. Şeýle-de Ibn Bibiniň Alaeddin Ata Melik Jüweýnini taryplap ýazan öwgünamalarynyň ýerine öz döwrüniň Soltany Myrat II taryplap öz öwgünamasyny ýerleşdiripdir. Ýazyjy ogly Aly özüniň bu eseriniň I, II we IV bölümlerini özge çeşmelerden peýdalanyp, gös-göni öz dili bilen özüçe ýazypdyr. Özüniň ýazan ýerlerini III bölüm, ýagny Ibn Bibiden terjime eden ýerleri bilen deňeşdireniňde, onuň has akgynly we häzirki zaman türkmen diline gaty ýakyn ýazylandygyny belläp geçmek gerek. Şonuň üçin hem mümkingadar eseriň aslyny saklamaga çalyşdyk. Alynyň parsçadan terjime eden bölümleri barada aýdylanda bolsa, ýazyjy eseriň aslyny saklamaga ýykgyn edip, agyr we çylşyrymly sözlemleri ulanypdyr. Parsçadan terjime edendigi üçin köplenç ýagdaýda parsça sözlem düzüliş usullary saklanyp galypdyr.

Aly III bölümiň başlarynda ilkibada parsça şygyrlary şol durşuna berse-de, soňabaka parsça şygyrlaryň gapdalyndan şygyr bilen terjimesini hem beripdir. Käbir baplarda metinden (tekst) terjime eden maglumatlaryny özüçe, türkmençe şygyr bilen hem beripdir we şol bir maglumatlary kyssadyr-şygyr bilen ikilenç gaýtalapdyr. Taryhy wakalary beýan edýän şygyrlarynda hem, Soltan Myrat II wasp edýän şygyrlarynda hem esasan türkmen sözlerini ulanýandygyna garamazdan, köp

sanly arap-pars sözlerini hem-de orta asyr türkmen sözlerini ulanýandygy üçin eseriň dili az-kem çylşyrymlydyr.

Ýazyjy ogly Alynyň özi hakynda onuň terjimehaly hakynda biziň elimizde degerli maglumatlaryň ýokdugy sebäpli onuň diňe XV asyrda Myrat II döwründe ýaşap geçendiginden we öz döwrüniň öran sowatly taryhçylarynyň biri bolandygyndan artyk hiç zat bilmeýäris. Ýazyjy ogly köne taryh kitaplaryndan oňat habarly bolupdyr we ol çeşmelerden öz eserinde ýerlikli peýdalanypdyr. Aýratynam, kitabyň üçünji bölümine Ibn Bibiniň «El-Ewamirul alaiýe fil umuryl alaiýe» («Beýik işlerdäki beýik permanlar») atly eseriniň terjimesi diýmek bolar.

Dogry eser öz içinde mowzuklara bölünse-de, bölümlere bölünmeýär. Ýöne beýan edýän wakalarynyň mazmunyna laýyklykda, kitaby şertli ýagdaýda dört bölüme bölmek bolar. Eseriň birinji bölümi gadymy oguz döwrüni; ikinji bölüm beýik seljuklar döwrüni, üçünji bölüm rumly seljuklaryň döwrüni, dördünji bölüm Gazan hanyň yslamy kabul edenden soňky wakalary öz içine alýar. Görnüşi ýaly, kitabyň wakalary osmanly türkmenleriniň taryhyna ýetip tamamlanýar. Osman türkmenleriniň guran şadöwletiniň taryhy hakda kitapda beýan edilmeýär.

Kitabyň Beýik Seljuklylar döwrüniň taryhy hakdaky bölüminde-de gymmatly maglumatlar az däl. Aýratynam, Seljuk ibn Lukman ibn Dukagyň uly ogly Ysraýyl bilen baglanyşykly maglumatlar köne çeşmelerde seýrek duşýar.

Kitapda Rum seljuklarynyň taryhyna has giň ýer berlipdir. Bu bölüm «Soltan Seüleýmanşanyň Rumdaky soltanlygynyň beýany» atly bap bilen başlanýar. Taryhçy Ibn Bibiden tapawutlylykda Ýazyjy ogly Aly her bir taryhy wakanyň bolup geçen senesine, takyk döwrüne dykgatly çemeleşipdir. Bu ýagdaý esasanam, Gazan hanyň döwründäki wakalarda has

oňat bildirýär. Bu wakalaryň diňe bir bolup geçen ýyly däl, eýsem haýsy aýda, hatda aýry-aýry wakalaryň hepdäniň haýsy günlerinde bolup geçendigi hem takyk berlipdir. Bu bolsa Ýazyjy oglunyň taryhy wakalaryň ähmiýetiniň sene bilen gös-göni baglydygyna gaty oňat göz ýetirendigini görkezýär. Şeýlede munuň özi bu taryhçynyň öz kitabynda bir ýa-da iki däl, örän köp çeşmelere, onda-da ynamdar çeşmelere salgylanandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Taryhçy hut ynamdar çeşmeleri tapany üçin Jelaleddin Horezmşanyň Soltan Alaeddine ýazan haty ýaly resminamalary öz kitabynda getirip bilipdir. Eserde Jelaleddiniň Rum soltanyna iberen haty bilen ýene-de bir hat parsça berlipdir. Ýazyjy ogly ony terjime etmekden saklanypdyr.

Taryhçy Rum soltany Soltan Alaeddiniň ilçileriniň Soltan Jelaleddin Meňňiberti[1] Horezmşanyň gaşyna gelenlerindäki dabaraly ahwallaryny beýan edeninde, Jelaleddin Horezmşanyň mümkinçilikleriniň Rum soltanynyň ilçileriniň mümkinçilikleriçe hem ýokdugyny, emma onuň şeýle ýagdaýda hem Rum soltanynyň mongollar bilen ylalaşmak babatdaky teklibini ret edişini buýsanç bilen belleýär.

Bu eserde Seljuk soltanlarynyň gaýry duşmanlar we içerki ýagylar bilen alyp baran göreşleri olaryň ägirt uly hormatlary, mertlikleri giňişleýin suratlandyrylýar. Seljuk soltanlarynyň diňe bir pähim-parasat bilen höküm sürmän, eýsem olaryň

[1] Köp çeşmelerde we kitaplarda Meňburny, Meňberni, Müňberni we Menkeberni görnüşlerinde berlip, köküni dürli-dürli manylardan gözleýärler. Käbirleri «Müňberni» bolmaly we «Müňe bir özi taý gelýär» diýen manysyny öňe sürýär. Emma bu çaklamalar ýalňyşdyr. Ol Meňňiberti, ýagny «Meňňiberdi» bolmaly. Şonda «Taňryberdi» manysynda bolýar. Sebäbi «Meňňi» ýa-da «Mengu» sözi gadymy türkmen dilinde «Taňry», «Hudaý» hem-de «hemişelik», «baky» manysynda gelýär. Şundan hem Jelaleddiniň özüniň türkmen diýlip ykrar edilişi ýaly, adynyň hem türkmen adydygy belli bolýar. Jelaleddin onuň lakamydyr. Şu okaýan eseriňizde hem görşüňiz ýaly, soňra öwgülenip goýlan lakamlar has adyň ýerine ulanylyp, has atlar belli-belli ýerlerde ulanylaýmasa, ýa-da ady dolulygyna tutulaýmasa agzalmandyr.

şahsy edermenlikleri hem görkezendigini subutnamalar bilen beýan edýär. Soltanlaryň biri öz dogany bilen oňuşman ýurtdan çykmaly bolanda Stambul patyşasynyň köşgüne barýar. Örän ýokary hormat bilen garşylanandan soň, pereňli patyşanyň ýanynda edep-hormaty unudan bir tekepbir pereňli bilen başa-baş söweşe girýär. Pereňli patyşa hernäçe garşy çyksa-da, ol Seljuk neberesiniň sähelçe äsgerilmezligi özlerine ar bilýändigini, namysa galandan bolsa ölümi saýlap almagy artyk saýýandygyny aýdýar hem-de hiç hili eglişige gelmeýär. Şeýlelikde, ýekme-ýek söweşde pereňli pälwany ýeňýär. Bu bolsa seljukly soltanlarynyň-türkmenleriň ata-baba saklanyp gelýän mertliklerini unutman soňky demlerine çenli saklandygynyň güwäçisidir. Şeýle-de taryhçy bu eserinde Seljuk begleriniň pähim-parasatly, batyr we gaýduwsyz bolandygy barada taryhy subutnamalar getirýär. Şol bir wagtyň özünde-de oňat begleriň ters tarapy, erbet begleriň oňat tarapy barada hem durlup geçilýär. «Öwenini öküz, döwenini sygyr» etmek pikirinden daşda durýar. Meselem, begler begi Köpegiň gaty zalym bolandygy, näçe sany men-men diýen seljuk beglerini töhmet we gybat bilen ölüme höküm edendigi barada ýazgaryp ýazsa-da, onuň oňyn taraplary barada hem durup geçýär. Onuň ähli zady gözünden sypdyrmandygy, emeldarlara, halka jebir etmäge mümkinçilik bermändigi, salgytçylaryň bolmalysyndan zyýada bir towuk hem alyp bilmändigi tekrarlanýar.

Esere diňe bir taryhy çeşme hökmünde seredilse, megerem ol çäkli bolar. Bu eserde taryhy wakalar, taryhy şahsyýetler bilen birlikde Oguz han Türkmenden gaýdýan türkmeniň däp-dessurlary, edim-gylymlary, medeniýeti, sungaty hem öz beýanyny tapypdyr.

Muňa eseri üns bilen okap çykan her bir okyjy aýdyň göz ýetirer. Oguz han atamyzdan gaýdýan soltan, patyşa, han

saýlamak, wezir, wekil, häkim bellemek ýaly dessurlary, her taýpanyň, tiräniň, urugyň soltanlykdaky orny, soltanlaryň, şalaryň, häkimleriň öňünde özüňi alyp barmagyň türkmen mekdebi, mahlasy, türkmeniň edep-terbiýe mekdebi we türkmen töresi-türkmeniň durmuş ýörelgesi bu eserde belli derejede öz beýanyny tapypdyr.

Aly bu eserinde türkmen saz sungaty, olaryň ýerine ýetiriliş aýratynlyklary dogrusynda hem durup geçýär.

Ýazyjy ogly Alynyň «Seljuk türkmenleriniň taryhy» kitabynda türkmen hekaýatlarynyň we tymsallarynyň ajaýyp nusgalary, türkmen diline degişli gymmatly maglumatlar hem näçe diýseň bar. Gara öýli, ýazyr, salyr, alaýuntly (ala atly), igdir, bükdür, düker (düger), dodurga, owşar, begdili, çowdur, çepni, baýat we beýleki türkmen taýpalarynyň atlarynyň gelip çykyşy, aňladýan manylary diňe bir dilçi ýa-da taryhçy alymlar üçin däl, eýsem ähli halklar üçin hem gyzyklydyr.

Sözümizi jemläp aýtsak, seljuk türkmenleri hakynda ýazylan onlarça taryhy çeşmeleriň arasynda Ýazyjy ogly Alynyň bu eseri berlen maglumatlaryň ygtybarlylygy, seýrek maglumatlaryň duş gelmegi, aýratyn hem orta asyr türkmen dilinde ýazylanlygy bilen çeşmeleriň gaýmagydyr.

***Rahmanberdi Godarow,***
***Türkmenistanyň milli medeniýet***
***«Miras» merkeziniň esasy ylmy işgäri***

## MAZMUNY

ÝURTLARYŇ KAZYLAR KAZYSY MÜJIRILMILE WEDDIN TAHYR IBN OMAR EL-HOREZMINIŇ SOLTAN JELALEDDINIŇ HUZURYNDAN SOLTAN ALAEDDINIŇ HYZMATYNA GELMEGINIŇ BEÝANY ........................................ 5

SOLTAN JELALEDDINIŇ ILÇILERINIŇ IKINJI GEZEK SOLTAN ALAEDDINIŇ HUZURYNA GELMEGINIŇ BEÝANY ........................................ 14

SOLTANYŇ SOLTAN JELALEDDINIŇ ILÇILERINE JOGAP BERMEGINIŇ BEÝANY ........................................ 19

SOLTANYŇ MELIK EŞREBI GARŞY ALMAGYNYŇ BEÝANY ........................................ 31

SOLTANYŇ, MELIK EŞREBIŇ WE BEÝLEKI MELIKLERIŇ ÝEŇIJI ESGERLERI BILEN SIWAS ÜLKESINDEN SOLTAN JELALEDDINIŇ SÖWEŞINE ÝASYÇEMEN TARAPYNA ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ BEÝANY ........................................ 41

SOLTAN ALAEDDINIŇ AŇTAWÇYLARYNYŇ HOREZM LEŞGERINDEN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY ........................................ 42

SOLTANYŇ ÝEŇIJI BAÝDAGYNYŇ HEREKETINIŇ WE HOREZMŞANYŇ AŇTAWÇYLARYNYŇ ÝEŇLIŞINIŇ BEÝANY ........................................ 49

HOREZMŞANYŇ AŇTAWÇYLARYNYŇ ÜÇÜNJI GEZEK SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ ÝEŇIJI GOŞUNLARYNYŇ AŇTAWÇYLARY BILEN SÖWEŞMEGINIŇ WE GAÇMAGYNYŇ BEÝANY ....................................................64

REMEZAN (ORAZA) AÝYNYŇ ÝIGRIMI SEKIZINDE IKI GOŞUNYŇ BIRI-BIRI BILEN GARŞY DURUP, SOLTAN JELALEDDINIŇ GAÇYP, ARZURUMYNYŇ WE ONUŇ DOGANYNYŇ DÖWLETIŇ ULY ADAMLARY BILEN ÝESIR DÜŞMEGINIŇ BEÝANY ..............................................................73

SOLTANYŇ ÝEŇIJI BAÝDAGYNYŇ ARZURUM TARAPA HEREKET ETMEGINIŇ WE ONUŇ SOLTAN TARAPYNDAN BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY..............................................84

ALAÝÝÝANYŇ HÄKIMINIŇ DÖNÜKLIK ETMEGINIŇ WE OL BABATDA TEMMI ALMAGYNYŇ BEÝANY .....................97

MONGOL GOŞUNYNYŇ ÖŇ HATARYNYŇ SIWAS ÜLKESINE ÇOZUŞ ETMEGINIŇ BEÝANY ..............................100

SOLTANYŇ ESGERLERINIŇ GÜRJI DIÝARYNA GIRMEGINIŇ WE ONUŇ GALALARYNYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY......................................................101

SOLTANYŇ GOŞUNLARYNYŇ ERMENI TARAPYNA ÝÖRIŞINIŇ, AHLAT ÜLKESINIŇ WE BEÝLEKI ŞÄHERLERINIŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ WE ONUŇ ÝURDUŇ BEÝLEKI ERMENI ÜLKELERINIŇ HATARYNA GOŞULMAGYNYŇ BEÝANY ....................................................104

SAHYP ZYÝAEDDINIŇ, TÄJEDDIN PERWANANYŇ WE SAGDEDDIN MUSTEWFINIŇ ERMENI WELAÝATYNA TARAP UGRAMAGYNYŇ BEÝANY ..........................................108

MONGOL GOŞUNLARYNYŇ HOREZMLILERIŇ ÜSTÜNE TALAŇÇYLYKLY ÇOZUŞ ETMEGINIŇ WE OLARYŇ

TOPARLARYNYŇ YZYNDAN ÝETIP PYTRATMAGYNYŇ BEÝANY ............ 111

MELIK KÄMILIŇ RUM MÜLKÜNE TAMA ETMEGINIŇ WE ONUŇ OL BABATDAKY ERBET PIKIRINIŇ BEÝANY ......... 116

ŞAM MELIKLERINIŇ WE ŞEMSEDDIN SOWABYŇ SOLTANYŇ ESGERLERI BILEN SÖWEŞMEGINIŇ WE ŞAMLYLARYŇ ÝEŇILMEGINIŇ WE HARTPERT GALASYNY BERKITMEGINIŇ BEÝANY ............ 119

HARRAN, ROHA WE RAKKA GALALARYNYŇ WE ONUŇ TÖWEREKLERINIŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ HEM-DE ONUŇ BIRLEŞDIRILMEGINIŇ BEÝANY ............ 124

TÄJEDDIN PERWANANYŇ AMYDY GABAMAGA GIDIŞINIŇ WE SOLTAN HYZMATYNDA ONY BASYP ALMAKLYGA BOÝUN BOLMAGYNYŇ WE OŇA UGRAMAGYNYŇ BEÝANY ............ 130

OKTAÝ (UGEDEÝ) HANYŇ ORDASYNYŇ ILÇILERINIŇ ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ ÝANYNA GELMEGINIŇ BEÝANY ............ 134

SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ ÝANYNA IBERILEN ÝARLYGYŇ BEÝANY ............ 136

MERHUM SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY ............ 139

634-NJI ÝYLYŇ ŞOWWAL (BAÝRAM) AÝYNYŇ BÄŞINE SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROW IBN KEÝKUBADYŇ PATYŞALYK TAGTYNA ORNAŞMAGYNYŇ BEÝANY ....... 141

HUSAMEDDINIŇ GAÝYR HANY TUTMAGYNYŇ WE HOREZM LEŞGERINIŇ RUMDAN GAÇMAKLARYNYŇ BEÝANY ............ 148

KÖPEGIŇ RUM ÝURTLARYNYŇ ULULARYNY ÝOK EDIP BAŞLAMAGYNYŇ BEÝANY .......... 152

MELIKE ADYLANYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE OGLANLARY YZZEDDIN GYLYÇ ARSLANYŇ WE RUKNEDDINIŇ BURGULU GALASYNDA TUSSAG EDILMEGINIŇ BEÝANY .......... 154

KÖPEGIŇ TÄJEDDIN PERWANANY ÖLDÜRMEGINIŇ BEÝANY .......... 156

SYMSAT GALASYNYŇ KÖPEK TARAPYNDAN BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY .......... 158

KÖPEGIŇ HUSAMEDDIN KYMRYNY WE KEMALEDDIN KAMÝARY TUSSAG ETMEGINIŇ BEÝANY .......... 160

SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ KÖPEGI ÖLDÜRMEK BARADA TAGALLA ETMEGINIŇ WE ULY-KIÇINIŇ ÝÜREKLERINI RAHATLANDYRMAGYNYŇ BEÝANY .......... 163

GÜRJI MELIKESINIŇ KEJEBESINIŇ KAÝSARYÝA SEBITINE GELMEGINIŇ WE YLALAŞYK ESASYNDA NIKA TOÝUNYŇ TUTULMAGYNYŇ BEÝANY .......... 165

SOLTANYŇ HOREZMLILERI ÝURDUNA DOLAMAK TAGALLASY BILEN ÇAGYRMAGYNYŇ BEÝANY .......... 168

ŞAM MELIKLERINIŇ HEZRETDEN KÖMEK ISLEMEGINIŇ, HOREZMLILERIŇ GOŞUNYNYŇ ÝEŇILMEGINIŇ WE OLARYŇ HALYPA TÖWELLA ETMEGINIŇ BEÝANY .......... 171

AMYT ÝURDUNYŇ SOLTANYŇ BENDELERI TARAPYNDAN BASYLYP ALNYŞYNYŇ BEÝANY .......... 173

KÜFRSUD ETRABYNDA BABAÝYNYŇ GOZGALAŇYNYŇ ÝÜZE ÇYKMAGY WE PITNE ODUNYŇ SOLTANYŇ

BENDELERI TARAPYNDAN ÖÇÜRILMEGINIŇ BEÝANY ... 176

SOLTANYŇ MIÝAFARYKYN MÜLKÜNI MELIK GAZYNYŇ ELINDEN ALMAK ÜÇIN EDEN TAGALLASYNYŇ BEÝANY ... 183

RUM ÝURDUNYŇ PESE GAÇMAGYNYŇ, SOLTANLYGYŇ ÝALDYRAWUK KADALARYNYŇ ÝOK BOLMAGYNYŇ WE BEÝIKLIGI BEÝGELMIŞ, BEREKETI HEMMÄ ÝETMIŞ TAŇRYNYŇ HÖKÜMINIŇ WE DESSURYNYŇ BEÝANY ... 190

ARZURUM ÜLKESINDÄKI WAKANYŇ, MONGOL LEŞGERLERINIŇ BASYP ALMAGYNYŇ HEM-DE OL DIÝARYŇ ÝAŞAÝJYLARYNYŇ HELÄK BOLMAGYNYŇ BEÝANY ... 196

SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROWYŇ MONGOL LEŞGERINIŇ SÖWEŞINE TAÝÝARLANMAGYNYŇ WE 641 - NJI ÝYLYŇ MUHARRAM (AŞYR) AÝYNYŇ ON BIRINE SOGAP GÜNI KÖSE DAGDA «GÖZ DEGMÄ (ÝEŇLIŞE)» DUÇAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY ... 200

KAÝSARYÝANYŇ MONGOL LEŞGERLERI TARAPYNDAN HARAP EDILMEGINIŇ WE ONUŇ ÝAŞAÝJYLARYNYŇ WE GORAÝJYLARYNYŇ HELÄK BOLMAGYNYŇ BEÝANY ... 204

MÜHEZZIBEDDIN ALYNYŇ BAÝÇUÝ NOÝANYŇ ÝANYNA GITMEGINIŇ, ÝARAŞYK KADALARYNY TAÝÝARLAMAGYNYŇ WE ÝÖRELGE ŞERTLERINI AÝTMAGYNYŇ BEÝANY ... 215

SAHYP ŞEMSEDDINIŇ ŞAM TARAPYNDAN SOLTANYŇ HUZURYNA DOLANMAGYNYŇ BEÝANY ... 218

SAHYP MÜHEZZIBEDDINIŇ BAÝÇUÝ NOÝANYŇ HYZMATYNDAN DOLANMAGYNYŇ WE ÝAGŞY IŞLERIŇ MASLAHATYNYŇ TAMAMLANMAGYNYŇ BEÝANY .......223

BEGLER BEGI ŞEMSEDDIN YSPYHANY NAÝYBYŇ HAZAR DEŇZINDEN WELET RAWARYŇ HYZMATYNA UGRAMAGYNYŇ BEÝANY ......................................................227

SAHYP ŞEMSEDDINIŇ, EMIRLERIŇ WE ESGERLERIŇ SIS WELAÝATYNA ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY.....................................228

SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ SOLTANLYK TAGTYNDA OTURMAGYNYŇ WE ONUŇ DÖWLETI DÖWRÜNDE ÝÜZE ÇYKAN HADYSLARYŇ BEÝANY........233

SAHYP ŞEMSEDDINIŇ HÖKÜM TAGTYNDA WE BEÝIKLIK DEREJESINDE GARAŞSYZ BOLMAGYNYŇ BEÝANY ........236

EMIR JELALEDDIN GARATAÝYNYŇ (ALLA OŇA REHMET ETSIN!) HÖKÜMLERI DÖWRÜNIŇ SOWULMAGYNYŇ BEÝANY...............................................................................241

MERHUM, ŞEHIT SAHYP YZZEDDIN ATABEG MUHAMMET IBN MAHMYT RAZYNYŇ (ALLA OŇA REHMET ETSIN!) DÖWLETI DÖWRÜNIŇ WE WEZIRLIGINIŇ BEÝANY .........265

SOLTAN YZZEDDIN BILEN SOLTAN RUKNEDDINIŇ GAPMA-GARŞYLYGYNYŇ, OLARYŇ IKINJI GEZEKKI SÖWEŞINIŇ ÝÜZE ÇYKMAGYNYŇ WE SOLTAN RUKNEDDINIŇ ÝEŇILMEGINIŇ WE ELE DÜŞMEGINIŇ HEM-DE ONUŇ GALADA TUSSAGDA BOLMAGYNYŇ BEÝANY...............................................................................274

BAÝÇUÝ NOÝANYŇ RUM ÝURDUNA IKINJI GEZEK GELŞI, ŞOL EÝÝAMLARDA ÝÜZE ÇYKAN HADYSALARYŇ, KEMÇILIKLERIŇ WE BOLAN WAKALARYŇ BEÝANY ......280

MERHUM SOLTAN YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ ÝURDUNDAN BIRINJI GEZEKKI AÝRA DÜŞMEGINIŇ,

SOLTAN ŞEHIT RUKNEDDIN GYLYÇ ARSLANYŇ BURGULU GALASYNYŇ TUSSAGLYGYNDAN AZAT BOLMAGYNYŇ WE ONUŇ KONÝA PAÝTAGTYNDA SOLTANLYK TAGTYNA GEÇMEGINIŇ BEÝANY ............... 289

SOLTAN YZZEDDINIŇ LEŞGERI TARAPYNDAN DOLANYP GELMEGINIŇ WE ŞEHIT SOLTAN RUKNEDDINIŇ ILHANYŇ HYZMATYNA GITMEGINIŇ BEÝANY ................................... 298

MELIK ALAEDDIN KEÝKUBADYŇ TÜRKÜSTAN ÝOLUNDAKA WEPAT BOLUŞY WE SAHYP ŞEMSEDDIN MAHMYT TUGRAÝYNYŇ HANYŇ HYZMATYNDAN RUM ÜLKESINE DOLANYP GAÝDYŞY HAKYNDA ...................... 303

OL DÖWÜRDE IKI SOLTANYŇ HANYŇ HYZMATYNA BARMAGYNYŇ BEÝANY ........................................................ 305

SOLTAN MERHUM YZZEDDINIŇ IKINJI GEZEK ALÇAKDAN ÝEŇILMEGINIŇ WE ÝENE-DE RUM MÜLKÜNE TARAP ÝÖNELMEGINIŇ BEÝANY ....................................................... 307

SOLTAN RUKNEDDIN GYLYÇ ARSLANYŇ (ALLA ONUŇ DELILLERINI NURLANDYRSYN!) PATYŞALYGYNYŇ WE ONUŇ KÄBIR HÄSIÝETLERINIŇ, ÝAGŞY AHLAGYNYŇ, ABRAÝ-HORMATYNYŇ BEÝANY .......................................... 312

SOLTAN RUKNEDDINIŇ HELÄK BOLMAGYNYŇ SEBÄBINIŇ BEÝANY ............................................................... 317

SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROW IBN GYLYÇ ARSLANYŇ SOLTAN BOLMAGYNYŇ BEÝANY .................. 319

SAHYP FAHREDDIN ALY IBN HÜSEÝNIŇ IŞDEN BOŞADYLMAGYNYŇ SEBÄBI WE ONUŇ GARAHYSARDA TUSSAG EDILMEGINIŇ BEÝANY ............................................. 330

RUM ÝURDUNYŇ SOLTANLYK DIWANYNDA DEREJE EÝELERINIŇ DEREJELERINIŇ ÇALYŞMAGYNYŇ BEÝANY ........................................................................................... 336

BEGLER BEGI MEJDILMILLE WEDDIN ABULHAMYT MUHAMMET ARZYNJANYNYŇ (ALLATAGALA ONDAN RAZY BOLSUN!) KÄBIR ÖWGÜLI HÄSIÝETLERI WE BATYRGAÝ SYPATLARY ....................................................338

ZULUM GÖREN WE ŞEHIT BOLAN MERHUM RUKNEDDIN GYLYÇ ARSLANYŇ GYZY BEÝIK MELIKE SELJUKY HATYNYŇ GELMEGI WE OŇA BELENT ILHANYŇ ÝER ÝÜZÜNIŇ ŞAZADASYNYŇ ÖÝLENMEGI, HATYRYŇ OGLY ŞEREBIŇ HÖKÜMDARLYK ISLEMEGI WE TOPALAŇY .....340

665-NJI ÝYLDA BEÝIK MELIKÄNIŇ KEJEBESINIŇ ÝER ÝÜZÜNIŇ ŞASY ARGUN HANYŇ GAŞYNA GELMEGINIŇ WE TOÝUŇ MÖHÜM IŞLERINIŇ TAMAM BOLMAGYNYŇ, HATYR OGULLARYNYŇ PITNESINIŇ ÝATMAGYNYŇ BEÝANY....................................................................................346

FUNDUKDARYŇ TOPALAŇYNYŇ WE ŞOL AÝLARDA PEÝDA BOLAN WAKALARYŇ HEM-DE ŞOL DÖWÜRLERDE ÝÜZE ÇYKAN HARAPÇYLYKLARYŇ BEÝANY...................349

ÝER ÝÜZÜNIŇ PATYŞASY, ÄLEMIŇ EÝESI, BEÝIK ILHAN ABAKA HANYŇ JAHANY EÝELEÝJI JYLAWYNYŇ RUM SERHETLERINE TARAP HEREKET ETMEGINIŇ SEBÄBINIŇ BEÝANY....................................................................................379

ARZURUMYŇ AŇYRSYNDAKY ALA DAG ÝAÝLAGYNDA BOLAN ŞEHIT EMIR MUGYNEDDIN SÜLEÝMAN PERWANANYŇ BIRNÄÇE ÖWGÜLI HÄSIÝETLERINIŇ BEÝANY....................................................................................383

GARAMANLYLARYŇ BASYBALYŞLARYNYŇ, JÜMRINIŇ HÄKIMLIK ETMEGIBIŇ WE PAÝTAGT KONÝADA SOLTANLYK TAGTYNA GEÇMEGINIŇ BEÝANY ................385

NAÝYP EMINEDDIN MIKAÝYL ŞEHIDIŇ (ALLATAGALA OŇA REHMET ETSIN) KÄBIR ÝÖRGÜNLI ÝÖRELGELERINIŇ BEÝANY ..................................................392

JÜMRINIŇ SOLTANLYGYNYŇ WE ŞOL DÖWÜRDÄKI GARAMANYŇ OGLY MUHAMMET BEGIŇ WEZIRLIGINIŇ BEÝANY ........ 394

JÜMRINIŇ WE GARAMAN OGLUNYŇ SAHYP FAHREDDINIŇ OGULLARY BILEN EDEN SÖWEŞIŇ BEÝANY ........ 397

PERMANY SAHAWATLY, ÄLEMDÄKI WEZIRLERIŇ SOLTANY, DÜNÝÄNIŇ, DÖWLETIŇ WE DINIŇ GÜNI, DIWAN EÝESI YNANÇ ULUG GUTLUGYŇ (ALLATAGALA ONUŇ ÝARDAMÇYLARYNA KUWWAT BERSIN!) MÜBÄREK GADAMLARY BILEN RUM ÜLKELERINIŇ HORMATLANMAGYNYŇ SEBÄBINIŇ BEÝANY ........ 401

ÄLEMDÄKILERIŇ HOJAÝYNY BEÝIK SAHYP DIWANYŇ ÝER ÝÜZÜNIŇ PATYŞASYNYŇ ULY ORDASYNA BENDELIGE DOLANYP GELMEGINIŇ WE JAHAN ŞAZADASY SAHYP DIWAN HERUNYŇ RUM ÝURDUNDA GALMAGYNYŇ BEÝANY ........ 404

BEÝIK SOLTAN GYÝASEDDIN KEÝHYSROW IBN GYLYÇ ARSLANYŇ GOZGALAŇÇY JÜMRI BILEN SÖWEŞMEGINIŇ BEÝANY ........ 405

MELIK YZZEDDIN KEÝKOWUSYŇ 679-NJY ÝYLDA HAZAR DEŇZINDEN RUM ÝURDUNA (ALLATAGALA ONY ABADAN ETSIN!) GEÇIŞINIŇ BEÝANY ........ 411

YSLAM PATYŞASY GAZAN HANYŇ MÜBÄREK SYNASYNYŇ IMAN NURY BILEN AÇYLMAGYNYŇ, ÖZÜNIŇ WE ONUŇ EMIRLERINIŇ ŞYHZADA SADREDDIN HAMAWYNYŇ HUZURYNDA YSLAMY KABUL ETMEKLERINIŇ BEÝANY ........ 421

YSLAM PATYŞASY GAZAN HANYŇ BAGTYÝAR BAÝDAGYNYŇ IKINJI GEZEK BAÝDU TARAPYNA ÝÖRIŞ

ETMEGINIŇ WE OL BABATDA EMIRLERIŇ YLALAŞMAGYNYŇ BEÝANY ........................................425

BAGTYÝAR BAÝDAGYŇ PAÝTAGT TÖWRIZ TARAPYNDAN BAGDAT GYŞLAGY TARAPYNA ÝÜZLENMEGINIŇ WE WEZIRLIK DEREJESINIŇ HOJA SAGDEDDINE TABŞYRYLMAGYNYŇ WE RUM LEŞGERINIŇ BEGLER BEGI SULAMYŞYŇ GOZGALAŇYNYŇ HABARYNYŇ GELMEGINIŇ WE ŞOL WAGTDA GOŞUNYŇ ONY DEP ETMÄGE GITMEGINIŇ BEÝANY ........................................432

SOLTAN MESGUDYŇ DOGANOGLANY SOLTAN ALAEDDIN KEÝKUBAT IBN KEÝUMERSIŇ GALAN HEKAÝATY WE BILÄJUGYŇ GAZYLARYŇ MELIGI MERHUM OSMAN BEG IBN ÄRTOGRUL TARAPYNDAN BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY........................................435

YSLAM PATYŞASY GAZAN HANYŇ ŞAM WE MÜSÜR TARAPYNA ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ, MÜSÜRLILERIŇ SÖWEŞ ETMEGINIŇ, OLARYŇ ÝEŇILMEGINIŇ WE ŞAM WELAÝATYNYŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ BEÝANY........................................438

GAZAN HANYŇ OL DÖWÜRDE IKINJI GEZEK ŞAM WE MÜSÜR TARAPYNA UGRAMAGYNYŇ HEKAÝATY ...........447

YSLAM PATYŞASY GAZAN HANYŇ ALA DAG ÝAÝLAGYNA WE OL ÝERDEN NAHÇUWAN ÝOLY BILEN ARRAN GYŞLAGYNA GIDIŞINIŇ WE MÜSÜRE GIDEN ILÇILERIŇ GELMEGINIŇ HEKAÝATY ........................................450

YSLAM PATYŞASYNYŇ ZERRIN ORDASYNDA WE UJANBAG ÝERINDE UMUMY TOÝ TUTMAGY BUÝURMAGYNYŇ, OL ÝERDE GURHAN HATM ETMEGINIŇ WE ÄHLI HALKA SOWGAT BERMEGI BUÝURMAGYNYŇ HEKAÝATY ........................................452

BAGTYÝAR BAÝDAGYŇ YSLAM ŞÄHERI BOLAN UJANDAN BAGDAT TARAPYNA UGRAMAGYNYŇ, ÝOLDA ÝÜZE ÇYKAN ÝAGDAÝLARYŇ HEM-DE HELLÄNIŇ ÜSTI BILEN GITMEKLERINIŇ WE ŞAMA ÝÖRIŞ ETMEK KARARYNYŇ HEKAÝATY ........................................ 455

GUTLUGŞA NOÝANYŇ MÜSÜR LEŞGERINE ÝETMEGINIŇ, OL ÝERDEN YZYNA DOLANMAGYNYŇ WE BAGTYÝAR BAÝDAGYŇ UJANA DOLANMAGYNYŇ HEKAÝATY ........ 463

ŞAMDAN DOLANYP GELEN EMIRLERIŇ WE LEŞGERLERIŇ DERŇEW EDILMEGINIŇ, UJAN SEBITINDE GURULTAÝ GURMAKLARYNYŇ WE OLARYŇ ÇEKELEŞMEKLERINIŇ BEÝANY ........................................ 465

YSLAM PATYŞASYNYŇ GÖZ AGYRYSYNYŇ BIRDEN PEÝDA BOLMAGYNYŇ, ŞAZADALARYŇ HORASANDAN GELMEGINIŇ, BAGTYÝAR BAÝDAGYŇ BAGDADA UGRAMAGYNYŇ WE HULAN MURANDA DÜŞLEMEGINIŇ HEKAÝATY ........................................ 466

KERMUN HATYNYŇ ÖLÜMINIŇ, TABYDYNYŇ TÖWRIZE ÄKIDILIŞINIŇ, YSLAM PATYŞASYNYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ HEKAÝATY WE YSLAM PATYŞASYNYŇ HALY PES ÝAGDAÝYNDA AÝDAN BIRNÄÇE HIKMETLI SÖZLERI ........................................ 468

RUM ÝURDUNYŇ MERHUM SOLTAN ABU SAGYT GAZAN HANYŇ ÖLÜMINDEN SOŇKY ÝAGDAÝYNYŇ HEKAÝATY ........................................ 474

SEZAR PATYŞALARY BOLAN ŞA ŞUJAGYŇ WE ŞA MANSURYŇ ATALARYNYŇ PATYŞALYGYNYŇ HEKAÝATY ........................................ 477

IKI ULY NESILŞALYGYŇ BAŞLANGYJYNDA PEÝDA BOLAN GEŇ-TAŇ IKI HEKAÝATYŇ BEÝANY ..................... 488

KITABYŇ SENESI BARADA HEM-DE ÖTÜNÇ GÖRNÜŞINDÄKI BIRNÄÇE SÖZ WE PATYŞA ÖZ ARZY HALYŇY AÝTMAK ......... 491
GYMMATLY ÇEŞMELERIŇ GAÝMAGY ......... 500

# Ýazyjy ogly Aly

# Seljuk türkmenleriniň taryhy

**II jilt**


**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory D. Mämejikow**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 9.04.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap listi 32,5.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №835.
A-14533

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.